GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW

# DÖWLET GUŞY

*Roman*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşiryat gullugy
2013

**UOK 894.361**
**B 50**

**Berdimuhamedow G.**
**B 50** **Döwlet guşy.** Roman. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2013.

Belent mertebeli Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Döwlet guşy» romanynda kakasy Mälikguly Berdimuhamedowyň Beýik Watançylyk urşuna gabat gelen çagalygynyň bir ýarym ýylynyň mysalynda onuň beýik ruhy-ahlak dünýäsi, maşgala ýüküni merdi-merdanalyk bilen çekişi, ir kämil çykyşy, il-gününe, Watanyna bolan päk söýgüsi, her günki bitirýän ymgyr uly işleri, ruhubelentligi, gaýduwsyzlygy, türkmen däp-dessurlary, edep-ekram gymmatlyklary ussatlyk bilen beýan edilýär.

Mähriban, Gahryman Arkadagymyz romanyna ýazan sözbaşysynda mekdep ýyllarynda kakasynyň öz ömür menzillerinden beren gyzykly, çuň manyly söhbetlerini okuwçy depderlerine belläp alandygyny, talyp ýyllary şol bellikleriniň esasyndaky döreden romanyny ýazyp gutarandygyny, atasy bilen kakasynyň kynçylyklara mertlerçe döz gelişleriniň özi üçin merdanalygyň, gaýduwsyzlygyň, ýaşaýşa synmaz söýginiň, ruhubelentligiň simfoniýasy bolandygyny – her hili kynçylykly ýagdaýlar ýüze çykanda goldaw-tekge berendigini nygtaýar.

Romandaky çuňňur lirizme, ynsanperwerlige, gahrymançylyga ýugrulan ajaýyp obrazlar, olaryň içki dünýäleriniň inçelik bilen açylyp görkezilmegi, täsirli, dartgynly wakalar, pähim-parasatlar okyjylar köpçüliginde uly gyzyklanma döreder.

TDKP № 312, 2013 KBK 84.Tür 7

© G. Berdimuhamedow, 2013.



TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW

*Eziz okyjylar!*

Eliňizdäki «Döwlet guşy» atly romanyň wakalary, ondaky gahrymanlaryň bitirýän nusgalyk işleri, olaryň ajaýyp ahlak sypatlary – çagalyk ýyllarymdan bäri Watanyňy, halkyňy, ata-eneňi ezizlemegiň, söýmegiň, maksada okgunlylygyň, ruhubelentligiň beýik nusgasy bolup kalbymy heýjana salyp gelýän simfoniýadyr, köne kitaplarda aýdylyşy ýaly, sement atymdyr – ylham, hyjuw atymdyr. Romanda çagalygy 1941–1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşuna gabat gelen mähriban kyblamyň ömrüniň diňe bir ýarym ýyly – urşa giden kakasyndan maşgala garamatyny – iner ýüküni gerdenine alyp galan we ol ýüki şirin janyna döz gelip, gije-gündiz ýatman çeken, oba adamlaryna-da ýadawsyz, yhlasly kömek eden döwri.

Başa düşen agyr işler gahrymanlary dogurýar. Mähriban kyblamyň şol agyr ýyllardaky başdan geçiren wakalary, bitiren ymgyr uly hyzmatlary, gaýduwsyzlyklary – uly gahrymançylyk. Men çagalykda mähriban kakamyň şol agyr geçen ýyllar hakdaky gürrüňlerini kän diňledim. Ol ýyllar kakama taplanyş, kämillik mekdebi bolupdyr. Şeýle agyr şatylara merdi-merdanalyk bilen döz gelip, oba adamlaryna goldaw-hemaýat beren, beýik gahrymançylyk görkezen kakama men çäksiz guwanýaryn, buýsanýaryn. Kalbyma dolan şol guwanç, buýsanç duýgularym durmuşa, Watana, il-ulsuma çäksiz söýgi, mertlik, tutanýerlilik, gaýratlylyk, ruhubelentlik, ynsanperwerlik mekdebi bolup, meni üstünliklerden üstünliklere atardy, bagta eltýän çelgi boldy, her hili çykgynsyz pursatlarda, her bir ädimde maňa hemaýat-goldaw berdi.

Mähriban kyblamyň ömür ýoly – maňa nusgalyk ýol, onuň asylly beýik ahlak sypatlary meniň idealym, meniň durmuş uniwersitetim.

Bu romany men bir ýa iki ýylda däl, bütin ömrüme ýazdym. Mekdep ýyllarynda kakamyň söhbetlerini okuwçy depderlerime ýazdym, talyp ýyllarym bolsa bu eseriň gutarnykly nusgasy taýýar bolupdy.

Biziň baý, şahyrana dilimiz bar. Bu biziň halkymyzyň kalbynyň baýlygyndan, şahyranalygyndan habar berýär, çünki dilde milletiň kalby ýaşaýar. Dil halkyň milli durkunyň, ruhy ýaşaýşynyň, arzuw-telwaslarynyň, örtenmeleriniň, duýgularynyň beýanydyr. Dilimizde gadymy döwürlerden saklanyp galan, äp-däplerimize esaslanýan, bu gün unudaňkyrlanan sözler juda kän. Ol sözleriň öz ýerlerinde manysyna görä ulanylmagy sözleme çuň many, ruhy gerim, ýakymlylyk berýär.

Men çagalyk ýyllarymdan bäri öň eşitmedik, gabat gelmedik sözlerimi, olaryň aňladýan manylaryny depderlerime belläp almagy we şol belläp alan sözlerimi mahal-mahal okamagy, ýeri gelende ulanmagy endik etdim.

Depderlerime belläp alan şol del sözlerimiň käbirini şu romanymda peýdalanmagy makul bildim, sebäbi ol sözler romanda söhbedi edilýän döwrüň, şol döwrüň adamlarynyň ruhy dünýälerini öz döwrüne kybapdaş açyp görkezmäge gowy mümkinçilik berýär.

Dilimizi has başlaşdyrmak, taryh akabasynyň haýsydyr bir öwrüminde ulanyşdan galan gowy sözlerimizi täzeden dolanyşyga girizmek, kämilleşdirmek biziň mukaddes borjumyzdyr. Diliň kämilligi ruhuň kämilligidir. Milletiň kämilligi bolsa biziň baş maksadymyzdyr.

Men bütin ömrüme goldaw-tekge berip gelýän kalbymyň ruhubelentlik, bagtyýarlyk simfoniýasynyň diňe birje ülşüni – kakamyň çagalyk ýyllarynyň diňe bir ýarym ýylynyň wakalaryny, eziz okyjylar, size ýetirmegi makul bildim. Sebäbi romandaky bütin ömrüme maňa goldaw-ganat berýän ol ruhy-ahlak sypatlarynyň siziň kalplaryňyzy hem heýjana saljakdygyna, size nemuna-ideal boljakdygyna men berk ynanýaryn.

Biz sagdynlygyň we ruhubelentligiň, bagtyýarlygyň döwletini gurýarys. Biziň bu döwletli işimizde geljegimize şamçyrag boljak beýik ideallar gerek.

Men mähriban halkyma durmuşda ideal gahrymanlarymyz deýin il-ulsuň bagtyýarlygy, parahatçylygy üçin beýikden beýik işleri bitirmegini, özünden mynasyp yz-at galdyrmagyny arzuw edýärin.

***Her günümiz toý-baýramlara, bagtyýarlyklara beslensin!***

Birinji bölüm

# YNAM – GÜÝÇ

## Bu ýol Tejene barýar

Türkmen topragy – mertligiň, gaýduwsyzlygyň topragy. Türkmen topragy – rysgal-berekediň topragy. Bu toprak kalplara özi deýin giňlik hem salykatlylyk berýän toprak. Bu toprakda beýik pederlerimiziň yhlasy, arzuw-telwaslary, ömür menzilleri özlerine kökerip ýatyr.

Türkmen topragy – biziň şu bagtyýar günümiziň, beýik geljegimiziň güwäsi.

Tebigata mahsus ähli ajaýyplyklar biziň topragymyzda bar. Bir tarapy Köpetdag, beýleki tarapy Köýtendag, Garagum çöli bolsa şol daglara berkidilen sallançaga meňzeýär. Bir seretseňem, çägesine altyn garylan Garagum türkmeniň mukaddes desserhanyna çalym edip dur.

Türkmen halky orta ýazylan mukaddes desserhana meňzeýän berekediň degre-daşyna egelenişip döwran sürýär.

Garagum desserhanynyň ileri tarapynda – Tejen şäheriniň deňesinde öňüňden Tejen derýasy çykýar.

Şäherden geçip göni gitmek eýgertmeýän ýaly, derýa bu ýerde ugruny üýtgedýär: gaýralygyna – Merkezi Garaguma ugur alýar.

Derýa iki ýanyny akbaşa, gamşa, ýylgyndyr toraňňa büräp, segsen kilometr çemesi oýly-oýmurly,

otarly-adyrlykly sähralygynyň içi bilen demirgazyga uzap gidýär. Derýanyň aýagy Garawekil jaryna sapýar. Ol hem çölüň içine onçakly girip bilmän, giden meýdany tokaýlyga öwrüpdir. Ana, şol ýerde – derýanyň Garawekiliň jaryna guýup soňlanýan ýeriniň aşak tarapynda Merkezi Garagumy ýanbaşlap oturan tenha bir oba bar.

Bu obanyň köneden gelýän ady Harjagaz, soň ol Stalin obasy diýlip resmileşdirildi[1].

Derýanyň gapdaly bilen bu oba Tejenden ýeke-täk bir gumak ýol gelýär. Ol ýeke-täk esasy ýol üç kolhoza bölünýän bu obanyň içinden geçip gidýär, çöle çykýar.

Ýoluň sag tarapy «Gyzyl çarwa», sol tarapy-da «Täze ýol» kolhozy. «Azatlyk» kolhozynyň ilatynyň esasy bölegi bolsa, obadan bir ýarym kilometr günbatarda ýazylyp-ýaýrap otyr.

Obada esasy ünsüňi çekýän zat baglaryň köplügi.

Daşy hem içi, üsti saman suwagly, kiçi penjireli, aýnalary-da kileň döwlen, pessejik tamjagazlaryň öňünde – işiginde ululy-kiçili tutlar kölege salyp otyr, işikden biraz içde, mellekde almadyr erik, şetdalydyr nar ýaly miweli agaçlar eýýäm älemgoşaryň dokuz reňkinem özlerinde jemläp, oba aýratyn bir öwüşgin berýärler.

Bahar gelip, ýere ýyly girende, Zeminiň şähdi açylýar. Janly-jandarlaryň birnäçesi gyş ukusyndan oýanýar, ýene birnäçesi gyşyň ýesirliginden boşaýar. Aprel diýlende, aklygyň, ak reňkiň göz öňüne gelýänligi tebigy zat. Sebäbi bosagadan aprel ät-

---

[1] Romanda 1943–1944-nji ýyllaryň wakalary beýan edilýär.

lände, her dürli miweli agaçlar nobata duran ýaly, yzly-yzyna güllemäge başlaýarlar. Köpüsiniň reňkem ak ýa agymtyl reňklerde. Zeminiň gujagynda tebigat adamlara özüniň nakgaşlyk ussatlygy bilen döreden al-elwan gözelliklerini güjeňleýär.

Owadan-owadan, her çeçegi dürli-dürli güljagazlar baglaryň arasynda uçuşyp ýör. Olar şeýlebir owadan, gözüňi aýryp bolanok, emma ol güljagazlara adamlar, näme üçindir, «kebelek» ýa «perwana» diýýärler.

Her işikde üzüm dalbarlary uzap gidýär, ýöne ol dalbarlar meniňki bolsun diýer ýaly däl, çünki dikilen sütünler, üste atylan agaçlar göni däl, uzyn däl, egri-bugry.

Oba ümürsin tokaýlyga çümüp otyr. Baharda bu obadan çykasyňam gelenok. Älemgoşar reňkini çaýýan güller göwnüňi telwaslandyrýar. Ylla seniň içki ahwalatyňy duýýan ýaly, oba dükançysy Omar awçynyň bilbilleri saýramaga başlaýar. Tebigatyň demi hasaplanýan otuz iki görnüşli şemalyň iň ýakymlysy, megerem, şu obada bolmaly. Eşrepi deýin jana ýakymly howadan öýkeňi doldurup dem aldygyňça alasyň gelýär.

Tejenden gelýän ýol bilen Çömmekdepäniň deňinden geçip, oba girilýän ýerde iki inedördül metrlikde mahabat dikilipdir. Dury asman reňkindäki galaýynyň ýüzüne «Aşgabat oblastynyň Kirow raýonynyň Stalin obasyna hoş geldiňiz!» diýen sözler gyzyl reňk bilen ýazylypdyr. Megerem, oglanlaryň garagollugyndandyr, mahabatyň birki ýerinde mäşirik ýaly palçyk tokgalary gatap galypdyr.

Oba gireniňden soň hiç haýsy biri-birine meňzemeýän, dürli aralykdaky türkmen tamlary, olaryň

gapdalynda gara öýler, kepbeler başlanýar. Ýoluň iki gyrasy durşuna tutluk. Yssy günleri tutlaryň kölegelerini saýalap, islän öýüňe çenli baryp boljak. Wagtyň geçmegi bilen esasy ýol hasaplanýan – Tejenden gelýän ýol obanyň içine girende inçelýär. Megerem, ýoluň gyrasynda ýaşaýan ýaşaýjylar ýol tarapdan bir garyş ýer almagam özlerine bähbit bilendirler-dä.

Daşy hem üsti saman suwagly tamjagazlaryň käbir ternawlarynyň aşagyndan, gapdalyndan ýagyş suwy akyp, diwarlaryň ep-esli ýerini oýup-dilkawlap aşak syrygypdyr. Köp tamlaryň düýpleri yzgardan ýaňa küpürsäp ýatyrdy, iglän düýplerdäki gum tümmeklerinde garynjalar, gürleňgüjükler oýmur-oýmur öý ýasanyp, garabaşyna gaýdy.

On-on iki mellegiň deňinden geçeniňden soň, gaýra – çöle tarap barýan esasy ýoldan ýokary tarapa bir ýodajyk aýrylyp gaýdýardy.

Bu ýodajyk üç ýüz-dört ýüz metr geçip, töweregi giň tekiz meýdanly «Gyzyl çarwa» kolhozynyň daşy aklanan kontorasyna baryp direýärdi. Kontora girilýän ýerde iki sany uly mahabat dikilipdi. Olaryň birinde «Ähli zat front üçin!», ikinjisinde bolsa «Tyl – fronta» diýen ýazgy bardy.

Kontoranyň öňündäki giň meýdançanyň demirgazyk tarapynda, uly ýola ýakyn äpet bir gyşyk biten tut ýykylaýjak-ýykylaýjak ýaly bolup görünýärdi.

Esasy ýol bilen gaýralygyna ýoluňy dowam etseň, ýene öňki adaty türkmen öýleri başlanýar. Köp hojalyklar ýol tarapyna odun-çagşyl basypdyrlar. Sajyn-sajyn bolup duran çagşyllaryň beýikliginden, köplüginden käbir öýler görünmeýärdem.

Gaýra barýan esasy ýol bilen on hojalygyň deňinden geçeniňden – obanyň aňry çetine ýetibereniňde, sag hem sol taraplara ýene-de ýodajyklar sowlup gidýär.

Çepe sowulýan ýodanyň ugrunda obanyň bäşden bir ilaty hem «Täze ýol» kolhozynyň kontorasy ýerleşýär.

Esasy ýoluň saga sowulýan ýodasynda «Watany goramak her bir sowet graždanynyň mukaddes borjudyr» diýen ýazgyly mahabat dikilipdir. Ondan aňyrda iki gektar çemesi giň meýdan ýaýlyp ýatyr. Bu mekdebiň sport, bedenterbiýe meýdançasy bolmaly. Meýdançada futbol oýnamak üçin derweze, şeýle hem turnik bada-bat göze ilýär. Meýdanyň gaýra tarapynda bolsa üsti şiferli, bişen kerpiçden gurlan (bu oba ýerlerinde gaty seýrekdi) kaşaň mekdep ýerleşýärdi. Mekdebiň ýokary tarapynda uzgam edip üç sany birmeňzeş ak jaý gurlupdyr. Bu başga ýerden gelip okadýan mugallymlar üçin gurlan ýaşaýyş jaýlarydy. Bu jaýlar bilen mekdebiň aralygynda buljuraly* örme guýy görünýär. Örme guýynyň ýokarky çeteninde insizje uzyn sapak bilen daňlyp alýumin kürüşge goýlupdyr.

Mugallymlar üçin gurlan her öýüň öňünde sekiz sotka mellegiň üçüsine-de bugdaý ekilipdir. Mellegi ýaşyl maýsalyk örtüpdir.

Ýokary çetdäki mellek beýleki iki mellekden görnetin parhlanýar. Onda dürli ir-iýmişli daragtlar seteran-seteran ekilipdir. Ytygsaman boýuny ýetiren ir-iýmiş daragtlary al-elwan güle bürenipdir. Ol güllerde ýaşaýşyň gözelligi, nepisligi, ýakymlylygy jemlenipdir.

Melleginiň günorta tarapynda uly bolmadyk, üsti akbaşdyr hyşa bilen basyrylan agyl ýerleşýär. Agylda bir gara alaşa, iki tokly, bir göleli sygyr görünýär.

Çetenden edilen agylyň arkasynda – ileri tarapda ýorunjalaryň, ýandaklaryň rejelenip basylyşyndan, biraz aňyrrakda ot-çöpleriň aşa tertipli goýluşyndan, melleginiň çilleriniň endiganlygyndan, daş işiginiň arassalygyndan, iki ojagyň gapdalynda bir gujak odunyň jaýlaşykly durşundan çen tutsaň, bu öýde tertipliligi, arassaçyllygy gowy görýän, şonam saklaýan asylly maşgalanyň ýaşaýandygyny bilmek bolýardy. Hakykatdan hem bu öýde ýaşaýan kişi bihal adam däldi. Ol şu obanyň 6-njy doly däl orta mekdebiniň direktory Berdimuhamet Annaýewiň öýüdi.

Uzyndan inçesagt, sagdyn, agras, kyrk ýaşa ser uran, pähimli-paýhasly, sowatly direktor obada hormatlanýan, sylanýan adam. Ol okuwçylara ýa mugallymlara käýäp, azgyrylyp ýören ýolbaşçy däldir welin, onuň gelýändigini görseler, edep saklap, gyra çekilerler-de, garaşarlar, uly hormat bilen baş atyp, salam bererler. Direktor olara mylaýym nazar aýlap, hal-ahwal soraşyp geçip gider.

Berdimuhamet mekdepde okaýan kyrk bäş okuwçynyň ählijesiniň adyny, familiýasyny, gylyk-häsiýetini, nähili okaýandygyny, ähli ilen-çalanyny gaty takyk bilýändir.

Direktor, köplenç, çal penjekli, ak köýnekli, başy gara bagana telpekli gezýär. Gürlände howlukman her bir sözüni maňzyna ýetirip, ýuwaşja gürlär, sözüni diňledigiňçe diňläsiň geler.

Berdimuhamediň agzybir, döwletli maşgalasy bar. Aýaly Ogulbäbek adamsyna sözsüz düşünýär. Şonuň üçin olara käbir zady biri-birine käte aýtmagam zerur däldir. Biri-birine garaýyşlaryndan düşünişerler. Olaryň Owadan, Mälikguly, Amanguly[1] atly perzentleri edeplije, akyllyja, zehinlije.

Berdimuhamediň Mälikguly atly uly ogly dördünji klasda okaýanam bolsa, eýýäm ýedinji klasyň okuw kitaplaryna çenli okap özleşdiripdi. Ol başda: „Ol näme?“, „Bu näme?“ diýip, okuw kitaplary boýunça düşünmeýän ýerlerini kakasyndan birsyhly sorardy. Indi doly özleşdiren bolmaly, kakasynyň berýän sowallaryna emgenmän jogap berýär.

Käbir çaga aşa ýatkeş bolýar. Berdimuhamediň çagalarynyň içinde Mälikguly aşa ýatkeş. Ol eýýäm üç dessany, nusgawy şahyrlaryň ýüze golaý goşgusyny ýatdan bilýär. Özem onuň ýat tutmagy üçin şol bir goşgyny iki gezek diňlemegi ýeterlik. Ertesi şol goşgyny saňa ýatdan aýdyp berip durandyr.

* * *

Ähli türkmen obalaryna mahsus bir aýratynlyk bar: oba täze gelen kişini şeýle takyk tanaýarlar welin, dynnym ýalyjagam ýalňyşy ýokdur. Adamy çalt hem takyk tanamakda, türkmenler, megerem, Ginnesiň rekordlar kitabyna girsinler gerek.

Göräýmäge, obada hem her kim öz işi bilen gümradyr, asyl ýolda-yzda onuň-munuň gürrüňi-

[1] Ogulbäbek Berdimuhamedowa (1906-njy ýylda doglan), Owadan (1928-nji ýylda doglan), Mälikguly (1932-nji ýylda doglan), Amanguly (1935-nji ýylda doglan).

ni edip duran adamlara-da eger-eger duşmarsyň. Ýöne täze geleniň nähili adamdygyny uludan-kiçä bilmeýän ýokdur.

Berdimuhamet mugallymy tanamak babatda ýagdaý başgaça boldy. Sebäbi ol sopbaş gelip, obada haýdan-haý mekdep gurmakdan başlady.

Ol her gün ir ertirden giç agşama çenli gara der bolup işledi. Onsoň özleriniň çagalary üçin gije-gündiz işleýän Berdimuhamede seredip durmaga ynsaplary çatman, küren oba haşara çykdy. Netijede, oba adamlar-a Berdimuhamedi ýakyndan tanady, Berdimuhamedem oba adamlaryny tanady hem olara elipbiý öwretdi.

Berdimuhamet Annaýew on ýyldanam gowrak wagt mundan öň, Aşgabat oblast magaryf bölüminiň ýollamasy bilen şu oba mekdep direktory bellenipdi. Ol direktorlyk işini obada mekdep gurmakdan başlapdy.

Mekdep bu gün diňe bir obada däl, oblastda iň owadan, kaşaň mekdep. Mekdebiň ykjam, uly gapylary, tekiz hem agardylan diwary, poly, potology ünsüňi özüne çekýär, olar mekdebe aýratyn kaşaňlyk berýär.

Berdimuhamediň bu oba gelen gününden bäri esasy aladasy oba adamlaryna hemaýat etmek, hat-sowat öwretmek boldy. Kimdir biri üçin hat-petek ýazmaly bolsa-da, onuň ýogy – boýun gaçyrmasy ýok. Ol kimdir birine ýardamynyň degjegini bilse, raýon merkezine, hatda Aşgabada gidip gelmäge-de ýaltanmaýar, garaňky düşensoň bolsa, daşyna adamlary üýşürip, türkmeniň geçmişinden gyzyklydan gyzykly wakalary gürrüň berýär.

* * *

Tejen derýasy, köplenç, maý aýynyň ortalaryna çenli dolup akýar, soň suwy kesilýär. Ilatyň rysky-rozugäri şu derýanyň suwuna bagly. Suwuň ir kesilmegi – ryskyň ir kesilmegi. Ýöne indi bu obanyň adamlary suwa görä bolýarlar: ekerançylyk ýerlerine, esasan, maý aýynda ýetişýän, soň suw gerek bolmaýan ak ekinleri ekýärler.

Ak ekinler güýzde ekilýär, maý aýynda eýýäm hasyla durýar.

«Altyda bir garyş, birde alty garyş» tapmaçasy ýöne ýerden döremändir: hakykatdan hem, bugdaý güýzüň soňky aýy, arly gyş hem ýazyň başky iki aýy – alty aýda bir garyş, soňky bir aýda bolsa alty garyş boý alýar.

Obanyň adamlary alabaharda Garawekiliň jaryna dürli gök ekinleri düme ekýärler.

Oba uly, onda bir ýüz altmyş hojalyk ýaşaýar.

Ir säherler, agşamara obanyň ortasyndan geçýän gumak ýoluň adamy, gatnawy köpelýär.

Obada bir maşyn hem dört sany furgon bar.

Maşyn obanyň esasy buýsanjy. Onuň sürüjisi Kerim gatlakly obada gaty sylanýar. Kolhozyň zerur işi çykanda, elbetde, şol gyssagly işi raýon merkezine çalt ýetirip bilýän ýeke-täk kişi ol. Ýöne Kerim aga, köplenç, obada bolmaýar. Raýon merkezine – Kirowa gidýär, uzynly gün şol ýerde işleýär, ol raýon awtoparkynyň sürüjisi. Onuň kolhoza degişli ýeri ýok, ýöne kolhozlar awtoparkdan ýük çekmek üçin maşyn kärendesine soranlarynda ýolbaşçylar diňe Kerim gatlaklyny ýollaýarlar. Awtoparkyň başlygy – «Gyzyl çarwa» kolhozynyň baş-

lygy Mody Akyýewiň aýaly Nabat ejäniň körpe jigisi. Şeýle bolansoň Mody aga Kerim gatlaklynyň maşynyny edil kolhozyň maşyny ýaly peýdalanýar. Kerim gatlaklam polady ýumşak adam, onuň üstesine-de kime «ýok» diýmelidigini, kime asla «ýok» diýmeli däldigini gaty gowy bilýär. Mody başlyk hem «ýok» diýilmeli däl adamlardan.

Maşyn her gün ir bilen gidýär, garaňky düşüp, il ýatansoňam gelýär.

Kerim aganyň raýon merkezine gitmeýän güni hem bolýar, ýöne bu seýrek bolýar. Şol gün oba oglanlary üçin uly toýdur, uly baýramdyr.

Oglanlar Kerim aganyň öýüne üýşüp bararlar. Özem maşynyň eýesine hiç zat aýtman münerler.

Öýüň bikesi maşynyň üstüniň gyzan bazara dönendigini adamsyna habar berer.

Kerim aga-da esli garaşdyryp, hawa, esli garaşdyryp, ernine «Pamir» çilimini gysdyryp, penjegini egnine ýasgynjaň alyp çykar.

Kerim gatlakly mäşirik ýaly süýri kelleli, erni mydama «Pamir» çilimli, orta boýly, gartaşan horja adam. Onda ulynyň-kiçiniň halamaýan bir endigi bar: ol hem çilimi aşa köp çekýänligi. Sypaýy adam, oglanlara gaty-gaýrym söz aýtmaz. Oglanlaryň güsürdeşip maşyn münmeklerini ol bolaýmaly zat ýaly kabul eder.

– Kerim aga, maşynyňyza münüp göräýeli-dä – diýip, oglanlar ýerli-ýerden Kerim gatlaklydan haýyş ederler.

– Heý, onuňam bir gürrüňi bolarmy, inibatyrlar. Sizi mündürmän kimi mündüreýin men. Alkyş aýtsaňyz bolany maňa. Dünýäde siziňki ýaly hümmetli alkyş bolmazmyş – diýip, Kerim gat-

lakly oglanlaryň göwünlerini awlamak bilen bolar.

Ol başga bir gün bolsa, oglanlaryň özelenmelerine şelaýyn ýylgyrar:

– Siz maşyna münendigiňizem bileňzokmy? Näme, häzir ýerde dursuňyzmy?

Oglanlaryň maşyna birugsat münendikleri hak, ýöne bu indi olary kanagatlandyranok. Olara maşynyň ýöremegi gerek, özem ýokary tizlikde. Özem az aralyga däl, gaty uzaga, mysal üçin, raýon merkezine – Kirowa çenli gitmeli, şondanam yza öwrülip gaýtmaly. Munuň ýaly maşynyň ýanynda ýigrimi bäş kilometr hiç zad-a!

Islege çäk ýok. Öň maşyna münmek elýetmez arzuw bolan bolsa, soň maşynyň ýöremegi elýetmez lezzete öwrülýär. Oglanlar duýgur, juda duýgur. Olar Kerim gatlaklynyň her bir hereketinden, keşp-keşmerinden çen alyp durlar, işiň bitjegini-bitmejegini gaty tiz aňýarlar.

– Öz-ä keýpi erbet däl, sögjege-hä asla meňzänok. Neti mündürip-aýlajaga meňzeýär.

– Şeýle bolsun-da hernä!

Maşynyň üstüni dolduryp duran oglanlar başly-barat gygyryşarlar:

– Gaýrat edäýiň-dä, Kerim gatlakly aga!

Oglanlaryň ekabyrragy ýanyndakylaryň sözüne düzediş berer:

– «Kerim gatlakly aga» diýmeli däl-how. «Kerim aga» diýmeli.

– Kerim aga jan, bir gezek «Bolýar» diýäýiň.

Kerim aga «gatlakly» lakamynyň tutulmagyna gatyrganyp durmaz. Maşynyň daşyndan adaty

endigi boýunça bir öwrüm edip çykar-da, hemleli sözlär:

– Inibatyrlar, hemmäňiz aşak oturyň! Häzir ugraýarys.

Ýokardakylar gepsiz-gürrüňsiz aşak çökerler. Kerim gatlakly kabinasyna girjek wagty oturanlara ýene birlaý nazar aýlar, soň kanagatlanma bilen ruluň başyna geçer.

Maşynyň üstündäkiler ugramak üçin näçe gezek gaz berilmelidigini gaty magat bilýärler.

Üç gezek!

Ondan köpem däl, azam däl.

Oglanlaryň käbiri maşyna öýküner:

– Gag-gag, gag-gag, gag-gag...

Olaryň esasy telwasy gidip barýan maşynyň üstünde tutawaçdan ýapyşyp dik durmak.

Şemal elinden gelse, eşigiňi sypyryp, haýsydyr bir zerury üçin alyp galaýjak ýalydyr, onam başarmansoň, eşigiňi pasyrdadar, ýüzüňi sypap geçer durar.

Öňde oturanlardan haýsydyr bir ekabyry ýerinden turar. Edil şoňa garaşylyp durlan ýalydyr, beýleki oturanlar hem güsürdeşip, ýerlerinden turup, biri-birinden ýapyşarlar.

Maşyn obadan çykar.

Ine, Çömmekdepe.

Onuňam deňinden geçerler. Degre-daşy hyşalyk, akbaşlyk, syrkynlyk. Toraňňylyk.

Maşynyň üstünden gözýetimi synlap gitmegiň lezzeti ap-aýry.

– Ur-ra-a!

– Öňe! Ganymlara garşy!

Maşyn uzaga gitmez, yzyna öwrüler.

Mazaly pursatlar mydama tiz geçýär. Maşynam oglanlaryň lezzetlerine bahyllyk edýän ýalydyr, derrew oba dolanar.

Maşyn raýonda «Berdimuhamediň mekdebi» diýlip tanalýan kaşaň ak jaýyň deňinde saklanar.

Indem maşyndan düşmelidir.

Hiç kimiň maşyndan düşesi gelmez. Kerim gatlakly: «Düşüň!» diýip, sesine bat berip, üç-dört gezek gaýtalandan soň, oglanlar göwünli-göwünsiz, hüňürdeşip, düşmek bilen bolarlar.

Oglanlaryň maşyn münen günleri indi olaryň aňynda süýji ýatlama bolup galypdyr.

Sebäbi bir ýarym ýyl mundan öň uruş başlandy.

Uruş oglanlary maşyna münüp, hezil etmek sapasyndan kesdi.

Diňe maşyna münmekden kesilmek bolsa, wah, onda oglanlar oňa kaýyl-la!

Uruş uly-kiçiniň, halkyň başyna ajy horluk-hunaba getirdi, açlyk getirdi, ymgyr köp adamyň ömür tanapyny üzdi.

Obanyň «men-men» diýen ärleri fronta gitdi, galabasy dolanmady.

Bir öýden iki-üç adam!

Käbir öýden-ä bäş adam!

Parahat oturan ýurduň üstüne çozan ganym faşistlere nälet okalýar.

Şindem okalýar.

Ýene okalar.

Bu obanyň on ýedi ýaşyny dolduran ýigitleri şindem fronta gidip dur.

Şu gün gidýänlerem bar.

Ýakyn günde gitjeklerem bar.

* * *

Kerim gatlaklynyň maşyny bu günem obada.

Ol bu gün ýakynda kämillik ýaşy dolan oglanlaryň birnäçesini fronta alyp gitmek üçin dur.

Hana, her sapar Kerim gatlaklynyň maşynyny görende kim öň münmeşek edýän oglanlar indi howluganoklar, münjegem bolanoklar. Olar kolhoz kontorasynyň demirgazyk tarapyndaky gyşyk tuduň gapdalynda köçe bolup durlar. Olaryň arasynda gürlemäge höwesegem ýok.

Mälikguly arkasy goşhaltaly ýigitleri göz astyndan synlady. Olaryň ýekesiniňem ýüzi salyk däl, olar gaty ynamly, gaty dogumly. Bu ýigitleriň ganymlar bilen gorky-ürküsiz söweşjekdiklerine hereketlerinden ynamyň artýar.

Raýondan gelen harby eşikli kişi olara nämedir bir zatlar diýýär. Olaryň töweregine, umuman-a, maşynyň daş-töweregine obanyň aýal-ebtatlary-garry-gurtulary egele bolup durlar.

Fronta barýanlaryň garry eneleridir mamalary, ejeleri öz mähribanlaryny gaty howply ýere ugradýandyklaryna howpurgap, sessiz gözýaş döküärler. Olaryň içki hasratyny, heý, ogul duýmazmy, bilmezmi?

– Aýyp bolar, ene, aýyp bolar. Biz ýeňip, hökman geleris ahyryn – diýip, fronta ugraýanlaryň birisi zarlaýar. – Il-gün näme diýer?!

– Özüňi goraweri, jan balam!

– Entek köp-köp toý geçireris!

– Şeýle bolsun hernä!

– Bolar, hökman bolar!

Bu pälwansypat ýigitleriň almajak galasy, ýeňmejek ganymy bolmaz!

Hanha, Kerim gatlaklynyň maşynyna arkalary goşhaltaly dogumly ýigitler münýärler. Olar maşynyň üstünde durup hem hossarlary bilen hoşlaşýarlar, ýeňiş bilen geljekdiklerini tekrarlaýarlar.

Bu gün fronta gidýän, maşyna münen on ýedi ýigidiň aýdýan sözleriniň manysy bir:

– Biz hökman ýeňip geleris!

Bu sözlerde jinnek ýaly-da ýalan ýok. Bu sözler ýüreklerden çykýan sözler. Olary ýalan sözlemäge mejbur edýän ýok. Asla onuň zerurlygy-da ýok.

Mälikguly birki günlükde kakasynyň aýdan sözlerini ýatlady:

– Watan gorkagy-da batyr edýär.

Dogry şol.

Gorky, dogrusy, Mälikguluda-da, onuň ýanynda duran oglanlaryň hiç birinde-de ýok. Arkaňda uç-gyraksyz Watanyň, duşmanyňdan on-ýigrimi esse köp halkyň barka nämeden heder etjek!

Mälikgulynyň ululara gözi gidýär, biçak gözi gidýär. Şolara meňzemek isleýär. Ol kämillik ýaşyna ýeten bolsady, hökman, hawa, hökman fronta giderdi. Iň soňky damja ganyna çenli Watan üçin, halky üçin söweşerdi.

Eline awtomat alyp, «Ur-ra!» diýip gygyryp, duşmanyň üstüne topulardy.

Watan üçin, il-günüň üçin göreşmek, söweşmek iň uly mertebe!

* * *

Ýagyşly günleriň birinde Mälikguly dagy tutuş maşgalasy bolup kolhoz kontorasyna gitmäge

şaýlandylar. Sebäbi ol ýerde Watana kömek üçin her kimden altyn-kümüş şaý-seplerini kabul etmek çäresi geçirilýärdi. Metbugatda ganymlara berk gaýtawul bermegiň, gitlerçi basybalyjylardan azat bolmagyň zerurdygy, munuň üçin bolsa ýurduň goranyş kuwwatyna kömegiň gerekdigi, şu maksat bilen hökümetiň zähmetkeş halka kömek sorap ýüz tutandygy[1] barada habarlar yzygiderli çap edilýärdi. Bu çäre uly baýramçylyk dabarasy ýaly mahabatlandyrylýardy, haýsy kolhozçynyň näçe mukdarda Goranmak fonduna kömek üçin gymmatbahaly şaý-seplerini tabşyrandygy hakda habar berilýärdi. Şol dabara öwrülen çäre bu gün «Gyzyl çarwa» kolhozynyň kontorasynda hem geçirilýärdi. Bu gün dynç güni diýlip yglan edilipdi.

Ogulbäbek eje bukjasyndan gaýynenesinden, ejesinden sowgat berlen şaý-sepleri bir ýelýyrtan ýaglyga düwüpdi. Bilegindäki bilezigini, gulagyndaky gulakhalkasyny hem ýaglyga saldy.

Mälikguly ejesini birinji gezek bileziksiz, gulakhalkasyz görýärdi. Gözüniň öwrenişen zatlarynyň ýetmeýändigi äşgär duýulýardy. Mälikguly ejesiniň bileziksiz, gulakhalkasyz, birgiden şaý-sepsiz galanyna, olaryň gaýdyp yzyna gelmejekdigine düşünýärdi.

– Azym-küjüm däl – diýip, Ogulbäbek eje[2] hem düwünçegi ýene bir ýola saldarlap gördi. Dogrudanam, az däldigi ýaglygyň gabarasyndanam görünýärdi.

---

[1] 1943-nji ýylyň maý aýyna çenli Sowet Soýuzy boýunça ilatdan 7.392 kilogram gymmatbahaly şaý-sep goranyş fonduna tabşyrylypdyr. Şonuň 75 göterimi Türkmenistandan gowşupdyr.

[2] Ogulbäbek Berdimuhamedowanyň 1943-nji ýylyň 14-nji martynda Goranmak fonduna tabşyran altyn-kümüşleriniň umumy agramy 2 kilogram 428 gram bolupdy.

Olar ýagşyň şabyrdap ýagýandygyna seretmän, kolhoz kontorasyna ugradylar.

Mälikgulynyň, kakasynyň başynda telpekleri bardy. Ogulbäbek eje hem özüni, gyzyny ýagyşdan goramak üçin başyna kürte atynypdy.

Ýagyş şeýle güýçli ýagýan hem bolsa, ýol aýal-gyzlardan doludy. Olaryň birnäçesi kolhoz kontorasyna barýardy, eýýäm gelýänlerem bardy.

Bu gün oba adamlary adatdakysyndan has gaýratly, dogumly görünýärdiler. Adamlaryň bu boluşlarynda: «Ýeňiş üçin hiç zadymyzy gaýgyrmarys, gerek bolsa şirin janymyzy-da bereris» diýen aýgytlylyk bardy.

* * *

Mälikguly kakasynyň hem ýakyn günlerde fronta gitjegini bilýär, ýöne bilmedikden bolýar.

Ol indi ýaş däl-ä!

On bir ýaşady ol!

Kakasy şeýle agyr pursatda urşa gitmezligiň hatadygyny nygtaýar. Özem bu hakda birsyhly nygtaýar. Ol özi urşa gidende oglunyň iner ýüküni – maşgala ýüküni çekip biljekdigine ynanýandygyny hetjikleýär. Mälikguly munuň ýöne ýere nygtalmaýandygyna gowy düşünýär. Ol ýakynda kakasynyň fronta gitmegi ýüregine berk düwendigi bilen baglanyşykly bir wakanyň şaýady hem boldy.

Ejesi agşamlyk naharyň taýýardygyny aýdyp, ony mekdepde hat-petegi bilen meşgullanýan kakasynyň yzyndan ugratdy. Bu mahal mekdepde okuwçylar ýokdy.

Mälikguly mekdebiň ikinji otagynda Mody başlygyň sesini eşitdi. Ol janygyp gürleýärdi:

– Dogan, brony Mody başlyk berenok, ony hökümet berýär, hökümet. Hökümedem saňa galmaly diýýär, saňa bron berýär, saňa bilim frontunda işlemegi tabşyrýar. Biziň kolhozymyzdan ýigrimi çopana, ýedi sany hem gullukça bron berildi. Hem açyk aýdyldy. Şu adamlar tylda işlemeli. Sen bolsa men fronta gitjek diýip, harby komissarlyga barypsyň, raýkomyň birinjisiniň ýanyna barypsyň. Meniň bolsa, seniň raýon merkezine gideniňden hem habarym ýok.

– Aýtsam, siziň näme diýjegiňizi bilýärin-ä men.

– Men hiç wagt nädogry zat aýdýan däldirin, Berdimuhamet.

– Ýüregimdäkini aýtsam, siz maňa söz owadanlaýarsyň diýersiňiz. Şonuň üçinem men size göni aýdýaryn. Meniň ornum frontda! Bu meniň ýüregimiň emri. Ýüregimiň hem garşysyna gidip bilemok. Raýkomyň birinjisi maňa düşündi, öňümde anyk şert goýdy. Şol şertden soň meni fronta ugratmaga söz berdi. Men ol şerti bitirerin.

– O nämäniň şerti?

Mälikguly gürrüňe päsgel bermezlik üçin birki ädim yza süýşmekçi boldy, ýöne islegi tersine çykdy: oturgyja aýagy degip alaşakyrdy döretdi.

Berdimuhamet içerden çykdy:

– Mälikguly, sen bärdemi?

– Ejem ugratdy. «Nahar taýýar» diýdi.

– Bolýar, häzir bararys.

Gürrüň, megerem, uruş barada bolandyr, ýöne kakasy bilen Mody başlyk nahar başynda aralaryn-

da dartgynly hiç zat bolmadyk ýaly, dostlukly söhbet etdiler.

Mody başlyk nahara töwir galdyrdy, soňam Berdimuhamet bilen oba kethudasy Goçgar aganyň öýüne gümür-ýamyr edişip gaýtmak üçin ugradylar.

Mälikguly mekdepde gutarmadyk gürrüňi kakasy bilen Mody başlygyň ýolda dowam etjekdiklerine ynandy.

***

Kolhoz kontorasynyň ýanyndan fronta diňe Kerim gatlaklynyň maşyny bilen däl, Akmyrat takyryň furgony – arabasy bilenem alyp gidýärler.

Arabada öň üç gezek alnyp gidildi.

Akmyrat takyr bu gün dördünji gezek alyp gidýär. Megerem, ol gidýänleriň sany az bolanda alyp gidýär. Bu gün alty sany ýigit gidýär.

Akmyrat takyryň, hakykatdanam, kellesinde ýekeje gyl hem ýok, tap-takyr. Ol ýaşlykda gyrma kel bolupdyr. Kelligi öýlenensoň galypdyr. Ol ýaşka gaty guduman eken. «Öýlenensoň welin burny büýli ýaly boldy, ýuwaşady» diýip, gürrüňini edýärler. Ol dymma, aňsat-aňsat gürlemeýär.

Altmyş ýaşlaryndaky Akmyrat takyr ýaşlygynda mama keselinden görgi ýamanyny gören bolmaly. Sebäbi ýüzünde abat ýeri ýokdy: mama dişändi, mama onuň sag gözüni kör edipdir, sol gözüne-de hüjüm eýläpdir, ýöne kör etmändir, gözüniň iki ýerinde çalaja gül galdyryp saklanypdyr.

Mälikguly dostlary bilen ýene kolhoz kontorasynyň öňündäki meýdança geldi. Obanyň adamlaram şu ýere ýygnanyşdylar.

Urşa gidýänleri küren oba bolup, ak pata berip ugratmak indi ýörelgä öwrüldi.

Ugradyşda Mody başlyk, oba sowetiniň başlygy Garadöwlet, oba kethudasy Goçgar Gara, mekdep direktory Berdimuhamet mugallym çykyş edýär.

Mälikguly her sapar «Ähli zat front üçin!» diýen ýazgynyň öňünde edilýän çykyşlary dykgat berip diňleýär, kakasynyň çykyşyny has gowy görýär. Her sapar diňlände ýüregi jigläp-jigläp gidýär.

Hana, kolhoz başlygy bilen Berdimuhamet mugallym ýanaşyk dur.

Raýondan gelen harby eşikli kişi fronta gidýän arkasy goşhaltaly adamlary hatara duruzdy.

Üç kişi söz sözledi: kolhoz başlygy Mody aga, oba sowetiniň başlygy Garadöwlet aga hem mekdebiň direktory Berdimuhamet Annaýew.

Olar Watana uly howpuň abanýandygy, faşistleriň edýän wagşylyklary, bet pygyllary, azat ýaşaýyş, ar-namys üçin Watany iň soňky damja ganyňa çenli goramagyň zerurdygy, mert pederlerimize mynasyp ogullar bolup gaýduwsyz söweşmegiň borçdugy hakda aýtdylar, fronta gidýänleriň ýeňiş bilen sag-aman dolanyp gelmeklerini dileg etdiler, soňundan Goçgar aga aýat okap, pata berdi.

Fronta gidýän alty kişi araba mündi. Araba ýola düşüp ugranda, oglanlar bilen duran Mälikgulyny kimdir biri hürsekledi.

Mälikguly yzyna seretse, obanyň iň owadan gyzy hasaplanýan Ýazly ýatagyň agtygy Zybagül

oňa eli bilen yzyna düşmegini yşarat edýär. Zybagül utanýar, aljyraýar. Ol utansa, aljyrasa hasam owadan bolýan eken.

Zybagül oglanlardan on bäş-ýigrimi ädim ýokardaky gyşyk tuduň aňyrsyna geçip yzyna öwrüldi.

– Çaltrak gel, oglan!

– Näme boldy? – diýip, Mälikguly gyzyň bolşuna kejikdi.

– Senden bir haýyşym bar, bitirermiň?

– Bitirerin. Näme üçin sandyraýarsyň?

– Men sandyramok.

– Sandyraýarsyň.

– Haýyşymy bitirermiň?

– Bitirerin diýdim-ä.

– Onda sen arabada oturan Suhanberdä aýt...

– Näme?

– Sen näme diý-ä!..

– Näme?

– Sen oňa: «Suhanberdi – diý, Gözel aýtdy – diý, Suhanberdi özüni gorasyn diýdi» diý.

– Kim ol Gözel?

– Bar, aýt, soň aýdaryn. «Gözel araky aýdan sözüne ökünýär» diý.

– Araky aýdan sözüne?

– Hawa, änigine-şänigine ýetjek bolup durmasana, oglan, sen şeýle diýip aýt, onuň özi düşüner. «Gözel araky aýdan sözüne ökünýär» diý – diýip, Zybagül elewredi. – «Gözel sag-aman gelsin diýdi» diý.

– Aýtmasamam, Suhanberdi özüni gorar, ony aýtmak nämä gerek?

Zybagülüň ýüzi boz-ýaz boldy, düýrükdi, gözüniň çikgelerinde nem-ýaş göründi. Sesi agy gatyşykly çykdy:

– Aýdaý-da, Mälikguly. Men senden haýyş edýärin!

Mälikguly Zybagülüň garaçynydygyna şobada düşündi. Şeýle owadan gyzy tolgundyrýan, aglamaga mejbur edýän habar ýöne-möne habar bolmaly däl. Ýöne-möne habar üçin Zybagül oda-köze düşjek gyz däl-ä. Mälikguly sesini çykarman, ýaňy ugran arabanyň yzyndan ylgady.

Arabanyň yzyndan ylgap barýan oglan kändi.

Bu her gezegem şeýle bolýar. Oglanlar obadan çykan ýeriňdäki Çömmekdepä çenli ylgap gidýärler. Soňam tozan turzup barýan maşynyň, arabanyň yzyndan seredip oturýarlar.

Mälikguly tigirlerini jygyldadyp, sogup barýan arabanyň yzyndan tiz ýetdi. Ylgap barýan oglanlaryň arasyndan geçip, arabanyň üstünde oturanlardan Suhanberdini gözledi.

Suhanberdi arabanyň ortasynda oturan eken.

Ol pälwansypat, ýigrimi bäş ýaşlaryndaky uzynak ýigit, bimisil dilewar, her hili gülküli wakalary aýtmagy gowy görýär. Özem diýseň görmegeý, syratly ýigit. Kolhozda hasapçy bolup işleýärdi. Hasapçylyk ugrundan Aşgabatda ýörite okap gelipdi.

Mälikguly ylgap barşyna Suhanberdä ýüzlendi:

– Suhanberdi akga, aý, Suhanberdi akga, saňa habar iberdiler.

– Näme habar? – Suhanberdi gaşlaryny gerjeşdirdi.

– Saňa «Özüni gorasyn» diýdiler.

– Kim diýdi?

– Gözel!

Suhanberdi bu ady eşiden dessine, towsup ýerinden galdy. Soňam gidip barýan arabadan böküp düşüp, Mälikgulynyň ýüzüne begençden doly nazaryny dikdi:

– Çynyňmy, Mälikguly?

– Çynym.

– Hakyt şeýle diýdimi?

– Hakyt şeýle diýdi. «Gözel araky aýdan sözüne ökünýär» diýdi...

– Gaýtalasana, inijigim! – Suhanberdiniň sesi sandyrap gitdi.

– Gözel araky aýdan sözüne ökünýär.

– Çynyňmy?

– Çynym!

Suhanberdi Mälikgulyny garsa gujaklady-da, daşyndan pyrlandyryp aýlady:

– Dilleriňe döneýin, Mälikguly jan, dilleriňe döneýin. Sag bol, jigim, sag bol. Seniň bu sözleriňden soň maňa ölmek bolmaz. Men özümi goraryn. Ganymlary ýeňip, men hökman gelerin. Gelenimde men saňa harby papagymy bererin. Hökman! Sen ýeke söz bilen meni bagtly etdiň, jigim, düşünýärsiňmi, sen ýekeje söz bilen meni bagtly etdiň. Sen meniň zar bolup ýören habarymy getirdiň. Sen oňa aýt: «Suhanberdi biçak begendi» diý. «Ol şeýle söze şeýlebir garaşan eken» diý.

– Aýdaryn, aýdaryn.

Suhanberdi Mälikgulynyň ýüzüne buýsançly bakdy:

– Sen meni nähili begendirendigiňi bileňok.

– Çalarak aňýaryn.

– Ine, munyň dogry. Mälikguly jan, gaýrat et, sen şol Gözele aýt: «Özümi hökman goraryn. Hökman ýeňiş bilen gelerin. Her günümi duşuşyk gününe garaşyp geçirerin diýdi» diý. Ýadyňdan çykmaz gerek?!

– Ýadymdan çykmaz. Arkaýyn bolaý. Men oňa hökman aýdaryn. Ol saňa garaşar. Biz saňa garaşarys.

Suhanberdi Mälikgulynyň egnine kakyp, onuň bilen doganlarça hoşlaşyp, daşlaşyp barýan arabanyň yzyndan ylgady.

* * *

Şol günüň ertesi Zybagül okuwdan çykyp, kolhoz işine barýan Mälikgulynyň öňünden çykdy.

Mälikguly Zybagüli görenden, onuň özüne garaşyp durandygyny aňdy.

– Salam.

– Salam. Şeýdip geçip gidiberjekmi?

– Onda näme edeýin?!

– Maňa aýtjak zadyň ýokmy?

– Näme aýdaýyn?!

– Düýn Suhanberdä meniň aýt diýen zadymy aýdyp bilmediňmi?

– Ilki özüň aýt, men soň aýdaýyn.

– Nämäni?

– Gözeliň kimdigini?

– Sen ony tanaňog-a.

– Men obanyň ähli gyzyny tanaýaryn.

– Gözel biziň obamyzdan däl, ol ýokarky obadan.

– Haýsy obadan?

– Sen ony sorama, Mälikguly...

– Aýtmasaňam men Gözeliň kimdigini bilýärin.

– Kim?

– Menem aýdyp biljek däl – diýip, Mälikguly bilgeşleýinden ýoluny dowam etdirdi.

Zybagülüň Mälikguludan eşidesi gelýän zatlary bardy, eşiderin diýen inçe tamasy-da bardy, ýöne bolmady. Mälikgula: «Saklan, Suhanberdä habarymy aýtdyňmy?» diýip sorasy geldi, ýöne gyzlyk ejaby oňa ýol bermedi.

Onuň Mälikgula Gözeliň kimdigini, Suhanberdi bilen aralaryndaky gatnaşyklar hakda aýdasy gelýärdi, ýöne dymdy.

Mälikgulynyň Zybagüle Suhanberdiniň yzyndan ýetip aýt diýen zatlaryny aýdandygyny, onuň bolsa arabadan böküp düşüp özüni daşyndan pyrlap aýlandygyny, begenmek begenendigini, ýeňiş bilen geljekdigini telim ýola gaýtalandygyny, süýjüdip-süýjüdip aýtmakçydy. Dogrusy, onuň bu hakda aýdasy, Zybagüli begendiresi gelýärdi, ýöne ol, näme üçindir, aýdyp bilmedi, dymdy.

Dymmak – syrlylyk. Syrlylygyň güýji-hä azym-küjüm däl. Muny Mälikguly öz durmuşyndan bilýär.

Onuň üçin häzir iki sany syrly zat bardy. Ol syrlary bilýänler-de bardy.

Gözeliň kimdigi onuň üçin syrdy. «Gözel diýilýän Zybagülüň özi bolaýmasyn?!» diýen pikir Mälikgulynyň aňynda köwsar urýardy.

Ikinji syr birinji syrdan ymgyr ähmiýetlidi.

Ol kakasynyň fronta gitmegi üçin öňünde goýlan şert.

Ol nähili şert?

«Kakam haçan fronta gidýär? Eger kakam fronta gitse, biz günümizi görüp bilermikäk?» diýen şol bir pikir onuň aňynda üznüksiz gaýtalanýardy, örteýärdi.

Kakasynyň barlygynda, öýdeliginde durmuşda hiç bir kynçylyk ýokdy. Onuň söhbetlerini, maslahatlaryny diňlemegiň lezzeti hem gaty datlydy.

«Bu oglan Berdimuhamet Annaýewiň ogly», «Berdimuhamet direktoryň ogly» diýlip tanyşdyrylanda, Mälikguly adamlaryň özüne nähili mähir hem hormat bilen bakýandyklaryny magat bilýärdi, bu oňa diýseň hoş ýakýardy. Oglanlar bir garagolluk etseler, arasynda Mälikguly bar bolsa, ýaşulular geçirimlilik edýärdiler. «Indi gaýtalamaň» diýýärdiler. Ýazly ýatak atly ýaşuly bolsa, hökman: «Arkaly atyň arkasyndan müň at suw içer» diýerdi.

* * *

Mälikgulynyň kakasy Berdimuhamet Annaýew obada abraýly adam.

Sowatly adam!

Ol oba mugallymy.

Ol obanyň – üç kolhozyň ýeke-täk mekdebiniň direktory.

Ol çagalary okadýar.

Ol ululary-da okadýar.

Ol kolhoz başlygy hem goňşusy Mody agany-da okadýar.

Sebäbi diňe bir ýaşlar däl, obanyň orta ýaşly adamlaram, ýaşy durugşan adamlaram ondan sowat aldy. Olar ýaşlarynyň kän uludygyna seretmezden Berdimuhamet Annaýewe: «Ýoldaş mugallym!» diýip ýüzlenýärler, ony hormatlaýarlar.

Köp kişi gelip, Mälikgulynyň kakasyna ýüregini açýardy, syryny açýardy. Kakasy gaty köp adamyň syrdaşydy. Ondan maslahat soraýardylar.

«Harjagaz» atly üç kolhozyň ilatyny özünde jemleýän obanyň adamlarynyň öýlerinde nähili maşgala derdiniň, endişesiniň bardygyny Mälikguly bilýärdi. Oňa bu zatlary bilmegiň asla geregi ýokdy, ýöne öýde ol gelen kişiniň kakasy bilen edýän gürrüňlerini islese-islemese eşitmeli bolýardy. Eşitse-de, Mälikguly oglanlaryň ýanynda ýeke sözem aýdanok. Aýdaýmaly pursatlary bolsa köp ýüze çykýar. Sebäbi oglanlaryň başyny agyrtmaýan zady ýok.

Ol «Dymmak – altyn, gürlemek – kümüş» diýilmesiniň hikmetini bilýär.

Kakasy Mälikgula ynanýar. Onuň bilen mydama uly adam bilen gürleşen ýaly gürleşýär. Käbir zatlary maslahatlaşýar. Oguz han aýdypdyr: «Ata ogluny on ýaşda biler». Mälikguly bolsa on bir ýaşady.

Olar mahal-mahal çöle odun ýygmaga, tokaýlyga – Aba kakanyň ýanyna gidýärdiler. Aba kaka Berdimuhamet mugallymyň süýtdeş agasydy. Ol kolhozyň atbakarydy, atşynasydy. Berdimuhamet mugallym agasyna: «Sen at boýunça akademik» diýýärdi. Hakykatdan hem, Aba aga at hakda gaty köp zat bilýärdi. Atda haýsy ýaşda nähili keselleriň

döreýändigi, olaryň nädip öňüni almalydygy barada gürleýärdi welin, şeýle köp zady bilýändigine geň galar oturarsyň. Aba aganyň perzendi ýokdy. Keýwanysy Güljahan bilen ikisidi. Aba aganyň aňynda mydama bir pikir bardy – atlar! Ol haýsy zat hakda gürlese-de, soňy hökman atlara syrygýardy, «Men atyň üstünde ulaldym» diýip, köp gaýtalaýardy. Şahandaz, göwnaçyk, elaçyk adamdy.

Olar üç dogandylar. Ulusy Aba agady. Ortanjysy Ýusupberdidi. Berdimuhamet körpe oguldy.

Aba aganyň külbesine – at bakýan ýerine barmak Mälikguly üçin durşuna bir toý-baýramdy.

Kä gije külbede – giň sährada ýatardylar, asyl gijäni hemsöhbetlikde geçirerdiler.

Mälikguly odun ýygmagyň hem, Aba kakanyň ýanyna gitmegiň hem şeýlekin bir bahanadygyna, esasy maksadyň alada çaý başynda türkmenler, pederler, ýedi arka, durmuş, adamkärçilik hakda hemsöhbet etmekdigine düşündi. Diňledi. Hezil edip diňledi. Sebäbi kakasy ýönekeý zatlaram täsirli aýtmagy başarýardy. Mälikguly kakasynyň her bir aýdan sözi barada oýlanýardy, öz ýanyndan ölçerip-dökýärdi. Kakasy birsyhly bu zatlar hakda giňişleýin, özem oduň başynda gürrüň bermesiniň hikmetini gizlejek bolup duranokdy. «Siz bu zatlary hökman bilmeli. Bu zatlary gürrüň bermek, düşündirmek biziň borjumyz. Sizem ulalaňyzda, öz ogul-gyzlaryňyza gürrüň berersiňiz» diýýärdi.

Berdimuhamet agasy Aba agany gowy görýärdi, wagt tapsa, onuň ýanynda bolmaga çalyşýardy. Obada mekdep guransoň, ol Babarapdan agasyny

ýörite alyp gaýdypdy. Sebäbi hem-ä ýarawlygy ýokdy, hem basha-baslyk başlanypdy. Kolhoz başlygy hem onuň kolhoz ýylkylaryna atbakar bolmagyny haýyş edipdi, sebäbi onuň at tanaýşyna, yhlaslylygyna başlygyň göwni ýetipdi.

Ol agasyny mydama gözegçilikde saklady, ýöne kesel oňa ýazylganlyk bermedi.

Bir günem dertmentlik ony düşege ymykly baglady. Ol dört aý ýatdy. Şol günler Berdimuhamediň bir aýagy agasynyň ýanynda boldy.

Aba aganyň sanalgysy dolan eken.

Doganynyň ýogalmagy Berdimuhamet mugallyma gaty agyr degdi, ol içini hümledip ýören adama öwrüldi, doganynyň aşyny-suwuny, kyrkyny berip, fronta gitmek bilen boldy.

* * *

Mälikguly kakasynyň howlukmaçlygyny, özüni oňaýsyz duýýandygyny görýärdi, ýüregini açaryna sabyrsyzlyk bilen garaşýardy. Raýkomyň birinji sekretarynyň goýan şertiniň nämedigini kakasynyň aýdaryna garaşýardy, ýöne onuň boş wagty ýokdy: okuwdan soň – öýlän iki sany gyza – Bibisoltan bilen Akgyza aýratyn sapak geçýärdi. Soň bu gyzlaryň üstüne ýene bäş gyz goşuldy. Barysy hem ýedinji klasyň gyzlarydy.

Özem ol goşmaça sapagy ýarym ýyldanam gowrak wagt bäri geçýärdi.

Mälikguly hem, köplenç, olaryň ýanynda bolýardy. Kakasynyň öwredýän zatlaryna içgin düşünmäge çalyşýardy.

Bir gün Mälikgulynyň kakasy üç-dört günlük Aşgabada gitjekdigini aýtdy. Ol Aşgabada ýeke gitmeýän eken. Goşmaça sapak geçen ýedi gyzy[1], olaryň hossarlary hem gidýän eken. Olary aladaňdan Kerim gatlakly maşyny bilen alyp gitdi.

Bir hepdeden soň hem olar dolanyp geldiler.

Şol günüň ertesi alabaharda Berdimuhamet Mälikgula ýüzlendi:

– Mälikgulym, çöle çykasyň, towşan kowalasyň gelenokmy?

– Gelýär – diýip, Mälikguly begençli jogap berdi.

– Onda ýör!

Mälikguly Dagarmana mündi, Berdimuhamet onuň gapdalyndan pyýada ýöredi.

Ol gün howa bulutlydy, ýagyş çisňäp durdy.

* * *

Obadan çykan ýeriň gür toraňňylykdy.

Toraňňylygyň içinde guşlar saýraşýardy.

Öňüňden guşlar güsürdeşip uçup gidýärdiler, towşanlar ýoluňy kesip geçýärdi.

– Hana, keýik! – diýip, Mälikguly begençli seslendi, elini demirgazyga tarap uzatdy.

Dogrudanam, keýik! Özem ol ýeke däl. Iki sany owlajygy-da bar. Keýik keýerjekläp durdy-da seretdi, soňam ümdüzine gitdi.

---

[1]Akgyz Agadurdyýewa, Bibisoltan Goşaýewa, Uzan Akmämmedowa, Doýduk Baýlyýewa, Altyn Garlyýewa, Güljan Orazowa, Doýduk Hojakowa dagy uruş ýyllarynda obada mugallym bolup işlediler.

Olar ilki Serbazguýynyň ilersindäki otarlyga bardylar. Bu otarda Aba kaka kolhozyň ýylky sürüsini bakardy.

Ine, şol tanyş külbe. Bu külbede köp oturypdylar. Indi külbede Sapar käse atbakarlyk edýär.

– Berdimuhamet mugallym, hoş geldiňiz! – diýip, ýetmiş ýaşlaryndaky atan-satan, ämert bir goja olaryň öňünden çykdy. Bu goja ýigrimi bäş ýaşlarynda oba käse getirip satypdyr, şondanam oňa käse lakamy galypdyr. Goja ataly-ogly gadyrly garşylady. Derrew çaý gaýnatmak bilen boldy. – Geçiň, arkaýyn oturyň. Ýöne Aba agasyz bu külbäniň, bu ýerleriň gyzygy ýok. Mälikgulynyň kakasynyň hem rahatlygy bolmady, özüni oňaýsyz duýdy. Ol oglana ümledi:

– Gideli.

Serbazguýa bardylar. Ol ýerde ot ýakdylar.

Berdimuhamet ojar oduň başynda mesawy gürleşip oturmagy biçak gowy görýärdi.

Gyş günleri daşary gardyr, şonda-da Berdimuhamet käte ogullary bilen daşarda ojar ýakyp oturardy.

– Biziň aňrymyz otparazlar bolmaly. Ot – Göktaňrynyň ýerdäki ikinji ady, Göktaňrynyň gaýtalanmasy. «Odun» sözem ot sözünden. Oduň başynda oturmak tükeniksiz güýç, ýakymlylyk, rahatlyk, giňlik berýär diýip, Berdimuhamet aýdardy. Nämedir bir zada lapykeç bolsa, ol hökman oduň başynda oturyp rahatlanardy. Ol: «Ot – rahatlyk» diýip, köp gaýtalardy.

Ataly ogul tüňçäni alyp gaýdan suwlaryndan dolduryp oda süsdürdiler. Getiren çörekleriniň ar-

kasyna çöp diräp, oda gyzdyrdylar. Oda gyzdyrylan çöregi kitirdedip iýmek, baý, gowy!

Açyk meýdan. Arassa howa. Garşyňda ojar odun şatyrdap ýanyp dur. Uzaklara seredýärsiň. Şu ýerden Merkezi Garagum başlanýar.

Asyl bu çöl däl-de, sähra ahyryn! Çünki bu bereketli Garagumda bitmeýän ösümlik ýok. Garagum – bereketli gum, bereketli sähra diýmek bolmaly. Garagum – türkmeniň ýaşaýyş çeşmesi, gorhanasy.

Baharda ähli beýikli-pesli depeleri, çulbalary, oýlary-oýtumlary gyrymsy otlar örtüp çykýar.

Äpet-äpet sazaklar, ojarlar, çerkezler degre-daşy burundyk tokaýlyga öwrüp otyr. Uç-gyraksyz düňle çölde syrlylyk bar. Ol syrlylyk ümsümlikde. Çölde ýaşyl baharyň guran yzlary bar. Ýuwa-ýelmikli meýdanlar, gülälekli gollar, jümjümeli ýol gyralary, bedýanly düzlükler, çomuçly alaňlar, adyrlyklar.

Düňle hem syrly, tebsirän sährada Zybagül deýin gözel gyzyň türpeligi duýulýar. Bu ýerde seni gurşap duran, endamyňa degip, syzylyp geçip barýan wagtyň tüýsi, tebigaty üp-üýtgeşik. Onda ýaňy gazylan guýynyň suwunyň, owuz süýdüniň, täze bugdaýdan bişirilen mele-myssyk nanyň tagamy bar. Bu ýerde diňe arassalyk, päklik hem tämizlik bar. Bu taýda röwşen geljege badalga hem şert bar.

Adam bu hökmürowan ümsümligiň içinde özüni üçünji biri hökmünde duýýar. Ýöne bu bipaýan üçünjilik däl, bu üçünjilikde ýaşaýşa, ýeňşe çakylyk bar. Bu çakylyk kalbyňa toşap bolup dökülýär, dolýar. Şol aralykda-da ýaňy ýaradylanja täze wagt

gulagyňa pyşyrdaýar: «Munda saňa garaşýarlar, Ýaradanyň özi seniň miweleriňe, bitirjek il-ulsa bähbitli, asylly işleriňe garaşýar. Ähli kişiniň nazary sende. Bu dünýäde nazardan sypýan zat bardyr öýtme. Ähli zat görülýändir, bilinýändir».

Wagtyň jisimine öwrülýän şemal bu sözleri gözýetime sary alyp gidýär. Bu sözler şemalyň yzyna düşüp, şemalyň içine düşüp, Ýer-Gögüň arasyny doldurýar: «Saňa garaşýarlar, seniň miweleriňe, işleriňe, ýeňişleriňe garaşýarlar...»

Mälikguly bu gezelenjiň ýöne ýere däldigini kakasynyň aladaly ýüzünden aňdy: ýalňyşman eken, şeýle-de boldy.

Berdimuhamet çaý başynda türkmen halkynyň batyrlygy, gaýduwsyzlygy, mertligi, birsözlüligi barada sözledi. Soň ganymlaryň ähtiýalanlyk bilen çozandyklaryny, köp ýerleri basyp alandyklaryny, Staliniň geçen ýyl bir ädim hem yza süýşmegi gadagan edýän 227-nji kararyny çykarandygyny, her daban ýer üçin jan berip-jan alynýandygyny, Annaýewleriň neberesinde Watanyň üstüne howp abananda hiç mahalam çetde durmandyklaryny, darkaşa girendiklerini, gahrymanlarça söweşendiklerini, öz neberäňe – ata-babaňa mynasyp bolmagyň mukaddeslikdigini, hökmany ogullyk borjuňdygyny, şu günki günde özüniň ornunyň hem gazaply söweşleriň gidýän ýerindedigini, ýöne şu güne çenli özüne rugsat berilmändigini, şonuň üçin hem raýon harby komissarlygyna barandygyny we ol ýerde oňa: «Sen bronly, fronta gitmeli däl, çagalara – ýurduň geljekki nesline sowat öwretme-

li, munuň özem front!» diýlendigini, iki gezek fronta gitmek barada arza ýazandygyny, meseläniň raýkomyň birinji sekretaryna çenli ýetendigini, birinji sekretaryň bolsa: «Öz ýeriňe ýaş gyz maşgalalardan kadr ýetişdir. Olar okatmaga ukyply bolsun. Aşgabadyň mugallymlary taýýarlaýan kursunda ekzamen tabşyrsyn, eline mugallym diýen güwänamany alsyn, ana, şondan soň men meseläňi oňyn çözüp bereýin» diýendigini, şonda özüniň: «Bir gyzy däl, ýedi gyzy taýýarlaýyn» diýendigini, ýedi sanyň gowy sandygyny, adam ömrüniň, bedeniniň hem her ýedi ýyldan üýtgäp-özgerip duryandygyny, şeýle hem ýedinji klasda jemi ýedi sany ýiti zehinli, mugallymçylyga ukyply okuwçynyň bardygyny, olary goşmaça okadandygyny, mugallymçylygy öwredendigini, Aşgabatda ekzamen tabşyryp, düýn gelendiklerini, mundan beýläk ýedi gyzyň mekdepde mugallymçylyk etjekdiklerini, indi fronta gitmäge özünde mümkinçilik dörändigini kesgin aýtdy. Soňam «Meniň bu pikirime nähili garaýarsyň?» diýen terzde gollaryny gowjap, otdan nazaryny aýyrman oturan ogluna soragly bakdy.

Mälikguly şu wagta deňeç özüni örtäp gelen raýkomyň birinji sekretarynyň kakasynyň öňünde goýýan şertiniň nämedigine şerribasy bilen düşündi, kakasynyň pikirini goldady, oňa guwanç bilen bakdy.

Mälikguly dymyp oturansoň, ýene Berdimuhamet gürledi:

– Size kyn düşjegini bilýärin, oglum. Ýöne ýurduň başyna şeýle apat inen wagty meniň bu ýerde

hiç hili sabyr-kararym, rahatlygym ýok. Ýüregim agzymdan çykyp gelýär.

Mälikguly öz pikirini aýtmalydygyna, muňa kakasynyň garaşýandygyna düşündi, ýöne näme aýtsa, telek bolaýjak ýaly duýuldy.

Oba gaýdanlarynda, olar Dagarmany idip gaýtdylar.

Ýolda Berdimuhamet Dagarman hakda gürrüň gozgady:

– Men gitsem, Dagarmany näderis? Atyň size gereg-ä çykyp durmaz.

– Siz gelýänçäňiz Dagarmany gowy saklarys, kaka.

– Görüp ýörsüňiz, at saklamak – dertment saklaýan ýaly gaty irnik hossa. Munuň hossasy size artykmaç boljak. Öz günüňizi dolasaňyzam uly zat.

Mälikguly kakasynyň pikirini aňdy:

– Bu meseläni bize goýmaň, özüňiz çözüň, kaka.

Şol günüň ertesi Berdimuhamet atyny Berkeli aga berdi:

– Berkeli aga, gelýänçäm Dagarmanymy size bereýin, hem-ä münüň, hemem idi ediň.

Berdimuhamet aty bilen hoşlaşdy, oňa özüniň obada bolmajakdygyny, gelýänçä Berkeli aga hyzmat etmelidigini aýtdy. Dagarman eýesiniň sözüne intipis edip, gussaly bakdy.

***

Dagarman eýesiniň sözüne ýa düşünmändir ýa-da düşünse-de, sargyda tabyn bolmak islemändir, ertesi Dagarman öňküje ýerinde durdy.

Berdimuhamet ýene Dagarmany iýdip, Berkeli aganyňka ugrady. Goja atyň gidenini bilip, perişan halda otyr eken. Berdimuhamet ýene Dagarmany tabşyryp gaýtdy.

Şondan bir hepdeden soň, agşam palaw bişirildi. Gaty tagamly bolupdyr. Palaw iýlip bolnanyndan soň Berdimuhamet iki gezek ardyndy. Öýde ardynmagyň nämäni aňladýandygyna gaty gowy düşünýärler. Häzir möhüm bir zat hakda gürrüň boljak. Tejribeler aldamaýar:

– Adamyň ömrüniň manysy, esasan, perzentlerinde. Şu babatda men bagty çüwen ata. Ogul ýerinde dogumly, akylly ogullarym bar, gyz ýerinde asylly gyzym bar. Siziň üçin kökenek gerýän mähriban ejeňiz bar. Ýaşaýşymyzam, Hudaýa şükür, ganymat. Ýurduň başyna agyr iş düşdi. Bu belany ýeňmän, bagtly ýaşap bolmaz. Bize bolsa bagtly ýaşamak gerek. Şonuň üçin men il deňinde fronta gitmekçi.

– Haçan? – diýip, ýerli-ýerden soradylar.

– Ertir irden gitmeli. Kerim aga alyp gitjek, gepleşdim. Oglum, Mälikguly, ejeň bilen maslahatlaşdym, ojagy saňa tabşyrýaryn. Senden tamam, saňa ynamym uly meniň. Hudaýa şükür, sen üşükli, zirek*, öjemel*, menikli, her edýän işiňe çulum. Näme etmelidigiňi, näme etmeli däldigiňi gowy bilýärsiň. Men: «Yzymda Mälikguly oglum bar, ol ojagymy hor-zar etmän saklar, ejesine ýardamçy bolar, doganlaryna howandarlyk eder, hojalygyň garamatyny merdi-merdanalyk bilen çeker» diýip, saňa bil baglamakçy bolýaryn. Men muny seniň oňarjagyňa ynanýaryn. Hany, seniň özüň hem aýt,

oglum, nähili pikir edýärsiň? Hojalygyň garamatyny çekermiň?

– Kaka!.. – Doýmaz nazar bilen kakasyna bakan Mälikgulynyň sesi janserek çykdy. – Size ysnat getirmejek bolup, elimde baryny ederin.

– Men saňa ynanýaryn, Mälikguly! Ejeňi, doganlaryňy goragyn.

– Gelýänçäňiz gujur-gaýratymy gaýgyrmaryn. Men siziň ynamyňyzy ödärin.

Mälikguly ertirki gününiň kynçylykly boljagyny bilýärdi. «Kakam gelýänçä çydamaly» diýip, ol öz ýanyndan ençe gezek gaýtalapdy.

Ýöne uruş haçan gutararka?

Kakam haçan gelerkä?

Bu sowallar Mälikgulynyň aňynda zol-zol peýda bolýardy, köseýärdi.

Ol saçagyň başynda başyny aşak salyp otyrdy, uzak gije-de gözüne uky gelmedi, demi tutulýan ýaly birsyhly hopukdy.

Megerem, gije hiç kim hem oňly uklamadyk bolmaly.

Her öýüň öz aýratynlyklary bolýar. Bu öýüň hem üýtgewsiz kadalary bar. Şol kadalaryň ilkinjisem daň bilen turmakdan başlanýar.

Ilki öý eýesi oýanar. Ol ýerinden galyp: «Mälikguly! Oýandyňyzmy?» diýer.

Mälikgulynyň ukusy ýeňil, ol dessine oýanar hem kakasyna jogap berer:

«Oýandyk, kaka. Salawmaleýkim».

«Waleýkimessalam. Oýanan bolsaň, bar, oglum, ejeňe-de taňry salamyny ber».

Mälikguly törki otaga ugrar.

Mälikguly açyk gapynyň ýanynda durup seslener:
«Eje, aý, eje. Oýandyňyzmy?»
«Turdum, oglum, turdum».
«Salawmaleýkim!»
«Älikessalam, balam».
«Ýagdaýyňyz nähili, eje?»
«Hudaýa şükür, Hudaýa şükür, Hudaýyň beren her demine şükür. Ýagdaýym gowy. Ine, gyzym hem turdy. Kakaň hem sag-aman turdumy?»
«Turdy, eje, turdy».

Soň gezek doganyna geçer, ol hem ejesine salam berer, halyny sorar. Ejesi şol bir sözleri gaýtalar.

Bu, göräýmäge, ýönekeý bir zat ýalydyr, ýöne munuň aňyrsynda tükeniksiz güýç bar. Perzent üçin her sabany öz mähriban ata-eneň mübärek seslerini eşidip, olaryň sag-aman örendiklerini görüp garşylamakdan zyýada başga nähili ýakymlylyk, manylylyk bolup biler.

Mälikguly doganlary bilen daşaryk çykyp, haýdan-haý ojakda ot ýakarlar, tüňçeleri suwdan doldurup goýarlar.

Kakasy bilen ejesi gelýänçä, kündükde gyzgyn suw taýýarlarlar. Gyzgyn suwly kündügi alyp Mälikguly ata-enesiniň öňünden çykar.

– Kaka jan, gyzgyn suw taýýarladym, geliň, el-ýüzüňizi ýuwsaňyz, akydaýyn.

– Eje jan, gyzgyn suw taýýarladym, geliň, akydaýyn.

– Sag bol, oglum, sag bol!

Daň säherde ogul öz mähribanlaryndan sag bol alar.

Öz kyblaň, öz käbäň eline gyzgyn suw akytmagyň ýakymlydygyny!

Mähriban ejeňi, mähriban kakaňy begendirmekden, olaryň hoşuna gelýän işi bitirmekden ogul üçin başga gowy näme bolup biler!

El-ýüzüni ýuwan, süpürinen Berdimuhamet penjegini ýasgynjaň alyp, daş işige aýlanar. Özem her gün şeýder. Her gün hem ogullary onuň yzy bilen ýörär.

Berdimuhamediň berk ynanjy bardy (ol ynanç indi maşgala ynanjyna öwrüldi): daňdan her kimiň daş işiginden perişdeler aýlanarmyş, rysk-döwlet paýlanarmyş.

Hakykatdan hem, säher – gije-gündiziň iň gudratly pursady, bu pursadyň howasy-da gündiz bilen gijäniň howasyndan görnetin parhlydyr.

Säher – mynajat çagy. Guşlardan ybrat alyň!

Garaňkylygyň giden, Günüň entek gelmedik çagtynda guşlar jagyl-da-juguldyr. Olar adamzadyň görmeýän syrlaryny, pynhanlyklaryny görýärlerem, duýýarlaram. Olar bu iki reňkiň – gije garaňkylygynyň hem gündiz giňişliginiň aralygyndaky durulykda Allatagalanyň Ýere inen tejellisine şaýat bolýarlar. Bu beýik peýda bolmadan – Biribaryň jemalynyň säheriň durulygynda tejelli etmesinden ylham alyp, guşlar yzyny üzmän, nagma kakýarlar. Guşlaryň şeýda nagmalaryndan dünýä durşuna owaza, mukama öwrülýär. Üç ýaşaýyş gudratynyň – tejelliniň, durulygyň hem owazyň birleşmesinden bakylygyň pana inen ruhy bildirýär (Aslynda Tejen deryasynyň ady-da säherde

suwuň tejelli görnüşi, keşbi bilen baglanyşykly döräpdir ahyryn).

Gije geleýin diýse, pelekdäki garaňkylyk bent bolan, gündiz geleýin diýse, Asmandaky Güneş päsgel bolan tejelli birnäçe salymlyk Ýere inýär. Bu inişi guşlar duýýar.

Säher durulygynda guşlar heýjana gelýärler. Bu heýjana gelmek mydama bolup duran joşgunlylyk däl. Bu gije-gündiziň çalşygyndaky sähelçe pursat: Allatagalanyň Zemine inen pursady. Bu pursat derrendeleriň* hem perrendeleriň*, ähli beşerleriň isleg-talwaslarynyň dykgata ýetýän pursady.

Mälikgulynyň kakasy säher ümüş-tamyşlygynda guşlaryň gara çynlary bilen janygyp saýraýyşlaryndan, säheriň jana parym hoştap howasyndan ýeňil dem alyp, säheriň bu pursadynyň aýratynlyklary, ajaýyplyklary, tejellililigi barada gowudan-gowy söhbetler eder. Mälikguly ol söhbetleri düýrmegi bilen diňlär, waspy ýetirilýän durulygyň, gözelligiň içine girer. Pederlerimiziň ertire «guşluk wagty» diýip, guşuň ady bilen baglanyşdyrmagynyň hikmetini bilmek üçin üýtgeşik bir üşük zeruram däl bolsun gerek.

Mälikgulynyň kakasy säheriň dury hem päk şemallarynyň bakylykdan peýkam getirýändigini aýdar. Emma ol peýkam sözlerden hem pikirlerden däl, olarda ynsan süňňüne iberilen habar bar. Ol peýkamyň hakykatyny süňňüň syzgylary bilen kabul etmeli. Säher şemaly başyňy, maňlaýyňy apalap geçende, Biribaryň hökmürowanlygy hem ynsana söýgüsi seniň üçin has oraşan duýlar.

Mälikgulynyň kakasy bu ajaýyp ýaşaýyş üçin Biribara alkyş aýtmalydygyny hem mynajat etmelidigini, näme isleg-talwasyň bar bolsa köňlüňe getirmelidigini, Allatagaladan islegleriňi açyk soramalydygyny, säheriň mynajat pursadydygyny gaýta-gaýta nygtaýardy.

Mälikguly hem her säher kakasynyň, ejesiniň janlarynyň sag bolmagyny isleýändigini öwran-öwran gaýtalardy.

Ol uly-uly işleri, adamlaryň hoşuna geljek peýdaly işleri köp bitirmek, alkyş almak, kakasynyň aýdyşy deýin, öz öýleri, obasy üçin döwlet guşy, bagt guşy bolmak isleýändigini nygtardy.

Goý, adamlar Mälikgulynyň gelýänini görenlerinde begensinler. «Ynha, indi işimiz küşat bolar, çünki biz Mälikgula – bagt guşuna gabat geldik» diýsinler.

Mälikguly özleriniň obada şeýle abraýly, deňli-derejeli, gurply ýaşamaklarynyň sebäbini her gün aladaňdandan oýanýandyklaryndan hemem guşlaryň mynajatlaryna goşulyp, beýik Biribara ýagşydan-ýagşy mynajatlary edýänliginden diýip hasaplaýardy. Şonuň üçin her gün agşam başyny ýassyga goýanda daňdanyň ajaýyplygyny duýjaklygyny, şol pursadyň şypakerdem, hoşruh howasyndan dem aljakdygyny buýsanç bilen aňynda aýlardy.

Mälikguly kakasynyň aýdan sözlerini ýatlaýar. Kakasy öz ata-babalarynyň ählisinde ir säher oýanmak endiginiň bolandygyny, bu endigiň mundan buýana-da dowam etmeginiň zerurdygyny nygtardy.

Daňyň saz berip ugrandygyny üçünji – soňky gezek oba horazlary habar berýär. Olaryň habaryndan köp wagt geçmänkä, Omar awçynyň bilbilleri saýrap başlaýarlar. Bilbiller Çömmekdepäniň ýanynda saýrasalaram edil bir öý aňyrda saýrap duran ýaly, şeýle açyk, şeýle ýakyndan eşidilýär. Ýöne olar ýaňy saýrap ugrandan garasarlar möwç alýar. Olar şeýlebir şadyýanlyk bilen jürküldeşýärler welin, bilbilleriň sesleriniň eşidilmesi galýar.

Garasarlar hakyt toý edýärler: o şahadan-o şaha böküşip, biri-birine gysmyljyraşyp jürküldeşýärler, olaryň daňyň atandygyna şeýle şatlanyp bilişlerine hakyt gözüň gidýär.

Bu gezegem şol adaty kada gaýtalandy.

– Mälikguly, oýandyňyzmy?

– Oýandyk, kaka, salawmaleýkim.

– Waleýkimessalam, Mälikguly.

– Oýanan bolsaňyz, baryň, ejeňize-de Taňry salamyny beriň!

Mälikguly törki otaga ugrady.

Mälikguly açyk gapynyň ýanynda durup seslendi:

– Eje, aý, eje, oýandyňyzmy!

– Turdum, oglum, turdum.

– Salawmaleýkim.

– Älikessalam, Mälikguly jan. Sag-aman turduňyzmy, ýagdaýyňyz gowumy?

– Gowy. Ýagdaýyňyz nähili, eje jan?

– Hudaýa şükür, Hudaýa şükür. Hudaýyň beren her demine şükür. Ýagdaýym gowy. Ine, uýaň hem oýandy. Asyl bu gije uklamadygam diýen ýaly. Kakaň hem sag-aman turdumy?

– Turdy, eje, turdy.

Mälikguly uýasy bilen ejesidir kakasynyň ýuwunmagy üçin gyzgyn suw taýýarlady.

Mälikguly gyzgyn suwly kündügi alyp, ejesidir kakasynyň öňünden çykdy.

– Kaka jan, geliň, el-ýüzüňizi ýuwsaňyz, gyzgyn suw akydaýyn.

– Sag bol, Mälikguly.

***

Olar ertirlik edinip, kolhoz kontorasyna ugradylar. Kerim gatlaklynyň maşyny eýýäm taýýar durdy.

Berdimuhamediň hasaby boýunça kontoranyň öňünde, Kerim gatlaklynyň maşynynyň ýanynda hiç kim bolmaly däldi. Çünki onuň ýeke özi gidýärdi, ol gidýändigini Mody başlykdan, Goçgar agadan, Kerim gatlaklydan özge hiç kimsä aýtmandy. Ýöne maşynyň ýanynda adamlar aýbermez märeke bolup durdylar.

Ýaşulular bilen elleşip salamlaşan Berdimuhamet geňirgenmesini daşyna çykardy:

– Ýaşulular, bu ýere ýygnanypsyňyz-la?

– Seni ugratmaga geldik, Berdimuhamet – diýip, obanyň kethudasy Goçgar Gara jogap berdi.

– Sag boluň.

– Saňa pata berip ugratmasak, göwnümize makul bolmaz, dogan – diýip, Mody başlyk Berdimuhamediň elini berk gysdy. – Sag-aman ýeňiş bilen dolan.

– Agzyňyzdan Hudaý eşitsin!

Ogulbäbek başyny aşak salyp, gözýaşyny ýaşyryp, sessiz aglaýardy.

Mälikguly kakasynyň gapdalynda durdy. Ol başyny dik tutmaga çalyşýardy, ýöne geljek günler oňa garaňky görünýärdi, şol hem ony howsala salýardy:

– Kaka! Uruş haçan gutararka? – diýip, ol ýantgylap ýuwdundy.

– Tiz gutarar, biz hökman ýeňeris, Mälikguly.

– Gelermiň, kaka?

– Ähli zat Alla işidir, oglum. Gelmek, gowy günleri görmek nesibämizde bar bolsun-da hernä.

– Ýok, kaka, hökman gel.

– Wah, oglum...

– «Gelerin» diý, kaka, «Gelerin» diý. «Gelerin» diýäý-dä, kaka. Söz berseň, hökman gelersiň.

Berdimuhamet çynyrgatdy:

– Gelerin, oglum, gelýänçäm öýüň garamatyny göterseň bolany. Gelenimden soň, ähli ýüki öz gerdenime alaryn. Sen onsoň hiç zadyň aladasyny etmän, peýwere oýnabererersiň.

– Biz garaşarys, kaka. Her gün garaşarys.

Berdimuhamet bu ýere gelenler hem maşgalasy bilen hoşlaşdy. Iň soňunda-da Mälikgulynyň elini berk gysdy:

– Sen meniň döwletimiň başysyň.

Ol maşyna mündi, ugradýanlara ýüzlendi:

– Mähriban adamlar! Meniň sizden etjek bir haýyşym bar. Ýurtda uruş gidýär diýip, çagalaryňyzy okuwdan alyp galyjy bolaýmaň. Çagalar okasyn. Bir zady anyk biliň: biz hökman ýeňeris. Biz, nesip bolsa, ýeňiş bilen geleris. Uly toý tutarys. Gowy günlerde ýaşarys.

– Berdimuhamet, arkaýyn bol, aýdyşyň ýaly ederis – diýip, adamlar ýerli-ýerden seslendiler.

Kerim gatlakly adaty endigi boýunça maşynynyň daşyndan bir öwre aýlanyp çykdy, soňam ruluň başyna geçip, üç gezek gaz berdi.

Maşyn ýola düşdi.

Mälikguly tozan turzup barýan maşynyň yzyndan eňdi.

Ol bar güýjüni jemläp ylgady.

Obadan çykan ýeriňdäki Çömmekdepä çenli ylgady.

Maşyn eýýäm alatozan turzup, ondan arany mazaly açypdy.

Mälikguly Çömmekdepä dyrmaşdy.

Bu depe aşa kert, münmegem görgi, düşmegem. Barybir, muňa oglanlar münýärlerem, düşýärlerem.

Çömmekdepäniň üstünden maşyn görünýär.

Hanha, Tejen derýasy.

Ýol bilen derýa biri-birine ýanaşyk.

Ep-esli aralykda adyrlyk hem baýyrlyk ýaýlyp ýatyr. Maşyn baýyrlykdan geçensoň, gözden ýitýär.

Bu oýmur-oýmur çukanakly-gazganakly ýol, gör, näçe wakanyň şaýady. Bu ýoldan, gör, näçe adamlar geçdi. Bu ýol edil durmuşyň özi ýaly beýikli-pesli. Onuň nirede gutarýandygyny bilip bolanok. Asyl bu ýollar gutarýarmyka beri?!

Mälikguly bir zady welin magat bilýär: bu ýol Tejene barýar.

Bu ýol uruş başlanany bäri, gör, näçe adamy äkitdi. Äkiden adamlary şindem gelenok. Ýöne olaryň ençemesi hakda eýýäm ajy habar – gara hat geldi.

Bu ýol ertekilerdäki doýmaz-dolmaz aždarha meňzeýär.

Ol süýnüp ýatyr.

Maşyn gözden ýitdi.

Onuň tozany welin, göterilen ýerine dolanman, asmanda asyl-asyl bolup dur. Ol oba ýetip gelýän hakyt egri-bugry, çülke-çülke agymtyl aždarha meňzeýär.

Mälikguly maşynyň giden aždarha meňzeş ýoluna seretdi durdy. Onuň göwnüne ähli zadyň sebäpkäri şu ýol ýalydy – şu aždarha ýalydy.

Ol hemişe ululyga ymtyldy. Ululyk onuň üçin çynlykdy, hakykylykdy, ýaşaýşyň hem diriligiň dogry ýüze çykmasydy. Ululyk däl bolsa, onuň üçin ýalandy, galatdy, galplyga barabarlykdy, ýaşaýşyň özi däl-de, onuň salgymydy, ýaşaýşa emelsiz hem ýöntem öýkünmedi.

Şol sebäpdendir-dä, Mälikguly kakasynyň dünýewi, taryh, pederlerimiz, edep-ekram hakdaky söhbetlerine gaty ir höwrükdi, dessanlara, nusgawy şahyrlaryň goşgularyna ir maýyl boldy. Ynam – ynsana güýç berip duran gudrat ahyry!

Muhammet pygamber Hudaýdan başga gudrat ýokdugyny öwran-öwran aýdan-da bolsa, barybir, halk ata-baba ynanyp gelýän gudratlaryna ynanýar. Sebäbi ejiz ynsana, dünýäde ýalňyz ynsana ýaşamaga güýç gerek.

Ynam – güýç.

Adamyň ynamynyň gutarýan ýerinden Allanyň ynamy başlanýar.

Kakasynyň, ejesiniň, oba adamlarynyň ynamy Mälikgula tükeniksiz güýç berýär. Ynam oňa ynanylan işi başarjakdygyna ýardam berýär, ganat berýär.

Mälikgulynyň täze durmuşy başlandy.

## Är gaýrat üçin dogar

Jaň sesi eşidildi.

Tanyş jaň sesi.

Bu sesi eşiden Mälikguly ziňk edip gitdi, zöwwe ýerinden galdy.

Ol depeden özüni aşak bökejem oklady. Soňam gumak ýol bilen mekdebe eňdi, gara çynyny edip ylgady. Sapakdan gijä galmak bolmaz, onda-da kakasynyň urşa giden güni.

Jaň ýene üznüksiz jyňňyrdady.

Birinji jaň okuwçylaryň ýerine geçip oturmalydygyny, häzir sapagyň başlanjakdygyny, ikinji jaň bolsa mugallymyň sapaga girmelidigini aňladýar. Mälikguly mydama birinji jaň kakylmanka, öz partasyna geçip oturýardy. Bu gün ol ilkinji gezek sapagyndan gijä galýar.

«Sapakdan gijä galmaly däl!»

Bu pikir Mälikgulynyň aňynda köwsar aldy, ýöne nädip ýetişjek?

Ýetişmeli!

Ine, häzir Bibisoltan mugallym klasa girer. Ol ilki okuwçylar bilen salamlaşar, ýerine geçip oturyp, sapakda okuwçylardan kimiň bardygyny, kimiň ýokdugyny barlar.

Mälikguly birinji partada – mugallymyň gabat garşysynda oturýar, şonuň üçinem mugallym onuň ýokdugyny bada-bat biler.

Bibisoltan mugallymyň etjek hereketi, aýtjak her bir sözi Mälikgula belli: ol Aşyrdan üm bilen: «Näme üçin partadaşyň ýok?» diýip sorar. Aşyr dymar, hiç zat diýmez. «Bilemok» hem diýmez. Sebäbi ol Mälikgulynyň Çömmekdepede galanyny bilýär. Bibisoltan mugallymyň özem ugradyşda bardy, ol oglanlaryň maşynyň yzyndan ylgap gidenlerinem gördi.

Ýok, Aşyr dymmaz. Ol aýdar:

– Mugallym, Berdimuhamedow häzir geler!

Dogry, Mälikguly ýene sähel salymdan barar.

Wah, Mälikguly sapagy büs-bütin ýadyndan çykaran bolsa näme! Ýogsam, ol mekdepde, diňe mekdepde-de däl, obada iň tertipli, okun* oglan hasaplanýar. Kakasy oňa gowy okamagy öwran-öwran sargyt edip gitdi, Mälikgulam söz berip galdy.

Okar.

Hökman gowy okar.

Hiç wagt sapagyndanam gijä galmaz!

Mälikguly sapakdan gijä galýanyna juda gynanýardy, muny namys bilýärdi, içi-içine sygman sojaýardy, çünki özüniň okuwdan gijä galmasyny uly hata, masgaraçylyk hasap edýärdi. Sapak geçip durka klasa girjegini göz öňüne getirende ýüzi lap-laplap gyzýardy. Ýogsam, howa sergindi, ylgap barýanlygy üçin şemalam onuň ýüzüni sypap geçip, gyzgynyny sowatmakçy bolýan ýalydy.

Mälikguly obany ikä bölýän ýeke-täk ýoldan ok ýaly bolup atylyp barýardy.

Ine, daşy-içi, üsti saman suwagly pessejik tanyş tamjagazlar. Käýerlerde gara öýlerem on dördi gijäniň Aýy ýaly tegelenişip otyrdy.

Her öýüň gapysynda iki-üç düýp tut bardy, käsi uludy, käsi kiçiräkdi.

Öýleriň daş işiginde bu mahal görünýän adam-gara ýokdy. Bu Mälikguly üçin geňlik däldi. Uruş başlanmazyndan öň, ýagdaý düýpgöter başgady. Öýleriň ýanynda, mallaryň ýanynda, melleklerde adamlar gaý-da-gaýmalaşyk, her kim bir iş bilen mübtela bolardy.

Üç kolhoza degişli bolan bu ýeke-täk ýoluň gije-gündiziň dowamynda adamsyz wagty ýokdy.

Ýokdy.

Indi bu ýoluň gatnawy görnetin azaldy.

Üç-dört hojalyk öýünde äpet alabaý saklaýar. Olaryň borjy öýi del gözden goramak. Olar häzirem bar. Itler şindem ýoldan öňki endikleri boýunça eýläk-beýläk okkesdirme geçýärler. Ol-a saýak-saýandyrak del kişi eken, öňküsi ýaly tanyş ýüzlere-de oňly gabat gelmeýän it görgüliler nämä üýrjegini bilmän, üýrmäge hiç hili bahana tapman, gara heläk bolýarlar.

Mälikguly ylgap barşyna öňünden kimdir biriniň alaşasyny gorduryp gelýändigini gördi. Gelýäniň kimdigini derrew tanady: ol gelýän Mody murt! Ol «Gyzyl çarwa» kolhozynyň başlygy, goňşulary, özem kakasynyň ýegre dosty.

Mody murt kelte boýlurak, deşli, egni penjekli, başy bagana telpekli, çukur gözleri eger-eger gülmeýän, hyrsyz. Haýbatly başlyk alaşasynyň üstünde gunt düşen ýaly bolup oturyşyna has haýbatly görünýär, onuň çal murtam haýbatly görünýär.

Mälikguly onuň ýüzüniň gülüp duran wagtyna hiç gabat gelmändi. Ol mydama nämedir bir zatdan nägiledi, özem köp geplemezdi. Geplände-de uzak

geplemezdi, birki agyz söz aýdardy. Adamlar birki agyz sözde-de başlygyň talabyna düşünerdiler, käýese-de, sögünse-de ony, näme üçindir, gowy görerdiler. Ol Mälikgululara goňşulygy üçin däl, kakasy bilen ümi alyşýandygy üçin köp gelerdi. «Kakam şeýle hyrsyz adam bilen näme üçin gatnaşýarka? Näme üçin dostlaşýarka?» diýip, Mälikguly içini geplederdi, sowalyna welin, teý, jogap tapmazdy.

Adamlar oňa «Başlyk!», «Mody başlyk» diýip ýüzlenýärdiler. Özüniň ýok ýerinde bolsa, onuň ýörgünli ady «Mody murtdy». Käbir kişi bolsa onuň adyny hasam ýönekeýleşdirerdi: «Murt!» diýerdi. Wessalam! Barybir, adamlar gürrüňiň Stalin hakynda däl-de, öz başlyklary hakda gidýändigini bilerdiler.

Mälikguly her näçe howlugýan hem bolsa, ýoluň gyrasyna çykyp durdy.

Ýoldan ýaşuly geçip barýan bolsa, ýaşkiçi gyra çykyp, butnaman, edep saklap durmaly, edep bilen salam bermeli. Ýaşuly geçip gidenden soň ýoluňy dowam etdirmeli.

Mälikguly hem edebi saklady: ýoluň gyrasynda durup, kolhozyň kontorasynyň öňünde görenem, salam berenem bolsa, ýene başlyga salam berdi.

– Jaň kakyldy, jaň! – diýip, Mody başlyk Mälikgulynyň ýüzüne hykaratly nazar aýlady.

Mälikguly sesini çykarmady, başlyk geçip gidenden soň, ýene ylgawyny dowam etdirdi.

Ylgady.

Onuň ylgap gelýänini gören Gyňyr atly jümjüme horaz moýmuldyklap geldi.

– Aýryl!

«Aýryl!» diýlende aýrylýan bolsa, onda Gyňyr adyny göterjekmi ol jümjüme horaz. «Näme habar bar?» diýýän ýaly ses edip, ol Mälikgulynyň öňüne geçdi.

Mälikguly onuň üstünden böküp geçdi-de, içeri girdi.

Öýde hiç kim ýokdy.

Mälikguly kakasynyň otagyndan öňden taýýarlap goýan okuw esbaplaryny alyp çykdy.

Olary Bibisoltan mugallym okadýar.

Ol Mälikgula gijä galandygy üçin hiç zat diýmez. Barybir, mekdebiň talaby ähli okuwçy üçin deň. Mälikguly hiç kimden artykmaç hormata, abraýa hantama däl. Ol ähli okuwçylar bilen deň derejede okar. Düzgün-tertibi bozmaz. Öňem – kakasy mekdepde direktor, mugallym wagtam bozmandy.

Ýöne içinden muňa buýsanmak buýsanýardy, daşyna çykarmazlyga çalyşýardy. Adamlar mekdebiň jaýyna-da, başga ýerden gelenler üçin gurlan jaýlara-da, «köşk ýaly jaýlar» diýýärdiler. Şonda Mälikguly öz ýaşaýan jaýyny, mekdebi oba öýleri bilen deňeşdirýärdi hem aýdylýan pikir bilen ylalaşýardy. Ylalaşmaz ýalymy?! Deňeşdireniňde tapawut ýer bilen gök ýaly ahyryn. Mälikgulynyň kakasynyň gurduran jaýlary bişen kerpiçden. Özem polly, potolokly.

Obada şu ikisinden başga bişen kerpiçden gurlan jaýam, polly-potolokly jaýam ýok. Göräýmäge, Mody başlyk bilen oba sowetiň başlygy Garadöwletiň öýi polly-potolokly bolaýjak ýaly, ýöne beýle däl. Olaryň öýlerem illeriň öýlerinden tapawutlanmaýar. Ähli öýlerde ilki boýra düşelýär, onuň üstündenem kilim ýa keçe atylýar.

Oba oglanlary Mälikgulynyň ýanyna gelenlerinde öýi käsi açyk, käsi göz astyndan synlamak synlaýardy.

Içeri illeriňkiden o diýen bir üýtgeşik däldi: bir uly, iki kiçi otag bardy.

Myhmanhana atlandyrylýan uly otagda oturylyp-turulýardy, nahar iýilýärdi. Agşam onda Berdimuhamet iki ogly bilen ýatýardy.

Bir kiçi otag kakasynyň iş otagydy. Onda, esasan, öýüň egin-eşikleri saklanýardy.

Ikinji kiçi otagda Mälikgulynyň ejesi hem uýasy ýatýardy.

Uly otagda iki sany sandyk bardy. Olaryň üstüne hem ýorgan-ýassyk gatbar-gatbar edip goýlandy. Sag sandygyň üstündäki ýorgan-ýassyklar myhmanlar üçindi, çep tarapdakylar bolsa maşgala üçindi. Poluň üstüne birmeňzeş bolmadyk keçedir haly düşelendi.

Oglanlar öýüň gapysyna geň galyp seredýärler. «Beýle owadan gapyny birinji gezek görýäris» diýýärdiler.

Dogrudanam, agaçdan sünnälenip ýasalan gapylar göze gelüwlidi, olar mekdebiň gapylary bilen birmeňzeşdi. Mälikgulynyň kakasy bu gapylary Aşgabatdan ýörite getiripdi.

Mekdebiň jaňyny hem Mälikgulynyň kakasy Aşgabatdan ýörite getiripdi.

Şonda Berdimuhamet Mälikgula şeýle diýipdi:

– Oglum, seniň ýedi ýaşyň doldy. Indi sen okuwa barmaly. Eger okuwa çenli harplary öwrenseň, birinji sentýabrda birinji jaňy saňa kakdyrjak.

– Mälikguly jan birinji sentýabra çenli harplary hökman öwrener, ilkinji jaňam kakar – diýip, Ogulbäbek eje ynamly aýdypdy.

Ene ýalňyşmandy, Mälikguly birinji klasa baranda ähli harpy öwrenipdi, ýazyp-da bilýärdi.

Arassaja geýnip, birinji klasa okuwa barşy Mälikgulynyň iň süýji ýatlamalarynyň biridi. Şol günleri ýatlamagyň lezzeti ap-aýrydy.

Ýöne bu gün jaňy kim kakdyka?

Bibisoltan mugallym kakandyr.

Ol her gün jaňy özi kakýar ahyryn.

Mekdepde sapak gidýär.

Dälizde hiç kim ýok.

Mälikguly ylgap gelşine okaýan klasynyň gapysynyň öňünde birpaýyz aýak çekdi, demini dürsemäge çalyşdy. Uzak durmaga karary ýetmedi, ýygralyk bilen içeri girdi:

– Mugallym, mümkinmi?

Klasdakylaryň nazary Mälikgula gönükdi.

– Jaňyň kakylanyny eşitmediňmi? Öýüňiz uzakdamy?

Mälikguly Bibisoltan mugallymyň sowallaryna näme jogap berjegini bilmedi. Oňa derek Aşyr dillendi:

– Mälikgulynyň kakasy – mugallymymyz ýaňy urşa gitdi.

– Bilýän gidenini! – diýip, Bibisoltan mugallym Aşyra gatyrgandy, soňam Mälikgula seretdi: – Berdimuhamedow, sapakdan gijä galmak saňa gelşenok. Geç ýeriňe!

– Bolýar, mugallym!

## Bassaşlyk

Matematika sapagy.

Bibisoltan mugallym getirilen kwadrat deňlemäniň formulasyny klas tagtasyna ýazmaga başlanda gapy açyldy, içerik Altyn mugallym girdi.

Okuwçylar ýerlerinden turdy. Altyn mugallym okuwçylar bilen salamlaşdy, soňam: «Oturyň, oturyň!» diýip, eli bilen yşarat etdi. Bibisoltan mugallymyň gulagyna nämedir bir zatlar aýtdy.

Bibisoltan mugallym jorasynyň habaryny diňläp, pikirini açyk aýtdy.

– Mälikgula tabşyraýaly, ol oňarar.

Altyn mugallym jorasynyň pikirini unady:

– Oňarar, oňarar!

Bibisoltan mugallym Mälikgulynyň ýanyna geldi:

– Mälikguly dogan, seniň kömegiň gerek. Altyn mugallymymyzyň ejesi ýarawsyz ýatyr, şonuň üçin Altyn mugallym ejesiniň ýanynda bolmaly. Sen gaýrat edip, Altyn mugallymyň ikinji klasynyň okuwçylaryny şu gün özüň okat.

Mälikguly baş atdy. Depder-galamyny alyp, gapa tarap ýöneldi, Bibisoltan mugallymyň ýene nämedir bir zat aýtmakçy bolýandygyny aňyp saklandy, soragly seretdi.

– Öň bar daýanjymyz kakaňdy, Berdimuhamet mugallymdy. Indi daýanjymyz sensiň, Mälikguly. Kakaň gelýänçä gaýrat et. Saňa ynamymyz uludyr.

Mälikguly merdem sözledi:

– Ýoldaş mugallym, gaty arkaýyn boluň, ynamyňyzy ödärin.

Mälikguly bu sözi gaty ynam bilen aýtdy. Hakykatdan hem, näçe agyr iş bolsa-da, kynçylykdan gaçman işlejekdigi onuň gara çynydy.

Ol şu mahal diňe bir öýi üçin däl, mekdepde-de gerdenine ýük almaly boljakdygyna düşündi, ýöne bu onuň howuny basmady.

Ol ynam bilen gapa tarap ýöräp ugrady.

Mälikguly ikinji klasa girdi, öňki geçilen sapagy sorady. Altyn mugallymyň öwredip gidişi ýaly, täze sapak geçdi.

Mälikgulynyň ikinji klasda sapak geçýändigi üçünji arakesmeden soň mekdebiň ähli okuwçylaryna ýetipdi.

Arakesmede altynjy klasda okaýan kelteje boýly Şirmämmet şelaýyn ýylgyryşy bilen, Mälikgulynyň ýanyna geldi:

– Altyn Garlyýewa ikinji klasda özüne gerek okuwçylary okatmagy saňa tabşyryp gidipdir diýýärler. Şol dogrumy?

Mälikguly Şirmämmediň tumakly äheňini halamady, herhal, sypaýyçylygy saklady:

– Hawa, maňa tabşyrdy.

– Näme üçin saňa tabşyrýar ol?

– Ejesi ýarawsyz ýatyrmyş.

– Ejesiniň ýarawsyzdygyny men bilýärin.

– Onda nä soraýarsyň?

– Aňmadyňmy?

– Şirmämmet, men-ä seniň bilen gep kesekleşmek islämok. Bir zat aýtjak bolsaň, etegiňdäki daşlaryňy döküp soň aýt.

– Dökmände nädersiň?

– Sanaşyp durman ýanyňdan ötägiderin.

– Sen uly ýalňyşlyk goýberipsiň.

– Näme?

– Sen mugallyma: «Ýoldaş mugallym, ikinji klasyň okuwçylaryny, goý, Şirmämmet Permanow okatsyn» diýmeli ekeniň.

– Näme üçin?

– Sen meniň altynjy klasda iň ökde okuwçydygymy bilmeýärmiň?

– Men ony hökman bilmelimi?

– Ony obamyzda bilmeýän ýok. Mekdepde meniň bilen bäsleşip biljek okuwçam ýok. Meniň ýaly ökde okuwçy barka, ikinji klasy okatmak näme üçin dördünji klasda okaýan Berdimuhamedowa ynanylýar. Ine, şuňa meniň janym ýanýar. Düşündiňmi?

– Mugallymlar kimiň-kimdigini, haýsy okuwçynyň janymakdygyny*, ökdedigini, haýsy okuwçynyň gowşakdygyny bizden gowy bilýärler.

– Oho, eşidýärsiňizmi, oglanlar, munuň diýýänini?! – Gotdaja Şirmämmet heşerlendi. – Bu janymakmyş, mendenem ökdemiş, men bolsa gowşakmyşym. E-eý, sen «Men direktoryň ogludyryn, edenim öňümden gidýär» diýip gaty gitme. Öz ornuňy bil.

Şirmämmediň sözleri, bu bolşy Mälikgula ýokuş degdi. Puşkiniň «Sanaşma samsyk bile» di-

ýen sözlerini ýatlady. Barybir, gep alyp galasy gelmedi:

– Men ornumy gaty gowy bilýärin.

– Diýmek, sen-ä ikinji klasda sapak geçmäge ýeke-täk mynasyp okuwçy, mekdebiň iň zehinli okuwçysy Şirmämmet Permanowam oňa mynasyp däl? Şeýlemi? Sen menden ökdemi?

– Senden ökde bolmak, näme, uly zatmy?

– Eý, gulaklarym aýdylýan zatlary üýtgedip, ýoýup eşitdirýän bolaýmasyn? – Şirmämmet gaşlaryny gerjeşdirip, gulaklaryny çekişdirdi. – Eý, sen menden ökdemi?

Mälikgulynyň çydam käsesi dolaňkyrlady:

– Eý, Şirmämmet, sen özüňi menden haýsy tarapdan artykdyryn öýdýän bolsaň, güýç synanyşyp göreli. Alynyň ala meýdany alnyňda.

– Gara güýç öküzde has köp, ýöne adam akyly bilen öküziňem aýaklaryny güýlüp, damagyna pyçak çalýar.

– Onda akyl göreşdirip göreli. Şonda, belki, bellibir derejede özüňi tanarsyň. Ýogsam, Böwenjik ýaly gaty çişipsiň.

– Ýaryşaýarys. Özem matematikadan!

– Men taýýar. Okuw gutaransoň başlaly.

– Men seni özüňi tanar ýaly ederin. Şu wagta çenli kakaň abraýyny zerli don edip geýip gezdiň. Kakaň gidensoň, zerli donsuz galaňsoň, seniň özüňi tanamagyňa kömek edeýin men. Metdi-peçan edeýin men seni.

– Ýaryşyň emini men boljak – diýip, Aýyt aganyň ogly Şaguly heşelle kakdy.

– Dostum diýip, Mälikgula ýeňillik etjek bolaýmagyn.

– Emin adalatly bolýandyr. Menem adalatly bolaryn. Nury bilen Durdymyrat meniň orunbasarlarym bolar. Men bular bilen maslahatlaşyp, adyl çözgüt çykararyn.

– Her tarap kagyza bäş sany mysal ýazmaly-da, ýaryşýanyna bermeli. Ýaryşýan hem her mysaly klas tagtasynda işläp görkezsin. Emin agzalary görsün – diýip, Şirmämmet ýaryşyň şertini mälim etdi.

– Men razy – diýip, Mälikguly öjügişdi.

***

Bu ýaryş okuwçylaryň köpüsini gyzyklandyrdy. Olar sapakdan soň boş klasa ýygnandylar. Klas okuwçylardan ýaňa hyryn-dykyn boldy.

Emin Şaguly Aýydow tagtanyň öňüne geçip, ýaryşýanlaryň hersine bir parta görkezdi:

– Ýoldaş Şirmämmet Permanow, siz, ine, şu birinji partada oturyň. Ýoldaş Mälikguly Berdimuhamedow, siz bolsa, meniň öňümdäki hataryň birinji partasynda oturyň. Taýýarmy? Meniň orunbasarlarym, siz nähili, taýýarmy? Taýýar bolsaňyz, onda ýaryşa başlaýarys. Ýoldaş ýeňijilige dalaşgärler, heriňize iki tagta kagyz berýäris. Ony meniň orunbasarlarym berer. Ähä, aldyňyzmy? Boldy. Şu ýerde men size bir zady öňünden aýdaýyn. Birinji kagyza mysallary ýazýarsyňyz. Ikinji kagyza bolsa, şol mysallaryň çözgütlerini ýazýarsyňyz. Birinji tagta kagyzy ýaryşýan ýoldaşyňyza berersiňiz, çözgütler ýazylan ikinji kagyzy bolsa

maňa beriň. Men mysallary okuw kitabyndan göçürmäge rugsat berýärin. Soňundan her ýaryşýan okuwçy bäsdeşiniň beren bäş mysalyny tagta çykyp işlär. Menem ony beren çözgüdiňiz bilen deňeşdirip görerin. Ikisi deň çyksa, onda mysalyň işlendigi hasap ederin. Iki tarapyň emine, eminiň orunbasarlaryna sowaly barmy? Ýok bolsa, onda başlaň.

Iki tarap ýaryşyň şertlerini bitirmäge girişdi, soňam birinji tagta kagyzy ýaryşýan tarapyna, ikinjini bolsa hormatly emine berdiler.

Şirmämmet mysallary okap, gaşlaryny bürüşdirdi:

– Ýoldaş emin, meniň garşydaşymyň beren mysallarynyň üçüsi düşnükli, ýöne ikisi düşnüksiz. Üçünji hem bäşinji mysallar düşnüksiz. Garşydaşymdan anykla, bu mysallary nireden alypdyr, olary özi çözüp bilýärmişinmi?

Emin Şaguly Aýydow Şirmämmediň sowaly bilen Mälikgula ýüzlendi.

Mälikguly gapdalynda duran Nura ýüzlendi:

– Hormatly eminiň orunbasary Nury Modyýewiç, men emini biynjalyk edip oturmaýyn. Siz düşünmeýän tarapa aýdyň. Meniň üçünji sowalym altynjy klasyň matematika okuw kitabynyň 184-nji sahypasynda ýokardan 21-nji setirde ýerleşýär. Ine, kitap! Bäşinji mysal bolsa ýedinji klasyň matematika kitabynyň 94-nji sahypasyndaky 21-nji mysal. Ine-de, 7-nji klasyň matematika kitaby.

Nury Mälikgulynyň kitapdan bellän setirini Şirmämmede görkezdi.

Şirmämmet sahypany görüp, gözlerini tegeledi:

– Eý, ýoldaş emin, meniň garşydaşym entek biziň geçilmedik, özleşdirmedik temamyz boýunça meni dili gysga etmek maksady bilen bilkastlaýyn sowal berýär. Sowal şu güne çenli geçilen sapaklar boýunça bolsun.

Emin baş atdy:

– Örän adalatly bellik, ýoldaş Permanow! Ýoldaş Berdimuhamedow, siz sowallary bäşinji, altynjy klaslarda geçilen hemem häzir geçilýän temalaryň esasynda beriň. Siziň garşydaşyňyzyň 7-nji klasda däl-de, 6-njy klasda okaýandygyny unutmaň. Ine, size ýene bir tagta kagyz. Üçünji hem bäşinji mysallary 5-nji hem 6-njy klaslaryň matematika okuw kitaplaryndaky mysallar bilen çalşyň.

– Men dördünji klasda okaýaryn, şonda-da...

– Hormatly Berdimuhamedow, emin bilen jedelleşmek asla bolmaýar. Onuň aýdanyny gepsiz-sözsüz ýerine ýetirmeli. Meniň orunbasarlarym, men dogry aýdýarynmy?

– Dop-dogry.

– Ine, şeýle jogap bermeli. Ýoldaş Berdimuhamedow, meniň ynamdar orunbasarym Nury Modyýewden nemuna alyň.

Mälikguly üçünji hem bäşinji sowallaryny – mysallary täzeledi.

– Tagta ilki haýsyňyz çykjak? – diýip, emin ýaryşýan ýoldaşlara sala saldy.

– Goý, meniň bilen ýaryşmaga milt eden garşydaşym çyksyn.

– Baş üstüne, çykyň, ýoldaş Mälikguly Berdimuhamedow!

Mälikguly bäş sowalyň bäşisinem tagta ýazdy.

Emin hem emin agzalary (orunbasarlary) tagta ýazylan çözgütleri ikinji kagyza ýazylan çözgütler bilen deňeşdirip, „dogry işlendi“ diýip hasap etdiler.

Ýagly golça ýaly tokgaja Şirmämmet moýmuldap tagta çykdy.

– Gurbannazar, nä sömelip dursuň? Gel-ä! – diýip, Şirmämmet partadaşyna jabjyndy.

Gurbannazaryň oglanlaryň arasyndaky ýörgünli ady „Guýruksyz“. Ol tilki ýaly daş-töweregine gorky bilen seredip, gorka ädimläp partadaşynyň ýanyna geldi. Getiren ýaglygy bilen onuň gözüni daňdy, nämedir bir zatlar diýip byzbydyklady.

Gözi ýaglyk bilen daňlan Şirmämmet mysalyň jogabyny tagta ýazmaga başlady. Onuň sanlary dogumlylyk bilen yzygiderli ýazmagy okuwçylaryň göwnünden turdy, olar hezil edip, el çarpdylar. Gurbannazar bolsa eline desmal alyp, her mysal işlenenden soň tagtany süpürdi.

Şirmämmet bäşinji sowaly hem dogumlylyk bilen işledi. Onuň kösenmän gözi daňylgy ýagdaýda bäş mysaly işlemegine Mälikguly hem haýran galdy.

– Häzir zehin derwezäm açyldy. Näçe sowalyňyz bolsa getiriň. Öý işleriňizem getiriberiň, işläp bereýin – diýip Şirmämmet sesine nazym berdi.

– Bu nämäniň dabarasy? Nämä el çarpyşýarsyňyz? Permanow, aýyr gözüňden ýaglygy! Näme öýüňize gitmän, klasda gizlenpeçek oýnaýarsyňyzmy?

Duranlar gapa seretdiler. Gapyda Uzan mugallym ýüzünden bady-boran ýagdyryp dur.

Emin Şaguly Aýydowiç ýaryşyň netijesini gyssanmaç mälim etdi:

– Ýaryş deňme-deň, ara-çara gutardy!

– O, nämäniň ýaryşy? Ugraň öýli-öýüňize! – diýip, Uzan mugallym sesine bat berdi.

– Ýaryşyň soňundan elleşmeli – diýip, emin janykdy. Ýöne onuň bu sözüne iki tarap hem garşy boldy.

– Eý, emin, meniň garşydaşyma aýt, ol diňe özüm akyldardyryn öýdüp ýörmesin. Özünden has akyllylaryň hem bardygyny hergiz unutmasyn.

– Ýoldaş emin, Berdimuhamedowyň galp pikirlere hergiz ynanmaýandygyny badyhowa bäsdeşime ýetirmegiňizi towakga edýärin. Goý, ol daşyna çöp aýlajak bolup haýyr-heläk bolmasyn, barybir, galpyň gazany gaýnamaýar...

## Iner ýüki

– Mälikguly, aý, Mälikguly!

Mälikguly biygtyýar ýerinden turdy, sebäbi ol gitmelidi, öz adyny tutup gygyrýanyň kimdigini bilýärdi. Gygyrýan Aşyr bolmaly, özem ol ýeke däldir, obanyň beýleki oglanlaram bardyr.

Öýdäki mallary çöl etege otara çykarmaly, mallar-a otlardan garynlaryny göjemeli, senem boş oturmaly däl, kömelek çöplemeli, ýuwa-ýelmik ýygmaly.

Mälikguly atylyp daşaryk çykdy.

Hana, on-on iki oglan mekdebiň örme guýusyndan suw içip dur.

Mälikguly göleli sygyr bilen iki toklyny agyldan çykaryp, ýoldan geçip barýan mallaryň sürüsine goşdy. Bu süri hojalyk – çekene mallarydy. Gelenlerinde her kimiň maly öz agylynyň deňinde sürüden aýrylyp galýardy. Bu indi olara endik bolupdy.

Süriniň yzyndaky oglanlaryň mydama ýüki ýetik bolýardy. Her oglanyň egninde ululy-kiçili birki çalça bardyr. Ol çalçalar kömelekden, domalandan, ýuwa-ýelmikden, çomuçdan, kertikliden doludyr.

Oglanlar getiren oljalaryny daş işikde sererler, kakadylanyndan, guradylanyndan soň olary halta-

jyklara salyp, asyp goýarlar, soňam ýylyň ähli paslynda olardan nahar taýýarlarlar.

Çöle çykylandan soň oglanlar, köplenç, oýna güýmenýärler. Ogar-ogar oýnalar.

Her nesliň bir oýnaýan oýny bolar eken.

Mälikguludan öňki oglanlar ellerine iki sany syryk alyp, olaryň birin-ä «at», ikinjisinem «gylyç» edinip, aklaryň üstüne at goýardylar. Bir tarapyň oglanlar-a «aklar» bolardy, beýleki tarapyň oglanlaram «gyzyllar». Gyzyllar mydama ýeňerdi.

Mälikguly bir zady magat bilýär: uruş başlanmazyndan öň «gyzyllar – aklar» oýnundan başga-da ak süýek, takylatdy, içýanagzy, peçiz, lukur, üçböküm, keçe-keçe, basyrynma, guşakgapdy, ýedi top ýaly on-on bäş görnüşli oýun oýnalardy. Indi ol oýunlaryň köpüsi oýnalanok. Öň hem oglanlar çöli jähekläp oturan tokaýlyga mal bakmaga giderdiler. Garaňky gatlyşyberende bir göterim bozagandyr garagan töňňesini odunlyk üçin alyp gaýdardylar.

Tomsuna, güýzüne bolsa bir göterim ot getirerdiler. Ot ýygmak sähel salymlyk işdi. Oglanlar galan wagtlaryny oýun oýnamak bilen geçirerdiler. Oýun köpdi, ol oýunlara gyzygyp, oglanlar wagtlarynyň şeýle tiz geçendiginem duýman galardylar. Oýun oýnalsa, wagt gaty hümmetsizdi, ol nirädir bir ýere howlugýan ýaly, gaty tiz geçýärdi. Hakykatdanam, wagt howlugýan eken, ol urşuň başlanjak gününe howlugýan eken.

Uruş başlandy welin, ýyndam sarç atly wagt çaman atla öwrüldi. Asyl uruş başlanandan soň ol

pyşdyldanam ýaýal boldy, oglanlaryň şagalaňly günlerini ellerinden çöreklerini kakyp alan ýaly etdi.

Uruş başlanansoň, oýnalsa diňe bir oýun oýnalýardy, ol hem «uruş-uruş» oýny. Bir tarap-a ganymlar, beýleki tarapam sowetler – biziňkiler.

Iki tarapda-da ok-ýarag ýeter-ýetmezçiligi ýok. Iki tarapda-da näçe diýseň ok, awtomat, pulemýot, top, granat, mina bar. Gutarar gorkusy-da ýok. Çünki eliňe ilen islendik kesek – granat, islendik degenek taýak – näçe atsaňam oky gutarmaýan awtomat, pistolet.

Kesekdir taýajygyň, çöpüň tapylmazlygy-da bu seniň ýaragsyzlykdan kösenjekdigiňi aňlatmaýar. Olary hyýalyňda bar hasap edeniň hem ýeterlik.

Birje tapawut bar, ol tapawut hem awtomatyňa, pistoletiňe, topuňa derek özüň tatyrdamaly, tark-tark etmeli, gümmürdemeli.

Eliňde hiç zat ýogam bolsa, ony bar hasap etmeli: edil granat zyňan ýaly hereket etmeli, soňam zyňan granatyň ýarylanda saňa degmez ýaly ýapyrylmaly, edil şol wagt onuň «gümmür-r!» edip ýarylandygyny batly gygyryp aýan etmeli. Ýerden başyňy çala galdyryp seretmeli, şol wagt öňdäki ganymlar dik duran bolsa, onda olaryň eýýäm ölendikleri! «Eý, ganymlar! Granat ýaryldy. Siz öldüňiz! Ýatyň-a indi!» diýip gygyrmaly. Bu habary – granatyň ýarylandygyny eşiden görgüli ganymlar ýüreklerini tutup, nemesçe «Hoş gal, eje jan!» diýşip ýykylarlar.

Iki taraplaýyn gazaply söweşler başlanar.

Mälikgulynyň klasdaşy Depbi (Durdymyrat), köplenç, nemesleriň toparyna girizilýär. Sebäbi onuň hereketleri tagaşyksyzrak, özem şilliň uzyn, gözleri petreşip dur, dodagam mydama ary çakan ýaly pökgerip, aşak gaçaýjak-gaçaýjak bolup görünýär. Özem ol baran ýeri gap-çanak diýilýänlerden. Onuň baran ýerinde hökman bir başagaýlyk, bulam-bujarlyk bolýar.

Onsoňam oňa haýsy tarap bolanda-da parhy ýok: oňa oýun bolsa bolany. Onuň bir bolmaýan häsiýeti bar: «granat zyňýaryn» diýip, maňlaýyňy nyşana alyp, kesek ataýmasy bar. Elbetde, onuň oklan «granatlary» sowetleriň arasyna düşende ýarylanok. Ýöne maňlaýyňa degip ýaraýmasy bar. Bir gezek hakyt şeýle boldy. Ol «Foýer!» («Ot aç!») diýip nemesçe sözem öwrenipdir.

Onuň ýene bir sözi bar: «Zig!» (Ýeňiş!). Bu sözi ol yzly-yzyna granat (kesek) oklan gezegi gygyrýar. Iki granat oklanyň bilen ýeňiş gazanyp bolanok. Ýöne zol-zol granat oklap dursa, biri bolmasa, beýlekisi sowet esgerine degäýýär. Ol gezegem «Foýer!» diýip, Depbiniň oklan granaty Nurynyň akja maňlaýynda tozap gitdi. Şonda-da «Foýer!», «Foýer!» diýip gygyrýar. Aşyr Depbiniň üstüne gygyrdy: «Depbi, edýäniň näme seniň? «Foýeriň» gursun seniň. «Foýer! Foýer!» diýip sen-how, Nurynyň maňlaýyny ýardyň». Depbi türkmen dilinde: «Entegem men nyşanalaman okladym, şoňa şükür ediň!» diýýär.

«Näme, mundanam beter etjekdiňmi?»

«Oýunda aglanyň başy şatyrkel bolýar, onsoňam meniň oklan granatym ýarylmady. Ýarylan bolsa baryňyzam «kaput» bolardyňyz, tike-tike bolardyňyz».

Mälikguly kakasy fronta gitmezinden öň – şu güne çenli «biziňkiler» diýlip atlandyrylýan sowet toparyna komandirlik edýärdi. Ol komandir diýseň komandirdi: syrdam boýly, dogumly oglan ol, hakyt komandirlik, harby gulluk üçin ýaradylaýan ýaly şap bolup durdy. Hereketleri hakyky komandiriň hereketleridi, takykdy, çalasyndy. «Esgerler» – oglanlar oňa gepsiz-gürrüňsiz tabyn bolýardylar.

Bu oýun her gün gaýtalanýardy. Oglanlar her gün aldym-berdimli söweşlere gatnaşyp, ýeňiş gazanyp – muňa hil bir iş bitiren ýaly kanagatlanýardylar, her kim özüniň nähili çozuş edendigini joşup-joşup ýoldaşyna gürrüň bererdi, asla biri-birine gezek bermän gazanan ýeňişlerine magtanyp, öýli-öýlerine gaýdardylar. «Biziňkileriň» ýeňşi alys günbatarda söweşip ýören ululary ýeňiş gazanmagyna ýardam edäýjek, olaram ertede-şu günde «Ýeňiş gazandyk» diýşip, ýylgyrjaklaşyp geläýjek ýalydy. Elbetde, oglanlar bu ýeňişde özleriniň goşantlarynyň bardygyny gelenlere-de, obada-da aýtjak bolup durmazlar. Esasy zat, urşa gidenler tizden-tiz gelse bolýar. Ýöne, wah, haýp, ululara ýeňiş gazanmak oba oglanlaryňky deýin çalt hem aňsat bolmady. Olara ýeňiş gazanmak has agyr düşdi hem uzaga çekdi.

Oglanlaryňky ýaly bir günde ýeňiş gazanyp bolýan däldir-dä, elbetde, oglanlary şu ýagdaý gama batyrýardy.

Oglanlar öz mähribanlarynyň ýeňiş gazanmaklary üçin hut şu pursat fronta gitmäge, ellerine ýarag alyp, söweşmäge taýýardylar. Olaryň ählisiniň ýüreginde ganymlara çäksiz ýigrenç, Watanyny goramaga bolan çäksiz hyjuw-gaýrat bardy.

Mälikguly birinji gezek oýna gatnaşmady, ýogsam, oňa ýüzünden geçip bilmeýän ýegre dostlary Aşyr, Weli, Depbi, Nury, Şaguly, Derýa dagy töwella etmek etdiler.

Barybir, ol oýnap biljek däldi.

Bu gün onuň täze, has jogapkärli durmuşy başlandy ahyryn.

Kakasy fronta gitdi, ol gelýänçä Mälikguly diňe öýüň aladasy bilen bolmaly. Ertirki günüňem aladasyny etmeli. Kakasynyň ýoluny, işini dowam etdirmeli. Kakasy ýeňiş bilen geler, hojalygyň garamatyny oglunyň egninden alar, hemem: «Oglum, sen indi okuwyň, oýnuň bilen boluber» diýer. Ana, şondan soň Mälikguly oglanlaryň oýunlaryna goşular. Isleseler ogar-ogar, keçe-keçe, çilik hem oýnar.

Bu günler tebigat Hatamtaý deýin eçilýär. Giň meýdanda ummasyz berekedi seçeläp goýupdyr. Çöpläp alybermeli. Çöpläp almagyň hem öz lezzeti bar. Alaň-açyk adyrsow otarda üýşüp ýatan bolsa, onda domalandyr-kömelek çöplemegiň lezzetem bolmazdy. Çalaja gizlän bolup goýmak – adamy gyzykdyrmak üçin bolmaly.

Ähli gizlin zatlary göresiň gelýär, olar höwesiňi artdyrýar.

«Ine, bu ýerde-de bar», «Be, bu ýerde-de bar» diýip gidip otyrsyň, gidip otyrsyň, çalçaň-a galňap barýar. Senem soň kömelek gözlemäge gyzygyp, gaty köp aralygy geçeniňi bilmän galýarsyň.

Mallar giň otarda sonarlaşyp ýörler, ýitjek gümany ýok. Şonuň üçinem Mälikguly torаňňylygyň içinden çomuçdyr kertikli, domalandyr kömelek çöpledi, ýelmik ýygdy. Özem yhlas bilen ýygdy. Ýygan-çöplän «oljalary» iki çalçany doldurdy.

Otardan mallary oba sürüp ugranlarynda Mälikguly daga «Täze ýol» kolhozynda, ýoluň aşak tarapynda ýaşaýan oglanlaram gelip goşuldylar. Olaryň arasynda Şirmämmet hem bardy. Ol gürleýärdi, asyl onuň gürlemese, rahatlygy bolanokdy. Özem näme hakda gürrüň edilse, derrew bilýänden bolýardy. Aýdýan zatlarynyň galabasy nädogrudy. Ol özüni köp bilýän, akylly görkezjek bolup, näme gürrüň gozgalsa: «Hä, men bu barada size has düýpli maglumatlary aýdyp bereýin. Men bu barada bir kitapdan okadym» diýip, gürlemäge başlardy.

Ol adaty endigi boýunça oglanlara nämedir bir zady gürrüň berip gelýärdi, birdenem onuň nazary Mälikgula düşdi. Keýpi gaçdy, dymyp, ýüzüni as ýaly edip, esli aralyga gitdi. Soňam elindäki taýagyny «awtomata öwrüp» «ta-tyr, ta-tyr, ta-tyr!» diýip uzak atdy. Soňam «awtomatyny» taşlap ýüregini tutdy. «Oglum!» diýip, aşak çökdi. Ölen esger deýin tekiz süýnüp ýatdy.

Şirmämmediň bu oýnuna hiç kim hezil etmedi, gülmedi.

Mälikgulynyň welin keýpi gaçdy. Aşyr bilen Weli onuň ünsüni sowmak üçin hersi bir zat diýdi.

Mälikguly öz ýanyndan oýlandy: «Şirmämmediň bar bujurygy meniň ikinji klasy okadanym üçinmikä? Başga-da bir sebäp bar bolaýmasyn? Başga näme sebäbi bolup biler? Onuň meni özüne bassaş hasaplaýandygy-ha hak. Bassaşlyk döreýärmi ýa gazanylýar?»

Ol bu sowalyna anyk jogap tapman örtendi.

## Hassanyň köňli dar bolar

Mälikguly mallary agyla salyp, çalçalaryndakylary daş işikde serişdirdi.

– Tüweleme, tüweleme, sen-ä bir ýyla ýeter ýaly tagam getiripsiň – diýip, daşaryk çykan Ogulbäbek eje oglunyň başyny sypady.

– Tokaýlyk, durşuna bereket, eje. Çynyňy etseň hasam köp ýygyp boljak, ýöne men bary-ýogy iki sany çalça alyp gidipdirin. Olaram derrew doldy.

– Dünýäň berekedini getiripsiň, balam. Bulary arassalap, serip goýalyň.

– Eje jan, biz hor bolmarys. Kakam gelýänçä gaýrat ederis.

– Saňa döneýin, Mälikguly jan. Kakaňa beren sözüňde tapyljagyňa ynanýaryn-a men.

Ýakyn bir ýerden at kişňemesi hem at aýagynyň dükürdisi eşidildi.

Daş işikde duranlar hüşerilişdiler.

– Kakamyň aty!

Sähel salymdan Dagarman atylyp geldi. Ol duranlardan ürkmedi, olaryň arasyna süsdürilip girdi.

Mälikgulyny öwran-öwran ysgady, töweregine garanjaklady.

– Kakamy gözleýär – diýip, Mälikguly Dagarmanyň boýnundan gujaklady.

– Wah, janawar!.. – diýip, Ogulbäbek eje hyrçyny dişledi, ata nebsagyryjylyk bilen seretdi.

– Dagarman, munyň-a gelşiksiz, kakam saňa «Gaýrat et!» diý-dä, gaýrat et-dä. Berkeli aga seni gözläp ýörendir.

Mälikguly iki sany domalany Dagarmanyň agzyna tutdurdy.

– Ine, bular kakamy şeýle gowy göreniň üçin.

Kütürdedip domalan iýip ugran alaşanyň boýnuny sypan Mälikguly geňirgenmesini daşyna çykardy:

– Titreýärsiň-le, Dagarman?!

Mekdebiň gapysy açyldy.

Dagarman birden ýaltyldap mekdebiň gapysyna bakan daýrady.

Gapydan Bibisoltan mugallym çykdy.

Ony gören Dagarman sakga sagyndy. Birpaýyz durandan soň örme guýynyň ýanyna bardy. Guýynyň buljurasyny, onuň üstündäki gapagy ysgady.

– Dagarmanyň suw içesi gelipdir – diýip, Ogulbäbek eje gobsundy.

Mälikguly alaşa suw berdi, soňam ony idip, Berkeli agalaryňka eltdi.

Berkeli aganyň öýi ähli kişiniňkiden parhlanýar. Köçe tarapa, diňe köçe tarapa-da däl, melleginiň dört tarapyna çetenden örüp çertek-germew edipdir. Mellegiň içini daşardan görüp bolmaýar. Diňe köçe tarapdan girilýän ýerde çertek ýok.

Mellegiň aýagynda mal agyly bar. Ana, şonuň daş işiginde, Mälikgulynyň kakasy Berkeli aganyň görkezen ýerinden ýörite getiren teblesini kakypdy hem şoňa Dagarmany daňypdy.

Namazşam mydama adamlar öýlerinden girip-çykyp durandyrlar, nahar taýýarlaýandyrlar, mallaryna ot-suw berýändirler welin, Berkeli agalaryň daş işiginde-de, melleginde-de hiç kim ýokdy. Mälikguly Dagarmany teblesine berkitdi-de, sesini çykarman yzyna öwrüldi.

Öýe gelse, ejesi, uýasy, inisi saçak başynda otyrlar.

– Mälikguly jan, gelen bolsaň, nahar guýaýjak – diýip, Ogulbäbek eje ýerinden turdy.

– Iýibermeli ekeniňiz-dä.

– Sen nahara «bismilla» edip bermeseň, biz saçaga eli urup bilmeris, oglum.

Öň kakasy nahara «bismilla» edýärdi, şondan soň nahara başlanýardy. Kä günler möhüm iş bilen gijä galjak bolsa, onda aýdyp gidýärdi ýa habar iberýärdi: «Men gijä galmaly boldum. Siz nahary iýiberiň. Mälikguly nahara «bismilla» etsin, soňundan «omyn» etsin».

Türkmençilik öýde berk saklanýardy. Mälikguly ýedi ýaşdan kulhuallany, elhemi, tebärek çykmagy öwrenipdi.

Ogulbäbek eje bu gün agşamlyga kömelekli çorba bişirdi.

Ol orta naharly agaç çanagy getirip goýdy.

– Ýa, bismilla – diýip, Mälikguly saçakdan çörek çykaryp, ony ejesine uzatdy. – Eje jan, ine, çörek.

Çörek elden ele geçdi, her kim ondan bir kesemen döwüp aldy. – Eje jan, naharyň şeýle tagamly bolupdyr. Siz mydama-da süýji bişirýärsiňiz.

Mälikguly nahara «omyn» etdi, soň ortadan çanaklar aýrylyp, çaý getirildi.

Ogulbäbek eje Mälikgula ýüzlendi:

– Oglum, Ýazly aga nähoş ýatyrmyş diýýärler. Adamlar onuň halyny soramaga barýandyrlar. Bizem baryp, ýaşulynyň halyndan habar alyp gaýdaly. Häzir üçege çykyp, üç-dört sany alma getir. Onuň ikisini-hä Ýazly aga ber, galanynam, nesip bolsa, ertir özleriňiz iýersiňiz. Bu ýylyň almasam tiz ýetişer, enşallasa.

– Eje, men Taýmaz agalara girmişe-de* barmaly.

– Taýmaz agalara Ýazly agalardan gelenimizden soň baraý.

– Bolýar, eje.

Mälikguly üçekden alan almalarynyň iki sanysyny ýaglyga dolap, ejesi bilen ýola düşdi.

Ýazly agalardan çykyp barýanam bardy, olara gelýänem. Erkek kişiler bir aýry, aýal maşgalalar bir aýry otyrdy.

Mälikguly salam berip, erkek kişileriň oturan jaýyna girdi. Bu ýerde oturanlar az däl eken.

Mälikguly içerä beýemçilik edip oturan Ata gürmeniň görkezen ýerine geçip oturdy. Ýany bilen getiren iki almasyny düýpräkde ýatan Ýazly ýataga bakan süýşürdi.

Omar awçy iki almany Ýazly ýatagyň başujunda goýdy.

– Berdimuhamet direktoryň ogly Mälikguly ýagdaýyňyzy soramaga gelipdir, Ýazmyrat, ol, ine, şu iki almanam size getiripdir.

Ýazly ýatak ýorgandan yryl-çyryl galyp, ak desmaly bilen maňlaýynyň burçak-burçak derini gaýta-gaýta syldy:

– Sag bol, ogul, sag bol. Almanyň ysy birenaýy. Täze hasyla çenli almany çüýretmän saklap bilmegem ökdelik.

– Mälikguly ýagdaýyňyzy soraýar.

– Ýagdaýymmy? Hudaýa şükür, ýagdaýym erbet däl meniň. Demim gelip-gidip dur entek. Ýöne, Mälikguly jan, başyň ýassykda, gözüň işikde bolup ýatmakdan Hudaýyň özi gorasyn. Allatagala beren amanadyny aljak bolanda uzak ýatyrman, Magtymgulymyzyň aýdyşy ýaly, «sag gözi sol göze», «agany inige mätäç eýlemän», uzak kösemän alsa gowy.

Ata gürmeniň sesi haýbatly çykdy:

– Goý, goý, Ýazmyrat, onuň ýaly mojuk söz aýtma. Näme etjegini Biribaryň özi senden gaty gowy bilýändir.

Mälikguly bir gyrada oturyşyna, içerdäkileri göz astyndan birlaý synlady.

Ýazly aga ýaşy birçene baran süňkbaşy daýanykly adam. Diňe sakgal-murty däl, gaşlaryna çenli agarypdyr. Zehinli adam, akylly-pähimli adam. Megerem, horlananlygy üçin bolsun gerek, onuň öňem bir kiçi bolmadyk gara gözleri has ulalan ýaly görünýär, at ýüzi durşuna göz bolup dur.

Ýazly aganyň özüniň ýok ýerindäki ýörgünli ady Ýazly ýatakdy. Bu lakamy ol köp ýatýanlygy üçin däl-de, az ýatýandygy, gije-gündiz hysyrdanyp ýörendigi üçin deňi-duşlary-

nyň ýaňsylap dakan lakamydyr öýdýärdiler. Lakamyň anygyna ýetjek bolup ýören ýokdy. Ýazly aganyň özem aýdanokdy. Aslynda «ýatak» lakamy aňyrdan gelýärdi. Olaryň ýedi arkasyna «ýataklar» diýýärdiler. Ýazly aganyň kakasyna Genjaly ýatak, atasyna Durdy ýatak diýýärdiler. Ýazly aga işeňňir, çulum, iňirdegenräk adamdy. Her bir eden işini howlukman, sypap-sypap, kemini-köstüni goýman ederdi. Gaty arassaçyldy.

Ýorunja endigan orlup, birmeňzeş desselenip goýlan, ýer maýdadan birmeňzeş, tertipli depilen bolsa, mahlasy, adatdan daşary sünnälenip bir iş edilen bolsa, hökman: «Näme, bu ýere Ýazly ýatak gelip gitdimi?» diýilýärdi. Ol kolhozda suwçy bolup işleýär: «Ýazlynyň baran atyzynda bajak-da bolmaz, bajawam»*.

Adamlar onuň tokurtga dykyşyna, dikçil çekişine haýran galyp gürrüň edýärler. Onuň öýünde-de ähli zatlary tertipli, ýöne onuň bu bolşy, köplenç, oturylyşyklaryň, toýlaryň esasy gürrüňine öwrülýär. Gürrüňini edýänlerem öz sakgaldaşlary. Özem nägile bolan bolup gürrüňini edýärler, ýöne ondan günleri aýry geçmeýär.

Bu günem onuň halyndan habar almaga gelenleriňem köpüsi öz deňi-duşlary.

Içerde on iki adam bar. Şolaryň dördüsi – Geldi mys-mys, Allaberdi uzyn, Akmyrat takyr, Ata gürmen – Ýazly ýatagyň çagalykdan bile ösüp-ulalanlary.

Myrry masat, Omar awçy, Garýagdy lukman elliden geçen adamlar, Toýly lök, Ýazly ýatak, Allaberdi uzyn, Goçgar aga, Ata gürmen dagy ýetmişi arka atan gojalar.

Kakasy urşa gidensoň, maşgalanyň wekili bolup gelen Mälikguludan birki ýaş uly oglanlaram seslerini çykarman otyrlar.

Gapy açyldy. Içeri Goçgar Gara salam berip girdi.

Ýazly ýatagyň halyny soramaga gelenleriň ählisi zöwwe ýerlerinden galdy. Oňa salam berip, törden ýer görkezdiler.

Goçgar aganyň yzysüre Mody başlyk hem içeri girdi.

– Ýazmyrat, gowulaşýarsyňmy?

– Hudaýa şükür, Goçgar, Hudaýa şükür, enteg-ä sanalgymdan biraz bar ýaly, düýnküden bu gün kän gowy.

Goçgar Gara obada gaty sylanýan adamdy. Onuň sözi islendik meselede çözüji sesdi. Ol aýdansoň gürrüň gutarýardy, gepsiz-gürrüňsiz onuň aýdany edilýärdi. Kolhoz başlygy Mody aga, diňe bu kolhozyň däl, goňşy kolhozlaryň başlyklary Artyk park bilen Toýly hem her meseläni onuň bilen maslahatlaşýardy, çünki kolhoz üç bolsa-da, oba birdi.

Ol eli hasaly ak perişde ýaly adamdy. Mydama ak kamysdan egin-eşik geýerdi. Mälikguly Goçgar agany Gorkut ata meňzederdi. Onuň göwnüne, Gorkut ata hakyt Goçgar aga meňzeş goja bolan ýalydy.

Onuň kethudalygy gurplulygy üçin däldi, parasatlylygy üçindi. Onuň öýeren alty ogly bardy. Ol iň körpe ogluny öýerenine iki aý geçensoň uruş başlanypdy. Olaryň ählisi bir saçakdan naharlanýardylar, bir maşgala bolup ýaşaýardylar, häzirem ýaşaýarlar.

Gojanyň dag ýaly alty oglunyň altysam urşa gitdi. Olaryň dördüsinden «Gahrymanlarça wepat boldy» diýen gara hat geldi.

Goçgar Gara öz derdini ile bildirmän çekip, gije-gündiz oba aladasy, hossasy bilen ýaşaýardy. Adamlaryň agzybirlikde, aman-esenlikde, ylalaşykly, aşa horluk, açlyk çekmän ýaşamagy Goçgar aganyň esasy aladasydy. Elbetde, ol diňe öz maşgala aladasy bilen ýaşap bilerdi, ýöne ol diňe öz maşgala aladasy bilen çäklenjek adam däldi. Ol käte öýme-öý aýlanýardy, adamlaryň hal-ahwalyny soraýardy, näme ýardamyň gerekdigini anyklaýardy, gerekli ýardamyň berilmeginem başarýardy. Ýanynda Mody başlyk hem bolýardy. Iki maşgalanyň ýa iki kişiniň arasynda dörän dawanam, oňşuksyzlygam käte Goçgar Gara çözmeli bolýardy. Öz bähbidini kör edip, il bähbidi üçin gije-gündiz paýendaz gojany obadaşlary hatyralaýardy, sylaýardy.

Goçgar aga Mälikgulynyň kakasyny gowy görerdi. «Nesip bolsa, obanyň kethudalygyny, Berdimuhamet, men saňa ynanmakçy» diýerdi. Goçgar aga-ha ýetmişden geçen goja, Berdimuhamedem ýaňy kyrka ser uran kişidi. Şeýle-de bolsa, olar duşuşanlarynda edil dogan dogana duşan ýaly gadyrlydylar. Özem olaryň ümi alyşýar-

dy. Goçgar aga köneden köp bilýärdi, pars dilinde okaýardy, düşünýärdem.

Saglyk-amanlyk soraşmalaryndan, biraz degdim-gaçdym gürrüňlerden soň Goçgar Gara umumy gürledi:

– Ýazmyrat, tiz sagaljak bol, dogan. Kesellemäge-de el degmeýän agyr zamana boldy bu zamana. Ýanyňda Garýagdy lukman bar. Näme däri-derman gerek bolsa, ýardam eder. Özüň aýdýardyň-a «Ýükli eşek aňňyrmaz» diýip. Bir hepde bäri ýagyş-jala ýagansoň işlemedik welin, eýýäm keselläpsiň, ýagyrnysy derläp duran kişiniň ýanyna ýoň gelmez.

Garry-da bolsak, işlemesek boljak däl. Bu gün Mody raýona ýygnaga baryp gelipdir. Gelip ýygnak geçirdi. Häzir şondan geldik. Ýokardan edilýän talap has berkeýär. Boş bolmaly däl. Güýzde diňe ak ekin ekip oňmaly däl. Ýazda tiz ýetişýän gök ekinlerinem ekmeli, mäşdir noýba-da, jöwendir mekgejöwenem ekmeli diýipdirler. Garasaý, iki aýyň içinde ösüp-bişip ýetişjek nähili ekin bar bolsa ekmeli. Keremara işler barýar, ýöne MTS-iň[1] süren ýerleri az bolýar. Ekiş uzaga çekjek. Şonuň üçin üç sany düýämizem goşa salmaly boljak. Başga alaç ýok. Ýöne görüp otursak, goşda işlär ýaly erkek göbeklimizem galmandyr. Aýallara-ha gelşiksiz bolar, hemem bu işi oňarmaz olar. Agyr iş-dä. Wah, aýallary, gyz-gelinlerimizi işletmesegem boljak, ýöne özüňiz bilýärsiňiz, olaryňam galabasy kü-

[1]MTS – Maşyn-traktor stansiýasy. Bu biziň häzirki “Obahyzmat” paýdarlar jemgyýetine meňzeýär.

meçilige gitdiler, obada diňe biz galdyk. Şonuň üçinem, Ýazmyrat, özümiz ertirden başlap, işe girişmeli boljak.

Dymma başlyk çala baş atyp, Goçgar aganyň sözüni makullady.

– Goçgar gadyrdan, urşa gidenlerimiz gelýänçä näme etmelem bolsa ederis, kynçylykdan gaçmarys. Durmuşyň şatysyny, hossasyny biz diňe bu gün göremzog-a – diýip, Ýazly ýatak ýatan ýerinden aýtdy. – Ertire çenli gulanalma bolaryn. Garýagdy ýaňy maňa güýçli-güýçli dermanlary içirdi. Wah, siziň öňüňizde-de beýdip ýatasym gelenok. Tursam, başym aýlanýar. Garýagdam dermandan soň başyňy galdyrman ýat diýýär.

– Ýat diýen bolsa ýat, biz bolsa gaýtmakçy. Mundan gidip, Taýmazyň mellegini ýowar edip agdarmakçy. Her gün biriniň mellegini üýşüp agdarýarlar. Başga alaç ýok.

– Goçgar gadyrdan, sag bol. Ýowarly meseläni gowy tapdyň. – Ýazly aga uludan demini aldy. – Aý, hawa-da, Taýmazam «Diri bolup mazasy ýok, öli bolup yzasy ýok» diýilýänlerden boldy indi. Ýaş wagty gaty dogumlydy, zaňňar.

– Bir el bilen dünýäň işini edip ýör. Şondan az görme. Ogulbagt bilen äbe-de-jüýjeliginiň özem az zat däl. Taýmazyň janyna berekella. Ömri uzak bolsun!

Bu sözlerden soň Taýmaz aga Mälikgulynyň göz atuwynda janlandy. Goja nebsi agyrdy.

Taýmaz aga Mälikguly dagynyň ileri tarapdaky goňşusy, aralykda diňe mekdebiň sport meýdança-

sy bar. Olaryň öýleri, daşardaky her bir hereketleri görnüp dur, her bir sözleri-de eşidilýär.

Taýmaz aga urşa ilkinjileriň biri bolup gitdi, frontda bir elini aldyryp geldi. Ol öňem arabakeşdi. Gelensoňam oňa öňki furgonyny berdiler. Ol gaty işeňňir adam, öýüň bar keşigini ýeke özi çekýär. Adamlar onuň bolşuny halanoklar. Oňa «heleýguly» diýýärler. Aýaly turýança çaý gaýnadyp, el-ýüzüni ýuwmagy üçin gyzgyn suw taýýarlap, dikilgazyk bolup durýarmyş diýip, Allaberdi uzyn bilen Geldi mys-mys uly gürrüň edýär.

Taýmaz aga polady ýumşak obataň adam.

Aýalynyň adyna Ogulbagt diýýärler. Olar Taýmaz aga bilen ýaşlykda obanyň adamlaryny haýrana goýup, Zöhre–Tahyr ýaly söýşenmişler. Olaryň söýüşýändigini şugullaýan bagbanam tapylypdyr, Ogulbagtyň kakasam Babahan patyşadan kemje-kerdem bolmandyr.

Herhal, söýgüliler wysala ýetipdirler.

Häzirem düşünişip gowy ýaşaýarlar. Ýöne oba adamlary Ogulbagt daýza barada: «Taýmaz görgüliniň boýnuna ýüpsüzje syrtmak salyp südenekledip ýör» diýýärler. Oturylyşyklarda deňi-duşlary Taýmaz aganyň çetine degýärler. Şonuň üçinem onuň gaçgyny öz deňi-duşlary.

Ogulbagt daýza owadan, süýji dilli aýal. Ol gyz wagty obanyň iň owadan gyzlarynyň biri eken. Ogulbagt eje elli ýaşdan soň ýarsyp ugrapdyr. Bu gün ol semiz, şeýlebir semiz, heý, goýaý. Moýmuldap zordan oturyp-turýar. Tursa oturmasy, otursa turmasy görgi. Turjagam, oturjagam bolsa

Taýmaz aganyň tekgesi gerek. Geldi mys-mysyň: «Taýmaz gelmedik bolsa, Ogulbagt gününi görüp bilmän ölerdi. Hudaý diýen ýeri bar eken» diýýär.

Ogulbagt eje ertirden agşama çenli daş işikde otur ýar. Ol öýüň ähli işini oturan ýerinden dolandyrýar. Onuň iş buýruşy üýtgeşik. Käbir oglanlar ýörite gelip, Ogulbagt ejäniň Taýmaz aga iş tabşyryşyny hezil edip diňleýärler.

«Sygra ot berdikmikäk?!»

«Mellege suw açyldymyka?»

«Bir käse çaý içilse nähili bolarka? Käselerem-ä külläp ýuwmaly bolupdyr. Kakasy, meni turuzsaňyz-a käseleri ýuwardym».

«Daş işigimize näçe wagt bäri sübse çalnanok. Myhman gelse-hä geňlär biziň bu bolşumyzy».

«Kakasy, siz oturyň, ýadansyňyz, nahary häzir tursam özümjik bişirerin».

«Kakasy, köýnegiňizem-ä kirläpdir, özümkinem çalyşdym, hana, iç işikde. Sizem eşigiňizi çalşyp, meniň köýnegimiň ýanynda goýuň, nesip bolsa, bu gün ýaramasam, ertir ýararynam, ýuwarynam».

Ogulbagt ejäniň ähli sözüne Taýmaz aganyň üýtgewsiz jogaby bar:

«Ogulbagt, özüm ederin».

Hakykatdan hem, ähli işi Taýmaz aganyň özi edýär.

Taýmaz aganyň iki ogly bilen bir gyzy bar. Ogullary frontda. Gyzy bolsa Garryçyrla obasyna durmuşa çykdy. Uruş başlanany bäri bir gezek geldi, onda-da kakasy gelensoň. Üç çagasy bilen bir hepde myhman bolup gitdi.

Taýmaz aga edil Akmyrat takyr ýaly arabakeş, ýöne ol «Azatlyk» kolhozynyň arabakeşi.

Taýmaz aganyň bir tanap ýeri bar. Şonuň dörtden üçüsine güýzlük bugdaý ekilen. Galan ýerem gawun-garpyz, noýbadyr mäş, künji ekilmegi üçin boş dur.

Ana, şol boş ýerem şu gün ýowar edip agdarmakçy bolýarlar. Ýazly aganyň halyny soramaga gelenleriň käbiriniň niýeti bu ýerden çykyp ýowara barmakdy. Şeýle hem etdiler: daşary çykylansoň, daş işikde goýan pillerini göterip, Taýmaz agalara ugradylar.

Mody başlyk öýüne gaýtdy. Mälikguly onuň yzyna düşdi.

Daşary süýt ýaly aýdyňdy. Howa juda hoştapdy, Aýyň ýagtysyna ýoluň iki gyrasyndaky daragtlar has haýbatly görünýärdi.

Mody başlyk yzyndan kimdir biriniň gelýändigini aňyp saklandy, yzyna öwrülip:

– Mälikguly, senmi? – diýdi.

– Mody aga, size bir sözüm bar, haýyş etmekçi bolýaryn.

– Aýt, inim.

– Ýaňy Goçgar aga üç sany goş bar, ýöne olary işletmäge adam ýok diýdi. Eger, Mody aga, rugsat berseňiz, biz üç goşy işledeli.

– Biz diýeniň kimler?

– Klasdaşlarym Aşyr, Weli hem özüm.

– Hä... – Mody aga ep-esli salym dymdy. Birinji gezek görýän ýaly, Mälikgulyny içgin synlady. – Iş-ä agyr...

– Bize agyr iş gerek.
– Şeýlemi asyl? – diýip, Mody aga geňirgendi.
– Biz kynçylykdan gaçmarys.
– Ertir okuwdan soň kontora baryň.
Mälikguly Mody aga bilen hoşlaşdy. Öýden pilini alyp, Taýmaz agalaryňka ugrady.
Hanha, eýýäm ýer depmäge başlapdyrlar. Ýer agdarýan dört-bäş ýaşuludan özgesi ýedinji-altynjy klasda okaýan oglanlardy.
Mälikguly baryp, oglanlaryň gapdalynda ýer agdarmaga girişdi.
– Berekellaçylyk* edip, bize bir dessan gaçyryp ber, Mälikguly – diýip, Ata gürmen ýer depmäge başlan Mälikgula ýüzlendi.
– Haýsy dessany?
– «Ýusup–Ahmedi».
– «Zöhre–Tahyry».
Ýok, oglanlar, munuň ýaly ýerde «Göroglyny» diňlesek gowy bolar – diýip, Toýly lök meseläni çözdi.
– Toýly aga, dessan aýtmagy menem oňarýaryn. Siz meniň aýdan dessanlarymy birki gezek diňlediňiz-ä.
– Diňledim, Şirmämmet, diňledim. Ikiňize-de göz degmesin, ikiňizem ökde.
– Haýsy dessany aýdyp bereýin? «Göroglynyň» haýsy şahasyny diňläsiňiz gelse-de aýdaýyň. Aýdymlary bilen aýdyp bereýin.
– Şirmämmet, häzir Mälikgulyny diňläli, erte agşam, nesip bolsa, seni diňläris.
– Erte agşam Berdimuhamet mugallymyň ogluny diňläýiň.

– Olam bolar.

– Haýsy şahasyny aýdyp bereýin?

– «Kempir» şahasyny aýdyp beräý – diýip, Allaberdi uzyn endigi boýunça dilini çykardy.

Şirmämmet «Göroglynyň» «Kempir» şahasyna ýaňy başladam welin, alagaraňkylygyň içinden bir tanyş ses eşidildi.

– Mälikguly, saklan. Menem diňläýin!

– Men – Şirmämmet!..

Gelýän Mody başlykdy.

## Palta çüwdesine gamçy kär etmez

Okuwdan soň, günortan üç bolup kontora baranlarynda Mody başlyk bilen Berkeli aga ikisi garaşyp otyr eken.

Mody aga gysga sözledi:

– Berkeli aga size etmeli işiňizi görkezer.

Berkeli aganyň sözem gysga boldy:

– Ýörüň, bürgütlerim. Palta çüwdesine* däninim, gamçy kär etmez. Size-de däninim, kynçylyk kär edip bilmez.

«Bürgütler» Berkeli brigadiriň yzyna düşdi.

Berkeli aga oglanlary kolhozyň mal ýatagyna eltdi. Ol ýerde üç sany düýe gäwüş gaýtaryp durdy.

– Bürgütler, ine, düýeler. Heriňiz birini saýlaň. Soň her kim öz saýlan düýesine suw nemetsin, hemem däninim, ot nemetsin. Guýy, hanha, nemäniň ýanyndadyr – Berkeli aga juwaza tarap elini uzatdy. – Şol ýerde iki sany neme-de bardyr.

– Näme bar? – diýip, Weli gözlerini güldürdi.

– Bedre bar, bedre. Näme, şonam däninim, nemedeňokmy?

Düşnükli, düýelere suw görkezmeli, ot bermeli.

Oglanlar şeýle hem etdiler.

Olar düýe paýlaşmakda bije atyşdylar, her kim bijesiniň düşen düýesini aldy. Ot-suw berdiler.

Düýeler kolhoza dürli ýollar bilen düşüpdi, olaryň häsiýetleri-de meňzeş däldi. Mälikgulynyň alan düýesi aşa dyzmaç, gaharjaň eken, Aşyryňky bolsa, sähel maý tapsa gaçýar. Özem ol edil myltykdan çykan ok ýaly gidýär. Atlaram ozup geçjek ol. Weliniň düýesi bolsa ýalta, özem kejir.

Mälikguly dagy baran güni azallary, boýuntyryklary, serberleri*, boronalary düýä ýükläp, sürüm, ekiş geçiriljek atyza eltdiler.

Berkeli aga halypalyk etdi. Sürümi nädip geçirmelidigini öwretdi. Azal, künde, garawüli* näme, büýle, boýuntyryk, goş, döşük*, depgi näme, toýnuk ýer*, boza çykmak*, gyzylgaty ýer*, çagat ýer*, ýanaw ýer*, tarp ýer, ödek ýer*, guran ýer*, garagata ýetmek*, gaýyr ýer*, garatap sürmek*, gaty gatlak (garagaty)* näme, güýzki şüdügär, gök (giçki) şüdügär*, ýer göçürmek* näme, garasaý, kän-kän zat hakda «däninim» hem «neme» sözlerini birsyhly gaýtalap aýtdy, garaňky düşdi gitdi.

Mälikguly Berkeli aga daýhançylykdan şeýle köp zatlary bilýändir öýtmeýärdi. Ol obada ýaşap, ähli zady görüp ýörse-de, bilmeýän zadynyň gaty köpdügine, öwrenmelidigine düşündi.

Ol şu gün işe başlarys öýdüpdi, ýok, goşa girmegem ýöne-möne iş däl eken, munuň üçinem köp zady bilmeli eken.

Gaty ýere ýetirip sürmeli, onuň üçinem kündäniň sapynyň üstünden berk basmaly, basyp gitmeli. Şol bir wagtyň özünde-de kündäniň göni gitmegini başarmaly, eger-eger mandy galdyrmaly däl.

Daýhançylykda iň halanmaýan zat mandy galdyrmak.

Düýe-de aýdanyňy ediberenok. Onam boýun etmeli. Her buýrugyňdan çykmaz ýaly endik etdirmeli.

Berkeli aga on dönüm edýänçäň – biraz öwrenişýänçäň, öwrenýänçäň ýanyňdan aýrylanok. Ynanmazlykdan däl, ätiýaçdan düýe gidip barýarka Berkeli aganyň elem kündäniň sapyndadyr.

– Azajyk däninim, saga al, haý, berekella. Indi göni gidiber, haý, berekella! – diýip, Berkeli aganyň bar ünsi sürümdedir. «Berekella» sözüni bolsa, ol sahylyk bilen eçilýärdi.

Başky üç gün iş has kyn boldy. Bu iş başartmajak ýaly göründi. Sebäbi kündäniň sapyndan basyp gitmek, ony ýagdaýa görä saga-sola gyşartmak ysgyn-deramatyňy alýardy, zilläň çykýardy. Eliň özüňki däl ýaly bolýardy.

Ýekşenbede uzynly gün işlenildi. Mälikguly günortan arakesmede eline käse aljak bolýar welin, teý, eli ysanok, sandyr-sandyr edip dur. Bu ýagdaýyny gapdalynda oturan ýaşuly adamlaryň görmeginden howatyrlanýar. Allaberdi uzyn görse-hä, hezil edip güler. Oňa kimdir biriniň üstünden gülmäge bahana gerek.

Mälikguly Mody başlyga aýdyp, kolhoza işe duranyna hemem ýarym zähmet gününi gazanýandygyna begenmek begenýärdi.

Ol klasdaşlary Aşyr bilen Welini aýratyn gowy görýärdi. Olaryň içen suwlary aýry gidenokdy, üçüsem klasyň bäşlikçileridi. Olaryň üçüsem halal,

päk oglanlardy, dogruçyldylar, dosta wepalydylar. Özüme däl, dostuma bolsun diýýän oglanlardandy. Olar ýegre, ýürekdeş dost bolsalar-da, häsiýetlerinde tapawut bardy, megerem, şol tapawutlar olaryň biri-biriniň häsiýetleriniň üstüni ýetirýändir. Mälikguly dagyny birleşdirýän güýç ruhlarynyň, göwünleriniň birligidi.

Tokarja Aşyr gönümeldi, ýüregindäki dilindedi, obatańrakdy, dymmarakdy, özem öýkeçilräkdi, esasanam, Weliden öýkelärdi. Onuň eňeginiň aşagy, sag eli siňňillidi.

Weli Aşyr ýaly dymma-da, öýkelegem däldi. Ol saryýagyz, hortaňrak, dişleri başly-baradrak ösen, eňegi biraz öňe çykyp duran, jedelleşmegi, degişmegi, henek atyşmagy aşa gowy görýän zehinli oglandy. Kanunçylrakdy, şu kanunçyllygy üçinem, özüniňkiniň dogrudygyny subut etjek bolup jedele giregendi. Aşyr bilenem jedelleşerdi, ýöne ol jedelleşmeleriniň öz çägi bardy, şol çäkden geçmeýärdiler.

Mälikguly olaryň birine-de meňzänokdy. Ol agrasdy, az sözlüdi. Salykatlydy, her bir işi ýedi ölçäp bir kesmegi gowy görýärdi. Şeýle-de bolsa, töwekgellige salýan zatlary az bolmaýardy. Şol töwekgelligi mydama gowy netije berýärdi. Dostlary bile bolmakdan tükeniksiz lezzet alýardy. Ol ýalan sözleýänleri halamaýardy. Dostlary söz beren zatlaryna geleňsizlik etseler, unutsalar, gaty ýokuş görýärdi, özüni iki gezek aldan, ýüňsakgal eden oglan bilen ol soň gatnaşyk saklamaýardy. Dostlaşjak, günäňi ýuwjak bolup, müň yhlas etseň ediber, peýdasy ýokdy.

Bu zatlary Aşyr hem, Weli hem gaty gowy bilýärdi. Çünki Mälikguly ähli günäni bagyşlap bilýärdi, ýöne ýalançylygy welin bagyşlap bilmeýärdi.

Üç dostuň biri-birinden aýry zady ýokdy. Olar kynçylyga döz gelip işlemegi başarýardylar.

Goşçularyň işleýşinden Mody aga-da, Berkeli aga-da gaty razydy. Mody aga günüň dowamynda birki sapar gelip, sürümiň gidişini barlap gidýärdi. Onuň şol bir aýdýan sözi bardy:

– Çuň sürüň, çuň! Gaty gatlaga* ýetmeseňiz, sürümiňiz bir köpük.

Berkeli birgädiň hem şol bir aýdýan sözi bardy:

– Berekella, bürgütlerim, berekella! Gaýrat ediň! Palta çüwdesine gamçy kär edýän däldir. Size-de däninim, kynçylyk neme etmeli däldir. Agyr işler sizi ir är çykarar, bürgütlerim. Wagt geçende nemedersiňiz. Şonda «Berkeli agamyz öňdengörüji eken, aýdanlary däninim, dogry çykdy» diýersiňiz.

Mälikguly dagy Berkeli agany gowy görýärdiler. Sebäbi ol aňsat-aňsat gaharlanmaýardy. Mydama tapbilerdi, ruhubelentdi, her kime bir hoş sözüni aýdýardy. Özem aýdym-sazy gowy görýärdi. Dessan diňlemegi halaýardy. Ol: «Adam adyna däninim, mynasyp bolup bilmeýär. Döwlet diýlip at dakylan, köplenç, bidöwlet, Akmyrat diýeniň ahmyryň bolýar. Sapada sapa, Penada pena ýok. Guwanç guwandyrmaýar. Meniň kakam welin adyna mynasyp bolupdyr, hakyky berekellaçy bolupdyr. Haşar döwri dünýäň pulu-

ny töläp, ony berekellaçy tutupdyrlar. Kakamyň berekellaçylygynyň däninim, hasabyna, biz gaty gurply nemetdik. Kakam maňa bereketli bolsun diýen niýet bilen Berkeli diýen at goýupdyr. Men kakamyň Berkelisi bolup bilmedim. Kakamdan maňa geçen zat diňe «berekella» sözi – diýip janygýardy. Soňundan hem şeýle diýerdi: – «Öňüm gelenden – soňum gelsin» diýlen pähime ýaşlykda-da, orta ýaşda-da pisint etmändiris. Ýaş paýawlansoň däninim, yzyma bir hakyda aýlap, bu pähimiň manysynyň ymgyr uludygyna indi-indi düşünýärin».

Mody aganyň häsiýeti welin, Berkeli aganyňky ýaly açyk däldi.

Mälikguly: «Şu adamyň gülýän wagty bolýarmyka?» diýip oýlanýardy.

Onuň göwnüne bolmasa, Mody aganyň sürlen ýeri barlaýşy, «Çuň sürüň, çuň! Gaty gatlaga ýetmeseňiz, sürümiňiz bir köpük!» diýmesi, gumy dörüp, köwçeläp görşi, mandy agtaryşy Mälikguly dagynyň işinden her edip, hesip edip, bir kem tapmak, tapybam berkden berk temmi bermek üçin aşa yhlas edýän, kemçilik tapyp bilmän örtenýän ýalydy. Ol aňsat-aňsat «Berekella» aýtmaýardy.

Güýzde däne ekilmedik ýer juda bir köpem däldi. Esasan, täze açylan ak ýerlerdi*, kiçeňräk hemem suw çykmasy kynrak par pellerdi*.

Kolhozda täze ýer açmak iň kyn, ýylyň ähli paslynda dowam edýän işdi. Ekine diňe suw berseň bolany, başga iş ýok diýlen aýlary Mody başlyk aýal-gyzlary täze ýerleri açmaga iberýärdi.

Depeleriň, nädürs ýerleriň gumlaryny Garawekiliň jaryna döküp gaýtmaly. Gumy kim haltalap arkasynda, kim zemmerde, galtakda, majarda*, kim bolsa öküze, eşege ýükläp daşaýar.

Eşegiň üstüne horjun atan dek sebet ýasap atýarlar. Sebediň aşagy-da açylýar. Saklap duran ýüpüň daňysyndan çekseň bolany. Ýöne iki tarapyň daňy ýüpüni deň çekmeli. Ýogsam ilki kesegi-gumy dökülen tarap ýeňläp, beýleki tarapa agýar, kesekli-gumly ýere gaçan çybykdan örülen sebedem çagşamak, döwülmek bilen bolýar.

Kolhozçynyň bir günde etmeli işiniň normasy bardy. Aýal-da bolsaň, garry-da bolsaň, ýaş oglan-da bolsaň bir normady. Normaňy dolmasaň, garaňky düşse-de işläbermeli, iller bilen deň öýüňe gaýtmak bolmaýar.

Agşam hem ýygnak geçirilýär. Ýygnakda kimiň zähmet gününi bitirmändigini başlyk açyk aýdýar. Munuň üçin brigadirleriň üstünden düşýär. Olary işlerini oňarmaýan adam hökmünde kötekleýär.

Ýygnakda Mody aga iki sözi köp gaýtalaýardy:

Birinjisi:

«Aýyň ahyrynda galla-ýarma almaly bolanyňyzda-ha utanman hemmeden öň gelýärsiňiz».

Ikinjisi:

«Nanýagylar!»

Şol bir nähak hem minnetli söz köp aýdylyberse degnaňa degýär. Mody aganyň ol sözleri hem adamlaryň degnasyna, namysyna degýär.

Adamlar Aýyt kümşülden haýyş etdiler: «Aýyt aga, siz obamyzyň iň abraýly, sözi diňlenýän adamlarynyň biri. Mody hem sizi diňleýär. Siz kyn görmän oňa aýdyp beriň. Goý, ol ýygnakda şol iki minnetli sözüni aýtmasyn».

Aýyt aga söz berdi, uly ýygnanyşyklaryň birinde-de başlyga adamlaryň haýyşyny göni aýtdy. Şonda başlygyň ýüzi gyzdy. Iki-üç aý şol minnetli sözlerini aýtmady. Barybir, iki-üç aýdan soň beren sözüni ýadyndan çykardy. Endik eden sözlerini totuguş deýin gaýtalamasyny ýene dowam etdirdi.

Beterinden beterem tapyljak eken. Raýondan bir wekil kolhoza mahal-mahal gelip ugrady. Onuň haýbatyny göreniňde, sözüni diňläniňde Mody aga depäňe täç etmeli perişdä öwrüläýýär. Başlyk käýese, diňe kolhozyň işini ýola goýmak bähbidi bilen käýeýär. Raýondan gelýän wekiliň haýbatynyň aňyrsynda özüniň hökmürowandygyny göz etmek men-menligi ýatyrdy.

Raýon wekiline Hanmyrat Geldimämmedow diýýärler. Ýöne ol özüne «Han Geldiýewiç» diýip ýüzlenilmegini talap edýärmiş. Ol galla taýýarlaýyş edarasynda agronom bolup işleýärmiş. Ýöne raýkomyň birinji sekretaram, raýispolkomyň başlygam onuň ýanynda peşeçe-de ýok ýaly. Çünki Han Geldiýewiç raýonda özüniň alnyndan çykyp biljek adamyň ýokdugyny, Aşgabatda, Moskwada güýçli arkasynyň bardygyny, ýeke sözde birinji sekretar Ýezden Mürzäýewem, raýispolkomyň başlygy Begenç Parçamowam işden kowduryp, islese, fronta, islese, türmä ugradyp bilýändigini,

Aşgabada baranda özüne birinji sekretaryň maşynynyň ýörite berilýändigini, şol üýtgeşik maşynda nirä gidesi gelse gidip, gelesi gelende gelýändigini, Modynyň yhlasyny, kolhoz planyny doljak bolup çyr-çytyr ylgaýşyny halaýandygyny, ýöne onuň guramaçylyk ukybynyň aşa pesdigini, şonuň üçinem Mody murt ýaly dört-bäş başlyga ýörite sapak geçmekçidigini, arman, bu günler wagtynyň ýokdugyny, Watanyň bähbidi, ýeňiş üçin gije-gündiz ylgamaly bolýandygyny joşup-joşup aýdýarmyş.

Mälikguly Han Geldiýewiç hakda öň köp eşiden-de bolsa, özüni ýeke gezegem görmändi.

Bir gün gördi.

Gördem, elheder etdem.

Gün günortana sanypdy.

Ony gören oglanlar Aşgabatdan möhüm bir başlyk gelendir öýtdüler. Öýtmez ýalam däl asyl!

Ap-ak ýorganyň elesläp gelşi, onuň üstünde gotur-çotur ýüzüni as ýaly edip oturan ýap-ýasy kişi gaty özüne çekijidi. Ýalpyldap duran ofiser ädikli, gara golfir jalbarly, lowurdap görünýän ak atlaz köýnekli, başy galaýynyň garyndysy ýaly sytaraly gara telpekli, edil Staliniňkä meňzeş murtly, otuz-otuz bäş ýaşlaryndaky daýanykly kişi ap-ak atyň üstünde haýbatly otyrdy.

Eý-ho!

Bu kişiniň haýbatyna bir serediň-ä!

Onuň haýbatynyň, hyrsyzlygynyň ýanynda başlygyň haýbaty, hyrsyzlygy bal bilen şeker eken. Beter özünden beteri görende lal-jim bolýan eken.

Ine, Mody başlyk onuň ýanynda sesini çykarman, «dyp» edip bilmän dur.

Wekil Mälikguly dagynyň ýer sürüp gutaryp barýan peline geldi. Ýabysyndan düşmän sürlen ýerlere göz aýlady.

Megerem, Mody başlygyň sürümden tapyp bilmedik kemçiligini raýon wekili özüniň hem tapyp bilmejegini aňan bolarly. Şonuň üçinem ol kemçiligi başga ýerden gözledi:

– Mody, bu ýerde çagalar näme iş edýär? Ýa şularyň gelim-gidimine-de zähmet gününi ýazyp, jantaýyňyza urjak bolýarsyňyzmy?

Raýon wekiliniň aýdan sözleri Mälikgulynyň myrryhyny atlandyrdy. Ol «Biz çaga däl!» diýip pert aýtmakçydy. Çünki olar uly adamlaryň edýän işlerini hernäçe agyr-da bolsa, çekip-çydap edip ýörler. Mälikgulynyň myrryhyny atlandyran zat diňe bir özleriniň çaga atlandyrylmagy däl-de, altmyşdan geçen Mody başlyga otuz-otuz bäş ýaşlaryndaky kişiniň «aga» diýmän, «siz» diýmän sensiremegidi.

Munuň özi gaty edepsizlikdi. Mälikgula kakasy bu barada gaty köp aýdypdy: «Özüňden bir aýlyk ula-da «siz» diýmeli, «aga» diýmeli. «Siz» diýlende, «aga-ini» diýlende adamyň mertebesi, hatyrasy artýar. Halk biri-birini hatyralamagy, mertebelemegi adaty ýörelgä öwrende uly-uly derejelere ýeter, bagtly ýaşar. Köp zatlaryň açary hormatdyr hem sylagdyr. Deňsinmedik dul galar, sensirän sandan galar».

Mälikguly kakasynyň bu pendini berk saklaýardy hem bu pentde durmuş süýjüligini duýýardy.

Çünki «siz», «aga» diýlip ýüzlenenilende, adama gürrüňsiz mähribanlyk döreýärdi hem bitmejek ýaly görnen işiňem bitýärdi.

Wekiliň başlyk çagaka edil sallançagyny üwrän kişi ýaly «Mody» diýmesi hem sensiremesi Mälikgulynyň nätanyş kişä bolan garaýşyny düýpgöter üýtgetdi.

– Wah, Han Geldiýewiç, ähli güýjümizi fronta ugratdyk. Hernä Berkeli aganyň şu ýigitleriniň ömri uzak bolsun. Bular, ynan, bir zähmet günündenem artyk işleýärler. Bilýärin, bular lüti çykyp ýadaýarlar. Şonda-da merdi-merdanalyk bilen işleýärler. Bu ýigitler biziň guwanjymyz.

– Mody, diýýäniň näme seniň! Bulardanam bir ýigit bolarmy. Bular çaga. Ýa meni aldajak bolýarsyňmy? Ýa meni kördür öýdýärsiňmi? Meni aldap bilmersiň. Watan duzuny iýip, Watana ikilik etmekden gorkaňokmy? Çaga bular, ýene gaýtalaýaryn, Mody, bular çaga! Bulara ýazaýsaňam, 0,20-den artyk zähmet gününi ýazmak bolmaz. Haý, Mody, Mody!..

Mälikguly saklanyp bilmedi:

– «Mody» diýmeli däl, «Mody aga» diýmeli. Özüňden ula «sen» diýmeli däl, «siz» diýmeli...

– Oh-o, Mody, sizde akademigem bar ýaly-la? Belki, bize pedagogikadan sapak geçersiň, ýoldaş akademik? – diýip, Han Geldiýewiç kinaýatly güldi.

– Indi sizi sapak bilen düzedip bolmaz.

– «Küýkini gabyr düzeder» diýmekçi bolýarsyňmy?

– Ýok.

– Onda meni – Han Geldiýewiçi gabyram düzedip bilmezmi?

– Bilmez.

– Gör-ä muny! – diýip, Han Geldiýewiç ýasama güldi, ýüzi welin nar deýin gyzardy. – Mody, dilli kelle kimiň dogmasy?

– Han Geldiýewiç, Mälikguly jan biziň buýsanjymyz, biziň şahyrymyz. Bu ýigit...

– «Ýigit» diýme-how, «çaga» diý.

– Han Geldiýewiç, Mälikguly jan mekdebimiziň direktory Berdimuhamet Annaýewiň ogly.

– Mugallymyň ogludyr öýtdüm-le. Muny maňa öňünden aýdaýmaly ahyryn, Mody.

Mälikgulynyň sesi öýkeli hem gaharly çykdy:

– «Mody aga» diýmeli!

– «Mody aga», «Mody aga» diýip, ýürege düşdüň-aý, walla. Bolýar, Mody, men şu günden başlap saňa şu jünnegi sarynyň öwredişi ýaly, «Mody aga» diýjek.

– Sag boluň, Han Geldiýewiç.

Mody aga, Mody aga... Öwrenişerin-dä – diýip, raýon wekili ýene güldi.

Weli nişekisi* bilen sürlen ýeri bäş-alty gezek saýgylady.

Eý, joçga, sen nä ýeri gamçylap dursuň?

Uly kesekleri owradýaryn...

Eý, joçga, kesekleri ýörite küdüň* bilen owratmaly.

– Küdüňlerimizi urşa ugratdyk-da.

Raýon wekiliniň bu pelde durasy gelmedi. Zut gitdi, Mody başlygam onuň yzyndan galmady.

– Urra-a! – diýip, Weli bökjekledi.

Aşyr hem onuň hereketlerini gaýtalady.

– Biz ony ýeňdik! Mälikguly, oňaraýdyň şony!

– Biz başga bir uly ýeňiş gazandyk – diýip, Mälikguly ýylgyrdy.

– Başga näme?

– Sen, heý, Mody aganyň birine «jan» diýip ýüzlenen wagtyna gabat geldiňmi?

– Gabat gelemok – diýip, Weli Mälikgula soragly bakdy. – Sen «Mody aga birinji gezek meniň adymy «Mälikguly jan» diýip tutdy diýmekçi bolýarsyňmy?

– Şunuň özi kiçi zatmy?

– Uly zat. Mody aga mert eken. Bilmän ýörüpdiris, ol gaty beýik adam eken. Dogrudanam, ol bizi gorady. Ol bir okda iki towşan urdy. Birinji okunda o gedemiň biderek adamdygyny nyşana aldy, ikinji okunda-da Mälikgulynyň adyny «Mälikguly jan» diýip gaýta-gaýta aýtmak bilen özüniň minnetdarlygyny bildirdi, sagbol aýtdygy şol onuň.

Dogrudanam, Mody aganyň Mälikgula hälki «Mälikguly jan» diýip ýüzlenmesi çäksiz minnetdarlygydy. Bu minnetdarlygyň diňe bir «jan» bilen çäklenmejekdigini, agşam Mälikgululara başlygyň iki kile ýarma eltip gaýtjakdygyny entek hiç kim bilenokdy.

Mahal-mahal barlag diýip kolhoza gelýän Han Geldiýewiçi halaýan-a ýokdy. Mody aga-da halamaýan bolsun gerek, ýöne ol halamaýandygyny ýaşyrmaga çalyşýardy.

Şol wakadan on üç gün geçenden soň, raýon wekili Han Geldiýewiç kolhozçylaryň ýanynda metdi-masgara boldy.

Ol meýdan düşelgesine ap-ak ýorgasyny säpjedip gelende kolhozçylar naharlanmak üçin ýaňyja oturypdylar. Başlyk şol gün «ekişi abraý bilen gutardyk» diýip, Taýmaz golagyň arabasynda bir goýun soýup eltipdi. Birki zenan gazan ataryp, şol etden nahar bişirmek bilen başagaýdy.

Adamlaryň keýpleri çagdy. Ýüzi agyr Mody başlyk ýylgyrmasa-da, adamlar bilen hoşamaý gürleşýärdi. Ol Goçgar Gara bilen Aýyt kümşüli hem ýörite çagyryp getiripdi hem olar bilen bile otyrdy.

Aýyt kümşül, elbetde, kolhoz işinde işlänokdy. Işläre ýarawlygam ýokdy. Hasasyna daýanyp yraň-daraň ýöreýärdi. Ony bu ýere getiren Mody başlykdy. «Aýyt aga, şu gün ekişi gutardyk. Şonuň üçinem meýdan düşelgämizde bir goýun soýup, tagam atarmakçy. Sizem biziň bu kiçiräk şagalaňymyza gatnaşyň» diýip, ony ýörite alyp gelipdi.

Mälikguly «Ekişi raýonda birinji gutardyňyz» diýip, wekil raýondan ýörite sagbol aýtmaga gelendir öýtdi. Mody başlyk hem şeýle pikir eden bolmaly, ol Han Geldiýewiçi gören dessine ýeňillik bilen ýerinden turup, oňa tarap ýöräp ugrady:

– Ýagşy ýigit aş üstüne geler. Han Geldiýewiç, sizem gowulygyň, toýuň üstüne geldiňiz. Geliň, geçiň!

– O nämäniň gowulygy, o nämäniň toýy? – diýip, raýon wekili ör-gökden geldi.

– Han Geldiýewiç, hany, ilki atdan düş. Gürrüňi soň edeli.

Raýon wekili göwünli-göwünsiz atyndan düşdi.

– Şu gün ýaz ekişimizi gutardyk, Han Geldiýewiç.

– Mody aga, kolhozda ekişden başga iş ýokmy?

– Işmi?

– Şeýle düşnüksiz gürläýdimmi?

– Iş kän-le, Hanmyrat.

– Han Geldiýewiç – diýip, raýon wekili kolhoz başlygyna düzediş berdi. Soňam sesine bat berip ugrady. – Mody aga, utanyň, ýaşan ýaşyňyzdan utanyň, ýurt agyr ýagdaýda. Ýurtda uruş gidip dur. Näme, şunam bileňzokmy? Bronuň bar diýip, edeniňizi etjek bolýarsyňyzmy?

– Saçak başyna geçsene, inim.

– Maňa Han Geldiýewiç diýilýär.

– Uzak ýoldan gelipsiň. Gel, geç, bizem häzir nahara çykdyk. Bu gün kolhozymyzda kiçiräk bir toý.

– Toýy uludan etmeli ekeniňiz – diýip, raýon wekili ajy ýylgyrdy.

– Uly toýy, nesip bolsa, uruş gutarandan soň ederis.

– Siziň bu ýaltalygyňyz, işýakmazlygyňyz, toý-meýlis geçirişiňiz bilen ýeňiş entek-entekler bolmaz. Ýeňşi yza çekdirýänler siz ýaly meýlisi söýýänler, işýakmazlar. Her günde söweş meýdanlarynda näçe bigünä adamyň ölýändigi siziň perwaýyňyza-da däl. Hawa, perwaýyňyza-da däl! Frontdakylaryň jany demirden, siziňki bolsa toşapdandyr.

– Han Geldiýewiç, häzir günortan. Bir döwüm çörek iýeli, ýürekselik edineli. Derrew turarys.

– Eger işiňden çykarylyp, fronta ugradylmajak bolsaň, toýuňyzy bes ediň. Ähliňiz turuň! Işe ugraň! Watana kän galla-önüm gerek. Toýy diňe ýeňişden soň geçirmeli. Düşündiňizmi, Mody aga! Derrew işe ugraň! Kolhozçylar, siz näme kermi? Eşideňzokmy? Men – Han Geldiýewiç, men aýdýaryn. Hemmäňiz işli-işiňize ugraň!

– Hanmyra-at! – Aýyt aganyň sesi hökümli çykdy.

Wekil ziňk edip gitdi.

– Oho, başlyk, siz entegem dirimi?

– Hany, ot saçyp durma, gel, geç.

– Hä, özüňi şindem başlykdyryn öýdýäňmi? Senden döwran geçendir. Indi meni titredip bilmersiň. Indi meniň öňümde, goý, kolhoz başlyklary byzbydyklasyn. Öň däsir* sendedi, indi mende. Sen bu ýerde näme iş edýärsiň? Kolhozyň eňňeresine gatnaşýarsyňmy?!

– Akyllyrakmykaň öýdüpdirin. Haý, meni öldürmeli, meni.

– Seni öldüreniň kesewisi gögär. Seniň beren güzaplaryňy ömür unutmaryn. – Wekil Mody başlyga tarap öwrüldi. – Kolhozda işlemeýän adamlar bu ýerde näme işleýär? Onsoňam men turmalydygyny, işe ugramalydygyny arassa türkmen dilinde aýtdym, siz, näme, dile düşünmeýärsiňizmi?

Mody aga, elbetde, düşünýärdi. Ýöne ol näme etjegini, näme diýjegini bilmeýän ýaly töweregine garanjaklady. Nazary allowarradaky Taýmaz golaga düşdi, birotala şoňa bakan ylgaşlap gitdi.

– Taýmaz, aý, Taýmaz, dur. Maňa garaş. Meniň saňa möhüm işim bar. Düýn aýtjakdym, ýadymdan çykypdyr.

Mody başlygyň Taýmaz aga aýtmak isleýän zadynyň ýokdugyny, onuň bu sözleri dörän dartgynly ýagdaýdan çykmagyň ýeke-täk çykalgasy hasaplandygyna, bu ýerden haýdan-haý gidip başyny gutarmak isländigine oturanlar, şol sanda wekiliň özi-de düşündi.

Goçgar aga ýerinden turdy:

– Hany, adamlar, hemmämiz däsirli wekiliň aýdyşy ýaly, işe ugralyň. Çöregi, nesip bolsa, agşam iýeris. Ýagdaýa görä bolalyň.

Meýdan düşelgedäki ähli kolhozçy goş-golamyny ýygnaşdyryp, işe turdy.

– Eý, birgäd! – diýip, Han Geldiýewiç işe gidip barýan kolhozçylardan gözüni aýyrman sesine bat berdi.

– Aýdyber, inim! – diýip, Berkeli aga meýdan düşelgäniň palçyk sekisiniň ýanyna geldi.

– Iýip-içer ýaly zat getir, çaý getir. Men kolhozçylar bilen bir saçagyň başynda oturyp iýip-içsem bolmaz-a. Atyma-da ot ber. Bede ber, iým ber, iýip-içip soňundan pinek etmesem, men gaty ýadaw.

Han Geldiýewiç alaşasynyň tanapyny tut agajyna daňyp, daşy aklanan iki otagly pessejik meýdan düşelgesiniň öňündäki boýra düşelen palçyk sekide oturdy. Ädigini ýassyk edinip, aýaklaryny uzadyp ýatdy, ýöne uzak ýatyp bilmedi. Onuň ak atyna bir zad-a boldy. Ol jyzzynlap Tejen sary zut gitdi. Zyk ýetdirer ýaly däldi.

– Sakla ony! – diýip, Han Geldiýewiç Berkeli aganyň üstüne gygyrdy. – Nä dursuň? Ýet yzyndan!

Berkeli aga sesini çykarman Dagarmanyna münüp gitdi. Ol öýüne gitdi.

Han Geldiýewiç gijara Çömmekdepäniň deňinden geçip, raýon merkezine pyýadaja mytdyldap gidipdi.

Şol gün Aýyt aga keselledi. Bir hepde ýerinden galman ýatdy. Sekizinji günem işini bitirdi.

Aýyt aganyň kysmatyna oba adamlary düşünýärdi, ýöne bu hakda bir kişi hem ýagşydan-ýamandan hiç zat diýmedi.

Mälikguly gölegçilere goşulyp, gonamçylyga gidip geldi.

## Orak möwsümi

1943-nji ýylyň alabahary ýagyş-ýagmyrly boldy: tebigat ygal eçilmek eçildi. Ýöne, adatça, maýyň ahyrynda kesilýän Tejen derýasynyň suwy apreliň ikinji ongünlüginde kesildi. Köp ak ekinler suwsuzlykdan gurady. Bugdaýdyr arpa-da suwdan ganyp bilmedi. Şonuň üçinem hasyl öňki ýyllardakydan görnetin az boldy.

Bu ýylyň hasylyndan Mälikgulynyň tamasy uludy. Garawekiliň jaryna düme ekilen bir peýkal* ýerde bugdaýdyr künjüden özlerine zähmet güni hökmünde lomaýja paý ýeter öýdüpdi. Onuň üstesine sekiz sotuk melleklerinden hem bir batman* bugdaý çykar tamasy bardy. Çykmady. Ýarym çalça boldy, çyksa ýarym batman çykar. Kolhoz hem zähmet güne berýän ýarmasyny ep-esli azaltdy.

Her öýüň berekediniň bir adamyň başynda bolýandygy barada Mälikguly öň birnäçe gezek eşidipdi. Ol bu pikiriň hakykatdygyna, öz öýleriniň berekediniň kakasynyň barlygyndadygyna magat düşündi. Tebigatyň bu gysyklygyny, guraklygyny hem kakasynyň öýden alysdalygyna ýordy.

Raýon wekili Han Geldiýewiç welin, bu ýylyň hasylynyň geçen ýylyň hasylyndan görnetin azlygyny kolhoz başlygynyň işi kadaly gurap bilmänliginden, kolhozçylary bol hasyly ösdürip ýe-

tişdirmäge ýeterlik güýç mobilizlemänliginden, onuň guramaçylyk ukybynyň aşa pesliginden, obada şindem baý-kulak galyndylarynyň, yrga pikirli mugthorlaryň barlygyndan gördi. Bu barada kolhoz kontorasynda geçen ýygnakda raýispolkomyň başlygy Begenç Parçamow bilen gelen Han Geldiýewiç aýtmak aýtdy. E-eý, ol gara çyny bilen gürleýärdi. Özem hakyt ynandyryp barýardy. Ýakyndan gowy tanaýan-da bolsa, raýispolkomyň başlygy Han Geldiýewiçiň çykyşyndan soň, Mody başlyga gyýa-gyýa garaberdi. Käýäsi gelip dur onuň.

Raýondan gelen wekiller her gezek Mody başlygyňkyda myhman bolup, ýazylyp-ýaýrap iýip-içip soň gidýärdiler. Bu gezek welin şol kadany bozdular.

Bugdaýly atyzlara aýlandylar. Begenç Parçamowyň sözi gysga boldy:

– Hasyl ýetişipdir. Wagtynda ýygmaly. Ýekeje däne-de zaýa bolmaly däl, Mody. Düşnüklimi? Düşnüklimi diýýärin men?!

– Düşündim.

– Hanmyrat, seniňem bir aýagyň şu ýerde bolsun.

– Düşündim, başlyk, düşündim. Lepbeý.

Begenç Parçamowyň aty uly ýola tarap gönükdi.

Ýygnakdan çykan kolhozçylar göni orak ormaga ugradylar.

* * *

«Narly ýer» diýilýän atyz.

Bu kolhozyň dördünji brigadasynyň atyzy. Ol obanyň gündogarynda Garawekiliň jarynyň gapda-

lynda, meýdan düşelgäniň hem gündogarynda ýerleşýär. Atyzyň daşy durşuna ýylgynlyk, akbaşlyk, hyşalyk.

Töwerekde gara-çyra ýok. Dym-dyrslyk.

Dym-dyrslykda, çolalykda gorky bar.

Brigadanyň ýigrimiden gowrak kolhozçysynyň galabasy gelin-gyz. Olar ýeke bolmaga gorkýarlar. Biri-birine gysmyljyraşyp orak orýarlar. Biri-birine habar gatyp gülüşýärler. Olaryň bolşy ýap-ýaňyja bolan ýygnak eýýäm ýatlaryndan çykan ýalydy.

Atyzyň bir gyrasyndan girilende, obanyň gyzlarynyň içinde iň gözeli hasaplanýan (Aslynda olaryň gözel däli ýog-a!) Zybagül Ogulbäbek ejä ýüzlendi:

– Ogulbäbek gelneje, Mälikguly bilen Owadan Käkilik ikimiziň aramyzdan oraga giräýsin-dä. Şonda biz bir täheki* bolýarys.

– Siziň diýeniňiz bolsun, hoşmanzar* gyzlar – diýip, Ogulbäbek eje gyzlary goldady.

Indi üç gün bäri orak ormak gidýärdi. Aladaňdandan tä garaňky mazaly gatlyşýança orak orulýardy.

Her kim bir iş edýärdi.

Kolhozçylaryň bir topary orak orýardy, bir topary desse bogýardy, başga bir topary orlan bugdaýlaryň başlaryny ýygnap, döwege çekýärdi. Üç düýe, iki at, on dört eşek bilen üç ýerde döwek döwülýärdi. Döwekçiler kileň ýaş oglanlardy.

Toýly löküň kerwenbaşylygynda Taýmaz aga bilen Akmyrat takyr arabaly, bäş düýeli her gün raýonyň galla kabul ediş edarasyna galla daşaýardylar.

Altynjy klasda okaýan Şaguly dagy orlan bugdaý başlaryny tagarlara*, çuwallara salyp, majarda* döwege çekýärdiler. Ikinji, üçünji klaslaryň oglanlary harmanda işleýärdiler. Mälikguly dagynyň klasynyň oglanlary bolsa orak orýardylar.

Aşyr bilen Weli ýygnaga gitmändi, olar başlaryny galdyrman işleýärdiler. Mälikguly olar bilen bile işleýärdi. Zybagülüň haýyşyndan soň ol galmaly boldy.

Käkilik dogumly işleýärdi, bilini ýazman işleýärdi. Bugdaý sünbülleri onuň aňňalynyň agzyna düşende, birsyhly owsun atyp gidýärdi. Käkilik gysymyna sygan sünbülleri çugdamlap ýiti aňňalyny aýlaýardy, şatyrdadyp orup, olary desseleriň üstüne atýardy. Onuň işleýşine seretseň, iş şeýle aňsatlyk bilen bitýän ýalydy. Onuň alyp barýan tabasy gapdaldakylaryndan ýedi-sekiz ädim öňdedi.

– A nerme-näzik gyz, işeňňir gyz, öň orak ormanyňdan soň bilýänem dälsiň. Ýatladaýyn: aram-aram biliňi ýazmaly – diýip, Zybagül haýdap işleýän Käkilige seredip, jykyr-jykyr güldi.

– Akylly maslahaty şu akylly gyzdan eşitdim, meniň bilmeýän zatlarymy şu akylly gyz bilýär.

– Eý, Hudaý jan, öň on ýedi sotuk ýeriň oragyny zordan orýardyk. Bu gün ýygnak edibem zähmet gününi on ýedi sotukden ýigrimi ikä ýetiräýdiler – diýip, Zybagül biraz wagtdan soň ýene Käkilige habar gatdy.

– Öleris-ýiteris, normamyzy dolarys, gyz – diýip, Käkilik aňňalyna bat berdi.

– «Normany dolarys» diýmek dilde aňsat.

– Bir aňsat zadam bolsun-a, gyz. Azajyk gaýrat et, ynhajykga, agam jan geler, onsoň ol seniň eliňi sowuk suwa urdurmaz.

– «Agam», «agam» diýip bu gyz-a meniň çamalagymy çaşyrjak. Şo jyrrytdy haýran gözüňe allanäme bolup görünýändir-dä seniň.

– Wah, agam jan gelensoňam bir aýtsadyň şu sözleriňi!

– Aýdaryn, näçejiginem aýdaryn.

– Agam gelensoň «Suhanberdim», «Suhanberdi janym» diýip, mumly ýüplük ýaljak bolarsyň häli.

– Tapdyň mumly ýüplük boljak gyzy – diýip, Zybagül Käkiligiň sözüni ýaňsa aldy.

Käkilik muňa o diýen intipisem etmedi, ol bir gujak bugdaýy desseläp, Mälikgulynyň alkymyna dykylyp geldi.

– Aý, oglan, aýtsana, agam urşa gidip barýarka sen oňa näme habar aýdyp begendirdiň-ä? Şonda soramda aýtmandyň. Indi aýdaý-da!

– Näme soraýaň, gyz? – diýip, soragy anyk eşidenem bolsa, Zybagül mönsüräp, gyzyklanan boldy.

– Wiý, ýogsa-da, Zyba, senem bardyň-a Suhanberdi agam dagy fronta gidende...

– Goý, gyz, men ýokduryn.

– Ýadyňdamy, men seniň ýanyňda Mälikguludan soradym-a.

– Nämäni?

– Ony Mälikguludan sora.

– Näme üçin?

– Bilmek üçin.

– Bilip näme edeýin men?

– Mälikguly arabanyň yzyndan ylgap ýetdi-de, agam jana nämedir bir zat aýtdy. Agam hem begenjine arabadan böküp düşdi-de, Mälikgulyny şapba gujaklady. Entek şu ömrüme men doganymyň şeýdip begenenini bir gezegem görmändim.

– Sen Suhanberdiniň begenmegine garşymy?

– Janymy ýakmasana, Zyba.

– Gaýtam sen meniň janymy ýakýarsyň.

– Nädip?

– Men näbileýin nädipdigini.

– Bilmeseň aýtmazdyň.

– Sen işlemäge geldiňmi ýa mundan ýetmiş dört gün öň bolan wakanyň anygyna ýetmäge?

– Sen näme, Suhanberdiniň giden gününi sanap ýörmüň?

– Sanap başyma ýapaýynmy? Suhanberdidenem bir ýigit bolarmy?

– Bolar! – Käkilik biraz gaharlanyp pert jogap berdi. Onuň galpyldaýandygyny gören Zybagül biraz ýumşady.

– Dogan dogan üçin gowy.

– Suhanberdi saňa näme ýamanlyk etdi?

– Ol ulumsy. Men ony halamok.

– Ine, şu sözüň üçin, nesip bolsa, agama seni alyp berjek. Goý, ol şu sözleriň üçin gözüňde ot ýaksyn.

– Barmaryn.

– Ony biz senjagaşdan sorap durmaýarys.

Zybagül sesini çykarmady. Orak ormaga başlady. Käkiligem sowalyna jogap aljak bolup dur-

mady. Olam işe başlady. Ýöne ýene uzak işlemän, Mälikgula ýüzlendi:

– Aýdaý-da, oglan.

Mälikguly syrly ýylgyrdy:

– Menden hiç zat soramaň!..

Aýtmasaňyz, aýtmaň, men ony, barybir, bilerin. Men Suhanberdä hat ýazaryn, soraryn.

Birden ýakyndan at toýnaklarynyň ýer sarsdyrýan dükürdisi eşidildi. Sesiň yzysüre-de Mody başlyk atyny daýradyp geçip gitdi. Ýüzünde adam peşweri ýok. Bir ýowuz iş etjege meňzeýär. Hakyt şeýle-de boldy.

Başlyk ogly Nurynyň orak orýan ýerine bardy. Onuň ýanynda Durdymyrat, Gurbandurdy, Bäşim, Nurberdi dagy bardy.

Başlygyň gelenini Nurudan özgesi duýdy. Oňa soragly seretdiler. Nury bolsa haýdap maňňalyny* işledýärdi.

Mody başlyk eglip işläp duran oglunyň ýagyrnysyna gamçy çalmaga durdy.

– Waý! – diýip, Nury duýdansyz urga çydaman çirkin gygyrdy.

– Näme üçin işläňok, nanýagy? Näme üçin işläňok?

– Kaka, men işläp durun-a?!

– Işläňok sen, nanýagy, düşnüklimi, işläňok sen. Näme meniň gözüm ýokmy? Kimiň işleýänini, kimiň işlemeýänini görmän durunmy men? Özüň-ä bir işläňok, işlejeklerem gepe güýmeýärsiň – diýip, başlyk ýene ogluny saýgylamaga başlady.

– Kaka jan, indi urma? Işlejek men. Işlejek! Kaka jan, indi urma. Ýalbarýaryn, kaka!

– Normaňy dolmasaň, beýleki nanýagylar bilen daňdana çenli işlärsiň – diýip, Mody başlyk sesine bat berdi.

– Işlärin, kaka. Normamy hökman dolaryn.

– Indi näme dursuň? Işle, nanýagy!

Bu ahwalaty görüp haýýaty göçen kolhozçylar ukudan oýanan dek tisgindiler, hasyrdaşyp işe girişdiler.

Käkilik welin jalka aşak oturdy, içinden zarlady, soňam sojap-sojap aglady: «Nury görgülijigiň urulmagyna men sebäp boldum. Edenim bar bol-a! Wah, o görgüliniň arkasy persala bolandyr. Nädip çydaýarka ol?! Başlyk ýerçeken öz ogluna nädip dözdükä? Haý, ellerine bismil çyksyn hernä».

– Bes et, gyz, naçarlygyňy! Işle, ýogsam, başlyk ýene baryp, ikimiz üçin ogluny urar.

Käkilik ýerinden tarsa turup, orak ormaga başlady.

Mälikguly orak orup barşyna mahal-mahal Nura seredýärdi, oňa nebsi-jany agyrýardy.

Mody başlygyň ogluny rehimsizlik bilen gamçylamasy Mälikgulynyň uzak wagtlap göz öňünden aýrylmady. Ol işden soň öýlerine barýarka, Nura göwünlik berdi. Nury bolsa onuň asla garaşmadyk sözüni aýtdy.

– Kakam uranda sähelçejigem agyrmady.

– O nähili agyrmady?! Gamçynyň degen ýeri besse-besse yz bolup durandyr-a.

– Hiç hili yz ýok.

– O nähili ýok?

– Ýok-da. Görjekmi?

– Görjek.

Nury egninden sargylt çyzykly köýnegini çykaryp, Mälikgula arkasyny görkezdi. Dogrudanam, Nurynyň arkasynda besse-besse bolup duran gamçynyň yzy ýokdy.

– Näme, kakaň owsun okap urdumy?

– Şonam bileňokmy? Diňe ýüregiňe dökülýän yzlar endamyňda galýar. Galan yzlar ýitip gidýär. Kakam janyň gamçysynyň yzasy ýüregime dökülmedi. Ol dözmän urýar-a. Ol işle diýip urýar-a. Onsoň, heý, onuňam bir yzy galarmy? O gamçy ýag ýaly ahyryn. Men muny kakamdan eşitdim. Dogry eken şol.

Mälikguly Nuryny mähir bilen gujaklady:

– Dogan, sen juda gowy oglan.

– Senem gowy oglan.

– Ýok, sen has gowy oglan.

– Ýok, sen has gowy oglan.

Iki klasdaş hezil edip gülüşdi.

## Olary näme ýakynlaşdyrýar?!

Käkilik – tokgaja, tosunja, titije gyz. Hereketleri biçak ýakymly. Pökgüje dodagy biraz aşak sallanyp dur. Şeýle bolansoň akja dişleri görnüp, onuň gözelligine üýtgeşik owsun berýär. Ullakan ala gözlerinde çalaja gussa bar, ol ýylgyran wagtam gussaly görünýär. Bu gussalylyk, oňa aşa agraslyk, salykatlylyk, mähribanlyk çaýýar. Iki örüm saçlary bolsa topugyna ýetýär. Öňe atylan saçlaryna mahal-mahal düzediş bermek Käkilige endik bolup gidipdir. Häzir-ä ol şamar saçlaryny başyna orap, kelaýy ýaglyk bilen berk daňypdyr. Egnindäki jümjüme gülli gyzyl alaçasy oňa, onuň bugdaýreňk ýüzüne ýaraşýar. Onuň ezýaka salan nagşy-da bu obanyň ýeke gyzynda-da, aýalynda-da ýok. Ol keşdäni Aşgabatda bir ökde tikinçi ýörite gaýap berenmiş diýip gürrüň edýärler.

Käkilik Allamyrat pälwanyň ýeke gyzy. Gurply, baý ýeriň gyzy. Ol elini sowuk suwa urman, kölegeden güneýe çykman ulalan tosun gyz hasaplanýar.

Allamyrat pälwan birmahal raýonyň alyjylar jemgyýetiniň başlygy bolupdy. Raýona gelýän tas ähli haryt diýen ýaly, Allamyrat pälwanyň elindedi. Öýüne her gün haltalap haryt getirerdi. Ol ge-

tirýän harytlarynyň galabasy azyk önümleridi, her hili nogul-nabatdy, süýji-kökedi. Obada Käkiligiň iýen nogul-nabadyny tutuş Kirowyň ilatam iýen däldir diýýärdiler. Gyzlar oňa «süýji gyz» diýip degişýärdiler.

Bu gün öň toýhana bolan döwletli öýüň bazary sowlupdy. Allamyrat pälwanyň aýaly otuz sekizinji ýylda ýogalypdy. Şondan soň ol öýlenjegem bolmandy. Sebäbi iki ogluny Kakabaý bilen Narmuhammedi öýeripdi. Uruş başlanan ýyly işinden aýryldy. Zordan türmä düşmän sypypdyr diýdiler.

Uruş başlananda Allamyrat pälwany iki ogly bilen bir gün fronta aldylar.

Öýde üç çyrçykly çagasy bilen Narmuhammediň aýaly, Suhanberdi hem Käkilik galdy. Kakabaý bolsa aýalyny kowupdyr, sebäbi çagasy bolmaýarmyş. Anygyny bolsa, olaryň özlerinden başga hiç kim bilenokdy.

Allamyrat pälwan hakyky pälwandy. Dag ýaly kişidi. Ýörände dagy ýer sarsýardy. Ana, şol pälwan kişi urşa gidip, oba dolananlaryň ilkinjisidi. Ýöne ony Kerim aganyň maşynynda getirdiler. Obanyň ýaşulularynyň dördüsi üýşüp, ony zordan maşyndan düşürip içeri saldylar. Görgüliniň sag eli bilen sag aýagy ýokdy. Sag gözem şikeslidi. Şondan göni üç aý geçenden soň, öňem bir oňly ýarawlygy bolmadyk Narmuhammediň mapraç aýaly bir düşnüksiz dert tapyndy-da, iki günem düşekde oňly ýatman, üç çagasyny döküp, ýurduny täzeledi.

Bir ýyl öň nähilidi, indi nähili?!

Öýüň bar keşigini Suhanberdi çekýärdi. Ol «Azatlyk» hem «Gyzyl çarwa» kolhozlarynyň hasapçysydy, Aşgabatda hasap-hesip ugrundan ýörite okap gelipdi. Suhanberdi öýüň keşigini çekip, agasynyň çagalaryny-da, üç ýyl mundan öň ýediýyllyk mekdebi tamamlan körpe jigisi Käkiligi-de hiç zada hor-zar etmän ýördi.

Fronta gitmelidigi baradaky çagyryş haty gelende, ol Käkilige hojalygyň ýüküni çekmegiň gaty agyr düşjegine gynanypdy. Kakasynyň halyna-da gyýylýardy. Agasy Kakabaýyň söweşde gahrymanlarça wepat bolandygy baradaky gara hatam ol kakasyna, asyl hiç kime-de görkezmändi, bu barada hiç kime aýtmandy hem. Ol bu habary hem özi bilen alyp gitdi.

Öýüň ähli keşigi şu wagta çenli rozugär endişesini etmedik, iýse mydama öňünde, iýmese töwereginde bolan tosun Käkilige düşdi duruberdi.

Ol kakasy, doganlary urşa gidende aglamandy. Dag ýaly kakasy düşege salnyp getirilende dili tutulyp, tas özünden gidipdi. Aglapdy. Aglamak aglapdy. Gelnejesi çagalaryny döküp gidende-de aglapdy. Ýöne ol agylar hiç eken. Ol Suhanberdi gidende özüni halys ýeke duýdy. Ol özüni giňlige saljak boldy. Mert boljak boldy. Ýöne ol Suhanberdini – agasyny nädip ugratjagyny bilmän elewräpdi.

– Käkilik, saňa agyr düşjegini bilýärin. Ýöne edip biljek çäräm ýok. Gaýrat et, uýam, gaýrat et. Nesip bolsa, Narmuhammedem geler. Menem gelerin. Öýümizi öňküsi ýaly döwletli, baý ojaga

öwreris – diýip, Suhanberdi özüne zor salyp gürledi.

Şol mahal Käkiligiň gözýaşlary hakyt sil bolup geldi. Ol gözýaşlary saklamaga tosun gyz gaty ejizdi.

– Wah, doganym, agam jan, bar daýanjym sendiň-ä meniň. Sensiz men bu ojagy nädip saklaýyn-a?! – Şol pursat Käkiligiň ýadyna mähriban ejesi düşdi. – Eje jan, men nä günlere düşdüm, men nädeýin-ä?! Meni taşlap gidiberdiň-ä sen. Gelnejemem gitdi, eje jan. Gelnejemem çagalaryny döküp gitdi. Bu ojaga bir zad-a boldy, eje jan. Eje jan, meni ýanyňa al. Meniň ýaşasym gelenok. Men bu dertleri çekerden gaty ejiz gelýärin.

– Goý, Käkilik. Saňa bir zat bolsa, kakama kim seretsin? Narmuhammediň üç çagasyna kim seretsin?

– Men näbileýin, doganym?! Men näbileýin?! Başarýan zadym ýog-a meniň.

Käkilik şol günki ýaly hiç wagt aglamandy. Özüne erk edip bilmänligi sebäpli, ol doganyny-da öýden ugradypdy. «Aglap masgara edersiň, fronta ugradylýan meýdança barma» diýip, Suhanberdi öýde Käkilik, şeýle hem kakasy, agasynyň çagalary bilen hoşlaşyp gidipdi. Käkilik, barybir, öýde oturyp karar tapmandy, fronta ugradylýan meýdança barypdy. Ol baranda araba ýola düşüpdi. Suhanberdiniň Mälikgulyny gujaklap pyrlanyşyny görüpdi. Doganyny çakdanaşa begendiren habaryň nämedigini ol bilmek isleýärdi. Ýöne Mälikguly her gezek soranda-da jogapdan dürli bahanalar bilen gaçýardy.

Diýmek, ol habar Käkiligiň eşitmeli habary bolmaly däl.

Suhanberdi fronta gidensoň, Käkiligiň böwrüne diň salara-da wagty bolmady. Agasynyň alty, bäş, üç ýaşly üç çagasy bilen boldy. Ol öňem bu üç çaga seredýärdi. Indi ol kakasynam iýdirip-içirmelidi. Öň kakasyny Suhanberdi iýdirip-içirýärdi, ähli hajatyny çekýärdi.

Şol gün agşam öýe Goçgar aga bilen Mody başlyk geldi. Olar Käkilik bilen açyk gepleşmek üçin gelipdiler.

– Gyzym, sen özüňi ýeke duýmagyn. Aç köseneris hem öýtmegin. Obamyz arkaňda dag ýaly bolup durandyr. Biz mahal-mahal gelip durarys, kömek ederis – diýip, Goçgar aga ýuwaşja söze başlady.

Gojanyň ýürekden aýdýan sözleri, howandarlygy Käkiligi ýene ejizlige saldy. Garşysynda oturanlara gözýaşyny görkezmezlige çalyşdy. Ýöne naçarlygy rüstem geldi:

– Eje-e, eje jan-eý, biz nähili günlere düşdüg-ä. Wah, eje, men ýeke galdym. Men çydap bilemok, eje jan, çydap bilemok.

Iki kethuda Käkilige aýtjak sözüni aýdyp, berjek maslahatyny berip bilmediler.

Mody başlyk, barybir, esasy pikiri aýtdy:

– Agyňy agşam agla, ertir irdenem çagalary Allamyradyň ýanynda goýup, kolhoz işe çyk!

Käkilik başlygyň aýdyşy ýaly etdi: uzak gije aglady. Daňdanam üç jigisini kakasynyň ýanynda ýatyryp, özi kolhoz işine ugrady.

Agyr-u-ýeňil işi edip görmedik Käkilik näme buýrulsa, bitirmek bilen boldy. Ýap gazmak, pil çekmek, ders daşamak, olary bugdaýly atyzlara dökmek Käkilige gaty ýokuş degdi.

Aglady.

Agysyny ilden ýaşyrmaga çalyşdy. Işläp ýörşüne suw-sil gözýaş dökdi.

Ýadady.

Ol ýadady, biçak ýadady. Islendik ýerde süýnüp ýatybermäge kaýyldy. Ýöne onuň ýatmaga wagty ýokdy.

Ol ýaşamalydy. Agasynyň çagalary üçin ýaşamalydy.

Ol kakasy üçin ýaşamalydy.

Obada «Gatyny görmedik gyz», «Süýji gyz», «Tosun gyz» diýip alan atlaryny indi tersine öwürmeli. Goý, «Käkilik asyl ejizlejek gyz däl. Käkilik dogumly, edermen gyz» diýsinler. Käkilik şu pikiri edibem aglaýardy. Göräýmäge, oňa ýeke-täk güýç berýän zat agy ýalydy. Aglansoň biraz köşeşýärdi. Öz-özi bilen gürleşýärdi. Özüne ejizlemeli däldigini öwran-öwran sargyt edýärdi. «Ömürlik zat ýok, bu agyr günler geçer. Agalarym geler. Şonda ýüküm ýeňlär. Şoňa çenli çydamaly. Başga hiç hili ýol ýok. Şu güne çenli agyr iş etmän wagtyňy tosunlykda geçirip bildiň. Indi bolsa şol işlemedik günleriň öwezini dolmaly. Sen işlemeli, diňe işlemeli. Kakamy hem çagajyklary eklemeli. Hawa, eklemeli. Her gün diňe birem däl, iki zähmet gününi gazanmaly. Işläp ölen ýok, aç ölen welin bar. Aç ölmezlik üçin işlemeli! Ýazly ýatak «Adam açlykdan däl-de, aç ölerin diýen

gorkudan, alňasamakdan ölýär» diýýärmiş. Belki, şu dogrudyr. Men alňasamaýyn, çydamly bolaýyn. Ýadadym diýmek saňa bolmaýar, Käkilik. Sen dogumly, sen gaýratly bolmaly» diýip, ol şu pikirleri zol-zol gaýtalaýardy, öz-özi bilen sözleşýärdi, özüne pent berýärdi. Hut şu pendinde durmak üçinem her näçe ýadanam bolsa, oňa döz gelmäge, ýadandygy hakda oýlanmazlyga çalyşýardy.

Ol haýdap işleýärdi. Özge kolhozçylar arakesmä çykanda-da Käkilik atyzdan gaýtmaýardy. Zybagülüň sözi bilen işini goýmazdy, onsoň aýallar oňa käýinmäge başlaýardy. «Hä, sen hiç zat iýip-içmän aç ýykylyp galarsyň, ölersiň. Soň öýüňdäki çagajyklara, kakaňa kim seretsin, şolara haýpyň gelsin, gyz. Gel, bir agyz tötek iý. Soň işläber» diýip käýinen bolardylar. Köplenç, oňa Ogulbäbek eje ýa Aýnabat eje töwella ederdi. Her gezegem Käkilik şol bir sözlerini gaýtalardy:

«Siz meni azar edinmäň. Özüňiz naharlanyberiň. Meniň hiç zat işdäm ýok. Ertir irden gowuja naharlandym men» diýip, edip oturan işini togtatman jogap bererdi.

Ogulbäbek eje bu jogaby eşideni bilen oňaýmazdy:

«Seniň nähili işdäň ýoguny, seniň ertir nädip «gowuja» naharlanandygyňy gowy bilýärin men. Utanaňokmy, meni gygyrdyp durmaga. Gel derrew diýýän men saňa, gel!».

Käkilik ysgyn-deramatsyz halda ýöräp ugrar, gözüniň alnynda kindiwanja uçgunjyklar gaýmala-

şar, asyl ýer hem käte pyrlanyp aýlanyp ugrar. Entireklär, käte bolsa ýykylar.

Zybagül gelip, derrew oňa tekge berer.

«Bir zada büdräýdim-dä, gyz – diýip, ol aýbyny ýaşyrmaga çalşar, özüne zor salyp ýylgyrar. – Sen nähili owadanja gyz. Seni hökman agam jana alyp bererin. Durşuň bilen owadanlyga, mähre ýugrulan sen. Gözleriň ýürege köz basylan ýaly täsir edýär. Sen dek owadan gyz hiç ýerde ýokdur».

Günortan çaý içmäge oturarlar, her kim ýany bilen getiren tötekli düwünçegini öňüne alar.

Zybagüle öýünden berlip goýberilýän tötek köp däldir welin, ol her gün bir kesemen çöregindenem galdyryp, Käkiligiň düwünçegine goýar:

«Jora jan, men-ä iýjegimdenem köpräk getiripdirin. Sen şunam çaýa batyryp iýäý».

«Özüň iýäýmeli ekeniň-dä, gyz».

«Ejem janyň eli bereketli. Ol maňa mydama iýjegimden köp berip goýberýär».

Käkilik Zybagülüň bu sözünde zerre ýalan bardyr öýdenok, açyk göwünden kabul edýär. Ol tötegi eline alyp, esli durýar-da, «Men muny öýe alyp gideýin. Kakam jana bereýin. Ol erkek kişi. Ol köp iýmeli. Men iýmesemem oňaryn. Getirenjäm bilen ýürekselik edindim-ä men» diýip, ysgynsyz sözleýärdi. Onuň günortanlyk diýip getiren tötegem köp däldir welin, şonuňam ýarysyny öýüne äkitmek bilen bolýar. Ol getiren tötegine «nätsemkäm?» diýýän ýaly esli salym seredip durýar. Taýly gezek ýuwdunýar. Her näçe iýesi gelýänem bolsa, ol öz işdäsini ýeňmegi başarýar: bir döwüm çöregi yhlas

bilen ýaglygyna dolaýar. «Baran dessime kakama bererin», «Baran dessime çagalara bererin» diýip pyşyrdaýar.

Mälikguly mydama Käkilik bilen Zybagüli göz astyndan synlaýar. Synladygyça olara buýsanýar.

Käkilik gönümel, sada, özem juda sada, ýüregindäki dilinde. Ol durmuşda oňly zat görmändir, diňe bolçulykda erkana ýaşapdyr. Näme aýtsa, çyny bilen aýdýar, onsoň ilem şeýledir öýdýär. Ol Zybagülüň tötegi öz agzyndan kesip berýändigine düşünenok. Hakykatdanam, Zybagül dokdur, iýesi gelýän däldir öýdýär, oňa gözügidijilik bilen seredýär. Ol Zybagüli o diýen halabam baranok. Näme üçin halasyn? Käkiligiň çynar ýaly agasyna onuň göwni ýetenog-a. «Heý, Suhanberdi ýalam bir gowy ýigit bolarmy. «Deňsinmedik dul galar». Zybagülem şu deňsinmän ýörşi bilen ärsiz galar» diýip, ol pikir edýärdi.

Suhanberdi uruşdan gelensoň, agasyna Zybagüli alyp berjekdigi Käkiligiň gara çynydy. Onuň özüne gelneje boljakdygy ýadyna düşende, dymaýýardy, ýogsam, oňa aýdaýjak şerebelije sözlerem ýok däldi.

Obada Käkiligiň Geldi mys-mysyň ogly Atamyrat bilen gowy görüşýändigi barada myş-myş ýaýrapdy.

Zybagül Käkilik ýaly däldi: gaty akyllydy. Içki syryny hiç bir jorasyna açmaýardy. Oňa hyrydar ýigit köpdi.

Zybagülüň bolşy Mälikgula gaty syrly görünýärdi. «Gözel» diýip onuň atlandyrýan gyzy ýokdur, ol Zybagülüň özüdir öýdüpdi. Ýöne beýle

däl eken. Gözel atly gyz bar eken. Ol Çapaýew kolhozyndan eken. Ol Ýazly ýatagyň Çapaýewe durmuşa çykaran uly gyzy Güljahanyň baldyzy eken. Ol uruşdan öň-ä hasam köp gelýän eken. Ony Käkilik gaty gowy tanaýan eken. Ol Käkilik bilen Zybagüllere-de üç-dört gezek barypdyr. Gözel her gezek gelende hökman Zybagül bilen duşuşypdyr. Onuň bilen uzak-uzak sözleşipdirler. Soňam bileje Käkiliklere gaýdypdyrlar. Suhanberdi hem Zybagül bilen Gözel öýlerine gelende galkyjaklaberýän eken, gyssagly bir ýere gitmelem bolsa, hiç ýere gitmeýän eken. Oýkanjyrap oturyberýän eken.

Suhanberdiniň urşa gitmelidigi belli bolansoň, çapaýewli aýal doganynyň baldyzy Gözel hem gelipdi. Ol gelnejesi bilen Suhanberdini kolhoz kontorasynyň ýanynda fronta ugratmaga-da bardy. Gelnejesi bilen deň gözýaş hem döküpdi.

Käkilik Gözeliň gülküsini halamaýandygyny, Suhanberdi bir zat aýtsa, onuň jykyr-jykyr edip gülýändigini Mälikgula janygyp gürrüň berdi. Ol Suhanberdiniň Gözele däl-de, Zybagüle öýlenmegini isleýändigini ýaşyrjagam bolmaýardy. «Gözel Zybagülüň basyp giden aýak yzyça-da ýok» diýip, Käkilik göni aýdypdy.

Käkiligiň şol sözünden soň Zybagülüň aldamaýandygyna, çynyny aýdýandygyna, jorasy Gözel üçin şeýle yhlaslydygyna düşündi.

Mälikguly Zybagülüň Käkilige biçak nebsiniň agyrýandygyny, oňa uly ýagşylyk etmek isleýändigini, ýöne elinden gelýän zadyň ýokdugyna, çäresizligine örtenýändigini açyk duýýardy.

Iki gyzyň gatnaşyklary Mälikguly üçin üýtgeşik bir eser okan deýin täsirlidi. Käte Zybagül işini goýup, haýdap işleýän Käkilige uzak wagt seredip durýardy-da, aglaýardy. Zybagüli synladygyça, onuň dünýäsine aralaşdygyça Mälikgulynyň bu gyza hormaty artýardy.

Käkilik bolsa perişde çaga deýin päkdi. Her bir işde onuň gara çynydy. Ol käte işden başyny galdyrman aýdyma hiňlenerdi. Özem onuň sesi belli aýdymçy Annagül Annagulyýewanyň sesi deýin ýakymlydy, diňledigiňçe diňläsiň gelýärdi. Käkilik Magrupynyň «Ýusup–Ahmet» dessanyndan aýdardy. Özem mydama şol bir aýdymy aýdýardy:

Näzeninler, ýörüň begim alnyna,
Sowga alyň, gyzlar, agam geledir!
At çapyşyp Horezminiň ýurduna,
Sowga alyň, gyzlar, agam geledir!

Hemra edip ençe ýagşy beglerin,
Kaddy şemşat, husny täze begleriň.
Şikär eýläp murguzarly kölleriň,
Sowga alyň, gyzlar, agam geledir!

Meniň agam ýigitleriň agasy,
Oňa etdi Şahymerdan dogasy.
Jilwe berip, görünedir garasy,
Sowga alyň, gyzlar, agam geledir!

Abadan diýer, perizatlar ýoldaşym,
Gijeler hemdemim, gündiz syrdaşym.
Geldi Ýusup–Ahmet – iki gardaşym,
Sowga alyň, gyzlar, agam geledir!

Mälikguly «Ýusup–Ahmet» dessanyndaky bu aýdymy ýatdan bilýärdi, ýöne bu aýdymy Käkilik

aýdanda, aýdym täze owsun alýardy. Mälikguly bu aýdymy her gezek diňlände heziller edýärdi.

Käkilik bu aýdymy agşamara aýdýardy. Onuň sebäbi düşnüklidi: agşamara raýon merkezinden Taýmaz aga bilen Akmyrat takyr gelýärdi. Oba gaýdýanlar şolaryň ulagyna münüp gelýärdiler. Agşamara – raýon merkezinden oba gelinýän wagtdy.

Işde-de, işden soň öýe gaýdylanda-da Mälikguly beýleki gyz-gelinleriň içinden Käkilik bilen Zybagüli synlaýardy.

Käkilik sülpüldäp çala ýöreýärdi. Sähel ýel bolsa ýykyljak-ýykyljakdy. Zybagül Käkilik bilen deň işlänem bolsa ýadamadyk ýalydyr, sarç keýik deý keýerjekläp barýandyr. Ýogsam, Käkiligiň kätmenini hem özi göterýändir.

Gyzlary dünýäniň gözelligi hasaplaýarlar. Zybagüli dünýäniň gözellik nusgasy edip, äleme görkezseň, ähli görenler: «Aperin!» diýerler, haýran galarlar. Görüň-ä onuň çit köýnegini. Ol köýnek şeýle üýtgeşigem däldir. Zybagülüň egninde bolandygy bilen gaty üýtgeşik mata, eşige meňzeýär.

Zybagül diňe gözellik däl, ol gujur-gaýrat, çydamlylyk, sabyrlylyk, gaýduwsyzlyk nusgasy. Ol nähili gujur-gaýratly, nähili çydamly. Asyl ýadana, ýadajaga meňzänog-a ol.

Ýok, Zybagüle taý ýokdur. Beýle owadan gyzy Suhanberdi näme üçin görmedikä? Gözel onuň gözüni gapan bolmaly. Gözel Zybagülüň basyp giden yzyna-da degenok ahyryn. Bu zatlary Suhanberdä nädip düşündirip bolarka? Hökman düşündirmeli.

Goý, Suhanberdi bagtly bolsun!

Goý, Zybagül bagtly bolsun!

Bu Mälikgulynyň gelen soňky netijesidi.

## Süýji nirede bolsa-da, soňy ajydyr

Kolhoz gallasyndan ýeke goşawuç hem almak gadagandy,

Işden soň gaýdylanda ýanyna bugdaý alan bolaýmasyn diýen şübhe bilen edil erkek kişileri barlaýyşlary deýin käte gyz-gelinleri hem barlaýardylar.

Iki gün barlag bolmady.

Üçünji gün agşamara Käkilik bir gozgalaň tapdy. Onuň näme üçin howsala düşýändigi basym belli boldy. Asyl etmek islän işini Mälikguludan ýaşyrjagam bolup durmady: ol çugutdyryp oturyp, günortanlygyny salyp getiren akja çit ýaglygyna aýasynda owup, arassalan ýarym kile çemesindäki bugdaýy saldy, soňam berk çigdi.

Mälikguly Käkilikden beýle herekete garaşmandy. Bu ogurlyk ahyryn! Ogurlyk hiç kime-de gelişýän zat däl welin, Käkilik ýaly owadan gyza asla-da gelşenok.

Mälikguly içki pikirini ýaşyrmady:

– Edýäniňiz näme?! Beýtmek bolmaýar ahyryn!

– Bolýan zadam barmy? – diýip, Käkilik gyňraldy.

– Beýtmäň, masgara bolarsyňyz.

– Garlawajyň çagalary ýaly agyzlaryny açyşyp garaşýan jigijiklerime bulamak bişirip berer ýaly bir iki goşawuç dänäni äkidäýjek bolýaryn. Onuň

bilen kolhoz gedaý galmaz. Kolhoz biziň özümiziňki dälmi näme?

– Munyňyz bolanok, hiç bolanok.

– Wah, Mälikguly jan, seniň ap-ak, päk ýüregiň bar. Şonuň üçinem men seni gaty gowy görýärin. Sen meniň bu düwünçegimi göreňok. Ine, şeýdip, men bu düwünçegi goltugyma gysdyraryn welin, hiç kimem görmez. Soňky günler barlaýan adam ýog-a. Onsoňam gözüme öýdäki garaşýanlardan başga adam görnenok meniň.

Şunuň bilen gürrüň gutardy. Işden gaýdylanda Mälikgulynyň howatyrlanmasy esasly bolup çykdy: öýlerine barýan kolhozçylaryň öňünde Mody başlyk bilen raýon wekili Han Geldiýewiç durdy.

Han Geldiýewiç şeýle barlaglardan çäksiz uly lezzet alýan bolmaly. Onuň süňňi gaty ýeňil gopýardy, ýiti bürgüt nazaryny çalt oýnakladýardy. Özem süňňi ýok ýaly bolup iki ýana towusjak bolýardy, ýöne haýsy tarapa, kimiň üstüne towusjagyny bilmän, duran ýerinde ýeňiljek tozan turuzýardy.

Mody başlyk Käkiligiň goltugyndaky düwünçegi görse-de, görmedikden boldy. Han Geldiýewiçiň welin aty çykana döndi:

– Oho, oho, o gyzyň goltugynda bir zat bar-la. Ol däne bolmaly. Saklan, gyz! – Han Geldiýewiç deňinden geçip giden Käkiligiň yzyndan ylgady. Goltugyndaky düwünçegi gazap bilen çekip aldy.

– Bu ýerçekeniň bolşy nähili? – diýip, Käkilik ör-gökden gelip, düwünçegini yzyna almakçy boldy.

– Bu näme, bu näme? – Han Geldiýewiç gykylyklap kolhozçylaryň ünsüni çekmäge çalyşdy. – Däne bu! Däne! Ogurlyk bu!

– O nämäniň ogurlygy? Mundanam bir ogurlyk bolarmy? – Käkilik şindem özüne abanan howpuň niçiksi hatarlydygyny duýanokdy.

Han Geldiýewiç düwünçegi hasyr-husur çözdi. Ondaky ýarym kile çemesi dänäni töweregindäki aýal-gyzlara dabara bilen görkezdi:

– Ogurlyk! Ogurlyk! Bu gyzy atmaly! Görene göz edip atmaly! Goý, adamlar ogurlyk etseler, nähili güne düşjekdigini bilsinler!

– Näme samraýarsyň sen, ýerçeken?!

– O düwünçek meniňki! – diýip, Zybagül Käkiligiň öňüne geçdi.

– Aýryl, gyz! O nädip düwünçek seňki bolýarmyş? Şol-a meniňki! Meni gorajak bolma, gyz – diýip, Käkilik Zybagüli gahar bilen itdi.

– «Düwünçegimi göterip ber» diýip, häli saňa berdim-ä.

– Adyňy, familiýaňy aýt! – diýip, Han Geldiýewiç ýylgyrjaklady.

– Käkilik men, Käkilik. Allamyrat pälwanyň gyzy men!

Käkiligiň adyny howul-hara kagyza bellän Han Geldiýewiç başlygyň alkymyna dykylyp bardy:

– Hä, ýoldaş başlyk, bu näme boldugy?! Sen kolhoz emlägini şeýdip alan-aldy, eňňere edýärsiňmi? Belki, seniň özüň çuwallap-çuwallap öýüňe çekýänsiň? Ýurtda aldym-berdimli söweş gidýär. Uruş! Uruş! Ilkinji nobatda, frontdakylary azyk bilen, galla bilen üpjün etmeli. Siz-ä bu çola ýerde

çepbe-çepbe çeýnäp, symyşlap ýatmaly, toý yzyna toý toýlamaly, frontdakylaram açlykdan horlanmaly. Hany siziň ynsabyňyz? Sizde jinnek ýalagam ynsap ýok. Ynsap ýok!

Raýon wekili uzak gykylyklady: türkmende hiç wagtam ogurlygyň bolmandygyny, ogurlyk etmegiň dünýäde iň gabahat işdigini, eger her kolhozçy kolhoz emlägine el ursa, onda ýurduň baýlygynyň towsa göteriljekdigini, tozjakdygyny, gallany köp öndürip, Watanyň kuwwatyna kuwwat goşmagyň zerurdygyny, kolhozyň öndürýän önüminiň ählisiniň – ýarym dänäniň hem galdyrylman döwlete tabşyrylmalydygyny ýanjap-ýanjap aýtdy. Soňam däneli ýaglygy alyp galdy.

Bu garaşylmadyk waka kolhozçylary gagşatdy. Käkilige kim nebsagyryjylyk bilen seretdi, kimem ýigrenç bilen.

– Wah, meni öldürmeli, meni – diýip, Zybagül örtenmek örtendi. – Ýanyňda bolubam, gapdalyňda ýöräbem düwünçegiňe pisint bermändirin-dä. Gözüm gapylypdyr meniň, gözüm. Masgara bolduk, masgara.

– Iki goşawuç däne bilen döwlete hiç zat bolmaz. – Käkilik öýkeli aýtdy. – O ýerçekeniň heşelle kakaýşyny!

Ol Han Geldiýewiçiň bolşuny juda ýokuş gördi, namys etdi. Ýöräp barşyna sojap-sojap, hünübirýan aglady. Aýallar ony köşeşdirmek üçin töwella etdiler. «Bela-beteriň sowuldygy bolsun – diýişdiler. – Mody aga o ýerçekeni ümsüm eder».

– Başlygy diňlejek adama meňzänok ol.

Şol günüň ertesi işe gelende Käkiligiň gözleri gyzaryp, gabaklary ýellenip durdy. Megerem, ol uzak gije uklaman aglan bolmaly.

Käkilik uzynly gün sesini çykarman işledi. Hiç kim bilen gürleşmedem. Ýöne giç öýlän işini goýup, aşak çökdi-de, sojap-sojap aglady. Bugdaýlygyň içinde Käkilik görnenokdy, ýöne zaryn agysy welin, ýüregiňi dilim-dilim edip barýardy.

Mälikguly ony köşeşdirmek isledi, ýanyna bardy:

– Size aglamak gelşenok. Siz ýaly ulugyzam, heý, aglarmy?

– Wah, dogan jan, men aglaman kim aglasyn? Meniň düşen günümi it görse gözi agyrar, ýok, diňe agyrmaz, kör bolar, sokur bolar. Meni Hudaý tutdy, Hudaý!

Käkilige söz gatmadykdan gowusy ýokdy, sebäbi «aglama» diýseň, ol kemsinip, beter aglaýardy.

Zybagül ylgap geldi:

– Käkilik jan, mert bol, mert bol.

Käkilik gelip, özüni gujaklan Zybagüli itdi:

– Aýryl, gyz, maňa seniň howandarlygyň gerek däl. Men metdi-masgara boldum. Doganlarym gelse, men olaryň ýüzüne nädip serederin? Men doganlaryma näme jogap bererin? Eý, Hudaý, al meniň janymy!

– Jigileriňe kim seretsin? Kakaňa kim seretsin? Hudaý jan, beterinden saklasyn. Şükür et, gyz.

– Mundan beter näme bolsun?

Mundan beteri bar eken.

Beteri şol günüň ertesi günortan boldy.

Kolhozçylar meýdan düşelgä gelipdiler. Olaryň ýanyna nätanyş bir maşyn geldi.

Maşyndan iki sany milisioner düşdi.

Olaryň öňünden Berkeli aga çykdy. Gelenleri çaýa çagyrdy.

Gelenleriň ýüzi as ýalydy. Olar oturmakçy däldigini, möhüm iş bilen gelendiklerini – galla ogurlygynda tutulan, etmişi kolhozçylaryň öňünde boýnuna goýlan kolhozçy Käkilik Allamyradowany tussag etmek, äkitmek üçin gelendiklerini aýtdylar.

Berkeli aga bu habary eşidip, aşak gaýtdy. Goçgar aga gelip, Berkeli agany düşegiň üstüne çekdi.

Oturanlaryň arasyna dowul düşdi.

– Käkilik Allamyradowa araňyzda barmy? – diýip, murtly milisioner oturan gelin-gyzlara haýbatly ýüzlendi.

– Käkilik Allamyradowa – men! – diýip, Käkilik tarsa ýerinden galdy, onuň ýüzi ak tam bolupdy.

– Allamyradowa, siz Kirow raýon prokuraturasy tarapyndan tussag edilýärsiňiz. Siz häzir biziň bilen gitmeli bolarsyňyz. Düşnüklimi?

– Düşnükli! – Käkiligiň sesi gaty ysgynsyz çykdy.

– Maşyna münüň!

Saryýagyz milisioner elindäki pistoletini galgadyp, kolhozçylara haýbat atdy:

– Allamyradowa maşyna münýänçä hiç kim ýerinden gozganmasyn! Buýurýaryn. Kimde-kim buýruga tabyn bolmasa ataryn! Allamyradowa, ýöre! Maşyna mün! Buýurýaryn, maşyna mün!

– Duruň, duruň, ýigitler. Ilki bir düşünişeliň! – diýip, Goçgar aga milisionerlere tarap gönükdi.

– Ýene ýeke ädim ätseň, göni maňlaýyňdan ataryn! Butnama!

– Oglanlar, siziň munyňyz kada-kowahata sygjak zat däl.

– Eý, goja, gürleme. Indi gürleseň, gara çynym, maňlaýyňdan ataryn. Meniň atmaga hakym bar. Düşünişmek isleseňiz, raýon prokuraturasyna baryň. Biz diňe buýrugy ýerine ýetirýäris. Allamyradowa, nä dursuň? Saňa maşyna mün diýildi!

Käkilik töweregine men näme edeýin diýýän terzde naýynjar garanjaklady. Oňa hiç kim hiç zat diýip bilmedi, ähli kişi başyny aşak saldy. Käkilik biygtyýar halda maşyna tarap ýuwaşja ýöräp ugrady. Maşyna ýakyn baryp, yzyna öwrüldi, adamlara ýüzlendi:

– Adamlar, meni ýazgarmaň. Ýalbarýaryn, meni ýazgarmaň.

Käkilik kemiş-kemiş etdi, soňam Zybagülüň adyny tutup gygyrdy.

– Zybagül, sen nirede?

– Men bärde, doganym – diýip, Zybagül ylgap Käkiligiň ýanyna bardy.

Käkilik ony garsa gujaklady:

– Senden bir haýyşym bar.

– Aýt, Käkilik, aýt. Näme diýseň ederin.

– Suhanberdi uruşdan gelensoň saňa söz aýtsa, sen oňa ýok diýme.

Gözi ýaşly Zybagül baş atdy.

– «Ýok» diýmerin, Käkilik!..

– Söz berýärsiňmi?

– Söz berýärin, Käkilik, söz berýärin. Sen hiç zady gaýgy etme. Ähli zat geçer. Jigileriňe-de, kakaňa-da gelýänçäň özümiz serederis.

– Sen juda gowy gyz. Men kejirlik edip, seniň göwnüňe degdim. Sen meniň günämi öt.

– Men seni biçak gowy görýärin-ä, Käkilik.

– Bes ediň hyşy-wyşyňyzy! Allamyradowa, maşyna mün!

Käkilik maşyna münjek bolup kösenmedi. Mündi.

Onuň pökgüje, näzijek dodaklary titir-tirir, kemiş-kemiş edýärdi, enaýyja eňegi bolsa titreýärdi, gözünden gözýaşlary sil bolup akýardy.

– Zybagül!

Ol gürläp bilmedi. «Zybagül» diýen sözi onuň obadaşlaryna aýdan iň soňky sözi boldy.

Maşynyň üstündäki gözi ýaşly halda durşy adamlaryň ony iň soňky görşi boldy.

Käkiligiň perişan, natuwan görnüşi, iň soňky sözleri Mälikgulynyň aňynda möhür bolup galdy. Şol wakadan näçe ýyllar geçse-de, ol Mälikgulynyň hakydasynda çüpremedi.

* * *

Käkiligiň alnyp gidilmegi oba adamlaryna agyr urgy boldy. Elbetde, onuň eden işini hiç kim oňlamady, ýöne oňa nebsi agyrmaýan ýokdy.

Şol gün tä iş gutarýança, ýeke kolhozçam gürlemedi. Adamlar edil dilleşen ýalydylar.

Işden soň oba adamlary Goçgar aganyň öýüne ugrady. Hiç kim onuň öýüne girjegem bolup dur-

mady. Onuň öýüne diňe kolhoz başlygy bilen Ýazly aga girdi.

Maslahatlaşylmaly mesele birdi.

– Haý, bu bolmady, hiç bolmady – diýip, Goçgar aga dişinden syzdyryp, gaýta-gaýta aýtdy.

Öň obada beýle ahwalat bolmandy. Bu obadan bas-ha-baslyk ýyllary kän adam basylypdy, ýöne olaryň hiç birem ogurlyk üçin basylmandy, nähak töhmet bilen basylypdy.

Bu obada birinji gezek ogurlyk üçin adamy ýygnapdylar. Ogurlyk üçin ilkinji türmä basylýanyň aýal maşgaladygyna oba adamlary namys edýärdiler.

Ýazly aga köçä çykdy. Ol üýşüp duran adamlara salam berdi-de:

– Araňyzdan maslahata gatnaşmak isleýän bar bolsa, meniň yzym bilen gelibersin – diýdi.

Bu söze garaşyp duran ýaly, Garýagdy lukman, Toýly lök, Omar awçy, Myrry masat Ýazly aganyň yzyna düşdi. Mälikguly hem olara goşuldy.

Mälikgulynyň maslahatda aýtjak möhüm habary bardy. Ol maslahatda aýtjak sözüne, şondan soňky etjek işlerine öz ýanyndan buýsanýardy.

Buýsanç bilenem ol ýaşulularyň üýşüşip oturan otagyna bardy. Edep bilen salam berdi. Omar awçynyň gapdalynda gapa ýakyn oturdy.

Içerdäkileriň ählisi başlaryny aşak salyp otyrdy. Hiç birisi-de geplejek bolanokdy. Olar oba kethudasy Goçgar aganyň aýtjak sözüne garaşýardylar. Gelenler jaýlaşykly oturanlaryndan soň Goçgar aga ardynjyrap, söze başlady:

– Bolan işe çäre ýok. Dogry, boljak zat boldy. Indiki mesele bu gün ýeke-täk naçar ekleýjisini ýitiren gözmonjugy ýaly üç çaga bilen Allamyrat pälwana eýe çykmak. Dogry, eklenç aladasam kyn boldy. Şonda-da biz Narmuhammet dagy frontdan gelýänçä, Allamyrat bilen onuň agtyklaryny hor-zar etmän saklamaly.

– Goçgar aga, rysgally, agzybir obamyz bar. Allamyradam, agtyklarynam näçe wagt eklemeli bolsa ekläris. Hiç bir maşgaladan kem bolmaz – diýip, Mody başlyk her sözüne agram berip gürledi. – Obadaşlar, Narmuhammediň çagalarynyň garamatyny öz boýnumyza almasak bolmaz.

– Dogry, obamyzyň abraýyny saklamasak bolmaz – diýip, Goçgar aga başlygyň sözlerini baş atyp makullady.

Oba adamlary agzybirdi, edil bir maşgala ýalydy. Uly uly ýerindedi, ýaşkiçi hem ýaşkiçi ýerindedi. Adamlar biri-birini sylaýardylar, hatyralaýardylar.

Uruş başlanansoň adamlar hasam jebisleşdi, mähribanlaşdy. Agyr günlerde adam adama has zerur gerek eken.

Omar awçy (onuň üç lakamy bar: «drug», lakamy ýörgünli, «awçy» «dükançy» lakamlary onçakly ýörgünli däl. Ol bäş ýyl Orsýetde harby gullukda bolupdyr. Şondan oba gelensoň deňi-duşlarynyň käbirine «drug» diýip ýüzlenipdir. Ana, şol ýüzlenmesem özüne lakam bolupdyr) söz aldy. Ol Allamyrat pälwan bilen duldegşir goňşy bolup ýaşaýandygy, uly ogly Kakabaý bilen gözlüje ýaşytdygy, şu güne çenli ýeke gezegem göwne degiş-

mändikleri, biri-birini gaty hormatlandyklary, gowy görşendikleri, oba dükanynyň müdiri, satyjysy bolansoň, hökümetiň berýän hak-heşdeginiň oňuşmazça däldigi, munuň üstesine, özüniň awçylyk bilen hem meşgullanýandygy, mydama awunyň ganlydygy, bu günden başlap, mähriban dosty Narmuhammediň kakasy Allamyrat aga, üç çaga eýe çykmagyň özüniň jana-jan borjy hasaplaýandygy hakda aýtdy.

– Ýedi sany çagaňam saňa ýeterlik ýük – diýip, Goçgar Gara uludan demini aldy.

– Goçgar aga, ýedi bolmasa, on eken-dä.

Mälikguly gobsundy. Nädip söz aljagyny bilmeýän ýaly, oturanlara birlaý nazar aýlap, Goçgar aga ýüzlendi.

– Goçgar aga, meniňem aýtjak sözüm bar.

– Aýt, ogul, aýt.

– Goçgar aga, adamlar, häli öýde maslahat etdik. Ejem bilen, doganlarym bilen bir pikiri makul bildik. Şonam size aýtmagy öýde maňa tabşyrdylar. Adamlar, biziň öýümiziň häzir bäş adamy bar. Bäşiň üçüsi – ejem, uly uýam, özüm kolhozda işleýäris. Iki ýarym zähmet gününiň ýarmasy doly berilse, bäşi däl, ýedi-sekiz çagany saklamaga-da mümkinçilik boljak. Biziň bolsa mellegimizem, bagymyzam bar. Olardanam, hudaýa şükür, gowuja hasyl aldyk. Ýazda domalan, kömelek, gökdamak, gyzyldüýp, çomuç, gyzyl selme, ýuwa-ýelmik hem ep-esli ýygnap-kakadyp-guradyp goýduk. Olaram bir ýyla ýetjek. Ejemiňem, meniňem, doganlarymyňam pikirimiz bir çykdy: «Allamyrat aganyň agtyklaryna eýe çykalyň. Olar bizde özle-

rini gowy duýarlar. Otaglarymyzam giň. Sogap iş edeliň» diýişdik...

– Sag bol, Mälikguly, sag bol. Gizlemäýin, men seni indi birki ýyl bäri göz astyndan synlap ýörün. Tüweleme, göz degmesin, kakaň fronta gitse-de, aljyramadyň. Tutumyň gowy. Maşgalaňyzyň pikiri üçin sag boluň. Ýöne Allamyradyň öýüni haňladyp boş goýup bolmaz. Bu öýden mydama çaga sesleri çykdy, mundan beýlägem şeýle bolsun.

– Mälikgulyny menem keseden synlap ýörün – diýip, Ýazly aga Mälikgula buýsanç bilen bakdy. – Sag bol, ogul. Her bir hereketiň, her bir sözüň Berdimuhamedi ýatladyp dur. Ogul ata ýoluny seniň ýaly mynasyp alyp gitmeli.

Sag gözi çaşy, eňegi mama dişän, diňe bir sakgal-murty däl, gür gaşlaram, kirpiklerem ap-ak, atan-satan Myrry masat oýkanjyrady (Onuň hakyky ady Myratberdi bolmaly, ýöne bu ady obada bilýän adam ýok). Mälikguly mähetdel onuň bir zatlar aýtmakçy bolýandygyny aňdy:

– Adamlar, indi menem diňläň. Ýaňy Awçy drug örän dogry aýtdy. Narmuhammet bilen Awçy drug ýegre dost. Onuň bilen menem ýegre dost. Menem onuň öňünde borçly. Allamyrat pälwanyň sag tarap goňşusy Awçy drug bolsa, çep tarapdaky duldegşir goňşusam men. Meniň bolsa, özüňiz bilýärsiňiz, çaga-çugam ýok. Aýalym ikimiz kolhoz işleýäris. Herimiz bir zähmet gününi gazanýarys, ýarma normamyzy alýarys. Makul bilseňiz, men aýalym bilen Allamyrat pälwanlara göçüp geläýjek. Aýalym-a çagalaryň ýanynda bolar, men Pälwan aganyň hajatyna ýararyn. Omar hem geler.

– Adamlar, Myrry ikimize «hä» diýäýiň.

– Omar, sen döwletment kişi, ýöne seniň merkezden gelýän her jüre awçylar bilen arak içip mes bolaýmaň bar-da. Şonda üç-dört günläp dükanyň hem açylanok.

– Dogrymy aýdaýyn, Allamyradyň gyzy barada eşidip, men kän oýlandym: «Üç çaga kim hossar çykmaly?» diýip. Hossar çykmak üçin menden hem Myrrydan elhal, amatly maşgala ýok. Onuň üstesine-de, duldegşir goňşy. Şonuň üçinem Narmuhammet dagy gelip, çagalaryna eýe durýança men mertlik etmeli. Şol zährimardan datmaly däl diýip karara geldim, ine, şu adamlaryň öňünde size söz berýärin. Agyr günde birek-birege hemaýatymyz degmese, bizden türkmen bolmaz. Bizden adam hem bolmaz.

– Dogry. – Goçgar Gara oturanlara sala salýan terzde seretdi.

– Rast pikir. – Mody başlyk unady. – Kolhoz tarapyndanam ýagdaýa görä kömek berer durarys.

Oturanlar Goçgar agany hem Mody başlygy makulladylar.

– Belli bir karara gelen bolsak, onda Omar, Myrry, siz gaýrat ediň. Bizem siziň ýanyňyzda bolarys – diýip, Goçgar aga maslahaty jemledi. – Onda indi Allamyrat pälwanyň ýanyna gideliň. Oňa ýagdaýy aýdalyň. Ol entek hiç zatdan habarsyzdyr. Oňa göwünlik bereliň. Goý, gysylyp-gowrulyp oturmasyn. Bir hepdeläp, adamlar, ýagdaýymyzyň boldugyna görä gijesine-gündizine Allamyradyň ýanynda bolalyň. Ýedi günden soň biraz köşeşer.

– Goçgar, ertir raýona gidip, prokuror bilenem, birinji sekretar bilenem gürleşmeli, gerek bolsa ýalbarmaly, gerek bolsa para-peşgeş bermeli. Gapymyň öňünde durarlar, ýöne puluň öňünde aňsat-aňsat durup bilmezler – diýip, Ýazly kesgin aýtdy. – Nirä barmalydygyny Mody gowy bilýändir.

– Ýazly dogry aýtdy. Ertir gidip ýalbaryp göreli. Obamyzyň ähli adamlarynyň adyndan haýyş edeli. Netijesi bolmasa, alaç ýok. Belki, bize düşünerler. Türkmençilik edip gyzymyzy boşadyp goýbererler...

Içerdäkiler daşarda duranlar bilen goşulyşyp, Allamyrat pälwanlara ugradylar. Allamyrat pälwanlaryň öýi Goçgar agalaryňkydan uzakda däldi. Aralykda diňe Garýagdy lukman bilen Myrry masadyň öýi bardy.

Iň öňde Goçgar aga barýardy. Mody başlyk bilen Ýazly ýatak ondan bir ädim yzdadylar.

Mälikguly ýaşululara goşulyşyp barşyna, näme üçindir, özüni oňaýsyz duýdy. Oňaýsyzlygyň sebäbini hernäçe oýlansa-da bilebilmedi.

Ol obadaşlaryna buýsandy. Neneň buýsanmajak?! Başyňa hernäçe agyr iş düşse-de, obadaşlaryň seni taşlajak däller. Seniň bilen iň soňkuja töteginem deňje paýlaşyp iýjekler, özi iýmän saňa iýdirjek mähriban adamlar bular. Şeýle mähriban, eziz, agzybir adamlaryň arasynda ýaşadygyňça ýaşasyň gelýär. Şeýle gowy adamlaryň arasynda ýaşanyňda durmuşyň agyrlygam eger-eger duýulmaz eken.

Adamlar, göräýmäge, käteler biri-biriniň asgyn tarapyny aýdyp üstlerindenem düşerler, gyjalatam

bererler. Özüniň asgyn, kemçilikli tarapy aýdylany üçin öýke-kine edýän ýokdur. Her kim şol kemçiligi düzetjek bolup gara gündedir. Biri-birini görmeseler, ýürekdeş söhbet etmeseler, olaryň uly bir zady ýetmeýän ýalydyr.

Obada her kim biri-birine bäş barmagy ýaly belet. Asyl biri-birinden gizläp biljek zatlary ýok. Belki, gizlemekçi bolanlaram barsa bardyr, ýöne oba adamlary özlerini «ýeriň aşagynda ýylan gäwüşese-de bilýänlerden» hasaplaýarlar. Şonuň üçin obada gizlin syram ýok.

Ine, häzir oba ýaşululary üýşüp, dünýäsi daralyp-daralyp iňňäniň gözi deýin kiçelen Allamyrat pälwanyň ýanyna bararlar, oňa göwünlik bererler. Bu obanyň adamlarynyň biri-birine dogandygyny aýdarlar. Goçgar aganyň aýdyşy ýaly, ýedi günläbem onuň ýanyndan aýrylmazlar, ähli hajatyna ýardam bererler.

Goçgar aga agyr habary – Käkiligiň alnyp gidilendigini, gyzyň türkmençilikde gabahat hasaplanýan işi edendigini, soňundanam ýaşulularyň üýşüp maslahatlaşandygyny, anyk pikire gelendiklerini, gysylyp-gowrulyp oturmaly däldigini aýdar.

Nähili agyr pursatlar!

– Hemmämiz birden girmäliň. – Goçgar aga yzyna öwrüldi. – Ilki Mody ikimiz baryp, agyr habary aýdaly, biraz teselli bereli. Siz birpaýyzdan giräýiň.

Olar dag ýaly bolup ýatan Allamyrat pälwanyň ýanyna bararlar. Öňem haly egbar Allamyrat pälwan bu habary eşidip, nädip çekip-çydarka? Onuň düşjek ýagdaýyny göz öňüne getiren Mälikgulynyň ýüregi gyýym-gyýym boldy.

Içerde çagalaryň çyrlap aglaýan sesi eşidilýärdi. O çagalar Narmuhammediň çagalary bolmaly. Eý, Hudaý jan, olaryň ýanynda bu mahal hiç kim ýokmuka?

Myrry masadyň öýüniň deňindäki tuduň aşagynda çaganyň aglaýandygy üçinmi ýa Käkiligiň alnyp gidileni üçinmi, titräp-titräp aglaýan Zybagüle Mälikgulynyň gözi düşdi. Onuň ýanyna bardy. Oňa näme diýjegini bilmän, ýüzüne duýgudaşlyk bilen seretdi.

Zybagül Mälikgulyny sandyraýan elleri bilen gujaklap, sojap-sojap aglady.

– Doganym, bu nähili boldy-a?! Käkilik jany alyp gitdiler-ä. Ol o ýerde çydap bilmez. Ol kösener-ä, horlanar-a. Oňa derek meni äkiden bolsalar gowy bolardy. Indi çagajyklara kim sereder?

Mälikguly hem gözýaşyny saklap bilmedi.

## S.S.S. – salamdan soňky sözüm

Mälikguly her gün okuwdan soň, ýarym zähmet gününi bitirmek üçin, giç agşama çenli başyny galdyrman işleýärdi, eglip orak oransoň bili, endam-jany agyrýardy. Barybir, özüne döz gelip, sütem edip işleýärdi.

Onuň bu perişan halyna göýä kakasy keseden seredip duran ýaly bolýar. Ol kakasyna ýüzlenýär: «Kaka jan, ganymlary haçan ýeňýärsiňiz-ä?! Çaltrak ýeňip gelseňizläň. Obada ýagdaý gün-günden agyrlaşyp barýar. Frontdan «Gahrymanlarça wepat boldy» diýlip gara haty gelýän adamlaryň sany hem köpelip gidip dur. Maşat Akmämmet, Gulam Baba, Abdy Myrat, Garry Molla, Öwezow Kör, Gurban Şyh, Akmyrat Nepesow... – jemi elli alty sany adamyň «gahrymanlarça wepat bolandygy» barada gara hat geldi, olaryň patalary alyndy, kaka! Men urşuň tiz gutararyna, harby eşikde dolanyp geleriňize garaşýaryn. Her gün garaşýaryn diýsem uzak bolýar, men herdaýym, herdem garaşýaryn. Boş wagt tapsam – bugdaý oragy başlanany bäri-hä boş wagtam bolanok – Çömmekdepä çykyp, Tejene gidýän ýola seredýärin. Şol ýoldan birden görünmegiňizi isleýärin, kaka! Öýde her gün agşam sizi ýatlaýarys. Ejem siziň ýaşlygyňyz hakda, ýedi arkamyz hakda gyzykly gürrüňler berýär. Biziň üçin

dünýäde şol gürrüňlerden lezzetli zat ýok. Özümiň abraýly neberedendigime – ynanyň – juda, juda begenýärin. Size meňzemäge çalyşýaryn. Ýöne teý başaramok. Siz fronta gideniňizden soň ähli zadyň, ak-gök ekin-dikiniň berekedi gaçdy. Mellegimizden alan gallamyz bu ýyl bir batmana-da ýetmedi. Kolhozam bu ýyl hasyly az aljaga meňzeýär. Atyzlardan geçen ýylky ýaly hasyl alnanok, görnetin az çykýar. Şonuň üçin kolhozam her zähmet gününe berýän ýarmasyny azaltjakmyş. Bir zähmet gününiň normasy köpeldi. Öň bir zähmet güni on ýedi sotkady, indi ýigrimi iki sotka ýetirdiler».

Mälikguly birden öz eden pikirlerinden howpurgady: «Eý, Hudaý jan, meniň kakama aýdýan zatlarym näme? Ýok, ýok, onuň ýaly sözleri kakama aýdyp, ony alada goýmak bolmaz. Magtymgulynyň «Ýeldim tutuny», näme, unutdyňmy? Kakama ejizligiňi duýduryp bolmaz. Ejizlemek hem bolmaz. Kakam dogry aýdypdy: «Allatagala senden bir zat alýan bolsa, ýerine has gowusyny bermek üçin alýandyr, ýitirmän tapyp bolmaýar. Onsoňam Allatagala her kimsä çekip biljek ýüküni urýar. Adam bagtyny, döwletini kynçylyklardan tapýar. Kynçylyk synag pursady. Kim synagdan bäşlik bilen geçse, oňa rowaçlyk, üstünlik garaşýar. Her kim synaglardan – kynçylyklardan geçip, bagtyna barmaly. Bagta hiç wagtam aňsatlyk bilen ýetilmeýär. Aňsatlyk bilen ýetilen bagtyň ömri jyzlanyň ömri deýin juda gysga bolar. Sen hiç wagt kynçylykdan gorkmagyl. Ony ýeňmek üçin yhlas et. Ömürlik zat ýok, kynçylyk hem uzak durmaýar. Yhlasyň öňünde durup biljek güýç ýok». «Ka-

kam maňa bu sözleri ejizlejekdigimi öňünden aňyp aýtdymyka? Ýok, ýok, ejizlemek bolmaz. Menem ejizlemerin. Neberämize ysnat ýetirmerin. Işlemeli! Işlemeli! Işlemeli!» diýip, Mälikguly dogumlandy.

Ol käte hyýalynda özi bilen hemsöhbet bolýar hem özüne ejizlemeli däldigini gaýta-gaýta nygtaýar. «Işläýin, yhlas bilen işläýin. Goý, maňa kakam guwansyn. Goý, maňa ejem guwansyn. Goý, maňa doganlarym guwansyn. Goý, meniň işleýşimi görenleriň ählisi guwansyn» diýip, Mälikguly pikirlerini jemleýärdi.

Her gün işden soň öýe baranda-da Mälikguly ejesine, doganlaryna özüniň aşa ýadawdygyny duýdurmazlyga çalyşýardy, agşamlyk owkadyny edinip, ýatmak bilen bolýardy. Gyşaran ýerinde uklap galýan gezeklerem az däldi. Şeýle bolanda ejesi onuň üstüne ýorgan ýapýardy. Ol ýorganyň ýapylandygyny hem ertir daňdan turanda duýup galýardy.

Ol bu günem ýadady. Gaty ýadady. Neti bir döwüm çörek iýip ýatmakdy.

Içeri giren dessine Mälikgula dogany hoş habar söýünjiledi:

– Mälikguly, kakamdan hat geldi, kakam jandan hat geldi.

– Hat?..

– Hawa, kakam jandan hat geldi.

– Hany?

– Ine, ine!

– Siz okadyňyzmy?

– Okadyk, okadyk.

– Näme diýýär?

Hemmämize salam ýollapdyr. Ýagdaýymyzy sorapdyr.

– Öz ýagdaýy nähilikä?

– «Öz ýagdaýym gowy» diýýär. «Ganymlaryň hüjüminiň öňüni aldyk, yza serpikdirdik. Indi kowup barýarys» diýýär. – Jigisi biraz dymdy. – Bilýäňmi sen hakda näme diýýär?

– Näme diýýär?

– Ol: «Men barýançam Mälikguly sizi hiç bir zada hor-zar etmez. Ol gujurlydyr, akyllydyr» diýipdir.

– Özüm okaýyn häzir.

Mälikguly pelteli çyranyň ýanyna çökdi.

– Daşyňdan oka, oglum – diýip, Ogulbäbek eje onuň ýanyna gelip oturdy. Doganlary hem onuň daşyna egele boldular.

– Siz öň okapsyňyz-a?

– Okanymyzda näme, ýene bir gezek diňläli.

*Salam haty*

*Kim men diýende ara daşlykdan, ýürek ýakynlykdan 2-nji ukrain frontynda ganymlara garşy söweşip ýören Berdimuhamediň tarapyndan Ogulbäbege, ogullaryma, gyzyma köp-köp dogaýy salam bolsun.*

*S.S.S.*

*Ogulbäbek, ýagdaýlaryňyz gowumy? Oba sagலykmy? Men size wagty bilen hat ýazyp bilmedim. Sebäbi ep-esli wagtlap bellibir adresimiz bolmady. Ondan-oňa gitmeli bolduk. Indi adresim anyk. Hatymy alanyňyzdan soň, ine, şu adrese hat ýazyň.*

*2-oý ukrainskiý front*
*polk 4*
*wzwod 16.*

*Ýewreýtoru B.Annaýewu.*

*Ine, şeýdip ýazsaňyz, men hatyňyzy alaryn. Men sabyrsyzlyk bilen hatyňyza garaşýaryn.*

*Bu ýylyň hasyly nähili boldy?*

*Mellekdäki bugdaýy orduňyzmy? Döwekden soň bir gün serip goýuň. Ýagdaýyňyzyň ýeňil däldigini bilýärin, ýöne gaýrat ediň. Nesip bolsa, tizara uruş gutarar, parahatçylyk bolar. Ýaşaýşymyz has gowy bolar.*

*Mälikguly, seniň ýagdaýyň nähili? Senden tamam uludyr, oglum. Men saňa ynanýaryn. Oglum, ejeňi, doganlaryňy gora. Ejeň ýarawlygy ýokdur. Onuň edýän agyr işlerini özüň et. Ejeň kesellese, saňa kyn bolar. Men baramsoň, arkaýyn dynç alarsyň. Soň öýüň ähli keşigini özüm çekerin. Siz meniň gije-gündiz aladamsyňyz. Men siziň üçin janymy bermäge taýýar ahyryn. Siz meniň ömrümiň manysy. Siz meniň kuwwatym, daýanjym.*

*Siz abraýly, döwletli nesliň dowamysyňyz. Neberäňize mynasyp bolmaga çalşyň.*

*Meni alada etmäň. Meniň sizden başga kem zadym ýok. Gizlemäýin, siziň ähliňizi juda göresim gelýär, her biriňiziň didar-keşmeriňizi görüp, gürleşip oturasym gelýär. Biziň goşunymyz bu günler ganymlaryň aldajy ajal ýaly bolup gelen hüjüminiň ýüzüni aldy. Ol indi pyssardy. Indi onuň işi gaçmak, biziňki bolsa kowmak bilen. Biz ganymlary haýsy deşige girse-de, tapyp ýok ederis, hem oba ýeňiş bilen bararys.*

*Ogulbäbek, men barýançam Mälikguly sizi hiç bir zada hor-zar etmez. Ol gujurlydyr, akyllydyr.*

*Hoş, sag boluň.*
*Salam bilen*
*Berdimuhamet Annaýew.*
*26-njy maý, 1943 ý.*

Mälikguly haty bir demde okap çykdy, ýeňillik bilen dem aldy.

26-njy maýda ýazypdyr, ondan bärem on iki gün geçipdir. 26-njy maý – kolhozda orak ormaga başlan günümiz.

Ganymlaryň yzyndan kowup ugran bolsalar uruş tiz gutarar.

– Eje, geliň, derrew kakama jogap hatyny ýazalyň. Goý, öýden haçan hat gelerkä diýip garaşyp ýörmesin. Hat şonsuzam on iki gün öň ýazylypdyr. Barýança-da on iki gün gerek bolar. – Mälikguly kagyzdyr ruçka, syýaçüýşe getirmek üçin ýerinden turdy.

– Oglum, haty bu gün ýazmalyň. Erte agşama çenli ýazjak zatlarymyz hakda oýlanyp gezeliň. Agşam üýşüşip ýazaýarys.

Ejesiniň bu sözi Mälikgula gaty geň hem syrly eşidildi.

– Näme üçin ertir? Häzir ýazaýaly-la, eje.

Bu sapar Ogulbäbek eje pikirini gutarnykly aýtdy:

– Häzir däl, haty erte agşam ýazarys. Häzir ýatalyň.

Owadan bilen Amanguly hem ejesine özelendiler: hatyň häzir ýazylmagyna rugsat bermegini soradylar.

Ogulbäbek eje ahyr ýüregindäkini açyk aýtmaly – gönülemeli boldy:

– Siz maňa dogry düşüniň. Maňa hemme zady aýtdyrjak bolmaň. Bu gün sähetli gün däl. Ertir sähetli gün – juma güni. Juma güni agşam hat ýazsak, Hudaý jan ýol berse, dileglerimiz gowşar.

Onsoňam bu gün gaty agyr gün boldy. Men hatyň sähetli gün ýazylmagyny yrym edýärin, balalarym!

Bu sözden soň hiç kim sesini çykarmady.

* * *

Şol günüň ertesi Mälikguly meýdan düşelgä baranda kolhozçylar ýaňy günorta çaýyna oturan ekenler.

Ertirden bäri onuň aňynda diňe bir pikir at çapýardy, ol hem kakasyna ýazyljak agşamky hatdy. Ol hatda nämeleri aýtmaly? Ine, şu pikir esasy pikir. Mälikguly aňynda hatda ýazylmaly zatlary doly göz öňüne getirip bilenokdy. Elbetde, «Gahrymanlarça wepat boldy» diýip gelen habarlary aýdyp bolmaz. Käkiligiň düşen güni hakda-da hiç zat aýtmaly däl. Goý, kakam biynjalyk bolmasyn.

Ýogsa-da häzir Käkiligiň ýagdaýy nähilikä?

Mälikguly jaýlaşykly ornaşandan soň ejesine seretdi. Onuň sag tarapynda Zybagül otyrdy.

Zybagülüň bolup oturyşy gaty perişandy. Ol başyny aşak salyp otyrdy.

Her kim bir käse çaý içmek, ýürekselik edinmek bilen başagaýdy. Diňe Zybagül iýip-içjek bolanokdy.

Goçgar aga bilen Mody başlyk raýon merkezine gidipdi. Olaryň maksady raýon ýolbaşçylary bilen duşuşmakdy. Olara ýalbarmakdy hem Allamyrat pälwanyň gyzy Käkiligi boşadyp, özleri bilen alyp gaýtmakdy. Obanyň uludan-kiçä ählisi oba kethudalarynyň Käkiligi alyp gelerine sabyrsyzlyk bilen garaşýardy.

Kolhozdaky bäş brigadanyň ählisi ýörite öz oglanlaryny Çömmekdepede goýdular. Ol oglanlaryň wezipesi Mody başlyk dagy göründigi, oba habar bermekdi.

Oglanlaryň ählisi oba hoş habar buşlaslary gelip, böwrejikleri hürleşipjik durdy.

Ähli kişiden yhlasly garaşýan Zybagül bolmaly. Ol başyny diňe oba tarapa seretmek üçin galdyrýardy, oba oglanlarynyň biriniň hoş habar getirmegine garaşýardy.

Bu gün aýal-gyzlaryň arasynda-da, ýaşulularyň, ýaş oglanlaryň arasynda-da gürleşýän, biri-birine habar gatýan ýokdy.

Meýdan düşelgesinde ýigrimiden gowrak kolhozçy bar hem bolsa dym-dyrslykdy. Şeýle bolansoň, Mälikguly ejesiniň Zybagüle aýdan sözüni açyk eşitdi:

– Beýdip oturma-da, bir döwüm nan iý, gyz!

Mälikguly Zybagülüň näme jogap berenini eşitmedi. Ýöne onuň gozganman şol bir oturyşydy.

Kolhozçylaryň arasyndan ilkinji bolup Zybagül işe ugrady. Şondan soň beýleki kolhozçylar hem turmak bilen boldular.

Garaňky gatlyşyberende Berkeli birgäd obadan habar getirdi: Mody başlyk bilen Goçgar aga raýondan boş geldiler. Işleri bitmändir. Olar Käkiligi görenmişler. Käkilik duzam datmaýarmyş. Soralýan soraglara-da jogap bermeýärmiş. Asyl ýeke agyz gürlemeýärmiş. Kellesini diwara urýarmyş. Üsti-başy garaganmyş.

Berkeli aganyň birki agyz sözde aýdan ahwalaty depe saçyňy düýrükdirýärdi.

Ähli kişi başyny aşak salyp, gaty gamgyn ýagdaýda öýüne gaýtdy. «Barybir, bu hakda kakama hiç zat aýtmarys» diýip, Mälikguly kakasyna ýazyljak hat hakda oýlanyp öýüne ugrady.

Öňde – tuduň aşagynda bir aýal maşgalanyň bir gysym bolup durşuny gören Mälikgulynyň, näme üçindir, ini jümşüldäp gitdi. Bu, megerem, tuduň aşagynda duran aýal maşgalanyň perişan, gözgyny ýagdaýy üçindir. Mälikguly duranyň Zybagüldigini tanady. Ol özüne garaşýan bolmaly. Hakykatdan hem, şeýle eken.

Mälikgulyny gören Zybagül naýynjarlyk bilen ýanyna çagyrýan dek yşarat etdi.

Mälikguly sesini çykarman onuň ýanyna bardy. Näme diýjegini bilmän, gyzyň ýüzüne soragly seretdi.

– Eşitdiňmi? – diýip, gyz pyşyrdap diýen ýaly sorady.

– Eşitdim, baryny eşitdim. Käkilige gaty gynanýaryn.

– Sen öten agşam olaryňka bardyňmy?

– Bardym.

– Çagalaryň ýagdaýy nähili? Enesiz, atasyz aç syňsyraşyp otyrlarmy görgülijikler?

– Üçüsem bir ýerde çugutdyryp otyr eken.

– Açlykdan ýaňa turmaga ragbatlary ýokdur ol görgülijikleriň. Wah, Kakabaý aga, Narmuhammet aga dagy geläýse-hä olaryň maňlaýlaryndan dirärdi, o görgülijiklere hossar gerek, hossar. Allamyrat aga nätsin?! O bendäniň özüne-de tekge gereg-ä. Mälikguly, saňa bir ýumşum bar meniň. Ine, şulary

görgülijiklere eltip ber – diýip, Zybagül Mälikgula ak düwünçek uzatdy.

– Bu näme?

– Bu çörek, Mälikguly dogan, sen ýüksünmän şu çöregi şo çagajyklara paýlap elin iýdir, goý, olar aç oturmasynlar.

Mälikguly düwünçegi eline alandan nämäniň-nämedigine düşündi:

– Wiý, bu-ýä seniň günortanlygyň üçin öýüňden getiren çöregiň. Sen günortan hiç zat iýmän, asyl özüňe niýetlän çöregiňi Narmuhammet agaň çagalaryna bermekçi bolupsyň-da.

– Maňa hiç döwem çalmaz, Mälikguly. Aýal maşgalalar daşdanam, demirdenem çydamly diýýärler. Gör-ä, meniň ýagdaýym erbet däl-ä. Sen meni alada edinme, dogan. Bu barada hiç kimiň ýanynda-da hiç zat aýtma. Men saňa ýalbarýaryn, şu düwünçegi derrew çagajyklara eltip ber, iýip bolýançalar ýanlarynda otur. Iň gowusy, ýanyndajyk oturyp, elinje iýdir, Mälikguly, ýalbarýan saňa, şu ýumşumy ýüksünme.

Mälikguly Zybagüle nebsagyryjylyk bilen seretdi, sessiz-üýnsüz razylaşdy.

Zybagülüň düwünçegini göterip, göni Allamyrat pälwanlaryňka bardy. Barsa, bu ýerde iki sany aýal – Allamyrat aganyň sag hem çep tarapdaky goňşulary Akbibi daýza bilen Zöhre daýza ýetişiksiz günde ylgaşlaýardylar: biri gazana ot salýardy, nahar bişirmek bilen başagaýdy, beýlekisi – obada «iň owadan gelin» adyny alan gözel Akbibi tamdyrda çörek ýapmak bilen başagaýdy.

Zagara hamyry tamdyrda aňsat-aňsat durmaýar. Ony duruzmagy belli-belli aýallar oňarýar diýýärler. Ýapan zagarasyny düşürmän ýapyp alýan aýallaryň birem gözel Akbibi bolmaly.

Zöhre daýza çagalara naharam äberipdir. Hana, çagalar saçagyň başyna egelenişip otyrlar, işdämenlik bilen çorba içýärler. Çagalaryň her biriniň elinde-de Mälikgulynyň getireninden kiçi bolmadyk çörek bar.

Içerden erkek kişileriň sesi eşidilýär. Olar pessaý gürleşýärler.

Köçe tarapdan üç erkek kişi göründi. Olaram bu ýere gelýärler. Mälikguly olary tanady: Ýazly ýatak, Toýly lök hem Ata gürmen. Myrry masat içerden boşan çäýnekleri alyp çykdy.

Myrry masada ile goşulmaýar diýýärler. Onuňam sebäbi owadan aýaly sebäplimiş. Başga biri bolsa, «Myrry obanyň harazynam, juwazynam ýeke özi ýöredýär. Hiç zada ýetişip bilenok ol. Şonuň üçin ondan hiç bir zady aýyp-syn etmeli däl» diýýär. Myrry masadyň biraz kemliräkdigi – garaguş kakynlydygy, şonuň üçin urşa-da ýaramsyz bilnendigi, aýal meselesinde bagtynyň çüwendigi, nesibesi çekip daşkyrak obalaryň birinden sebitde deňi-taýy bolmadyk gözelleriň gözeline öýlenendigi, onuň sebäbi ol gözeller gözeli gözel Akbibiniň birine äre gaçjak bolanda tutulandygy, muňa gahar edip, içini ýakmak üçin kemli Myrra durmuşa çykarandyklary hakda aýdýarlar.

Eý, Hudaý, bu nämäniň alamatyka?

Näme üçin bu öýde gaý-da-gaýmalaşyk?!

Ýene gelip durlar. Bu gowulygyň alamaty bolmaly däl. Gör-ä, adamlaryň ýüzlerindenem sörtük gar ýagýar. Allamyrat aga amanadyny tabşyran bolmaly. Haý, bende! Gyzynyň düşen halyny ýüregi göteren däldir. Namysdan ölendir ol.

– Mälikguly, geldiňmi? Oňarypsyň. Ýör, onda baraly – diýip, Ýazly ýatak Allamyrat pälwanyň otagyna bakan ýöräp ugrady.

Mälikguly Ýazly aganyň yzyna düşdi. Ol öň merhumy görmändi. Diňe Aba aga hemem Aýyt aga ýogalanda gölegçilere goşulyp, obanyň gola-ýyndaky Atagylyç işan gonamçylygyna gidipdi hem merhumyň üstüne ýedi pil gum atypdy.

– Essalawmaleýkim!

Mälikguly Ýazly ýatagyň salam berşini geňledi, sebäbi onuň salam berşinde içerde merhum ýatanyň alamaty – ýas alamaty ýokdy.

Hakykatdan hem, içerde merhum ýok eken: Allamyrat pälwan düýnki oturan ýerinde şindem sarsman otyr. Ýanynda-da üç-dört adam bar.

Türkmençilik dessury boýunça hal-ahwal soraşmak başlandy. Käbir ýerde adaty endik boýunça hal-ahwal soraşylsa soraşylýandyr, ýöne bu obada adamlar hal-ahwaly soraşmagyň hatyrasyna däl-de, gara çynlary bilen soraşýarlar.

Mälikguly şu wagta çenli oglanlyk dünýäsi bilen köp zatlara pitiwa etmän eken, öz obasynyň içki dünýäsini oňly bilmeýän eken. Ol bu zatlara kakasy urşa gidip, onuň ýerine oňa-muňa görünmeli, gatnaşmaly bolansoň göz ýetirip ugrady. Oba adamlary Mälikgulynyň haýsy ýylda, haýsy günde doglandygyny, şol gün obada başga nämeleriň

bolup geçendigini, Berdimuhamediň aňyrsynyň haýsy abraýly neberedendigini, haýsy gün nähili haýyrly, sogaply işleri bitirip, adamlary begendirendigini takyk aýdyşyp otyrlar. Hakyt janly ensiklopediýa olar!

Ýazly ýatak dagy ýanlary bilen getiren çöreklerini ortadaky saçaga saldylar, çörek dolap getiren ýaglyklaryny bolsa ýanlarynda goýdular.

Mälikguly oňaýsyz ýagdaýa düşdi, çagalaryň ellerindäki çörek göz atuwynda peýda boldy. Ol hem bile içeri girenleriniň hereketini biygtyýar gaýtalady: Zybagülüň agzyndan kesip çagalara ýörite berip goýberen bir kesemen çöregini çekine-çekine saçaga saldy. Onuň bar aladasy bu bir kesemen çöregi Ýazly aganyň görmezligidi. Görse, ol öz öýüniň çöregini tanar. «Biziň öýümiziň çöregi saňa nädip düşüp ýör?» diýip sorasa, näme jogap berjek? «Ýazly aga, bu çöregi agtygyňyz Zybagül, Narmuhammet aganyň çagalary üçin berip goýberdi» diýib-ä bolmaz. Ýazly aga gaty synçy adam bolmaly.

Eý, Hudaý, saçagy Ýazly agadan biraz düýbüräge süýşürip bolmazmyka? Ol öz çöregini hökman tanar. Onsoň çöregiň bu ýere nädip düşeni bilen gyzyklanyp ugrar. Ol gaty ynjyk adam bolmaly.

Içerde Aşyr, Weli, Şaguly, Nury, Şirmämmet, Derýa dagy hem bardy. Mälikguly olar bilen baş atyp habarlaşdy. Olaryň käbiri uzak oturman gaýtdy.

Ýaşulular özara gürleşýärdiler, Allamyrat pälwanyň gaýga batyp otyrmazlygy üçin köp zat hakynda gürrüň boldy. Ahyry gürrüň ýaşlara syrykdy.

– Aramyzda ýaşlar otyr, tüweleme, bular mertlik bilen, hiç hili çyňňy-pyňňysyz uly ýük göterýärler. Sag boluň, ýigitler! Size bir zady aýdasym gelýär, sebäp diýseň, siz ony hökman bilmeli hem şol ýoly bizden soňam dowam etdirmeli – diýip, Ýazly ýatak Mälikguly daga birlaý nazar aýlady. – Birmahallar patyşa öz ýurduna obama-oba aýlanar eken. Her oba gelende adamlara ýüzlenip: «Obaňyzda kömege, goldawa mätäjiňiz, kösenýäniňiz barmy?» diýip sorapdyr. Şonda adamlar: «Hudaýa şükür, ählimiziň ýagdaýymyz oňuşmazça däl. Bir mydar edýäris. Birek-birek bilen goldaşýarys» diýseler, onda patyşa oba kethudasyna ýüz dinar serpaý berer eken. Soň başga oba ugrapdyr. Ol oba barybam şol bir sowalyny gaýtalapdyr: «Obaňyzda kömege, goldawa mätäjiňiz, kösenýäniňiz barmy?». Garamaýak halkyň ýüregindäki dilinde, ol ýalan sözlemegi bilmeýär, ony öte günä hasaplaýar. Sebäbi Gurhanda-da ýalan sözlemegiň gaty ýaramaz zatdygy nygtalýar. Onsoňam her bir adamda üç mukaddeslik bar. Birinjisi, beýik Taňry, ikinjisi ata-eneň, üçünjisi ýurduň patyşasy. Bu üçüsine mydama ýüregiňdäkini aýtmaly hem olara wepaly bolmaly, olary eger-eger aldajak bolmaly däl.

Patyşa beren sowalyna kä oba baranda: «Patyşahy älem, biziň-ä ýagdaýymyz oňuşmazça däl, ýöne pylanynyň eklenji agyrrak. Görgüliniň adamsy aýryldy. Onsoň üç sany çülpe çagasy bilen galaýdy» diýen ýalyragam jogap eşidipdir.

Patyşa aýdypdyr: «Onda siziň kethudaňyzdan kethuda bolmaz. Onuň ýerine kethuda saýlar ýaly kim bar?»

Bu söze kethuda-da, oba adamlaram ör-gökden gelipdir: «Patyşahy älem, biziň kethudamyz gowy adam. Ony kethudalykdan aýyrmaň!». Patyşa aýdypdyr: «Adamlar, men size düşünýärin. Sözüm ýok, kethudaňyz, öz aýdyşyňyz ýaly, gowy adamdyr, adamkärçiligi, gylyk-häsiýeti gyzyl ýalydyr. Ýöne kethuda bolmak üçin diňe gowy gylyk-häsiýetlilik ýeterlik däl. Onuň esasy borjy obany bir maşgalanyň adamlary ýaly edip, deň saklamak. Maşgalada kemisräk, ýarawsyzrak biri bar bolsa, hossarlary obada onuň kemini bildirmän saklamaga çalyşýandyrlar. Kethudanyň borjy hem obanyň adamlaryny jemläp, şol ýardama mätäje goldaw bermeli, hiç kimiň hiç zada hor-zar bolmazlygyny ýola goýmaly. Obaňyzda goldawa mätäç bar bolsa, tutuş oba şol maşgalany aýaga galdyrmaga, ile goşmaga çalyşmaly. Goşup bileňzokmy – bu obada agzybirligiň gowşakdygynyň alamaty. Agzybirlik bolsa, köp babatda kethuda bagly. Hiç kimde artyk-süýşük zat ýokdur. Ýöne oba jebisleşse, agzybir bolsa, müşgil zat galmaz».

Patyşa bu sözleri aýdyp, oba täze kethuda saýlapdyr hem her ýyl gelip, ýa öz adamyny iberip, şol obanyň ýagdaýyny barlap durupdyr. Garasaý, oba agzybirligi ýola goýulýança patyşa rahatlanmandyr. Eger obada kethuda bolup biljek edenli bir kişi ýok bolsa, onda patyşa öz wezir-wekilleriniň birini oba wagtlaýynça kethuda belläpdir. Onuň borjy oba agzybirligini ýola goýmak hem kethuda ýetişdirmek bolupdyr. Öz ýerine edenli, pähim-paýhasly birini ýetişdirensoň, patyşa öz adamyny sylaglap, öňki işinde goýupdyr.

Häzir başga döwür, başga zamana. Ýöne obalar şol öňki, adamlaram şol öňki adamlar. Betbagtçylyk depäňden inende iliň betbagtçylygy has açyk duýulýar. Kynçylyklarda kimiň-kimdigi has oraşan tanalýar. Pederlerimiz bir pähim döredipdir: «Il bilen gelen ölüm toý-da-baýram» diýip. Wagtyň geçmegi bilen adamlar bu pähimden «ölüm» sözüni aýryp taşlapdyrlar. Elbetde, bu pähimde «ölüm» sözüni agzamanyňda-da nämäniň nämedigi düşnükli diýip pikir edendirler-dä. Hawa-da, türkmen nähili çykgynsyz ýagdaý bolanda-da «ölüm» sözüni agzamazlyga çalyşýar. Magtymguly atamyz bu pähimi has ýönekeýleşdiripdir: «Goç ýigide toýdur-baýram, her iş gelse il biläni». «Her iş» sözüniň nämeleri aňladýandygyny aňýansyňyz. Türkmen ýene sähel wagtdan amanadyny tabşyrjak bolup ýatandyr welin, ýagdaýyny sorasaň, «Ýagdaýym erbet» diýmez. «Hudaýa şükür, ýagdaýym gowy» diýer. «Gowy» diýibem jan berýändir. Türkmen, oglanlar, – bilip goýuň, – şeýle çydamly, şeýle şükürli halkdyr. Türkmen indi öwrenäýmese, şu wagta çenli takga janynyň çykjagyny bilse-de, zeýrenen däldir. «Il bilen gelen ölüm toý-da-baýram» diýmesiniň aňyrsynda-da türkmeniň çydamlylygy durandyr. Türkmen «Öý eýesine gerek bolsa goňşa haram» diýip däl-de, «Goňşa gerek bolsa öý eýesine haram» diýip ýaşandyr. Türkmen özüne gezek gelende biagyrdyr, ýöne goňşy-golamy, obadaşy babatda welin, bütinleýin başgadyr, çulumdyr, galdawdyr, hüşgärdir, ýürekdeşdir. Türkmen gerek bolsa, obasy üçin malyndan geçmäge mydama taýyndyr. Obada bir dogan

ýaly bolup ýaşamaly. Kim goldawa mätäç bolsa, ýoguňy bar etmeli.

Adamy iki zatda has anyk tanap bolýandyr. Birinjisi, öýünden. Öý – erkek kişiniň başarnygynyň, asyl kimdiginiň keşbidir. Ikinjisem, adamyň adama edýän hemaýatyndan tanap bolýandyr. Haýyr işde sahawat bardyr. Birine kömek etmegi, özem hiç hili hantamaçylyksyz kömek etmegi başarýan adam gowy adamdyr. Pederlerimiz: «Ýagşylyk et-de, balygy derýa at, balyk biler, balyk bilmese, Halyk biler» diýendir. Edilýän ýagşylygy Hudaý bilýärem, görýärem. Türkmeniň ýalkawlylygy ýagşylyga bitenligindedir. Öten agşam Goçgar Garanyň öýünde Berdimuhamediň uly ogly Mälikguly: «Biz öýde maslahatlaşdyk. Narmuhammet aganyň çagalaryna hossar çykmagy – öýümize getirmegi, ekläp-saklamagy makul bildik» diýdi. Bu sözi eşidip depäm gök diredi. Öten agşam ýatyrkam hem Mälikgulynyň bu sözleri ýadyma düşdi durdy. Begendim. Sag bol, Mälikguly! Ejeňe-de, doganlaryňa-da sag bol aýt!

Ýigitler, biz siziň ýaşyňyzdakak, ýaşulular bizi öz ýanlarynda oturdyp, şu zatlar barada gürrüň ederdiler. Olar bize öwretdi, öz ýaşlaryna baranymyzda biziňem ýaşlara öwretmegimizi pent etdiler. Bu gün bizem size aýdýarys, sizem biziň ýaşymyza baranyňyzda türkmeniň nähili halkdygyny, gowy-gowy däp-dessurlarymyzy, oturyp-turmagy, adamlar bilen nädip gatnaşyk etmegi öwrediň. Türkmeniň bu ýoly keremli ýoldur. Men häzir size diňe bir zat hakda aýtdym. Aýtmaly zatlarymyz

bolsa juda kän biziň. Hemmesini bir günde aýdyp, soňuna çykar ýaly däl.

Ýazly ýatak her bir sözüni howlukman, edil aýat okaýan ýaly, labyzly edip aýdýardy. Onuň sesi, sözleri gulaga hoş ýakýardy. Labyzy süýjüdi. Onuň sözlerini diňlediginçe diňläsiň gelýärdi.

Türkmençilik ýoly hakda söhbet başlandy. Ýaşulular gyzykly söhbet edýärdiler. Olary diňlemek lezzetlidi, ýöne bu gün gürrüň diňläp oturmaga Mälikgulynyň wagty ýokdy. Ol bu gün kakasyna hat ýazmalydy, ol şoňa howlugýardy. Ýogsam, ol ýaşulularyň aýdýan zatlaryny hezil edip diňlejekdi.

Mälikguly Weliniň böwrüne hürsekledi:

– Gaýtmaga rugsat soralymy?

– Oturaly-la, gowy gürrüň gidip dur-a.

– Wah, men howlugýan-da.

– Näme?

– Kakama hat ýazjak.

Ýaşululardan gaýtmaga rugsat alan Mälikguly ylgaşlap ýola düşdi. Oňa garaşýarlar ahyryn!

Nämeler hakda ýazmaly?

Mälikguly şu günüň dowamynda şu sowaly, gör, özüne näçe gezek berdi.

«Janymyz sag, kem zadymyz ýok diýmeli. Üç bolup kolhozda işleýäris. Biziň her günümize iki ýarym zähmet güni ýazylýar. Men okuwdan soň işe barýaryn. Zähmet günümize her aýyň ahyrynda galla-ýarma berilýär. Ol biziň maşgalamyza bol-telki ýetýär. Galýaram diýmeli. Hasylyň gowy bolmandygyny aýtmaly däl. Gaýtam gowy boldy diýmeli. Oňuşmazça däl ahyryn. Zähmet gününe görä şaly, çowdary, künji hem paýlandy.

Bize berlen şaly ýarym çalçadan hem gowrak boldy diýmeli. Mody başlyk: «Tüwiňizi saklaň. Kakaňyz gelende, enşallasa, toý ederis. Birki gazan atarmaly bolar. Şonda tüwi tapman kösenip ýörmäň» diýýär. Dogry şol. Tüwimizi üçegimize çykaryp goýduk. Nesip bolsa, kaka, geleniňizde uly toý edeli diýmeli. Obanyň ähli adamlaryny çagyrarys. Adamlara palaw çekerin, çaý çekerin. Eger isleseler, Magtymgulynyň goşgularyndan okap bererin. Goý, adamlar şatlansynlar. Ol gün hökman uly toý bolar. Goçgar Gara toýumyzda beýemçilik eder».

Daşary aýdyňdy. Asmanda dolan Aý, patrak ýaly ýyldyzlar nämedir bir zada begenişip, gülüşýän ýalydylar. Mälikguly her sapar ýyldyzly asmana seredende «Ata-enäniň göwni ogulda-gyzda, ogul-gyzyň göwni dag bilen düzde» diýen pähimi ýatlaýar. Soňundan kakasynyň sözleri hakydasyna dolýar: «Zeminiň göwni ynsanda, ynsanyň göwni Asmanda. Ynsanyň güzerany Ýerde, ykbaly bolsa asmanda...»

Hana, ýyldyzlar hiç bir diregsiz durlar. Olar hem edil Gün deýin ýedi reňkli şöhlelerini birleşdirip, ak reňkde Ýere ýalkym saçýarlar. Ak reňk alnyňa ýagşy. Ol gowulygyň alamaty. Ýyldyzlar hem badraşyp, ylla gowulyk arzuw edýän ýalydylar. Çöl tarapdan şagallar harp öwrenýän okuwçy dek «uuu» diýip şol bir harpy gaýtalap uwlaşýardylar. Omar awçynyň Ýolbars, Aždar diýen itleri şagallaryň uwlamalaryna ýabjynyşyp, üýrmek bilen jogap berýärdiler. Olar ylla arkalaşykly, ylalaşykly gezekleşýän ýalydylar: şagallar uwlaýarka

itler üýrmeýärdiler, itler üýrüp başlanda-da, şagallar uwlamasyny kesýärdiler.

Şagallaryň hem itleriň gezekleşikli üýrmelerini, uwlamalaryny geňläp gelýän Mälikguly birden saklandy. Sebäbi bir kesek şuwlap geldi-de, onuň edil sag tarapyna patlap düşdi. Kesegiň nireden atylandygyny anyklamak üçin säginen Mälikgulynyň arkasyna ikinji kesek hütläp degdi.

Mälikguly kesegiň nireden atylandygyny aňdy: ýoluň sag tarapyndaky hataran tutbalaklygyň arasyndan atylýar. Ol kesege kesek bilen jogap bermegi makul bildi, aşak çökdi. Sermeleşdirip üç-dört sany kesek tapdy. Ol biri-birine ýanaşyk iki sany gojaman tuduň tutbalaklygyna kesek atyp ugrady. Birini däl, üçüsini atdy. Üçünji kesek körüň kesegi ýaly iş bitirdi: tutbalaklygyň içinden «Waý, gözüm!» diýip, bir oglanyň çirkin gygyrmasy eşidildi.

Mälikguly biraz rahatlanyp, ýoluny dowam etdirdi. Ol öz gapylarynyň öňünde erkek kişiniň iki jübüt köwşüniň durandygyny görüp geňirgendi: «Kakam hakda ýaramaz habar getiren bolaýmasynlar?! Ýok, ýok, beýle bolup bilmez. Bize myhmançylyga gelendirler...»

Mälikguly içerde Goçgar Gara bilen Mody başlygyň oturandygyny pelteli çyranyň öçügsi ýagtysyna saýgardy. Gorka salam berdi. «Başky eden pikirim çyn bolaýjak ýaly» diýip, Mälikguly dowla düşüp ugrady.

– Waleýkimessalam! Ine, garaşýan goç ýigidimizem geldi – diýip, Goçar aga Mälikgulyny boýdan-başa synlady.

Mälikguly ýaşulularyň salam alyşlaryndan, Goçgar aganyň «Ine, garaşýan goç ýigidimizem geldi» diýmesinden çen tutup, biraz rahatlandy, çünki bu sözler şum habaryň ýoklugyndan nyşandy.

«Eý, Hudaý jan, bu nämäniň alamaty? Bu ýaşulular maňa näme üçin garaşyp otyrkalar? Öz-ä habarlary erbet däl ýaly...»

Obanyň bu iki kethudasynyň Mälikgula näme işi bolup biler? Bir zat belli: frontdan şum habar gelse, poçtalýon ony kolhoz başlygyna eltip berýär. Onsoň başlygam Goçgar aga bilen şum habary aýtmaga ugraýar. Bu iki gojanyň bile görünmegine oba adamlary soňky günler düşüş bolupdyrlar: öldi habaryny getiren bolmaly.

– Mälikguly, göwnüňe hiç zat getirme. Biz ýaramaz habar bilen gelmedik. Wah, adamlara-da düşünýäris, ýöne alajymyz näme. Nesip bolsa, diňe gowy habarlary aýtjak günlerimizem geler. Düýn kakaňyzdan hat gelenini eşitdik. Onsoň, gel, Berdimuhamediň näme hakda ýazanyny eşideli hem Mälikguly dagynyň halyndan habar alaly diýip, bile gaýdyberdik – diýip, Goçgar aga howlukmaç gürledi. Mody murt hem gojanyň sözüni makullady:

– Hawa, hawa, Berdimuhametden hat geldi diýdiler, onsoň biz hem-ä mugallymyň ýagdaýy hakda eşitmäge, hemem birotala halyňyzdan habar almaga geldik. Bu biziň borjumyz. Özüňiz bilýänsiňiz, Berdimuhamet barka köp gelerdik. Kä gijeler daňyň atanynam bilmän galardyk. Berdimuhamediň eždatlaryňyz hakdaky söhbetlerini kökerilip diň-

lärdik. Ol bize dessanlary hem okap bererdi. Berdimuhamet gidensoň gelmedigem bolsak, sizi keseden synlap ýörendiris. Bir gözümiz, bir gulagymyz sizdedir. Garasaý, ondan-mundan sorap, eşidip ýörüs ýagdaýyňyzy. Ýagdaýyňyzyň oňuşmazça däldigini bilibem biraz arkaýyn bolduk. Mälikguly, senden razydyrys, kakaň gelende, enşallasa, oňa-da aýdarys. Bilýäris, durmuş agyr, iş agyr, zähmet günleriniň normasam aşa agyr. Ýöne ýurtda ýagdaýyň nähilidigini hemmämiz bilýäris ahyryn.

– Mälikguly, gel, saçak başyna geç – diýip, Ogulbäbek eje ogluna ýüzlendi.

Mälikguly myhmanlara kakasyndan gelen haty labyzly okap berdi.

Haty diňlän iki goja kanagatlanma bilen dem aldy. Hat ýazanlarynda öz atlaryndanam ýöriteläp salam aýtmagyny Mälikgula sargyt etdiler.

Ondan-mundan degdim-gaçdym gürrüň edildi. Gürrüň, esasan, oba durmuşy bilen baglanyşyklydy.

Ýokardan gelen habara görä bu ýyl gyş agyr geljekmiş. Şoňa öňünden taýýarlyk görmeli. Mallar üçin ýeterlik ot taýýarlamaly. Muňa adam güýji azlyk edýär. Diňe bir hojalyklarda däl, kolhozda-da on müňden gowrak gara mal, üç ýüz ýylky, dört ýüz segsen düýe bar. Esasan, gara mallardan her ýyl bäş-alty müňi ete tabşyrylýar. Gyşda kolhoz mallary çölde oňşuk eder, ýöne obalardaky hojalyk mallaryna, aýratynam, iri mallar üçin kyn boljak. Köp maşgalalaryň çöletekden ot ýygmaga-da, çölden odun-çagşyl getirmäge-de gurby

çatjak däl. Munuň soňunyň gowy bolmajakdygy görnüp dur...

Iki goja gürleýärdi. Öýdäkiler seslerini çykarman diňleýärdiler.

Ogulbäbek eje daşarda ojakda çaý gaýnadyp getirmek bilen başagaýdy.

– Birki aý bäri size bir zady gürrüň bereýin diýip ýörün men – diýip, dymma başlyk saçagyň başynda oturan Mälikgula nazar aýlady. Onuň bu bolşy sözüniň nähili täsir edýändigini barlap görmekçi bolýana meňzeýärdi.

– Aýdyň, Mody aga, aýdyň.

– Aýtsam, inim, belki, eşiden bolmagyň hem mümkin. Bilýän bolsaň has gowy. Meniň sözümem diňläý, artykmaçlyk etmez. Onsoňam her bir çaga öz kakasyny, ýedi arkasyny doly bilmelidir. Men siziň neberäňiziň abraýly neberedendigini bilýärin, seniň kakaň bilen ilkinji duşuşygymy, onuň bu oba gelip bitiren işlerini gürrüň berjek bolýaryn size. Goçgar aga, siz nähili görýärsiňiz?

– Oňarýarsyň, Mody, goý, Mälikguly dagy hem doly bilsin.

– Ondan bäri ep-esli ýyl geçipdir. Bir gün ýanyma oba sowetiniň başlygy Garadöwlet geldi. Näme iş bilen ýanyma geleni şu wagt anyk ýadyma düşenok. Ýöne ýanymda Garadöwletiň bardygyny, onuň bilen nämedir bir zat hakda gürleşip oturandygymyzy hakyt anyk bilýärin. Ana şonda ýigrimi bäş ýaşlaryndaky, basan ýerinden ot çykarýan, edenli, nurana bir ýigit ýanymyza geldi. Görenimden bu ýigide synym oturdy, agajet, at ýüzli bu nurana ýigit öň gören adamym däl. Men onuň bihal

ýigit däldigini şobada aňdym. Ony raýondan gelen barlagçydyr öýtdüm. Haýsy edaradan geldikä diýip oýlanýaryn. Raýonyň edaralaryndaky bize barlaga geljek ähli adamlary men o mahal tanaýardym. Ol tanaýanlarym-a meňzänok. «Aşgabatdan barlaga geläýdimikä?» diýip oýlanýaryn. Biziň kolhozymyza barlaga Aşgabatdan gaty seýrek gelerdiler.

Merkezden barlaga iberilen wekil bolmaly diýip hakyt öz ýanymdan netijä geldim. Beýle pikir etmez ýalam däldi. Geleniň, elbetde, egin-eşigi üýtgeşik däldi, ýöne gaty arassajady, egnine şaplaşyp durdy, ykjamjady, titidi. Özüni alyp barşy hem ynamlydy. Men ýene içimden pikir edýärin. Bu ýigidi meniň kemçiliklerimiň bardygyny aňyp, ýörite barlaga ugradandyrlar. Bu ýigit meniň kemçiliklerimi tapar. Onsoňam bu meniň ýaly çala sowat däldir. Özem gaty dogumly görünýär.

Men nätanyş ýigide çekine-çekine oturar ýaly ýer görkezdim. Ol oturdy. Men Garadöwlete seredýärin, olam indi näderis diýýän terzde maňa seredýär.

Onsoň men sypaýyçylygy saklap, nätanyş ýigitden hal-ahwal soradym. Ýigidem jogap berdi. Ol meniň ýagdaýyma düşünen bolmaly, goltuk jübüsinden kagyz çykaryp, maňa uzatdy. Aldym, hasyr-husur okamaga durdum. Kagyz işe ýollaýyş haty eken. Onda ýoldaş Annaýew Berdimuhamediň Aşgabat oblastynyň Kirow raýonynyň «Gyzyl çarwa» kolhozyndaky 6-njy doly däl orta mekdebe direktor wezipesine bellenilendigi ýazylypdyr. Begendim. Bu biziň isläp ýören zadymyzdy.

Tanyşdyk.

Ol 1904-nji ýylda Gökdepe raýonynyň Yzgant obasynda doglupdyr. 1907-nji ýylda kakasy ýogalypdyr. Onsoň Berdimuhamet garry enesiniň elinde ulalypdyr. 1926-njy ýyla – ýigrimi iki ýaşa çenli obada daýhançylyk edipdir. Bolmajak bolsa käte bolmaýar. Berdimuhamediň başky etjek bolan işleri başa barmandyr. Öz obadaşlaryndan dört sany oglan bilen Magaryf kommissarlygynyň ýollamasy boýunça Daşkende okuwa gidipdir. Ýöne okuwa kabul edişlikde onuň dokumentleri hakyt ýitipdir. Ähli oglanlaryň dokumentleri bir daňyda eken. Şolaryň içinden diňe biriniň dokumentiniň sogrulyp ýitirim bolmagy gaty geň. Berdimuhamet bialaç yzyna dolanmaly bolupdyr. Onuň bilen gidenleriň bolsa dördüsem okuwa kabul edilipdir. Okapdyrlar, gelip abraýly işlerde işe başlapdyrlar. Şondan soň Berdimuhamet Amyderýadan Aşgabada, ondan hem Hazara çenli Garagum derýasyny gurmakçy bolýan suw edarasyna işe giripdir. Garagum derýasyny çekmek pikiri ak patyşa döwründe başlanan eken.

Berdimuhamet bu edara işe duransoň, üç aýyň içinde hakyt on dört sany arza gelipdir. Hemmesini ýazýanam hakyt bir adammyş, hemmesinde-de şol bir pikir gaýtalanýarmyş: «Berdimuhamet Annaýew – baýyň ogly!». Berdimuhamede «Bize rahatlyk gerek. Dogan, seniň bir duşmanyň bar, şony arza ýazmaz ýaly edäýmeseň, biz seniň bilen işleşip biljek däl» – diýipdirler. Berdimuhamet Daşkentde dokumentlerini gürüm-jürüm edeniň hem, suw edarasyna arza ýazýanyň hem özüniň dört dostunyň biridigini bilýän eken, ýöne bahyl-

lyk edýän dostunyň ýüzüne gelip bilmändir. Soň Berdimuhamet indiki etjek işlerini hiç kime gürrüň bermezligi makul bilipdir. Şu pikir bilen hem Aşgabat şäherinde açylan üç aýlyk mugallymçylyk kursuna okuwa giripdir, ony tamamlap, öz obalaryndaky 16-njy mekdepde mugallym bolup işe başlapdyr.

Otuzynjy ýyllaryň başynda sowatsyzlygy ýok etmäge girişilýär. Onsoň gysga möhletli kurslar açylýar, olarda mugallym kadrlary taýýarlanylýar. Onsoň olar uzak obalara, mugallymlaryň ýetmezçilik edýän ýerlerine ugradylýar. Diňe bir okatmak däl, mekdeplere ýolbaşçylaram gerek. Onuň üçin guramaçy, başarjaň bolmaly. Ana, şol döwürde seniň kakaňy Aşgabada çagyryp, «Ýaş ýigit, seniň guramaçy, zehinli ýigitdigiň, halk döredijiligini gowy bilýändigiň barada eşitdik. Bize seniň ýaly gowy kadrlar gerek. Eger garşy bolmasaň, seni uzak obalaryň birine mekdep işini ýola goýmaga ugratmakçy. Bu hökümetiň, partiýanyň talaby. Sowatsyzlygy ýok etmeli» diýipdirler. Berdimuhamediň bar maksady il-ulsuna peýdaly iş bitirmek, ýaşlaryň, umuman-a halkyň sowatly, bilimli bolmagy. Berdimuhametden: «Başararmyň, gidermiň?» diýip sorapdyrlar. Berdimuhamediň jogaby gaty anyk hem gysga bolupdyr: «Il-gün üçin peýdaly iş etmeli bolsam, bir demem oýlanyp durmam bolmaz. Giderin, ynanan işiňizem oňararyn».

Şeýlelikde, 1926-njy ýylyň maý aýlary Berdimuhammet Gyzylarbat raýonynyň Paraw obasyna mugallym bolup barýar. Şol ýerde ata-eneleriň çagalaryny mekdebe bermegi üçin köp alada

edýär, mekdebiň işini bir ýyllap yhlas edip ýola goýýar.

Iş bitirseň, ökde bolsaň, seni tiz tanaýarlar. Parawda bitiren işleri Berdimuhamedi iň tejribeli mugallym, ökde guramaçy hökmünde meşhur edýär. Şonuň üçin ony ýene çagyrýarlar. Oňa: «Ýoldaş Annaýew, biz seni uzak obalaryň birine mekdep direktory edip ugradýarys. Ýöne ol ýerde mekdep ýok. Sen ol ýerde mekdebi gurmaly, mugallymlar kollektiwini döretmeli» diýýärler.

Berdimuhamet bu gezek hem razylaşýar.

Ine, şeýdibem kakaňyz biziň obamyza düşdi.

Onsoň men aýtdym:

«Berdimuhamet, direktor belleneniň-ä gowy welin, ýöne obamyzda mekdep diýer ýaly mekdep ýok. Iki otaglyja hütdügimiz bar. Onam «mekdep» diýip atlandyrmaga utanyp ýörüs».

Berdimuhamet arkaýyn hem ynamly gürledi:

«Mekdebi derrew gurarys, ýaşuly».

«Nädip?»

«Iller nädip gurýan bolsa, bizem şeýdip gurarys, ýaşuly. Türkmen geçmişde-de owadan-owadan, beýik-beýik ymaratlary guran halk. Indem gurarys. Özem bişen kerpiçden gurarys. Täze tipli ak mekdep bolar ol. Özem ony polly-potolokly ederis».

Berdimuhamediň bu sözleri, dogrusy, meniň üçin erteki ýalydy, asla bolmajak bir arzuw ýaly bir zatdy. Şonuň üçin biygtyýar soradym:

«Nädip?»

Berdimuhamet ýene başky sözlerini gaýtalady:

«Iller nädip gurýan bolsa, ýaşuly, bizem şonuň ýaly edip gurarys».

«Iller nädip gurýar?»

«Hökümet täze mekdepleri gurmak, okuw esbaplaryny almak üçin köp mukdarda pul goýberýär. Bizem hökümetiň, ana, şol pulunyň hasabyna mekdep gurarys. Biz-ä gurarys, hökümedem materiallaryň puluny tölär, guran mekdebimizde biz çagalary okadarys, çagalaram okar, wessalam».

«Haý, dogan, näbileýin-dä. Dogrymy aýdaýyn, senden gizlemäýin, meniň üçin-ä bu işiň gaty garaňky görünýär. Özüň-ä gaty ynamly, gujurly görünýärsiň. Başa barsyn-da hernä diýýän zatlaryň».

«Ýoldaş başlyk, mekdep gurmak – aýdan zatlarymyzy amal etmek üçin sizden bäş sany haýyş bar. Siz şol bäş işi etseňiz, galan işiň agramyny size ýetirmerin, özüm ederin» diýip, Berdimuhamet biraz öýkeliräk aýtdy.

«Bäş işmi? Baý-bo, köp eken öz-ä. Hany, göreli, aýt, bitirip bolar ýaly iş bolsa, bitirerin».

«Bitirip bolmaz ýaly iş ýok!».

«Aýt, dogan, şol bäş işiňi».

«Ýoldaş başlyk, siz maňa, birinjiden, mekdep gurmak üçin ýer bölüp beriň. Şol bölüp beren ýeriňizde, nesip bolsa, şaraňlap duran mekdep gurmak hemem şol mekdepde üç kolhozyň – «Gyzyl çarwa», «Täze ýol», «Azatlyk» kolhozlarynyň çagalaryny okatmak meniň bilen...».

«Ýer bölüp bermegiň işi haýyr-la. Ony edil häzir bölüp bererin. Ýöne seniň şaraňlap duran mekdep gurjagyňy teý akylyma sygdyryp bilemok».

«Ony wagt görkezer».

«Birinji haýyşyň-a bitdi hasapla. Hany, galan dört haýyşyňy hem aýt, ýoldaş direktor!» – diýip,

men Berdimuhamediň asyl bitirip bolmajak zady aýtmagyndan heder edýärin.

«Ikinji haýyşym, agşam obanyň – üç kolhozyň adamlaryny ýygnasaňyz, onda hem maňa söz berseňiz, üçünji haýyşym bolsa, siz şol ýygnakda oba ilatyna mekdebiň gurluşygyna ýagdaýlarynyň ýetdiginden el kömegini bermegini haýyş etmegiňiz».

«Bu iki aýdanyňy haýyşam hasaplama. Agşam adamlary ýygnaryn hem olara: «Ine, täze guruljak mekdebiň direktory şu adam. Bu adam obamyzda şaraňlap duran, polly-potolokly, täze tipli ak mekdep gurmakçy bolýar. Şoňa el kömegini hökman ediň!» diýip buýraryn. Saňa-da söz bererin. Beýleki iki kolhozyň başlygam meni, seni goldap çykyş eder. Hany, sen iň esasy, agyr haýyşlaryňam aýt. Sen olary aýtman dursuň welin, aňýan, gaty agyr bolmaly olar».

«Mody aga, siz Berdimuhamet bitirip bolmaz ýaly bir zat haýyş eder öýdüp pikir edýärsiňiz. Men sizden bitirip bolmaz ýaly zady haýyş etmerin».

«Aýt dördünji hem bäşinji haýyşyňy!»

«Dördünji haýyşym, ýaşuly, mekdebiň açylyş dabarasyna gatnaşmagyňyz hem «Bismilla!» diýip açyp bermegiňiz» diýip, Berdimuhamet güldi. Garadöwlet ikimizem gülüşdik. Haýran galaýmaly, Berdimuhamet aramyzdaky resmiligi, howatyrlanmamy derrew aýyrmagy başardy, ol mähriban adama öwrüldi.

«Berdimuhamet, sen-ä mekdebi ap-aňsat guraýdyň» diýip güldüm.

«Ýoldaş başlyk, mekdebi gurmak aňsat düşmez. Men muny gaty gowy bilýärin. Eger aňsat iş

bolsa, onda men bu ýere Gökdepe ýaly ýerden ýurt söküp gelmezdimem, bu işe razylygam bermezdim. Durmuşyň bar lezzeti, keýpi kyn işi, ähli kişiniň bitirip bilmeýän işini bermekde dälmi näme? Meniň üçin-ä, durmuşyň bar lezzeti agyr işleri bitirmek. Göwnüm uly-uly işleri bitirmek isleýär. Bu dünýä gelip, özüňden gowy at galdyrjak bolmaly ahyryn. Gowy iş bitirmek – mekdep gurmak, çagalary okatmak, olara gowy sowat öwretmek hem olaryň durmuşda öz orunlaryny tapmagyna hemaýat etmek üçin men, ýaşuly, goş-golamymy hem alyp size göçüp geldim».

Berdimuhamediň bu sözlerinden soň düşnüksiz zat galmady. Onsoň özümi onuň öňünde ejiz hem müýnli duýdum, gülenime utandym. Onsoň onuň gaty akylly, edenli ýigitdigine göz ýetirdim.

«Bäşinji haýyşyňam aýt ahyryn».

«Ony size nädip aýtsamkam?» diýip, Berdimuhamet oýa batdy.

«Men esasy, iň kyn haýyşyňy nädip aýtjagyňy bilmän durandygyňy aňdym-a. Bilýärin, ol aýtjak haýyşyň raýon bilen, oblast bilen baglanyşyklydyr».

«Ýok, haýyşymyň raýon bilen baglanyşygy ýok. Ol siziň özüňize bagly».

«Wah, özümden bitýän iş bolsa haýyr-la. Onuň gürrüňi ýok. Arkaýyn aýt!»

«Aýtsam, ýoldaş başlyk, siz käte-käte gurluşyk edýän ýerimize baryp, «Armaň-how, ýigitler!» diýip gaýtsaňyz, ýadawlygymyz aýrylan ýaly, arkamyzda dag bar ýaly boljak».

Onsoň dünýäm giňäp gitdi. Üç bolup gülmek güldük.

Mekdebiň guruljak ýerini direktora görkezmek üçin daşaryk çykdyk.

Daşarda at arabasy dur eken. Üstünde münderlenip duran goş-golam görjekdim, ýok. Men Berdimuhamede ýüzlendim: «Goş-golamyňy nirä düşürdiň?».

«Goş-golamym arabada».

Onsoň baryp görsem, arabanyň nowasynda iki sany nagyşlyja sandyk bar. «Bar goş-golamy şu iki sandyk bolsa, onda bu ýigit ýer urup ýerde galan garypdyr» diýip pikir etdim.

«Bar geýim-gejimiň, goş-golamyň şu iki sandyga sygdymy?».

«Ýoldaş başlyk, häzir-ä, sop özüm geldim. Özüme-de üýtgeşik goş-golam, geýim-gejim hökman däl».

«Onda bu sandyklar näme?».

«Bu sandyklarda, ýoldaş başlyk, kitaplarym bar. Bu sandyklardan ýagyş geçenok, munda kitaplar yzgar çekenok. Şonuň üçinem kitaplarymy ýörite şu sandyklarda saklaýaryn[1].

Onsoň men sandyklaryň ikisinem açyp gördüm. Hakykatdan hem olaryň ikisem kitapdan, depderden doly eken.

Onsoň biz kanturdan çykyp, ine, hakyt şu häzirki oturan ýerimize geldik. Öň bu oturan ýerimizde hiç zat ýokdy, obanyň çetidi, diňe käbir ýerde ýylgyn gögerip otyrdy. Häzirki mekdebiň gündogar burçunda iki otaglyja bir tünek bardy. Ol Hanja Magrupy diýen bir kanunçylrak garamaýagyň tü-

[1] 1948-nji ýylyň 6-njy oktýabryndaky aýylganç Aşgabat ýer titremesinde ol kitaply sandyklar keseklerиň aşagynda galypdyr.

negidi. Ol ilkinjileriň biri bolup gyzyllaryň tarapyna geçdi. Şonuň üçinem Tüşi diýen baý bir gije bir topar atly bilen gelipdir hemem ony maşgalasy bilen öldürip gidipdir. Öň beýle ahwalatlar köp bolardy, soň-soňlar galdy beýle ýowuzlyklar. Hanja Magrupy görgüli Marydan göçüp gelendi. Gatnaşýan adamam ýokdy. Bu gün ony-da ýatlaýan adam hem ýok.

Onsoň agşamara üç kolhozyň kolhozçylaryny çagyrdyk. «Täze mekdep guruljakmyş» diýen habary eşiden halaýyk eňäýipdir kantura. Kanturyň öňündäki açyk meýdanda ýygnak geçirdik. Üç kolhozyň başlygy bolup gatnaşdyk. «Täze ýol» kolhozynyň başlygy Toýla, «Azatlyk» kolhozynyň başlygy Artyk parka Berdimuhamediň Aşgabatdan biziň obamyzda täze mekdep gurmak üçin ugradylandygyny, direktor bellenendigini, resminamanyň özümdedigini aýtdym. Olaram obada ak mekdebiň guruljagyna ynanyp bilmediler: «Hany, göreli bakaly» diýişdiler.

Ýygnagy men açdym. Onsoň Berdimuhamet hakda aýtdym, onuň Aşgabatdan obamyzda mekdep gurmak üçin ugradylandygyny, täze mekdepde üç kolhozyň çagalarynyň okamalydygyny aýtdym. Soň Berdimuhamede söz berdim.

Özüňiz bilýärsiňiz, Berdimuhamediň ýag ýaly mylaýym sesi bar. Aýdýan zatlary kolhozçylaryň diňe bir islegine däl, asyl arzuwyna hem sygmaýan zatlar. Adamlar Berdimuhamedi kökerilip diňlediler. Şonda bir aýalyň çagasy çala ses etdi welin, ýerli-ýerden gygyryşyp, görgüli aýaly derrew ýygnakdan wazyrdadyp çykaryp goýberdiler.

Berdimuhamet gürlemäge hakyt ökde eken. Ýüregiň üstünden hakyt aýakýalaňaç ýöreýär. Men Gaýgysyz Atabaýam diňläp gördüm. Olam gürlemäge bimisil ökdedi, ýatan ýeri ýagty bolsun. Berdimuhamet bir sagat çemesi gürledi. Adamlar dem alman diňlediler.

Berdimuhamediň şonda aýdan zatlary dek häzir aýdylan ýaly hakydamda dur. Men onuň hemmesi hakda aýdasym gelýär. Aýtsam, gürrüň gaty uzaga çekjek. Ony men size başga bir öwrümde aýdyp bererin.

Berdimuhamediň çykyşyndan soň söz sözlän köp boldy. Goçgar aga, ilki siz çykyş edipdiňiz.

– Ýadymda – diýip, kolhoz başlygyny dykgat bilen diňläp oturan Goçgar aga çala baş atdy.

– Soň Artyk park, Toýly, Baýsähet Söýün, Garadöwlet dagy gürledi. Adamlaryň ählisi Berdimuhamede sagbol aýtdy, el kömegini etmäge söz berdiler, sözlerinde-de durdular.

Onsoň Berdimuhamede kolhoz kanturyndan bir otagy «Ine, şu otagda ýaşaber» diýip berdik. Ýöne ol berlen otagyna bir gezegem barmady. «Gerek däl» diýdi. Ine, şu oturan ýerimiziň demirgazyk tarapyndan özüne musaçynyňky ýaly bir çalamydar telär edindi-de, şonda ýatyp-turdy. «Ýaşaýan ýerim musaçynyň çalamydar höwürtgesi ýaly bolsun, şonda howlukmagym üçin gowy bolar» diýip, ol aýdýardy. Asyl ol telärine-de oňly barmady. Işledi, gije-gündiz işledi.

Şindem göz öňümde dur. Goçgar aga, siziňem ýadyňyzdadyr, ine, şu oturan ýerimizden gaýra otuz-kyrk ädim ýöreseň, uly depe bardy. Ol tas

bir tanap ýeri tutup otyrdy. Il oňa «Hanjadepe» diýerdi. Onuňam sebäbi namazşam çaglary Hanja Magrupy görgüli depäniň üstünde baýguş ýaly gymyldaman, gugaryp oturardy. Ol otursa, çagalaram oýnamak üçin depä çykyp bilmezdiler. Men: «Berdimuhamet, şu depäni aýryp ber diýermikäň öýdüp howatyr etdim» diýdim. Berdimuhamet bolsa depäniň gumuny barlap görüp begendi: «Bu depe – bize tüýs gerek depe. Bu depe biziň müşgil işimizi asan eder» diýdi.

Berdimuhamet dogry aýdan eken. Bişen kerpiç guýmak üçin ol gaty amatly boldy. Onsoň şol günüň ertesi Berdimuhamet depäniň gumundan palçyk ýasap, ýugrup, ondan çig kerpiç guýmaga başlady. Onsoň adamlaram mähetdel etmän üýşüp geldiler. Çig kerpiji gowy gataýança açyk meýdanda bir hepdä golaý saklap, soň olary üstme-üst örüp goýdular. Bir aýyň içinde depäniň gapdalyndan kerpiç depesi döredi. Soň Berdimuhamet bäş-on sany düýe bilen ýanyna-da on sany kömekçi alyp, çöle gitdi. Çölden gandymdyr sazak ýygyp geldiler. Gandymdyr sazak soňam on-on iki tapgyr getirildi. Garasaý, kerpiçleriň arasyna gandymdyr sazak örüp çykyldy. Soňundanam kerpiç dagynyň üstem, dört tarapam palçyk bilen ligin ýaly galyň suwaldy, körük ýasaldy. Soňundanam gandymdyr sazaklara ot berildi. Küreler göni kyrk gün ýandy. Kerpijiň bişirilişini men öň görmändim. Nädip kerpiç bişirilýändigini Berdimuhamet Aşgabatda öwrenip gaýdan eken.

Kyrk günden soň kerpiç kürelериniň üstüni açdyk. Ine, saňa gözüňe söweýin, sary ýag ýaly

sap-sary bişen kerpiçler. Aý, bir begenendiris-ä. Bütin obamyz bolup begendik muňa. Uludan kiçä çenli bişen kerpiçleri görmäge geldi.

Ana, şonda mekdebiň gurulmagyna onçakly ynanyp bilmän ýörenleriň ählisi şol gün ynandylar. Berdimuhamede ynanmazlyk mümkin däldi. Onda özüne imrikdiriji, kökeriji bir üýtgeşik güýç bar. Onda alasarmyklyk ýok, ähli edýän işi, ähli aýdýan sözi açyk, düşnükli.

Ol näme aýtsa çyny bilen aýdýar.

Dessanlary aýdyp berende-de düýrmegi bilen, çyny bilen aýdýar.

Ol çyn ýaşaýar.

Men «Ol çyn ýaşaýar» diýenimde, esasan, iki zady göz öňünde tutýaryn. Bir-ä ol edýän işini, tutýan maksadyny amal etjegine berk ynanyp ýaşaýar. Ikinjem, ol il-gün üçin haýyrly, sogap iş bitirmek üçin çalyşýar. Ömrüniň manysyny il-gününe sogaply, haýyrly işleri köp-köp bitirmekde, alkyş almakda görýär. Beýle adamlary Hudaý goldaram, goraram. Maksadyna ýetmek üçin Berdimuhamet şirin janyna buýrup, dözüp bilýär, kynçylyklardan birjik-de emgenmeýär. Ýalňyşmaýan bolsam, bitirýän sogap işleri oňa güýç-kuwwat berýän bolmaly. Ýogsam, mekdep gurlanda onuň ökjesiniň ýeňil gopuşyny, bir günde edýän işleriniň abyrsyz köpdügini gören bolsadyňyz! Şonda-da onuň ýadadym diýip, dem alyp oturan pursadyny görmedik. «Berdimuhamet haçan ýatyp-turýarka?» diýip adamlar geň galýardylar. Men bu soragy oba adamlaryndan köp eşitdim.

Kürelere ot berlensoň, Berdimuhamet birnäçe günläp obada bolmandy. Ol ilki raýona barypdyr, ol ýerdenem Aşgabada gidipdir. Bu edaradan ol edara gatnap, ähli hat-petegini düzedipdir.

Berdimuhamediň gidenine onunjy gün diýlende oba dört sany maşyn geldi. Onça maşyn biziň obamyza şondan öňem, soňam gelenok.

Maşynlarda sement, gurluşyk materiallary, onluk tagta, çüý, şifer bar eken. Şofýorlar:

«Şu zatlary obaňyzyň direktory Berdimuhamet Annaýew Aşgabatdan ugratdy. «Kolhoz başlygy Mody Akyýew kabul edip alar» diýdi. Gaýrat edip, gol çekip, kabul edip alyň» diýdiler.

Maşyndaky zatlaryň baryny düşürdik. Dünýäň zady!

Şofýorlardan soradyk:

«Hany, biziň direktorymyz?».

Şofýorlar:

«Ýoldaş Annaýew Aşgabatda galdy. Haçan geljegini bize aýtmady» diýdiler.

Şol günüň ertesem, birigünem Berdimuhamet gelmedi.

Şondan dört günden soň gijara Tejen tarapdan obamyza gelýän düýe kerweni göründi. Düýeleriň üstlerinde-de äpet-äpet gyzyl reňkli zatlar bar. Biz içimizden pikir edýäris: «Düýeler beýle uly ýüki göterip uzaga gidip bilmez».

Düýe kerweni Aşgabatdan biziň obamyza gelýän eken. Olaryň ýükem mekdep üçin eken. Düýeleriň öňünden Berdimuhamet atly gelýär. Onuň süňňi ýeňil gopýar, göwni şat. Onuň ýanynda ýene

bir atly bar. Ol Berdimuhametden ýaşuly, ýöne olar bir almany iki bölen ýaly meňzeş.

Düýeler mekdep guruljak ýeriň ýakynynda çökerildi. Onsoň olaryň üstündäki uly-uly gyzyl zatlar düşürildi. Soň görüp otursak, düýelere ýüklenen zatlar agyr däl eken, diňe gabarasy uly eken, hem düýä ýüklemäge gabylsyzrak zatlar eken. Biz getirilen tagtadan edilen gyzyl zatlaryň näme üçin gerekdigini bilemzok. Hiç kim hem bilenok. Onsoň: «Berdimuhamet, bu kerwen bilen getiren ummasyz zatlaryň näme? Öňki iberen zatlaryň nämedigin-ä bildik welin, bu getiren tagaşyksyz tagtalaryň nämä gerekdigini bilmedik» diýdim. Berdimuhamet ýylgyrdy: «Mody aga, bulara «parta» diýilýär. Okuwçylar munda iki-ikiden oturmaly». Soňam ol partada oturmagymy sorady. Biler bolsaňyz, Berdimuhamediň getiren partasynda ähli kişiden, okuwçydan öň, ilki oturan mendirin. Ilden ýaşyryn Berdimuhametden ilki bolup sapak alanam mendirin. Ol işiniň daşyndan meni okatmaga-da wagt tapýardy. Men ýaşkam jezitçe okadym. 1927-nji ýylda bolsa ýurtda elipbiý çalyşdy: latyn elipbiýine geçildi. Jezitçe elipbiýini öwrenen kişi latynça elipbiýine geçilensoň nätsin? Asyl iş-alada başagaý bolup elipbiý öwrenmegiň başyna-da barman ýördüm. Bir günem raýonda ýygnak geçirildi. Kolhozyň görkezijilerini ýazyp ber diýseler durun-da. Gaty masgara etdiler. Hernä Berdimuhamet maňa halasgär boldy.

Giden meýdan parta bolup dur. Men partada otyrkam Berdimuhamediň ýany bilen gelen uzyn boýly kişi gorsaň-gozgalaň tapdy: Ol: «Wah, wah,

görgüli. Saňa sütem etdilermi? Bilen däldirler, bilen däldirler. Bilseler beýle sütem etmezler» diýip, meniň meňsepen baýtalymyň daşyndan aýlanýar. Soň çep gapyrgasynyň ýokarsyna aýasyny goýup esli diňşirgendi. Men derrew onuň ýanyna bardym. «Näme bolupdyr?» diýdim. «Baýtal seniňkimi?» diýip, ol ýüzüme gyňraldy. «Meniňki» diýdim. «Baýtala beýdip sütem etmeli däl ekeniň. Bu birinji garnyna bogaz. Üç aýlyk ýapagam öli. Sen onuň ýapagy düşürmäge ýol bermedik bolmaly. Ýogsam, kyn-u-aňsat öli ýapagy düşürerdi. Wah, dogan, sen atyň aram-aram ullakan garamyk gözlerine bir seret ahyryn. Gözlerinde ähli derdini aýdýar-a ol» diýdi. «Aý, hiç zadam bolmaz» diýip men geleňsizlik etdim. Meniň bu sözümden soň hälki nätanyş atyň ýanyndan aýrylyp Berdimuhamediň ýanyna bardy.

Şol günüň ertesi görsem, meňsepen baýtalym işini bitiren eken. Derrew Berdimuhamediň ýanyna ygladym. Barsam, ol düýnki kyrk ýaşdan geçen berdaşly nätanyş bilen nämedir bir zat hakda gürleşip dur eken. Men nätanyşdan soradym: «Sen meniň baýtalymyň öljegini düýn bildiňmi?». Ol: «Bildim» diýdi. «Näme üçin aýtmadyň?» «Aýtdym, sen diňlemediň». «Atym-a öldi. Sen onuň öljegini nädip bildiň? Sen kim?»

«Mody aga, men sizi tanyşdyraýmandyryn. Bu meniň uly agam Aba. Agamyň ýaşlykdan bar işi at bilen, at seýislemek bilen. Gowy-gowy atlary seýisläp ýetişdirdi, köp-köp toýlara, ýaryşlara gatnaşyp baýrak aldy. Büzmeýin, Gökdepe töwereginiň adamlary atlaryna bir zat bolsa, agamyň ýa-

nyna ylgaýarlar» diýip, Berdimuhamet meni agasy Aba bilen tanyşdyrdy. Men Aba: «Atdan gowy baş çykarýan ekeniň. Saňa bir işim bar» diýdim. Ol: «Aýt» diýdi. «Biziň kolhozymyzyň ýylky sürüsi bar. Sürä gideli. Sen sürimiziň ýagdaýyny görüp ber hem olaryň içinden maňa gowuja bir ýorga saýlap ber» diýdim. «Agam eýýäm gaýtmaga howlugýar-a» diýip, Berdimuhamet bir agasynyň, bir meniň ýüzüme seretdi. Men çykalga tapdym: «Bu gün-ä gaýtmak barada gürrüň etmegem bolmaýar. Geleni üç gün myhman almak parzymyz biziň. Üç gün myhmanymyz bolanyňyzdan soň, gaýtmak barada zyýapat başynda gürleşeris. Gürrüň gutardy».

Onsoň şol gün agşam men Aba zyýapat berdim. Ertesi bolsa ýylky sürimize otara gitdik.

Tejeniň aýagy Türkmenistanda iň gözel ýer bolsun gerek. Giden bir tokaýlyk, giden bir otarlyk-adyrlyk. Bu ýerde adyny tutan otuň, adyny tutan daragtyň, adyny tutan jandaryň bar. Tokaýymyzy, otarymyzy, Serwazlyguýynyň töweregini, ol ýerlerde dowarlaryň, ýylkylaryň agaýana sonarlap ýörüşlerini görüp, Abanyň göwni çag-çag açyldy. «Beýle jenneti ýerem bar eken-ow» diýip, ol birki gezek gaýtalady. Onsoň Aba ýylkylarymyzy gördi, göwni ýetdi. «Hiç hili kemi ýok» diýdi. Ýöne suwdan köseňändiklerini bada-bat aýtdy. Ol dogry. Biziň atbakarymyz geleňsizräk adam. Yssy günleri guýudan suw çekmäge ýaltanyp, owarramçylyk edýän gezekleri az bolanokdy. Aba durup bilmän, derrew Serwazlyguýudan suw çekip ugrady, ähli nowalary suwdan doldurdy. Ýylkylar suwa gelende bolsa, olaryň içinden birini saýlady, kowdy

yzyndan. Onuň aty gaty ýyndam eken. Bir sagat geçip-geçmänkä, bir dor ýorgany tutup getirdi. Şol ýorgany men kyrkynjy ýyla çenli mündüm. Kyrkynjy ýylda bolsa Aba maňa häzirki münýän alaşamy tutup, baş öwredip berdi. Men Berdimuhametden agasynyň şu ýerde galyp atbakarlyk etmegini soradym. «Wah, agam ýanymda bolsa maňa gaty gowy boljak. Onuň biraz ýarawlygam ýok. Onsoň ýagdaýy nähilikä diýip mydama ünjüde gezip ýörün. Bile aýdaly» diýdi. Soň bile aýtdyk. Eýdip-beýdip razy etdik.

Aba neresse, hakykatdanam, Berdimuhamediň aýdyşy ýaly, at ugrunyň akademigidi, ýöne neressäni kesel halys egbarlatdy. Ömri gysga eken onuň.

Aba bäri göçüp gelensoň, ýylkylaryň ýanyndan aýrylmady. Düýelerimize-de sarwanlyk etmegem Aba ynandyk. Ol gelip mekdebiň gurluşygyna kömekleşmäge-de wagt tapýardy.

Mekdebi gurmak işi gaty gyzykly geçdi. Menem, köplenç, şu ýerde boldum. Bu ýerde bolmakdan meniň iki bähbidim bardy: birinjiden-ä, mekdepli bolýardyk, ikinjiden bolsa, elipbiý öwrenýärdim.

Berdimuhamediň elipbiý öwredişi üýtgeşikdi. Ol kerpiç örmesini goýup, ýere bir harp ýazar. «Mody aga, şu harpa «B» harpy diýilýär. Ine, şeýdipjik ýazylýar. Bu basma «b» harpy, bu-da ýazuw «b» harpy. «Baýram badam berdi» diýenimizde üç sözem «b» harpy bilen başlanýar. Hany, şuňa meňzedip ýazjak boluň» diýýär. Men ýazýaryn. Ýanymyzdakylaram harp öwrenjek bolup ber-başagaý. Olaram ýere menden öň «b» harpyny ýazyp öw-

renýärler. «Bilim bilmek bolsa «b»-ni bilmekden başlanýar». «Biz Berkeli Berekellaçy baýyň baýrak berjegini-bermejegini bilmedik, bu barada bir baý bilýär, berse-hä begenmek begenjek» diýip, «b» harpy bilen başlanýan sözlerden sözlem düzmäge çalyşýarys. Berdimuhamet ýalňyşan ýerimizi düzedýärdi-de, «Ertire çenli ýazyp özleşdiriň» diýýärdi. Şol günüň ertesi men ýene Berdimuhamediň ýanyna barýaryn. «Berdimuhamet, «b» harpyn-a öwrendik» diýýärin. Gurluşykda işläp ýörenlerem ýere «b» harpyny ýazyp, Berdimuhamede görkezýärler. Berdimuhamet kimiň çöpjagaz, kimiň süýem barmagy bilen ýere ýazan «b» harpyny barlap çykar, kimi öwer, kime düzediş berer. Gurluşyk gutarýança şol ýerde işlänleriň-ä hemmesi, ýarym-ýalta işlänlerdenem bäş-on adam elipbiý öwrenip sowadyny çykdy.

Onsoň Berdimuhamediň aýdany boldy: hakykatdanam, şaraňlap duran, polly-potolokly, täze tipli ak mekdep guruldy. Klaslaryň içine çäge suwag etdiler, soň agartdylar, partalary klaslara saldylar.

Onsoň başga ýerlerden gelip okatjak mugallymlar üçin diýibem üç sany hersi üç otagly jaý guruldy. Şolaryň birinde-de, ine, häzir otyrys. Bu jaýyň ähli ýerinde Berdimuhamediň eliniň yzy bardyr.

Berdimuhamediň iki sany içi kitaply sandygynam içeri saldyk.

– Diýýän sandyklaryňyz şular bolmaly – diýip, Mälikguly törde duran, üstüne ýorgandyr ýassyk münderlenip goýlan sandyklary görkezdi.

– Hawa, hawa, şular – diýip, Mody aga tördäki sandyklara siňe-siňe seretdi. – Ýarym ýyldan sähel gowrak wagtyň içinde Hanjadepäň ýerinden köşk ýaly ak mekdep guruldy.

Berdimuhamet mekdepde okadar ýaly mugallymlaryňam aladasyny eden eken. Özi bilen deň-duş dostlarynyň bäş sanysyny mugallymlary taýýarlaýan gysga möhletli kursa salypdyr. Ol mekdebiň açylmagyna sanalgyja gün galanda Aşgabada gidip, mekdepde işlejek bäş sany ýaş mugallymy[1] ýany bilen alyp geldi. Siz olary bu gün gowy tanaýarsyňyz. Olar abraý bilen işläp ýörler. Soň ol bäş mugallymyň hataryna raýonymyzyň «Türkmenistan» kolhozyndan Meretdurdy Kakalyýewem goşuldy.

Berdimuhamet gurluşyk gidip durka arasynda wagt tapyp, köplenjem gün ýaşansoň, obany öýme-öý aýlanyp çykdy. Kimiň okuwa çykmaly ogul-gyzynyň bardygyny hasaba aldy.

Birinji sentýabrda-da mekdebiň darabaly açylyşy boldy. Oňa raýondan, Aşgabatdan magaryf ugrunyň wekilleri geldi. Onda söz sözlendi. Men Berdimuhamediň bäş haýýşynyň soňkusyny hem bitirdim: dabarany açdym. Onda oba adamlaram çykyş edip, Berdimuhamede alkyş aýtdylar. Mekdebe ep-esli okuwçy geldi. Mekdebiň açylan gününi oba adamlary ýatlaryndan çykarmaz. Sebäbi ol gün obamyzda ýatdan çykmajak gün boldy.

Berdimuhamet gündiz çagalary okadardy. Agşamlaryna bolsa uly ýaşly adamlary okadardy. Ag-

[1] Täşli Ataýew, Gurbandurdy Annadöwledow, Rejep Annaberdiýew, Wepa Hojaberdiýew, Esen Kulyýew.

şamky okaýanlara «likbez» diýlerdi. Sowatsyzlygy ýok etmeli diýip ýokardan talap edýärdiler. Berdimuhamediň ýadamasy-ýaltanmasy bolmazdy. Ýüzi mydama ýylgyryp durandyr, nuranadyr.

Kä gün agşam likbezden soň Berdimuhamediň ýanyna üýşüp gelerdik ýa özüni kimdir biriniňkä çagyrardyk. Başlanardy bir meýlis.

Onsoň bagşylarymyz aýdym aýdardy. Olara dynç berlen wagty bolsa gyzykly-gyzykly gürrüňler ediler. Henekler, ýomaklar aýdyşylardy. Käte kimdir biriniň üstünden düşerdik.

Kä gün bolsa ýörite Berdimuhamedi diňlärdik. Ol bize köne kitaplaryndan okap bererdi. «Zöhre–Tahyr», «Şasenem–Garyp», «Leýli–Mejnun», «Ýusup–Ahmet», «Babaröwşen», «Zeýnelarap» ýaly dessanlar, Magtymguly, Kemine, Seýdi, Zelili, Mollanepes, Mätäji ýaly şahyrlaryň kitaplary okalardy. Iň köp okalýan Magtymguludy, «Görogludy».

Berdimuhametde täze çykan kitaplaram bardy. Berdi Kerbabanyň, Şaly Kekiliň goşgulary okalardy. Abdylhekim Gulmuhammedowyň «Deňsinmedik dul galar» diýen bir gyzykly, durmuşy kyssa eserini diňlemegi hasam gowy görerdik. Ony okap bermegini Berdimuhametden haýyş ederdik. Berdimuhamediň özem bu eseri gowy görerdi. Ol Abdylhekim Gulmuhammedowyň özünem gowy tanaýan eken. Onuň bilen eden hemsöhbetlerini hem aýdyp bererdi.

Berdimuhamet keremaralyk bilen obamyzyň adamlaryny özüne, bilime, edebiýata kökerdi goýaýdy. Soň-soňlar adamlar özara gürrüňlerinde

dessanlardan, şahyrlaryň goşgularyndan mysal getirip ugrady.

Berdimuhamet haçan gelsem, bir zat okap ýa ýazyp oturan bolýardy. Ol obamyzyň adamlarynyň aýdan käbir rowaýatlaryny, ertekilerini, nakyllaryny ýazyp alardy. Özi goşgy hem goşardy. Ýöne ol goşgusyny aňsat-aňsat okamazdy. Belli şahyrlaryň goşgusyny okamaly bolsa welin, ýok diýmesi ýokdy. Ol öz goşgularyndan ikisini özli-özümiz bolup üýşüşen kiçeňräk üýşmeleňlerimizde okardy. Ol «Türkmen sen» hem «Ak gerek» diýen goşgular. Onuň «Galar» diýenem bir goşgusy bolmaly.

Tüweleme, Berdimuhamet gaty ýatkeş adam. 1939-njy ýylyň awgust aýy ýadyma düşýär.

Ol Aşgabatdan geldi. Göni kantura bardy. Men ony gören dessime salamlaşmazdan, hal-ahwal soraşmazdan öň «Nätdiň?» diýip soradym. Berdimuhamet ýylgyryp: «Nädendir öýdýärsiňiz?» diýip sorady.

«Girensiň. Sen girip bilmeseň, onda oňa hiç kimem girip bilmez».

«Ynamyňyz üçin sag boluň, men ynamyňyzy ýere çalan däldirin».

Biz garsa gujaklaşdyk. Men onuň instituta okuwa girenine juda begendim, ony gutladym.

Berdimuhamet gaýybana okady, her ýyl kanikul döwri ekzamen tabşyrmaga gitdi.

Ol üçünji kursda okap ýörkä hem urşa gitdi. Gelip yzyny dowam etdirer ol.

Mälikguly, men size bu zatlary gije ukudan goýup ýöne ýere gürrüň beremok. Öz kakaňyzyň nähili gowy adamdygyny bilmegiňiz, oňa myna-

syp gowy adam bolup ýetişmäge çalyşmagyňyz, il içinde at-abraý alyp ýaşamagyňyz üçin aýdýaryn. Siziň hem Berdimuhamede mynasyp ogullar bolup ýetişjekdigiňize men ynanýaryn, eşidişime görä, siziň neberäňiziň ählisi il-günüň aladasy bilen ýaşan adamlar. Siz hem öz neberäňize, ýedi arkaňyza mynasyp ogullar boluň. Mynasyp bolmaga jan ediň.

Mälikguly, seniň Magtymgulynyň, Keminäniň, Seýdiniň, Zeliliniň goşgularyndan hemem iki-üç sany dessany ýatdan bilýändigiňi, käbir ýerlerde ýatdan aýdyp berýändigiňi adamlardan eşitdim. Goşgy goşýandygyň hakda hem eşitdim. Muňa öz ýanymdan begenip ýörün.

Mälikguly Mody murtuň kakasy hakdaky ýakymly sözlerini uly lezzet bilen diňledi. Oňa öň kakasy hakda şeýle giňişleýin hiç kim gürrüň bermändi. Mälikguly, elbetde, adamlardan kakasynyň Gökdepeden gelip, mekdep gurandygy, diňe çagalary däl, ululary hem likbez açyp okadandygy hakda birem däl, telim ýola eşidipdi. Özem ähli kişi edil dilleşen ýaly şol bir sözleri gaýtalaýardy: «Berdimuhamet mugallymyň ömri uzak bolsun. Ol juda gowy adam», «Berdimuhamediň ogly bolsaň, saňa zowal ýok».

Mälikguly Mody başlygy peýwere gürleýändir öýtmeýärdi. Gürleýän eken. Gürlemeýän, gürlese-de, az gürleýän adamyň gürrüňini diňlemek juda täsirli bolýan eken.

Mälikguly kakasyna öňem guwanýardy, ýöne Mody aganyň söhbedinden soň kakasynyň mertebesi hakydasynda ýene bir gez beýgelen ýaly bol-

dy. Özi hem il içinde edil kakasy ýaly hatyralanýan, gowy görülýän adam bolmak isledi.

Edilýän gürrüňi Ogulbäbek eje içki otagda gyzy bilen diňläp otyrdy. Wagt eýýäm daňdana sanyp ugrapdy.

Goçgar aga wagtyň birçene barandygyny aýdyp, töwir galdyrdy. Soňundan Mälikguludan öýde näme ýeter-ýetmeziň bardygyny sorady.

– Sag boluň, ýaşulular. Biziň, Hudaýa şükür, kem zadymyz ýok.

– Ýagdaýyňyzyň erbet däldigini aňýarys. Düýnki Allamyradyň agtyklaryna hossarlyk etjek diýmegiňizem, netiňizem gowy. Şonda-da, bu durmuş-da. Käte ýagdaýym gowy diýip durkaň hem garaşmadyk zadyň ýüze çykaýýar. Şeýle bolanda çekinmän göni aýdyň.

– Bir mesele-hä bar, Mody aga. Men bu hakda indi bir aý bäri oýlanyp ýörün. Özüňiz soradyňyz, rugsat bolsa, menem aýdaýyn.

– Aýt, aýt, Mälikguly. Çekinme.

– Başda şu ýylyň gyşynyň agyrrak geljekdigini, käbir maşgalanyň bolsa, öýüne ot, odun getirmäge mümkinçiliginiň ýokdugyny aýtdyňyz.

– Hawa, aýtdym. Dogry şol.

– Mody aga, biziň klasymyzda gowy oglanlar bar. Eger kolhozyň üç düýesini berseňiz, güýzki sürüme, ekişe çenli hem ondan soň tä gyşa çenli biz kösenjek hojalyklara otam, odunam çekip berip bilerdik.

– Bä-ä! – Begençden ýaňa Mody murtuň gözleri uçgunaklady. – Bä, sen-ä Hydyr ata bolduň onda. Bä-ä, tüýs boljak şüý-ä! Sen-ä meniň müşgi-

limi añsat etdiñ oturyberdiñ-ä! Bä-ä! Gör, muny! Munyñ-ä är gürrüñi boldy. Hakyt maña gerek gürrüñ bu. Şeýle iş etseñiz, gaty uly iş boljak. Bä-ä, ymgyr gowy pikir bu.

– Berekella, Mälikguly, köp adamyñ alkyşyny alarsyñyz – diýip, Goçgar aga başlygyñ pikirine goşuldy.

– Klasdaşlaryñ razy bolarmy?

– Olary razy etmek meniñ bilen, Mody aga.

– Orakdan soñky güýzki ekişe çenli, ekişdenem soñ düýeler siziñki.

– Siz kimiñ öýüne näçe düýe ot, näçe düýe odun getirmelidigini aýtsañyz bolany.

– Ony Goçgar aga aýdar.

– Aýdaryn, aýdaryn – diýip, Goçgar aga Mody murtuñ sözüni makullady.

Iki goja hoşlaşyp daşary çykdy. Mälikguly olary ugratdy.

– Baý-bo, wagt dañdana ýakynlapdyr – diýip, Goçgar aga başyny ýaýkady.

– Menem añdym öz-ä – diýip, Mody başlyk Goçgar aganyñ sözüni makullady. – Mälikguly, sen galyber indi.

Mälikguly yzyna dolanyp gelse, ejesi, doganlary oña garaşyp otyrdylar:

– Oglum, kakaña hat ýazaly diýipdik. Wagtam-a birçene bardy. Ýazsag-a gowy bolar. Doganlaryñam saña garaşyp otyr.

– Wagt birçene baranam bolsa, kakama hat ýazaly, eje.

– Ýazalyñ – diýip, jigisi pelteli çyrany orta aldy.

Mälikguly döşüni ýassyga berip, kakasyna hat ýazmaga häzirlendi.

– Eje, näme ýazaýyn?

– Mälikguly jan, sen göwnüňe getirişiň ýaly ýaz. Bize seniň ýazanyň bolýar – diýip, Ogulbäbek eje ogluna jogap berdi, çyranyň peltesini biraz galdyrdy, içeri ýap-ýagty boldy.

*Salam haty*

*Kim men diýende ara daşlykdan, ýürek ýakynlykdan Mälikguly tarapyndan kakam jana köp-köp dogaý salam bolsun, Mähriban kaka, salawmaleýkim. Size ejem jandan, Amanguludan, Owadandan köp-köp dogaýy salam bolsun. Biziň bu ýerde janymyz sag, kem zadymyz diňe siz. Biz siziň ganymlary ýer bilen ýegsan edip, ýeňiş gazanyp, obamyza sag-salamat gelmegiňizi beýik Perwerdigärden gije-gündiz dileg edip ýaşap ýörüs. Sizden hat geldi. Köp şat bolduk. Saglygyňyzyň gowudygyny bilip örän begendik. Goçgar aga bilen Mody aga hem gelip, siziň ýazan hatyňyzy diňläp gitdiler hem size öz atlaryndan, obamyzyň adamlarynyň adyndan köp-köp dogaý salam aýtmagymy sargyt edip gitdiler. Size obamyzdan köp-köp dogaýy salam bolsun.*

*S.S.S.-den soňky sözüm budur ki:*

*Kaka, biz sag-aman işläp, okap ýörüs, ejem bilen Owadan-a işe gatnaýar. Her gün iki zähmet gününi gazanýarlar. Menem okuwdan soň kolhozda işleýärin, ýarym zähmet gününi gazanýaryn. Iki ýarym zähmet gününe berilýän galla-ýarma paýymyz bize doly ýetýär.*

*Kaka jan, obada siziň abraýyňyz uly. Ähli kişi siziň adyňyzy hormat bilen tutýar. Olar maňa «Kakaňa mynasyp ogul boljak bol» diýýärler.*

*Bu gün agşam bize Goçgar aga bilen Mody aga geldi. Mody aga siziň bu oba direktor bolup gelşiňizi, mekdep gurşuňyzy şeýlebir gyzykly gürrüň berdi. Häzir jahan ýagtylyp ugrady. Şu wagta çenli Mody aganyň siz hakdaky gürrüňlerini diňledik. Gaty üýtgeşik zatlary gürrüň berdi. Indem hemmämiz üýşüp size hat ýazyp otyrys. Siziň ýeňiş bilen geleriňize garaşýarys. Diňe biz däl, siziň tiz-räk geleriňize Berkeli aga berip giden Dagarmanyňyz hem garaşýar. Ol birki gezek gazygyndan boşanyp öýümize geldi. Gelip teblesiniň daşyndan aýlanýar, içerden-daşardan sizi görjek bolýar. Onsoň her gezek men ony Berkeli agalara eltip gaýdýaryn. Şonuň üçin size Dagarmanyňyzyň adyndanam köp-köp salam aýdýarys.*

*Kaka, biz mydama size mynasyp perzent bolmaga çalşarys, siziň ýaly kakamyzyň bardygy bolsa, mydama başymyzy gök diredýär. Siz geleniňizden soň durmuşymyzyň hasam süýjejekdigine, gowy ýaşajakdygymyza ynanýarys. Her gün daňdan turup biziň size salam beresimiz gelýär. Eliňize gyzgyn suw akydyp, hyzmat edesimiz gelýär. Siziň oturýanja körpeçäňizi her gezek saçagyň başyna geçenimizde, hormat bilen ýazýarys. Siziň ornuňyz boş dur. Şol düşekçäniň üstünde öňkiňiz ýaly bolup oturmagyňyzy gije-gündiz dileg edýäris. Şol bagtly günlerimize sabyrsyzlyk bilen garaşýarys.*

*Maşgalamyzyň adyndan*
*haty ýazan uly ogluňyz*

*Mälikguly.*
*21-nji sentýabr,*
*1943-nji ýyl.*

Şagallaryň uwlaşmalaryna pitiwa etmän, horazlar daňyň ýakynlandygyny oba adamlaryna habar bermäge – gygyrmaga başladylar.

Birden açyk gapydan at aýaklarynyň tapyr-tupury eşidildi. Içerdäkileriň ählisi hüşerilişip daşaryk diň saldy.

Tapyr-tupur barha ýakynlaşdy.

– Kakama hat ýazýanymyzy duýup, Dagarman gelýän bolaýmasyn?

– Belki, şoldur...

Çak dogry çykdy: açyk gapydan Dagarman göründi. Ol sägindi-de, gapa bakan ýöredi. Gapydan içerä boýnuny uzatdy. Onuň bolşy gaty howsalalydy. Içerä nazar aýlady, ýok, ol içerden hakyky eýesini gözledi. Hakyky eýesine nazary düşmedik Dagarmanyň lapy keç boldy. Ol birsellem sulhup durdy. Owadan gara gözlerinden düwme-düwme gözýaş syrykdy.

– Eje, seret, Dagarman aglaýar, kakamy göresi gelip aglaýar.

– Özem siňir-damar bolup galypdyr janawar. Kakam jany göresiň geldimi seniň-ä? Kakam jany göresiň geldimi?

Mälikguly ýerinden turup, Dagarmanyň kellesini gujaklady. Onuň gözünden syrygýan ýaşlary eli bilen süpürdi:

– Ynan, Dagarman, kakam gelse, ilki bilen, saňa buşlaryn. Men saňa söz berýärin. Nirede bolsa-

ňam men seni taparyn. Men saňa garşy ylgasam, şol kakamyň geldigidir. Kakam häzir ganymlar bilen söweşýär.

– Biziň «ýok» diýenimize ynanman gapydan kellesini sokaýdy. Görgüli delmirinip agtarýar – diýip, Ogulbäbek eje hem gapynyň agzyna bardy.

– Çörek beräýeli, eje?

– Ber, Mälikgulym, ber – diýip, Ogulbäbek eje göwünjeň razylaşdy.

Mälikguly saçakdan çörek bölüp aldy-da, Dagarmanyň agzyna tutdy.

Dagarman çöregi gaýta-gaýta ysgady-da, işdämenlik bilen iýdi.

– Kakamyň ýoklugy Dagarmana-da agyr düşdi – diýip, Mälikguly atyň sekilinden sypady.

Dagarman yza tesdi, gapydan boýnuny çykardy. Tebil tapyp, mekdebiň giň meýdançasyna çekildi. Guýynyň daşyndan aýlandy. Soňam mekdebiň daşyndan bir öwrüm etdi-de, Garawekiliň jaryna – gündogara çapyp gitdi. Derrewem gözden ýitdi.

Gün nähilidir howlukmajy bar ýaly, Ýerden göterilip, jümle-jahany ýagtylyga öwrüp gelýärdi.

## Är ryskyny daşdan çykarar

Orak-da gutardy, okuw-da.

Indi üç aý kanikul. Mälikguly bäşinji klasa geçdi.

Kanikulyň üç aýyny mydama edilişi ýaly, ýene ýazlagda – kümeçilikde-dümeçilikde geçirmeli bolar. Oňa ertirden gitmeli. Erte irden gitjek adamlar kän. Olar hem ogul-gyzlarynyň üç aý kanikula çykmagyna garaşypdylar.

Her ýyl orakdan soň, gallaly sekiz-on çalça iç işigiň sag tarapynda tä burça çenli aralygy degiş-degiş doldurar durardy. Ýöne urşuň başlanmagy bilen gallaly çuwallaryň, çalçalaryň sany görnetin azaldy, diňe bir Mälikgulularda däl, ähli hojalyklarda hem azaldy. Öň kolhozyň bir ýyllyk girdejisine görä kolhozçylara girdeji-hak tölenerdi. Şol hem, köplenç, galla bilen tölenerdi. Indi ýyllyk girdeji üç çalça-da ýetenok. Kolhoz her aýyň soňunda zähmet gününe görä ýarma ýa galla berýär. Ol hem doýagarna iýere ýetenok. Adamyň garnyndan öň gözi ajygýan eken. Garnyň doýmagy üçin, ilki bilen, gözüň doýmagy zerur eken.

Mälikguly unly çalçany her gün göterip, agramlap görýär. Galanja galla näçe güne ýetjek, näçe gün mydar edip boljak. Kolhozyň aýyň ahyrynda paýlajak ýarmasyna göz dikseňem, aňryň-

da azda-kände gorjagazyň bolmaly diýen pikir Mälikgulynyň aňyndan aýrylmaýardy. Munuň şeýle bolmagy üçin hem çalyşýardy. Saçaga, her günki iýilýän çörege Mälikguly berk gözegçilik edýärdi. Ýekeje owuntyk gaçyrylsa, inisine, uýasyna käýemek käýeýärdi. Köp iýmegiň peýdaly däldigi, gaýtam zyýanlydygy, adamyň açlykdan däl-de, gorkudan öýländigi, aç galaryn diýen gorkynyň wehim salmazlygy üçin, öýde mydama bir aýlyk süýşürintginiň gerekdigi, şeýle ýagdaýda ýüregiň suwluja boljakdygy, her döwüm çöregi, her owuntygy isrip etmeli däldigi barada janygyp aýdardy. Onuň aýratyn nygtaýan bir sözi bardy. Ol: «Işçilere bir günde bary-ýogy ýüz elli gram çörek berilýär. Biz hem şolardan köp iýjek bolmaly däl». Ogulbäbek eje bolsa oglunyň janykmalaryny mydama makullardy.

Ertir ýazlaga gidilse, uny ep-esli tygşytlap boljakdygyna Mälikguly begenýär, bu begenjini içinde saklaýar. Ekin üstünde ak-gök bilen garyn doýursa, mydar etse bolýar.

Barybir, ol bu gün haraza gitmelidi. Sebäbi bu gün ejesi kümeçilige alyp gitmek üçin çörek ýapmakçydy. Eýýäm hamyr edip bolupdy. Çalçada bolsa urbalygam un galmandyr. Ekine-de un alyp gidilmese bolmaz. Şonuň üçinem Mälikguly bir batman barly-ýokly çalçadaky galladan bir boş çalça geçirmäge durdy.

Ogulbäbek eje oglunyň edip duran işine geňirgendi.

– Wiý, Mälikguly, ony iki çalça bölüp äkidenden majarymyza* ýükläp çekäýmeli ekeniň-dä.

– Eje, men gallany agyr boljakdygy üçin däl, onuň ýarysyny harazda üwetmäge äkitmekçi bolýanlygym üçin ikä böldüm.

– Baram köp zat däl. Bir üwedeniňe görä barjasyny üwedäýmeli ekeniň-dä, balam.

– Häzirlikçe şuny üwedäýeli, eje.

– Hä, näme üçin?

– Gerek wagty üwedäýeli-le. Haçan barsaň, Myrry aga derrew un edip berýär-ä.

– Özüň gowy bilýänsiň – diýip, Ogulbäbek eje haýsydyr bir iş bilen içki otaga geçdi.

Mälikguly ýarty çalça töweregi gallany arkasyna alyp, haraza ugrady. Ol baranda töwerek gum-guklukdy. Harazda-da, juwazda-da adam bara meňzänokdy.

– Myrry aga bir ýere gidäýdimikä? – diýip, Mälikguly iki ýanyna garanjaklady.

Myrry masat bar eken. Ol haraz bilen juwazyň aralygyndaky ullakan tuduň aşagynda ýazylan keçäniň üstünde çaý içip otyrdy. Gapdalynda-da Akbibi daýza otyr.

Mälikguly goşa gumry ýaly bolup otyran är-aýala höwes bilen tomaşa etdi.

Myrry masat äwmezlik bilen bir döwüm zagarany maýda-maýda bölüp iýýärdi, aram-aram hem çaý owurtlaýardy. Akbibi daýza sesini çykarman, öz bişiren zagarasyny adamsynyň işdä bilen iýip, çaý içişine guwanyp-buýsanyp otyrdy. Ol adamsyndan gözüni aýranokdy. Käsesindäki çaýy sähel azalsa, tüňçeden üstüne çaý guýup berýärdi. Akbibi daýzanyň seredişinde adamsyna tükeniksiz mähir, tükeniksiz söýgi bardy.

Ýyllaryň ediberişini görsene! Durmuşa çykan uçurlary owadan Akbibiniň Myrry masada asla göwni ýetmändir. Myrry masat bir zat aýtjak bolup sakawlaberse, Akbibi hünübirýan aglamaga başlapdyr. Ol aglasa, Myrry masadyňam garaguş kakyny tutupdyr, titräp, agzyndan ýaşyl köpürjik çykaryp ýatyberipdir, muňa ýaş gelniň zähresi ýarylan ýaly bolupdyr, doňup galypdyr, başda essinden gidipdir. Ikisinem özüne getirmek gara görgi bolupdyr.

Ýöne soň-soň owadan Akbibi täleýine ten beripdir: täze durmuşa öwrenişipdir, adamsynyň garaguş kakyny tutsa, oňa derrew kömege howlugypdyr, agzyny açyp, bokurdagyna tegek bolýan dilini çekipdir. Soň aglasam, biynjalyk etsem, birden garaguş kakyny tutup, birden ärsiz galaýmaýyn diýen howatyr bilen mydama mylakatly bolmaga çalşypdyr, adamsynyň göwnüni awlamak üçin paýan-petek ylgapdyr, hoşuna geljek bolup yhlas edipdir. Adamsy ýarym salkyn görünmese, ýüregine dowul düşüp elewräberýärmiş. Gaty ysnyşyklyja ýaşaýarmyşlar.

Mälikguly äbede-jüýje bolup oturan är-aýalyň ýanyna salam berip bardy.

– Waleýkimessalam, ýigit. Ne döwür, ne zamana boldy, diýip perizadym bilen gürrüň edip otyrys häzir. Öňler galla üwetmäge gelýänleriň yzy üzülmezdi. Haraz gije-gündiz hüňläp işlär durardy. Indi galla üwetmäge gelýän gaty seýrekledi – diýip, Myrry masat howlukmaç töwir edip turmak bilen boldy.

– Wiý, bu görgülijigiň getiren gallasy ýarty çalça-da ýok, bäş-üç kiledir-dä – diýip, oral aýal bolanam bolsa, aşa owadan Akbibi daýza Mälikgula nebsagyryjylyk bilen seretdi, hyrçyny dişläp, başyny ýaýkady.

– O näme üçin bäş-üç kile diýýärsiňiz? On kileden-ä az däldir – diýip, Mälikguly owadan daýza seretdi.

– Wah, jan ogul, sen göwnüňe alma. Men muny göwnüňe degmek üçin aýtmadym, gynanyp aýdýaryn. Uruşdan öň adamlaryň üwetmäge getirýän gallalary azyndan dört-bäş halta bolardy. Ulurak maşgalalar ýigrimi halta gallasyny üwedip giderdi.

– Biz özümize geregini üwetmekçi.

– Perizat, sen täzeden çaý goý. Men häzir çaýyň gaýnaýança Mälikgulynyň gallasyny üwäp berip goýbereýin – diýip, Myrry masat aýagyna çokaýyny ildirdi. – Ýör, inim.

Eltilen galla çaý gaýnar salymda un boldy. Myrry masat ýene öňküje ýerine geçip oturdy. Mälikguly haltasyny göterip, onuň ýanyna bardy.

– Myrry aga, üwäp bereniňiz üçin şundan biraz un alaýyň.

– Bu näme diýdigiň boldy, Mälikguly? Halal zada haramlygy goşup bolmaz. Haraz meniňki däl, kolhozyňky. Işlänim üçin haky maňa kolhoz berýär. Şonuň bilen perizadym bilen oňňut edinýäris. Gaýdyp şeýle söz aýtma. Sen gaty sylagly oglansyň.

– Sag boluň, Myrry aga – diýip, Mälikguly Myrry masada öwran-öwran minnetdarlyk bildirip, öýüne gaýtdy.

Mekdebiň öňündäki örme guýynyň ýanynda Ogulbäbek eje Bibi gyşygyň sözüni diňläp durdy.

Bibi gyşyk ýaşy birçene baran-da bolsa, gaty edenli, gujurly, bili gyrmyzy ýaglyk bilen berk guşalgy, atýüzli, giň maňlaýyna entek ýekeje gasynam düşmedik, ýüzi ýag çalnan ýaly lowurdap duran pes boýlurak gaýratly aýaldy.

Hana, Ogulbäbek eje Bibi gyşygyň sözüni geň galyp diňläp durdy. Bibi gyşyk bolsa, ýetişibildiginden gürleýärdi:

– Sen ony tanaňok, gyz. Tilki şir dogmaýar. Tilkiden tilki, şirden şir dogýar. Awçy drugyňam aňyrsy halal däl. Kakasynyň, atasynyň näçe aýal alyp, näçe aýala zulumlyk-jeberutlyk edendigini aýtsam, ýakaňy tutarsyň, gyz. Hudaý saklasyn. Awçy drug görer göze yşnaklyja, süýji dilli kişi. Aýallaryňam gözi gulagynda. Gulagyna ýakymly söz eşitseler ynanýarlar. Men diýen erkek kişi aldaýandyr, yşkbazdyr öýdenok. Aýal jellady ol. Üç gyz alyp kowdy ahyryn! Üç gyz. Heý, beýle-de bir naýynsaplyk bolarmy?! Üç aýal maşgalanyň bagtyny garaltdy. Hersinden tapýan bahanasam iňňäň gözüçe-de ýok. Onuň raýon merkezinde-de bir sarygulpagy barmyş, ondan üç ýaşly ogly-da barmyş. Şeýle aýal jellady-da bolsa, bar küýi-köçesi adamlaryň derdine ýarajak bolmakdyr. «Toý etjek. Mata-marlyk gerek» diýseň, Aşgabada gidip-gelmelem bolsa ýaltanmaz. Özem alan bahasyna berer. Gurplurak maşgala bolsa-da, senden pylança manat peýda görjek diýip açyk aýdar. Çagalaryna gowuja terbiýe bermegi-de başarýar. Gaty çagaçyl, hamrak ol. «Çagalarym» diýip olar üçin kökenek.

Özem haýran galaýmaly, ýedi çagasynyň ýedisem biçak owadan, görmegeý. Onuň edeplije, akyllyja, biçak owadanja çagajyklaryndan gözüňi aýrasyň gelenok. Ýöne şo zährimardan bir dadansoň, üç-dört günläp näme edenini bilenog-a ol. Raýon merkezinde-de birki sany alkaş meslekdeşi bar. Olar gelse-hä onuň geçisi daga ýaýrar. Berdankalaryny göterip çöle awa giderler. Birki gündenem atlaryna aw etinden mas ýükläp gelerler. Ýene meýlis başlanar...

Mälikguly dünýäni unudyp gürläp duran Bibi gyşyga salam berdi.

Bibi gyşyk onuň salamyny alyp, içgin synlady.

– Tüweleme, tüweleme, gaty meniklije çagalaryň bar, Ogulbäbek. Gözden-dilden Hudaý janyň özi gorasyn hernä. Mälikguly jan dagy üç bolup ýekelli hojalyklara ot diýene ot, çagşyl diýene çagşyl eltip berýärmişler. Uly sogap gazanýarlar. Uly il alkyş aýdýar. Bir gezek Soltantäçlere bardym. Görgüli ýekeje özi gugaryp otyr. Barsam, elimden tutup çekýär. «Yzyma düş!» diýýär. Yzyna düşdüm. Görsem, agylyň bir tarapynda ot küde bolup dur, ýene bir tarapynda çagşyl sajyn bolup dur. «Ine, bulary Ogulbäbegiň ogly Mälikguly jan dagy mura-mugt getirip berdi» diýip aglaýar. Şol wagt ýanymyza Hajar geldi, gyz... Wiý, Mälikguly Myrry masadyň ýanyndan – harazdan gelýän ýaly-la. Tüweleme. Aklyk bilen geldi. Bu gowulygyň nyşany. Myrry ýaşka oňa «masat» lakamyny dakan Allaberdi agaňyz bolmaly.

– «Masat» näme?

– Üýtgeşik manysy ýok onuň, jan ogul. Myrry sünnet edilende gorkudan sakaw bolupdyr. Şolam galypdyr. Özem çalt gepleýär-a onuň. Sakaw çalt geplese, köp sözüň manysam üýtgäberýär. Allaberdi agaňyz raýon merkezine gidende bir çepek satyn alypdyr, olam gelip geýip görse, özüne kiçi gelipdir. Oglanlaryň ýanynda satjakdygyny aýdypdyr welin, ähli oglan ol çepegi alarman bolupdyr. Şonda Myrry «Maňa sat, maňa sat!» diýip elewräpdir. «Maňa sat!» sözem çalt aýdylansoň, «masat!» bolup eşidilipdir. Siz nä Allaberdi agaňyza näbeletmi, ol derrew Myrry görgülä «masat» lakamyny ýelmäpdir.

Myrry adamyň gowusydyr. Eger-eger iliň hakyny iýjek bolmaz. Öz gününe kaýyldyr. Haýp, çagalary bolmady-da olaryň. Men-ä gijrägem bolsa bolaýsady diýip dileg etdim. Akbibiniň öňüne düşüp, Hoja kelleli öwlüýäsindenem, Kerimberdi işan öwlüýäsindenem aýlap gaýtdym. Peýdasy bolmady-da. Giç doglan çagalar akyllyja bolýarlar-a. Men Myrry dagydanam bir Şirmämmet, Şaguly ýaly akyllyja oglanlar dogar öýtdüm. Özüňiz bilýärsiňiz, Şaguly jan Aýyt aganyň soňky aýalyndan on bir ýyl bolman-bolman boldy. Permanberdiniň ýeke dikrary Şirmämmet dokuz ýyl garaşdyryp dünýä indi. Ikisem akylly oglanlar. Ýöne Şirmämmet gaty gedem diýýärler.

– Eje, hamyrymyz-a gelipdir – diýip, Owadan geldi.

– Gelendir. Men ony ir bilen gardym-a – diýip, Ogulbäbek eje gozgalaň tapdy. – Bibi daýza, siz düşek üstüne geçiň. Men derrew çörek ýapyp ge-

leýin. Onsoň gürrüňi gyzgyn çöregiň başynda dowam etdiräýeli.

– Taňryýalkasyn, Ogulbäbek, men gideýin. Öýde Allaberdi agaňyz maňa garaşyp ýatandyr. Ol agtyklarynyň elten çaýynam içmez. Oňa diňe meniň gaýnadan çaýym gerekmiş. Agtyklarymyz kanikula çykdy. Onsoň Allaberdi agaňyz bilen bizem olary alyp, ertir kümeçilige gitmekçi.

Mälikguly çala agsaklap gidip barýan Bibi gyşygyň yzyndan seredip durşuna geňirgendi: «Bu daýza munça zady kimden eşidýärkä? Öz-ä onuň diňe gürleýär. Birini diňläp duran wagtyna gabat gelmedim onuň. Ýa oňa oba habarlaryny gürrüň berýän ýörite adam barmyka?»

Ikinji bölüm

# YNAM – SÖÝGI

## Gözel söýgä toba ýok

Agşam işden öýüne baranda, doganlarynyň ýylgyryşmalaryndan Mälikguly bir täzeligiň bardygyny duýdy. Soramakdan saklandy. Sebäbi ol öz doganlaryna belet. Olar aýtmadykdan bolarlar. Syrly ýylgyryşmalaryna pisint etmeseň welin, olar uzak saklanyp bilmezler. Näme habarlarynyň bardygyny biminnetjik aýdarlar.

Mälikguly daş çykyp, el-ýüzüni ýuwup geldi. Şonda ol tanyş goşgy setirlerini eşitdi.

Gün hanjary gökden ýere inende,
Güne garşy dogan aýy gözel sen,
Ista Jepbar işi, Senjap jüpbesi[1],
Ispyhanda gurlan ýaýy gözel sen.

Saçbagyň ujunyň simdir[2] işmesi,
Üstünden ýol düşse, kyndyr aşmasy,
Agzyň aby-haýýat, Zemzem çeşmesi,
Aýnalbaky suwnuň laýy gözel sen.

Gyzyl diýsem – gyzyl, al diýsem – al sen,
Hindistanda – şeker, Bulgarda – bal sen,
Yşk bilen açylan bir täze gül sen,
Ýusup-Züleýhanyň taýy, Gözel sen.

---

[1] Jüpbe – eşik ady.
[2] Sim – kümüş.

Her kim güýçli bolsa oňa pir diýrler,
Dertli guluň dermanyny biýr diýrler,
Gawunyň ýagşysyn şagal iýr diýrler,
Aşyk Suhanberdiň paýy Gözel sen...

Mälikgula doganlarynyň syrly ýylgyryşmalary, Magtymgulynyň «Gözel sen» atly goşgusyny içerini ýaňlandyryp okamaklarynyň hikmeti düşnükli boldy. Ol laňňa ýerinden galdy:

– Haty beriň maňa!

– O nämäniň haty?

– Mönsüremäň. Ony siziň özüňiz mendenem gowy bilýärsiňiz. Beriň.

– O nämäniň haty? – diýip, Ogulbäbek eje gyzyklandy.

– Eje, Gözel diýen bir gyza hat gelipdir.

– Kimden?

– Allamyrat pälwanyň ogly Suhanberdiden.

– Kim ol Gözel?

– Gözeliň kimdigini Mälikguludan soraň.

– Mälikguly, kim ol Gözel?

– Şonuň kimdigini, dogrymy aýdýaryn, meniň özüm hem bilemok, eje. Iň gowusy, bu barada menden hiç zat soramaň.

Mälikguly ýatmazyndan öň, Suhanberdiniň hatyny okap çykdy. Kagyzyň bir ýüzünde şeýle ýazylandy:

*«Mälikguly, başlan haýyr işiňi ahyryna çenli dowam et. Bu haty elin gowşur. Menden hemmelere salam aýt.*

*Eliňi berk gysmak bilen Suhanberdi.*

Hatyň arka tarapy owadan harplar bilen Gözele ýazylandy:

*Salam haty*

*Gözel, salam. Bu haty saňa belorus frontunda söweşip ýören Suhanberdi ýazýar. Meniň ýagdaýym gowy. «Gyzyl ýyldyz» ordeni bilen sylaglandym. Meniň gaýratly söweşmegimde seniň uly paýyň bar. Men tizden-tiz oba barmak pikiri bilen ýaşaýaryn.*

*S.S.S. budur ki:*

*Gözel, fronta ugranymda arabanyň yzyndan ýetip, kiçi doganymyň ýetiren habary meni düýpden başga adama öwürdi. Ynan, özümiň bagtlydygymy, Hudaýyň meni şeýle gowy görýändigini şonda sesimiň ýetdiginden gygyryp, äleme jar edesim geldi. Sen ýekeje agyz sözüň bilen meni dünýäde iň bagtly adama öwürdiň. Nesip bolsa, men seni aýamda saklaryn. Ezizläp saklaryn. Biz bagtly ýaşarys. Uly aýal doganymyň meni görse, mydama gürrüňi sendiň. Ol hemişe seniň üýtgeşik owadandygyňy, asylly, akylly gyzdygyňy wasp edýär. Wah, men aýal doganym aýtmasa-da, seniň biçak owadan gyzdygyňy özümem bilýärin. Seni indi näçe ýylyň içidir, ýatlamaýan sekundym ýok. Gowy görýän adamyň görünmese-de, ol mydama hyýalyňda ýanyňda bolýar. Sen hem mydama meniň ýanymdasyň. Saňa öňünden aýdaýyn. Birinji oglumyzyň adyna Mälikguly dakjakdyryn. Bilýärin, sen hem meniň bu islegime garşy çykyp durmarsyň...*

Mälikguly okap oturan hatyny ýassygynyň aşagynda goýdy. «Galanyny soň okaryn-da» diýip içini gepletdi.

Ýöne ony näme üçin okajak? Hat Gözele niýetlenen-ä! Buý-ä gowy däl. Mälikguly hatyň ýaryny okapdy. Hatyň soňunda Magtymgulynyň goşgusy bardy.

Suhanberdi haty okan ýerlerini eýýäm ýat tutupdy. Ol, aýratynam, Suhanberdiniň bir sözüni halapdy: «Gowy görýän adamyň görünmese-de, ol mydama hyýalyňda ýanyňda bolýar». Dogry bu! Kakasy hem Mälikgulynyň mydama ýanynda. Ol hyýalynda kakasy bilen gürleşýär. Her bir edýän işine kakasy seredip duran ýaly bolýar.

Ol tüm garaňky otagda ýokary garap ýatyşyna, Suhanberdiniň haty barada oýlandy. Onuň gözlerine uky gelmedi. Uklar ýaly boldumy? Bu bolýan zatlara akylyň çatar ýaly däl. Mälikguly geň galýar hem gyýylýar.

Nädip geň galmajak, nädip gyýylmajak?

Suhanberdiniň bolşy teý akylyňa sygar ýaly däl ahyryn!

Ol sebitdäki iň owadan, iň akylly, iň mähriban gyza – Zybagüle göwün bermän, uly aýal doganynyň baldyzy Gözele göwün berýär. Onuň ady Gözel bolany bilen özi gözel däl-ä.

Eý, Hudaý jan, Zybagül Suhanberdä göwün bersin, Suhanberdem Zybagüli söýsün.

Olar obada uly toý etsin. Ol toý hem gowy geçsin. Toýda Hänek bagşy joşup-joşup aýdym aýtsyn.

Adam nämäni gara çyny bilen islese, şol hem bolýar diýýärler. Şol dogry ekeni. Mälikgulynyň islegi hem kemal tapdy. Uruş gutardy. Urşa gidenleriň köpüsi gaýdyp geldi. Ana, şol gaýdyp gelen-

leriň içinde Mälikgulynyň kakasy, Suhanberdi, Hänek bagşy hem bardy.

Ilki Berdimuhamet mugallymyň sag-aman frontdan ýeňiş bilen gelendigini eşidip, obanyň ähli adamy geldi. Gaty uly toý boldy. Şol toýda Suhanberdi bilen Zybagül mekdebiň bir boş otagyna girip gürleşdiler. Uzak gürleşdiler. Mälikguly gapynyň öňünde garawul durdy. Ýogsam, oňa hiç kim garawullamak hakda hiç zat aýtmandy. Asyl Suhanberdi bilen Zybagül daş işikde Mälikgulynyň durandygyny bilenokdylar.

Mälikguly bir sözi açyk eşitdi:

– Käkiligiň isläni bolsun.

Zybagülem şol sözi gaýtalady:

– Käkiligiň isläni bolsun!

Bu diňe bir Käkiligiň isläni däl, bu Mälikgulynyň hem isläni ahyryn.

Altmyş dört günden soň Mälikgulynyň isläni boldy: obada öň görlüp-eşidilmedik toý boldy. Oňa Çapaýew, Kalinin, Lenin, Karl Mars adyndaky, «Sosializm» kolhozlaryndan, Kirowdan myhmanlar geldi. Raýispolkomyň başlygy Begenç Parçamowam geldi. Hänek bagşy toýda aýdym aýtdy.

Gelnalyjy üçin, elbetde, Mälikgulynyň kakasynyň (öň ony Berkeli birgäd mündi) Dagarmanyny bezediler. Eý-ho, Dagarmany tanar ýaly bolmady.

Üstüne ýüpek haly atdylar. Ähli şaý-esbabyny dakdylar.

Zybagülem bezemek bezäpdirler. Asyl ony bezemäniňde-de owadan-a! Bezelensoň-a, ony ýöne çaý-çörekden galyp, aňkarylyp synlap oturmaly boldy. Gyzyň ýarym görki eşikde eken asyl! Nä-

çe seretseňem ondan gözüň doýjak däl. Gaýtam, seretdigiňçe seredesiň geljek. Zybagüle tekge berdiler: ol ýeňil gopup ata atlandy. Atyň çar tarapy toýuň mähellesi.

Toý mähellesi Dagarman bilen ýola düşdi. Köçä adamlar syganok. Olar şadyýan. Gülüşýärler. Degişýärler.

Märeke Allamyrat pälwanlaryň işigine baryp saklandy. Aralyk uzagam däl-ä!

Daş işikde öz deňi-duşlary bilen Suhanberdi dur. Ol toý lybasynda.

Dagarman gelip saklanýar.

Mähelle ýerli-ýerden Suhanberdini howlukdyrýar:

– Hany, başla.

Deňi-duşlary gapdalynda duran mejimeden sary alma alyp, Suhanberdiniň eline berýärler.

Suhanberdi almany bat bilen Zybagüle atýar.

Alma degenok. Ol ýere gaçmanka adamlar ony garbap alýarlar.

Zybagüle hem alma uzadýarlar. Ol almany alyp, bürenjeginden gyýa garap näziklik bilen atýar welin, Suhanberdiniň telpegine degip, ony üç-dört ädim ýeňsä gaçyrýar.

Baý-ba, adamlaryň bir güläýişlerini!

– Bu Suhanberdiniň gelninden basyljakdygynyň nyşany.

Türkmende her bir zadyň öz yrymy bar. Toýuň geçişinde-de dessurlar, äp-däpler kän.

Ýöne soňky döwürler gelniň atly getirilmesi galypdyr. Oňa derek düýä kejebe urup, şonda-da

getirýärler. Mälikgulynyň kakasy toýuň gadymy türkmen dessury bilen geçirilmegini isledi.

Atyşylýan almalar-da Mälikgululardan alnyp gaýdylan almalar. Hänek bagşy edil şol pursat Zöhre bilen Tahyryň toý tutuşlaryny, biri-birine alma atyşyşlaryny ýatlap aýdym aýdýar. Özem şugulçy bagbanyň Babahan patyşaha ýamanlap aýdan aýdymyna gygyrýar:

– Bagynda jem bolmuş bir bölek peri,
Söwdügine roýma[1] atar her biri.
Tahyr – Zöhre jany, Zöhre – Tahyry,
Alma bilen atyp urdy köşgünde...

Mälikguly oýandy, gören düýşüni aňynda aýlady. Düýşüň dowamyny görmek isläp gözlerini ýumdy, ýöne düýşüň dowamyny görüp bilmedi. Düýşüniň oraşan bolmagyny dileg etdi. Kakasynyň geçen ýylky aýdan sözleri aňynda gaýtalandy:

«Gadymy döwürlerde Magtymgulynyň goşgularynda, Mollanepesiň «Zöhre–Tahyr» dessanynda aýdylyşy ýaly, türkmen gyzlary bedew atda durmuşa çykypdyrlar, söýen ýary bilen alma atyşypdyrlar.

Düýede kejebeläp gelin getirmek araplardan gelen dessur. Olarda düýe ýörgünli. Türkmende bolsa bedew at ýörgünli. Düýe – çarwa halkyňky. Türkmeniň bolsa baş ulagy bedew aty.

Yslamyň gelmegi bilen biziň Oguz handan, Gorkut atadan gaýdýan köp-köp däp-dessurlarymyz ýitipdir, käbiri ýönekeý görnüşe geçipdir. Diňe iki sany mysal getireýin. Birinjisi. Oguz za-

[1] Roýmal – ýaglyk.

manlary çaga iki ýediligi – on dört ýaşy dolduryp hünär görkezýänçä at dakmandyrlar. Dogulmak – at almak däl, at almak dogulmak. Oglan Gorkut atanyň öňünde özüniň hünärini görkezip, mynasyp at alýan eken. Yslam gelensoň, çaga dogan dessine musulmançylyk ýoly boýunça at dakypdyrlar, özem kiçi-girim at däl, kileň pygamberleriň atlaryny dakypdyrlar, on dört ýaşy dolduryp, soň Oguz adynam göteripdirler, ikinji at ýörgünli bolupdyr. Ýöne wagtyň geçmegi bilen ikinji at dakmak Gorkut ata ýaly hormatly atalyga däl-de, halka geçipdir. Halk at dakmak wezipesini öz üstüne alypdyr. Biz bu gün ol dakylýan atlara «lakam» diýýäris. Ikinji. Gelni bedew ata mündürip getirmek hem gyzyň ýigit bilen alma atyşmasy. Bu-da mazmunyny üýtgedipdir. Alma atmak däbi halka ynanylypdyr. Halk hem almany ýumurtgadyr kesek bilen çalşypdyr. Gelin alnyp gaýdylanda atylýan kesekleriň aňyrsy – alma atyşmak bolmaly.

Türkmende täze döwlet guruldy. Bu sowet guruluşynda galanja däp-dessurlarymyzy saklap bilermikäk? Ýa könäniň zyýanly galyndysy hökmünde ýene-de olara talaň düşäýermikä?!»

Mälikguly öten agşam ýassygynyň aşagynda goýan hatyny aldy-da, üçege çykdy. Ony üçegiň demirgazyk burçunda bir bölek tagtanyň aşagynda gizledi. Möhüm bir iş eden dek ýeňil dem aldy.

«Men ýalňyşýan bolaýmaýyn?!» diýen pikir aňynda köwsar urdy. «Ýok, ýok, ýalňyşamok, gaýtam, başky goýberen ýalňyşymy düzedýärin».

Şu pikir Mälikgulynyň aňynda mekdepde sapak geçilýärkä-de, sapakdan soňam aýrylmady.

Günortan arakesmesinden soň Mälikguly Zybagülüň gapdalyndan paý aldy.

– Ýagdaýyňyz gowumy? – diýip, Mälikguly Zybagüle habar gatdy.

– Erbet däl – diýip, Zybagül orak ormasyny dowam etdirdi. Birdenem orak ormasyny goýdy-da, Mälikgula bakan üç-dört ädim ýöredi. – Näme habar?

– O nämäniň habary? – diýip, Mälikguly mönsüredi.

– Suhanberdiden hat geldimi?

– Ony näme üçin soraýarsyňyz?

– Ýüregim syzýar.

– Näme diýýär ol ýürek?

– «Näme diýýär?» diýýärsiňmi? Ýüregim Suhanberdiden Mälikgula hat geldi diýýär.

– Be, duýgur ýüregiňiz bar siziň. Ýöne durmuşdaky käbir duýmaly zatlary duýanok siziň ýüregiňiz.

– Nämäni? Sen beýle çökder sözi nämä esaslanyp aýdýarsyň, oglan?

– Mysal üçin, siz Suhanberdiniň juda gowy ýigitdigini duýmaýarsyňyz, dünýäde onuň ýaly ökde, onuň ýaly gowy, onuň ýaly daýaw, onuň ýaly janymak gerçegiň ýokdugyny, bolup-da bilmejekdigini duýaňzok.

– Wiý, o atan-satan jyrrytdynyň nämesi gowumyş, nämesi daýawmyş, nädip janymakmyş ol?

– Ine, gepem şonda-da! Siz şo zatlary duýaňzogam, bileňzogam. Suhanberdi akga Aşgabatda okanda ähli kişiler öýlerinden çykyp, onuň nurana keşbini synlapdyrlar. «Bä-ä-ä, türkmen şeýle

süňňi iri, görmegeý halk-ow» diýipdirler. Gyzlar bolsa, onuň birje gezek mübärek didaryny görmek üçin yzyndan süri-süri bolup gelýärmişler. On ýedi sany gyz büdräp maňlaýyny çilik ýaly çişiripdir.

– Zybagülüň ýanynda meni öw diýip ýazypmy ol atan-satan, germe-satan jyrrytdy?

– Birden agzyňyz gyşaraýmasyn.

– Meniň agzym näme üçin gyşarmalymyş?

– Suhanberdi akga ýaly nazarkerde, juwanwert ýigide dil ýetirendigiňiz üçin.

– «Boýy uzynyň akyly gysga bolar» diýip, megerem, sen eşiden dälsiň. Sen ýaş-da entek.

– Men ýaşam bolsam, şol nakyly bilýärin men. Ýöne siziň aýdýan bu nakylyňyz Suhanberdä degişli däl. Onuň ýaly akylly, pähim-parasatly ýigit dünýäde ýokdur. Dünýäde barsa biri bardyr, olam Suhanberdidir.

– Tüweleme, tüweleme. Seni gowy okadypdyrlar.

– Ine, bu-da siziň bilmeýän ikinji bir zadyňyz. Men – ýagny Mälikguly Berdimuhamedow dogabitdi okuwly. Ony Bibisoltan mugallymdan ýa Akgyz mugallymdan sorasaňyz doly aýdarlar. Isleseňiz, Esen mugallymdan, Baba mugallymdan, Rejep mugallymdan, Meretdurdy mugallymdan hem sorap bilersiňiz.

– Sen jedir-jedir edip maňa nämäni subut etmekçi bolýarsyň?

– Men siziň köp zat barada hakykaty duýmaýandygyňyzy çalaja ýaňzytmakçy bolýaryn.

– O nämäniň hakykaty?

– Ýaňky aýdan hakykatym-da. Suhanberdi akga matematika ökde, ebjet hasabyna-da ökde ol. Özem okamadyk kitabam ýok onuň. Käte şeýlebir tapmaçalar aýdýar. Biler ýaly däl. Suhanberdi akga bolsa ol tapmaçalary eddil çigit çigitlän ýaly edi-ip otyr.

– O nähili tapmaça?

– «O nähili tapmaça?» diýip soraýarsyňyz? – Mälikguly biraz oýlandy. – «O nähili tapmaça?» diýýärsiňizmi? Dürli-dürli tapmaçalar-da... Mysal üçin... Mysal üçin, aýtsam şeýle. Bir mysal aýdaýyn. Mysal üçin, Tejen derýasyndan gaýykda ýeke-ýekeden möjegi, geçini, bedäni geçirmeli, özem möjek geçini, geçi-de bedäni iýmesin.

– Wiý, seniň bu aýdýan tapmaçaň köne, saç-sakgaly agaryp giden. Ony bilmeýän ýog-a. Men bu tapmaçaňy entek gundagdaky çagakam hem bilýärdim. Ilki geçini derýadan geçirmeli, geçini kenarda goýup, soň möjegi alyp geçmeli. Geçini yzyna alyp gaýdyp, başky duran ýerine getirmeli. Soň bedäni alyp gitmeli, soň gelibem geçini alyp gidersiň, wessalam. Dünýäde deňi-taýy bolmadyk o atan-satan jyrrytdynyň akylynyň zordan ýetýänem entek çagajykkam bilýän şujagaş tapmaçammy? Baý, onda dünýäň akylam çüpräp ugrapdyr.

– Siz gyşyk-gyşyk gürrüň eden bolmaň. Suhanberdiniň bilýän zatlarynyň milliondan birinem ikimiz bilýän däldiris. Onuň aýdan tapmaçalaram agyr.

– Aýt-da!

– Aýdaryn.

– Aýt-da onda.

– Mysal üçin, biri-birine nätanyş üç sany kişi Tejen derýasynyň sag kenaryndan çep kenaryna geçmek üçin gelipdir. Olaryň ýanynda aýallaram bar. Kenarda bolsa iki kişi ýerleşer ýaly ýeke gaýyk dur eken. Ana, şo iki adamlyk gaýykda üç är-aýaly o kenara geçirmeli, ýöne erkek kişileriň hiç birisi beýleki bir erkek kişiniň aýaly bilen galmaly däl. Hany, çözüň!

– Biraz pursat ber-dä, ilki bir içimden oýlanaýyn, geçireýin.

– Oýlanyň, geçiriň. Suhanberdi akga gelýänçä, çözüp bilseňizem, siziň bar aýdanyňyza dogry diýerin.

– Onda häzirden diýiber.

Olar seslerini çykarman orak ormaga başladylar. On-on bäş ädim aralyk orlanyndan soň, Mälikguly Zybagüli howlukdyrdy:

– Suhanberdiniň bir demde çözýän tapmaçasyny çözmek kyn düşäýdimi?

– Maňa aýt, men çözeýin – diýip, gyzlaryň birisi tapmaçany çözermen boldy.

– Ýok, özüm çözerin häzir.

Zybagül ýene orak orup ugrady. Ol haýdap işleýärdi. Çalt çözüp bilmeýänine kejigýändigi mesaňa duýulýardy. Ol birdenem orak ormasyny goýup, içini hümledip durýardy. Onuň bu bolup durşuny köpler Zybagül bilini ýazmak üçin durandyr öýdýärdi. Onuň bilini ýazmak üçin durmandygyny Mälikguly gaty gowy bilýärdi. Zybagül aşaky dodagyny süýem barmagy bilen oýnap esli durýardy, soň ýene bugdaý sünbüllerini çep gysymynda çugdamlap, sag eli bilen düýbünden şatyrdadyp orýar-

dy. Soň ýene düýrläp getiren sünbüllerini şatyrdadyp orýardy, eger birinji gezek gysymy dolmasa, onda elindäki dessäni silkip goýberýärdi-de, aňňaly bilen düýpläp getiren sünbüllerini orýardy, doly bir gysym sünbüllerini rejeläp, dessäniň üstüne eda bilen goýýardy. Zybagül birden çasly gygyrdy. Elindäki aňňalyny honda taşlap goýberip, çep elini tutdy.

– Wäg-eý, waý-waý-eý...

Zybagülüň bugdaýyň düýbi diýip aňňal salan ýeri çep eliniň süýem barmagy eken. Onuň elinden al gan akýardy.

Gyzlar, gelinler hüwwe Zybagülüň daşyna üýşdüler.

– Tapmaçasy artyp galsyn – diýip, Zybagül janagyryly hüňürdedi. – Bolgusyz tapmaçany çözmäge wagtym ýok meniň. Men o atan-satan jyrrytdy ýaly işsiz däl. Goý, bolgusyz tapmaçalary şol bolgusyzyň özi çözsün.

– Eliňi sarara mata bölegem-ä ýok – diýip, gyzlar alakjaşdylar.

Mälikguly hernäçe islemese-de, ezýaka köýneginiň synyndan oragy bilen kesip bir bölek aldy.

– Uruş gutaransoň, täze köýnek alyp berersiň – diýip, Mälikguly ýylgyrdy.

– Nämä ýylgyrýaň? – diýip, Zybagül gaşyny bürüşdirdi. Soňam pyňkyryp goýberdi. Gyz-gelinlerem Zybagüle goşulyp gülüşdiler.

Köp wagt bäri gyz-gelinler şeýdip gülüşmändiler.

– Bir bolgusyz tapmaça tapyp, kellämi çaşyrdyň. Özümi saňa ökde görkezjek bolup, tapmaçany

çözjek bolup yhlas-a etdim, ýöne ol yhlasym barmagymyň üstünden düşdi. Hany, indi çözgüdini özüň aýt.

– Suhanberdiniň ýüzüniň ugruna çözýän tapmaçasyny çözüp bilmändigiňi boýun alýarsyňyzmy?

– Çözüp bilmedim diýdim-ä, oglan.

– Düşnükli bolar ýaly, derýanyň aňyrsyna, çep kenara geçmekçi bolýan ol nätanyşlary Berkeli aga, Goçgar aga hem Mody aga diýip atlandyralyň.

– Aýdyber.

– Mody aga aýaly bilen gaýyga münýär-de, çep kenara geçýär. Aýalyny o kenarda ýeke galdyryp, özi yzyna dolanýar. Berkeli aga bilen Goçgar aganyň aýallary gaýyklyja çep kenara ugraýarlar. Mody aganyň ýeke duran aýalynyň ýanyna barýarlar. Olar baransoň, Mody aganyň aýaly erkekleriň duran sag kenaryna gaýykly gaýdýar. Soňra Berkeli aga bilen Goçgar aga gaýyga münüp, aýallarynyň ýanlaryna – çep kenara barýarlar. Berkeli aga aýalyny alyp, yzyna sag kenara ýüzüp gaýdýar, Mody aganyň ýanyna gelýär. Berkeli aga bilen Mody aga sag kenarda aýallaryny galdyryp, özleri gaýykda Goçgar aganyň ýanyna ýüzüp gaýdýarlar, soňra Goçgar aganyň aýaly gaýyga münüp, Mody aganyň aýalyny alyp gaýdýar. Şondan soň gaýygy Berkeli aga alýar-da, sag kenarda ýeke galan aýalyny alyp gaýdýar. Wessalam.

– Tapmaçaň bilen dälä owsun okan ýaly etdiň, gözümi-başymy aýladyň, oglan, ony nireden tapdyň-a?

– Suhanberdiden eşidipdim. Aýdan sözümiň hylapy ýokdur görseň. Onuň ýanynda bolsaň, içiň gysmaýar. Ol biçak gyzykly gürrüňler berýär. Aňkarylyp diňläp oturmaly. Onuň bilmeýän zady ýog-ow.

– Hany hat?

– Kimiň haty?

– Atan-satan, germe-satan, tapmaça düzegen jyrrytdynyň haty?

– Näme etjek ony?

– Okajak.

– Men ol hatyň Gözele düşmegini islämok.

– Onda näme isleýärsiň?

– Siziň Käkilik görgülä beren sözüňizde tapylmagyňyzy isleýärin.

– Näme söz berdim?

– Käkilik görgüliniň size eden soňky sargydyny eýýäm unutdyňyzmy? Bä, owadan gyzlar akylly bolmaýarlar diýlen söz dogry-da onda?

– Sen maňa nämeler diýip dursuň? – diýip, Zybagül gatyrgandy. – Ilki bilen-ä men Käkilige beren sözümi unudamok. Onsoňam sen näme üçin Käkilige «görgüli» diýýärsiň. Ol ölenok, diri...

Mälikgulynyň Zybagülden göwni galdy. Oňa nägilelik bilen seretdi. Gulmuhammedowyň «Deňsinmedik dul galar» diýen eserindäki wakalary ýatlady. Ondaky baş gahryman Oguldursuny Zybagüle meňzetdi. Eý, Hudaý, men Zybagüli kime meňzedýän-ä? Heý, bu nusgalyk gyza-da çirk ýetirip bolarmy? Ýok, ýok...

Zybagül müýnli halda Mälikgulynyň alkymyna dykylyp geldi:

– Mälikguly doganym, seniň hormatyň gaty uludyr. Saňa ejap edip, aýdyp bilmeýän sözüm bar. Şonuň üçinem men özümi seniň öňüňde gaty müýnli duýýaryn. Men ony, barybir, bir gün aýtmaly bolaryn...

– Mälikguly, aý, Mälikguly!

Mälikguly sesiň çykan tarapyna seretdi. Hana, atyzyň gyrasynda Berkeli aga dur. Ol elini bulaýlap ýanyna çagyrýar.

Mälikguly dessine bir ýaramaz habaryň bardygyny aňdy. Gowy habary bar bolsa, onda ony Berkeli aga duran ýerinden gygyrybam aýdardy. Eý, Hudaý, eýgilige bolsun-da. Mälikguly uly howsala bilen Berkeli aganyň ýanyna bardy.

Berkeli aga Dagarmandan düşüp, pyşyrdap diýen ýaly gürledi:

– Sen, inim, ýanyňa Aşyr bilen Welini, Şaguly bilen Nuryny alyp, Atagylyç işan gonamçylygyna git. Mody dagy gelýänçä ýerini nemedip taýýar ediň. Eger däninim, gidenler garaňky düşmänkä gelseler-ä, onda Atagylyç işan gonamçylygyna elteris. Eger garaňky gatlyşandan soň gelseler, onda bir gije myhman almaly bolarys.

– Haý, Käkilik görgüli – diýip, Mälikguly uludan demini aldy.

– Ömri gysga eken. Ýazgytdyr-da – diýip, Berkeli aga atyna münmek bilen boldy. – Öýüňizden pilem äkidiň. Gaýrat ediň. Men Allaberdi uzynam ýanyňyza ugradaryn. Ol size nädip gazmalydygyny nemeder.

– Arkaýyn boluň, Berkeli aga, aýdyşyňyz ýaly ederis.

## Keýik owlagy

Gyş agyr geldi. Gyşyň soňky aýynda-da gar on bäş günläp dagy eremedi. Ýaňy gün çykjak-çykjak ýaly etse-de, derrew gatbar-gatbar bulut gelip, Günüň öňüni örtdi.

Gyş gijeleri uzak bolýar. Ana şol uzak gyş gijelerinde Mälikguly kakasynyň depderlerindäki ýazgylary okaýardy. Ejesi bilen doganlary bolsa hezil edip diňlärdiler.

Mälikguly bu gün agşam hem kakasynyň ýazgylaryny okamakçydy, ejesi bilen doganlary eýýäm häzir bolup otyrdylar.

Ine, üstüne ýorgan münder-münder goýlan iki sandyk. Gyralary sary galaýy bilen jäheklenipdir.

Uly sandykda diňe gadymy kitaplar bar. Olaryň içinde iň könesi Sopy Allaýaryň «Fawzun-Nejat» hem «Sebatul-ajazan» diýen kitaplary. Olar 1802-nji ýylda çykypdyr. Mälikgulynyň kakasy bu iki kitabyny aýratyn gowy görýär hem olary ýatdan bilýär. Ýaşka Baýly molladan sapagy şu iki kitap boýunça alypdyr. Berdimuhamet şonda bu kitaplary ýat tutupdyr.

Mälikgulynyň kakasynyň başga-da gowy görýän, adamlara hezil edip okap berýän kitaplary az däl. Olaryň içinde Muhammet Fizulynyň 1805-nji ýylda çap edilen «Rend-u Zahid», 1806-

njy ýylda çykan Muhammet Ependiniň «Pirguly kitaby», Jelaleddin Rumynyň mesnewiler kitaby, Magrupynyň «Seýpelmelek kitaby» (1807-nji ýyl) iň köne kitaplar. Olaryň çap edileninden bäri tas bir ýarym asyr geçipdir. Köp okalanyndanmy ýa üstünden ýyllaryň köp geçenindenmi – nämemi, kitaplaryň gyralary tozupdyr, pamyk ýaly ýumşak, sähel bolsa kindiwanja bölekler aýrylyp, pytrap dur.

«Totynama» (1848 ý.), Fizulynyň «Leýli we Mežnun» (1848 ý.), Bakyrganyň «Goşgular» (1848ý.), «Tagbirnama» (1848 ý.), «Melike kitaby» (1851), Alynyň «Kitab-e kyssaýy hezreti Ýusup» (1852 ý.), «Jemşit hekaýaty» (1857 ý.), Şeýdaýynyň «Goşgular» kitaby (1862 ý.), Hoja Ahmet Ýasawynyň «Hikmetler» kitaby, Abulgazynyň «Şejere-i terakime» (1903 ý.), Andalybyň «Kyssaý-i kitaby» (1904 ý.), «Melike Dilaram» (1904 ý.), «Melike we danyşment» (1905 ý.) kitaplaram köp okalýan kitaplar.

Bu kitaplary Mälikguly kakasynyň 1926-njy ýylda bir belli ahun bilen bir süri dowara çalşandygy barada üç-dört gezek eşitdi. Şondan soň olaryň maşgalasynyň «bugdaý ekilýän on desýatin ýeri, bir göleli sygry hem-de düýesi bar eken»[1]. Bu hakda ol kakasynyň özünden eşitmek isleýärdi. Ýöne şu wagta çenli bu barada soramagyň teý ebeteýini tapmandy.

[1]Mugallym. Esger. Ilhalar adam. Berdimuhamet Annaýewiň gahrymançylykly ömür ýoly. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Baş döwlet arhiwi. Aşgabat, 2010 ý. 10 sah.

Mälikgulynyň kakasy kitaplaryny adamlara görkezmezlige çalşardy. Sandykdan diňe bir kitap çykarardy. Başga kitap çykarmazdy. Şol çykaran kitabynam adamlara okap bererdi. Ol adamlara kitap görkezse, esasan, soňky ýyllarda çapdan çykan kitaplary görkezerdi. Köne kitaplary welin, edil eşrepi deýin aýap saklardy, aňsat-aňsat görkezmezdi.

Mälikguly ýuwaşlyk bilen kiçi sandygy açdy.

Soňky wagtlar diňe kiçi sandykdan okalýardy. Onuň hem sebäbi bardy. Bu sandykda Mälikgulynyň kakasynyň öz ýazan zatlary saklanýardy.

Mälikguly kakasynyň depderlere ýazan zatlarynyň hemmesini diýen ýaly ýatdan bilýärdi. Ondaky depderleriň üçüsi Mälikgulynyň kakasynyň ýazan goşgularydy. Dördünji depderden başlap, ýigrimi sekizinji depdere çenli diňe bir zat hakdady. Olaryň ählisiniň ýüzünde «Türkmen taryhyna degişli maglumatlar» diýlip ýazylandy.

On sany daşy ýaşyl depder bardy. Olar, esasan, Berdimuhamet Annaýewleriň ýedi arkasy baradady. Bir depderiň ýüzüne «Gök baý (Pyhy baýyň ogly)», başga bir depderiň ýüzüne «Nepesaly baý (Gurbanguly hanyň ogly)» diýlip ýazylypdy.

Ýene iki depderiň ýüzünde bolsa «Anna aga (1869–1904 ý.) Gök baýyň ogly)» diýlip ýazylypdyr. Ikinji depder birinji depderiň dowamydy. Gök baýyň ömür beýany bolsa üç depderden ybaratdy.

Mälikgulynyň eline alan depderiniň ýüzünde «Türkmenleriň käbir häsiýet aýratynlyklary. 7-nji depder» diýen ýazgy bardy. Türkmenleriň käbir häsiýet aýratynlyklary barada on sekiz depder bardy. Ol depderleriň ählisi ak sahaplydy.

– Türkmeniň käbir häsiýet aýratynlyklary. 7-nji depder) – diýip, Mälikguly depderdäki ýazgyny okady.

– Oglum, eliňdäkini okaý bu gezek – diýip, Ogulbäbek eje ýuwaşja aýtdy. Doganlary hem bu pikiri bada-bat goldadylar.

Mälikgulynyň bu günki islegi Nepesaly baý barada okamakdy. Ýöne ejesiniň, doganlarynyň sözünden soň, depderi alyp, çyranyň öňüne çökdi.

Depderdäki ýazgylar Mälikgula-da, öýdäkilere-de tanyşdy. Sebäbi bu ýazgylar öň telim ýola okalypdy. Ýöne ol ýazgylary okadygyňça okasyň gelýärdi. Türkmendigiňe, olaryň mert, gaýduwsyz gahryman kişiler bolandygyna buýsanjyň artýardy. Bu buýsançly ýazgylary Mälikguly ýat tutupdy.

Mälikguly her gezek bu depderi okap çykandan soň, özüni saý bedewiň üstünde milli eşikde, eli gylyçly göz öňüne getirýärdi. Ol gylyjyny bulaýlap, bedewiniň sagrysyna gamçy çalýardy.

Bedew peýkam deýin süýnüp gidýärdi...

Mälikguly okaýardy, okaýan zatlaryny, wakalaryny göz atuwynda janlandyrýardy. Şeýle bolansoň, ol joşgunly okaýardy, kä ýerde sesini batlandyryp, kä ýerde säkdirip okaýardy. Gapdalyndakylar seslerini çykarman diňleýärdiler.

***Türkmenler dünýäde haýsy häsiýetleri bilen tanalýar***

Her bir adamyň özüni doly tanamagy üçin, ilki bilen, öz neberesini, halkyny, olaryň dünýäsini bäş barmagy ýaly bilmelidir, şonda adam özüni tanap biler.

Öz halkyny söýýän adam iň bagtly adamdyr. Arkaňda halkyň barlygy gorkagam batyr edýär.

Gaýgysyz Atabaýew türkmen halkyna, Türkmenistana degişli gadymy golýazmalardan parçalary moskwaly, leningradly gündogarşynaslara arap we pars dillerinden terjime etdirip, «Materialy po istorii turkmen i Turkmenistana» atly galyň iki jiltli kitaby rus dilinde çapdan çykardypdyr. Bu kitaplardaky golýazma maglumatlary bilen tanşanyňda, türkmen halkynyň nähili buýsançly, beýik halkdygyna, nähili beýik taryhynyň bardygyna göz ýetirýärsiň.

Her bir halk dünýäde özboluşly bir aýratynlygy bilen tanalýar. Eýsem, biz – türkmenler haýsy häsiýetlerimiz bilen dünýä halklarynyň hakydasynda galypdyrys?

Türkmenler sypaýylygyny, myhmansöýerlik äp-däbini ähli döwür-zamanalarda saklapdyr. Myhman – Ýaradanyň iberen adamy diýlip hasap edilipdir. Şonuň üçin biziň ilde dil biten çagadan başlap, bakyýet ýoluna taýýarlanýan gojalara çenli hemmeler «Myhman ataňdan uly» diýen nakyly bilýär we oňa eýerýär.

Biziň ata-babalarymyz öz döreden döwletleriniň çäklerinde ýaşaýan gaýry halklary, dini başga adamlary hiç haçan gyrakladan, kemsiden däldir. Tersine, türkmenleriň anyk ýörelge edinýän parahatçylyk söýüji syýasaty, adalatlylygy, ynsanperwerligi olara orta asyrlarda Aziýanyň, Gündogar Ýewropanyň we Demirgazyk Afrikanyň ähli künjeklerinde köp-köp ululy-kiçili döwletleri, şol sanda beýik soltanlyklary gurmaga kömek etdi.

Şeýle täsin ahwalatyň syry nämede? Ilkinji nobatda, ol türkmenleriň gylyk-häsiýetinde, olaryň ýasawyndadyr, kalbynyň perdeleriniň näzik sazlaşygyndadyr.

Biziň pederlerimiz dünýäde tanalyp başlanan ilkinji günlerinden başlap, şol döwrüň ähli ynsanlaryny bir hakykat – bu halkda jemagatyň adalatly gurlandygy haýran galdyrypdyr. Ýunanly we rimli taryhçylar türkmenleriň rehimdarlygy, wepadarlygy, dostanalygy, ogry-kezzaplary ýigrenendigi hakynda ýazýar, olaryň ata-enä sarpa goýýandygyny we aýal-gyzlarynyň edep-ekramlylygyny wasp edýär. Miladynyň başynda rim taryhçysy Pompeý Trog skifler – türkmenler hakynda şeýle ýazýar: «Adalatlylyk diýen düşünje olara (türkmenlere) kanunlar bilen öwredilmän, eýsem olaryň aňyýetiniň miwesidir. Kişiň zadyna el gatmak olarda iň agyr günä hasaplanýar... Eý-ho, eger beýleki döwletlerde-de kişiniň maly babatda şunuň ýaly durnuklylyk we halallyk bolsady, elbetde, onda ähli asyrlarda we ähli ülkelerde munça jeň-dawalar bolmazdy».

Pompeý Trogyň bu sözleri türkmenleriň ata-babalaryna – turlara – skiflere bagyşlanypdyr, ýöne iki müň ýyl geçenden soň, häzirki türkmenleriň aň-düşünjesinde şol asylly gylyk-häsiýetleriň, üýtgeşik aýratynlyklaryň saklanyp galandygy, gör, nähili täsin!

Adamzat taryhyna mahsus bir aýratynlyk bar: her bir adam öz ynanýan zadyna başgalaryň hem ynanmagyny isleýär, ynanmadyklary dinden çykan hasaplaýar. Günüň şöhlesi ýedi reňki birleşdirip,

bize ak reňkde görünýär. Esasy zat, ähli reňkleriň bir akaba birleşip, şuglaly, ýakymly ýagtylyk döretmeklerinde. Türkmenler hem dürli milletleriň, dürli dinleriň wekilleri bilen özboluşlylygynda bitewileşmegi, umumy bir maksada birleşip, döwleti has-da kuwwatlandyrmagy başarypdyrlar.

Türkmenleriň gapylary elmydama açyk bolupdyr. Olar gulp diýen zadyň nämedigini hem bilmändirler. Ogurlyk, kesekiniň zadyna el uzatmak diýen zat biziň halkymyzyň arasynda bolmandyr. Eger-de obada ogry bar bolsa, bütin oba ondan ýüz öwrüpdir, onuň bilen hiç kim salamlaşmandyr, hiç kim ony myhmançylyga çagyrmandyr. Türkmen üçin şundan elhenç jeza bolmandyr. Iliň üýşen ýerlerinde wejera edipdirler. Ogrynyň elini kesmek usuly hem ulanylypdyr. Ogryny näletläp, obadan çykaryp kowupdyrlar. Soň ony hiç bir oba kabul etmändir. Adam özüni ýalňyz duýan wagtynda, ol düzelip başlaýar, adamlaryň özi hakdaky pikirini üýtgetmäge çalyşýar. Munuň özi biziň milli özboluşlylygymyzdyr, munuň özi biziň täsin ruhy terbiýämizdir, bu biziň taryhymyzdyr – türkmençiligimizdir.

Türkmenler myhmana uly hormat goýupdyr. Hatda duşmany öýüne myhman bolup gaçyp gelse, onuň hununy geçipdir. Ýa-da myhman bir etmişli bolup gaçyp gelse, öý eýesi ony yzyndan öç almaga gelenleriň eline bermändir. Ata-babalarymyz myhman garşylamagy häsiýetine siňdiripdir. Her gün nahar bişirende «myhman paýyny» goşup bişiripdir.

Pederlerimiz adamlaryň agzybir gatnaşykda bolmagy üçin köp tagallalar ulanýan eken. Eger bir

säw bilen ara tow düşen bolsa, sylanýan ýaşulular bilen töwellaçy barylýar. Töwellaçynyň töwellasy alynmasa, türkmençilikde erbet görülýär.

Türkmende bir ýere gitjek bolnanda, bir işiň başy tutuljak bolnanda, kesp-hünär öwrenip, işe başlajak bolnanda, halypadan, ýaşuludan ak pata alynýar. Görogly Harmandäliniň ýanyna gitjek bolanda Agaýunus: «Şähri-Bossanda Aşyk Aýdyň pir bardyr! Şonuň hyzmatyna baryp, bir aý, kyrk gün hyzmatynda bolgun, haýyr-patasyny alyp, onsoň barsaň, abraý taparsyň» diýýär.

Türkmenler köp işleriň başyny geňeş bilen tutupdyr. Şol geňeşlerde ýa bir adamyň ýa-da tutuş iliň ykbaly çözülipdir. Geňeşe, esasan, iliň ýaşululary, han-begleri ýolbaşçylyk edipdir. Olar meseläni orta atyp, iliň pikirini jemläpdir. Kähalat geňeşilýän mesele hakynda iki pikir ýüze çyksa, haýsy tarapyň sesi köplük bolsa, şolaryň gepi sana geçipdir.

Ata-babalarymyz halky elmydama azatlykda, garaşsyzlykda, bagtly durmuşda görmegiň arzuwy bilen ýaşapdyrlar. Türkmen halkynyň üstüne ýaman niýet bilen gelen duşmanlaryň hiçisi-de halkymyzyň ýüzüni ýere salyp bilmändi. Çünki türkmen Watan üçin mert durup, janyny orta goýmagy başarypdy. Ata-babalarymyzda biziň şu günki neslimize görüm-görelde bolup biljek beýik ygrarlylyk, Watana buýsanç, çäksiz söýgi bardy. Watana bolan beýik buýsanjy we söýgini bolsa hiç bir güýç basyp bilmez...

Pederlerimiziň geçmişde gylyç oýnadyp, jyza parladyp, duşman bilen gaýduwsyz söweş

gurmagy başarandygyny biz taryhdan gowy bilýäris. Şolar bilen bir hatarda goşunbaşy hökmünde harby ussatlyk görkezip, türkmen halkynyň taryhynda at galdyryp, oňa şanly sahypalar ýazan, bütin dünýä diýen ýaly owazasy dolan Oguz han, Frat, Süren serdar, Ärsak şa, Bumyn han, Atylla, Mahmyt Gaznaly, Alp Arslan, Çagry beg, Togrul beg, Jelaleddin Meňburny, Ärtogrul Gazy, Aba serdar, Soltannyýaz beg, Gowşut han ýaly serkerdelerimiziň hem bolandygy buýsançly ýagdaýdyr.

Bizde guwanara milli gahrymanlarymyz kän. Çünki biziň halkymyz üçin harby sungat ýat däl. Aty mydama eýerlengi, duly ýaragly taýýar duran halk öz harby sungatyny arkaba-arka ýaş nesle öwredip geldi.

Harby sungatymyzyň gözbaşy türkmenleriň nesilbaşysy, müňlerçe ýyllyk taryhy bolan Oguz han döwründen ugrugyp gaýdýar.

Biziň ady rowaýatlara öwrülen atamyz beýik Oguz han döwletiň güýjüniň we halkyň abadançylygynyň, ilkinji nobatda, döwletiň içinde tertibiň berjaý edilmegine baglydygyny, her bir adamyň – begzadanyň hem, garamaýagyň hem öz borç-ygtyýarlaryny takyk ýerine ýetirmegindeligini aýdypdy.

Ýurdy gorap saklamagyň goşuna hem-de şol goşunda harby sungatyň düzgünleriniň berk ýerine ýetirilmegine baglydygyny-da Oguz han wesýet edipdir. Özi-de muny durmuşda subut edipdir.

Oguz hanyň goşun düzümi ýedi görnüşden ybarat bolupdyr. Bularyň her haýsynyň ýörişde

ýa-da söweşde özüniň ýerine ýetirýän wezipesi bolup, hemmesi bilelikde uly bir güýji emele getiripdir.

Oguz handan soňky gurlan türkmen döwletlerinde-de, soňky sekiz asyrlyk özbaşdak döwletsizlik döwründe-de türkmenleriň harby syýasatynyň özeni mydama ýurduň, iliň-günüň bitewüligini üpjün etmekden ybarat bolupdyr.

Gerek ýerinde türkmen öz ýurdunyň çäklerini giňeltmegi hem başarypdyr.

Hiç haçan türkmen ýersiz-ýere özgäniň üstüne sürünmändir, özgäniň ýurduna göz gyzdyrmandyr, özgäniň üstüne goşun sürmändir. Özgä meçew bermändir, özgä gylaw bermändir. Gaýtam urşanlary ýaraşdyrjak bolupdyr.

Hiç bir babatda türkmen gözi gülüp durup, ýüregi ýigrençden doly halk bolmandyr. Beýle häsiýete namartlyk diýlipdir. Namartlyk bolsa biziň halkymyzyň ýek ýigrenýän zady. Ylaýta-da, harby meselede namartlyga orun bolmandyr. Asla, türkmen namartlar bilen iş salyşmagy hem mertlik hasaplamandyr.

Soňky sekiz asyryň dowamynda türkmen halkynyň özbaşdak döwleti bolmandygy üçin, onuň bitewi goşuny hem bolmandyr. Ýöne bu ýagdaý türkmenlerden serkerde ýigitleriň bolmandygyny aňlatmaýar. Ilat ondan-oňa göçüp-gonup ýörse-de, olar öz mekanlaryny daşarky howpdan goramagy başarypdyrlar.

Mertligi, dogumlylygy, bir sözlüligi, jomartlygy, ugurtapyjylygy bilen türkmen ýigitleriniň dabarasy dag aşyp, at-owazasy illere ýetipdir.

Türkmenler dünýä halklarynyň aňynda mertli-giň, wepadarlygyň, halallygyň, myhmansöýerligiň nemunasy hökmünde galypdyr…

Wagtyň birçene baranyna seretmezden, Mälikguly joşup okaýardy.

Ýaňy alty ýaşyny dolduran jigisi yzly-yzyna pallady.

– Mälikguly, indi ýatalyň. Wagt birçen boldy. Yzyny erte agşam diňläris – diýip, Ogulbäbek eje ýerinden turdy.

Depderdäki wakalar biçak gyzyklydy, täsirlidi. Ýöne wagtyň öz hökmürowanlygy bardy. Sen oňa boýun synmaly, ýogsam, ol seniň garşyňa özüniň uky leşgerini gönderýär. Oňa boýun synmasaň, ertir rahatlygyň bolmaýar, özüňi gowy duýmaýarsyň.

Ýene gar ýagýar.

Ertir gar atyşyp oýnasa bolar. Geçen sapar ýaganda, baý, gar atyşypdylar-a.

Weli şol gezek garagolluk edip Aşyry käýinje goýupdy. Ol ilk-ä Aşyryň arkasyna bukulyp, klasdaşy Sona yzly-yzyna gar atdy. Onuň atan gar tokgasam Bägülüň ýüzüne degdi. Ol gary atan Aşyrdyr öýtdi, aglap gidip, mekdebe ejesini alyp geldi. Aşyra käýemek käýediler. Aşyr görgüli özüniň atmandygyny janygyp-janygyp Doýduk mugallyma düşündirjek bolýar. Ýöne onuň sözüni pitiwa almadylar.

Şol günüň ertesem Weli ýene bir hokga tapdy. Mekdebiň gapysynyň iç tarapynda durup, Doýduk mugallym gapa ýakynlaberende, Aşyra öňden taýýarlan iki sany gar tokgasyny atdy. Aşyram jogap bermeli ahyryn. Ol hem öz gezeginde atdy. Weli

aşak egildi welin, wazlap gelen gar tokgasy Doýduk mugallymyň çat maňlaýyna degdi.

Weli gaharlanan bolýar.

– Aşyr, mugallym bilen beýdip oýun etmeli däl-ä! Eger gar zyňyşman oňmaýan bolsaň, onda maňa zyň, çydaryn. Öz hetdiňi bil-ä sen!

Gagal, hötjet bolansoň, iýeni ýüzüne çykmaýan Doýduk mugallym Aşyryň gulagyndan şeýlebir çekdi, şeýlebir käýemek käýedi.

– Bagyşla, mugallym, men sizi däl-de, Welini urjak boldum. Onuň özi ilki gar zyňdy – diýip, Aşyr janygýar.

– Mekdebiň içinde gar ýog-a – diýip, Weli mönsüreýär. Ýüzüne seretseň, eger-eger garagolluk etjege meňzänok ol. Bir gowuşgynsyzja okuwçy ýaly ýüzüni naýynjar edipjik dur. Oňa yananmazlyk eger-eger mümkin däl.

Mälikguly depderi sandyga saldy. Okan zatlaryny hakydasynda aýlap hem süýji uka gitdi. Düýşünde harby uçilişä okuwa girdi, okady. Her gün türgenleşik geçdi. Bir günem yzyndan kakasy bardy. Özem Dagarmana münüp bardy.

– Oglum, gaty gowy kär saýladyň. Adama Watany goramakdan mukaddes zat ýokdur. Türkmeniň beýik ogullary Watan gorap, ölmez-ýitmez bakylyk gazanandyrlar.

Nurana ak garly gyşlar Zeminiň imisala düýşüne meňzeýär. Adamzadyň düýşlerine-de ak garlaryň nury çaýylandyr. Hut şonuň üçinem huşda mümkin bolmadyk nur, nuranalyk bar. Düýşde gündiz aklygy bar. Bu aklyk ylahy nuranalygy döredýär. Aklygyň mawy öwüşginler bilen utgaşy-

gy bolsa sende syrlylyk täsirini döredýär. Mawylyk asman alyslygynyň, bakylygynyň reňki. Aklyk düýş dünýäsine belentlik, mukaddeslik çaýsa, mawy reňk syrlylygy, dünýä çäginden aňyrky özgeligi berýär. Düýş – janyň tene, asmanyň zemine berýän içki habary. Ol özge dünýäniň az pursatlyk şu dünýä gelmegi, diňe reňkleriň däl, dünýäleriňem başgaça utgaşygy.

Düýşüň ýüzi geljege sary. Ol Allatagalanyň bize geljegi duýmak üçin beren mümkinçiligi. Aslynda «düýş» sözüniň özi «duýuş» kökündendir. Özüniň nurlulygy bilen ol geljegiň nämälimligine açylan gapy, yş. Ol geljegiň özboluşly mümkingadar görnüşi bolup, eýesiniň kimligine baglylykda, onda geljegiňi görmek mümkinçiligi ýatýar.

Düýşde öň aýak basylmadyk dünýä aýak basylýar, entek el degrilmedik dünýä el degrilýär. Şonuň üçinem onuň tebigatynda el degrilmediklik, aýak basylmadyklyk aýratynlygy bar. Ýaşaýşyň, durmuşyň, wagtyň gidişindäki adam akylyna, huşuna elýeterli bolmadyk syrlary, hakykatlar düýş arkaly adamyň janyna, ruhuna aýan bolýar. Huşuny wagta aldyran adam düýşünde wagtyň o tarapyndaky hakykatlara baryp bilýär.

Huşda wagt yzyna tarap akýar. Huşdaky nämälimlik düýşde düşnüklilige öwrülýär. Wagtyň yzy däl, öňe akýanlygy sebäpli, düýş juda gysga salymyň wakalaryny özünde saklaýar.

Düýş – teniň däl, ruhuň sözleýşi. Hut şonuň üçinem düýş huşa, daşky dünýä ýetdirmeýän nurlulyga eýe. Ol daşky dünýäniň adamyň içinde goýýan yzlary däl, ol adamyň ruhunyň dünýäniň gelje-

gini görüş ukyby. Düýş arkaly ruh geljege beýleki duýgulardan, asyl geljegiň özündenem öň baryp ýetýär.

Düýşleriň köpüsi tiz ýatdan çykýar, käbiri bütin ömrüňe hakydaňda saklanýar. Käbir düýş seni aşa tolgundyrýar, oýlandyrýar.

Gören düýşi Mälikgula güýçli täsir etdi. Göwnüne bolmasa, kakasy daş işikde duran ýalydy. Ol gulakjynyny omrakaý geýip, egnine ýasgynjaň alan garma donunyň ýakasyny içinden berk gabşyryp, daş çykdy. Alagaraňkylyk. Barybir, töwerek ap-ak. Gardan ýaňa gapy hem kynlyk bilen açyldy.

Daş işikde maýda malyň yzy bar. Agyldaky iki goýun boşanaýdymyka? Agylyň agzynam-a özi gaýym ýapypdy. Näme üçin olar gapynyň öňüni torç etdikäler?!

– Oho... – Mälikguly aňk-taňk boldy.

– Näme bar? – diýip, Ogulbäbek eje oglunyň nämä geň galanyny anyklamak üçin daş çykdy.

– Eje jan, salawmaleýkim. Sizem bimaza edäýdimmi?

– Äleýkessalam, balam. Biynjalyk edeňok, häzir turaýyn diýip ýatyrdym. Saglykmy-esenlikmi?

– Gowy, eje jan.

Agylyň agzynyň öňünde bir owlakly keýik butnaman durdy.

Özüne tarap bir oglanyň gelýänini gören keýik gaçdy, owlagy welin galdy. Wah, başarsa olam gaçjak, ýöne sag aýagyndaky gapan ony oňly ýöredenokdy, agsaklap zordan gaçýardy. Keýik uzak gitmän saklandy. Mäledi: owlagyny çagyrdy.

Owlak enesine bakan gaçjak boldy, ýykyldy.

Mälikguly baryp titräp duran owlagy gujagyna aldy, aýagyndaky gapany aýyrdy. Owlagyň öň sag aýagy döwlüp, kül bolupdyr. Şalkyldap ýatyr.

Mälikguly owlagy agyla salyp, ejesi bilen tebipçilik etdi: döwlen aýagyň daşyna nert ýylgyn çybyklaryny goýup berk daňdylar.

– Bir aýda biter – Ogulbäbek eje edilen işden göwnühoş boldy. – Wah, wah, janawarlar, başlaryna iş düşüp, adamdan delalat isläp geläýipdirler.

– Omar awçynyň gapany! – diýip, Mälikguly uly demir gapany eliniň tersi bilen wazyrdadyp zyňdy. – Onuň ähli gapanyny ýok etmeli.

Mälikguly owlagyň öňüne biraz bede dökdi.

Owlak öňünde goýlan bededen iýjek bolmady. Ol Mälikguly daga gorky bilen seretdi durdy.

Ene keýik gitdi.

* * *

Owlak wagtyň geçmegi bilen agyla, oglanlara öwrenişdi. Ogulbäbek ejäniň aýdyşy ýaly, bir aýdan onuň aýagy bitişdi.

Oglanlar owlaga, owlak oglanlara halys öwrenişdi. Owlagy soňabaka açyk meýdana-da goýberdiler. Ol gaçjak bolmady. Käte diriň-diriň böküp, öýdäkilere oýun görkezdi.

Özlerinde keýik owlagynyň bardygyna Mälikguly dagy begenýärdi. Käte oglanlaram üýşüp gelip oňa tomaşa ederdiler.

«Sakarja» diýlip at goýlan keýik owlagynyň daş işikde bolmagyna öýdäkiler hezil etselerem, Gyňyr atly jümjüme horaz welin, oňa asla çydam edip bilenokdy. Niçik Sakarja göründigi, jümjüme

horaz gorsaň-gozgalaň tapyp ugraýar. Gorkyny-ürküni unudyp, göni owlagyň üstüne topulýar. Pasyrdap uçup urýar çüňküni Sakarjanyň maňlaýyna.

Owlak görgüli zähresi ýarylan ýaly zyk gaçýar.

Jümjüme horaz esli aralyga onuň yzyndan kowýar. Giň daş işikden owlagy kowansoň, ol dolanyp gelýär. Adaty sahylygyna başlaýar.

Bugdaý ekilen mellekden haýsam bolsa bir ýerini yhlas bilen peşeýär. Bir zatlar tapansoň bolsa petekesini gaýşardyp, ganatlaryny biraz ýazyp, pasyr-pasyr etdirip, alases bilen towuklary çagyrýar. Hersi bir ýerde ýer peşeşip ýören towuklar moýmuldaşyp horaza bakan gaýdýarlar. Gelip, horazyň öňündäki zyýapatdan dadýarlar.

Hil bir iş bitiren jümjüme horaz ýene bir ýere baryp hälki bolşuny gaýtalaýar.

## Ezizleýän ezizlener

Adam özüne näme ýetmeýän bolsa, şol zat hakda hem köp oýlanar eken. Obada diňe bir ýa iki adama däl, ähli kişä bolelin ýetmeýän, şol sebäplem özi hakda oýlandyrýan zat, elbetde, nandy. Nan atlydy, adamlar pyýadady. Hyýallar atlydy, barybir, ol nanly ata ýetmekde çaman çykýardy. Nan günsaýyn atyny ýyndamlaşdyryp, adamlardan düşnüksiz bir maksat içre ar almakçy bolýan ýalydy.

Adamlara bellibir derejede göwünlerine tekge berýän, köşeşdirýän bir güýç bardy. Ol ertirki günüň röwşen, bereketli, duz-çörekli boljagyna bolan berk ynamdy. Şol ynam adamlara çydamlylyk, sabyrlylyk berýärdi. Şol ynam adamlary kanagatly bolmaga maýyl edýärdi.

Adamlar agyr günleriň jyzlanyň ömri deýin gysga boljagyna ynanýardylar.

Adamlar Ýeňşiň ýurda bereket bolup doljakdygyna ynanýardylar.

Adamlar urşa gidenleriň sag-aman geljekdigine ynanýardylar.

Şol günlere uludan-kiçi sabyrsyzlyk bilen garaşýardy.

Sabyr käseleri suw bolupdy.

Käbir kişiniň sabyr käsesi dökülýärdem, ýöne ondan peýda ýokdy, diňe zyýan bardy.

Ýagşylygyň öz serhetleri bar, ýöne ýamanlykda, ýowuzlykda serhet bolmaýar. Agyr durmuş beterinden-beter ýowuzlyklary tapýar.

Gara gyş adamlaryň çydamlylygynyň, sabyrlylygynyň synagy boldy. Her hili garaşylmadyk keseller obalara çozuş eýledi.

Olaryň içinde garahassalyk keseli iň beteri boldy. Ol keselden obada on ýedi adam ýogaldy. Şolaryň altysy çagady. Adamlar garahassalygyň ýazda has örç almagyndan howatyrlanýardylar. Birlän-ikilän akylyndan azaşýanam ýok däldi. Şol agyr gyş günlerinde Mälikguly iki klasdaşy bilen mätäç hojalyklara düýeleri mas ýükläp çagşyl getirip berýärdiler.

Üç klasdaş mydama ähli ýerde bilediler. Sapakda Mälikguly Aşyr bilen oturýardy. Weli bolsa olaryň yzyndaky partada Depbi bilen oturýardy. Matematikadan barlag iş ýazylanda Weli bilen Depbi hürsekläp rahat oturmaýardylar.

– Göçürdäý-how, içigara bolmaň beýle.

Ähli sapaklarda Mälikguly birinji hasaplanýardy. Soň Sona, Ogulşypa, Güljahan, Jeren, Bägül, Nurtäç, Aşyr dagy hem bäşlikçi hasaplanýardy. Weli hem zehinlidi, ýöne ol okuwa onçakly geleň etmeýärdi.

Diňe sapaklaryna ökdeligi üçin däl, ekabyrlygy, salykatlylygy, ýatkeşligi, köp zatlary ýatdan bilýänligi bilen Mälikguly deňi-duşlaryndan parhlanýardy, oglanlar onuň aýdan her bir sözüne boýundylar. Mälikguly ähli meselede olaryň öňbaşçysydy.

Olar köp zat barada söhbet edýärdiler, ulalanlarynda kimiň haýsy käri saýlajagy esasy gürrüňdi. Ikinji söhbet hem synpdaky gyzlar, söýgi hakdady. Söýgi hakdaky söhbetler bäşinji synpa geçilensoň-a hasam köp edildi.

Aşyr bilen Ogulşypa, Weli bilen Sona ysnyşykly gatnaşýardy. Aşyr bilen Weli gürrüň edenlerinde «seniňki», «meniňki» diýip duluna geçirip goýan öz hususyýeti ýaly gaty eýemsiräp gürleýärdiler.

Bu meselede Aşyr bilen Weli Mälikgula gaty müňkür bolýardylar.

«Seniňki haýsy? Baharmy, Jerenmi?» diýip, ondan zol-zol soraýardylar. Oglanlar her saparam Mälikguludan şol bir jogaby eşidýärdiler:

«Hiç haýsam däl».

«Birini söýýänsiň, ýöne ony bizden gizleýänsiň».

«Meniň sizden gizlin syrym ýok, oglanlar».

«Seniň söýýän gyzyň hökman bolaýmaly, bizi aldap bilmersiň. Hana, gözüň aýdyp dur-a bardygyny» diýip, Weli ýeň berenokdy.

Weliniň oturýan partasynyň yzynda Sona bilen Ogulşypa oturýardy. Matematikadan agyr mysal işlemeli bolsa, Welä aýtmagyň geregi ýokdur, ol öz mysalyny şatyr-şutur işlärdi-de, Sona geçirerdi. Sona mysaly göçürip, depderi yzyna gaýdyp bererdi.

Aşyr Weliniň üstünden gülerdi:

«Eý, Hudaý jan, men gaty geň galýaryn-eý».

«Nämä geň galýarsyň?» diýip, gürrüniň özi hakdadygyny aňsa-da, Weli aňmadykdan bolup gyzyklanardy.

«Sonanyň ýanynda özüňi şeýle asylly, şeýle asylly alyp barýarsyň. Ulugyzlaram käbir zatlary gelip senden öwrenip gidýärler. Sona görgülijik Welnazar Gatakowiç mydama şeýle asyllydyr öýdýändir. Munuň hakyky keşbini dagy bilse, «Depderiň başyňy iýsin, seniňkiden göçüren ellerime bismil çyksyn» diýerdi».

Munuň ýaly ýagdaýda Aşyrdan gep alyp galsa, onda ol Weli boljakmy?! Ol hökman bir bulawaçlygy tapýar:

«Aý, men seniň ýaly däl!»

«Ýeri, men nähilimişim?»

«Özüň-ä «Ogulşypa, Ogulşypa» diýýärsiň. Oňa kömegem etmeýärsiň. Ogulşypa görgülijigiň kakasy frontda-da häzir. Kakasy gelse-hä altynjy klasda okaýan Kerwen saçyndan tutup bilmezdi onuň. Hossarsyz bolansoň, Kerwen Ogulşypanyň saçyny çeke-çeke goparara getirdi. Hälem men baryp Kerweni sakladym. «Ýene bir gezek Ogulşypanyň saçyndan çekseň, ak saplyny döşüňde jür edip dikerin» diýdim. Ol menden gorkdy. Zut gitdi».

«Çynyňmy?»

«Saňa ýalan bergim ýok meniň. Ýa barmy? Ol Sonanyň saçyndan çekäýmez. Çekse, meniň ony nä güne saljagymy bilipjik dur ol. Ol seni ýelýürek görýär...»

Aşyr ynanjaň, özem gaty ynanjaň. Ol «Weliniň sözüne ynanyp bolmaz» diýýär, ýöne oňa Weli sözüni ynandyrýar. Ýene ynandyrdy.

Okuw gutaransoň Aşyr Kerweniň ýoluny saklady. Ony ýanyna çagyrdy. Aşyryň titräp, galpyldap durşuny gören Kerwen:

«Aşyr, saňa näme boldy?» diýdi.

«Bileňokmy?»

«Ýok!»

«Asla bileňokmy?»

«Asla bilemok».

«Hi-iç bileňokmy?»

«Hi-iç bilemok.»

«Bilesiňem gelenokmy?»

«Bilesim gelýär»...

«Ine, bilesiň gelse!» diýip, Aşyr Kerweni ýüzekessir urdy. «Malç» edip urlan ýumruk Kerweniň gözlerinden hakyt ot çykardy.

«Bu näme etdigiň, Aşyr?»

«Indi-hä bilersiň» diýip, Aşyr ýene yzly-yzyna ýüzekessir suňşurdy:

«Kerwen, bilip goý, bujagaş uranym uly urgymyň elkyssasydyr – girişjagazydyr. Ogulşypa azar berseň, ana, şonda görersiň, meniň näme edýändigimi».

Keseden seredip duran Weli «Oňardyň, nas etdiň, paçak etdiň» diýen terzde oňa yşarat etdi.

Aşyr Ogulşypanyň yzyna düşdi. Maksady ony öýüne çenli goraglap ugratmak. Ogulşypa zat diýmek özgelere gadagan.

Aşyr şol günden başlap Ogulşypany her gün okuwdan garagörnüm yzyndan öýüne ugratdy. Muny Ogulşypa duýupdyr. Tutlaryň birine bukulyp, Aşyryň gelerine garaşypdyr. Birden Ogulşypany gözden ýitiren Aşyr ot-elek bolupdyr. Ogulşypa tuduň aňyrsyndan çykypdyr.

«Aý, oglan, kimi beýle yhlasly agtarýarsyň?»

Aşyr birotala aljyrapdyr.

«Hiç kimi».

«Sen her gün meniň yzyma düşýärsiň. Näme üçin?»

«Çynymy aýdaýynmy, Ogulşypa?»

«Çypbakaýja-çynyňy aýt».

«Aýtsam, seni goraýaryn».

«Näme üçin?»

«Oglanlaryň biri azar beräýmesin. Eger biri azar berse, men onuň myžžygyny çykararyn».

«Maňa hiç kim azar berenok».

«Azar beripdir-ä»

«Kim?»

«Kerwen».

«Kerwen maňa azar berenok».

«Geçen bäşinji gün azar beripdir-ä?»

«Baý, bu oglany. Kerwen meniň daýym-a. Ol kakamdan hatyň gelýändigini-gelmeýändigini sorady».

«Ol näme üçin saçyňdan çekdi?»

– «Allakessin, Aşyr, ol meniň saçymdan çekmedi».

«Ýeri, bolýar. Ýöne biri azar berse, maňa hökman aýtgyn».

«Sen meni gorarmyň, Aşyr?»

«Goraryn, Ogulşypa, goraryn. Saňa hiç kim bir zat diýmäge milt edip bilmez. Sähel diýdigi men onuň başynda ahyrzaman gopduraryn».

«Men arkaýyn bolaýynmy?»

«Hawa, sen gaty arkaýyn bolgun. Arkaňda men bardyryn».

«Men seniň baryňy bilýärin-ä, Aşyr. Sen gowy oglan».

Aşyr ýyrş etdi:
«Men gowumy?»
«Gowy».
«Gaty-gaty gowumy?»
«Gaty-gaty gowy».
«Sen hasam gowy, Ogulşypa. Klasymyzda senden gowy gyz ýok».
«Bu seniň gözüňedir».
«Ýok, gözüme däl. Men çynymy aýdýaryn. Getir, sumkaňy göterip bereýin».
«Aý, hökman däl».
«Getir, getir».
«Öýüň ýanyna geldim-ä men».
«Barybir, götereýin».
«Me!»
«Ýör indi».
«Meniň sumkamy näme üçin döşüňe basyp barýarsyň, oglan?»
«Seniň sumkaň hem, özüň hem gowy».
«Çynyňmy?»
«Hawa, çynym».
«Çypba-çynyňmy?»
«Çypba-çynym».
«Çypba-çypba-çynyňmy?»
«Çypba-çypba-çynym».
«Hemişe gowy görermiň?»
«Tä ölýänçäm gowy görerin».
«Wiý, ýogsa-da, Aşyr... – diýip, Ogulşypa bir zat aýtmakçy boldy, hyrçyny dişledi. – Aý, aýtmaýyn».
«Mendenem gizlin zatmy?»
«Senden gizlin zadym ýog-a meniň».

«Aýt-da onda».
«Onda sen hiç ýerde aýtma, bolýarmy?»
«Aýtman. Erkek söz berdi, gutardygydyr».
«Sen Mälikguly bilen Baharyň duşuşygyny görmediň».
«O nähili duşuşyk? O nähili Bahar?»
«Mälikguly saňa aýtmadymy?»
«Maňa-ha hiç zat aýtmady».
«Men gördüm-dä şony».
«Nämäni-how, nämäni?»
«O gün okuw gutaransoň, mekdebiň örme guýusynyň ýanynda Mälikguly bilen Baharyň duşuşygyny».
«Kim ol Bahar?»
«Kim bolar ol, gyz. Ol Bahar-da, Omarowa, Omar dükançynyň gyzy Bahar-da».
«Hä, o Baharmy? Bilýän, bilýän, aýdyber».
«Bahar Mälikgula sumkasyndan çykaryp bir gysym daşy owadan kagyzly süýji berdi».
«Bir gysymmy?»
«Hawa, bir gysym. Bäş-on sany süýji-dä. Ondan saňa dadyrmadymy?»
«Juk, dadyrmady».
«Hemmesini ýeke özi iýendir onuň».
«Aý, ýok, ol nämesi bolsa, biziň bilen deň paýlaşýar-how».
«Bu seniň göwnüňedir».
«Göwnümemikä?»
«Hawa, göwnüňedir. Näme, maňa ynanaňokmy?»
«Heý, saňa-da ynanman bilerinmi-how men, Ogulşypa?»

«Onda näme?»

«Men Mälikguludan beýle zada garaşmandym. Maňa hiç zat aýdanok. Özem meniň jan ýaly dostum, partadaşym. Yzyny aýtsana. Yzy nähili boldy? Olar uzak gürleşdilermi?»

«On sagad-a gürleşip durandyrlar»...

«On sagatlapmy?»

«Aý, bilmedim, ep-esli durdular öz-ä. Özem jykyr-jykyr edişip gülüşdiler. Mälikguly Bahary güldürmek güldürdi. Bahar şondan bäri gülüp ýör. Ine, öýüň deňine geldik. Indi meniň sumkamy beräý».

«Ogulşypa, näme işiň bolsa maňa guk diýäýgin. Men hökman ähli ýumşuňy bitirerin. Bolýarmy?»

«Bolýar, Aşyr. Ertire çenli sag bol».

«Ertire çenli sag bol, Ogulşypa...»

Ogulşypanyň habary Aşyry haýrana goýdy. Ol örme guýynyň başynda geçen duşuşyk hakda Mälikgulynyň özüniň gürrüň bererine garaşdy, ýöne Mälikguly hiç zat aýtmady. Ol gün geçdi. Aşyr birki gezek osmakladyp sorady: «Mälikguly, yşk ataşyna uçran bolaýma?»

«Näme diýjek bolýarsyň?»

«Sementden ýykylaýma».

«Näme?»

«Köne edebiýatda yşk atyna «sement» diýilýär. Senem yşk atyndan ýykylaýma. Berk ýapyş».

«Aşyr, sen bir zad-a diýjek bolýarsyň?»

«Men hiç zat diýjek bolmaýaryn. Men ýöne şeýlekin aýdýaryn».

«Gözleriň-ä şeýlekin aýdýanyňky däl, gijen gözleriň bir zad-a aýtmakçy bolýar».

«Men saňa ýönekeý zat aýtdym: «Mälikguly, yşk ataşyna uçran bolaýma? Sementden ýykylaýma» diýdim. Sen bolsa, «gijen» diýip, «tejen» diýip, meniň soragyma sorag berýärsiň. Meniň soragyma «hawa» ýa «ýok» diýip jogap berip bolanokmy?»

«Bolýar. Jogap bereýin: ýok. Ýöne meniň bu jogabym bilen ýylymsyrap durşuňdan çen tutsak, kanagatlanana meňzäňok».

«Kanagatlanmaýan bolsam, onda sen dogryňy aýdýan dälsiň».

«Sen bir habar-a eşiden bolmaly. Şol eşiden habaryňy, belki, bize-de aýdarsyň?»

«Maňa hiç kim hiç zat aýdanok-how. Kimdir biri maňa bir zat aýtmalymydy?»

«Aşyr, soňky bir hepdäniň içinde sen biraz üýtgediň. Öňki Aşyr-a däl sen. «Kakaňdan hat gelýärmi?» diýip, Ogulşypadan sorandygy üçin Kerwen görgüliniňem-ä burnuny urup döwüpsiň sen. Indi onuň burny sorag alamaty ýaly bükülip dur. Men seniň adyňdan ötünç soraý-soraý ony zo-ordan köşeşdirdim. Ýogsam, başyňa ala ýabylynyň güni düşýärdi. Saňa kim gep berdi? Welimi?»

«Weliden gep alyp bolmaz, zadam. Onuň gepine-de ynanyp bolmaz».

Aşyr açyk pyşgyrmady. Ýöne Bahar bilen Mälikgulynyň duşuşandygy, jykyr-jykyr gülşendigi hakdaky Ogulşypanyň habary Aşyryň ýadyndan çykanokdy. Ol amatly pursada garaşdy.

Olar uzynly gün bilediler. Kä gün agşam bolsa üýşüp oturýardylar.

Olary käte Aşyryň ejesi Şirin daýza çagyrýardy.

Oglanlar işden soň olaryňka üýşüp barýardylar. Şirin daýza adyna mynasyp daýzady. Hakykatdanam, onuň dilem şirindi, bişirip berýän naharlaram şirindi. Bu gün işden soň ýene Şirin daýza çagyrdy.

Nahardan soň Aşyr içinde saklap ýören habaryny Mälikguludan anyklamak isledi. Ol myssa ýylgyrdy.

– Näme ýyrşarýarsyň? – diýip, Weli ondan sorady.

– Bir üýtgeşik rowaýat ýadyma düşdi. Şony ýatlap ýylgyraýdym. Isleseňiz, şol rowaýaty size-de aýdyp berip biljek.

– Gulagymyz sende.

– Bu wakanyň haçan bolup geçeni belli däl, ýöne onuň bolup geçeni hak. Gören gözler gürrüň berýärler ki, bir derýanyň aýagynda ümürsin baglyga çümüp oturan ajaýyp bir ýurt-şäher bar erdi. Ol şäherde Şasenem hem Garyp atly ýaş juwanlar ýaşar erdi.

– «Şasenem–Garyby» gürrüň berjek bolýarsyňmy?

– Mälikguly, nädýärsiň-aý. Ahyryna çenli diňläň-how. Men «Şasenem–Garyp» dessanyny gürrüň berjek bolmaýaryn. Meniň gürrüň berjek kyssam bütinleý başga-how.

– Aýdyber onda.

– Täzeden başlamaly boldum. Elkyssa, rawylar rowaýat kylar erdilerki...

– Aýnaman aýtsana – diýip, Weli kejikdi.

– Onda aýtjagam däl-how – diýip, Aşyr torsaryldy.

– Aýtmasaň aýtma.

– Şeýle ajaýyp rowaýaty eşidesiňiz gelmeýän bolsa aýtmaryn men.

– Ýeri, ýeri, bolýar-laý, Aşyr, sen Weliden öýkeleme. Öz öýüňde asla öýkelemek bolmaýar. Aýdyber.

– Andag rowaýat... Haý, Weli, gül ýalak rowaýatyň işini gördüň, kuh berdiň. Indi başkym ýaly joşup aýdybam bilemok. Indi geplemäň. Bu ýurt aşyklar ýurdy erdi.

– Haýsy ýurt? – diýip, Weli gobsundy.

– Bu andag rowaýaty, ýoldaş Mälikguly Berdimuhamedow, size tirip berýärin. Şu jaýyň içinde diňe ikimiz otyrys. Ýa, Mälikguly, otagda üçünji biri-de barmy? Ýokdur-la. Dogry. Jennetiň «Selsebil» diýen çeşmesini ýatladyp duran çeşmäniň boýunda biziň Garyp atly uzyn boýly, juwanmert, janymak aşygymyz çeşmä garap, öz ýaryna intizarlyk bilen garaşyp otyr erdi. Hawa, şeýle jana ýakymly şemaljyk ösýär erdi. Bu otuz iki tüýsli şemalyň ýigrimi dördünjisi erdi. Çeşmede Garyp özüniň görmegeý keşbini görýär. Ol öz Şasenemine garaşýar erdi. Onuň gelmeli wagty bolupdy. Ynha, birdenem günorta tarapdan älemgoşar göterilen ýaly boldy erdi. Selsebil çeşmesi älemgoşar ýalkymyna hasam nurlandy. Biziň mähriban Garybymyz eda bilen başyny galdyrdy. Görse älemgoşar öwüşgini bilen Şasenem gyz baga ýetip gelýär. Şu ýerde, elkyssa,

aýdym aýdylýar. Mälikguly, şu ýerde seniň kömegiň gerek.

Şasenem gyzyň kaddy-kamatyny wasp ederge rawy Aşyr ibn Baýsähet ibn Söýüniň dili ajiz gelýär erdi. Şasenem gyzyň çar tarapyndan Omar awçynyň öýündäki bilbiller kah-kah urup, şirin-şirin saýraşyp gelýär erdi.

– Mundanam bir rowaýat bolarmy?

– Ýuwaş, Weli, Aşyry diňläli-le.

– Mälikguly, men bir wyzzyldy sesini eşidäýdimmi?

– Ýok, hezreti rawy, ses ýok, aýdyberiň.

– Rawy aýdar ki Şasenem gyzyň yzynda edil Omar awçynyň işigindäki ýaly eýjejik keýikler süri bolup gezer erdiler. Şasenem Omar awçynyň Bahar gyzy ýaly biçak owadan erdi.

– Haý, rowaýat bolaýşyny. Däliniň samramasam mundan gowudyr ki.

– Rawy gaty giň adam erdi. Ol sakawyň soňuna sabyr etmegi başarmaýanlara pisint etmän, rowaýatyny dowam etdirer erdi. Aşyklar biri-birine intizar, giriftar, emenek nazar birle bakyp ýöräp ugradylar. Olaryň arasy barha ýakynlaşýardy, barha ýakynlaşýardy. Behişdiň çar ýanyndaky radiolardan Mylly Täçmyradowyň «Humarala» sazy ýaňlanýardy.

– Nämeleri samrap otyrsyň? Mylla aga şo ýere baryp saz çalypmy?

– Rawy ymgyr sabyrlydy. Ol aşyklara seredip on sagat bäri aňkarylyp durdy.

– On sagat?

– Ep-esli wagt seredib-ä durdy erdi-how. Aşyklar şindem biri-birine bakan ýöräp gelýärdi.

– Aralygy on kilometr dagy barmy olaryň?

– Olar messan-messan, seýkin-seýkin basyp ýöreýärdilerki.

– Garybam seýkin-seýkin ýöreýärmi?

– Garyp görgüli Şasenemiň husny-jemalyna aňkarylyp, örme guýynyň ýanynda ýöremän doňup durdy.

– Indem doňdumy ol?

– Ol doňmandy, ýöne aňk bolmadan ýaňa doňan ýaly bolupdy.

– Ýöräbersin-dä.

– Aralyk barha we barha ýakynlaşýardy.

– Eý, ibn Baýsähet, duşuraý-da indi şol görgülileri eliňden gelýärki.

– Rawy aýdar ki, käte ibn Çatakowyň hem aýdany geler erdi. Olar biri-birine ýakynlaşdylar. Olaryň aýdyşan gandu-şeker-nabat sözlerini örme guýy ebedilik ýat tutdy. Ol guýy aşyklaryň söhbetlerini asyrlardan asyrlara aşyryp, biziň neslimize ýetirdi.

«Eý, Garybym, bu senmi?» diýdi ki...

– Garagy gapykmy onuň garşysyndaky erkek kişini tanaman?!

– Bu häki bir giriş sözüdir ki how.

– Ondanam giriş sözi bolarmy?

– Rawy aýdar ki, akylly rawylar wyzzyldylara üns bermeýärki. Garyp aýdar boldy: «Salam, Şasenem jan».

«Salam, Garybym».

– Baý-bow, olar ýaňy salamlaşyp ugradylar.

– Garyp aýtdy:

– «Eý, Şasenem, sen meniň gündiz huşumda, gije düýşümdesiň. Men seni şeýlebir, şeýlebir söýýärin. Meniň söýgimiň odundan daglar-daşlar ereýär».

Şasenem aýtdy:

«Eý, Garybym, eý, söýgülim. Men ölsem ýeriňki, ölmesem bolsa, nesip bolsa, Hudaý jan ýol berse, seniňki bolaryn. Bizi hiç bir güýç aýry salyp bilmez» diýdiki. Olar biri-birini bagryna basdylarki, hoşwagt boldularki.

Garyp soradyki:

«Eý, söýgülim, gysymyňdaky nämedir ki?» Şasenem aýtdyki:

«Eý, Garyp, gysymymdaky kakamyň raýon merkezinden getiren süýjülerindendirki. Bulary men saňa getirdim. Ine, on sany süýji. Al! Noş bolsun, saglyk bolsunki..»

– On däl. Sekiz sany. Indi seniň rowaýatyň hikmeti düşnükli. Gör, seniň rowaýatyň köwsarlap-köwsarlap nireleri urýan eken.

– Eý, Mälikguly Berdimuhamedowiç, siz entek yzyny diňläň ki. Rawy rowaýatyny dowam etdirerki. Garybyň iki sany ýegre dosty bar erdi ki. Ol iki dosty aşa sadady ki. Olar Garypdan hiç zat gizlemeýärdiler, ýöne Garyp ol iki dostuna ýüregini açmaýardy. Ol gaty üýtgeşikdi. Süýjüleri hem lak-luk atar erdi. Şasenem aýdar boldy:

«Men bu on sany daşy owadan kagyzly süýjini saňa getirdim. Sen bularyň birini ejeň janyňa ber, ikisini doganlaryňa, galanlaryny bolsa özüň iýgil».

Garyp aýtdy:

«Dostlaryma bermäýinmi?»
Şasenem aýtdyki:
«Dostlaryň zakguny iýsin».
Garyp aýtdy erdi: «Eý, Şasenem, hak sözi senden eşitdimki. Dogry, Şasenem, men bu süýjüleri hiç kime paýlamaýyn, tenha özüm iýeýin. Men bilýärin. Bu süýjüler seniň lebleriň kibi süýjüdir».
Bu pikir bilen Şasenem gyz ylalaşdy hem olaryň ýeke-ýekeden daşynyň kagyzyny aýryp, olary Garybyň agzyna tutdy. Garyp süýjüleri derrew iýip gutardy, rowaýat hem gutardy erdi.
– Sen seredip durduňmy?
– Rawylara seredip durmak hökman däl erdi how. Agaýunus periniň seýir dogasyny okap ähli zady oraşan görüp durşy kibi, rawylara-da örme guýa seretmek ýeterlik erdi. Örme guýy öz ýanynda hak aşyklaryň biri-biriniň ellerinden tutuşyp emenen bakyşlary hakda joşup-joşup gürrüň berýär erdi.
– Bä, Mälikguly, Aşyr rawy ibn Baýsähet ibn Söýün bin Oraşanlynyň aýdýan rowaýaty hakmydyr? Sen, dost, ýiti gözli Ýežowdan syparsyň, ýöne ibn Rawydan sypmarsyň. Eý, Rawy, sen meniň günäjigimi geç. Men düşünmän, siziň gülden näzik göwnüňize degipdirin, rowaýatyňyzy diňlemejek bolupdyryn. Wah, men bir pekge tüntaw-da, seniň aýtjak bolup dyzamaňdan bir zatjagaz aňaýmaly welin, öldür aňmandyryn. Indi sen gürläňde men gulpduryn. Birden gürläýsem, «Rawy aýdar ki» diýgin, men dessine sesime suw guýaryn, özem ber eliňi.

Iki dost elleşdi. Bu olara az göründi, gujaklaşdylar.

– Weli ibn Çatak, saňa sözüm bar-how.

– Saňa döneýin, sözüňe döneýin, aýdyberki.

– Indi Mälikgulynyň rowaýatyny diňläli. Görbak, ol näme diýýär-how.

– Makul adamdan makul sözi eşitdim-how men-ä.

Aşyr bilen Weli Mälikgulynyň gaşyna geçip oturdy.

– Mähriban dostlarym, doganlarym, siz maňa gözleriňizi çüýjerdip seretmäň. Meniň sizden gizleýän zadym ýok. Aşyr janyň rowaýatynyň bary-ýogy sekiz sany dänesi bar, galanlary harpyk.

– Sekiz sany süýjümi?

– Hawa, sekiz sany süýji.

– Hany olar? Süýjiniň berleni hakykatmy?

– Hakykat.

– Bolupdyr-da onda – Weli ikidyz oturdy. Bu onuň gep söweşine häzirlendigidi.

– Nämesi bolupdyr?

– Eger söýmeýän bolsa, saňa sekiz sany daşy owadan kagyzly süýji getirip bermezdi.

– «Söýýän», «söýýär» diýmäge utanaňzokmy?

– Allanyň eçilen eşretleriniň utanjy bolmaz.

– Eý, Aşyr, Weli, goýsaňyzlaň beýle sözi. Biz ýaňy on iki ýaşadyg-a. Söýgi adama on dört ýaşdan soň gelýär. Allatagala adam ömrüniň her ýedi ýylyny bir maksat üçin ýaradypdyr. Biz häzir ikinji ýediligiň içinde. Biziň ýaşymyz dünýäni tanamak ýaşy. Ine, on dört ýaşarys, on bäş ýaşarys. Mag-

tymguly: «On bäşimde gyzlar girdi düýşüme» diýýär-ä.

– Goý, goý, Mälikguly, Mälikguly, Berkeli aga örän rast sözleýär. Durmuş bizi wagtyndan ir ýigit çykardy. Men-ä söýýärin. Senden, Aşyrdan gizlämok. Özem Sonany söýýärin. Sona-da meni söýýär. Aşyr Ogulşypany söýýär. Ogulşypa-da Aşyry söýýär. Sen bu hakykata, belki, «ýalan» diýersiň? Biz saňa Bahar bilen söýüşýäniňi hökman boýun al diýip, dyzap duramzok. Islemeseň aýtma. Ýüregimizdäkini aýtmaga bize rugsat berseň bolýar.

– Ynanaňzokmy?

– Söwer dost üçin türkmen, pederlerimiz, gör, nämeler etmändir. Dost gerek bolsa şirin jandanam geçilýändir. Seniň üçin şirin janymyzy bermäge taýýar biz. «Ynan» diýseň, saňa «ýok» diýip bilmeris. Her näçe ynanasymyz gelmese-de ynanarys. Şunuň bilen gürrüňimizi gutarýarys. Saňa ymgyr sagbolsun aýdýarys. Indem turalyň. Şirin gelnejä, süýji nahary üçin taňryýalkasyn aýdalyň.

Weli nahara töwir etdi.

Mälikguly Aşyrlaryňkydan öýüne keýpsiz dolandy. Ýolboýy, uzak gije aňynda diňe bir pikir tüweleý turuzdy:

Söýgi näme?

Mälikguly söýginiň gözden başlanýandygy hakda köp eşidipdi.

Adam göz bilen gözelligi, durmuşy kabul edýär. Göz – ruhy ölçeg. Ynsan göz bilen aşyk bolýar. Gözler oňa ýaşaýşyň, diriligiň tagamyny dadyrýar. Gözelligi gören, bilen adam ondan aňsat-aňsat aý-

ry düşmek islemeýär. Hemişe şonuň bilen bile bolasy gelýär.

Söýmek ýaşaýyş bilen mähir gatnaşyklaryna girmekdir.

Söýgi ýaşaýyş hyjuwlarynyň oýanmagydyr.

Allatagala adama söýginiň dürli görnüşlerini beripdir. Olaryň birinjisi ýetginjeklik söýgüsidir. Bu söýgi her bir ynsanyň başyndan geçýär. Her bir kişi oňa on üç-on dört ýaşlarynda duçar bolýar. Bu ýetginjeklik söýgüsi adama ýuwaş-ýuwaşdan oglanlykdan saýlanmaga ýardam edýär. Ol ynsan bedeninde teniň gurnan oýnudyr. Munuň netijesinde adam şahsyýet hökmünde kemala gelip ugraýar. Ýetginjeklik söýgüsi adamyň özüniňki däl, başga dünýä ikinji gezek gadam goýmagydyr. Ynsan munuň üsti bilen özünden başga bir jynsyň bardygyna göz ýetirýär. Aslynda-da islendik söýgi seniň üçin şu wagta çenli ýaşan dünýäňden tapawutly başga bir dünýäniň açylmagydyr.

Ýetginjeklikde ten özünden başga bir jynsdaky teniň bardygyny görýär. Bu açyş oňa keseki gözelligiň açyşy bolup görünýär.

Ýetginjeklik söýgüsi öz-özüni doly aňlap bilmeýän söýgüdir. Ynsan öz duýgularynyň wysaly bolan şahsyýeti däl-de, bary-ýogy geň, düşnüksiz hem ýat jynsy görýär, özüniňem entek şahsyýet bolup kemala gelmedik döwri bolandygy üçin, ol geň-taňlygy, süýji, emma näbelli duýgy öwrümlerini doly aňlap bilenok.

Ynsan ýetginjeňlik, juwanlyk, kämillik söýgülerini başdan geçirýär. Birinji derejeli söýgi – ýetginjeklik söýgüsi jany sag, akyly ýerindäki ähli

adamlara elýeterlidir. On sekiz ýaşlarynda gelýän juwanlyk söýgüsi eýýäm uçdantutma hemme kişä däl-de, adamlaryň esasy köplügine ýeterlidir. Kämillik söýgüsini diňe belli-belli adamlar başdan geçirýär, bakylyk söýgüsi bolsa sanaýmaly adamyň paýyna düşýändir. Munuň sebäbi söýgüde däl-de, adamyň özündedir.

Bu ýokary galdygyňça, barha uzalyp barma, bu saýlap-seçme ynsan ýüreginiň beýikligi hem çuňlugy bilen baglanyşykly.

Dürli söýgi derejeleri Allatagalanyň ruhy seçme usulydyr.

Nämä ukyply bolsaň, Perwerdigär şony-da berýär. Nämä mynasyp bolsaň, Allatagala şony-da nesibäňden çykarýar.

Nesibe mynasyplykdandyr.

Mälikguly söýgüsiniň, nesibesiniň, mynasybetiniň bu obada däldigini magat bilýärdi. Ol muny dostlaryna nädip düşündirjekdigini welin, teý bilmeýärdi.

Ähli dessanlar, tas ähli goşgular yşkyň, söýginiň waspy.

Aslynda, Mälikguly bu zatlar hakda oýlanmazlyga çalyşýardy. Ýöne Welidir Aşyryň boluşlary oňa gaty agyr urgy boldy. Olary ynandyryp bilmändigine gynandy. Birden aňynda Bahar peýda boldy.

«Bahar gowy gyz, aşa owadan gyz. Men ony gowy görýärin. Ýylgyryşy-da ýakymly. Bu söýgümikä? Eger söýgi bolsa onda men näme üçin gozgalaňa düşemok? Bahar näme üçin gije-gündiz meniň aňymda ýaşanok? – diýip, Mälikguly oýa

batdy. – Onda men beýleki gyzlaram söýýärinmi? Bahary gowy görşüm ýaly, men beýleki gyzlaram gowy görýärin-ä».

Ertir çaý başynda Mälikguly Baharyň beren süýjülerinden ejesine, doganlaryna ýeke-ýekeden paýlady. Galan süýjüleri jübüsine saldy. Niýeti dostlarynyň öýkesini ýazmak üçin olara süýji paýlamakçydy.

Ol işde süýjüleriniň birini Aşyra uzatdy:

– Me, al. Baharyň süýjüsinden.

– Ýok, iýjek däl. Sag bol.

Mälikguly Welä süýji uzatdy:

– Me, al. Baharyň süýjüsinden.

– Sag bol, iýip biljek däl. Maňa lukman süýji iýme diýdi.

Üç dostuň arasynda düşünişmezlik bolmaýardy. Olar biri-birine ýarym sözden düşünýärdiler.

Bu gün arada düşünişmezlik döredi. Özem ol düşünişmezligiň sebäpkäri Mälikgulynyň özi.

Ýeri, muňa näme diýip, näme aýdarsyň?

Ara tow düşmesin.

Aşyr bilen Weli biçak gowy oglanlar. Olaryň mydama göwünleri açyk. Ýürekdeş oglanlar. Özlerem Mälikgulyny aşa gowy görýärler, hormatlaýarlar.

Üç dostuň hersi bir dünýä. Megerem, olaryň hersi biri-birini özünde ýetmeýän aýratynlyk bilen dolýandyr. Olar birleşenlerinde gaty uly güýje öwrülýärler. Olaryň hersiniň gowy görýän zady hem bar. Weli daýhançylygy gowy görýär. Ol daýhançylygyň, maldarçylygyň ähli tilsimlerini bilýär. Daýhançylykda, maldarçylykda ulanylýan, köneli-

şen ähli zatlaryň atlarynam bilýär. Daýhançylykdan, maldarçylykdan näme bilesiň gelse, Weliden soraýmaly. Ol jak-jaklap gülüp duranam bolsa, birden agraslanýar-da, sowalyňa gara çyny bilen jogap berýär.

Aşyryň bar gyzyklanmasy tehnika bilen. Geldi mys-mys traktory bozulsa, käte kömekleşdirmek üçin Aşyry alyp gidýär. Aşyr traktory söküp-düzmekden tükeniksiz lezzet alýar.

Aşyryň kakasynyň «Iž» motosikleti bar. Käte ony sürmegi Aşyra-da ynanýardy. Kakasy urşa gidensoň, Aşyr wagt tapsa, motory söküp-düzýärdi. Sebäbi kakasy oňa: «Motosikleti ýüz gezek söküp-düzseň, gowy öwrenersiň» diýipdi. Aşyr motory tarladyp, öýüniň töwereginden aýlanýardy. Has takygy, Ogulşypalaryň öýüniň deňinden yzyna öwrülýärdi. Aşyr ýakynda motor söküp-düzmesiniň ýetmiş dörde ýetendigini Mälikguly daga buşlapdy.

Aşyryň kakasyna Baýsähet Söýün[1] diýýärdiler. Ol gaty edenli, dogumly adamdy. Brigadirdi. Ol brigadirligi Berkeli aga tabşyryp fronta gidipdi. Ony haýsydyr bir kolhoza başlyk bellejek bolanlarynda onuň: «Men öz obamdan çykjak däl. Näme edip bilýän bolsam, obama etjek» diýendigini käte-käte ýatlaýardylar.

Weliler welin ýer urup-ýerde galan garypdy. Olaryň öýünde birki aýlap gazanyň gulagynyň gyzmaýan wagtlary köp bolýardy. Weli doganlarynyň iň ulusydy, özünden kiçi alty dogany bardy. Ejesi

[1] Baýsähet Söýün (1901-1982 ý.) 1947-1950-nji ýyllar aralygynda «Gyzyl çarwa» kolhozynyň başlygy bolýar.

kolhoz işleýärdi. Mydama gaharlydy. Weli öýünde uly adam ýalydy. Öýüň ähli keşigini çekýärdi. Ejesiniň hem göwnüni awlaýardy. Oňa işden gelensoň derrew çaý gaýnadyp berýärdi. Öýdäkileriň hersine bir hoşamaý sözüni aýdyp, olary alaýaz ederdi. Özüne sütem edip, zor salyp işleýärdi. «Kakam jan frontdan gelensoň, özüm elinje palaw bişirip berjek» diýip, öýde köp gaýtalaýardy. Onuň garryja enesi welin Welini has gowy görýärdi. Oňa «Meniň Welnazarym – meniň begnazarym» diýýärdi.

Weliniň özüni alyp barşy bilen maşgala durmuşy asla gabat gelmeýärdi. Ony tanamadyklar Weli bir baý maşgalanyň läligidir öýdýärdiler. Sebäbi ol özüni mydama lälik çaga ýaly alyp barýardy. Onuň gamly wagtyna eger-eger gabat gelmersiň. Ol ýönekeý zatdanam şatlyk tapmagy başarýardy.

Baý kişi mydama özüni garyp görkezmäge, garyp kişi bolsa mydama özüni baý görkezmäge çalyşýar. Weli hem maşgala durmuşynda ýok zady bar edip görkezmäge çalyşýardy, adamlaryň ýanynda özüni gaty göwnaçyk, dokuzy düzüw, kem zady ýok, şadyýan, alçak adam ýaly alyp barýardy, aslynda, onuň durmuşy, ýaşaýşy bütinleý başgady. Muny gözüň bilen görmeseň, ynanar ýaly hem däldi.

## «Ýeldim tut!»

Mody aganyň ýüzünden haçan görseň bady-boran ýagýar. Berkeli brigadir welin, beýle däl. Gaty mylaýym, ýüzi-gözi gülüp dur. Özem Mody başlyk ýaly kolhozçylaryň üstüne gygyrjak, haýbat atjak bolmaýar. Näme aýtsa-da, halys gahary gelse-de, sypaýyçylygyny elden berenok.

Mälikguly geň galýar: ilat, barybir, Berkeli agadan mydama ýüzi kokuşyp duran gagal başlygy gowy görýär, özem ony öwmek öwýär.

Adamlar näme üçin Berkeli agany däl-de, haýbatly Mody murty ýagşy görýärler? Başlyklygy üçinmikä? Aý, ýok, onuň üçin-ä däl ýaly.

Berkeli aga ikinji «myş-myşa» – ýetmişe giren adam. Şonda-da onuň süňňi ýeňil gopýar. Onuň boş oturan wagtyna gabat gelmek kyn. Ol haçan görseň, nämedir bir iş bilen gümradyr. Tüýs azap alla diýip dörän adam, onuň ýazylyp-ýaýrap oturan wagtyny Mälikguly bir gezegem görmedi. Ýöne ol mydama ýazylyp-ýaýrap oturyp, nahar iýip, çaýdan nepesini durlap turan ýalydyr. Oglanlar günortan onuň özleri bilen naharlanmagyny isleýärdiler, ýöne ol günortan az wagtlygam bolsa, öýüne gidýärdi. Gelende-de «Öýden naharlanyp gaýtdym. Keýwanymyň çaýyny içip, naharyny iýmesem, ol meniň günüme ala ýabylynyň gününi

saljak. Siz ony tanaňzok. Men otur diýen ýerinde oturyp, dur diýende durup oňşuk edýärin onuň bilen. Ýöne, dogrusyny aýdaýyn, bişiren zadyny welin, bal-şeker edip bişirýär. Indi menem öwrenişip gidipdirin muňa. Her gün günortan keýwanym bilen ýüzbe-ýüz naharlanmasam, nämedir bir zadym ýetmeýän ýaly bolup dur meniň. Ýöne siziňem bir käse çaýyňyzy içäýerin men» diýip, çaý içmek bilen oňardy.

Aýal-gyz, oglan-uşak onuň bu sözüne ynansa-da, garry kolhozçylaryň köpüsi ynanmazdylar, ýylgyryp oňaýýardylar. Olaryň seredişlerinde: «Berkeli, sen bizi aldajaksyň welin, biz seniň egreniňi dokap goýdug-a, içiňi bilýäris-ä, maşgala ýagdaýyňy bilýäris-ä» diýýän ýalydylar. Mälikgulynyň göwnüne gojalaryň müňkür bolmasynda, bir syr bar ýalydy. Onuň öýden naharlanyp geleni ynandyryjy däldi. Sebäbi goja aýsaýyn horlanyp, diňe süňk bolup barýardy. Soňky üç-dört aý bäri goja başy aýlanma derdine hem ýolukdy. Başy aýlanyp özünden gidýär, onsoň onuň agzyna suw damdyryp, özüne getirýärler. Ol soňky iki aýyň içinde iki gezek Dagarmanyň üstünden ýykyldy. Olaryň birinde boýnuny, ikinjisinde bolsa bilini möçükdiripdi.

Başy aýlanyp ýykylanda ýarym sagat çemesi ýatardy. Özüne gelensoň, şol ýerde durmazlyga çalşardy. Sakgaldaşlary oňa töwella ederdiler: «Sen bir gün bir çiliň gapdalynda ölüp galarsyň. Onam wagty bilen hiç kim bilmez. Özüňe biraz rehim et, aýa. Sen ölseň öýüňdäkilere kim seretsin?» Berkeli aga mylaýym ýylgyryp, olar bilen ylalaşýardy, ýöne dynç almaýardy. Ol bir görseň, düýeler

üçin ot getirýändir, bir görseň, Mälikguly dagynyň süren ýerlerine tohum sepip ýörendir.

Günortan öýünden gelende Berkeli aga käte gazet getirerdi. Ony Mälikgula berip, «Oka!» diýip yşarat ederdi.

Mälikguly okardy. Gazet habarlaryndan ganymlaryň ýan berip ugrandygy duýulýardy. Sowet esgerleriniň azat eden şäherleriniň, obalarynyň sany artyp gidip otyrdy.

Ülker ýaly bolup oturan kolhozçylar ýeňillik bilen dem alardylar.

– Adamlar, ähli zat, däninim, geçýär. Adam däninim, keselindenem gutulýar. Urşam bir ýowuz dert bolup indi halkyň başyndan. Ýöne, nesip bolsa, bu ýowuz derdem sowlar, geçer gider. Biz hökman ýeňeris. Biz ganymlardan san taýdanam onlarça esse neme ahyryn! Onsoň biz ýeňmesek bolmaz-a! Olar däninim, biziň üstümize çozup ýalňyşdylar. Indi puşman edýändirler-le. Biz entek olaryň dünýä inen günlerine-de neme etdireris. Ýeňiş gazanýançak, giden bürgütlerimiz gelýänçä, biz gaýrat etmeli bolýarys. Adamlar, sizem gaýrat ediň. Mälikguly dagy uly iş edýär: men bularyň gaty ýadaýandyklaryny, horlanýandyklaryny bilip durun, ýöne däninim, olara edip bilýän nemäm ýok. Hudaýa şükür, Mälikguly dagy juwanmert, iş näçe agyram bolsa, seslerini çykarman nemedip ýörler. Bular bir juwanmertlige ýugrulan bürgütler-dä. Gamçy däninim, palta çüwdesine nädip kär etsin?! Uruş gutaryp, bürgütlerimiz gelensoň, nesip bolsa, Mälikguly dagynyň elini sowuk suwa nemetdirmeris. Ähli işi özümiz nemederis. Şonda

bu bürgütlere: «Siz däninim, işläp bildiňiz. Sag boluň, indi bolsa däninim, arkaýyn oýnaberiň» diýeris – diýip, Berkeli aga mähir bilen aýdar.

Oturanlaryň göwünlerine eýýäm uruş gutaran ýalydyr.

Birki käse çaý içse, Berkeli aga käte Mälikgula ýüz tutýar.

– Mälikguly bürgüdim, sen nirede?

– Men gapdalyňyzda, Berkeli aga.

– Haý, gözlerim çöňňelipdir. Kimi nemetmesemem, seni däninim, görmeli ahyryn men. Ýüzüňe-de häliden bäri garap otyryn-a men. Şonda-da nemetmändirin. Diýmek, sen däninim, baý boljaksyň, gaty uly däninim, döwletli boljaksyň. Mälikguly, hany, gaýrat et, bürgüdim!

Mälikguly gaýrata galar:

## Ýeldim tut

Dünýe görmeý, tutgun galsaň bir künçde,
Bady-paý[1] dek ýer ýüzüne ýeldim tut.
Çyn-Maçynda, Rumda, Hindde, Hebeşde,
Bolan-bolmuş hünärleri bildim tut.

Aç hem bolsaň barma ile dilege,
Diý: köşkde men, başym barmyş pelege,
Çölde galsaň, hiç tapmaýan kölege,
Erem bagy içre gamsyz galdym tut.

– Gördüň-ä, Magtymgulynyň diýiberşini! Hiç däninim, ruhdan düşmeli däldir, adamlar. Dünýäni görmedim diýip egniňi gysyp oturma diýýär ol.

---

[1] Bady-paý – ýel aýak, ýyndam.

Aç däninim hem bolsaň, ilden dileme, özüň däninim gazan diýýär ol. Özüňi köşkde ýaly nemet diýýär ol. Gör-ä, «Çölde galsaň, hiç tapmaýan kölege, Erem bagy içre gamsyz galdym tut» diýýär-ä ol! Eý-ho. Magtymguly atamyzyň aýdyberşini bir nemediň-ä! – diýip, Berkeli aga rahat oturyp bilmez, galkyjaklaberer.

Mälikguly goşgyny dowam etdirer:

Aş göreňde özüň atma dillenip,
Gerçe aç hem bolsaň, halka bellenip,
Zerler döküp, çyn gullarny gollanyp,
Tiz hem ölseň, Nuh ýaşyna geldim tut.

Mätäçligiň Hakdan özge bilmese,
Ol rozugär besdir, açdan ölmese,
Hindi kimin egin örtiň bolmasa,
Patyşalyk puşeş çigne saldym tut.

– Görüň-ä, adamlar, Magtymgulynyň aýdyberşini! Her setiri dünýä malyna degýär-ä onuň. Aç öljegem bolsaň müzzermek bolmaýar, adamlar. «Mätäçligiň Hakdan özge bilmese, Ol rozugär besdir, açdan ölmese, Hindi kimin egin örtiň bolmasa, Patyşalyk puşeş çigne saldym tut» diýýär-ä ol – diýip, Berkeli aga rahat diňläp bilmän Mälikgulyny saklar. Soňam «dowam ediber» diýen terzde baş atar.

Suwa, ýele hökmi geçen Süleýman,
Bak: olardan ne nam galdy, ne küşan!
Teşne galyp, jaýyň bolsa çölüstan,
Derýa içre men Isgender boldum tut.

Ýoldaş bolsaň dile düşmez mur bile,
Ýer tapmaýyn, bile ýatsaň mar bile,
Ýigrimi alty keret ýüz müň är bile
Karun hazynasyn ele aldym tut.

– Magtymgulynyň «keret» diýýäni million bolmaly – diýip, Berkeli aga goşga düşündiriş berer.

Magtymguly, çekseň jepa-jebir, bil –
Hudaga hoş geler şükür-sabyr, bil,
Gylça jana gyzyl teni gabyr bil,
Gyzyl tiliň sözlär eken, öldüm tut.

– Eý-ho-o, eý-ho – diýip, Berkeli aga ýene durup bilmez. – Diliň gepläp durmasyna şükür etmeli, Hudaýyň berýän her demine şükür etmeli, adamlar. Bu dünýäden eger-eger nadyl bolmaly däl...

«Ýeldim tut» ilkinji ýa ikinji gezek okalanok. Ol gaty kän gezekler okaldy. Biriniň öýüne ýygnanyşylanda-da, adamlar Mälikguludan goşgy okamagyny haýyş ederdiler. Okalýan goşgularyň arasynda «Ýeldim tut» bijebaşydy. Bu goşgynyň haýsy bendinden soň säginmelidigini, Berkeli aganyň düşündiriş sözlerini, buýsanjyny hökman aýtjakdygyny Mälikguly bilýär. Berkeli aga ýüregindäkini aýdansoň, her gezek ol dowam edýär. Indi bu ýagdaýa ol düşüş bolup gidipdir.

Allaberdi uzyn Berkeli aganyň çetine degýär.

– Berkeli, bu oturanlary düşünmeýändir öýdýärsiňmi? Bularam adam, düşünýärler. Sen Mälikgulynyň sözüni bölme.

Berkeli aga dawalaşjak bolup durmaz, baş atyp ylalaşar, ýöne goşgy okalyp başlansa welin, beren sözüni ýadyndan çykarýar.

«Ýeldim tut» goşgusyndan soň «Köňlüm», «Içinde» goşgulary okalar. Berkeli aga bu goşgulary ýatdan bilýärdi. Şonda-da bu goşgular okalanda ilkinji gezek eşidýän ýaly sesini çykarman diňlär. Gaty sust oturar, agyr-agyr oýa batar, başyny ýaýkar. Şunuň ýaly agyr goşgulardan soň, Berkeli agany biraz galkyndyrmaly. Onuň üçin bolsa «Islärin» ýa-da «Gerekdir» diýen biraz adatyrak goşgular okalmaly.

## Gerekdir

«Menem» diýen goç ýigide
Bir mynasyp ýar gerekdir.
Arap at, ýowly ýigide
Almaz zülpükar gerekdir.

Ýigit öler ýurt üstünde,
Janyn berip ar üstünde,
Goç ýigitler il üstünde
Namys bilen ar gerekdir.

Bäş gün köňül hoş etmäge,
Saçak ýazyp nan dökmäge,
Abraý alyp, at etmäge,
Golda bendi-bar gerekdir.

Mekgä baran bolar hajy,
Aýralyk ölümden ajy.
Goç ýigide ar gylyjy,
Aşyga didar gerekdir.

Artdyr pelek ahy-zaryň,
Alar elden ygtyýaryň.
Magtymguly, söwer ýaryň
Syýa zülpi tar gerekdir.

Bu goşgudan soň goja özüne gelen dek başyny galdyrardy, ýüzünde mylaýym ýylgyryş peýda bolardy. Şondan soň durmuş, bu dünýäniň manysy, namys-ar, özüňden gowy at galdyrmak hakda uzyn gürlärdi. Berkeli aga Magtymgulynyň «Gerekdir» goşgusy bilen «Göroglynyň» «Ýigidesini» deňräk görerdi. Aslynda «Magtymguly, mes günüň, «Görogly» bolsa pes günüň tenekar deýin zerur» diýip nygtamagy gowy görerdi. Bu sözden soň, elbetde, «Görogludan» «Ýigidäni» okamaly bolar.

## Ýigide

Owalbaşda Hudaýymdan
Döwlet gerekdir ýigide.
Ýykylanda goldamaga
Medet gerekdir ýigide.

Gala-gala sözleşmäge,
Ner-bugra dek dyzlaşmaga,
Ar-namysy yzlaşmaga
Dogan gerekdir ýigide.

Atdyr ýigidiň ýoldaşy,
Oguldyr döwletiň başy,
Gyzam bolsa köňül hoşy,
Zürýat gerekdir ýigide.

Işigi eýwan ojakly,
Duly zerewşan saçakly,
Uzyn boýly, giň gujakly
Gözel gerekdir ýigide.

Atyn jaýynda baglaýan,
Kesip jigerin daglaýan,
Ölende zaryn aglaýan
Naçar gerekdir ýigide.

Görogly beg, munda ýörseň,
Nesipde baryny görseň,
Kazaň dolup bir gün ölseň,
Iman gerekdir ýigide...

Mälikguly Berkeli agany juda gowy görýärdi, ony hatyralaýardy. Her bir aýdan sözüni üns berip diňleýärdi, ondan many çykarmaga, gojanyň dünýäsine içgin düşünmäge çalyşýardy. Ol gojany diňledigiçe, onuň bilen baglanyşykly her bir wakada, özüni alyp barşynda, adamlar bilen mähribanlygynda, ulyny-kiçini öz mähriban dogany ýaly görşünde täze bir dünýäni açan ýaly bolýardy.

Barybir, goja onuň üçin bir syrly dünýä bolup galýardy.

Mälikguly bir ýola Berkeli agadan öz ýaşlygy hakda gürrüň bermegini sorady. Şonda goja ajy ýylgyrdy:

– Wah, bürgüdim, ýaşlygym hakda näme nemetjegimi bilemok men-ä. Bütin ömrümiz däninim tut-da-baslykda, gorkuda geçdi. Ertirki günümiziň endişe-tälkewine ýetişmän ylgap ýaşadyk. Dogry-

my nemedeýin, ýaşlygymdan gojalygyma ylgap geläýen ýaly bolup durun. Men seniň ýaşyňdakam Gökdepe pajygasy nemetdi. Kakam Nurberdi han bilen gowy gatnaşykdady. Ýöne han pajygadan bir ýyl öň wepat etdi. Çala ýadymda, şonda Berdimyrat batyr bilen kakam daşarda bir zadyň maslahatyny etdiler, özem gaty uzaga nemetdi ol maslahat. Soň nemetsem, olar daşarda kimdir birine garaşan ekenler.

Gökdepe pajygasynda kakam wepat etdi. Biz däninim, ýedi erkek dogan, üçem aýal dogan bolup galyberdik. Ejemiz görgüli näme nemetsin? Onuň elinden näme gelýär? Özümiz aýaga galmaly bolduk. Şol wagta çenli kakamyz bize rozugär endişesini ýetirmän eken. Başymyza düşensoň bildik. Uly doganymyzyň ady däninim Amangeldidi. Ol edenli, gerdenlek, hemem däninim, dogumly daýaw ýigitdi. Basan ýerinden ot-ýalyn çykarýan ýigitdi.

Dagyň eteginde oturýardyk. Obamyzda käl hem jar bar bolansoň, oňa Kelejar diýerdiler. Ol obada biz giden bir syrgyn bolup oturýardyk. Bu asyra geçilende, men däninim, murtuny palta çapmaz diýilýän är ýigitlerdendim. Öýlenipdim. Otuz ýaşym bardy. Alty oglum bardy.

Parahat ýaşap ýörkäk, Mälikguly jan, aklar, gyzyllar diýen däninim, bir düşünje nemetdi. Ynkylap boldy. Ynkylap bolansoň baý-kulak, halk duşmany diýen ýowuz bela nemetdi.

Meniň doganlarymyň ählisi – altysy-da bir gijede baý-kulak diýip däninim, ýygnaldy. Ýogsam, bizde baýlyk küje, zat küje. Diňe Söýün serdaryň ogullary diýen adymyz bardy.

Ýedi doganyň içinde ýeke özüm galyberdim gugaryp. Özümiňem tohumlyk galdyrylmajakdygymy, bu gün bolmasa, ertir ýygnaljakdygymy aňdym. Kyrkdan gowrak dowarym hemem däninim, bäş sanam sygrym bardy. Olary doganlarymyň maşgalalaryna paýlap berdim, özümem goş-golamymy, çagalarymy on iki sany düýäme ýükläp çölüň içi bilen niredesiň çörekli Tejen diýip däninim, ýola düşdüm. Alty gün ýol ýöräp, ine, şu oba gelip düşdük. Alty oglumyň ikisi ýanymdady, galanlarynyň hersi bir ýerdedi. On bäş ýaşly körpejämiz keselledi, ýogaldy, şu Atagylyç işan gonamçylygynda-da depin etdik. Bu obada ilki duşanym hem Goçgar boldy. Şonuň maslahaty bilenem, ine, görşüň ýaly, şu obada düşledim. Şondan bärem nemedip ýörüs, Mälikguly jan.

Berkeli aga maşgalasy hakda gürlemegi halamazdy. Ýöne obada bilinmeýän zat barmy näme? Berkeli aganyň ilden ýaşyrandyryn öýden hem öýdýän zatlary hakda adamlar oraşan gürrüň edýärler. Olar hakyt Berkeli aganyň ogullary, ähli zady barada şeýle jikme-jik aýdýarlar welin, ynanmaz ýaly däldi. Onuň ogullary hajyraw, garadangaýtmaz, gözsüz batyr ýigitler eken. Körpesi neresse bilen Hanguly atly ogly mydama ata-enesiniň ýanynda bolýan eken. Galan dört ogly Eziz hana gulluga durupdyrlar. Ogullarynyň ikisinden wepat boldy habary gelipdir. Berkeli aga olaryň üstüne ýeke pilem gum atyp bilmändir, mazarlarynyň nirededigini şindem bilmeýärmiş, iki ogly hem dereksiz ýitipdir. Näçe wagt geçse-de, olardan habar-hatyr ýokmuş.

Uruş başlananda Berkeli agany raýon harby komissariata çagyrypdyrlar, üç-dört gezegem idegläp öýüne gelipdirler. Alty günläp ondan sorag etdiler. «Hany iki ogluň? Guldurdy bilen Hudaýguly nirede? Sen olary urşa ibermejek bolup bir ýerde gizleýänsiň. Derrew tap, ýogsam, gözüňi Sibirde açarsyň» diýip gaty heläk edipdirler. Mody aga gürrüň berýär: «Men Berkeli agany on ýyl bäri tanaýaryn. Şu geçen döwür içinde men onuň ejizlänini bir gezegem görmedim. Ýöne üç sany harby adam onuň üstüne abanyp, iki oglunyň nirededigini sorap haýbat atyp ugranlarynda ol başda çydady. «Wah, doganlar, men olaryň nirede syňsyrap ýörendigini bilemok. Bilsem aýdaryn-a men» diýip odanmak odandy, zarynlamak zarynlady. Harby adamlaram onuň jibrinip aýdýan sözüne ynanman, ýene başky sowalyny gaýtalaýarlar, haýbat atýarlar: «Aýt, ogullaryňy nirede gizleýärsiň?» Berkeli görgüli altynjy gün çydap bilmedi. Erkek kişi, özem tanaýan, hormat goýup ýören ýaşulyň aglasa gaty erbet bolar eken. Berkeli aga-da çydap bilmän möňňürip goýberdi welin, menem gapdalynda gözýaş döküp, ýöne aglap otyryn. Töhmet belasyndan Hudaýyň özi gorasyn».

Berkeli aganyň ysmaz ýatan oglunyň ady Hanguly bolmaly. Ol gaty güýçli tebipmiş. Ol kakynlylary, was-wasylary, däli-telbeleri bejerýärmiş. Adamlaryň ykbalyna-da seredip berýärmiş. Biri bir zadyny ýitirse-de, ogurlatsa-da, göni Hangulynyň ýanyna barýarmyş. Bu ukyp urlup, ysmaz edilensoň, oňa hudaýtarapyn berlenmiş...

## Biz ýeňeris!

Mälikguly kagyza geçiren goşgusyny ejesine okap berdi.

– Göz degmesin hernä. Ýaňy on iki ýaşyna giden oglan ýazandyr diýer ýaly däl. Uly adam ýazan ýaly. Hakyky şahyr ýazan ýaly – diýip, Ogulbäbek eje ogluna guwandy.

Mälikguly «Biz ýeňeris!» atly bu goşgyny mundan bir hepde-on gün öň ýazypdy. Berkeli aganyň islegi bilen Mälikguly ony düýn meýdan düşelgesinde kolhozçylaryň öňünde okady. Şol wagtam Mody başlyk geldi. Mälikguly goşgusyny ýene okamaly boldy.

### Biz ýeňeris!

Jeňbazlaň bolşuna, gohuna bakmaň,
Göroglyny, Alp Arslany ýat eýläň.
Gaýtmarys duşmany sürenne dykman,
Biz ýeňeris hökman, ýeňeris hökman!

«Ähli zat fronta!» «Ähli zat jeňe»,
Söweşde her türkmen taý geler müňe.
Goç ýigitler, öňe, batyrlar, öňe!
Biz ýeňeris hökman, ýeňeris hökman!

Guduz açyp jöwlan urýandyr Gitler,
Jahana howp salýar jeňbaz ýezitler,
Söweşe, doganlar, ýakynlar, ýatlar!
Biz ýeňeris hökman, ýeňeris hökman!

Çagalar aç-gallaç, nana geda bar,
Şum habar kän, pida yza pida bar,
Alňasamaň, arkamyzda Huda bar,
Biz ýeňeris hökman, ýeňeris hökman!

Söweş güni goç ýigitler gerçekdir,
Watan üçin jan alyp, jan berjekdir,
Ganhorlaryň ordasyny ýer çeksin,
Biz ýeňeris hökman, ýeňeris hökman!

Şäherlermiz weýran, kentler haraba,
Uruş ody ot beripdir garaga,
Ýerden ýörän ýapyşsyn, goý, ýaraga,
Biz ýeňeris hökman, ýeňeris hökman!

Ýa Biribar, ganymlary ýer çekdir,
Biziň baş ýaragmyz agyz birlikdir.
Duşman ýüzi gara, Ýeňiş bizlikdir,
Biz ýeňeris hökman, ýeňeris hökman!

Goşgyny Mody murt halady-da: «Mälikguly, sen goşgyňy maňa kagyza ýazyp ber. Ertir Berkeli aga dagy – brigadirler bilen raýona ýygnaga gitmeli. Ana, şol ýerde men goşgyňy raýispolkomyň başlygyna okap berip, haýrana goýaýyn. Sen goşgyňy kagyza ýazyp, Berkeli aga gowşuraý. Men ondan alaryn» diýdi.

Mälikguly ertir irden goşgyny Berkeli aga gowşurmagyň pikirini etdi. Gijäniň tizräk geçmegini, daňyň atmagyny isledi. Mälikguly çykgynsyz ýagdaýa düşdi:

– Eje!..

– Seni näme biynjalyk edýär, balam?

– Men häzir Berkeli agalaryňka gitsem, baryp goşgymy gowşursam gelşiksiz bolarmy?

– Wiý, onuň nämesi gelşiksiz bolsun? Gaty gelşikli bolar ol. Ýöne ertir gowşuraňda näme?

– Berkeli aga irden Mody aga bilen raýona gidýär. Başlyk goşgyny ýany bilen äkitmekçi bolýar. Men häzir baryp goşgyny Berkeli aga bersem, olam ertir Mody aga gowşurar. Men Berkeli aganyň öýüne aladaňdandan barmajak bolýaryn. Sebäbi daň bilen biriniňkä barylsa, köplenç, şum habary ýetirmek üçin barýarlar-a.

– Yrym edýärsiňmi? Göwnüňe getiren bolsaň, onda häzir Berkeli aga eltip ber, balam. Olar entek ýatan däldirler.

– Men Berkeli aganyň haçan ýatýanyny ýaňy soradym. Ol gaty giç ýatýan eken.

– Bar onda, ýöne Berkeli aga öýüne biri barsa halanok diýýärler. Seni halaman durmaz-la.

– Ol meni gowy görýär.

Mälikguly bir tagta kagyza ýazan goşgusyny alyp, öýden guş bolup çykdy.

Aralyk onçakly uzagam däl. Has takygy, Mälikgulylaryň öýi bilen Berkeli aganyň öýüniň arasynda on alty hojalyk bar. On ýedinji öý Berkeli agalaryň öýi. Olaryň öýi obanyň gündogar tarapynda. Olaryň öýünden Gara-

wekiliň jary onçakly daş däl. Meýdan düşelgä-de ýakyn.

Ine, Berkeli agalaryň öýi. Mälikguly bu öýüň deňinden köp geçdi, ýöne ýeke gezegem gelip görmändi. Diňe birki gezek Dagarmany melleginiň aýagyndaky teblä daňyp gidipdi.

Howly gap-garaňky. Bu oba üçin adaty ýagdaý. Hiç kimiň öýünde-de «Iliç çyrasy» ýok. Iliç çyrasy diňe şäherlerde barmyş, obalarda bolsa ýedilik çyra. Oňa kerosinem tapylyp duranok.

Hojalyklaryň hiç birinde-de derweze ýok. Köçä ýakyn gurlan ululy-kiçili, pessejik, üsti, diwarlary saman suwagly, kiçeňräk äpişgeli jaýlaryň ählisiniň töweregi alaň-açyk.

Bir tapawut: jaýyň içine köçe tarapdan däl-de, tersine, mellek tarapdan girmeli.

Berkeli aganyň mellegine il arasynda «Berkeliniň galasy» diýilýär. Onuň hem sebäbi melleginiň daşyna ýylgyndan çertek-diwar galdyrylypdy. Özem öý, mellek görner ýaly däl. Köçe tarapda bir arşyn inlilikde girelge bar. Howla diňe şol girelgeden girip-çykyp bolýar.

Palçykdan edilen kiçeňräk jaýyň iki tarapy pessejik üzüm dalbary. Aşak tarapda – üzüm dalbarynyň gutarýan ýeri bilen melleginiň daşyna aýlanan çertegiň aralygynda mal-gara geçmegi üçin bir gulaç çemesi inlilikde ýodajyk bar.

Mälikguly girelgeden girdi, üzüm dalbarynyň aşagyndan eglip, seresaplylyk bilen geçip gapa bardy. Köneje gapy. Gapynyň tagtalarynyň arasyndan içerde çyranyň ýanýandygy görünýär. Berkeli

aganyň sesi eşidilýär. Ol kimdir biri bilen-ä gepleşýär.

Berkeli aga aýaly Näzik ejäniň taýýarlan tagamly, ýagly naharyndan hezil edip iýýändir. Belki, ol häzir aýalyna raýondan gelen wekil Han Geldiýewiç hakda gürrüň berýändir.

Näzik eje adamsyna etlije gutap taýýarlap goýandyr. Bular baý bolmaly ahyryn. Berkeli aganyň özi gürrüň berdi, men Söýün serdaryň ogly diýip. Raýon wekilem oňa «Baý-kulagyň galyndysy» diýýär-ä!

Näzik eje şeýlebir elaçyk, şeýlebir sypaýy, şeýlebir dilewar aýal diýýärler, ony Mälikguly bary-ýogy bir gezek görüpdi. Ol orta boýly, owadan, mapraç aýaldy. Näzik eje nahar bişirse, ilki bilen, goňşulara dadyrýarmyş, soň: «Duz dadyp gidiň» diýip köçeden howlugyp barýanam gününe goýman nahara çagyrýarmyş, oturdyp hezzetleýärmiş, şondan lezzet alýarmyş. «Düýn Berkeli agaňyz bir tokly soýdy. Eti şeýle tagamly eken. Durşuna derman. Iýip görüň, janyňyz hezil eder» diýip öýdäki etlerindenem gelene berip goýberýärmiş. Berkeli aga: «Hudaýyň bir ýalkajak ýeri bar eken, obanyň aýagyndan mellek beripdir. Oba gelinýän ýerde dagy öýümiz bolan bolsa, onda aýalym öýümi towsa götererdi. Wäherigar, sen öýi tozdurdyň, meni jüt goýduň» diýýärmiş aýalyna.

Mälikguly gapyny çekinjeňlik bilen çekdi:

– Berkeli aga!..

– Kim?

– Men Mälikguly.

Mälikguly içeri girdi. Girmesine girdi welin, soň girenine müňde bir ökünmek ökündi. Ýüzi lap-laplap gyzdy. Ol doňan ýaly boldy durdy. Çykyp gidibermegiň hem ebeteýini tapmady.

– Gel, bürgüdim, gel. Bizden hiç bir zady aýyp-syn etme.

Mälikguly gözlerine ynanmady, hiç ynanasy gelmedi. Ýöne gözüň görüp duran zadyna nädip ynanmajak? Eşideniňe ynanman bolar. Haýp, bu görnüşe çyn diýer ýalam däldi.

Berkeli aga aýbogdaşyny gurap otyr, ol bu gün bir gysym bolup galan ysgyn-deramatsyz kempiriniň kellesini çep dyzynyň üstünde goýup, çemçe bilen oňa çorba içirýärdi.

Birmahalky maňyzly-maýaly, mapraç Näzik ejeden nam-nyşan galmandyr. Durşuna süňk bolup dur, at ýüzi hasam kiçelip, ullakan ala gözleri hanasyndan çykaýarly görünýär.

– Taňryýalkasyn, Hanguly janyň kakasy, taňryýalkasyn. Men doýdum, alada edinmäň indi – diýip, Näzik eje ysgynsyz seslendi.

– Ýene birki çemçejik içäý, keýwany?

– Indi işdäm ýok, Hanguly janyň kakasy.

– Ýeri, bolýar. Haçan iýip-içesiň gelse aýdaý.

– Aýdaryn, Hanguly janyň kakasy, aýdaryn. Gaty süýji bişiripsiňiz. Mälikguly jany düşek üstüne geçiriň-ä, Hanguly janyň kakasy.

Berkeli aga Näzik ejäni düşeginde edil wawwasy bar ýaly gaty seresaplylyk bilen ýatyrdy, agzynyň daşyny aýasy bilen süpürdi.

– Çekinme, Mälikguly, geçiber.

Öýüň töründe ýene bir düşek bardy. Onda Berkeli aganyň ogly Hanguly ýatyrdy. Onuň aýaklarynyň ysmaz bolandygy barada Mälikguly eşidipdi, ýöne Hangulyny görmändi.

Çyranyň öçüsgi ýagtysyna Hanguly çala görünýärdi.

– Mälikguly, sen nä dursuň? Ojakbaşa geç. Ýogsa-da pejiň üstündäki zagarany beýlesine öwrüp goýber, birden köýäýmesin. Men häzir gap-gaçlary ýygnaýyn. Ana, onsoň arkaýyn çaý içeris. Öwürdiňmi? Sen, iň gowusy, Hanguly janyň ýanyna geçäý. Ol gaty gürrüňçildir.

– Men geçip oturmaýyn, Berkeli aga...

– «Peşe diýip agyrtmagyl, içinde jany bardyr» diýýärmi Magtymguly?! «Oturmaýyn» diýip, biziň göwnümize degmekçi bolýarsyňmy?

– Göwnüňize degmek niýetim ýok.

– Onda Hanguly janyň ýanyna geç. Men häzir çaý demläýin. Oňa çenli zagaramyzam bişer. Gyzgynja zagara iýeris. Geç, geç.

– Men bir zat aýdaýjakdym, Berkeli aga.

– Çaý başynda bir däl, ikisini aýt, bürgüdim. – Berkeli aga okaradyr çemçäni alyp ýerinden turdy. – Hangulym, saňa ýene birje susak çorba beräýeýin?

– Kaka, kemi galmady. Ejem dogry aýtdy: gaty süýji bişiripsiňiz.

– Onda indi çaýa geçeli. Mälikguly, seniň geleniň gaty gowy boldy. Seniň kömegiň gerek.

– Men näme etmeli bolsa taýýar, Berkeli aga.

– Gelnejeň bilen Hanguly jan soňky döwürler biraz ruhdan düşjek bolýarlar. Meniň sözüm bula-

ra, görýän welin, onçakly täsir edenok. Sen gaýrat edip, bulara Magtymguly atamyzyň «Ýeldim tutuny», gaýrat et-de, okap ber. Goý, bular nähili ýaşamalydygyny bilsinler.

Mälikguly göz astyndan ýassyga ýaplanyp ýatan Hangulyny synlady: onuň eti-gany ýerinde, eginlek, ýüzüne içeriniň reňki uran, saç-sakgaly ösen, gabaklak, dodaklak, alkym eti towugyň zigirrigi ýaly sallanyp duran bir kişi awuna garaşýan ýolbars ýaly çugutdyryp ýatyr. Mälikguly Hangula ikinji gezek seretmezlige çalyşdy. Maýyp kişä köp seredilmeýär ahyryn.

Goja pejiň sag tarapynda ýazan kendiriginiň başyna geçdi. Kendirigiň üstünde hamyrly okara bardy. Berkeli aga güm-gümläp ojar oduny ýanyp duran pejiň üstündäki zagara nany ýene bir gezek öwürdi. Okaradaky hamyry kendirigiň üstünde ýaýmaga başlady.

– Men ertir irden başlyk bilen raýona gitmeli. Ýygnak barmyş. Öýleden soň gelerin. Şonuň üçinem yzymdan rahat bolarym ýaly, saçagy çörekden dolduryp gideýin. Ýogsam, yzymdan rahatlygym bolmaz meniň.

– Men ertir näwagt ugraýandygyňyzy biläýjek boldum, Berkeli aga.

– Ertir siziň işe başlanyňyzy görüp, ýola düşeris, nesip bolsa.

– Men Mody aganyň kagyza ýazyp ber diýen goşgusyny taýýarlap getirdim.

– Ine, şuny oňarypsyň. Adamy dogumlylyk bezeýär. Mydama şeýle dogumly, ynamly bol. Şonda almajak galaň bolmaz.

Berkeli aga ikinji gezek aýdansoň, Mälikguly Magtymgulynyň «Ýeldim tut» goşgusyny okady. Özem sesine biraz bat beribräk okady. Sebäbi ol goşgy okap başlanda, öýdäkileriň Magtymgulynyň sözlerine aşa suwsandyklaryny duýdy. Ol gygyrybrak okanda-da sesi gaty pessaý çykýan ýalydy. Beýle ahwalata Mälikguly birinji gezek gabat gelýärdi.

Hanguly ýatan ýerinden: «Dogry, dogry. Hä-ä, hä-ä!» diýip, öwran-öwran gaýtalady.

– Tüňçe gaýnady öýdýän, Hanguly janyň kakasy. Mälikguly jana çaý beriň – diýip, Näzik eje mejalsyz seslendi, başyny ýassykdan galdyrjak boldy.

– Häzir demlejek – diýip, Berkeli aga bişen zagarany alyp, täzesini goýdy. Şondan soň çaý demlemegiň ugruna çykdy.

– Mälikguly, adyňy kakamdan köp eşitdim – diýip, Hanguly Mälikgulyny içgin synlady. – Kakam her gün seni öwmek öwýär. «Berdimuhamet mugallymyň üşükli, zehinli çagalary bar. Mälikguly eýýäm uly adam ýaly, parasatly adam ýaly» diýip. Seni nähili oglanka diýip pikir edýärdim. Göz öňüne getirişim ýaly ekeniň. Mälikguly, seniň maňa kril elipbiýini öwretmäge wagtyň bolmazmyka? Ynan, meniň täze çykan kitaplary, gazet-žurnallary okasym gelýär. Men mekdepde jezitçe okadym. Soň latyna geçildi, latynam öwrendim. Ýöne urşuň öňüsyrasy krile geçildi welin, dünýäden üzňe galaýdym.

– Öwrederin, hökman öwrederin! – diýip, Mälikguly gaty ynamly, gaty çyny bilen aýtdy.

– Işiň gyzgalaňly wagty sen Mälikgula azar berme, Hangulym.

– Men garaşaryn, kaka. Howlugýan ýerim ýok.

Mälikguly Berkeli agalardan çykyp gaýdanda, özüni üýtgeşik bir dünýäden çykan ýaly duýdy. Alagaraňkyda düwdenekläp barşyna Hangula kömek edip biljekdigine begenip, uçup barýardy.

## Är deminden belli

Asmanda Garry mama günde-günaşa sanajyny kakdy, onsoň ýagyş jahany suw-sil edip ýagdy.

Berkeli aga «Şu ýagyşlar ekinimize zyýan berer öýdüp gorkýaryn» diýip gaýtalaýardy. Brigadiriň howatyrlanmasy ýöne ýere däl eken. Köp atyzlarda ýaňy ese-boýa galan, tümmüle girip ugran bugdaý maýsalary depeden guýulýan ýagşa ýykylyşyp ýatyrdy.

Şol ýagyşlar özleri bilen birgiden gurçuk hem getirdiler. Olar ýaş maýsany ýowuzlyk bilen iýýärdiler welin, köne ertekilerdäki obanyň başyna düşýän towky döwe meňzeýärdi. Döw her gün birnäçe adam talap edýän bolsa, gurçuklar bugdaýyň birki atyzyny iýse-de, doýdum-doldumy ýokdy. Olaryň öňünde durup bolmajak ýalydy. Gurçuklar gyzlaryň elleri deýin ýumşajykdy, näzijekdi, tämizjedi, külbike barmagyňa meňzeýärdi. Siňe seretmeseň, olary saýgaryp hem bolanokdy, sebäbi olar ekinleriň reňkindedi. Haýsy zady iýse, reňkem şoňa meňzeýän eken.

Mody başlyk ähli kolhozçylary gurçuklary çöpläp ýok etmäge sürüpdi. Mälikguly dagy hem günortana çenli okap, öýlän fartuk-halta dakynyp gurçuk çöpleýärdiler, soňam olary ýörite gazylan çukura döküp gaýdýardylar.

Gurçuk çöplemegiň hem normasy bardy. Bir günde her kolhozçy üç fartuk – on kile gurçuk çöpläp çukura dökmelidi.

Soňky üç gün bäri ýagyş ýaganokdy. Atyzlaryň içi taba gelipdi.

Mody murt aram-aram kolhozçylaryň ýanyna gelip, işiň gidişinden habar alyp durýardy. Berkeli aga bolsa, ähli kolhozçylar bilen deň durup gurçuk çöpleýärdi. Mälikguly ýaşy ýetmişe baran gojanyň ýadawlygyny duýdurman ertirden-agşama çenli dynuwsyz işleýşine seredip, haýran galýardy. Mody murt ondan on-on bäş ýaş kiçi, barybir, ol Berkeli aga ýaly galjaň däl.

Mälikguly Berkeli aganyň gurçuk çöpleýşine seredip, ýanyna Mody başlygyň geleninem duýman galdy.

– Näme gyzykly zat bar?

– Salawmaleýkim, Mody aga!

– Waleýkimessalam, niçik taplar?

– Gowy, sag boluň.

– Geçen hepde beren goşgyň-a «Kirowçy» raýon gazetinde çykypdyr. Ony raýkomyň birinji sekretaram, raýispolkomyň başlygam gowy görüpdir. Ýygnakda öwgiňi ýetirdiler.

– Gazeti gördüm, çykan eken...

– Indi sen diňe Stalin obamyzyň däl, tutuş raýonymyzyň guwanjy, şahyry.

– Sag boluň, Mody aga.

– Men seniň ýanyňa ýörite geldim – diýip, Mody aga möhüm bir zat aýtmakçy bolýan ýaly, birki gezek ardyndy. – Şahyrym, biz ertir raýona gitmeli. Ertir sagat onda raýonda uly ýygnak boljak. Ana,

şol uly ýygnakda sen «Biz ýeňeris!» diýen goşgyňy okamaly. Bu raýkomyň birinji sekretary ýoldaş Ýezden Mürzäýewiçiň ýörite tabşyrygy. Sekretaryň özem ýygnaga gatnaşjak. Ýygnagy onuň özi alyp barar. Men ýanyňda bolaryn. Hiç zatdan çekinmegin. Gaty arkaýyn okagyn.

Mälikguly baş atdy. Mody başlyk sözüni dowam etdirdi:

– Agşam saňa Berkeli aga öz Dagarmanyňyzy berer. Onsoň daňdan sagat altyda bileje gidibereris.

– Mody aga, meniň okuwym, işim bar-a?

– Okuwyňdan eýýäm rugsat aldym. Işden bolsa saňa, elbetde, özüm rugsat berýärin. Bolýarmy? Gowuja geýin, üst-başyň gelşiklije, arassaja bolsun.

Mody murt Mälikgula aýtmaly sözlerini aýdansoň, atyzyň gyrasyndaky atyna tarap ugrady, ýolugruna hem gurçuk çöpledi.

Başlygyň habary Mälikgulynyň göwnüni göterdi. Aşyr bilen Weli bu habara begenip, diriň-diriň bökdüler. Mälikgulyny gujakladylar.

Mälikguly tizräk normasyny dolmak üçin haýdap işledi. Fartugy dolansoň, atyzyň günbatar gyrasynda gazylan çukura ugrady. Ol ýerde dört-bäş sany kolhozçy gyz-gelin haltalaryndaky gurçuklary çukura döküärdi, özara nämedir bir zadyň gürrüňini edýärdi. Diňe bir gyz olaryň gülküli gürrüňine goşulman, başyny aşak salyp durdy. Ol haltasyndaky gurçuklary çukura döken bolmaly, boş haltajygyny inçejik biline daňmak bilen meşguldy.

Mälikguly ony tanady:

Zybagül!

«Eşidäýdimikä?» diýip, Mälikguly biygtyýar pyşyrdady.

Düýn Suhanberdiniň gahrymanlarça wepat bolandygy baradaky habar oba ýaýrady. «Nury poçtalýon haty getirende Mody aga bilen Goçgar aga Allamyrat pälwana bu habary nädip aýtjagyny bilmänmişler. Barybam aýdyp bilmän gaýdypdyrlar» diýip, Allaberdi uzynyň aýaly Bibi gyşyk görenine buşluk habary bar ýaly aýdýarmyş.

Şol habardan bäri Mälikgulynyň aňyndan Zybagülüň keşbi aýrylanokdy. Käkiligiň iň soňky Suhanberdi barada Zybagüle eden sargydam onuň göz atuwynda öwran-öwran janlanýardy. Bu habary Zybagülüň eşitmezligini, Suhanberdiniň «Gahrymanlarça wepat boldy» diýlen habaryň ýalan bolup çykmagyny beýik Perwerdigärden dileg edýärdi.

Mälikguly Zybagülüň ýanyndaky gyzlar gidýänçä garaşdy, gidensoň onuň ýanyna bardy.

– Salam!

Gyz Mälikgulyny görüp tisginip gitdi. Ellerini gerip üç-dört ädim ätdi. Birdenem saklandy, ellerini ýüzüne ýetirdi.

Mälikguly Zybagüli ýakyndan synlap, geň galdy: öňki owadanlykda deňi-taýy bolmadyk gyzy bu gün tanar ýaly däl. Onuň gül meňzi solupdyr. Nar ýaly, alma ýaly lowurdap duran ýüzüne kül urlan ýaly bolupdyr. Şol owadan ýüz biraz pökgeripdir. Çişen gabaklar owadan gözleriň üstüni örtüpdir.

Zybagül Mälikgulyny görende çyn hossaryny gören dek ejizledi, kemiş-kemiş etdi, hamsykdy.

– Näme boldy? – diýip, Mälikguly bihabarlyga saldy.

– Eşitmediňmi nä? Suhanberdi wepat bolupdyr-a. Hat gelipdir-ä Suhanberdi wepat etdi diýip.

– Kim aýtdy?

– Obada ony senden başga ähli kişi bilýär. Maňa-ha Bibi gyşyk aýtdy.

– Siz ynanmaň oňa, ejeke.

– Haty Allamyrat pälwana Goçgar aga dagy eltipdir-ä.

– Eltende näme?! Hat gelende näme?!

– Nädip ynanmaýyn-a men?! – diýip, Zybagül zarynlady.

– Suhanberdi akgam ölmez! – Mälikguly bu sözi şeýle ynamly aýtdy. Bu sözleri nädip aýdanyny onuň özem duýman galdy. Ýüregi oňa şu sözleri aýtdyrdy. Onuň Zybagüle teselli beresi geldi.

Mälikgulynyň sözüne Zybagülüň gaşlary tirsildäp gitdi:

– O nähili ölmez!

– Özüne siz ýaly owadan ýar garaşýandygyny bilýän är ýigidem, heý, ölermi? Suhanberdi akgam ölmez. Men onuň hatlaryny okadym. Ol hatlardan men onuň ölmejegine ynanýaryn.

– Çynyňmy, doganym?

– Çynym. «Sosializm» kolhozyndanam biriniň yzyndan geçen ýyl hat gelipdir: «Gahrymanlarça wepat boldy» diýlipdir. Ol bolsa ýarym ýyldan soň: «Men ýaralanyp gospitala düşdüm. Ýene fronta ugraýaryn» diýip hat ýazypdyr. Häzirem ondan hat gelip durmuş. – Mälikgulynyň ýüzi gyzardy, sebäbi ol bu wakany özünden toslapdy, ýöne şuňa meňzeş wakalaram eşidilmän duranokdy aslynda.

– Sen «Geler» diýseň, ol geler, doganym. Sebäbi sen bihal oglan däl, sen döwletli ýeriniň çagasy. Suhanberdi, hiç bolmasa, maýyp bolup gelsin welin, ýöne gelsin hernä.

– Ynha görersiň, Suhanberdi akga geler.

– Agzyňdan Hudaý eşitsin, doganym. Sen-ä meniň synan göwnümi seýiklediň.

– Sen nä Gözelmi?

– Aý, Zyba, biz saňa garaşyp durus-a! – diýip, Akjagül gygyrdy.

– Barýan, gyz – Zybagül Mälikgula mähir bilen seretdi. Ol bakyşda taýsyz ynam, taýsyz minnetdarlyk bardy. – Gaýrat etginiň.

– Näme?

– Özüň bilýänsiň – diýip, Zybagül gyzlaryň yzyndan gitdi.

Mälikguly onuň yzyndan seredip durşuna «Gaýrat etginiň» diýen sözüni ýormaga çalyşdy. Näçe oýlansa-da, Zybagülüň näme diýmekçi bolandygyna, nämä gaýrat etmelidigine teý düşünip bilmedi.

Bu sözi Zybagül näme üçin aýtdyka? Mälikguly näme etse, garaçyny bilen edýär-ä. Edýän işiniň kemini-köstüni goýman etmäge çalyşýar. «Şu gün işiňde kemçilik goýberipsiň», «Bu işi başdansowma edipsiň», «Bu işi oňarmansyň» diýen ýaly sözi Mälikguly şu güne deňiç öýde-de, okuwda-da, işde-de eşitmedi. Ol eden işi üçin mydama sagbol aldy. Eden işiňden sagbol, alkyş eşitmegiň lezzeti gaty datly ahyryn.

Mälikguly ertirem sagbol alar. Ol muňa ynanýar. Raýon ýolbaşçylary, kolhoz ýolbaşçylary uly

ynam bildirip durkalar, olary ýüňsakgal etmek bolmaz. Ýöne ol ertirki gününiň bihuda geçjekdigine gynanýar: ertir mekdebe barmaz, hiç zat öwrenmez, bugdaýyň başyna inen aldajy gurçuklary azaltmaga gatnaşmaz. Onsoň günüň bihuda geçdigi bolar-da. Ýöne bu pikiri Mody aga aýdyp boljak däl. Ol ertirki çärä uly ähmiýet berýär. Onuň göwnüne ertirki ýygnak bäş-on bugdaýly atyzy gurçukdan saplamakdanam ähmiýetli.

Berkeli aga-da, näme üçindir, ertirki ýygnaga uly ähmiýet berýär. Ol hem «Raýon ýolbaşçylaryny aňk edip gaýtgyn» diýip iki gezek sargyt etdi.

Mälikguly haýdap işlemäge başlady. Üç-dört atyzda kolhozçylar hatara bolup gurçuk çöpleýärdiler.

Mody aga gelip gidensoň, geçse bir sagat geçendir, obadan şum habar geldi: Allamyrat pälwan bolmandyr.

Kolhozçylar oba gaýtdy.

– Haý, ýürek çydamandyr. Ogly Suhanberdiniň wepady agyr degdi oňa. Öňem sary giden ýürek bagyr awusyny göterip bilen däldir – diýip, Ata gürmen ýolda taýly gezek başyny ýaýkady.

– Hudaý beýle kysmaty gaýdyp adam ogluna salmasyn hernä – diýip, Ýazly aga onuň sözüni makullady. – Çeker ýaly dert däl-ä!

Allamyrat pälwanlaryňka eýýäm adamlar ýygnanyşypdyr. Goçgar aga bilen Ýazly aga Allamyrat pälwanyň öýüne bardylar, içeri girip, uzak saklanmadylar.

– Bu gün myhman alsakmykak ýa ugradalyňmy? – diýip, Mody başlyk Goçgar aga sala saldy.

– Eger namazşamdan öň ýerini taýýarlap ýetişseg-ä ýerine elten ýagşy. Türkmençilikde garaşdyrmak halanylýan zat däl, käte uzakdan ogly-gyzy gelmeli bolanda bialaç garaşdyrylýar. Allamyradyň bolsa gelmelisi ýok. Çapaýew kolhozyna çykan gyzam häzir şu ýerde eken. – Goçgar aga töweregine garanjaklady. – Ýazly, sen gaýrat et-de ýerine git. Ýanyňa birki sany adam al.

– Kim bar?

– Taparys. Hany, Mälikguly ýokmy?

– Men bärde, Goçgar aga – diýip, Mälikguly köpçüligiň içinden çykdy.

– Sen, ogul, öz oglanlaryňy alyp, Ýazmyrat agaň bilen git. Öýüňizden kepje alyň. Bilýärin, bu iş siziň ýaly ýaş oglanlaryň işi däl, ýöne bizde başga çykalga-alaç ýok. Iki sany kepje meniň öýümde hem bardyr.

Mälikguly, Aşyr, Şaguly, Nury, Depbi dagy elleri pilli Ýazly aganyň yzyna düşdüler.

Eşitmek bir zat, gözüň bilen görmek başga bir zat. Ýazly aganyň gaty sünnäçil, iňrew adamdygy barada Mälikguly dagy öň telim ýola eşidipdiler, bu gezek ony gözleri bilen görmeli boldular.

Ýazly aga ýaranmak görgüdi. Pil tutuşyňa-da, gum çykaryşyňa-da düzediş berýärdi. Bir sagatdan gowrak wagtyň içinde Ýazly aganyň düzediş bermedik oglany galmady.

Edilen iş göwnündäki ýaly bolmasa, goja rahatlanmaýardy. Nädip etmelidigini aýdýardy. Käbir oglanyň elinden kepjesini alyp edip görkezýärdi. Gojanyň kepjesiniň degen ýeri şeýle endigan,

göwnemakul bolýar. Oglanlar onuň işleýşine, irnikligine gözügidijilik bilen seredýärdiler.

Ýazly aga çykarylan gumlary kepjesiniň arkasy bilen urup, owradyp çykdy, ulusy däne ýaly seçelenip duran gum.

– Allamyradyň üstüne kesek oklap bolmaz ahyryn. Oňa durmuşda atylan keseklerem az bolmady. Soňky öýünde bir rahat ýatsyn görgüli – diýip, Ýazly aga kesekleri owradyp, gabyry timarlady.

Gölegçiler gelýänçä gabyr taýýar edildi.

Tabydy getirip haýrandepede – gabyrdan çykarylan üýşmek gumuň üstünde goýdular.

Oglanlar ululary edýän her bir işini, hereketini üns berip synlaýardylar. Merhumyň üstüne ilkinji gumy Myrry masada atdyrdylar. Sebäbi olar daşgynrak garyndaşdylar. Pälwanyň obada başga garyndaşy ýokdy.

Allamyrat pälwan depin edilenden soň, ähli gölegçiler oturyp aýat okadylar. Aýady Ýazly ýatak okady. Ol Buharada medrese gutarypdyr. Arap dilinem gowy bilýärmiş. Gaty labyzly okaýan eken.

Gaýtmak üçin turlanda, Goçgar Gara adamlara ýüzlendi:

– Obadaşlar, Allamyrat Gurban nähili adamdy?

Adamlaryň ählisi jogap berdi:

– Gowy adamdy.

Goçgar aga sowalyny üç gezek gaýtalady, adamlar üç gezegem şol bir jogaby berdiler: «Gowy adamdy».

Mälikguly Allamyrat pälwanlaryňkyda gije çenli boldy.

Oba adamlarynyň galabasy dessur boýunça merhumyň öýünde ýatmak üçin düşek ýazanlarynda, Mälikguly öýlerine gaýtdy. Ol öýüne ýakynlanda Dagarmany gördi. Berkeli aga ony getirip, öňküje teblesine daňyp gidipdir. Ol öýdäkilere Mälikgulynyň ertir irden raýon merkezine ýygnaga gitmelidigini, onuň ýygnakda «Biz ýeňeris!» diýen goşgusyny okamalydygyny, ýanynda Mody başlygyň boljakdygyny, bile gidip-bile geljekdiklerini, öýdäkileriň gaty arkaýyn bolmalydyklaryny hem aýdyp gidipdir.

## Täsin ahwalat

Mälikguly irden turup Dagarmanyň öňüne bugdaý samanyny dökdi, suw berdi. Soň özi alma bilen çörek iýdi.

Ejesi oglunyň üst-başyna birki ýola seredip çykdy.

– Oglum, bilesigelijilik edip, oňa-muňa seredäýmegin. Mody aganyň yzyna kelte tirkelen ýaly bol. Ony birden nägile edäýmegin.

– Arkaýyn boluň, eje.

Mody başlyk geldi. Mälikguly Dagarmana atlanyp, başlygyň yzyna düşdi.

– Inim, ir bilen ýaşululara Taňry salamyny berip geçeli – diýip, başlyk Allamyrat pälwanlaryň öýüniň deňinde saklandy, atyny ýoluň gyrasyndaky tuda daňdy. – Ýör senem.

Mälikguly başlygyň yzyna düşdi.

Ine, öten agşam Mälikgulynyň gije çenli oturyp giden otagy. Bu otagda Allamyrat pälwan bolýardy. Ony iň soňky ýoluna-da şu otagdan ugradypdylar.

Otagyň içi adamdan doludy. Olaryň ýarysy ýorgan-düşegini ýygnamak bilen, birnäçesi ertirki namazyny okamak bilen meşguldy, namazyny okap, çaý içjek bolup ýörenlerem bardy.

Ine, Goçgar Gara, Ýazly ýatak, Allaberdi uzyn, Toýly lök, Ata gürmen, Akmyrat takyr, Taýmaz aga çaý içip otyr. Olar gelenleri çaý başyna çagyrdylar. Başlyk raýon merkezine barýandygyny, ol ýerde sagat onda ýygnak boljakdygyny, şol ýygnakda Mälikgulynyň çykyş etmelidigini – goşgy okamalydygyny, wagtynyň ýokdugyny aýtdy.

Allamyrat pälwanyň ýatan ýeriniň ýagty, jaýynyň jennet bolmagyny beýik Biribardan dileg edip, aýat okadylar.

Allamyrat pälwanyň ogly Narmuhammediň öýünden girip-çykýan aýal-ebtatlaram az däldi. Mälikguly obadaşlarynyň Allamyrat pälwany hatyralaýyşlaryna buýsandy. Ýedisi geçýänçä merhumyň ýakynlaryny ýeke goýanoklar, gije ýatýarlar, her kim ýedi günläp bir zatlar bişirip getirýär. Merhumyň ölen öýünde ýedi günläp naharyň bişirilmezliginiň sebäbi, eger nahar bişirilse, onda ony al-arwahlaryň zäherlemeginiň mümkinligi üçinmiş.

Türkmeniň herki zat babatda öz ýörelgesi, däp-dessury bar. Goňşy-golam merhum çykan öýe nahar getirende tabagy ýuwup bermeli, bu «ölüm ýokaşmasyn» diýen yrym bilen edilýär. Mälikguly öten agşam bäş-alty sany jamy daşary çykaryp aýallara beripdi. Sebäbi daşarda iki sany ýaş gyz getirilen jamlary ýuwmak üçin ýörite oturdylypdy.

* * *

Mälikguly Dagarmany Mody başlygyň atyndan bir egin yzdan sürüp barýardy.

Säheriň howasy diýseň jana ýakymlydy, hoştapdy. Jana tenekar şemal ada ösýärdi. Ol ýüzüňi näziklik bilen sypap-sypap geçýärdi.

Entek jahan doly ýagtylmandy, alagaraňkylykdy.

Atlar tanyş ýollary bilen barýardylar. Mody başlyk sarsman otyrdy, Mälikguly bolsa daş-töweregini synlaýardy.

Baharyň tebigaty özgerdiberiş gudratyna bir bakyň. Baharda Günüň şuglasynyň mähri artyp, onuň täsiri bilen howa ulugyzyň demi deýin ýumşak, ýeňil, meýmirediji, bendiwan eýleýji bolýar. Bir ýerlerden üýşüşip, toplanyşyp gelýän gara bulutlar ýaz ýagşynyň ysyny getirer. Olardan üzülip-üzülip gaýdýan damjalar ilkibada selçeňem bolsa, soňabaka gürelip, bat alyp gider oturar. Günde-günaşa Asmandan seleňlik, terlik, serginlik ýagyp duransoň, howa-da gitdigiçe üýtgär, mähir bilen ygalyň utgaşygy janly-jandar üçin eşretli hem sapaly diriligi artdyrar.

Mälikguly adamlaryň özüne mähirli garaýyşlaryny säheriň häzirki jana ýakymly howasyna meňzetdi. Ol durmuş bilen tebigatda sazlaşyk, bitewülik duýdy. Bu bitewüligi, sazlaşygy Allanyň ýalkawy hasaplady. «Bu dünýäniň bar süýjüligi iş bitirmekde eken» diýip, Mälikguly içini gepletdi. Ine, ol häzirem iş bitirmäge barýar. Onuň bitirýän işinden brigadir, kolhozçylar, kolhoz başlygy razy. Raýon merkezindäkilerem razy. Olar bu günem razy bolarlar. Adamlaryň sagbolsunlaryny almak, guwançly bakyşlaryna mynasyp bolmak çäksiz uly

lezzet. Onuň kalbynda ýene bir buýsanç bar. Ol kakasynyň ynamyny ödemegi başarýandygy, kyn hem bolsa, iner ýüküni göterýänligi. Kakasynyň gelip: «Oglum, sag bol. Sen meniň tamamy ödediň» diýip aýtjakdygyna ol ynanýar, şol güne-de her gün garaşýar.

Ýolda Mälikguly çekine-çekine Mody aga ýüzlendi:

– Mody aga, men düýn «Biz ýeňeris!» diýen goşgymyň başga bir nusgasynam ýazdym. Okap bereýinmi?

Başlyk esli aralygy dymyp gidensoň güňleç seslendi:

– Hany, oka!

Mälikguly okady, hyjuw bilen okady.

– Gowy!.. – diýip, Mody başlyk baş atdy. – Şuny okaý!..

Olar uzak ýörediler. Raýon merkeziniň gaýrasyndan girenlerinde Gün mazaly ýokary galypdy.

– Biz, ilki bilen, biriniň öýüne degip geçeli, ýükümizi düşüreli – diýip, Mody murt alaşasyna bökderilgi çalçasyna kakyp goýberdi.

Olar şäherçäniň darajyk köçeleri bilen esli ýöräp, üsti şiferli, öňi birmeňzeş tagtajyklardan germewli, gyzyl gapyly öýleriň biriniň deňinde saklandylar. Bu öý türkmen aganyň öý tutumyna meňzänokdy. Mälikguly beýle öýi öň görmändi: gapydan tagta germewe çenli aralykdan on-on iki ädimlik ýerjagaşyň ortasyndan darajyk ýodajyk edilipdir. Oňa birmeňzeş, gelşiklije maýda daş düşelipdir. Ýarym metrlik inlilikdäki daş düşelen ýodajygyň iki ýanyna her hili al-elwan güller ekilipdir. Güller

şeýlebir açylypdyr welin, olardan gözüňi aýrar ýaly däl.

Gapynyň iki tarapyndaky nagyşly penjire obalardaky penjirelere asla meňzänok. Özem aýnalar biçak arassa, ol ýap-ýaňyja yhlas bilen ýuwlup arassalanan ýaly görünýär.

– Sen şu ýerde atymy saklap duruber – diýip, Mody başlyk atyndan bökderilgi iki sany çalçasyny alyp, göterip, gapa tarap ugrady. Çalçalaryň birinde et bar bolmaly, ganjaryp durdy, beýleki çalçadaky bolsa däne bolsa gerek, belki, tüwüdir, belki, ýarmadyr diýip, Mälikguly öz ýanyndan çaklady.

Bu öý Mody başlygyň köp gelýän gapysy bolmaly, ol gaty arkaýyn içeri girdi. Özüniň gelenini içerdäkilere duýdurjak bolup adaty edilýän ardynjyramanam etmedi.

Başlyk ýarym sagat çemesi garaşdyryp çykdy.

– Mody aga, gijä galaýdyk öýdýän?

Mody başlyk ýagşydan-ýamandan hiç zat diýmän, asyl Mälikgulynyň bardygyny hem unudan ýaly, başyny aşak salyp ýola düşdi.

Raýkomyň öňündäki meýdançada adamlar myg berýärdi. Olaryň içinde birini ýitirseň, soň tapar ýaly däldi. Mälikguly Mody aga nirä barsa, yzyndan galanokdy.

Olar ýygnaga däl-de, raýondan fronta dabaraly ugradyş çäresine çagyrylan eken. Mälikguly fronta gitjek adamlaryň, olary ugratmaga gelenleriň öňünde çykyş etmeli eken. Bu gün raýon boýunça otuz alty sany adam fronta gidýän eken.

Dabarada Mody başlyga-da çykyş etmelidigini aýtdylar. Ol ýüregi ýarylan ýaly garşy çykdy. «Ma-

ňa ýer dep diý, ýöne gürle diýme» diýip, kes-kelläm garşy çykdy. Peýdasy bolmady. Fronta ugradylýanlaryň öňünde raýkomyň birinji sekretary Ýezden Mürzäýew hem çykyş etjekmiş.

Iki sany harby eşikli kişi ellerindäki kagyz boýunça fronta ugradylýanlaryň atlaryny, familiýalaryny okap, ýanlaryna çagyrýardy, kagyza gol çekdirýärdi, soňam olary nyzama duruzýardy.

– Essalawmaleýkim, Mody aga!

Mody murt geleni bada-bat tanady. Ony Mälikguly-da tanady. Ol tanamaz ýaly adam däldi, ol oba özüni tanadybilipdi. Stalin obasynda ony tanamaýan ýekeje-de adam ýokdur.

– Oho, bu sizmi asyl. Biz size obada garaşyp ýörüs-ä – diýip başlyk sypaýyçylyk etdi.

– Wah, garaşýanyňyzy bilýärin. Men işden, kynçylykdan gaçan, gaçýan adam däl, ony özüňiz bilýänsiňiz.

– Hawa-la.

– Men şindem siz bilen işleşmäge taýýar, ýöne käbir haramzada meniň ak ýürek bilen işleýänime göripçilik edýär, Mody aga.

– Saňamy? – diýip, Mody aga ör-gökden geldi.

– Maňa! Maňa! Wah, başga birine bolsa, onda men janygyp onuň gürrüňinem edip oturjak däl-le. Gürrüň özüm hakda barýar.

– Bä, seniň bilen erjeşmäge het edip bilýänem barmy?

– Bar, bar. Gepem şonda-da...

– Kim ol arslan ýürekli?

– Oňa arslan ýürekli diýmek bolmaz. Onda syçanyňkyça-da ýürek ýok.

– Kim ol? – diýip, Mody aga gyzyklandy.

– Wah, gepem şonuň kimdiginiň iksliginde-dä.

– Nämeliginde?

– Belli dälliginde. Men onuň kimdigini bilemok. Bilsem, bu wagta çenli men onuň külüni çykarardym hem ähli tohum-tijiniň jürüni dikerdim.

– Adama bile-göre ýamanlyk etmek adamçylykdan-a däl. – Gürrüňiň näme hakda gidýändigine düşünmedik Mody başlyk umumy äheňde gürledi, töweregine göz aýlady: bu onuň söhbetdeşinden sypmak üçin bahana gözledigidi. – Bolmandyr ol.

Mody başlyk nämäniň bolmandygyny bilenokdy. Ony soramakdan saklanýardy. Nämäniň bolmandygyny garşysynda duranyň özüniň aýtjakdygyny, içiniň ýanyp durandygyny aňdy.

Ol aňmasa kim aňsyn? Başlyk on ýedi ýaşdan bäri ile baş bolup ýör-ä. Ol ömrüni adamlar bilen iş salşyp geçirdi. Adamyň kimdigini tanamaga, näme aýtjakdygyny bilmäge ökdeledi ol. Oba adamlarynyň näme aladalarynyň, pikirleriniň bardygyny, haýsy sözden soň näme diýjegini bäş barmagyndan gowy bilýär-ä ol. Ol raýon ýolbaşçylarynam gowy tanaýar. Kime näme diýmelidigini, näme diýmeli däldiginem gowy bilýär. Han Geldiýewiçem gowy tanady ol. Onuň bu işde uzak durmajagyny, bir bela-betere duçar boljagyny anyk bilýärdi. Başlygyň pikir edişi ýaly bolandyr. Näme bolandygyny häzir Han Geldiýewiçiň özi anyk aýdar.

Mody başlyk ýalňyşmandy.

– Armanly gitmeli boldum, Mody aga. Armanly, uwlap-uwlap gitmeli boldum.

– Nirä? – Başlyk Han Geldiýewiçiň nirä gitmeli bolandygyny eýýäm aňan hem bolsa mönsüredi.

– Wah, senem meniň janymy ýakýarsyň. Nirä bolar öýdýärsiň? Toýa çagyrmajaklary-ha belli – diýip, Han Geldiýewiç yzly-yzyna ýuwdundy. – Çüwdäme depdiler. Çüwdäme. Urşa gitmeli boldum. Armanlyja ölmeli boldum, agam. Armanlyja, haýsydyr haramzada sebäpli.

– Urşa gidýärsiňmi? Oňarýarsyň.

– Wah, «Oňarýarsyň» diýip senem janymy ýakýarsyň meniň. Janymyň ýanmasy ýöne ýerden däl-ä meniň, Mody aga. Men saňa häliden bäri şuny aýdyp otyryn. Men ölüme barýaryn. Ölüme! Menden göwnüňiziň sähel galan ýeri bar bolsa, Mody aga, meni bagyşlaň. Siz şu gün meni iň soňky gezek görýärsiňiz. Gaýdyp meni görmersiňiz. Öz obamda, öz öýümde ölmek ýok eken meniň şum takdyrymda. Men öz raýonymdan, gör, näçe müň kilometr uzaklykda ölmeli! Ölemde tanyş-bilişlerimden ýeke kişem üstüme bir kepje gum atyp bilmez.

– Hanmyrat, beýle ruhdan düşme. Front habarlaryny her gün diňläp durus. Tiz ýeňeris, siz barýançaňyz, urşuň gutarmagam mümkin.

– Uruş gutarsa-da meni atarlar. Bir saňsar ok atylsa, ol aýlanyp-öwrülip başga adam tapmaýan ýaly, meniň çat maňlaýymdan çümer. Sebäbi meniň ýazgydym şeýle. Meniň ölendigim hakda ýene bir aý geçmänkä eşidersiňiz. Meni ölüme ugradýarlar, ölüme. Bilýärin, siz maňa teselli-göwünlik berjek bolýarsyňyz, ýöne men ömrümiň nähili gutarjagyny bilip durun-a. Birinji çawup gelen saňsar

ok meni tükgerder. Hut şeýle bolar. Siz maňa ynanaňzokmy? Ynanmasaňyz ynanmaň. Maňa raýkomyň birinji sekretaram, Begenç Parçamowam, harby komissarymyzam ynanmaýar. Olar asyl meniň arzany ýazmandygyma-da ynanmadylar. Bagtyň ýatsa, ynamdan hem gaçýar ekeniň.

– O nämäniň arzasy?

– Aýtmadymmy?

– Ýok.

– Şeýle diýseňizläň. Özüm bilemsoň sizem bilýänsiňiz öýdendirin. Indi meniň öňki jöwher ýaly akylymam, huşumam ýok. Biler bolsaňyz, Mody aga, bir haramzadanyň haramzadasy harby komissara meniň adymdan nejis arza ýazypdyr. Özem iki gezek ýazypdyr. O haramzada näme diýip ýazandyr öýdýärsiňiz? Akylyňa gelmejek zat ol. Ol: «Meniň Watan goragyna gidesim gelýär. Meniň häzirki edýän işimi obadaky islendik ýaşuly-da, aýal maşgala-da edip biler. Men bu ýerde bihuda wagt geçirýärin. Asyl meniň galla taýýarlaýyş edarasynda agronom bolup edýän işim ýok. Kolhoz başlyklaryna haýbat atyp, ýarma para alýaryn. Men özümi pälazan hasaplaýaryn. Sebäbi aýalymyň gapdalyndan ýene bir aýaly ogryn saklaýaryn. Iki aýalym bar. Meslik edýärin. Indi meniň ynsabym oýandy. Ynsabym maňa gije-gündiz rahatlyk berenok. Fronta gidesim gelýär. Eden jenaýatlarymy ganym bilen ýuwmak isleýärin. Hormatly harby komissar, meni her ediň-hesip ediň, ýöne fronta ugradyň. Menden bronyňyzy aýryň. Eger aýdanymy etmeseňiz, onda men fronta gaçyp giderin. Şeýdibem sizi masgara ederin» diýip ýazypdyr. Aşagyndanam meniň ady-

my, familiýamy goýupdyr. Harby komissar görgüli özüniň masgara bolmagyndan howatyrlanyp Aşgabada gidip, meniň bronymy aýyrdyp, fronta gitmegime ygtyýarnama alyp gelipdir. Meni ýanyna çagyrdy. Hil bir iş bitiren ýaly, dylym-dylym edýär. «Arzaňy kanagatlandyrmaga rugsat aldym» diýýär. Men: «O nämäniň arzasy?» diýip sorasam, ol öňüme meniň adymdan ýazylan iki sany nätanyş arzany goýýar. Men: «Bu näme?» diýdim. Ol: «Seniň ýazan arzalaryň» diýdi. Tas ýüregim ýarylypdy. «Men munuň ýaly arza ýazamok. Mende munuň ýaly owadan poçerk hem ýok» diýdim. Harby komissar ör-gökden geldi. Arzalary kimdir bir näkesiň maňa ýamanlyk edip ýazandygyny raýon ýolbaşçylarynyň ählisine, oblast ýolbaşçylarynyň hem birnäçesine düşündirdim. Olar hiç zat kömek edip bilmediler: «Boljak iş bolupdyr. Indi bu meseläni düzederden biz ejiz» diýdiler. Käbiri bolsa: «Fronta gidýänlerem seniň ýaly adamlar» diýen bolýar. Meniň gadyrym bilinmedi. Meniň, ine, şuňa janym ýanýar. Şu gün raýondan otuz bäş adam gitmeli, ýöne ony otuz alty etdiler. Men otuz altynjy. Men artyk.

Hanmyradyň sözlerini diňledigiçe Mälikgulynyň jebegesi daraldy, ony ýigrenmek ýigrendi.

Iki sözüniň birinde «Watan» sözüni badyhowalyk bilen aýdýan öňki raýon wekiliniň bu gün sandyrap durşy ynanar ýaly däldi. Mälikgulynyň oňa seredesem gelmedi. Hanmyrat muny aňan bolmaly, ol Mody agadan sorady:

– Mody aga, bu oglan meniň atymy gaçyran oglanlaryň birimi? Şonda atymy gaçyranyň kimdi-

gini anyk bilmedim. Bilen bolsam, bularyň jürüni dikerdim.

– Atyňyzy men gaçyrdym – diýip, Mälikguly ýigrenjini ýaşyrjagam bolup durmady. – Siz Aýyt agany öldürdiňiz.

– Eşitdim, eşitdim, baryny eşitdim – diýip, Hanmyrat uludan demini aldy. – Şol gezek biraz gaharym gelip halypama gygyraýdym-da. Şondan soň ýerinden galmandyr ol. Bir hepdeden soňam ölüpdir. Eşitdim. Gowy adamdy. Maňa eden ýagşylygy ýogam däl onuň. On ýaşda ýetim galamda hossar çykyp, örňedip-ösňedip goýberdi, okatdy. Öýerdi, üstüme jaý dikip berdi. Daşkendiň politehniki institutynda okatdy, soň işe ýerleşdirdi. Kemçiliklerini göni ýüzüne aýdyp, başlyklykdan pensiýa ugratdyramda, menden biraz göwni galdy-da onuň. Ýöne men nädeýin? Hakykaty kim bolsa-da, göni ýüzüne aýtmasam bolmaýar meniňki. Hakykatçyl adam men...

– Ýör! – Mody başlyk Mälikgulynyň elinden çekdi. – Bize, hanha, garaşyp durlar. Biz çykyş etmeli.

Mälikguly özlerine garaşyp duranyň ýokdugyny bilýärdi. Mody başlygyň halamadyk adamynyň ýanyndan: «Hana, maňa garaşyp durlar» diýip, adam-ebtatsyz tarapa zut gidýändigi barada Mälikguly öň telim ýola eşidipdi. Raýon wekili meýdan düşelgede dergazap bolup gygyryp ugranda hem Taýmaz aganyň arabaçynyň ýanyna: «Taýmaz, garaş, saňa işim bar» diýip gidenini görüpdi.

Mälikgulynyň çaky dogry çykdy. Olar ugratmaga gelenleriň jümmüşinde saklandylar. Bu ýerden Hanmyrat görnenok.

Olar uzak durmaly bolmadylar. Raýkomyň birinji sekretary Ýezden Mürzäýewiç birki sany işgäri hem raýonyň harby komissary bilen geldi.

Ýezden Mürzäýewiç Mody başlyk bilen gadyrly salamlaşdy. Soňam:

– Biziň şahyrymyz hem geldimi? – diýip, başlykdan sorady.

– Ine, biziň şahyrymyz, Ýezden Mürzäýewiç – diýip, Mody aga dabara bilen Mälikgulynyň egnine elini goýdy. – Biziň Mälikgulymyz şu ýigit.

– Durşuna dogum eken. Berekella, ýigit. Gel, tanyş bolaly. Men – raýkomyň birinji sekretary Ýezden Mürzäýew. Goşgyňy gowy gördük. Sen häzir urşa gidýänleriň öňünde «Biz ýeňeris!» diýen goşgyňy okap ber. Eger watançylyk temasyndan başga-da goşgy ýatdan bilýän bolsaň, olary-da oka. Watançylyk temasyndan ýatdan bilýän başga goşgyň barmy?

– Bar.

– Üç goşgudan az bolmasyn. Onda gepleşdikmi? – diýip, raýkomyň birinji sekretary hoşallyk bilen ýylgyryp, Mälikgula elini uzatdy. – Ýörüň onda.

Ýezden Mürzäýewiç tegelek ýüzi gasyn-gasyn, äýnekli, inçesagt, kelte boýly, gartaşanrak kişi eken. Ol ýantabrak ýöreýän eken. Aşa dogumly, gujurly kişi eken. Ol dabarany açdy. Gürledi. Her bir raýatyň Watan öňündäki borjy hakda sözledi, bu gün ýurduň ýagdaýyny, ganymlaryň

yza serpikdirilýändigini, ýöne ýeňiş näçe tiz gazanylsa, halk üçin has bähbitlidigini, halka asuda, parahat durmuşyň zerurdygyny aýratyn nygtady. Soňundan raýonyň harby komissaryna söz berdi. Komissar gaty täsirli gürledi. Lenin adyndaky, «Sosializm», Kalinin adyndaky, «Gyzyl çarwa» kolhozlarynyň başlyklary çykyş etdiler. Mody agadan soň Ýezden Mürzäýewiç dabara bilen Mälikgula söz berdi.

– Adamlar, raýonymyzyň «Gyzyl çarwa» kolhozynda – Mody Akyýewiň kolhozynda bir şahyr bar. Şahyra Mälikguly Berdimuhamedow diýýärler. Ol ýaňy on bir ýaşyny doldurypdyr. Dördünji klasda okaýar. Ana, şol oglanyň ýüregi halkyň ýüregi bilen deň urýar. Ol ýürek halkyň begenjine begenýär, gynanjyna gynanýar. Onda ganym duşmanlara ýigrenç, biziň ýeňjekdigimize berk ynam bar. Ol «Biz ýeňeris!» diýýär. Dördünji klasda diňe bäşlik bahalar bilen okaýan Mälikguly Berdimuhamedow hem biziň şu dabaramyza gatnaşýar. Goý, Mälikguly Berdimuhamedow öz döreden «Biz ýeňeris!» atly goşgusyny okap bersin. Mälikguly üç dessan, klassyk şahyrlarymyzyň ýüze golaý goşgusyny ýatdan bilýär eken. Geliň, ondan öz goşgusyndan başga-da watançylyk temasyndan gowy görýän birki sany goşgusyny okap bermegini hem haýyş edeliň. Mälikguly, sen nirede, hany, şu ýere – meniň ýanyma gel, ogul. Okaber goşgularyňy!

Adamlar ýaş oglanyň goşgy okamagyna garaşman ekenler. Olar «Hany göreli bakaly» diýen garaýyş bilen Mälikgula seredýärdiler.

Mälikguly «Howlukmaly däl, aljyramaly däl» diýip, içinden birki gezek gaýtalady. Münbere çykyp, biraz demini dürsedi, soňam goşgy okamaga başlady. Ol gözlerini biraz süzübräk, sözüne nazym berip, goşgularyny manylaryna görä, käte ellerini-de hereketlendirip okamaga başlady. Ilki kakasynyň «Türkmen sen», «Ak gerek» diýen goşgularyny okady. Iň soňundan hem öz «Uruş bolmasyn!», «Ýeňiş biziňki bolar» atly goşgularyny okady.

## Türkmen sen

Sensiň Oguz hanyň mirasdar ogly,
Agzybir, abadan illi türkmen sen.
Bu dünýäň töründen tutupsyň orny,
Sylagly, sarpaly, synly türkmen sen.

Ýagşydan ýagşysyň, ýagşyzadasyň,
Ejizlere hossar, güýçli agasyň.
Dine berimsizdir urp-u-adatyň,
Pygamberli, din-imanly türkmen sen.

Sen ulusyň, seň ulugdan ulyň bar,
Sygynmaga keramatly weliň bar,
Dünýä ýaly dana Magtymgulyň bar,
Belent derejeli-deňli türkmen sen.

Döwran sürdüň oguz bolup, hun bolup,
Döwlet gurduň, beýik Bilge han bolup,
Ýaşadyň jahana şirin jan bolup,
Soltan-şaly, hanly-begli türkmen sen.

Gyz-gelinleň halylaryn uçurmyş,
Seýisleň bedewin ýelden geçirmiş,

Göwni galkyp, ýyldyrymlap göçermiş,
Sahawatly desterhanly türkmen sen.

Türkmen şir ogludyr, gaýtmaz garadan,
Arslandan ärdemli, gaýym gaýadan.
Türkmen ilin aýar, janyn aýamaz,
Söweş güni demir donly türkmen sen.

Arslan kimin azym urup darkaşda,
Döwüş gurduň gadym Wasda, Arkaçda,
Aýlawlarda baýrak aldyň sarç atda,
Amul, Maru-şahu-jahanly türkmen sen.

Müň bir şahyr ýazybilmez tarypyň,
Müň bir alym açabilmez taryhyň,
Bardyr Kubra, Mäne ýaly aryfyň,
Beýik Biribardan ýolly türkmen sen.

Garagum – rysgally desserhanyňdyr,
Ulug Diýar – göwräň, Watan – janyňdyr,
Bu toprakdan kimiň mähri ganypdyr?
Hudadan halatly-hally türkmen sen.

Arşdan rysgal seçer Burkut atasy,
Ýerden nurlar saçar Gorkut atasy,
Keramatdyr, mukaddesdir Watany,
Diýar dinli, Watan janly türkmen sen.

## Ak gerek

Adam ogly, ýaşa, ýaşan şekilli,
Ýüz-göze nur gerek, ýürek ak gerek.
Bu dünýäde orarsyň sen ekenňi,
Netiň-päliň düzüw gerek, päk gerek.

Şa-soltanmyň? Adalat bol, adyl bol,
Beg-u-hanmyň? Parasat bol, akyl bol.
Asylzada ataň ýaly asyl bol,
Gursagyňda Hak nurundan ot gerek.

Uly baýlyk başa gelen beladyr,
Sogap işler gapyl başa galadyr,
Topragyň deý rysgally bol, eý, adam,
Zat nämedir? Bu dünýäde at gerek.

Çynar bolsaň, saýaňy sal iliňe,
Çyn är bolsaň, ýagşylyk ýaz ýoluňa.
Gidäýme melgunyň mekru-alyna,
Kalbyňda şeýtana orun ýok gerek.

Her kişiniň kalby özüne tagtdyr,
Sogaby nesýedir, günäsi nagtdyr,
Ýagşy adam müň miweli daragtdyr,
Zybanyňa müň miweden dat gerek.

Akar suwmuň? Päkize bol, çaý ýaly,
Nurana bol, görkana bol, Aý ýaly,
Kalpdan gaýry ýaşamaga jaý barmy?
Sere duman, göwünlere bat gerek.

Adam ogly, pany dünýä – düşelge,
Dostuňy dogan san, ýatdan üýşenme.
Işiň gaýdyp, başyňa iş düşende,
Gardaş gerek, ýakyn gerek, ýat gerek.

Adam ogly, açylmadyk dünýäsiň,
Allaň yşkyndandyr seniň binýadyň.
Sylap söýer ýaly ýakynyň-ýadyň,
Ýüze Hakyň nury, göwün şat gerek.

## Uruş bolmasyn!

Ähtiýalan duşman çozdy Watana –
Weýran boldy ençe şäher-obalar.
Atalar gitdiler söweş meýdanna,
Ýetim galdy ýüzläp-müňläp çagalar.

Çagalygny ogurladan oglanlar
Ululaň ornuny tutmaly boldy.
Ýer sürdüler baýdak boýly gelinler,
Orak orup, harman atmaly boldy.

Stalingradda Gyzyl Goşunmyz
Zarba urup ýok edýärler duşmany.
Indi olar ýeňse berip başlady,
Faşistlere etdirýärler puşmany.

«Biziň işimiz hak, hökman ýeňeris!»
Diýen şygar bilen zähmet çekýäris.
Ýeňiş şaýyn tutmak üçin uludan
Arpa-bugdaý, güýzlük-ýazlyk ekýäris.

Jahanda bu uruş iň soňky bolsun,
Adamzat başyna gaýdyp gelmesin!
Parahat ýaşasyn bütin ýer ýüzi –
Mundan beýläk şeýle uruş bolmasyn!

## Ýeňiş biziňki bolar!

Biz hökman ýeňeris, oňa güman ýok,
Ýöne ýeňiş aňsat ýerden bolmaýar.
Urşuň kanuny ýakmak-ýandyrmak,
Gana suwsan duşman onsuz oňmaýar.

Tylyndan ygtybar Gyzyl Goşunmyz
Ganymlara berk gaýtawul berýärler.
Goç ýigitler urup, çapyp, ýok edip,
Faşistleri sürenine sürýärler.

Fronta bagş edip gelin-gyzlarmyz
Altyn şaý-seplerin orta goýdular.
«Kem bolmasyn ok-ýaragy goşunyň,
Bize ýeňiş bolsa bolýar» diýdiler.

Ulularyň göreldesine eýerip,
Kynçylyga döz geleris, işläris.
Berlinde parlanda Ýeňiş baýdagmyz,
«Uruş ýatdy» diýip, dünýä buşlarys.

Adamlar Mälikguludan beýle täsirli çykyşa garaşmadyk bolmaly, olar joşgunly el çarpdylar.

– Biz hökman ýeňeris! – diýen sesler dumly-duşdan batly ýaňlandy.

Adamlaryň bu galkmasy Ýezden Mürzäýewe-de täsir etdi. Ol ýerinden turdy-da:

– Hemmämiz bile üç gezek gaýtalalyň! – diýdi.– Biz hökman ýeňeris! Biz hökman ýeňeris! Biz hökman ýeňeris!

Ähli kişi «Biz hökman ýeňeris!» diýip üç gezek gaýtalady.

Dabaradan soň fronta ugraýanlar goşhaltalaryny alyp, öňden taýýar duran iki ýük maşynyna mündüler. Otuz alty kişiniň birinden özgesiniň ýüzünde gorky-ürki, nägilelik ýokdy. Olar gaty ynamlydylar. Maşyn ugranda bolsa, «Ýeňiş biziňki bolar!» diýip ellerini galgadyşyp hoşlaşdylar.

Biz ýeňeris!

Olaryň ýeňiş bilen geljeklerine ugradýanlar berk ynanýardy.

Iki maşyn gözden ýitenden soň «şyt-şyt» edip ýagyş damjalap ugrady. Günbatardan müňzeşip gelýän dag ýaly-dag ýaly äpet gara bulutlar asmanyň ýüzüni örtmäge howlugýan ýalydy. Ýagyş barha güýjedi.

– Hudaýa şükür, ýagşa galdyrman bugdaýymyzy ýygnap ýetişdik – diýip, Mody murt özbaşyna hüňürdedi.

Olar hälki gyzyl gapyly öýe geldiler.

Mälikguly gapydan içeri girende, edil başga bir dünýä düşen ýaly boldy. Ol öň beýle öýe girip görmändi. Ap-ak diwardan her hili suratlar, şekiller, nyşanlar asylgydy. Iki ýerde krowat bardy. Olaryň üstem ap-ak mata bilen örtülendi.

Otagyň ortarasynda Aýyň bölegi ýaly bolup, üýtgeşik bir geýimde biçak owadan, ak mapraç zenan durdy, eginlerine dökülip duran sary saçlary hem onuň owadanlygyna aýratyn bir gelşik berýärdi. Zenan Balzak ýaşlaryndady – otuz-kyrk ýaşlaryndady.

Aýyň bölegi ýaly bu owadan jenneti zenan ap-akja, näzijek ellerini Mälikgula uzatdy. Mälikguly şu güne çenli şeýle akja, şeýle eýjejik, pagta ýaly ýumşajyk eli, asyl şeýle owadan daýzany görmändi.

Mody murt owadan daýza bilen Mälikgulyny tanyşdyrdy. Köp öwgüli sözleri aýtdy. «Poet» sözüni birki gezek gaýtalady. Mälikguly başlygyň rus dilinde aýdan ähli sözlerine düşündi. Ol mekdepde rus dilinden diňe bäşlik alyp okaýar ahyryn.

Rus dilini suwara öwrenmek isleýärdi, bu dili juda gowy görýärdi. Bu dil Puşkin, Lermontow, Tolstoý, Turgenew, Çehow, Gorkiý ýaly beýik ýazyjy-şahyrlaryň ene dilleri ahyryn. Mälikguly Puşkiniň «Ýadygärlik» goşgusyny ýat tutupdy. Uzan mugallym[1] Mälikgulynyň bu goşgyny ýatdan bilýändigine biçak begenipdi. Raýondan barlagçy gelende, Mälikguly şol goşgyny ýatdan okamaly bolupdy. Barlagçam begenipdi. «Sen bize gaty uly kömek etdiň. Barlagçy gaty hoşal bolup gitdi. Baryp mekdebiňizi başlygymyň ýanynda öwerin diýdi» diýip, Uzan mugallym begenjine guş deýin uçaýjak boldy.

Owadan zenan akja gollary bilen olaryň oturmaly oturgyçlaryny görkezdi.

Ortada giň stol durdy. Üstünde, gözüňe söweýin, ak ors çöregi, bir mejimede-de ýaga bişirilen çelpek, byzmyk goýlupdyr. Onuň sag tarapynda – Mälikgulynyň oturjak ýerinde üýtgeşik farfor gabynda mürepbe, kiçeňräk gapda-da ak gant dur.

Mälikguly başlykdan soň owadan zenanyň görkezen oturgyjynda seresaplylyk bilen oturdy. «Gaty baý daýza bolmaly bu» diýip, ol içini gepletdi, göz astyndan içerini synlamasyny dowam etdirdi.

Mody başlyk üzümiň suwy ýaly bu owadan zenanyň adynyň Nina Wasilýewnadygyny, onuň söwer dosty Nikolaýyň aýalydygyny, Kolýa bilen Gyzyl Goşunda aklara garşy alty ýyllap bile söweşendigini, alty ýylyň içinde her hili hatarly pursatlaryň örän köp bolandygyny, howply pursatlarda mydama biri-birini goldandyklaryny, içen suw-

[1]Uzan Akmämmedowa.

larynyň aýry gitmändigini, ynkylapdan soň onuň raýonyň MTS-inde baş inžener bolup işländigini, traktor gerek diýende mydama kömegini gaýgyrmandygyny – Geldi mys-mysy ugradandygyny, onuň aýalynyň raýon merkezindäki mekdepde rus dili we edebiýaty mugallymasydygyny, bu öýe öň juda köp gelendigini, dosty bilen kä gijeler tä daňdana çenli hemsöhbet gurap oturandyklaryny, maşgalasy bilen bäş-alty gezek öz öýüne myhmançylyga barandyklaryny, uruş başlananda dostunyň ilkinjileriň hatarynda fronta gidendigini, gitjek güni Nikolaýyň «Meniň maşgalamdan hem habar alyp dur, ýagdaýyň ýetirse, aram-aram kömek etjek bol» diýip sargandygyny, türkmen dilini gaty höweseklik, yhlas bilen öwrenendigini, köplenç, «O söz näme diýmek bolýar?», «Bu söz näme diýmek bolýar?» diýip sorap aňkasyny aşyrandygyny, onuň birki sany türkmen aýdymyny ýat tutandygyny, toý-meýlisi, oturyşlygy gaty gowy görendigini, Keminäniň «Söwdügimini» aýdyp ugrasa, bu onuň keýpiniň çag-çag açylandygynyň alamatydygyny, olaryň Kolýa atly on-on iki ýaşly ogullarynyň bardygyny, Kolýanyň türkmen dilini suwara bilýändigini, türkmen mekdebinde okaýandygyny gürrüň berdi.

Mälikguly Nina Wasilýewnanyň bir endigini tiz aňdy: ol ýüzüne dökülýän sap-sary tyllaýy saçlaryny mahal-mahal süýem hem orta barmaklary bilen yza atýan eken. Bu endigi oňa aşa gelşik berýär, ony aşa näzik görkezýär.

Nina Wasilýewna kiçeňräk daş okaralarda nahar çekip ugrady.

Ine, içine her hili tagamly zatlar goşulan «borş» atly nahar. Mälikguly demir çemçede çorba içmegiň ebeteýini tapmady, işdä saklamagy makul bildi. Çöregem gowy eken, doýup iýesiň gelýär.

Nina Wasilýewna sypaýy, alçak zenan eken. Onuň bar aladasy myhmanlarynyň işdä bilen iýip-içmekleri boldy. Ol biraz salymdan ýalpak mejimede gowrulan et getirdi.

– Ajygypdyrys – diýip, Mody başlyk işdämenlik bilen iýýär, onuň işdä bilen kümüş-kümüş edip iýşini göreninde, işdäsizleriňem işdäleri açylyp hajymelige öwrüljek. Mody başlyk üç çemçe alanda Mälikguly birje çemçe gowrulan et dogramçasyny iýdi. Et dogramçasy şeýle ýumşak, süýji gowrulypdyr, oňa biraz pomidor, sogan hem atylypdyr. Bu «sous» diýilýän nahardy.

Mejimedäki sous bahym gutardy. Aslynda-da mejimedäki nahar köp däldi.

Nina Wasilýewna ýene mejimäni dolduryp getirdi. Bu birinji mejimedenem çalt gutardy.

– Getir – diýip, Mody başlyk mejimäni öý bikesine uzatdy.

Nina Wasilýewna ýene getirdi. Näme üçin bu daýza naharyny uly mejimede getirmeýärkä? Ýa uly mejimesi ýokmuka? Zol-zol getirip durandan uly bir jamy dolduryp ortada goýaýmaly ahyryn. Ilki bilen, nahardan gözüň doýmaly. Bu tyllaýy saç daýzanyň nahary kiçi gapda zol-zol getirip durmasy-ha bolmaýan eken. Aý, hawa-da, her kimde bir kemçilik bolýar ahyryn. Özi şujagaz mejimedäki nahardan doýýarmyka? Ýa beren naharyny süýjütmek isleýärmi-nämemi.

Nahardan, herhal, doýuldy. Şondan soň Nina Wasilýewna seresaplylyk bilen ýöräp, hum çäýnek getirdi. Özem çäýnegi iki eli bilen tutup getirdi. Ony Mody murtuň öňünde goýdy.

Mody aga şakäsede çaýy üç gezek gaýtardy.

– Nina, çaýy az atypsyň. Getir, özüm atjak – diýip, Mody murt maňlaýyndan syrygýan burçak-burçak deri süpürdi. Goşawujyny dolduryp, çäýnege çaý atdy. – Nina, öwren ahyryn men gelemde çaýy nädip atmalydygyny.

Gapy batly açyldy. Içeri eli sumkaly ýaş oglan kürsäp girdi. Hortap, orta boýly, gök gözleri mähirli balkyldaýan oglanyň saryýagyz ýüzi güne biraz garalypdyr. Egin-eşigi arassaja, tertipli. Başynda çal papagy bar.

– Ine, Nikolaý Nikolaýewiç hem geldi – diýip, Nina Wasilýewna ogluny gujak açyp garşylady, onuň bilen ammangujak etdi, ýaňagyndan taýly gezek ogşady.

– O, moý dýadýa Mody! – diýip, oglan gygyrdy. Ylgap gelip başlygy gujaklady.

Başlyk Nikolaý Nikolaýewiçiň başyny sypady:

– Kiçi Kolýa, nähili ýagdaýlar?

– Gowy, dýadýa Mody, gowy. Diňe bäşlik alýaryn. Şu gün Magtymgulynyň «Türkmeniň» goşgusyny geçdik. Men goşgyny ýatdan aýdyp berip bäşlik aldym.

– Berekella!

– Dýadýa Mody, size-de okap bereýinmi?

– Okap ber, okap ber.

– Nikolaý, ilki naharlan, goşgyny soň okarsyň – diýip, Nina Wasilýewna gaşlaryny çytdy.

– Eje, okaýaýyn-la. Şeýle bir okap beresim gelýär-dä meniň. Men bir minutda okap bolaryn.

– Nina, zat diýme oglana. Okasyn.

Kiçi Kolýa Mody agadan iki-üç ädim yza çekilip, dim-dik durup, goşgy okamaga durdy.

## Türkmeniň

Jeýhun bilen Bahry-Hazar arasy,
Çöl üstünden öser ýeli türkmeniň.
Gül-gunçasy, gara gözüm garasy,
Gara dagdan iner sili türkmeniň.

Hak sylamyş bardyr onuň saýasy,
Çyrpynşar çölünde neri, maýasy,
Reňbe-reň gül açar ýaşyl ýaýlasy,
Gark bolmuş reýhana çöli türkmeniň.

Alu-ýaşyl büräp çykar perisi,
Kükeýip bark urar anbaryň ysy,
Beg, töre, aksakgal, ýurduň eýesi,
Küren tutar gözel ili türkmeniň.

Ol merdiň ogludyr, mertdir pederi,
Görogly gardaşy, serhoşdur seri,
Dagda, düzde, kowsa saýýatlar, diri
Alabilmez, ýolbars ogly türkmeniň.

Köňüller, ýürekler bir bolup başlar,
Tartsa ýygyn, erär topraklar-daşlar,
Bir suprada taýýar kylynsa aşlar,
Göteriler ol ykbaly türkmeniň.

Köňül howalanar ata çykanda,
Daglar lagla döner gyýa bakanda,
Bal getirer joşup derýa akanda,
Bent tutdurmaz gelse sili türkmeniň.

Gapyl galmaz, döwüş güni har bolmaz,
Gargyşa, ne zara giriftar bolmaz,
Bilbilden aýrylyp, solup zar galmaz,
Daýym anbar saçar güli türkmeniň.

Serhoş bolup çykar, jiger daglanmaz,
Daşlary syndyrar, ýoly baglanmaz,
Gözüm gaýra düşmez, köňül eglenmez,
Magtymguly, sözlär tili türkmeniň.

– Haý-haý, berekella! – diýip, Mody aga ýerinden turup Kolýany gujaklady. – Dýadýa Modyň ýatdan bilmeýän goşgusyny ýatdan bilýärsiň-ä sen. Mendenem saňa bir jylka bäşlik.

– Dýadýa Mody, düýn kakamdan hat geldi. Bu onuň on ýedinji haty. Hemme hatynam men saklaýaryn.

– Näme ýazypdyr?

– «Gazaply söweşýäris. Öň elden gidiren şäherlerimizi ganymlaryň elinden bu gün gaňrypjyk alýarys. Biz hökman ýeňeris» diýip ýazypdyr.

Mälikguly Nikolaý Nikolaýewiçiň goşgy okaýşyny, Mody başlyk bilen gürleşişini dykgat bilen diňledi. Kolýa türkmen dilini gaty gowy öwrenipdir, gürleýşi arassady. Ýöne adaty däl bir zat bardy: Kolýa gürlände türkmen dili täze bir süýjülige eýe bolýan ýalydy. Ol şeýle süýji sözleýärdi. Ony diňlemek ýakymlydy.

– Dýadýa Mody, kakam hatynda sizem sorapdyr. «Dýadýa Mody kömek edýärmi?» diýipdir, salam aýdypdyr. Ynanmasaňyz haty görkezeýin. Ýa okap bereýinmi?

– Nikolaý, boldy indi. Hany, eliňi ýuw-da, stol başyna geç. Men saňa nahar guýjak.

– Kiçi Kolýa, ejeň dogry aýdýar. Sen naharyňy iý. Haty ýene bir gelenimde okap beräýersiň. Iň esasy zat – kakaňyň janynyň saglygy. Biz häzir howlugýarys. Oba gaýtmaly. Ýogsa-da, kiçi Kolýa, sen täze dostuň bilen tanyş bol, bu ýigidiň ady Mälikguly. Mälikguly biziň guwanjymyz, buýsanjymyz, şahyrymyz.

– Şahyrymyz?..

– Hawa, şahyrymyz. Sen Magtymguludan bir goşgy bilýän bolsaň, Mälikguly Magtymguludan otuz-kyrk goşgyny ýatdan bilýär. Özem goşgy goşýar. Şu gün Mälikguly fronta ugradylýan otuz alty adamyň öňünde goşgy okady. Özüniň döreden «Biz hökman ýeňeris!» diýen goşgusynam okady. Adamlar hor bolup, «Biz hökman ýeňeris!» diýip üç gezek gaýtaladylar. Fronta gidýänler maşyna münenlerinde hem Mälikgulynyň «Biz hökman ýeňeris!» diýen sözlerini aýdyp hoşlaşdylar. Gaty täsirli boldy.

– Birinji gezek şahyr görýärin – diýip, Nikolaý Nikolaýewiç Mälikguly bilen elleşdi.

– Ýok-la, men şahyr däl. Kakam: «Magtymguludan soň türkmende men şahyr diýip öňe çykmak örän kyn düşer. Onuň üçin Hudaýtarapyn bir halatly bolmaly» diýdi.

Mälikgulynyň bu sözleri Nikolaý Nikolaýewiçe nämedir bir zady ýatladan ýaly boldy, ol ellerini daldalatdy.

– Ýogsa-da meniň kakam hatynda, bilýäňizmi näme diýipdir? Ol: «Türkmenlerde «Ýigit başy gowgaly gerek» diýip nakyl bar. Gowgadan, uruşdan howatyrlanmaly däl, söweşlerde özüniň nähili adamdygyňy subut etmeli. Durmuşyň manysy hem şonda» diýipdir. Şeýle pikir Mihail Lermontowda-da bar. Ol: «A on mýatežniý, prosit buri, Kak budto burýah ýest pokoý» diýýär.

– Örän gowy aýdypdyr – diýip, Mälikguly baş atdy.

– «Ýol ogly – ýolda ýagşy», Mälikguly. Biz ýola düşeli. Garaňky düşmänkä, oba aşjak bolaly – diýip, Mody aga yh-çohlap ýerinden turdy.

Nikolaý Nikolaýewiç myhmanlary ugratmaga çykdy.

– Mälikguly, sen näçenji klasda okaýarsyň?

– Dördünjide.

– Näçe ýaşyňda?

– On birimi doldurdym.

– Onda ikimiz gözlüje ýaşyt ekenik. Menem on bir ýaşymy doldurdym. Özümem dördünji klasda okaýaryn. Men seni onunjy klasda okaýansyň öýtdüm. Şonuň üçin soradym.

Nikolaý Nikolaýewiçiň beýle pikir etmesi esassyz däldi. Mälikguly ondan bir garyş çemesi uzyndy hem daýawdy.

– Biziň ýigitlerimiz şeýle daýaw, şeýle süňkbaşydyr, ýoldaş kiçi Nikolaý. Eger şeýle berdaşly, daýaw ýigit bolup ýetişmek isleseň, obamyza bar.

Üç aýlap kanikulda kolhozda işle. Üç aý kolhozda işläp gelseň, ejeň seni tanamazam. Kakaň gelendir öýder.

– Ejem maňa kanikulda eder ýaly iş tapyp berdi, dýadýa Mody.

– Ýeri, onda bolýar. Işleseň, adam bolarsyň. Işlemedikden hiç wagt gowy adam çykmaz.

Mälikguly Kolýanyň gulagyna çawuş çakdy:

– Kolýa, bir haýyşym bar.

– Näme?

– Hälki Lermontowdan okan iki setiriňi ýat tutup ýetişmedim. Şol iki setiri ýene gaýtalasana. Ýat tutasym gelýär şony.

– Bir dakyk* garaş – diýip, Kolýa süýem barmagyny çömmeldip ýylgyrdy, içeri girdi. Uzak garaşdyrmanam geldi. Elinde-de Lermontowyň bir jiltlik kitaby.

– Okamagyň üçin wagtlaýyn berýärin. Okap bolanyňdan soň, ýoluň düşende özüň elin getirip berersiň. Elin getirgin. Dýadýa Modydan ýa Kerim gatlaklydan iberäýme. Olaryň aladasy özlerine ýetik, kitaby nirededir bir ýerde galdyrarlar, ýatlaryndan çykararlar. Soňam kitap tapylmaz. Şonuň üçin üç-dört aý giç gelsin, ýöne elime elin gelsin.

– Özüm saňa elin gowşuraryn. – Ýüzüne «Izbrannyýe soçineniýa» diýlip ýazylan gaty sahaply galyň kitaby eline alan Mälikguly begendi: ol gaty uly baýlygyň eýesi bolan ýalydy. Minnetdarlygyny nädip bildirjegini bilmedi.

Asmana seredip duran Nina Wasilýewna:

– Oba ýetmänkäňiz jala başlar öýdüp gorkýan – diýdi.

– Nina, sen beýle diýme. Sen näme diýseň, käte degişme bilen aýtsaňam, şol bolaýýar – Mody başlyk Ýyldyryma atlandy. – Bize ýagyş garalla bolup bilmez.

Şäherçeden çykylanda Mody murt öwran-öwran asmana seretdi. Günbatardan üznüksiz göç bilen erňege eňip barýan lemmer-lemmer bulutlar edil üstüňe gelip çökäýjek ýaly görünýärdi.

– Ýagşa galmasak ýagşydyr.

Mody murtuň Nina Wasilýewna: «Sen näme diýseň, käte degişme bilen aýtsaňam, şol bolaýýar» diýeni çyn bolup çykdy: olar entek Kerimberdi işan öwlüýäsiniň deňine ýetmänkäler, her biri ülje ýaly damjalar seçelenip ugrady. Ýöne uly damjalar tiz üýtgedi: ilki pitirdäp, soň şybyrdap-çisňäp ýagdy. Ýagşyň damjalary on minut çemesi wagtdan soňam düýpgöter üýtgedi, kindiwanja damjalar şabyrdap ýagmaga başlady.

– Haý, bolmady, biraz garaşaýmaly ekenik. Garaşan bolsag-a ýagyş geçer giderdi. Tomsa ýakyn ýagan ýagyş uzakçyl bolmaýar. Heý, penalar ýaly zat tapylmazmyka? – diýip, başlyk töweregine garanjaklady. Başlyk Mälikgulynyň göwni üçin töweregine garanjaklan bolmaly, ýogsam, ol bu ýakynda penalar ýaly hiç zadyň ýokdugyny bilýärdi.

Ine, ýoluň iki gyrasy. Giden ýylgynlyk, kä ýerde akbaşlyk agaryp görünýär.

Ýagyş hernä goýaýady-da.

Goýmady. Gaýtam beterinden beterine sapdy. Dünýäniň suwa düşesi gelip gidipdir: heziller edip depesinden suw eňterip ýuwundy. Mälikguly ja-

ladyr boranyň şeýle içigip ýagmasyna, guýmasyna öň ýeke gezegem gabat gelmändi. Jala uly-uly damjalar bilen ýagyp ugrasa, bu uzak ýagmajagynyň, onuň bahym gutarjakdygynyň alamaty hasaplanýar. Bu gün tersine boldy. Ýagyş içigip-içigip ýagdy. Stalin obasyna barýan iki atlynyň egin-eşigi öl-myžžyk boldy.

Mälikguly papagynyň agralandygyny, ondan geçip, jalanyň saçlaryny ezendigini aňdy. Ol papagyny çykaryp, birki gezek sykdy-da, täzeden geýdi.

Onuň esasy goraýan baýlygy Mihail Lermontowyň bir jiltlik galyň kitabydy. Ol jala guýup ugranda egnindäki penjegini çykaryp kitabyň daşyna berk dolapdy. Indem ony bagryna basyp, Dagarmanyň üstünde sarsman otyrdy.

Mody murt penjegini çykardy-da, Mälikgula uzatdy:

– Al, geý.

– Ýok, ýok, Mody aga, hökman däl. Geýsem, meniň özümde-de bar ahyryn.

– Ýaşuly bir zat et diýende onuň bilen erjeşip durmaly däldir. Ýaşuly edýän işini bilýändir. Meniň süňňüm gatap-gatap demre dönen. Maňa hiç döw çalmaz. Saňa welin derdiň haýsy ýerden geljegi belli däl. Onsoňam saňa bir zat bolsa, Berdimuhamet mugallymyň ýüzüne nädip sereder̈in men? Geý diýdim, gutardy, geý!

Mälikguly Mody başlygyň penjegini geýdi. Barybir, jala başlygyň galyň penjegindenem geçdi. Mälikguly egin-eşiginde suwa çümüp çykan ýalydy.

Ol jalanyň şabyrdap, suw-sil bolup ýagmasyna pisint etmän, öz pikir ummanynda gulaçlap barýardy. Gaýtam jala onuň gözlerini süzüp öz dünýäsine girmegine ýardam berýärdi. Keseden geljek pikirleri özi bilen ýere garýardy.

Mälikguly hyýalynda dostlary Aşyrdyr Weli dagynyň ýanyna talwas edýärdi. Olar jala şeýle güýçli ýagsa-da, Çömmekdepede garaşyp otyrandyrlar, Mälikgulynyň çykyş edendigi baradaky habaryna garaşýandyrlar, öz dostlarynyň çawynyň respublika dolmagyny isleýändirler, onuň raýona çykyş etmek üçin çagyrylmagyny gaty uly üstünligiň ilkinji buşlukçysy atlandyrýandyrlar.

Düýn Mody aga gelip, ertir raýon merkezine çykyş etmäge gitmelidigi hakda aýdanda Aşyr dagy aýlawda atlary çykan ýaly begenipdiler. «Urra!» diýip, papaklaryny ýokary oklap-gapyp, bökmek böküpdiler.

Bu mahal Aşyr dagy minutlaryny sanap Mälikgula garaşýandyrlar. Wah, Mälikgulam olary tiz görmäge, raýondaky çykyşy hakda aýtmaga howlugýardy.

Mälikguly olara fronta ugradyş dabarasy, üç goşgy okandygy hakda gürrüň berer. Aşyr bilen Weli onuň gürrüňi esasynda ugradyş dabarasynyň geçişini göz öňüne getirerler, ylla olaryň özlerem dabara gatnaşan ýaly hezil ederler.

Onsoň Mälikguly öýüne barar.

Ejesi, doganlary, onuň öňünden ýylgyryşyp çykarlar. Ondan raýonda nähili çykyş edendigini, gören-eşidenlerini sorarlar. Mälikguly öýde dostlaryna aýdan sözlerini gaýtalamaz, salykatlylygy

saklar. Sowallara «Erbet bolmady» diýip umumy äheňde jogap bermek bilen çäklener, öýdäkiler üçin şu jogabam ýeterlikdir. Çünki bu jogabyň aňyrsynda dördünji klasda okaýan, ýaňy on bir ýaşy dolduran Mälikgulynyň raýon derejesinde arzylanýandygy, raýonda tanalýandygy, özem şahyr hökmünde tanalýandygy, onuň bu günem raýondaky ýolbaşçylaryň, köpleriň ynamyna mynasyp bolandygy durýar. Şunuň özi uly zat ahyryn.

Ogulbäbek eje ogluny gorar:

– Meniň ogluma azar bermäň. Ol uzak ýoldan ýadap geldi. Ol dynç alsyn, bir käse çaý içsin. Onuň Mody aga bilen daňdanky çykyp gidişi. Şondan bäri meniň oglum aýak üstünde bolandyr – diýer.

Ogulbäbek ejäniň aýdanlary bilen ylalaşarlar, sebäbi ol hakykaty aýdýar. Mälikguly ýadap gelendir.

Mälikguly Lermontowyň «Ýelken» («Parus») goşgusyny ýatlaýardy. Onuň göwnüne daş-töweregi ylla deňizdi. Mody aga bilen hersi bir ýelkenli gaýykda ýüzüp barýan ýalydy, şabyrdap guýýan jala bolsa deňizdäki gaýdy.

Iki ýelkenli gaýyk äpet-äpet gomlary böwsüp öňe barýardy. Gaý-tupanyň barha güýçlenmegi iki ýelkenli gaýygy asla gorkuzyp bilenokdy. Olar özlerine gaty ynamlydylar, deňizdäki bu harasada köpden bäri garaşan ýalydylar. Gomlaryň dik depeden alases edip inmesine ünsem berenokdylar. Olar bu gomlarda, kynçylyklarda ömürleriniň manylaryny görýärdiler. Hut şonuň üçinem olar gaýyklaryny barha ynamly hem buýsançly kürekleýärdiler.

Jala günbatardan köwsar alypdy, ol muny Mälikguly dagynyň maňlaýyndan urmak üçin eden ýalydy. Ynha, indi tas bir sagat wagt bäri jala iki atlynyň öňlerinden urýardy. Güýçli çabga olara dandaw bolýardy. Posalaw ýol şykga batga öwrülipdi. Atlaryň aýaklaryny batgadan götermegi kynlaşýardy.

Olar iki sagat çemesi jalanyň aşagynda ýol ýörediler. Olaryň bedenleri oturmakdan, ezilmekden ýaňa gurşup gitdi.

Hana, Çömmekdepe görünýär. Onuň üstünde oglanlar barmy? Öz-ä bar ýaly. Bar, hakyt bar.

– Oglanlar-a saňa garaşýar – diýip, Mody aga dillendi.

– Olar garaşarys diýipdiler.

– Şundan göni öýüňe bar. Eşikleriňi çalyş. Soňundanam ajyja çaý iç. Derläp bilseň-ä hasam gowy.

– Allamyrat pälwanlaryňka görünmeli bolarys-a?!

– Men saňa şony aýtjak bolýaryn. Eşigiňi çalşyp, çaý içeniňden soň Allamyrat pälwanlara görün diýmekçi bolýaryn.

– Aýdyşyňyz ýaly ederin, Mody aga.

Çömmekdepäniň ýanynda jala-da, çabga-da, baran-da, ýagyş-da ýaganok. Depäniň üstünde on-on bäş oglan bar. Olar aşak düşdüler.

– Essalawmaleýkim, Mody aga – diýip, oglanlar salam berdiler.

– Waleýkimessalam – diýip, başlyk keýpihonluk bilen jogap berdi.

– Mody aga, men siziň penjegiňizi bereýin. Sag boluň. Berkeli aganyň atyny hem häzir eltip bererin.

Mälikguly başlyga penjegini uzatdy. Şol wagt hem ýüreginde aýylganç bir agyry döredi. Özem bu çekip-çydap bolmaz derejedäki agyrydy. Ol agyra çydap bilmän «Waý!» diýip, gaty gygyrdy, atdan nädip ýykylanyny-da bilmedi. Onuň göz atuwynda sargylt reňkler, akja kindiwan uçgunlar peýda boldy, bedenine adaty bolmadyk gyzgynlyk aralaşdy...

Süňňi ýeňlän bolmaly, ol kem-kemden eýerden ýokary galdy. Ganaty bolmasa-da uçmaga başlady.

Munuň gowudygyny!

Her hili gudrat boljak eken. Onuň endamyndaky gyzgynlyk artdygyça uçuşy bat alýar.

Mälikguly obanyň depesinden uçup ugrady. Özem edil akja kepderi ýaly bolup uçup barýar.

Ine, obany ikä bölýän ýol.

Obanyň bir tarapynda «Gyzyl çarwa», beýleki tarapynda-da «Täze ýol» kolhozy.

Hanha, kolhoz prawleniýesiniň jaýy...

Mälikguly uzak uçup bilmedi. Bedenindäki, süňňündäki güýçli agyry onuň janyny alyp barýardy.

Ýüregi endiräp sançýardy, yzly-yzyna erbet, juda erbet sançdy.

Kellesi hem agyrydan ýaňa ýarylyp barýardy.

Mälikguly agyra çydaman ýene gygyrdy:

– Waý!..

– Mälikguly, aý, Mälikguly, saňa näme boldy? – diýip, hüwwe daşyny gallan dostlary elewredi.

Mälikguludan jogap bolmady.

– Egninden penjegi çykarandan soň boldy oňa, näme bolsa – diýip, Weli örtendi.

Weliniň bu sözüni Mody başlyk halamady:

– Penjegi çykarany üçin-ä däl ol.

Mälikguly käte bir iňňildäp, özüni bilmän süýnüp ýatyrdy.

– Näme boldy-how? – diýip, Aşyr ýüregi ýarylyp barýan ýaly gygyrdy. Dalda isläp Mody murta seretdi. Onuň bu seretmesinden: «Sen näme etdiň meniň dostuma?» diýen many okan Mody aga müýnli dymdy.

Weli başky pikirini ýene gaýtalady:

– Penjegi çykaran dessine üýtgedi ol.

– Penjekde hiç zat ýok – diýip, Mody murt elindäki penjegini galgadyp, soňam ony atynyň eýeriniň üstüne oklap goýberdi.

– Mody aga, indi nätsekkäk? – diýip, Şaguly gorkuly sorady.

– Biz iki sagada golaý jalanyň aşagynda bolduk. Süllümbaý ezildik. Ýagyş Mälikgulynyň süňňüne geçen bolmaly. Muny derrew öýüne eltelíň. – Başlyk töweregine garanjaklady. Ýakyna gelmän biraz aňyrrakda iki jahan owarrasy bolup duran Şirmämmede tabşyryk berdi: – Şirmämmet, sen derrew Garýagdy dogtoryňka git. Ýagdaýy aýt. Özem meniň adymdan aýt. Goý, ol derrew Berdimuhamet mugallymyň öýüne däri-dermanyny alyp barsyn. Şaguly, Weli, hany, sizem derrew Mälikgulyny ata mündüriň. Öýüne elteli. Biriňiz öňden ýöräň. Biriňiz sagyndan, beýlekiňiz solundan ýöräň, birden ýykylaýmasyn. Tutup gidiň. Hany, boluň.

Derrew Mälikgulyny Dagarmana mündürip ýola düşdüler.

Ogulbäbek eje Dagarmanyň üstünde başyny aşak salyp oturan ogluny oglanlaryň tutaklap gelişlerini görüp, haýýaty göçdi. Ellerini sandyradyp elewredi.

– Waý, meniň oglum!..

– Ogulbäbek, bolan zat ýok, gorkma. Uzak ýol ogluňy biraz usurgatdy. Jala biraz heläk etdi. Azajyk üşän bolmagy mümkin – diýip, Mody murt müýnli halda çalt-çalt gürledi.– Häzir Garýagdy dogtoram geler. Yzyndan adam ýolladym men. Ol däri-derman etse, nesip bolsa, Mälikguly aýaga galar ötägider. Raýonda-da, tüweleme, gül ýalak çykyş etdi. Baý, el çarpyşdylar. Ähli kişi sag bol aýtdy.

Kitap dolanan penjegini berkden berk gujaklap, özüni oňly bilmän, käte bir iňläp ýatan Mälikgulyny Weli bilen Şaguly göterip içeri saldy.

– Ogulbäbek, sen Mälikgulynyň başga eşigini getir, egnindäkiler öl-myžžyk. Oglanlar derrew eşigini çalyşsynlar.

– Penjegini berenok. Onuň içinde gaty gymmatly bir zat bar öýdýän – diýip, Depbi penjegi birki gezek aljak boldy, alyp bilmedi.

– Kitap dolady ol penjegine. Wah, ol özüni däl-de, kitaby gorady jaladan. – Mody başlyk Mälikgulynyň üstüne gerildi. – Mälikguly, penjegiňi ber. Biz häzir seniň eşikleriňi çalyşjak. Kitabyňdan howatyr etme. Biz ony ejeňe bereris, ol ony gorap saklar.

Mälikguly bu sözleri eşiden bolmaly, penjegi bermejek bolup durmady.

Onuň eşigini çalyşdylar, üstüne ýorgan atdylar.

Ogulbäbek eje elewräp, oglunyň sag gapdalyna çökdi, sandyraýan eli bilen onuň maňlaýyny tutup gördi.

– Mälikgulym, Mälikguly janym, balam, saňa näme boldy? Näme jogap bereňok? Men seniň ejeň. Bir zatlar diý ahyryn. Dillen ahyryn, balam. Men seniň sözüňi bir eşideýin-ä.

Mälikguly çalaja seslendi:

– Kaka! Kaka-a!

– Wah, balam, kakaňam geler, enşalla. Näme boldy saňa? Göz boldumy, dil boldumy?

Mälikguly iki ýana urundy.

– Kaka, kaka! Kaka, men bärde!

– Kakaňdan düýn hat geldi, oglum. Ony bize özüň okap berdiň-ä – diýip, Ogulbäbek eje odandy. Oglunyň maňlaýynyň gyzgynyny zol-zol barlady. – Üýtgeşik gyzgyn-a ýok ýaly... – Jalanyň beýle bekine tutjagyny bilmedik-dä. Ýogsam, diňýänçä garaşardyk. Kerimberdi işan öwlüýäniň deňine geliberenimizde başlady şytyrdap. Uzak ýagman diňer öýtdük, olam diňmän geçdi. Men onsoň ýolda penjegimi çykaryp geýdirdim.

– Gelen wagt-a ýylgyryp geldi ol. Ýöne egninden Mody aganyň penjegini çykarandan soň, birden üýtgedi, özünden gitdi – diýip, Weli aňyna ornan pikirini ýene gaýtalady.

Mody aga gahardan ýaňa sandyr-sandyr etdi, elini galgadyp, Weliniň üstüne süründi. Ol Welini düýt-müýt edäýerli göründi.

– Gözüme görünme, nanýagy! Gözüme görünme!

Başlyk Weli gidensoň uludan demini aldy. Aýdylýan pikir dogry. Mälikgulynyň şu hala düşmeginde Mody aga diňe özüni günäkärleýärdi, şu pikir bilenem ýanyp-bişýärdi, ýöne Weliniňki welin, onuň myrryhyny atlandyrýardy. Ol: «Ogulbäbegem meni günäkärleýändir. Dogry. Ol «Mälikgulyny elin alybam giderin, elin getirerinem. Hiç zat bolmaz» diýip, uly-uly sözländigini ýatlap örtenýärdi.

Eý, Hudaý, Mälikgulynyň derdine bir alaç tapylmazmyka? Obada ýoňlaýanam, dümewleýänem köp, jalanyň aşagynda galýanam, garyň aşagynda galýanam köp, ýöne olaryň birem Mälikguly ýaly özüni bilmän samrap ýatanok.

– Mälikgulynyň derdi hele-müçük derde-hä meňzänok. Munuň derdi gaty aňyrdan öz-ä. Düýpli dert bu. Köneden bir derdi bar bolaýmasyn? Belki, şol bilmeýän köne derdi gozganandyr?! – Köne derdi gozgan bolaýmasyn, Ogulbäbek? – diýip, Mody başlyk töwekgellik etdi.

Ogulbäbek eje ör-gökden geldi:

– O nämäniň köne derdi?

– Öň çaga wagtam şeýdip, käte-käte keselleýärdimi?

– Ýok, ýok, Mälikguly jan, Hudaýa şükür, kesellemänjik ulaldy. Men-ä onuň nähili köne derdiniň bardygyny bilemok. Biri: «Mälikguly öňem şeýle hala düşýärdi, köne derdi bar» diýdimi?

– Ogulbäbek, hiç kim hiç zat diýenok.

– Onda näme?

– Men köne bir derdi bar bolaýmasyn, şol gozgaýan bolaýmasyn diýip oýlandym.

– Toba, toba. – Ogulbäbek eje başlyga müňkürlik bilen bakdy. – Mälikguly öň kesellän oglan däl. Şu wagta çenli kesellemän ulaldy. On iki synasy sagatja diýip begenip-guwanyp ýördük biz-ä.

Mody aga ömründe köp bela-beterleri, her hili dertleri, keselleri gördi, ýöne ol şu güne çenli ýylgyryp, deňi-duşlary bilen salamlaşyp duran oglanyň birden özünden gitmesine, agyr dert tapynmasyna welin, ýeke gezegem gabat gelmändi. Mody aga sowuklamany bilýär. Sowuklama bilen-ä adamlar özlerinden gidenok.

– Garýagdy gelibermedi-le! – diýip, Mody başlyk aram-aram gapa seretdi.

– Häzir geler – diýip, Şaguly daşary çykyp gitdi.

Şondan köp wagt geçmänkä-de Garýagdy lukman geldi. Başlyk oňa närazylyk bildirdi:

– Dogtar, gaty eglendiň-le?

– Şaguly baran dessine yzyna düşdüm, başlyk. Şaguly bilenem ylgaşlap gelşimiz şu – diýip, özüni aklamaga çalyşdy.

– Şirmämmet barmadymy?

– Şirmämmed-ä görmedim.

– Mälikgula näme bolanyny bilip ber.

– Mody aga, häzir näme bolanyny bilerisem, aýak üstüne galdyrarysam. Düýnjük raýondan güýçli-güýçli dermanlar alyp geldim. Bu dermanlar ölinem direltjek dermanlar. Sähel sowuklama üçin oda-köze düşüp durmaň ahyryn. Gelneje, derman, ilki bilen, siziň özüňize gerek. Ýüzüňizde

gan-pet, adam peşweri ýog-a siziň. Hany, özüňizi ele alyň.

– Wah, dugtor, men nädip özümi ele alaýyn-a. Mälikguly jan gidip barýar-a. Özüni bilenog-a ol.

– Mälikguly sagat oglan. Men oňa belet. Oňa hiç döwem çalasy ýok. Gelneje, gözüň ýaşyny süpür, derrew ajyja çaý demläpjik getir. Inimize däri-derman edenimden soň, bir käse ajyja çaý içireli. Nädersiňiz ogluňyz ýyldyza toýnuk salyberse.

– Şeýle bolsun-da hernä.

Garýagdy lukmanyň çaky çykmady: Mälikguly edilen sanjym, içirilen dermanlar, endamyna çalnan spirt bilen aýňalmady. Ol käte bir iňňildäp ýatyrdy.

– Inimiziň derdiniň bir syrjagaz-a bolmaly – diýip, başky çaky çykmadyk lukman pyssardy. Onuň bu pikiri Mody başlyk bilen Ogulbäbek ejäni gozgalaňa saldy. Ikisem iki ýerden seslendi:

– O nämäniň syry?

– Näme syr ol? Bize-de aýt ony.

Lukman iki sowala-da jogap berip bilmedi. Näme diýip jogap bersin?! Ol Mälikgulynyň dert tapynmasynyň bir hikmetiniň bardygyny bilýär, ýöne onuň nämedigini welin takyk bilenok. Onsoň ol bilmeýän zadyny nädip aýtsyn?

Lukmanyň pikiri Mälikgula sanjym edip, derman içirip, endamyna spirt çalyp, soňundan onuň derläp çaý içip ugranyny görüp gaýtmakçydy. Eden emleriniň täsiri açyk duýulmady. Mälikguly şindem özüne gelmäninden soň, ol öýüne gaýtmak pikirini goýbolsun etdi. Näsag özüne gelýänçä ýanynda bolmagy makul tapdy. Hudaý saklasyn, luk-

man sanjym edip gidensoň, Mälikgulynyň ýagdaýy hasam agyrlaşdy diýseler, lukman bilgeşleýinden başga sanjym edip gidipdir diýseler, ana, şonda näme jogap berjek?! Onsoň galan ömrümi türmede geçirmeli bolaryn diýip, lukman içini gepletdi. Indi içki pikirini daşyna çykarmakdan saklandy.

Ogulbäbek ejäniň getiren ajy gök çaýyny Garýagdynyň ýeke özi içdi.

Mody murt «Tiz geljek» diýip çykyp gitdi. Başlygyň öl-myžžyk eşiginden oturan halysynyň üstüne suw syrygypdyr, haly ähli suwy özüne siňdirip bilmändir, ak ýaýyn bolup, tegelenip dur.

Başlyk aýdyşy ýaly, uzak eglenmän geldi. Özem ýeke gelmedi. Goçgar Gara bilen geldi.

Goçgar Gara içerdäkiler bilen sowuk salamlaşyp, Mälikgulynyň gapdalynda oturdy, onuň maňlaýyna elini goýup, gyzgynyny barlady.

– Gyzgyny-ha ýok munuň.

– Gyzgyny bolmaz, sebäbi men ukol etdim.

– Mälikguly, aý, Mälikguly, saňa näme bolýar? – diýip, Goçgar Gara Mälikgulynyň elinden tutdy.

Jogap bolmady.

– Kesellemän ýören adam kesellese, ol agyr ýatýar – diýip, lukman ýanyndakylary köşeşdirmek üçin aýtdy. – Öňküsinden-ä gowy.

– Öňküsinden nämesi gowy? – diýip, Mody başlyk lukmana nägilelik bildirdi.

– Parahat dem alýar.

– Ol öň nä parahat dem alanokdymy?

– Garýagdy, sen Aşgabatda lukmançylyk ugrundan ýörite bir ýyllap okap geldiň. Sen lukman,

bu ugurda sowatly adam. Hany, sen aýt, Mälikgula näme bolupdyr?

Garýagdy lukman synag tabşyrmakçy bolýan talyp ýaly ykjamlandy:

– Sowuklan adamlaryň öýkenlerinde haşyrdy peýda bolýar. Mälikgulynyň öýkeninde bolsa hiç hili haşyrdy ýok.

– Näme diýjek bolýarsyň? – diýip, Mody murt gazaplandy.

– Mody, hany, aşak otur, köşeş.

Mody murt Goçgar aganyň otur diýip görkezen ýerinde uludan demini alyp oturdy.

– Sowuklamadyk bolsa, öýkeninde haşyrdy ýok bolsa, onda, Garýagdy, inim, aýt, biziň Mälikgulymyza näme bolupdyr, näme derdi bar? Bu özüni bilmän ýatyr-a. Mälikgulynyň näme keseliniň bardygyny anyk aýdyp biljekmi? Bu ýigidiň özüne gelmegi, sagalmagy üçin näme etmeli? Sen hiç kimden çekinme. Göni aýt, em üçin näme gerek diýseň, biz bu oglan üçin guşuň süýdünem taparys, nirä gitmelem bolsa gideris. Biz bu oglan üçin hiç zadymyzy gaýgyrjak däl. Gerek bolsa, häzir ähli adamlary aýak üstüne galdyraly, obamyzda, Hudaýa şükür, bu inimizi juda gowy görýärler. Munuň şu halda ýatanyny entek hiç kim bilenok. Bilýän oglanlaram, hana, daş işikde gözlerine ýaş aýlaşyp durlar.

– Goçgar aga, Mälikguly başlyk bilen şu gün daňdan Kirowa gidipdir. Gaýdyşynam – gelýärkäler çabga guýup başlapdyr.

– Inim, men o zatlary bilýärin. Süllümbaý ezilenlerinem bilýärin. Hana, Modynyň egin-eşigin-

den häzirem suw akyp dur. Egin-eşigiňi çalşyr diýsemem, wagt ýitirmek islemedi. Häzir sen aýtdyň Mälikguluda sowuklama ýok diýip, sowuklama ýogam bolsa, sen sowuklama garşy ukol etdiň. Şeýlemi?

– Hawa.

– Onuň zyýany bolmazmy?

– Aý, bolmasa gerek.

– Derdi näme?

Garýagdyny der basdy. Nädogry sanjym etdiň diýip, sykajyga salyberseler nätjek?

– Derdi ýadawlyk, Goçgar aga. Uzak ýol biraz söküpdir. Oglana häzir rahatlyk gerek. Gorkuly hiç zat ýok. Ertir, nesip bolsa, gulanalma bolup turar.

– Ine, bu sözüň makul. Men gelenimden bäri senden şu sözi eşitjek bolýaryn.

– Başda aýdyp bilmediňmi şu sözüňi? – diýip, Mody aga gatyrgandy.

– Mody aga, siz meni gürledeňzog-a.

– Aýyplaşma, inim. Sen maňa dogry düşün.

– Men size düşünýärin, Mody aga. Abraý hemmämize-de gerek. Men size Mälikguly barada bir zady gaty uly ynam bilen aýdyp biljek: oglanda gorkuly ýekeje derdem ýok. Diňe ýadaw. Ine, bar bolany.

– Sag bol, inim.

– Ogulbäbek gelneje, sizem elewremäň. Ogluňyzda ýadawlykdan başga kemçilik ýok. Özüňiz gördüňiz – men ýörite barlap çykdym. Özüňizem, ine, şu dermanjagazy atyň. Yzyndan bolsa suw içiň.

– Taňryýalkasyn – Ogulbäbek eje dermany agzyna atdy, bir owurt suw içdi, ak düwünçegi lukmanyň öňünde goýdy.

– Men-ä indi gaýdyberjek – diýip, lukman ak düwünçegi goltuk jübüsine dykdy.

Goçgar aga bilen Mody başlygam gaýtdy. Daşarda duran oglanlar içeri girdi. Olar gije Mälikgulynyň ýanynda oturyp geçirdiler. Goçgar aga bilen Mody başlygam ýarygijeden soň geldi. Olar öýlerinde rahat ýatyp bilmändiklerini aýdyp, Mälikgulynyň gapdalyna çökdüler.

Lukmanyň aýdyşy ýaly bolmady. Daň atdy, ýöne Mälikguly turmady. Ol süýji uka giden ýalydy.

Mälikguly uzynly gün hem özüne gelmän ýatdy.

Garaňky gatlyşyberende Goçgar aga, Mody başlyk Ýazly ýatagy aýaly Ogultäç tebip bilen bile alyp geldiler.

Zybagülüň enesi Ogultäç mamanyň guragyrysy bardy, eli hasaly zordan ýöreýärdi. Şonuň üçin ol aňsat-aňsat öýünden çykmaýardy. Çagasy bir dert tapynan kişi Garýagdy lukmanyň ýanyna däl-de, Ogultäç mamanyň ýanyna barýardy. Ogultäç mama orta boýly, dolmuş aýaldy.

Ogultäç mama obanyň baş lukmanydy, tebibidi. Aýratynam, çagalaryň lukmanydy. «Ogultäç mamanyň etegine düşmän, emini alman obada ulalan ýekeje çaga-da ýokdur. Onuň eli degensoň welin, iň agyr ýatan çaga-da ýerinden turup, oýnamaga gidiberer» diýip köp aýdýardylar. Şol ynanç bilenem Goçgar Gara bilen Mody başlyk Ogultäç mamanyň yzyndan ýörite

barypdylar. Olara ýolda Allaberdi uzynam goşulypdy.

Ogultäç mama ýagdaýy eşidensoň, eline hasajygyny alyp ýola düşüberdi. Yhlap-çohlap ahyry geldi.

Ol Mälikgulynyň başujuna baryp çökdi. Sesini çykarman oňa seretdi. Onuň gabaklaryny galdyryp, gözüniň agyna çiňerilip-çiňerilip seretdi. Soň möhüm bir zady unudan ýaly, howlukmaçlyk bilen Mälikgulynyň çep eliniň aýasyna göz aýlady. Ýüreginiň urgusyna diň saldy. Onuň sesini çykarman oturmasy içerdäkileriň howsalasyny artdyrdy.

– Düýn Kirowa gitdi. Gaýdyşynam jalanyň aşagynda gelipdirler. Sowuklan bolaýmasa – diýip, Ogulbäbek eje jandurmazlykdan aýtdy. – Öten agşamky özünden gidişi. Bir gije-gündiz wagt geçdi.

– Ýok, gelin, ogluňa jala-ha kär etmändir.

– Onda näme bolduka? – diýip, Ogulbäbek eje Ogultäç mama soragly seretdi.

– Gelin, ýüregiňi eliňe alyberme. Gorky-ürki eder ýaly zat ýok. Bu oglana hele-müçük zat täsirem edip bilmez. Sebäp bu oglanyň arkasynda ýagşyzadalar, perişdeler dur. Depesinde-de döwlet guşy haçan gonsamkam diýip aýlanyp dur. Bu oglana hiç döwem çalmaz. Häzir bir em ederin welin, Göroglynyň ýigitleri ýaly, asgyryp-üsgürip turuberer.

– Agzyňyzdan Hudaý eşitsin.

– Ynha, görersiňiz, bu oglan uzak ýaşar. Soňy geler. Köp-köp sogap işleri bitirer. Hana, aýasynda Hudaýyň ýazgydy mesaňa bolup dur-a.

– Näme dert tapynypdyr meniň oglum, Ogultäç mama? Düýnden bäri özüni bilmän şo ýatyşy. Bir owurt suwam içmedi.

– Ýüregi gobsunypdyr bu oglanyň.

– O nähili?

– Ýüregi ýerinden süýşüpdir. Bir zatdan aşa gorkupdyr.

Ökde tebibiň bu sözlerine içerdäkiler onçakly ynanmadylar. Bu söz heňe gelmejek söz bolup eşidildi.

– Raýonda owadan gyz görüp, aşyk bolan bolaýmasyn bu ýigit? – diýip Allaberdi uzyn Mody başlyga syrly seretdi.

– Men-ä raýonda sülmüräp ýören gyz görmedim.

– Sen görmersiň, elbetde. Ýöne seniň görmedigiňi Mälikguly görer.

Mody murt Allaberdi uzyna bir göz aýlady-da dymdy.

– Bu oglana raýonda biriniň gözi degendir – diýip, Ogultäç mama aýtdy.

– Dogry – diýip, Mody aga makullady.

– Dogry – diýip, Ogulbäbek eje makullady.

– Dogry – diýip, içerdäkileriň ählisi bu pikiri makullady.

– Indi näme em edip bolarka? Munuň emi ýokmy?

– Gelin, diňe ölüme em ýok, galan zatlaryň emi bar.

– Gaýrat ediň.

– Ilki oglanyň ýüregini ýerine salaly. Iki-üç sany ýumurtga gerek.

– Ýumurtga bar. Häzir getireýin.

– Soňundanam muňa zäk çalaýyn. Zägi men ýanym bilen ýörite getirdim. Zäk çalmazdan öň bu oglana erkek kişiniň gözi degipmi ýa aýal maşgalanyň gözi degipmi, onam anyklalyň – diýip, Ogultäç mama gyňajynyň çowuna daňyp getiren kiçeňräk zägini aldy. Pyşyrdap nämedir bir zatlary aýdyşdyryp, ony Mälikgulynyň başyndan üç gezek aýlady. Soňam zägi Aşyra uzatdy.– Aşyr, me, şu zäge üç gezek ýeňiljek tüýkür, bally. Içerdäkileriň ählisi zäge üç gezek yrym-yrym, ýom-ýom tüýkürip biri-birine geçirsin.

Erkek kişilerem, aýal maşgalalaram zäge üç gezek ýeňil tüýkürdiler-de, ýene Ogultäç mama berdiler.

Ogultäç mama ýene pyşyrdap nämedir bir zatlar diýişdirip, zägi Mälikgulynyň depesinden üç gezek aýlady, soňam ony Ogulbäbek ejä berdi:

– Şuny oda atyp, eredip gel, gelin. Zägimiz oda atylansoň, erkek kişiniň gözi degen bolsa, erkek kişiniň esasy alamatyna, aýal maşgalanyň gözi degen bolsa-da aýal maşgalanyň esasy alamatyna öwrüler. Zäk eränsoň maňa getirersiň. Häzir men bu oglanyň ýüregini ýerine salaýyn. Ýa bismilla rahmana rahym, meniň elim däl, Lukman Hekimiň eli – diýip, Ogultäç mama Mälikgulynyň döşüne, arkasyna ýumurtganyň sarysyny çaldy. Ýumurtganyň sarysy bedene siňýän ýalydy.

Ogultäç eje ýumurtganyň sarysyny çalan ýerleriniň üstüne üç-dört gat ýaglyk goýdy. Soňam olaryň üstünden daňdy.

Oňa çenli ot kimiň gözüniň degendigini aýan eýledi. Ogultäç mamanyň zäge seredip ýuwaşja aýdan sözi gygyryp aýdylan ýaly eşidildi.

– Bu oglana bir owadan aýal maşgalanyň gözi degipdir.

Mody başlyk Mälikgula ýagyş-ýagmyr kär etmändir diýlenine begenip, ýaňy arkasy inine ýazylypdy. Ýöne Ogultäç mamanyň bu gutarnykly çözgüdi ony öňküsindenem bäş beter pyssartdy. Ýaňy taýzaryp ugran çal murty ýene salpardy. Hiç kim hiç zat soramasa-da, gorkan öňürder etdi, ellerini daldaladyp hüňürdedi:

– Haý, men-ä bilmedim.

Allaberdi uzyn dilini zuw-zuw çykaryp, çaşy gözüni güldürdi:

– Mody, dünýäde bilmeýän zadym bar diýip çagalary ynandyryp bilersiň, ýöne Ýazlynyň şatysyna çydap ýören Ogultäji ynandyryp bilmersiň. Bu köpimiziň egrenimizi birki gün öňünden dokap goýýar. Ogultäjiň aýdany pak çykypdyr diýip men-ä eşidemok, senem eşidensiň öýdemok. Sen ýöne hakykaty aýdaý.

– Kolýalara-ha bardyk...

– Mälikgula gözi degen o zenan kim?

– Sen meni sud eden ýaly gysaja salyp ugradyň-la – diýip, Mody başlyk gazaplandy.

Allaberdi uzyn degişmäniň ýeri däldigine düşünip dymdy.

Ogultäç mama Mälikgulynyň ellerine, aýaklaryna zäk suwap çaldy, üstüni gowuja basyrdy.

– Emiň-ýomuň şu bolsun hernä. Gaýdyp kesel ýanyňa gelmesin. Gelin, ogluň ýarygijeden soň

suwsap, ajygyp turar. Iýip-içer ýaly zadyny taýýar edip goý – diýip, Ogultäç mama gaýtmak bilen boldy. Ogulbäbek eje Ogultäç mamany köp-köp alkyşlar bilen ýola saldy. Zybagül daşarda enesine garaşyp dur eken. Ol enesine tekge berip gitdi.

Ogultäç mamanyň aýdany dogry çykdy...

* * *

Mälikguly her hili dürüşde düýşleri görýärdi. Olaryň birem aňynda saklanmaýardy. Ýöne onuň soňky gören düýşi gaty oraşandy.

Ol kakasy bilen söweşe gatnaşýardy. Kakasy ony goraýardy. «Oglum, gaty seresap bol!» diýip zol gaýtalaýardy.

Agyr söweş başlandy.

Onda Mälikguly gaty agyr ýaralandy. Kakasy oglunyň düşen ýagdaýyny görüp, ýüregi ýarylan ýaly gygyrdy, elewredi.

Lukmanlar Mälikgulyny zemmere salyp alyp gitdiler.

Oglum, gaýrat et, çyda! – diýip, Berdimuhamet gygyrdy.

Men çydaryn, kaka. Men gaty çydamlydyryn.

Ine, Orsýetiň ümürsin tokaýlygy. Ine-de, tokaýlygyň içinden geçýän insizje ýoda. Ýodanyň sag tarapynda brezent oraçasy gurnalypdyr. Bu oraça kiçi däl, içi giň. Oraçanyň sag hem sol taraplarynda iki-ikiden dörtburç penjirejikleri bar. Bu oraçanyň gapysy-da brezentden. Ony bir gapdala syryp, ak ýektaýly lukmanlar hem harby eşikli adamlar girip-çykyp durlar. Içeri daşarynyň howasyna garanda biraz salkyn. Şonuň üçinem ýaşlary durug-

şan, ýüzi ýygyrt-ýygyrt ak ýektaýly aýal oraçanyň töründäki peje odun salyşdyrýar. Pejiň turbasy göni ýokary çykýar. Içerä tüssäniň ysam-a çykypdyr welin, dermanyň – hloroformyň ysy agdyklyk edýär.

Ortada uzyn stol goýlupdyr. Onuň ýokarsyndan üç sany panus çyrasy asylypdyr. Stoluň üstünde bolsa egnindäki eşikleri gara gan bolan bir esger ýatyr. Ol Mälikguly. Onuň endam-jany agyrýar. Şonda-da ol çydaýar. Onuň ýagdaýynyň agyrdygyny egni ak ýektaýly, çepiksi, hor, gözi äýnekli lukman asla duýmaýana meňzeýär, belki, duýsa-da pisint etmek isleýän däldir. Sebäbi ol äwmezlik bilen gaty haýal hereket edýärdi. Asyl göwünli-göwünsiz hereket edýän ýalydy. Belki, bu çepiksi lukmanyň aşa ýadawlygyndandyr, belki-de, ol her gün ir ertirden giç agşama çenli dowam edip duran şol bir işine öwrenişip gidendir. Ol esgeriň döşünden sodalyk bilen akýan al gany görmeýän ýaly, skalpelini birsyhly ada işledýärdi. Birsalymdan esgere çümen demir gyýçagy çykaryp aldy-da, ony gapdalyndaky alýumin kürüşgä oklap goýberdi.

Lukman:

– Çöregiň bitin eken seniň – diýdi.

Stoluň üstünde sesini-üýnüni çykarman ýatan Mälikguly bu sözi ylla eşitmeýän ýalydy. Ýöne onuň ýumruklary berk düwülgidi. Ol göýä janyny ýumrugynyň içinde berk saklaýan, ony aljak bolýanlardan goraýan ýalydy. Şeýle berk ýumlan ýumruklar çalaja sandyraýardy. Ol ýüregine batyp duran ähli yzasyna döz gelip, çydap, çekip ýatyrdy, iňňildemegi özüne namys bilýän ýalydy. Ýogsam,

lukman oňa bedenini biraz gowşatmagyny, ses etmegini, çünki ah çekilende, iňňildi edilende adama ýeňillik bolýandygyny birnäçe sapar ýaňzytdy. Barybir, kellesi ýaraly esger bir durkuny, bir bolşuny üýtgetmedi, esgeriň bu häsiýeti lukmany geň galdyrdy. Şonuň üçinem ondan sorady.

– Sen haýsy milletden?

Esger jogap bermedi.

– Ine, mertlik. Beýle mertlik adamyň diňe zandynda bolup biler.

Bu esgere derek stoluň sag hem sol taraplarynda brezendiň üstünde hataran ýatan ondan gowrak agyr ýaraly esgeriň yzalaryna çydaman gygyrmalary allowarralardanam eşidilýärdi. Ýöne olary köşeşdirjek, ýarasyna em etjek bolýan ýokdy. Olar öz nobatlaryna garaşmalydylar. Nobat boýunça ýaraly esgerleri stoluň üstüne çykaryp bejerýärdiler, soňam olary zemmere salyp gapdaldaky brezent oraçalaryň birinde ýerleşdirýärdiler.

Geleňsiz lukmana beýleki ýaraly esgerlerden düýpgöter parhlanýan bu ýaralynyň haýsy milletiň wekilidigini anyklamak höwesi rahatlyk bermedi. Ol zemmere salnan esgeriň jübüsinden resminamasyny çykaryp okady. Soňam Pifagoryň «Hiç zada geň galma» diýen sözüni ýatlady. Beýle mert ýigitleri göreniňde nädip geň galmajak?! «Şeýle mert raýatlary bolan ýurt gürrüňsiz ýeňiş gazanar» diýip, äýnekli rus lukmany pyşyrdady...

Mälikgulyny ýaraly esgerleriň arasyna eltip ýatyrdylar. Şol wagt Berdimuhamet kürsäp içeri girdi. Gelip, ogluny bagryna basdy, ýüz-gözünden

gaýta-gaýta ogşady: «Meniň mähriban oglum, meniň janym» diýip pyşyrdady.

– Ýagdaýyň niçik, oglum?!

Meniň ýagdaýym gowy, ýöne siz özüňizi goraň. Siz ýaralanypsyňyz, kaka. Özüňizi bejerdiň. Siziň üst-başyňyz gara gan bolupdyr...

Seniň ýaly mähriban ogly bolan kaka hiç döwem çalmaz...

Şu ýerde düýş kesildi.

Mälikguly şondan soň parahat uklady, aladaňdan hopugyp gözüni açdy. Haşlap demini aldy:

– Kaka, kaka! – diýip gygyrdy.

– Mälikguly jan, özüňe geldiňmi? Oýandyňmy, balam? – diýip, oglunyň başujunda perişan halda bükülip oturan Ogulbäbek eje titredi. Sandyraýan elleri bilen oglunyň ýüzüni sypady. – Meniň mähribanym, meniň eýjejik oglum turaýdy hernä.

– Eje jan, sizi biynjalyk edäýdim-dä men.

– Wah, balajygym, sen nämäniň gürrüňini edýärsiň. Seniň janyň sag bolsa, başga zadyňam gürrüňi bolarmy. Janym saňa sadaga bolsun, jan oglum. Wah, men seniň dilleriňe döneýin.

Çyranyň peltesini galdyrdylar, içeri ýagtylyp gitdi.

Mälikguly töweregine göz aýlasa, ýatman elewräp oturan diňe ejesi däl eken: hana, doganlary onuň özüne gelenine, garysyna galanyna begenip, begenjine gözýaş döküp durlar. Olar gelip doganyny gujakladylar.

Onuň dostlary hem öýde eken: Aşyr, Weli, Şaguly, Derýa, Depbi daşyna egelendiler. Hana, beýleräkde Goçgar Gara bilen Mody aga otyr. Olar

hem Mälikgulynyň oýananyny, garysyna galanyny görüp begendiler. Derrew ýerlerinden turup, Mälikgulynyň ýanyna geldiler.

Mälikguly daşyny gallap duran adamlaryň özüne şeýle mähribanlyk bilen bakyşlaryny, eziz görýändiklerini duýdy. Şeýle mähriban adamlar bilen ýaşaýandygyna guwandy, olary bagryna basaýasy geldi. Özüni şeýle gerekli, şeýle bagtly duýdy. «Gör-ä, bular meniň üçin ukusyny karam edip oturypdyrlar» diýip içini gepletdi. Olara özüniň çäksiz minnetdarlygyny nädip bildirjegini bilmedi.

Mälikguly ejesine soragly bakdy:

– Eje, maňa näme boldy?

– Sen azajyk ýaramajak bolduň, oglum.

– Goçgar aga, salawmaleýkim, Mody aga, salawmaleýkim!

– Waleýkimessalam, Mälikguly.

Mälikguly ýerinden turdy. Ýöne özüne erk edip bilmedi. Entirekläp gitdi-de, jalka aşak oturdy.

– Maňa näme bolýar-a?!

– Häzir turarsyň – diýip, Goçgar aga göwünlik berdi.

Mälikguly ýene ýerinden turdy. Başy hyr berip aýlandy.

– Ýagdaýyň nähili?

– Biraz ysgynym ýok. Ýaman ajygypdyryn. Suwsadym.

– Ine, ilki şu sowan çaýdan iç – diýip, Ogulbäbek eje bir käse sowan çaý uzatdy.

Mälikguly ejesiniň beren çaýyny teşnelik bilen içdi.

– Ýene içjekmi?

– Içeýin.

Aşyr bilen Weli Mälikgulynyň bir tarapyndan tekge berip, daşary aýlap geldiler. Ol içeri girende çyraýy biraz açylypdy.

– Gaty ajygýaryn.

– Mälikguly, sen onda arkaýyn ýürekselik edin. Biz bolsa indi öýe gaýdaly – diýip, Goçgar aga ýerinden turdy.

Daşarda Mody aga Mälikgulynyň egnine elini goýdy:

– Mälikguly inim, biz ýeňeris, ähli kynçylyklaram ýeňeris.

Mälikguly buýsanç bilen baş atdy.

## Näsagyň ýanynda geçirilen wagtyň ömrüňe goşulmaýar

Mälikguly Berkeli agany gowulykda kime meňzetjegini bilenok. Ol hiç kime meňzänok, özboluşly bir ýürekdeş adam, uly bilen uly ýaly, kiçi bilen kiçi ýaly diýilýänlerden. Her kimiň dilini tapýar, ulumsy däl. Ähli kişi bilen ýürekdeş.

Begener, şatlanar ýaly zat ýokdur, gaýtam oňa birgiden şowsuzlyklar ýarandyr, şonda-da haçan görseň, Berkeli aga özüne şuş-şu pille juda bir üýtgeşik hoş habar aýdylan ýalydyr. Hasraty bardyr öýder ýaly däl. Dogabitdi häsiýeti bolmagy-da mümkin, ol mydama adamlaryň hoşuna geljek söz aýtmaga, iş etmäge çalyşýar. Şundan zyýan görýän pursatlaram az bolanok. Barybir, onuň şol bir göwnühoşlugy, mylaýymlygy, şol bir bolşy: öz göwnüni syndyryp, iliň göwnüni görmek.

Ol haçan görseň bir işiň başyndadyr. Mälikguly «Berkeli aga haçan aýagyny uzadyp dynç alýarka?» diýip oýlanýardy. Nädip oýlanmasyn, onuň ýaly ýetmiş ýaşy arka atan gojalaryň otursa turmasy, tursa oturmasy görgi, yh-çoh bilen mydar edip ýörler. Berkeli agada welin, yh-çoh ýok.

Ýöne ol toýlara, ýaslara aňsat-aňsat barmaýar. Barsa-da, Geldi mys-mysyň sözleri bilen aýdylanda, «Yzyndan ýow kowup gelýän ýalydyr,

gaçaýmasa bolar ýaly däldir. Gider – «gaçar». Ol Allamyrat pälwan ýogalanda-da görünmedi. Diňe üçüne bardy. Goçgar aga Allamyrat pälwanyň ölen güni görünmändigi, jaýlaşmaga gitmändigi üçin Berkeli aga biraz käýäpdir diýip, adamlar öz aralarynda aýdyşýarlar.

Mälikguly Berkeli aganyň ýagdaýyna düşünýär. Ol uzynly gün işde. Daňdan ilden öň işe barýar, agşamlyk hem ähli kolhozçylardan soň işden gaýdýar. Kolhozçylaryň eden işlerine birlaý seredip çykýar, galan-gaçan, unudylan zat barmy-ýokmy, şony anyklaýar. Giçlik öýüne gelýär.

Mälikguly bu gün agşam Berkeli agalara barmakçydy.

Berkeli aganyň özem Mälikgula bu babatda ýaňzytdy:

– Bürgüdim, Hanguly jan-a saňa yhlas bilen garaşýandyr.

– Bararyn, Berkeli aga, bararyn.

* * *

Mälikguly agşamlyk edinip, galamdyr depder, Mollanepesiň «Zöhre–Tahyr» kitabyny alyp, Berkeli agalaryňka ugrady.

Ol Berkeli agany Allamyrat pälwanlaryňka gidendir öýtdi (ýedisi geçýänçä her gün agşam barylýar ahyryn!), ýöne ol gitmän eken: gapynyň agzyna gelen Mälikguly mellektörden aýalyny arkasyna hopba edip gelýän Berkeli agany gördi.

– Biz-ä Näzik gelnejeň bilen seýle çykdyk, Mälikguly – diýip, Berkeli aga, näme üçindir, töweregine garanjaklady. – Sen içeri giriber. Saňa

Hanguly jan garaşyp otyr. Iki gün bäri: «Mälikguly gelmedimi?» diýip, ol meniň gulak etimi kamata getirdi. Menem oňa: «Mälikguly söz beren bolsa geler, arkaýyn bolaý» diýýärin.

Mälikguly Näzik ejä salam berdi. Garry ene ýagdaýyna utanyp, ysgynsyzja salam aldy.

– Mälikguly gelen ýaly-la? – Içerden Hangulynyň sesi eşidildi. – Gel, Mälikguly, gel.

– Gir, bürgüdim, gir. Sen Hangulynyň ýanyna bar. Men Näzikjemal gelnejeň bilen her gün agşam şu wagtlar daşarda oturýaryn, hana, şol palçyk merzde* ikijämiz jukguldaşyp oturýarys, öten-geçen günlerimizi birin-birin hakydamyzyň uşakgöz eleginden geçirip çykýarys.

Hakykatdanam, gapynyň ýedi-sekiz ädim çep tarapynda üç-dört adam ýerleşer ýaly ýerden bir gulaç beýiklikde palçyk seki bar eken, onuň üstüne keçe-de taşlanypdyr. Öň gelenem bolsa, Mälikguly bu palçyk sekini görmändir ýa oňa üns bermändir.

Berkeli aga Näzik ejäni palçyk sekiniň üstünde oturtdy, ýöne ol oturyp bilmän süňksüz ýaly sag gapdalyna ýykyldy, kellesi sekä uruldy, «düňk» edip ses eşidildi. Berkeli aga ony saklap ýetişmänine ökünip, düşnüksiz hüňürdedi, aýalynyň kellesiniň aşagyna ýassyk goýdy. Nägile nazar bilen Mälikgula seretdi.

Mälikguly oglan bilesigelijiligi bilen seredip duranyna utandy. Derrew içeri girdi. Hanguly bilen köne dost ýaly gadyrly-mähirli salamlaşdy.

– Bagyşlaň, birki günläp gelip bilmedim.

– Zyýany ýok. Men enuwalla gelmezmikäň öýtdüm. Kakam: «Geler. Ol Kirowdan gaýdanla-

rynda çabga galyp ýoňlapdyr. Öýünde galman ýatyrmyş» diýdi. Kakamyň aýdany çynmy ýa ol maňa şeýlekin aýdaýdymyka?

– Biraz näsagladym. Berkeli aga dogry aýdypdyr.

– Şeýle diýsene – diýip, Hanguly biraz oýa batdy. – Onda sen, Mälikguly, kakamyň halyňdan habar soramaga barmany üçin aýyplaşmaweri.

– Berkeli aga bardy.

– Baran däldir.

Mälikguly ýatyrka kimleriň bardygyny hakydasyna getirdi. Goçgar aga, Mody aga, Allaberdi uzyn, Garýagdy lukman, Aşyr dagy... Dogrudanam, olaryň içinde Berkeli aga ýok.

– Berkeli aga eşiden däldir.

– Kakam bilýär.

Mälikguly «Berkeli aga meni gowy görýär» diýen pikir bilen ýaşaýardy. Onuň bar ynamy, bar buýsanjy kül-uşak bolana döndi. Gojadan göwni galdy. «Onuň «Mälikguly jan», «bürgüdim» diýmesi ýalan eken. Aýdan hoş sözleri dilujy aýdylýan sözler eken. Başyma bir iş düşse, Berkeli aga meniň üçin agyr-ýeňil boljak däl eken. Meni asla ýatlajagam däl eken...» Öz pikirlerine gümra bolan Mälikguly Berkeli aganyň içeri gireninem, hum çäýnegi demläp öňünde goýanynam duýmady.

– Mälikguly, Hanguly jana kyn görmän, çaý guýup bereweri, ol gaty çaýhordyr.

Mälikguly Hangula çaý guýup berdi, ýany bilen alyp gelen depderini, galamyny, «Zöhre–Tahyr» kitabyny berdi, depdere bellän harplaryny görkezdi.

– Kril harplarynyň gapdalyndan jezitçe, latynça harplary ýazdym. Haýsy harpy bilesiňiz gelse seredäýiň. Ine, bu bolsa «Zöhre–Tahyr» dessany. Bu kitaby men wagtlaýyn getirdim. Kitap kakamyňky. Elipbiý öwreneniňizden soň, kitaby alyp giderin.

– Geň, juda geň – diýip, Hanguly kitaby eline aldy.

– Näme geň?

– Biler bolsaň, Mälikguly, şundan alty ýyl öň, tebigat ýaňy janlanyp ugranda meniň ýüregime dowul düşdi. Ejem bilen kakama ýük bolmaýyn diýdim. Şonda kakam seniň kakaňy – Berdimuhamet mugallymy öýe çagyrdy. Mugallym şonda, ine, şu kitaby bilen gelipdi hem muny maňa okap beripdi. Dessany ýaşkam dessançy bagşylardan birki ýola diňläpdim, ýöne kakaň okap berşi has täsirli bolupdy. Ol diňe bir okamandy, käbir sözlere, käbir wakalara düşündirişlerem berýärdi, her sözüni däne-däne edip aýdýardy. Soňunda kakaň «Zöhre–Tahyry» bir aý maňa goýup gitdi. Menem şonda dessany tas ýat tutdum.

– Dessany gowy bilýän bolsaňyz, elipbiýi öwrenmek size hasam aňsat düşer. Kakamyň size goýup giden «Zöhre–Tahyry» latyn elipbiýinde bolmaly, ol kitap hem öýümizde bar. Ýöne men size krilçe çykan «Zöhre–Tahyry» getirdim.

– 1920-nji ýylda Hywanyň Şirgazy medresesi ýapyldy. Oňa derek daryl-müderresi mekdebi açyldy. Men, ana, şonda 1928-nji ýyldan başlap, dört ýyl okadym. Kakamyň maksady meni Gökdepede Gurbanmyrat işan ýaly belli din hadymy edip ýetişdirmekdi, maňa guwanmakdy. Men üşüklije-

dim, zehinlidim. Ymla* ýazmakda, ymtykan* tabşyrylanda hemişe nusgalyk hasaplanýardym. Meni mydama «üşükli, zehinli» diýip magtaýardylar. Kakamyň maksady gowudy, juda gowudy, ýöne onuňky paşmady. Men kakamyň çydamlylygyna, demir erkine haýran galýaryn. Türkmen çydamly, sabyrly, kanagatly halk. Öz ýanymdan pikir edýärin, eger türkmeniň nähili halkdygyny görkezmeli bolsa, onda, kakamy görkezmeli, ana, şonda türkmeniň ýüzi gyzmaz diýýärin. Sen meniň kakamy garran çagty görýärsiň. Onuň meniň ýaşymda nähili adam bolandygyny bir gören bolsadyň, haýranlar galardyň. Kakamyň içdimagyny obamyzda köp adam bilenok. Sebäbi biz Gökdepeden göçüp geldik, has dogrusy, gaçyp geldik. Menem köp zatlary bilemok, ýöne kakamyň nähili söweşýändigini göreniňde iniň tikenekleýärdi. Meni şu güne salan on bir sany saýyrdyň ýigitdi. Olar on bir bolup daşyma geçdiler. Urup-urup, depip-depip abat ýerimi galdyrmadylar. Şol depgilerden soňam aýagym ysmaz boldy. Men näme üçin urulýandygymyň sebäbini bilemok. «Näme üçin urýandygyňyzy aýdaýyň-how, jan doganlar» diýip ýalbarýaryn. Eger-eger, hiç zat diýmediler. Şindem näme üçin urlandygymyň sebäbini bilemok. Indi bilesimem gelenok. Ýöne meniň urlup şu güne düşüşim barada il arasynda her hili gep-gürrüň ýaýranmyş. Biri: «On bir sany bolup gelip, Hanguludan Eziz hanyň nirededigini sorapdyrlar, aýtdyrjak bolupdyrlar, barybir, aýtmandyr, şonuň üçinem şu güne düşüpdir» diýse, başga biri: «Söýýän gyzy üçin şu güne düşüpdir» diýýärmiş. Garasaý, her hili zat diýilýär-

miş. Hanguly geçip barýanlara sögeni üçin şu güne düşüpdir diýýänem barmyş.

Meni on bir sany goç ýigit urup durka, Hydyr ata ýaly bolup, kakam ýetip geldi. Ol atyndan towsup düşüp, meniň ýanyma geldi. Görse hiç ýerim ysanok, üst-başymdan hem gara gan akyp dur. Meni uranlaryň arasyndan birki sanysyny kakam tanaýan eken. Ol uranlaryň arasyndan biriniň adyny tutup, «Meniň oglumy nädäýipsiň?» diýdi. Ýakasyndan ebşitläp tutdy. Şonda gahardan ýaňa kakamyň gözleri hanasyndan çykaýarly görünýärdi. Şol mahal duranlaryň biri gelip, oňa ýumruk saldy. Ana, şol ýumruk hem olaryň ählijesiniň bagtyny ýatyrdy. Darkaş juda bir uzaga-da çekmedi. Kakam: «Siz meniň oglumy nädäýipsiňiz, köpeý ogullary?», «Siz meniň oglumy nädäýipsiňiz, köpeý ogullary?», «Mundanam erkeklik bolarmy?» diýip, birki gezek gygyrdy, on bir sany ýigit şüdügär bolup, serrelip ýatyr. Olaryň näçesiniň ölüp, näçesiniň diri galanyny takyk bilmedim, iňňildeşip ýatan-a az däldi. Özem haýran galan ýerim on bir ýigidiň ählijesiniň sag gulagy ýokdy, ondan zogdurylyp gan akýardy, kakam meni göterip ata mündürip durka arkasyndan biri gelip ony depdi. Ana, şol ýigid-ä öläýdi öýdýärin. Eý-ho, kakamyň urşy ýaly adam urluşyny men ömrümde bir gezegem görmändim. Eý, Hudaý jan, indem görmäýin.

– Aýagyňyza em etmediňizmi?

– Dertli otuz iki damaryndan gan aldyrar: şu dertden dynjak bolup ýykylmadyk öwlüýämiz, tebibimiz, etmedik emimiz galmady, ýöne nep bolmady.

– Il-ä size gaty uly umyt baglaýar.

– Meniň tebipligim barada aýdylýan zatlaryň ýarysy ýalan. Meni gaty ulaldýarlar. Men adamlara düşünýärin. Olar kimdir birine ynanmak isleýärler. Sebäbi ynam adama güýç berýän, adamy ýaşadýan ýeke-täk gudrat. Ynamyň gutaran ýerinde ýaşaýyş gutarýar. Ähli kişiniň kimdir birine, nämedir bir zada ynanasy gelýär diýmek, onuň ýaşasy gelýär, ýaşamaga çykalga gözleýär diýmek. Meniň hem ynanasym gelýär. Meni ýaşadýan güýç hem şol ynam. Adamda ynam döredip bilmek gaty uly döwletlilik. Men tebiplik edip kän-kän adama ýaşaýşa ynam döretdim. Men ýene adamlara ýagşylyk edip, olarda ýaşaýşa ynam döredesim gelýär, şu isleg hem meni ýaşadýar. Edil maňa ynanyşlary ýaly menem Ogultäç mama ynanýaryn. Hudaýa hudawende, şol mamaň ömri uzak bolsun.

– Ol ýörärsiň diýýän bolsa, hökman ýörärsiňiz.

– Ýörärsiň-ä diýdi.

– Haçan?

– Wah, bürgüdim, bizem telim ýola soradyk ony. Mama: «Wagty gelende aýdaryn. Entek seni öýereris. Üç sany burny sümüklije-de öner senden» diýdi. Ondan bäri bäş ýyl geçdi.

– Bäş ýyl?

– Hawa, bäş ýyl. Uruşdanam öň aýdypdy.

– Näme üçin garaşdyrýarka ol?

– Bilmedim-dä. Umytly ýaşaýaryn. Umytsyzlykdan Hudaý saklasyn. Men näçe garaşmaly bolsa-da garaşaryn. «Öňüm gelenden soňum gelsin». Mälikguly, meniň birje arzuwym bar.

– Näme?

– Obanyň köçesinden tekgesiz ýöräp, Çömmekdepä barsam, oňa çykybam töweregime seretsem, soňam ýöräp öýe gelsem, bar bolany şol. Başga armanym-arzuwym ýok. Şu arzuwyma ýetenimden soň, Hudaý jan janymy takga alaýsyn. «Wäk» diýmerin.

– Beýle diýmäň, Hanguly aga. Esasy durmuşyňyz, görjek hözirlikleriňiz şondan soň başlanar. Soň siz kakaňyza, ejeňize kömek etmeli. Olary taşlap gidiberseňiz bolmaz-a. Olara kim seretsin?

– Munyň-a dogry, Mälikguly. Hudaý bar, bu hakda oýlanmandyryn.

– Nesip bolsa, bir gün Ogultäç mama öýüňize hasasyny tyrkyldadyp geler. «Hanguly, meniň aýdan günüm-ä geldi: hany, ýeriňden tur» diýer. Sizem ýeriňizden böküp turarsyňyz. Aýaklaryňyzy elleşdirip görüp geň galarsyňyz. «Bä, aýagym ysýar eken-ä. Men näme üçin aýagym ysanok diýip ýatdymkam?» diýersiňiz. Myrry masadyň aýaly ýaly, bir maňyzly-meňzeşikli, owadan zenana öýlenersiňiz. Toýam uludan tutarys. Bizem şol toýda hyzmat ederis.

Hanguly uludan demini aldy:

– Mälikguly, ýigitkäm men bir gyzy haladym. Netim şol gyza öýlenmekdi. Gyzyň öýüne osmakçy iberdik. Garşy dälmişler. Kakamyň neti hem meni şol ýylyň ekinahyrynda öýermekdi, üstüme ak öý dikip bermekdi. Gyzyňka sawçy ýollandy. Toý sähedem belli edildi. Ýöne boljak işe çäre ýok. Gyzyň hossarlary maňa garaşdylar. Ýöne men aýaga galybermedim. Soň kakama ýalbardym: «Meniň sagalmagyma garaşmasynlar» diýip. Kakam baryp

gyzyň hossarlaryna rugsat berdi. Şondan gyzy durmuşa çykardylar.

– Garaşmandyr...

Berkeli aga içeri girdi:

– Mälikguly, gelnejeň saňa şu iki kişdäni iýsin diýdi.

– Meniň işdäm ýok, sag boluň.

– Şony gelnejeňe-de bir aýdyp gör. Öýkelär. Geçen sapar Mälikgula hiç zat hödür edip bilmedik diýip, görgüli uzak gije örtenip çykdy. Gaýtmakçy bolanyňda gelnejeňe kişde üçin sag bol aýt, gowy eken diý.

Mälikguly kişdäniň birini göwünli-göwünsiz agzyna saldy. Berkeli aga çykyp gidensoň, Hanguly gürrüňini dowam etdirdi.

– Onuň iki çagasy boldy. Adamsy urşa gitdi. Mundan bir ýyl öňem adamsynyň gahrymanlarça wepat bolandygy barada gara hat gelipdir. Men saňa ýüregimdäkini aýdaýyn, Mälikguly, eger Ogultäç mamanyň aýdyşy ýaly, men ýöräp ugrasam, netim şol dul galan iki çagaly aýala öýlenmek. Meniň ýüregimi gozgalaňa salan ilkinji gyz şol. Şindem men ony ýadymdan çykaramok. Uruş gutarandan soňam bir ýyllap garaşjak. Bir ýerde diri bolsa, bir ýylyň dowamynda äri uç berer. Uruş gutaransoň bir ýyllap uç bermese, onda onuň hakykatdanam öldügi bolýar.

Mälikguly öz ýanyndan: «O iki çagaly aýal kimkä?» diýip oýlandy. Iki çagaly, adamsynyň öldi habarynyň gelenine bir ýyl geçen maşgalany teý hakydasyna getirip bilmedi. Ejesinden sorap görmegi makul tapdy.

– Mälikguly, seni sulhum aldy. Saňa ýüregimi açdym, seniň sözleriň maňa rahatlyk berdi, göwnümi göterdi. Kakam ýöne ýerden adyňy köp gaýtalamaýan eken. Sen üýtgeşik gowy oglan ekeniň, ýürekdeş ekeniň.

Mälikguly Hangulynyň göwnüniň göterilendigini duýdy. Şonuň üçinem oňa ýene hoş söz aýtmagy makul bildi:

– Men Ogultäç mamanyň aýdan sözüne ynanýaryn. Ol esassyz hiç zat aýtmaýar. Ol anyk göz ýetiren zadyny aýdýar. Men-ä indi Ogultäç mamanyň şol habaryny aýdaryna howlugyp ugradym.

– Ol gün meniň aşa begenjek günüm bolmalymyş.

– Aşa begenjek?

– Hawa, Ogultäç mama şeýle diýdi: «Seniň ýörejek günüň seni çakdanaşa begendirjek waka bolar» diýdi.

– Onda ol urşuň gutarjak günüdir – diýip, Mälikguly çak urdy.

– Ejem-ä: «Goşa habar geler, hem-ä urşuň gutarandygy baradaky habar, hemem dereksiz ýiten iki doganyň gelýändigi baradaky habar. Sen olaryň öňünden ylgap çykarsyň» diýýär.

– Näzik eje dogry aýdypdyr.

– Ogultäç mamanyň şol sözünden soň aýak üstünde durjak bolup, özüme zor salýaryn. Bir minut çemesi durýarynam. Ýöne ondan uzak durjak bolsam, näme üçindir, gözümiň öňünde kindiwan-kindiwan uçgunjyklar köpelip, dünýäm garalyp ugraýar. Özem gara dere batýaryn. Mälikguly jan, şu dünýäde ýaşamagyň, ýöräp ýörmegiň nähili

uly bagtdygyny başyňa dert düşende bilýär ekeniň. Adam Allanyň eçilen eşretliklerine öwrenişip, olary adaty bir zat ýaly görüp, kabul edip geziberýär eken. Kakamyň gaýtalaýan bir sözi bar: «Bir gözümde juwazyň okuny aýlaň, ýöne bir gözüme şu dünýäni görmäge mümkinçilik beriň». Men bu söze gaty gowy düşünýärin. Bu söz owadanlamak üçin aýdylan söz däl. Bu söz ýürekden çykan söz. Köçeden geçip barýan adamlara gözüm gidýär. Dünýäni bagryma basasym gelýär. Men bu dünýäden üýtgeşik bir zat hantama däl, ýöne şu dünýäde ýaşap ýörenligiň özem gaty uly baýlyk.

Mälikguly gaýtmakçy bolanda goltugyndan bir sary almany çykaryp, ony Hangula yzatdy:

– Şuny size getirdim.

– Sag bol, Mälikguly! – Hanguly almany höwes bilen aldy, ony gözlerini süzüp gaýta-gaýta ysgady. – Men muny iýmäýin, Ogultäç mamanyň hoş habar getirjek gününe goýaýyn. Ol hoş habar aýdar welin, şol wagt men oňa şu almany sowgat bereýin.

– Siz muny häzir iýiň. Ogultäç mamanyň hoş habar getirjek güni men size ýene alma bererin.

– Men saňa Ogultäç mama bermek üçin saklaýan zatlarymy görkezeýin. – Hanguly ýassygynyň gapdalynda duran haltajyga elini sokdy. Ondan gatan nan böleklerini çykardy.

– Olar näme? Çörek ýaly-la?

– Hawa, çörek. Bular kakamyň iý diýip goýup giden çöreklerinden tygşytlanja süýşürintgilerim. Begençli günüm – ýörejek günüm, Mälikguly jan, elim boş ýatsam, maňa utanç bolar-a. Dogrumy?

Maňa hoş habar getiren Ogultäç mamany men boş goýup bilmerin-ä. Men oňa şu çöreklerimiň hemmesini berjek. Goý, ol hezil edip iýsin. Doýýança iýsin. Öýündäkilerem iýsin. Çaýa batyrsa ýumşar galar. Meniň ýörejek günümi gelip aýdanda, ynan, Mälikguly, men Ogultäç mama üçin hiç zadymy gysganmaryn. Meniňki dogrumy?

– Dogry, dogry.

– Ýene bir zadym bar – diýip, Hanguly has açyldy. Ýassygynyň aşagyndan ak kamys mata dolangy bir tokga gant görkezdi. – Muny iýmäge men mynasyp däl. Muny iýmäge diňe hoş habar getirjek Ogultäç mama mynasyp.

Mälikgulynyň Hangula juda nebsi agyrdy. Ol hoşlaşyp daşary çykanda, palçyk sekiniň üstünde Berkeli aga aýaly Näzik ejä gyzykly bir wakany göçgünlilik bilen gürrüň berýärdi.

– Näzik eje, kişdäňiziň baly goýalyşyp giden eken, hezil edäýdim. Sag boluň, taňryýalkasyn.

– Bolupdyr, guzym. Geçen sapar seni boş gaýtaraýdyk-da. Eliýukalyk gursun.

– Hemme zat gowy bolar, gelneje.

Ýolboýy Mälikgulynyň aňynda Hangulynyň sözleri, pikirleri gaýtalandy.

Mälikguly şu wagta çenli Hanguly ýaly adama gabat gelmändi. Ol Hangulynyň ysmaz halyna nebsi agyrýardy, ýöne durmuşa bolan çäksiz söýgüsine guwandy. Mälikguly Watana, tebigata, gyzyň ýigide, ýigidiň gyza söýgüsi hakda köp eşidipdi. Ýöne Hangulyňky ýaly sözleri eşitmändi. Ol adamlaryň birek-birege, obadaşyň obadaşa goýýan çäksiz hormatyny, sylagyny her gün duýýardy, görýärdi.

Gözde juwazyň äpet okuny aýlamagyň nähili agyryly boljakdygyny aňynda aýlady. Adamlar bir gözünde juwazyň okunyň aýlanmagyna razy, ýöne bu ýagty jahany görüp ýaşasalar bolýar.

Bir obadan iki ýüzden gowrak adam fronta gitdi. Uruş uly töwekgellik. Ýöne olary urşa äkiden güýç bu ýaşaýşa bolan söýgi, ertir röwşen durmuşda ýaşajakdygyna bolan synmaz ynam ahyryn. Adamlar özlerini okuň öňüne ýöne ýere tutanoklar. Elbetde, olaryň hem ýaşasy gelýär. Jan şirin, ýöne maksat jandan-da şirin. Adam diňe bir öz aladasy üçin däl, ol maşgalasynyň, il-ulsunyň, ertirki gününiň parahat, sapaly, bolelin bolmagy üçin söweşýär, geljegine berk ynanýar. Bu söweş Hangulynyň «Bir gözümde juwazyň okuny aýlaň, ýöne beýleki gözüme bu dünýäni görmäge mümkinçilik beriň» diýen janykmasy dälmi näme?!

«Başa iş düşende adamlar birek-birege has ýakyn, mähriban bolýarlar» diýip, Berkeli aga hak aýdýar. Bu Tejeniň aýagyndaky obanyň adamlary başlaryna iş düşende-de, iş düşmände-de biri-birine has ýakyn, has mähriban. Olary birleşdirýän, dost edýän, dogan edýän güýç bu durmuşa bolan teşnelik, söýgi dälmi näme?!

Mälikguly tä öýüne barýança bagt, Hangulynyň durmuşa çäksiz söýgüsi hakda oýlanyp gitdi.

Beýik Perwerdigär adamy bagta ymtylyjy edip ýaradypdyr. Bagt – her kimsäniň ymtylýan maksady. Adam bagta ýetende özüniň kimligini görýär, şol wagt oňa başga zada ymtylmak artykmaç hossa bolup görünýär. Mundan bagtyň başga zatlar däl-de, eýsem, adamyň özüniň iň eziz görýän

zadydygy aýan bolýar. Ymtylynýan maksatlaryň, eziz görülýän mertebeleriň köp bolýandygy üçinem bagt eziz, artyk görülýän mertebeleriň iň peýdalysy. Adam bagty gazanyp, ondan çäksiz kanagatlanma hem lezzet tapýar, şol pursatda adam özüniň hiç bir zada mätäç däldigini görýär. Sebäbi ýeten bagtyň seni şol pursat doly kanagatlandyrýar, saňa aşa lezzet berýär. Ýöne durmuşda her bir adam bagty aýry-aýry zatda görýär. Ine, Hanguly ony öýünden Çömmekdepä pyýadaja ýöräp baryp gelmekde görýär. Mälikguly hem onuň dostlary kakalarynyň tiz ýeňiş bilen frontdan dolanmaklaryny isleýär. Şirmämmet obada, diňe obada hem däl, raýonda gaty zehinli oglan, bilmeýän zady ýok diýen ady-hormaty edinmek isleýär.

Diýmek, her bir kişiniň öz öňünde goýan maksadyndan, edýän arzuw-hyýallaryndan şol adamyň içki mazmuny, kimdigi açylýar. Adamyň kimdigi gatnaşyklarda açylýar. Bagty adamlar eşret hökmünde kabul edýärler.

Eşret – bagt her bir öýe ýar bolsun!

## Hoşamaý söz süňk döwer

Mälikgululara Geldi mys-mysyň aýaly Hallygözel eje gelipdir. Ol Mälikgula garaşyp otyr eken.

Gelmän-gelmän, ahyry ogullary Atamyratdan hat gelipdir.

Hallygözel eje şol haty Mälikgula okatmak üçin edil şu mahal gelen eken.

– Ine, Mälikgulynyň özem geldi. Ol size hatyňyzy okabam, ýazybam berer – diýip, Ogulbäbek eje ýerinden turdy.

Mälikguly salam berip içeri girdi.

Hallygözel eje Ogulbäbek ejä aýdan sözlerini ýene pyşyrdap diýen ýaly gaýtalady:

– Atamyrat janymyzdan hat geldi. «Hudaýa şükür, sag-salamat eken. Onsoň Mälikgula hem-ä okadaryn, hememdänin hat ýazdyraryn diýip gaýdyberdim.

– Hallygözel gelneje, onuňam bir gürrüňi bolarmy? Hatyňyzy okabam bererin, ýazybam bererin – diýip, Mälikguly gaty-gaty sözledi. Onuň gaty sözlemegi bu öýde pyşyrdap gürlemegiň zerurlygynyň ýokdugyny Hallygözel ejä duýdurdygydy.

Ogluna düşünen Ogulbäbek eje-de Hallygözel ejä açyk aýtdy:

– Hallygözel eje, pyşyrdap-çekinip oturmaň. Bizde arkaýyn gürläberiň.

– Düşünýärin-le. Ogulbäbek, ýöne adam nämäni öwrense, soň ony aňsat goýup bilmez eken. Atamyradyň kakasam: «Keýwany, pyşyrdaman il ýaly gürläber. Ýogsam, obada: «Hallygözel ýaly pyşyrdaman, gatyrak gürle» diýýärler. Kim ýuwaş gürlese, saňa meňzedýärler» diýip ençeme gezek aýtdy. Ejem pahyram pyşyrdap gürlärdi. Mydama: «Ýuwaş boluň, kakaňyz dynç alýar», «Ýuwaş boluň, kakaňyz pinek edýär» diýip köp aýdardy. Kakasy maňa «pyşyrdama» diýse-de, pyşyrdap gürlänimi gowy görýär. Meniň goýýan hormatym-sarpam oňa hoş ýakýar, hezil edýär. Ähli erkek kişi aýalynyň özünden döwüniň pes bolmagyny, çekinmegini, hyzmata gaýym bolmagyny isleýär-ä. Äriň hoşuna gelmek maşgalanyň abatlygy, agzybirligi ahyry.

Bu saçy duwak bolan, sag gözüniň aşagy hally, bugdaýreňk, uzyn boýly, inçesagt garry daýza sözlerini süýjütmek üçin pyşyrdap sözleýän ýalydy. Onuň çep gözi çalaja çaşyrakdy. Bu çalaja çaşylygam, sag gözüniň aşagyndaky hal hem Hallygözel ejä aýratyn bir gelşik berýärdi. Ol şindem ýaşlyk näzikligini doly ýitirmändir.

Şeýle edaly maşgalanyň, ata-enesiniň ýüzüne gelip, Geldi mys-mys bilen gaçandygyna ynanar ýaly däldi. Ata-enesi bilen ýaraşmak üçin görgüli köp çytraşypdyr. Özi birki gezek atasy öýüne dolup-daşyp barypdyr. Her gezegem yzyna it salyp kowup goýberipdirler. Näçe gezek abraýly-abraýly adamlary töwellaçy ýollapdyrlar. Hossarlary: «Bizde Hallygözel diýen gyz ýok. Bolanam bolsa indi ýok. Biz ony öz dünýämizden çykaryp taşladyk. Ol

biziň tüýküren tüýküligimiz. Tüýküligimizem yzyna almakçy däl» diýip ýowuz jogap beripdirler.

Hallygözel ejäniň köp wagtlap çagasy bolmandy. Muny biri ata-enesiniň gözýaşy tutdy diýip delillendirse, başga biri gaýynenesi ýogalanda çilesi düşüpdir diýdi. Ony çileden açmak maksady bilen obada hatyralanýan Rejepnur aga ýogalanda gölegçileriň öňünden geçirdiler. Ana, şondan soňam Atamyrat dünýä indi. Ony lälik sakladylar. Ol zehinlije çagady, Tejende okatdylar, soň ol Aşgabada okuwa gitdi. Oba gaty seýrek geldi. Ol ilki Aşgabatda, soň Daşkentde okady. Ata-enesi ony öýermek isläp ýörite çagyrdy, ýöne Atamyrat gelmedi. Geldi aga bilen Hallygözel eje ogullarynyň yzyndan gitdiler. Megerem, ogullaryndan garaşan tamalary çykmady, oba lapykeç dolandylar. Ogullary barada gürrüň etmekden saklandylar. Şondan soň obada myş-myş ýaýrady: «Atamyrat Aşgabatda bir sarygulpakla öýlenipdir». Bu habaryň çyndygyny-ýalandygyny obada Geldi aga bilen Hallygözel ejeden başga bilýän ýokdy. Göräýmäge, dünýäden habarly Bibi gyşygam bilýän ýaly, ähli zady gözi bilen gören, ýanynda duran ýaly bolup köp zatlary aýdýar, ýöne onuň aýdýanlaryna oba adamlary o diýen ynanyp baranokdy.

Mälikguly Atamyratdan gelen hata göz gezdirdi. Hat sünnälenip, yhlas bilen ýazylypdyr.

*Salam haty*

*Kimden diýende uzak aradan, ýakyn ýürekden Türkmenistandan uzakda, Kaliningradyň eteginde ganymlar bilen garpyşyp ýören Atamyratdan kakam ja-*

24.*

*na, ejem jana, goňşy-golamlarymyza köp-köp dogaýy salam bolsun. Siziň ýagdaýlaryňyz gowumy, janlaryňyz sagmy?*

*S.S.S şudur ki:*

*Kaka, eje, ýagdaýym gülala-güllük diýsem, ýalan sözledigim bolar. Ýöne adam her hili kynçylyklar bilenem öwrenişjek eken. Bizem bu elkin, howply-hatarly ýagdaýa öwenişip gidipdiris. Depämizde «ok» atly şum ajal şuwlap geçip, adam gözleýär, dannawy ýok. «Özüňi gora!» diýipdiňiz. Men özümi goraýaryn, pikir edişiňiz ýaly juda bir geleňsizem däl men. Hiç kimiň ölesi gelenok, her kim özüni goraýar. Ýöne özümi gorajak diýip busup oturmak gaty utanç, namys. Bu ölüme barabar, ýok, türkmençilikde ölümdenem erbet ol. Üstümize bet niýet bilen sürnüp gelenleriň merkini bermek, eden işlerine müň keren puşeýman etdirmek biziň borjumyz. Jan – Allanyňky. Beren amanadyny haçan almak islese, oňa ýok diýip bolmaýar. Ganymlaryň üstüne çozup, merkini berýäris. Nesip bolsa, biz ganymlaryň tizara pirlerini kädä gabarys. Ýeňiş bilen bararys.*

*Kaka, eje, meniň size aýtjak bir zadym bar. Men şu güne çenli gaty geleňsiz bolupdyryn. Siziň gadyryňyzy ýeterlik bilmän, diňe ýük, hossa bolupdyryn, wepam bolmandyr. Bu gün men öz goýberen ýalňyşyma doly düşünýärin. Sag-aman barsam, nesip bolsa, sizi depäme täç edip ýaşajakdyryn. Gije-gündiz ýanyňyzdan aýrylman, hyzmatyňyzda durjakdyryn. Heriňizi ojakbaşynyň bir tarapynda oturdyp, eliňize gyzgynja suw akydyp bererin, elleriňizi süpürerin. Çaý guýup bererin. Iýjek zatlaryňyzy agzyňyza tutup bererin. Size näçe hyzmat etsem hem az. Men muny günsaýyn has äşgär duýýaryn. Siziň öňüňizde baş egip, tagzym ede-*

*sim gelýär. Geçen günlerime, eden geleňsizliklerime ökünip aňyrsyna çykyp bilemok. Sizi ýüregimiň nähili talwaslaýandygyny, gije-gündiz sizi ýatlaýandygymy, «Meniň mähribanlarym!» diýip bagryma basmak isleýändigimi bir bilsediňiz. Dünýäde siz ýaly geçirimli, siz ýaly sabyrly, siz ýaly gowy ata-ene başga ýokdur. Men siziň aýaklaryňyza togap etmek isleýärin. Hudaý jandan şol günlere ýetirmegini dileg edýärin.*

*Mähriban kaka, mähriban eje, siz özüňizi gorap saklaň, agyr iş etmäň. Sag-aman baranymdan soň, nesip bolsa, öýde iş galdyrman, ähli işi özüm ederin.*

*Biler bolsaňyz, biziň wzwodymyzyň komandiri wepat boldy. Onuň ýerine başga bir ýefreýtory komandir edip getirdiler. Men ol arzylanyp getirilen komandir kimkä diýýärin. Familiýasyna Annaýew diýdiler. Men öz ýanymdan türkmendir diýip oýlandym. Bir uzyn, daýaw komandir ýetip geldi. Garşymda Annaýew dur. Ol maňa: «Oho, Atamyrat, senem bu ýerdemi?» diýdi. Çiňerilip seretdim. Görsem, hakyt Berdimuhamet mugallym eken. Men ony başda harby eşikde bolansoň tanamandyryn. Begendim. Gujaklaşdyk. Indi bir aý bäri Berdimuhamet mugallym (komandir) bilen 2-nji ukrain frontunyň 748-nji atyjylyk polkunda bile söweşýäris, bile çörek iýýäris. Berdimuhamet mugallymyň çäksiz gowy adamdygyny men öňem bilýärdim. Geçen bir aýyň içinde men bu juwanmert kişini has ýakyndan tanadym. Tanadygymça-da bu juwanmert kişä hormatym artyp gidip otyr. Berdimuhamet mugallym juda ruhubelent adam. Ol mugallymçylyk institutynda üçünji kursda okap ýörkä, arza ýazyp urşa gelipdir. Bu adamyň öwüt-ündewleri meniň gözümi açdy, maňa uly bir uniwersitet boldy.*

*Nesip bolsa, ganymlary ýeňip, Berdimuhamet aga bilen oba bile bararys, uly toý ederis. Siz näme diý-*

*seňiz, meniň «ýogum» bolmaz. Size makuly maňa-da makul. Häzirlikçe hoş, sag boluň. Hat ýazan ogluňyz Atamyrat.*

*20. 04. 1944 ý.*

Hallygözel eje haty diňläp oturyşyna hünübirýan aglaýardy. Muny Mälikguly hat okap otyrka duýupdy. Şonda-da duýmadyk ýaly, okamasyny dowam etdiripdi. Hat okalyp bolandan soňam Hallygözel eje begenjinden, tolgunmadan ýaňa gözýaşyny saklap bilmedi. Ol:

– Sag bol, ogul, sag bol! – diýip, öwran-öwran gaýtalady.

– Atamyrat daýy kakam bilen bile söweşýän eken – diýip, Mälikguly begendi.

Bu habara diňe Mälikguly däl, öýdäkileriň ählijesi begenipdi. Olar Atamyradyň täze komandiri hakda aýdan sözlerine hasam begenipdiler.

– Indi, ogul, ýüksünmän Atamyrat janyma hatam ýazyp ber. Salgysy hatyň ýüzünde bar diýdiler.

– Hawa, adresi bar – diýip, Mälikguly hat ýazmak üçin bir tagta kagyzy öňüne aldy. – Gelneje, haty kimiň adyndan ýazaýyn?

– Kakasynyň adyndan, kakasynyň adyndan – diýip, Hallygözel eje pyşyrdady. Onuň howlukmaç, aljyraňňy pyşyrdamasy Mälikgulynyň ylla gaty bir uly gabahat iş etmeginden howatyrlanýan ýalydy. – Ogulbäbek, döwletliden döwlet ýoksun diýip yrym edip, birki öý aşyp siziňkä geldim. Gelenim gowam bolupdyr. Atamyrat jan Berdimuhamet bilen bir ýerde eken. Men indi hasam arkaýyn. Berdimuhamedi diňlese, köp zada

düşüner ol. Uruşdan soň Berdimuhamet mugallym bilen oba bile bararys diýipdir. Sag-aman gelsinler, gelenlerinde uly toý tutarys. Hiç ýere gitmez ýaly, derrew aýagyny hem duşaklarys. Gelinligi bolsa taýýar.

– Kim ol gyz?

– Meniň göz öňünde tutýanym-a Pudagyň gyzy Zybagül.

Bu habara Mälikguly ör-gökden geldi. Asyl dünýäsi gapyşana döndi. Öz apalap ýören baýlygy elinden ardurja gidip barýan ýaly elewredi:

– Zybagülüň özi bilýärmi?

Ogulbäbek eje oglunyň sowalyny gelşiksiz gördümi, nämemi, howlukmaç gürledi.

– Tüweleme, kemi ýok. Ýazmyrat aganyň agtygy Zybagül gaty asylly, edepli-ekramly gyz, owadan gyz. Sur bagana ýaly saýlanyp dur ol. Gowy gelinlik saýlapsyňyz.

– Pudak janyň gyzy Zybagüli kän wagtlap synladym. Ahyr şonda durdum. Ejesi Enegüle-de şeýlekin ýaňzydyp goýdum. Galanynam Hudaý oňarsyn.

– Nesip bolsa, ähli zat gül ýalak bolar.

– Agzyňdan Hudaý eşitsin, Ogulbäbek.

– Zybagüle kesesinden syn etdim, juda synym oturdy oňa. Işde-de gözüm şonda. Allanäme. Ol bize köp gelýär. Hat-pat ugratjagam bolsa, Mälikgulynyň ýanyna gelýär. Arada özi bir hat ýazypdyr, adresi nädogry ýazylypdyr diýip yzyna gaýdyp gelipdir. Şondan bäri Zybagül adresini Mälikgula ýazdyrýar.

Mälikguly uly bir syryň üsti açylyp barýan ýaly howsala düşdi:

– Hallygözel eje, men näme ýazaýyn?

Hallygözel eje ylla bu sowala garaşmadyk, näme ýazmalydygy barada asla pikirlenmedik ýaly, ör-gökden gelip, böwrüne diň saldy.

– Ilki salam aýt. Hemmämiziň janymyz sag diý. Diri aýralykdan başga kem zadymyz ýok diý. Hemmämiz seniň sag-aman gelmegiňe garaşýarys diý. Hemmämiz salam aýdýarys diý... – Hallygözel eje Ogulbäbek ejä seredip ada ýuwdundy. – Gelin, hany, sen aýt. Atamyrat jana Zybagül jan hakda aýtsakmykak?

– Aýtsaňyz gowy bolar, Hallygözel eje. Goý, ol gelinliginiň kimdigini bilsin. Atamyradyň özem: «Size makuly maňa-da makul» diýip açyk aýdypdyr-a.

Mälikguly ejesine nägilelik bilen nazar aýlady:

– Soňundan Zybagül göwnemese nätjek? Belki, Zybagülüň halaşýan ýigidi bardyr?

– Biz-ä aşyk-magşuk bolup söýşüp ýören oglan-gyzy göremzok. Söýüşmek dessanlarda bar ol. Biziň gyzlarymyz asylly. Ata-enesi näme diýse, şoňa razy olar. Sebäbi ata-enesiniň ýedi ölçäp bir kesendigini, erbet ýere bermejegini bilip dur olar.

Ogulbäbek eje birden Hallygözel daýzanyň Geldi mys-mys bilen gaçandygyny ýatlap dymgyzyl boldy, aýdan sözüne ökündi.

– Dogry aýtdyň, Ogulbäbek. Asylly gyzlarymyz bar biziň. Men Zybagüli kän synladym. Erkek kişi bilen gepleşip duranyny ýeke gezegem görmedim onuň.

– Ogluňyz Zybagüli halamasa näme?

– Wiý, munuň aýdýan sözüni. Pudagyň gyzy halamaz ýaly gyzmydyr? «Gelinligiň Zybagül» diýseňiz, Atamyrat begenerem. Hat ýazyşyp ýörler-ä olar. Mälikguly janam olaryň arasynda durýar...

Mälikguly ejesiniň bu sözüni eşitmedikden boldy:

– Ogluňyz başga bir gyzy söýýän bolsa näme?

– Kimi?

– Bilmedim. Onda men hat ýazyp ugraýaryn. Ilki «Salam haty» diýip ýazýaryn. Soň «*Kimden diýende ara daşlykdan, ýürek ýakynlykdan Geldiniň tarapyndan...* – diýip ýazaýyn. – *Bu haty oglumyz Atamyrada ýollaýarys. Biziň obada janymyz sag, diňe diri aýralygyň zaryny çekip, ganymlary ýer bilen ýegsan edip geljek günüňize sabyrsyzlyk bile garaşyp ýörüs.*

*S.S.S. şudur ki:*

*Atamyrat, hatyňy alyp örän begendik. Bizi alada etme. Özüňi gora, her ädimiňi bilip ät. Ätiýajy hiç wagt elden berme.*

*Atamyrat, bu ýerden habar bersem, hemme zat şol görüp gidişiň ýaly, üýtgän zat ýok. Küren oba ýeňşe garaşýar. Bizem sabyrsyzlyk bilen garaşýarys. Men köne ÇTZ-äm bilen kolhozlarda ýer sürýärin. Köneje işim. Köplenç, meýdanda. Ejeň ýeke. Hojalygyň ýüki ejeň gerdeninde. Oňa menden oňly goldaw ýok. Ýöne ejeň bir merdana, gaýduwsyz zenan. Gije-gündiz hysyrdanyp ýör. Kolhoz işindenem galanok. Kä günler jüýjeli palaw bişirýär welin, ondan iýip doýup bilemok. «Wah, şu wagt öýde Atamyrat janam bolaýsady» diýip, ejeň göwün ýüwürdýär. Ol näme bişirse, mydama seniň üçi-*

*nem bişirýär. «Atamyrat janymyň paýy» diýýär. Biziň bar mydarymyz, ömrümiziň manysy sensiň, oglum. Her dem saňa garaşyp ýaşaýarys. Ejeň görgüli daşarda bir zat «şygyrt» etse, «Atamyrat janym gelen bolaýmasyn» diýip daşary çykyp ýola seredýär. Oglum, seniň başyň dik bolsa, bize uly döwletlilik şol. Hudaý jan, bizi hernä şol döwletlilikden aýyrmasyn. Atamyrat, biz saňa bir möhüm zady aýtmagy makul bildik. Sen indi uly adam. Seniň deňi-duşlaryň ählisi öýli-işikli, birki sany burny sümüklisi bar. Okuw diýip dünýäden katumyt galyp ýören diňe sen. Geleniňden soň, nesip bolsa, senem öýli-işikli etmekçi. Sen, oglum, obamyzyň haýsy gyzynda göwnüň eglenen bolsa, çekinmän ýaz. Biz keremara toý aladasy bilen boluberjek. Toýuň halat-serpaýy artygy bilen bar. Sen ejeňe belet ahyryn. Ol sen entek sallançakdaky çagakaň toýuň üçin taýýarlyk görüp ugrady. Biz seniň hatyňa – jogabyňa sabyrsyzlyk bilen garaşýarys.*

– Wiý, Mälikguly, saklanaweri – diýip, Hallygözel eje gobsundy. – Sen «Zybagül» diýip anyk aýtmadyň-la?

– Aýtmadymmy?

– Ýazmadyň, ogul, ýazmadyň.

– Onda indi ýazaýaryn. Nähiliräk ýazsamkam?

– Göni ýaz.

– Göni ýazaýyn. «Oglum, Atamyrat, sen Ýazmyrat ýatagyň agtygy – Pudagyň gyzy Zybagüli nähili görýärsiň? Ol, umuman-a, onçakly ýaramaz gyzam däl, eger başga birinde göwni ýok bolsa, onda saňa...»

– Wiý, beýle diýip ýazma, jan ogul. «Zybagül gyzlaryň güli» diýip ýaz.

– «Zybagül gyzlaryň güli».

– «Ejeň Zybagüli gowy görýär. Onuň törümize dolmagyny isleýär. Ejeň islegine senem garşy bolup durmarsyň» diýip ýaz.

– «Ejeň Zybagüli gowy görýär. Onuň törümize dolmagyny isleýär. Ejeň islegine garşy boljakmy? Belki, sen başga bir gyzy gowy görýänsiň?..».

– Soňky sözüň hökman däl. Indi haty gutaraý.

– «Hoş, onda sag bol. Hat ýazan kakaň. Berdimuhamede-de salam aýt». Boldumy?

– Boldy, ogul, boldy. Taňryýalkasyn.

Hallygözel eje: «Boldy, ogul, boldy» diýse-de, hatyň soňy isleýşiçe bolmady: Zybagül baradaky ýazylan zatlar onçakly maňzyna batmady. Umuman, gowy, esasy zat, oglunyň ýazan tolgundyryjy haty.

Hat Hallygözel ejäni aşa tolgundyrypdy. Oglundan, dogrusy, beýle hata garaşmandy. Bu haty Hallygözel eje gowulyga ýordy. Begenjiniň çägi ýokdy. Begenjinden ýaňa şindem gözýaşyny saklap bilenokdy. Adamsynyň oglundan gelen hatdan bihabardygyna welin gynanýardy, bu haty okasa, adamsynyň hem begenjekdigini bilipjik durdy.

Hatyň ýazylyşy Mälikgulynyň göwnüne-de onçakly makul bolmandy. Ol özüni hata iş eden ýaly duýdy.

Hudaýyň özi gowusyny etsin hernä!

## Ýürek mähribanlyk küýseýär

Bu günler kolhozda iş köp: ot ýygmaly, ýandak çapmaly, küdelemeli. Tejeniň suwy gutarmanka bugdaý ekilen atyzlary suwa-da ýakmaly.

Mälikguly klasdaşlary bilen ýandak çapýardy. Bir günüň normasy otuz dessedi. Desseler uly bolmalydy. Mälikguly dagy okuwdan soň ýarym normany dolmak üçin giç agşama çenli işlemeli bolýardylar.

Ýandak çapmakdan atyzlara suw tutmak aňsatdy. Böwedi wagtynda açsaň-ýapsaň bolanydy. Ekini suwa basdyrmaly däl. Berkeli aga «Suw bilen ekini ösdüribem bolýar, guradybam» diýýär. Ol bu sözi ýöne ýere aýdanok. Bu onuň ýaşlyk edip atyzlary suwa basdyraýmaň diýdigi. Bir gezek Weli oglanlar bilen oýna gyzygyp, atyzyň suwdan dolandygyny görmändir. Suw bolsa çillerden agyp, jara akypdyr. Muny Berkeli aga gelip görüpdir hem böwedi ýapypdyr. Bu geleňsizligi üçin Berkeli aga Welä şol ganatly sözlerini ýatlatmalydy, ýöne ýatlatmady. Ylla hiç zat bolmadyk ýaly, ol barada ýagşydan-ýamandan dil ýarmady. Ýöne Ýazly aga diýdi:

– «Arkaly atyň arkasyndan müň at suw içer» diýleni dogry. Mälikguly – arkaly at, sen şonuň üçinem käýinç eşitmediň, Welnazar. Seniňki ýa-

ly hatany men goýbersem, ýa başga biri goýberse, Berkeli hökman bir söz aýdardy.

Ýazly aga mydama delje söz aýtmagy gowy görýär. Muny ol başarýaram.

Mälikguly eden işinde mydama kem goýmazlyga çalyşýardy, işine çulumdy. Şonuň üçin dostlary ony «Boldy edäý-how indi» diýip howlukdyrýardylaram. Barybir, ol başyna baran işini göwnüne makul etmese oturmazdy. Elbetde, onuňam öz deňi-duşlary ýaly oýnasy, özem dünýäni unudyp oýnasy gelýärdi. Adam oýnap-oýnap bu dünýäniň oýun däldigine düşünýär. Ýazly aganyň başga pikiri bar: «Oglanlar oýnap ýörkäler bu dünýäniň oýundygyna düşünseler-ä soň, akylly, pähimli adamlar bolup ýetişýärler, bu dünýäniň oýun däldigine düşünenlerem adaty adamlar bolýarlar». Allaberdi uzyn derrew Ýazly aga sowal berýär: «Geldi ikimiz haýsy topara degişli?». Ýazly aganyň jogaby mydama taýýar: «Allaberdi, Geldi ikiňiz ol toparyň ikisine-de degişli...»

Mälikguly gojalaryň özara gürrüňlerini diňläp, soň dolan atyzlaryň böwetlerini ýapdy. Eýýäm garaňky düşüp ugrapdy. Bu günüň işi gutarypdy.

Şonuň üçin Mälikguly işden göni Çömmekdepä ugrady.

Berkeli aganyň dördünji brigadasynyň ýetmiş gektar ýeri bardy. Brigadanyň ýerleri obanyň gündogar tarapyndady. Ýöne birinji brigadada adam güýji gaty az bolansoň, olaryň alty atyzyny – ýigrimi gektar ýeri dördünji brigada – Berkeli aga beripdiler. Bu alty atyz – ýigrimi gektar ýer raýon merkezinden oba girilýän ýerdedi, Çömmekdepä-

niň ýokary tarapyndady. «Başga ýerden otuz gektar beriň, ýöne Çömmekdepäniň ýanyndan ýer bermäň» diýip, Berkeli aga Mody başlyga zarynlady. Ýöne brigadiriň sözi geçmedi.

Berkeli aganyň bu ýerden ýer almajak bolmasyna başlyk gowy düşünýärdi. Bu ýer raýondan gelýän ähli ýolbaşçylaryň görýän atyzlarydy. Şu atyzlaryň ýagdaýyna seredip, üç kolhozyň ekinine-de baha berilýärdi. Sähel bir kemçilik tapsalar, brigadiriň üstünden düşýärdiler. Birinji brigadanyň brigadiri Gurbanmämmet ýegeniň näçe gezek käýinç eşidendigini Berkeli aga bilýär-ä.

Bir gowy tarapy, bu ýerleri üme toprakly* ýerlerdi. Dökün oňly dökülmese-de, her ýyl gowy hasyl berýärdi.

Bu alty atyza suw tutmagy Berkeli aga Mälikgula tabşyrdy.

Bu ýerde işlemegiň bir gowy tarapy bar: böwetleri açanyňdan soň Çömmekdepä çykyp oturybermeli. Sebäbi bu depeden atyzyň içi mesaňa görünýär, niresine suw bardy, niresine baranok. Onsoňam bu depeden, Kirow tarapdan gelýän ulaga seredip oturyp bolýar. Mälikgulynyň göwnüne, ol şu depä çykyp garaşmasa, urşuň gutarandygyny eşitmän, kakasynyň gelýänini görmän galaýjak ýalydy. Ol urşuň gutarandygy hakdaky habary ilkinjileriň biri bolup eşitmek isleýärdi, urşa gidenleriň topar bolup gelişlerini bolsa ilki görüp oba buşlasy, kakasynyň öňünden ylgap çykasy, onuň boýnuna böküp gujaklasy gelýärdi.

Ol hyýalynda kakasynyň obadaşlary bilen gelşini uzakdan görýärdi hem oňa tarap ylgaýardy.

Harby eşikli kakasynyň boýnuna bökýärdi, berkden berk gujaklaýardy. «Kaka jan, salawmaleýkim! Men sizi uzakdan tanadym. Sizi şeýle göresim geldi» diýýärdi. Mälikgulynyň kakasy hem ogluny berk gujaklaýardy, «Meniň mähriban oglum – diýip, kakasy oglunyň egninden, ýüzünden sypaýardy. – Meniňem sizi göresim geldi. Indi mydama bileje bolarys».

Kakasy başyndaky gulakjynyny çykaryp, ogluna geýdirýärdi.

Mälikguly özüni ylla harby ofiser ýaly duýýardy. Bu duýgynyň ýakymlylygyny hiç zat bilen deňär-ölçär ýaly däldi. Ol çaltrak ulalmak, ofiser bolmak isleýärdi.

Kakasy hatlarynyň birinde harby eşikde duran suratyny-da ýollapdyr. Bu surat öýde iň arzyly surat. Ony penjiräniň tekjesinde goýdular. Ol otagyň haýsy ýerinde durup seretseňem görnüp dur. Mälikguly penjiräniň öňünde kakasynyň suratyna seredip durmagy gowy görýär. Özüniň hem harby eşikde bolasy, kakasynyň ýanyna baryp harbylarça salam beresi gelýär. Soňky günler Mälikguly nirä gitse, kakasynyň suratyna seredip gitmegi endige öwürdi. Kakasynyň suratyna seredip giden gezegi, eden işi mydama oňuna bolýardy.

Mälikguly bu gün ýene Çömmekdepäniň ýanyndaky «Üçlük» diýlip atlandyrylýan atyza suw tutmaga gitmelidi. Ol kakasynyň suratyna seredip daşary çykanda, Sakarja atly towar keýik owlagy gelip ony ysgaşdyrdy. Jümjüme horaz alazenzele bilen tomalanyp, towar keýik owlagynyň üstüne gaýtdy. Towar owlak görgüli jümjüme horazyň

özüni gowy görmeýänligine düşüş bolupdyr, ol gaçmak bilen boldy. Jümjüme horaz hil bir iş bitiren ýaly petekesini gaýşardyp, ganatlaryny biraz ýaýybrak, giň işikde dähedem-dessemläp ugrady. Mälikguly ony çagyryp, ýaňyja iýen almasynyň galan çöpüni uzatdy. Jümjüme horaz alma çöpüni alyp, dört-bäş ädim agyla tarap gitdi-de, ony ýerde goýdy. Haýbatly sesi bilen alazenzele turuzdy. Peýwagtyna iým gözleşip ýören towuklar derrew moýmuldaşyp horaza bakan howlukdylar. Jümjüme horaz çüňki bilen «awuny» görkezdi-de, petekesini gaýşardyp durdy. Towuklar sähel salymda alma çöpüni lak-luk atdylar. Jümjüme horaz ýene Mälikgula seretdi. Onuň seredişi: «Mälikguly, erkek kişi meniň ýaly sahy bolmalydyr» diýýän ýalydy.

Agylyň gapdalynda Mälikgulynyň ejesi goňşusy Ogulbagt eje bilen nämedir bir zatlar hakda gürleşip durdy. Olar gyzygyp bir zadyň gürrüňini edýärdiler. Mälikguly işe gidýändigini aýdyp gitmek üçin olara tarap ugrady. Keseden gürrüň diňlemek gowy görülýän zad-a däl welin, Mälikguly gürrüňiň özi hakda barýandygyny bilip biygtyýar sägindi.

– Goňşy, diňe bir ol däl, ine, şu görýän sekiz sotuk mellegimiziň bugdaýynam Mälikguly janyň özi ekdi. Başda gowy edip agdardy. Ýeke kesegem goýmady. Özem tep-tekiz. Suw bir gyradeň çykýar. Tutuma görä allanäme boýam aldy, indem görüň tümmülleri. Dokmaňyz-dokmaňyz hoşalar. Hernä Mälikguly janyň ömri uzak, jany sag bolsun diýip her gün daňdan Alladan dileg edýärin.

Mälikguly jan her gün okuwdan soň – özüňiz bilýärsiňiz – işe gatnaýar. Bir gün ýandak çapýarlar, bir gün bugdaýa suw tutýarlar, atyzlary giňeltmek, birleşdirmek üçin beýigräk ýerleriň gumuny jara döküp gelmek işinde işleýärler, garasaý, kolhoz näme iş buýursa, dannawsyz edip ýör, arasynda dümeçiligimizdäki peýkalymyza barybam işläp gaýdýar. Sähel boş wagt tapsalar, klasdaşlary bilen mätäç hojalyklara düýeli ot, çagşyl eltip berýärler. Berkeli birgädiň adama aňsat-aňsat göwni ýetýän däldir, ana, şolam: «Mälikguly janyň eden işiniň kemi bolmaz, uly adam ýaly» diýýär. Dogry şol. Mälikguly jan eden işiniň kemini goýmaýar. Özem ýadadymy ýok, ýaltandymy ýok. Işden gelensoňam bir döwüm çörek iýensoň oturmaz. Mallara ot berer, suw berer. Hojalygyň ownuk-döwnük ähli işini edip ýörendir. Menden öň işden gelse, «Ejem ýadap geler» diýip derrew çaý gaýnatmak bilen bolar. Allanäme, daýhançylygam gowy öwrendi. O gün «Gawun-garpyzdan gowy hasyl aljak, olary her hili mör-möjekden, keselden gorajak bolsaň, künji bilen garyp ekmeli. Künjiniň bar ýerine mör-möjegem, keselem gelmez» diýip, öz deňi-duşlaryna uly adam ýaly düşündirip otyr.

– Tüweleme, tüweleme, allanäme çagalaryň bar. Hemmesem gowy – diýip, Ogulbagt eje goňşusynyň sözüni makullady. Ol hasasyna söýenip, zordan semiz göwresini saklap durdy. – Biz goňşy ahyryn. Onsoň isleseň-islemeseň, edilýän işlere gözüň düşýär. Uly ogluň geçen gyşda iki oglan bilen üç düýe çagşyl getirip berdi. Ýarysy bu ýyla-da galdy. Ömürleri uzak bolsun.

Mälikguly Ogulbagt daýza özüni synlaýandyr, asla tanaýandyr hem öýtmezdi. Gör, ol Mälikguly daga seredýän eken, olary synlaýan eken. Ogulbagt ejeden beýle sözleri eşitmek aňsat däldir-le. Goňşy daýzanyň sözi gowudy, ýöne iň gowy söz, baha Mälikguly üçin mähriban ejesiniňkidi. Ol ejesiniň özüni gowy görýändigini bilýärdi. Kesellände ejesiniň elewräp, oda-köze düşenini görüpdi. Ol ejesiniň ogluna şeýle buýsanýandygy hakda pikirem etmändir. Ejesinden eşiden sözleri Mälikgulyny galkdyrdy. Baryp ejesini garsa gujaklaýasy geldi. «Wah, eje jan, sen meni, gör, nähili gowy görýärsiň-ä» diýesi geldi. Ol edilýän gürrüňi mundan artyk diňlemezligi makul bildi. Birki gezek ardyndy:

– Eje, men işe gitjek.

– Bolýar, balam, gidiber. Ynha, menem häzir ugrajak.

Mälikguly ýola düşdi. Ol ejesiniň hem goňşusy Ogulbagt daýzanyň özüne buýsanç bilen seredip durandygyny görmese-de açyk duýýardy. Ýöne ol duýmaýandan-bilmeýänden boldy, yzyna garaman gitdi.

Çömmekdepä çykdy.

Magallaklykdan hemme ýer eliň aýasyndaky ýaly badraşyp görünýär.

Ýokary tarapdan Garawekiliň jary geçýär. Tejeniň aýagy bolansoň, onuň ikiýany gür ýylgynlyk, hyşalyk, akbaşlyk, toraňňylyk bolup ýatyr.

Ine, Stalin obasy.

Obanyň içinden geçýän ýol mekdebiň gapdalyndan geçip gidýär. Şondan soň obanyň çeti bilen ýokarlygyna gidýär. Mekdebiň bärsindäki öý Taý-

maz agalaryňky, soň Akmyrat furgonyň öýi. Ondan bärde oba sowetiniň başlygy Garadöwletiň öýi bar. Üç kolhozyň bir oba soweti bar. Ol Stalin oba soweti. Ol hem «Gyzyl çarwa» kolhozynyň çäginde ýerleşýär. Muňa «Gyzyl çarwanyň» adamlary begenýärler, magtanýarlar. Olaryň ýene bir dilleriniň uzyn ýeri bar: «Azatlyk» kolhozynyň başlygy Artyk parkyň öýem, «Täze ýol» kolhozynyň başlygy Toýlynyň öýem «Gyzyl çarwa» kolhozynyň çäginde. Olar «Gyzyl çarwaly». Mody başlygyň öýi welin «Täze ýol» kolhozynyň ýerinde – köçäniň çep tarapynda – Taýmaz agalaryň gabat garşysynda. Mody agalaryň öýi Mälikguly dagynyň öýünden gyşda görünýär. Ýazda, tomusda bolsa tutlaryň ýapraklary olaryň öýüni görkezenok.

Obada iň gowy bag Mälikgulularda hem Ýazly ýataklarda bar. Ýazly agalaryň melleginiň ýarpydan gowragy bag. Bugdaý ekýän ýeriniň gyralaram bag. Özem adyny tutan miweli daragtyň bar onda.

Çömmekdepä iň ýakyn öý klasdaşy Baharlaryň – Omar drugyň öýi. Olaryň daş işiginde iki sany eldekileşdirilen keýik gezip ýör. Awçynyň tazysy keýikleri mellege salanok, uzaga-da goýberenok. Bu onuň borjy.

Mälikguly oba seredip durka, oba oglanlarynyň bäş-altysy geldi. Olaryň arasynda Aşyr bilen Welem bardy.

Aşyr birden «Üçlük» atlandyrylýan atyza seredip, Mälikgulyny hürsekledi:

– Dogan, howluk, ýogsam, gepe galýarsyň.

Mälikguly «Üçlüge» seretse, Berkeli aga eýýäm atyza suw düzüp, burda işläp* durdy.

Mälikguly howlukdy, derrew bardy:

– Berkeli aga, özüm açardym-a.

– Sen nä maňa näbeletmi, Mälikguly? Suw-a açyldy. Indi galany siziň bilen. Çömmekdepede oturyň-da, atyzlary gözden salmaň.

– Arkaýyn bolaýyň.

– Mälikguly, sen gelen bolsaň, onda men öýe gidip geljek. Ertirden bäri duzam dadamok.

– Özüm atyzlara sereder duraryn, Berkeli aga.

Berkeli aga biraz gidensoň, atyny yza dolady.

– Berkeli aga, ýumuş barmy?

– Ýumşum-a ýok, ýöne saňa sag bol aýtmandyryn-a men.

– Nämä sag bolsun aýtjak bolýarsyňyz?

– Sen meniň Hangulymy kuwwatlandyrypsyň. Onda ýaşaýşa höwes artypdyr. Daňdan tursam ýylgyrjaklap otyr. Ol: «Kaka, ýaňyja üç minut çemesi diwara ýapyşyp aýak üstünde durdum» diýýär. Ol indi boş ýatanok. Bir görseň, diwardan ýapyşyp turjak bolup ýör, bir görseňem kitaba dümtünip otyr...

Berkeli aganyň, näme üçindir, hykga damagy doldy, sesi endiräp çykdy. Şonuň üçinem ol dymdy. Sesini çykarman gitdi.

Mälikguly onuň yzyndan seredip galdy.

Üçünji bölüm

# YNAM – GANAT

## Geljegi gelmiş bil

Sykylyk, özem yzly-yzyna ýogynly-inçeli çykan sykylyk töweregi ýaňlandyryp gitdi.

Mälikguly Çömmekdepä seretdi. Hana, dostlary el bulaýlap, ony ýanlaryna çagyrýarlar.

– Gel-how bahymrak!

– Biri gelýärmi?

– Gel-how bahymrak!

Mälikguly oglanlaryň ýanyna tüweleý göteren ýaly atylyp çykdy:

– Kim gelýär?

– Gelýän adam ýok. Biz seni mynajata çagyrdyk – diýip, Depbi ýoldan gözüni aýyrman jogap berdi.

– Başlalymy? – diýip, Şaguly Mälikgula seretdi.

– Başlaly! – Mälikguly ýüzüni demirgazyga öwürdi. Oglanlar onuň hereketini gaýtaladylar. Bir hatara düzüldiler. – «Üç!» diýenimde başlaýarys. Bi-ir, i-iki-i, ü-ü-üç!

Her kim öz urşa giden hossarynyň adyny tutup gygyrmaga başlady.

– Kaka-a, kaka-a, kaka ja-an-ow. Biz saňa garaşýarys! Kaka ja-an, seni göresimiz gelýär! Kaka-a, ge-el! Ka-ka-a ja-an, seni göresimiz gelýä-är!

– diýip, Mälikguly sesiniň ýetdiginden zowladyp gygyrdy.

Onuň ýanyndaky oglanlaram sesleriniň ýetdiginden gygyryp, öz urşa giden kakalaryny, agalaryny çagyrýardylar.

– Eý, Hudaý ja-an, gaýrat e-et, kömek et, bizi ýalka! Kakam jan sag-aman gelsin!

Çagyryş, mynajat uzaga çekdi. Gygyrmakdan, mynajatdan ýaňa oglanlaryň başlary aýlanyp başlady. Elbetde, mynajaty gutarmaga çen bolupdy, ýöne gutarsalar, Hudaý olaryň mynajatyny az görüp, hossarlaryny getirmegi yza tesdiräýjek ýaly bolup durdy. Onsoň beýle möhüm işde, özlerinden bitýän işde kem-köst galdyrmajak bolýardylar.

– Eý, oglanla-ar!

Oglanlar üçünji gezek gygyrylanda eşitdiler, Tejene gidýän ýola seretdiler.

Tejene gidýän ýolda Mody başlyk Ýyldyrymynyň üstünde abşarylyp otyr. Ol raýon merkezinden gelen bolmaly.

Oglanlaryň nyzamy bozuldy.

Mody başlygyň keýpi çag-çagdy.

– Hany, aşak düşüň, nanýagylar!

Düşnükli: kimem bolsa biri frontdan gelipdir.

Gelýän Akmyrat takyryň furgonynyň nowasyndadyr.

– Ur-ra-a!

– Uruş gutarypdyr!

– Biziňkiler ýeňipdir!

– Urra-a-a!

Oglanlar sähel salymyň içinde depeden aşak bökejem atdylar, Mody başlygyň daşyny gallady lar.

– Uruş gutardymy, Mody aga?

– Kakam gelýärmi, Mody başlyk aga? – diýip, Depbi başlygyň synyndan çekdi.

– Wüjürdeşmäň! Siz meni diňläň! – Mody başlyk biraz gazaplandy.

Dym-dyrslyk.

Diňe Mody başlygyň Ýyldyrymynyň dem almasy eşidilýär. Oglanlar dem hem alman, sommagy bilen gulaga öwrülipdiler.

– Diňläň meni!

– Diňleýäris, Mody aga.

– Gulagymyz sizde, Mody başlyk aga.

– Wüjürdeşmäň diýdim-ä men size.

Oglanlar «Düşünýäris» diýen sözi hem aýtmaly däldiklerine düşündiler. Başlygyň gahar edip, birden «Size hiç zat aýtjak däl» diýmegi mümkin. Iň erbedi şol bolar.

Mody başlyk oglanlaryň «dymp» etmän duruşlaryna göz aýlap, göwni bitdi:

– Allamyrat pälwanyň körpe ogly gelýär!.. Elbetde, uruşda sag aýagyny aldyrypdyr, galan synasy abat. Goçaklar, baryň oba buşlaň. Adamlar – aýal-ebtat, oglan-uşak, garry-gurty – hemmesi Allamyrat pälwanlaryňka gelsin. Toý boljak diýiň!

– Urra-a! – diýip, oglanlar başly-barat gygyryşdylar.

Bu habara Mälikgulynyň endamy dyglap, depe saçy düýrügip gitdi, ol Ýyldyrymyň agyzdyrygyndan sapba tutdy:

– Suhanberdimi?

Bu sowaly başlyk halamady:

– Men Allamyrat pälwanyň körpe ogly diýdim dälmi näme?

– Körpe ogly diýdiňiz.

– Allamyrat pälwanyň körpe ogly diýilse, Suhanberdi bolman, eýse, kim bolsun?! Akmyrat takyr alyp gelýär ony. Ol derrew geler.

Oglanlar eýýäm oba sary şuwlaşyp barýardylar. Mälikguly hem olaryň yzyndan eňdi.

Ol nirä barjagyny, kime buşlajagyny bilýärdi. Çünki bu habara hemmeden beter garaşýan bardy. Ana, şol garaşýana-da Mälikguly habar bermekçidi.

Ol dazlap barýardy. Gumak ýoldan eýýäm ýeňil tozan göterilýärdi. Bu tozan öňden giden «buşlukçylaryň» tozany bolmaly.

Mälikguly öňden barýanlary ýetmek barada pikirem edenokdy. Suhanberdiniň gelendigini özüniň kime buşlaýandygyny ol dostlarynyň bilmegini-görmegini islänokdy. Bu onuň mähriban dostlaryndan-da pynhan saklan syry ahyryn. Ol bu barada ejesine-de aýtmandy. Indi hemme zat belli bolar. Indi Mälikguly ejesine ähli zady aýdar. «Öňden barýanlaryň yzyndan ýetmäýin» diýip, ol içini gepletdi. Onuň beýle pikir etmesi düşnüklidi. Eger ol Weli daga goşulsa, onda olar «Ilki kime buşlamaly?» diýip sorarlar. Mälikguly olara näme jogap bersin?! Olara ýüregindäkini aýtmaga haky ýok.

Şemal şuw-şuwlap Mälikgulynyň gulagynda ses edýär.

Ine, Ýazly agalaryň, has takygy, Zybagülleriň öýi.

Mälikguly ylgawyny kemmän, Ýazly agalaryň howlusyna ýetdi. Gapyny batly açyp, içeri atylyp girdi. Ol badyna daşary çykjak bolup iç işige gelen eli kündükli Ýazly aga baryp urdy.

Goja beýle urga garaşman eken: deňagramlylygyny saklap bilmedi, yh-çohlap ýören çalamydar Ýazly aga ýykylmajag-a boldy. Mälikguly onuň elinden çeken bolsa, belki, ol ýykylmasa-da ýykylmazdy, ýöne nämä garaşsa-da, Ýazly aganyň gapyda özüne pete-pet gabat gelmegine garaşmadyk Mälikguly göz ýumup-açasy salymyň içinde bolup geçen bu ahwalata akyl ýetirip ýetişmedi.

Ýazly ýatak Mälikgulynyň gelip urulmasynyň badyna saklanyp bilmän, honda atylyp düşdi. Kellesi baryp diwara gülçüldäp degdi. Diwardan sypyrylybam aşak gaýtdy. Iki sany käsäniň üstüne gütläp düşdi. Käseleriň döwlendigini olaryň jygyrdysyndan, gojanyň ýüzüniň erbet bir eňşäninden aňmak bolýardy. Goja görgüli «hyk» edip, ýüzüni ýokary tutup, bir ses etdi. Ol sesi, hykgyldyny söz bilen beýan eder ýaly däldi. Goja kellesiniň awusyny unutdy, bar yza, bar bela-beter aşakdady. Kellesindäki çöwürmesi Akmaýanyň bitin çöregi ýaly tigirlenip,aşak tarapdaky gapa tarap gitdi. Gapydan geçip, sag tarapa agdy.

Ýazly aganyň ýere gaçan kündüginiň gyzgyn suwy gülýän ýaly «lyk-lyk» edip, Mälikgulynyň aýagyny ýuwmaga durdy.

Ýazly aganyň çöwürmesini göterip, gapyda Ogultäç mama peýda boldy, ol adamsynyň perişan

halyna bada-bat düşündi, käsäniň döwlendigini gördi.

– Käse jäj bolsa gowulygyň alamaty bolmaly. Mälikguly jan-a gowy habar getirene meňzeýär.

Mälikguly çöwürmäniň giden, Ogultäç mamanyň duran otagyna bakan ok bolup atyldy:

– Nirede ol?

– Kim? – diýip, Ogultäç mama geňirgendi.

Mälikguly kesgin sorady:

– Zybagül ejekem nirede?

Är-aýal bu sowala aňka-taňka boldy.

Mälikgulynyň sesini eşiden Zybagül atylyp geldi:

– Näme?

Mälikguly Zybagülüň alkymyna dykylyp bardy-da, pyşyrdap sorady:

– Men geler diýip aýtdym gerek?

– Nämäni?

– Yzynda seniň ýaly owadan gyz garaşsa, ölmez diýdimmi? Ol geler diýdimmi?

– Geldimi? – diýip, Zybagül birden silkindi. – Geldimi?

– Men aýtdym gerek?

– Aýtdyň, doganym, aýtdyň. Menem «Sen geler» diýseň hökman geler diýdim-ä. Şondan bäri men umytly ýaşap ýörün. Hany, aýtsana, geldimi?

– Geldi!

– Nirede?

– Eýýäm öýüne gelendir. Akmyrat takyryň furgonynda geldi. Hemmeler şolaryňka barýar. Häzir uly toý boljak, başlyk aýtdy.

Zybagül enesine seretdi.

– Zybagül jan, ertirden bäri Owadanlara gitjek diýip şindem gideňok. O görgüli uzak gün saňa garaşyp oturandyr. Gör-ä, yzyňdan Mälikguly jany iberipdir. Bar, söz beren ýeriňe baryp gaýt, birini garaşdyrmak gaty gelşiksiz ahyryn.

Zybagül baş atyp gapa ýöneldi.

Mälikguly Ogultäç mamanyň Zybagüle gitmegi üçin çykalga tapyp bermesine haýranlar galdy. Owadanyň Zybagüle garaşmaýandygyny aňsa, Ýazly aga-da aňandyr, ýöne ol ynanandan boldy.

Mälikguly Zybagülüň yzyna düşdi, ýöne onuň dirk-dirk edip ýöreýşini halamady, ylgamaly ahyryn!

– Ylgaly-da.

– Wiý, diýýäniň näme, oglan? Il näme diýer?

– Gör-ä, köçede hiç kim ýok.

– Iliň görmeýän zady ýokdur, oglan. «Zybagül ylgap barýar eken» diýseler, masgaraçylyk bolar-a.

– Pyşdylam sizden tiz ýöreýändir.

– Ýuwaş. Il eşidäýmesin!

– Wiý, sen aglaýarsyňmy? Gözüňde ýaş bar-la.

– Ýuwaş, oglan. Maňa seretme.

Akmyrat takyryň furgony eýýäm gelipdir. Ol Allamyrat pälwanlaryň öýüniň deňinde dur. Ondan uzyn boýly, harby eşikli, goltugy pişekli ýigit düşdi. Obanyň adamlary onuň daşynda. Ol harby eşikli ýigit Suhanberdi bolmaly, hakyt Suhanberdi ol. Ol Zybagülüň yhlas bilen garaşan goç ýigidi.

Zybagül furgonyň ýanyna barmady. Myrry masadyň öýüniň deňinde saklandy.

Zybagül hyrra yzyna öwrüldi. Ol aglaýardy, içigip-içigip aglaýardy. Mälikgula elini uza-

dyp, nämedir bir zatlar diýjek boldy, aglaýandygyny görkezmejek bolup ýüzüni kese sowdy. Soňam:

– Şu ýerde garaş! – diýdi-de, öýüne gitdi.

Zybagül uzak eglenmedi: ol köp wagt geçmänkä, Goçgar agalaryň öýüniň deňinde göründi, elinde bir ak zad-a bar onuň. Ol ak kumaş mata bolmaly. Zybagül şol ak kumaş matany döşüne basyp, dirk-dirk edip gelýär. Özem ol gelşine Mälikgula nämedir bir zatlar diýýär. Onuň gözlerinden şindem gözýaşlar öýlänçi deýin seçelenýär.

Mälikguly Zybagül Garýagdy dogtorlaryň deňinden geçip, Myrry masatlaryň deňine ýakynlanda ak kumaş matanyň nämedigini çaklady. Ol Suhanberdä niýetlenen ezýaka köýnek bolmaly: hana, onuň bir ýeňi galgaýar.

Zybagül Mälikgulynyň ýanyna gelip, hiç zat aýdyp bilmän, diňe dodaklaryny kemiş-kemiş etdirip, gözýaş döküp dur. Ol sandyraýan elleri bilen ak kumaş köýnegi Mälikgula uzatdy:

– Al, doganym!

– Näme?

– Geý, doganym, geý.

– Menmi?

– Sen geý, doganym, sen geý. Bu menden saňa sowgat, doganym.

– Birhili dälmi?

– Nähili bolsa-da geý, doganym.

– Bu maňa uly geler, kime niýetläp tiken bolsaň, şol geýsin.

– Oňa-da tikerin, entek köp tikerin. Ýöne muny sen geý. Saňa näme sowgat etsegem azdyr.

Zybagül Mälikgulynyň köýnegi elinde saklap, näme etjegini bilmän ýaýdanjyrap durmasyny makul görmedi: ony kakyp aldy-da, Mälikgula özi köýneginiň üstünden geýdirmäge durdy. Geýdirdi. Soňam synlady:

– Biraz-a uly, zyýany ýok, tiz ulalarsyň.

– Sag bol... Suhanberdi geler diýdim-ä.

– Diýdiň, Mälikguly, diýdiň. Heý, men seniň ol sözleriňi unudarynmy?

– Suhanberdä ýene bir zat aýdaýynmy?

– Aýt, doganym, aýt. Gözel seniň geleniňe juda begendi diý. Ine, bu jambörügi bolsa geýsin – diýip, Zybagül iňňeden çykma jambörügi Mälikgula gowşurdy.

– Häzir gowşuraryn.

Köýnek Mälikgulynyň dyzyny ýapyp durdy hem inlidi. Muňa Mälikguly ünsem berip durmady. Täze köýnek geýmegiň lezzeti ap-aýry.

Ol Suhanberdiniň ýanyna ylgady.

Egnindäki köýnegiň özi üçin tikilmändigini ululygyndan, hopul-sopullygyndan bildirip duran Mälikguly Suhanberdiniň ýanyndakylaryň ählisiniň nazaryna ildi.

– Essalawmaleýkim! – diýip, ol Suhanberdä salam berdi.

Täzeje ezýaka köýnekli Mälikgulyny gören Suhanberdi ziňk edip gitdi, gözleri jöwherlendi. Ýylgyrdy welin, bu mahal onuň ýaly bagtly adam älemde ýokdy.

– Oho-o, gör, kim geldi. Meniň mähriban inim geldi. Meni arşa göteren doganym geldi! Mälikguly jan, ömrüň uzak bolsun seniň. Men seniň öňüňde

bütin ömrüme bergidardyryn. Bütin ömrüme gullugyňda durup, eden ýagşylygyňy ýerine salyp bilsem, özümi juda bagtly saýaryn. – Suhanberdi pişegine daýanyp, Mälikgulynyň elini berk gysdy. – Ýadyňdamy, men saňa gelemde harby ofiser papagyny getirip bererin diýipdim. – Ol başyndaky ofiser papagyny çykaryp Mälikgula uzatdy. – Bu seniňki, meniň mähriban inim. Hany, geý. Saňa juda gelişdi. Dur entek, men seniň biliňe, ofiser kemerinem dakaýyn.

Kemeri biline dakan Mälikguly Suhanberdi eşider ýaly ýuwaşja gürledi:

– Bilýäňmi näme, maňa häzir şu köýnegi kim berdi? Kim geýdirdi?

– Çak-a edýän...

– Muny maňa Zybagül geýdirdi. Sowgat berdi edil şumat.

– Şumat geýdirdimi?

– Hawa, şumat geýdirdi. Men oňa seniň geleniňi ilki baryp buşladym. Olam soň maňa şu köýnegi sowgat berdi. Ýöne bu köýnek seniň üçin tikilen bolmaly. «Men oňa entek köp-köp köýnek tikip geýdirerin» diýdi.

Suhanberdi ýuwdundy, gaýta-gaýta ýuwdundy.

– Şeýle diýdimi?

– Hawa, şeýle diýdi. Ine, bu iňňeden çykma jambörügi bolsa, elin geýdirmegimi tabşyrdy. Hany, biraz egil. Ine, boldy. Saňa gelişdi.

– Gözeliň tiken zadam, heý, maňa gelişmezmi.

– Zybagül diýdi: «Gözel geleniňe juda begendi» diýdi.

– Gözel jan begendi diýsene! Inim, doganym, Mälikguly, senem Gözele aýt, meniňem ony şeýlebir göresim geldi, şeýlebir göresim geldi. Gije-gündiz aňymda diňe Gözel. Dur, doganym, gel, ikimiz bir gujaklaşaly-la. – Suhanberdi bilen Mälikguly ammangujak etdiler.

Suhanberdi bir aýagynyň ýokdugyny ýadyndan çykardy. Mälikguly onuň daýaw göwresini saklap bilmedi. Olar bilelikde güpürdäp ýykyldylar.

– Näme boldy size? Guda gürrüňiňiz barmy siziň? – diýip, Allaberdi uzyn Suhanberdiniň ýerden turmagyna tekge berdi.

Başy ofiser başgaply, egni kumaş köýnekli, bili ofiser kemerli Mälikguly köpçüligiň içinden saýlandy. Myrry masatlaryň öýüniň deňindäki goşa tuda bukulyp, mähelläni synlap duran Zybagül Mälikgulynyň ýetip gelýändigini görüp, onuň öňünden çykdy.

– Näme diýdi?

– «Gözel ýalançy» diýdi.

Zybagül beýle söze garaşmadyk bolmaly. Ol aňk-taňk boldy. Ýüzündäki şatlyk alamatlary aýryldy.

– Hakyt şeýle diýdimi?

– Hakyt şeýle diýdi.

– Näme üçin?

– «Men Gözel däl» diýip seni aldapdyr – diýdi. – Men Gözel beýle ýalançydyr öýtmändim» diýdi. Men dogry diýdim. Men-ä saňa ynandym. Sen bolsa meni aldapsyň. Men ýalançylary halamok. Özüm-ä hiç wagt ýalan sözlemeýärin. Gurhandada iň ýekinde ýigrenilýän ýalançylarmyş.

– Edenim bar bol-a. Wah, doganym, näme diýseňem hakyň bar. Men günäkär. Sen meni bagyşla. Jan doganym, meni bagyşla. Men saňa başda hakykaty aýtmagy gelşiksiz gördüm. Utandym, juda utandym. Soň seniň şeýle arassa, päk ýürekli oglandygyňa, syrymyzyň hiç ýerde açylmajakdygyna göz ýetirdim. Ana, şonda «Mälikgulynyň ýanynda ähli zady aýdaýyn» diýdim. Aýratynam, gelip Suhanberdini öwmek öwen gezegiň. «Käkilige beren sözüňde dur» diýip zynharlan gezegiň. Şonda aýtmagyma sähelçejik galdy. Ýüregimi bire baglap aýtjak bolup durkam, Berkeli aga seni çagyraýdy-da. Bilýärin, men seniň göwnüňe degdim. Men seniň ir-u-giç şu sözleri diýjegiňi bilýärdim. Men şundan hemişe gorkup gezdim. Eý, Hudaý, indi näme etsemkäm? Eger meniň günämi ötmeseň, bu maňa juda agyr deger. Seniň menden öýkeli bolmagyňy dyma islämok. – Zybagül ýene gözýaş döküp ugrady. Mälikgulynyň oňa nebsi agyrdy.

– Bu gün bir aglama-da.

– Sen menden öýkeli bolsaň, men nädip aglamaýyn? Indi on ýyl bäri ol jyrrytdy maňa «Gözel» diýýär-ä.

– Berkeli aga çagyran gezegi men seniň näme aýtjak bolýanyňy bildim-ä, ýöne bilmedikden boldum. Suhanberdiniň seni göresi gelipdir, şeýlebir göresi gelipdir. Ol Gözel diýen gyza aýt diýdi: «Eý, Gözel, meniň gije-gündiz aňymda diňe sen. Seni şeýlebir göresim gelýär» diýdi.

– Çynyňmy?

– Çypbakaý-çynym. «Eý, Gözel jan, men seni söýýärin» diýdi.

– Goý-a, oglan, «Söýýärin!» diýen däldir.

– Diýäýdi öýdýän, beren jambörügiňem oňa şap boldy. Gaty görmegeý boldy ol «jyrrytdy».

– Doganym, sen menden öýkeleme-dä.

– Aý, bolýa-da.

– Ber eliňi! – Zybagül Mälikgulynyň elini berk gysdy. Soňam gaty-gaty ýöräp öýüne gaýtdy.

Hana, Mody başlyk gelýär. Egninde-de daýaw bir işşek. Ol apaň-apaň basyp gelýär, Mälikgulynyň durandygyny görüp, haýbatly aýtdy:

– Ýör!

Obada gytçylyk, açlyk. Şeýle-de bolsa, toý üçin ähli zat tapyldy. Mody murt öýünden bir işşek getirensoň, adamlaryň gorsaň-gozgalaňy artdy, toý höwesi olary gurşap aldy. Köp hojalyk gurbunyň çatdygyndan bir okara-ýarym okara ýarma getirdi, kim sogan getirdi, kim kak-sök.

Iki tamdyrda – Allamyrat agalaryň hem Myrry masatlaryň tamdyrlarynda çörek ýapdylar.

Suhanberdiniň uly dogany Narmuhammediň üç çagasynyň hem geçileri daga ýaýrady, alaşowhun edip oýnadylar. Olaryň biri Suhanberdiniň öňünde otyr, beýlekisi onuň jambörügini geýip görýär, iň körpesi bolsa, onuň egninde aýaklaryny hallanladyp, «çüw-çüw» diýip, «at» çapýar. Suhanberdi olaryň garagolluklaryny onçakly halamasa-da ugurlaryndan gopýar.

Çagalar ýene sähel wagtdan özleriniň öýden çykaryljakdygyny bilenoklar, bu hezillik häzir hemişelik ýaly olar üçin.

* * *

Mälikguly Allamyrat pälwanlarda uzak oturdy. Aşyr, Weli, Şaguly, Nury, Derýa, Şirmämmet, Depbi dagy hem otyrdy.

Göni garşysynda oturanlygy üçinmi, nämemi, Taýmaz aga Mälikgula ýüzlendi:

– Mälikguly, bu ýeri aýdylmaly ýeri-hä däl, şonda-da aýdaýyn, her gün agşam agylyňyzyň agzyny gowuja ýapgyn. Ýogsam, keýik owlagyň gaçyp gider. Soňam gaýdyp gelmez.

– Taýmaz aga, owlak günuzyn daşarda gezip ýör, bir gezegem gaçjak bolmady.

– Wah, inim, onyň dogry. Men muny görüp ýörün. Ýöne siziň habaryňyz ýok, tas her gije diýen ýaly, ene keýik gelýär. Ene keýik bilen owlak her gije tä daňdana çenli ysgaşyp durýar. Agylyň agzy açyk bolsa, ene keýik owlagyny gürrüňsiz yzyna tirkäp alyp gitjek. Owlak her gije agyldan çykjak bolup urunýar, ýöne çykyp bilenok. Ene keýik her gezek daňdan yzyna garaý-garaý gidýär. Men ene keýigi birki gezek kowup goýberdim.

– Owlak ekdi boldy diýip ýördüm men-ä.

– Gurt çagasy, keýik owlagy ekdi bolýan däldir, Mälikguly, maý tapdyklary giderler.

Bu habara Mälikguly gynandy. Tä gaýdylýança onuň hiç zat bilen seri bolmady.

Mody başlyk bilen Goçgar Gara gaýtmak üçin turanlarynda, oglanlar hem olara goşuldy.

Garaňkylykdy. Ýoluňy çala saýgaryp bolýardy. Hana, bäş-alty ädim öňde Mody başlyk barýar. Ol durup yzyna öwrüldi. Janagyryly sözledi:

– Eý, Hudaý, uruş çaltrak gutarsa. Gidenlerem gelse!

Wah, bu ähli kişiniň arzuwy-telwasy ahyryn!

Mälikguly kakasynyň nädip geljekdigi hakda oýlandy. Ol nämede gelerkä? Gidende Kerim gatlaklynyň maşynynda gitdi. Belki, gelende-de şonuň bilen geler. Sebäbi geljek köp bolar. Onsoň Mody başlyk gelenleriň yzyndan Tejene maşyn ugradar. Hökman ugradar. Maşynyň üsti harby eşikli adamlardan doly bolar. Olaryň ählisem şu obanyň adamlarydyr.

«Kakamy harby eşikde tanarmykam? – diýip, Mälikguly oýlandy. – Tanaryn, hökman tanaryn, nähili eşikde bolsa-da tanaryn. Ony gözümden öň ýüregim tanar»...

## Garaşylmadyk hat

– Gijem bolsa geläýdik biz-ä – diýip, Geldi mys-mys düşege geçdi. Hallygözel eje bolsa Ogulbäbek bilen ýanaşyk oturdy.

– Oňarypsyňyz – diýip, Ogulbäbek eje olaryň öňünde saçak ýazdy.

– Saçak ýazma, Ogulbäbek. Biz işlije geldik. Oglumyzdan ýene hat gelipdir. Şony Mälikgula okadaýaly diýdik. Irgözin gaýtjak bolup durkak, Allamyrat pälwanyň ogly Suhanberdi geldi diýdiler. Soň onuňka bardym. Görsem, Mälikgulam şol ýerde eken. Mälikgulynyň turanyny görübem öýe gelip, «Keýwany, gideli häzir» diýdim.

Hallygözel eje ýany bilen getiren düwünçegini çözüp, ondan iki tokga nabat çykardy, ony saçagyň bir gyrasynda goýdy.

– Wiý, hiç zat gerek däl.

– Mälikguly oglumyzdan gelen haty okap berip, günümizi süýjüdýär, onsoň bizem ýagdaýymyza görä Mälikgulynyň agzyny süýjütmesek bolmaz-a – diýip, Geldi mys-mys ýylgyrdy.

– Öňki ýazan hatymyz entek baryb-a ýeten däldir. Ondan bäri bir hepde geçenok ahyryn – diýip, Mälikguly Atamyratdan hatyň gelmesine geňirgendi.

– Geleni gowy. Gelip dursun.

Haty eline alan Mälikguly garagyýçak ýylany eline alan ýaly tisgindi. Ýüregi jigläp gitdi. «Men nämeden gorkaýyn? Hat – gara hat-a däl, muny Atamyradyň özi ýazypdyr» diýip, Mälikguly içini gepletdi.

– Men Hallygözele aýtdym: «Hat iberenimiz düýn-öňňin. Oglumyz toba gelenini gaýtmyşym etjek bolýan bolaýmasyn?» Hallygözel bolsa: «Ýok, Berdimuhamet mugallymyň sözlerinden soň ol aýyl bolupdyr. Içi-içine sygýan däldir. Onsoň kakam bilen ejeme hoş sözümi aýdaýyn, kagyzymy gysganmaýyn diýýändir» diýdi. Garrasaň, diňe keýwanyň aýdany dogry bolup dur göwnüňe. Keýwanyň yzyna düşesiň, maslahatyny diňläsiň gelip dur. «Erkek garrasa gorkak bolar, aýal garrasa erkek» diýleni çypba-çyn eken. Hany, Mälikguly, haty aç, okap ber. Soňundan hatam ýazyp ber.

Mälikguly haty wawwasy bar ýaly açdy.

*Salam haty*

*Kimden diýende ara daşdan, ýürek ýakyndan duşmanlaryň başyna Görogly begiň wellemşaha, it urşy oýunlaryny salyp söweşýän Atamyratdan mähriban kakama, mähriban ejeme köp-köp dogaýy salam bolsun. Menden dogan-garyndaşlarymyza, goňşy-golamlara hem köp-köp dogaýy salam bolsun.*

*S.S.S*

*Kaka, eje, öňki sapar hem ýazyşym ýaly, meniň ýagdaýym bu ýerde gülala-güllük diýsem ýalan sözledigim bolar. Ýöne kynçylyklar, agyr şertler meni eýmendirenok. Siz her demde meniň göz öňümde dursuňyz, onsoň her gezek söweşe girenimde sizi ýatlaýaryn,*

*sizi ýüzügara etmejegimi aýdýaryn. Siz ogluňyzdan gaty arkaýyn boluň. Men mertlerçe söweşip, Berlini mugyra getirip, ol ýerde ýeňiş baýdagyny parladyp dikip, soň, nesip bolsa, öýe bararyn.*

*Kaka, eje, meniň size bu haty ýazmagymyň iki sany sebäbi bar, özem olaryň ikisem meniň üçin garaşmadyk zatlarym.*

*Men size haty on günden gowrak öň ýazypdym. Niýetim şol hata jogabyňyz gelýänçä hat ýazmakçy däldim. Ýöne bolmady. Hat ýazmagyma sebäp bolan iki ýagdaýy size aýdaýyn. Ilki bilen, özüme degişli wakadan başlaýyn.*

*Kaka jan, eje jan, men goýberen hatalaryma, geleňsizliklerime bu gün gaty gowy düşünýärin. Men bu hatymda öňki hatymda aýdanlarymy gaýtalap oturmaýyn. Ýöne geçen saparky hatymda ýazmaga gaýratymyň çatmadyk hakykatymy – ýagdaýymy bu hatymda ýazmaga mejbur boldum. Onuň sebäbini häzir size gürrüň bereýin.*

*Temeni haltada gizläp bolmaýşy ýaly, meniň ýagdaýym hem uzak gizläp bolmajak ýagdaý.*

*Men Aşgabatda gowy, pully işde işlämsoň, özüme Uspenskiý köçesinden howly satyn aldym. Siz oňa baryp görüpdiňiz.*

*Gepiň küle ýeri, men öýlenipdim. Özem sizden patasyz öýlenipdim. Şonuň üçinem yzy gowy bolmady. Aýalym telefon stansiýasynda operator bolup işleýär. Biziň oglumyz boldy. Adyna atamyz pahyryň adyny dakdym. Aýalym muňa garşy bolmady. Oglum Gurbangylyç häzir bäş ýaşynda.*

*Siz baranyňyzda meniň gaçgalaklamagymyň sebäbi syrymyň açylmagyndan gorkandygym üçindi. Kwartirant ýaşaýaryn diýip elten öýüm meniň öz howlym bolmaly. Siz gidýänçäňiz men aýalymy oglum bilen*

*atasy öýüne ugradypdym. Bilýärin, şonda siziň menden göwnüňiz galypdy.*

*Düýn aýalymdan hat geldi. Ol menden aýrylyşýandygyny, başlygyna durmuşa çykýandygyny, eýýäm bir gyzjagazynyň dünýä inendigini, adyna Tatýana diýip goýandygyny, howludan çykmak islemeýändigini, çünki ikinji adamsynyň garry ata-enesi, ärden aýrylyşan aýal dogany bilen ýaşaýandygyny, ol ýerde özüniň täze adamsy bilen adam şekilli ýaşamaga mümkinçilikleriniň ýokdugyny, eger howlyny öz adyna geçirsem, onda özüniň hem eglişik etmäge taýýardygyny – siz barsaňyz, Gurbangylyjy hemişelik berip goýberjekdigini ýazypdyr. Kaka, eje, siz muňa gynanmaň. Janym sag bolup dursa, men onuň ýaly howlularyň üç-dördüsini almaga-da pul taparyn. Ýöne atamyň ady dakylan oglumy tapmaryn. Kaka, eje, bu habary eşidip hapa boljakdygyňyzy bilýärin. Ýöne men bu zatlary size aýtman kime aýdaýyn. Öň Berdimuhamet aga barka, oňa ýüregimi açýardym, biraz ýeňleýärdim. Indi daş-töweregimizdäkiler kileň nätanyş adamlar.*

*Uruşdan soň Allamyrat pälwanlara gudaçylyga barsaňyz gowy boljak. Sebäbi gyzy Käkilik maňa garaşmaga wada beripdi.*

***Indiki aýtjak zadym Berdimuhamet mugallym...***

– Oka, Mälikguly, oka! – Ogulbäbek ejäniň sesi howsalaly çykdy.

Mälikguly hatyň yzyny okamaga gorkdy. Dünýäsi gapyşan ýaly boldy. Gapyşdy asyl. Ol bar güýjüni jemläp, haty okamasyny dowam etdirdi:

*– Indiki aýtjak zadym Berdimuhamet mugallym hakda.*

*Düýn gazaply söweş boldy. Biziň wzwodymyz ganymlaryň üç sany tankyny tükgertdi. Bu ganymlara ýaramandyr. Olar tanklara garşy atylýan okuň nireden çykýandygyny anyklap, biziň bolýan ýerimizi top okuna tutdular. Berdimuhamet mugallymy şol wagt polkuň komandiri sagbol aýtmak üçin ýanyna çagyrypdy. Okopda ýatan bolsa, ol aman galsa galardam. Ähli zat Hudaýyň işi bolmaly. Ýazgydyňdan gaçyp gutulyp bolmaýar. Garymlarda-da durar ýaly bolmady. Men-ä, dogrusy, wzwodymyzdan diri adam galan däldir öýtdüm. Hernä meniň çöregim bitin eken. Iki esger-ä tanar ýaly bolmandyr. Ýatan ýerleri ýagty bolsun, ikisem musulmandy olaryň. Timoşenko diýen bir alçak ukrain oglan bardy. Edil Allamyrat pälwanyň Suhanberdisine meňzäp durdy ol. Ikimiz gaty gowy görüşýärdik. Ol hem ölen eken.*

Mälikgulynyň başy aýlandy. Top oklary hut oturan otagynda ýarylan ýaly boldy. Eli sandyrady, sesi-de sandyrap çykdy.

– Näme bolupdyr? – Ogulbäbek eje ýerinden zöwwe galdy.

– Wiý, kakasy, edenimiz bar bol-a – diýip, Hallygözel eje pyşyrdap ýakasyna elini ýetirdi.

– Öz-ä birhili bu. Hoş habar diýip getirenimiz şum habardan doly ýaly.– Geldi mys-mys ikidyz oturdy.

– Kakama bir zat bolupdyr-a! – diýip, Owadan ejesiniň egninden ýapyşyp, sandyr-sandyr etdi.

– Mälikguly, näme üçin yzyny okaňok? Oka ahyryn! – Ogulbäbek ejäniň sesi bu sapar agy gatyşykly çykdy.

Hallygözel eje Ogulbäbek ejä delmuryp bakdy:

– Atamyrat jan «öldi» diýmändir-ä. Hiç zadam bolan däldir.

– Sen bizden hakykaty ýaşyrjak bolma. Näme bolan bolsa eşideli. Doly oka, Mälikguly.

– Getir men okaýyn.

– Ýok, gyzym, ony diňe Mälikguly okasyn – diýip, Ogulbäbek eje gyzyny gujaklady.

– Okasyn-da onda.

Mälikguly özüne zor salyp, okamasyny dowam etdirdi:

*– Berdimuhamet aganyň ýagdaýy gaty agyr. Ol gara gana bulaşyp ýatyr eken. Atyşyk gutarýança, ýanyna baryp bilmedik. Onuň ýüz-gözem, üst-başam gara gan. Men atyşyk mazaly gutaransoň, baryp Berdimuhamet agany yraladym. «Mugallym, janyň beri barmy?» diýdim. Ol bolsa: «Häzir-ä bar, ýöne uzak boljaga meňzänok. Eger ölsem, neberämiziň dowam etjekdigi hakda oýlanýaryn. Yzymda ogullarym, gyzym bar. Men yzymy uly oglum Mälikgula ynanyp gaýtdym. Men ogluma: «Hökman gelerin. Egniňden maşgala ýüküni aýyraryn» diýip söz beripdim. Haý, bolmady. Dili gysga boldum» diýdi.*

*Berdimuhamet aga bu sözleri aýdandan soň özünden gitdi. Gan bolsa sodalyk bilen şol akyp dur. Wah, anyk bir ýerinden gan akýandygyny bilsem, daňjak men. Hemme ýeri gara gan bolandan soň, men onuň niresinden gan akýandygyny anyklap bilmedim, ony arkama hopba edip, tokaýlygyň içindäki sançasta eltdim. Bir hor äýnekli lukman Berdimuhamet aganyň iňlemän ýatyşyny görüp geň galdy. Brezent palatkanyň içinde ýaraly esgerler hataran ýatyr eken. Berdimuhamet mugallymy operasiýa edilýän stolda*

*ýatyrdym. Bir aýal nobaty bilen seretjek, aşak düşür diýdi. Hor äýnekli lukman akylly eken, ol:«Bu esger dogry etdi. Ýaralynyň ýagdaýy has agyr. Şonuň üçinem muňa nobatsyz seretmeli» diýdi. Soň meni ol ýerden çykardylar. Hudaý gowusyny etsin. Men ýetim galan ýaly boldum. Berdimuhamet aga barka, arkamda dag duran ýalydy. Indi dagsyz galdym. Bu gün Berdimuhamet mugallymyň halyndan habar alaýyn diýip, düýnki garaňky düşüp gelýärkä goýup gaýdan sançastyma bardym. Ol ýerde Berdimuhamet mugallym ýok eken. Nirededigini üç-dört sany ak ýektaýlydan sorabam anyk jogap alyp bilmedim. Keýpim gaçdy. Şondan gelibem size şu haty ýazmaga oturdym.*

*Kaka, Berdimuhamet mugallymyň pajygasyny hiç ýerde hiç kime aýtmaň. Agyr sözi bizden bir eşitmesinler.*

*Berdimuhamet mugallym uly ogly Mälikgulyny köp ýatlaýardy. Agyr ýatyrka-da şony ýatlady. Men Mälikgulyny teý göz öňüme getirip bilemok. Aý, hawa-da, meniň obadan çykyp gaýdanyma on ýyldan köp wagt geçdi.*

*Kaka, eje, özüňizi goraň. Atajany (Gurbangylyçjygy) Aşgabatdan alyp gaýdyň. Ol türkmen dilini bilenok, ýöne obada bolsa tiz öwrener.*

*Ýagşy günlerde duşuşýançak hoş, sag boluň. Ogluňyz Atamyrat.*

*27.04.1944 ý.*

– Kakam haýsy çisloda ýaralanypdyr-a? – diýip Amanguly gyzyklandy.

– 26-njy aprelde.

– Wiý, ol-a seniň kelläňi tutup özüňden giden günüň bolýar – diýip, Ogulbäbek eje haýran galmadan ýaňa gözlerini petretdi.

Otagyň içi dym-dyrslyk. Geň, göýä bu dym-dyrslyk gulagyňy deşip barýardy.

Uzaga çeken dymyşlykdan soň, Geldi mys-mys ýerinden galdy:

– Ogulbäbek, siz bizden – bisowatlardan aýyp-syn etmäweriň. Niýetimiz-ä gowudy. Boljak işe çäre ýok.

Geldi aga aýaly bilen çykyp gidensoň, içerde ýene birpaýyz dymyşlyk höküm sürdi. Bu dymyşlygy Mälikgulynyň gyz dogany bozdy, ol ejesini gujaklap, aglamaga başlady.

Mälikguly ejesiniň hem sessiz aglaýandygyny duýýardy. Ol şu ýerde özüni mert tutmalydygyna, özi göwünlige mätäçkä ejesine, doganlaryna göwünlik bermelidigine düşündi.

– Kakam ýaradar bolupdyr. Ynha, görersiňiz, ol sagalar. Kakam hökman geler.

Mälikguly geplemezlige çalyşdy, sebäbi geplese aglajakdygyny bildi. Ol aglamaly däl ahyryn!

Ogulbäbek eje wagt birçene baransoň, ýatmak bilen boldy, çagalaryna hem wagtyň birçen bolandygyny, ýatmalydygyny aýtdy.

Ýatsa-da ýatdylar welin, hiç kimiň gözüne uky gelmedi.

Mälikguly özüne erk edip bilýärdi: islän wagty uklaýardy, haýsy wagtda turmalydygyny öňünden aňynda birki gezek gaýtalasa, soň şol turmaly wagty oýanýardy. Bu gezek welin şol endigini gaýtalap bilmedi. Näçe uklaýyn diýse-de, Atamyradyň ýazan haty onuň aňynda gaýtalandy durdy, uky bermedi.

Mälikguly ýuwaşlyk bilen turup, daşaryk çykdy. Mekdebiň töwereginde aýlandy. Ol häzir nämedir bir zada güýmenmegi makul bildi. Sebäbi nämedir bir iş edeniňde başga zat hakda oýlanmaga mümkinçilik bolanok.

Belki, gidip ýandak çapmalydyr?!

Atyzlara suw tutsa-da boljak...

Mälikgulyny birden tok uran ýaly boldy: ol «Üçlük» atyzyna suw açypdy ahyryn.

Suhanberdiniň gelmegi bilen ähli zat ýadyndan çykypdyr.

Mälikguly kepjesini aldy-da, «Üçlüge» sary ýumlukdy.

Ol «Üçlüge» gelende böwediň ýapylandygyny, ýöne onuň ýanynda bir adamyň aýbogdaşyny gurap oturandygyny gördi.

Oturan kim?!

Böwedi ýapan-a Berkeli agadyr. Sebäbi işden soň ähli kolhozçylaryň eden işlerini barlaýar. «Üçlüge» gelende-de böwediň ýapylmandygyny görendir. Böwedi şol ýapandyr.

Rast böwedi ýapan Berkeli aga bolsa, onda oturanam şonuň özüdir.

Ýöne ol näme üçin otyrka?

Käýemek üçinmikä?

«Böwedi ýapmandygy Mälikgulynyň ahyr ýadyna düşer, geler, şonda käýärin» diýip garaşyp oturan bolaýmasyn? Käýejek diýip ukudan galarmyka? Onda näme üçin otyrka?

Belki, başga biri bolaýmasyn?!

Başga kim bolup biler?

Belki, gije gezýän höt-hötdür, arwahdyr?! Aý, ýok...

Ol Berkeli aganyň adyny tutup birki gezek gygyrdy. Jogap bolmady.

Mälikguly kepjesini öňe tutdy, hüjüme häzirlendi. «Söweşmeli! Ýeňmeli! Gorkmaly däl! Hiç gorkmaly däl!» diýip çuslandy.

Mälikguly durşy bilen gujur-gaýrata, gaýduwsyzlyga öwrüldi.

– Kim? – Mälikgulynyň bu sowalyna hiç hili jogap bolmady. Onsoň ol ýene «kim?» diýip birki gezek gaýtalady. Gara sarsman otyrdy.

Ol hüjüm etmek üçin ýöräp ugrady, ýöne oturanyň kimdigi welin, ony biçak gyzyklandyrdy. Höt-hötem bir böwet ýaparmy? Ol adamlara diňe ýamanlyk edýär-ä. Belki, Mody agadyr? Belki, Ýazly ýatakdyr? Ýöne gije ýarpydan agansoň, kim bu ýerde irikgä otursyn? Haýsy maksat bilen?

Mälikguly sowalyna jogap tapmady. Kim bolsa-da anyklamaly. Mälikguly öňe aýgytly gadam goýdy.

– Näme üçin seni gowy görýärler?! Ä? Näme üçin? Senem ýalňyşýarsyň-a. Gör, böwedi ýapman gitdiň-ä. Eger men şunuň ýaly ýalňyşlyk goýbersem, obada uly gürrüň ederler. Maňa käýärler.

– Näme üçin otyrsyň?

– Saňa garaşýan.

– Näme üçin?

– Böwedi ýapmandygyňy ýüzüňe basmak üçin.

– Ýadymdan çykaraýypdyryn. Sag bol. Ýör, gaýdaly, ýolda gürleşeris.

Mälikguly Şirmämmet bilen tirkeşip oba gaýtdy.

Şirmämmet gaharlanýardy: «Düşün-how, men senden iki ýaş uly. Düşünýärmiň, men senden iki ýaş uly. Özem gowy okaýaryn. Diňe bäşlik okaýaryn. Näme buýursalar, ýok diýemok. Garagolluk edemok. Şonda-da meni däl-de, seni öwýärler. Näme üçin? Näme üçin? Obada men birinji bolmaly, ýöne menden iki ýaş kiçi oglan obada birinji bolýar? Adamlaryň meni gowy görmegi üçin nähili yhlas edýändigimi sen bir bilsediň. Men gizlämok, açyk ýüzüňe aýdýaryn. Saňa göriplik edýärin.

– Sende göriplik ýok, basdaşlyk bar.

– Seni öldüresim gelýär. Ýöne dözemok. Sebäbi seniň gowy oglandygyňy bilýärin. Saňa köp-köp ýamanlyk edesim gelýär. Näme etjegimi bilmeýärin.

– Sen maňa ýamanlyk edip bilmersiň, Şirmämmet.

– Näme üçin? Ederin.

– Edip bilmersiň.

– Düşündir-dä.

– Bu gün düşündirjek däl, başga bir gün düşündirerin. Gije birçene bardy, indi gidip ýataly.

– Men ýatjak däl.

– Hoş, sag bol, onda men gitdim.

Mälikguly öýüne baryp, düşegine geçdi. Ýene ukusy gelmedi. Birki sagatdan soň daşarda şakyrdy eşidildi.

Mälikguly daşaryk çykdy.

Kimdir biri agyldan çykyp, gündogara tarap tapyrdap, ylgap gitdi.

Mälikguly baryp görse, agylyň agzy açyk, ondan keýik owlagy çykypdyr.

Daşarda ene keýik owlagyna garaşyp dur eken. Olar teşnelik bilen ysgaşdylar. Kellelerini degrişdiler. Soňam çöle tarap gönükdiler. Mälikguly biygtyýar gygyrdy.

– Sakarja, aý, Sakarja, saklan, gitme!

Sakarja saklandy-da, Mälikgula seretdi. Bu hoşlaşyk garaýşy eken.

Iki keýik garaňkylygyň içine siňip gitdi.

## Gara habar ýerde galmaz

Mälikguly göwün ýüwürtdi: «Ganatym bolsa, uçup gidip, kakamyň söweşýän ýerine barsam. «Salawmaleýkim, kaka, saglygyňyzy soraýyn diýip geläýdim men-ä. Atamyrat öýüne hat ýazypdyr. Hatynda siziň ýaradar bolandygyňyzy aýdypdyr. O haty öýdäkileriň ählisi diňledi. Indi olaryň ählisem derdeser» diýsem, kakam: «Wah-eý, Atamyrat oňarmandyr. Söweşde erkek kişiniň ol-bul ýerinden gyltyz ýara düşmesi aýdylyp ýörülýän zat däl ahyryn. Görogly begiň kyrk ýerinden ýara düşende ýyldyz görüp gutulyşy ýaly, men senden hat gelende ýadawlygymam unudýaryn, gyltyz degen ýaramyň hem öz-özi bitip gidiberýär» diýer. «Kaka, ejem dagy size bir zat bolandyr öýdüp gorkýarlar. Men gorkmaň, kakama hiç zat bolan däldir, ynha, görersiňiz» diýsemem, asyl rahatlanyp bilenoklar. Onsoň ýagdaýyňyzy gözüm bilen bir göreýin diýip gaýdyberdim». «Mälikguly, eý, meniň bagt guşum, sen ýene guş bolup uçup git-de, ejeň daga aýt. Kakamyň ýagdaýyny elin görüp gaýtdym. Ýagdaýy gulanalma eken diý!». «Kaka, uruş ýaman uzaga çekdi. Muny derrew gutaryp, ganymlary şark-şurk pürreläp bolmaýarmy? Biz-ä oglanlar bilen «uruş-uruş» oýnasak, ganymlary derrew ýeňýäris». «Wah, oglum, şol entek ba-

şardanok. Ýöne, sen maňa ynanaý, biz ýeňeris, ýeňeris. Ýaşlygyň ajaýyplyklary kän. Ýaşlykda guşlar deýin uçup bolýar. Ganymlar bilen garpyşyp, paýhynlap bolýar, beýik-beýik işleri bitirip bolýar. Ýöne adam ulaldygysaýyn, şol ajaýyp hyýaly dünýäsi çüpräp, arzuwlary anyklaşyp, ýalaňaç dünýä bilen ýüzbe-ýüz galýar. Çagalara Hudaý şahyr ýürek, hyýalyýet dünýäsini beripdir. Ýöne, oglum, siziň ýaşlygyňyz gaty agyr döwre gabat geldi. Hyýalyýet dünýäsine girmäge eliňizem ýetýän däldir. Ýaşlykdan gerdeniňize agyr ýük, iner ýüki düşdi. Ýöne bir zat belli. Bu ýüki çekeniňizden soň, siz gürrüňsiz gaty gowy, adamkärçilikli adamlar bolup ýetişersiňiz». «Biz size her gün garaşýarys, kaka». «Siziň garaşýandygyňyzy men bilýärin, bagt guşum!»

Hyýalyndaky bu duşuşyk, didarlaşmak Mälikgula biraz göwünlik berýärdi. Ýöne Atamyradyň haty göz öňüne gelende hyýalyndaky duşuşygyň täsiri çüpreýärdi. Ýüreginde dowul artyp ugraýardy. Hiç bir zada gyzygyp bilenokdy. Ol dünýäni unudyp işlejek bolýardy, ýöne birden hat hakydasyna dolup, ony işden saklaýardy.

Agşam owkat edinildi, saçak aýryldy. Edil şu pursada garaşyp duran ýaly, Bibisoltan mugallym bilen Akgyz mugallym gelip girdi. Olaryň ikisem bu öýe ýakyn maşgalalar – Berdimuhamet mugallymyň okuwçylary. Olar özleriniň düşünmeýän zatlary hakda mugallymlaryndan soramaga köp gelýärdiler. Berdimuhamet mugallym ähli işini gapdala goýup, okuwçylaryň ähli sowallaryna jogap bererdi, gaýtalap-gaýtalap düşündirerdi.

Indi ol günlerden bäri, bir ýyldan gowrak wagt geçipdir. Olar indi abraýly mugallymlar, öz işlerine düýrmegi bilen berlen mugallymlar. Okuwçylara sowat öwretjek bolup yhlas edýärler. Raýondan gelýän barlagçylaryň Bibisoltan mugallym bilen Akgyz mugallymy öwmek öwýändigi hakda Mody başlyk birki ýygnakda aýdypdy. Sekizinji mart baýramynda Bibisoltan mugallyma, Akgyz mugallyma hemem Uzan mugallyma, Altyn mugallyma, iki sany Doýduk mugallymlara, Güljan mugallyma bir kişilik mata hem sowgat berlipdi.

Mälikguly iki mugallymyň näme üçin gelendiklerini bilýär: olar Mälikguludan Ogulbäbek ejä arz aýtmaga gelen bolmaly. Ýamanlajakdyrlar.

Mälikgulynyň ýüzi gyzdy. Olaryň gelenini halamady.

Olar näme diýerlerkä? Ilki kim başlarka?!

Bibisoltan mugallym başlasa gerek. Ol gaty dillije. Akgyz mugallymam şol alyp gelendir. «Arz edeli» diýip gününe goýan däldir.

«Hany, başlaberiň-ä» diýen terzde Mälikguly mugallymlara seretdi. Mugallymlar ylla arz etmäge gelmedik ýaly. Okuwa gelen ilkinji gününi, klasdaşlaryny ýatlap, Ogulbäbek ejä gürrüň berýärler. Bibisoltan mugallym jedirdäp, soňundanam jykyr-jykyr güldi.

Bu iki mugallym «Täze ýol» kolhozynda, ýagny köçäniň aşak tarapynda ýaşaýarlar. Özem olar Mody aganyň goňşulary. Öýleri mekdebe ýakyn.

Bibisoltan mugallym öňem-ä hordy welin, soňky bir ýyl bäri görnetin horlanypdyr, aýsaýyn horlanyp barýar ol. Çepiksije bolansoň, onuň hordugy

hasam açyk duýulýar, derdiniň nämediginem bilmeýärmişler.

Akgyz mugallym welin mähriban, mylaýym, misgin gyz. Aňsat-aňsat gaharlanmaýar, ýatkeş. Okuwçylar bilen mydama mylaýym gepleşýär, her sözüni däne-däne edip aýdyp, sapagyny äwmän-telesmän oňat düşündirýär.

Bibisoltan mugallym Mälikgulynyň ejesinden öz mugallymlary hakda sorady. «Bibisoltan mugallym başlajag-ow – diýip, Mälikguly içini gepletdi. – Elbetde ol başlar. Nämeler diýer? Mälikguly sapakda otursa-da, aňy başga ýerde. Ol başyny aşak salyp otyr. Näme sorasaň, jogap berenok. Ýogsam, telim gezek: «Saňa näme boldy? Kakaň hakda şum habar geldimi näme?» diýip soradyk. «Ýok, gelenok» diýdi. «Onda näme sortduryp otyrsyň?» diýsek, jogabam berenok. «Meniň kakamdan gara hat geldi. Kakam öldi, kakamyň yzyndan gara hat geldi» diýip men sortduryp ýöremog-a. Öleniň yzynda nä ölüp bolýarmy? Ogluňyza bir döw-ä çaldy. Gama batyp otyr. Onuň gamlanyp oturmagy ýanyndaky okuwçylara-da ýaramaz täsir edýär» diýer. Onsoň Mälikgulynyň ejesi hasam gyýlar. «Daýananym gara dag, gara daga gar ýagdy» diýer.

– Biziň mugallymymyzdan hat gelip durmy, gelneje?

– Bir zad-a bolupdyr, Bibisoltan. O gün Geldi aga dagy ogly Atamyratdan gelen haty Mälikgula okatdylar. Atamyrat hatynda Berdimuhamet mugallym biziň komandirimiz diýip begenip ýazypdyr. Üç-dört gün yz ýany ýene hat geldi. Ol hatda bolsa «Berdimuhamet mugallym ýaralan-

dy, göterip lukmana eltdim» diýipdir. Gan köp akanmyş. Şo habary eşidip titreşip otyrys biz-ä, Bibisoltan.

– Şonuň ýaly bir zadyň bolanyny-ha aňdyk – diýip, Bibisoltan mugallym sözüni soňlaman dymdy.

Mugallymlar özlerini oňaýsyz duýdular. Näme göwünlik berjegini bilmeýän ýaly, biri-biriniň ýüzüne seretdiler.

Bibisoltan gürledi. Mert bolmalydygy, Berdimuhamet mugallymyň sagaljakdygy, gaýa-gopuz ýok ýerden ýüregiňi eliňe alybermeli däldigi hakda aýtdy. Mälikguly bu sözleriň, esasan, özi üçin aýdylýanyna düşündi.

– Gelneje, onda biz turaly. Sag oturyň. Nesip bolsa, mugallymymyz geler – diýip, Akgyz mugallym turmak bilen boldy.

Mälikgulynyň mugallymlaryndan göwni bitdi. «Hiç zat aýtmanam adama täsir edip bolýan eken» diýip Mälikguly içini gepletdi. Olaryň gelip gitmegi bilen kakasynyň sagaljakdygyna, geljekdigine onuň ynamy goşalandy.

Mugallymlar gapa ýakynlaberende daşardan:

– Ogulbäbeg-u, aý, Ogulbäbek! – diýen aýal sesi eşidildi. Sesiniň yzyna düşüp, Bibi gyşyk ýantaklabrak içeri girdi. – Wiý, biziň çyraýly mollumlarymyzam bärde eken. Siz nä men gelsem turuberdiňiz, gyzlar?

– Biz gitjek bolup durduk, Bibi daýza – diýip, Akgyz gapdala çekildi.

Bibi gyşyk gidip barýan gyzlara pisint bermän, Ogulbäbek ejäni şapba gujaklady:

– Aman-esenlikmi, gyz? Zamana agyr gelensoň, baş-başa, jan-jana bolaýdyk. Asyl öň peýwere gürleşer oturardyk, günüň nädip geçeninem bilmän galardyk, gyz. Indi bolsa, daňdan turanyňdan bar pikiriň-zikiriň hekirtmegiň, itenek-çomanak bolup ýörüs. Men şumat Meret köpbilmişlerden gelýärin. O köpbilmiş haýranyň gara haty gelenine geçse, bir ýyl geçendir. Ogulbäbek, yşan, saňa ýalan, maňa çyn, Meret köpbilmişiň aýaly Almagül hakyt oral aýala öwrüläýipdir. Ýogsam, ol otuz ýaşlaryndaky ortamyýana, baly goýalyşan, maňyzly-maýaly ýaşawa gelin bolmaly. O görgülide ortamyýanalygam, maňyzlylygam, maýalygam galmandyr, ekinahyryň läşekisi ýaly, bir zat bolup galypdyr. Almagül meniň aýal doganym Täjigözeliň baldyzy. Onsoň iki oglunyň körpesi keselmiş diýseler, baraýmanmy, gyz, yşan, saňa ýalan, maňa çyn, o görgülileriň dişiniň kirini sorup oturyşlaryny it görse gözi agyrar, ýok, it görse, sokur bolar.

Yşan, gyz, ogullarynyň ikisem tükel däl. Biriniň hakyly ýerinde däl, ikinjisine üç ýaşasa-da, dil çykanokmyş. Almagüle Hudaý jan göz görkezipdir, göz. Bu dünýäde bihasap zat ýok, görseň.

– Bibi daýza, dyz epseňizläň. Bir käse çaý içiň – diýip, Ogulbäbek eje mürehet etdi.

– Wah, gyz, otur diýseň, göwnüň üçin bir dem oturaýyn. Ýogsam, wagtym-a ýok meniň. Allaberdi agaňyzyň gözi ýoldadyr – diýip, Bibi gyşyk dykylan çalça çalymdaş dim-dik göwresini aşak goýberdi.

Owadan Bibi gyşygyň öňünde iki käse bilen bir hum çäýnek çaý getirip goýdy. Gyşyk daýza Owadana gözügidijilik bilen seretdi-de, ýuwdundy:

– Ýaňky Akgyz mugallymy görsem, öz ýaşlygym ýadyma düşýär. Menem birmahal ed-dil Akgyz ýaly çyraýlyja gyzdym. Allaberdi agaňyz o wagtlar uzyn boýly, bir gözi gympaýragam bolsa, gaty gelşikli-meňzeşikli är kişidi. Ol meni öň görmändi, men baý gyzydym. Oba toýlarynyň birinde Allaberdi agaňyz meniň bilen ýörite duşuşdy. Şobada-da aşyk bolupdyr. Ol ýerçeken meni aldady, menem onuň sam-samyna güp yşansam nätjek. Ýogsam meni başga birine berjek bolup ýördüler. «Nädip aldady?» diýip, soraýarsyňyzmy? «Oglany göz aldar, gyzy – söz» diýleni çyp-ba-çyn bolmaly. O ýerçeken maňa: «Bibijemal, seniň maňlaýyňda «Allaberdi» diýlip ýazylypdyr. Maňlaýyňdaky şol ýazgy meniň adym bolmaly» diýdi. Menem muňa güp yşandym, gyz, çyndyr, ýazylgydyr öýdýärin. Allaberdiden başga birine äre barsam, betbagt bolaryn diýip gara çynym bilen ynansam nätjek?! Ýazgynyň ýokdugyny oglum Musurmanguly aýdandan soň bilip galdym. Gaty sada bolupdyryn, gyz.

Men çyraýlyja gelindim. Göreniň maňa hakyt gözi gidýärdi. Dogrymy aýdýaryn, gyz, yşan, meniň ýaly asylly, meniň ýaly owadan gelin obada az-azdy. Yşan, Ogultäç menden kän ýaşam bolsa, meniň ýaly telkiboz, edenli däldi. Oturan-çöken ýeri özüniňkidir. Ýöne, yşan, ýaşka-da tebipçilige ökdedi. Ejesi Akgül mama ondan kän ökdedi. Ol gije ýatyp-turansoň, gyzyny ugradar eken: «Gy-

zym, pylany gelnejeň ýanyna baryp gaýt. Öten agşam çagasy aglady welin, ýarawsyzlyk tapynypdyr, iki gulagyna-da göwsünden süýt damdyrsyn. Agşamara-da gaýtalasyn. Şeýtse çaganyň gulagynyň agyrmasy aýrylar» diýipdir ýa-da: «Gyzym, pylan gelniň ýanyna baryp aýt, çagasyna gaýdyp sygryň süýdüni bermesin» diýerdi. O wagtlar adamlar gaty eşitgirdi. Obada edilýän gürrüňler uzagrakdanam eşidiler durardy. Bizem derýanyň şogurdysyny eşider ýörerdik. Indi ýanymda top atylsa-da eşidemok.

Erkek kişilere görä aýal görgüliler sese melul bolagan. Erkek kişiler biperwaýrak bolýar, aýal maşgala welin, bir gürrüň eşitse, beýlesine atyp oturandyr. Aýal görgüliler ähli ýagşy-ýamany hem içine salýarlar. Olar bir, yşan, gyz, umman. Aýallaryň içine salýan ahy-perýatlarynyň ýarynam erkekler göterip bilmezler. Aýallar geçirimlidir, emma muny erkekler başarmaz. Hana, Hallygözel neresse Geldi ýerçekeniň ähli jebri-jeberutlygyny çekip otyr. Hossarlarynyň arkasynda durmajagyny bilensoň, o ýerçeken gara ýer ýaly ýuwaş Hallygözeli depip-depip urýar. Üç çagasyny düşürdi. Ony Geldi urup maýyp etdi. Yşan, gyz, Hallygözeliň iýen depgileriniň, ýumruklarynyň hetdem ýok, hasabam ýok. Haçan barsaň, gara gana bulaşyp ýatyr. Men ýigrimi-otuz gezek özüni bilmän süýnüp ýatyrka üstünden bardym görgüliniň. Hallygözel näme üçin pyşyrdap gürleýär? Geldiden gorkujygyna pyşyrdap gürleýär. «Ejemem pyşyrdap gürleýärdi, maňa şondan geçipdir» diýýärmiş. Hallygözel bu sözi meniň

ýanymda aýdyp bilmez. Sebäbi men onuň ejesini tanaýaryn. Ejesi, Annagözel mesawy gürlände obanyň aňry çetinde eşidilip durandyr. Käbir kişi el-aýak ýaly ogluny ugradar: «Öýümizde näsagymyz bar, ýaňy ymyzgandy. Annagözel gaýrat edip biraz ýuwaş gürlesin» diýerler. Annagözeliň şaňňy sesi bardy, ýatan ýeri ýagty bolsun. Äri ony ursa urandyr, diňe: «Seniň şaňňy sesiň zerarly obamyz uklap bilenok» diýip urandyr. Hallygözeliň Geldi bilen gaçmagynyň bir sebäbi şol şaňňy sesden tizräk dynmak üçin bolmaly. Wah, Hallygözel dirije ýandy, dirije. Alajym ýok. Allaberdi agaňyz Geldi mys-mysyň ýanynda gyzyl-jowahyr ýaly adam. Geldi mys-mys iliň arasynda, göräýmäge, allanäme ýaly. Etjegi içinde ol ýerçekeniň. Erkegiň mahawy misginsokarydyr. Ondan bizar bolup ýalňyz ogly Atamyrat gaçyp gidipdi. Näçe gel diýselerem gelmändi. Ýogsam Atamyrat Allamyrat pälwanyň körpe gyzy Käkilik görgüli bilen ähti-peýman edişen eken. Kakasynyň sütemini görmejek bolup söwer ýaryndan geçip, sarygulpaga öýlenmeli bolupdyr. Indem Geldi ogluny Pudagyň gyzy Zybagüle öýerjek diýip ýörmüş. Heý, Atamyrada Zybagül razy bolarmy? Geldi ýerçeken Zybagülüň Allamyrat pälwanyň ogly Suhanberdä lebiz edendigini bilenok...

Mälikguly saklanyp bilmedi:

– Kim aýtdy?

– Wiý, nätdiň muny, ogul?! Suhanberdi bilen Zybagülüň söýüşýändigini obada bilmeýän barmy näme? Ynha, indem toý etjek bolup ýörler. Erte agşam Goçgar aga bilen Mody Ýazly ýatakla-

ra gudaçylyga barjaklar. Suhanberdi gudaçylyga «Mälikgulynam äkidiň» diýýärmiş.

– Biz-ä eşitmändiris – diýip, Ogulbäbek eje göz astyndan Mälikgula seretdi.

– Piliň gulagynda uklap ýörenler ony bilmeýärler. O zatlary bilmek üçin biraz boşlagçylyk gerek. Ýaşap, bir zada hakyt hakyl ýetirdim, gyz. Adamlaryň iki ýüzi bar eken. Biri çyn ýüzi, biri ýalan ýüzi, gyz. Adama baha bereniňde onuň ikinji ýüzi boýunça baha bermeli. Ikinji diýýänim meniň, yşan, gyz, her kimiň hakyky keşbi. Adamyň hakyky bolşy, kimligi onuň maşgalasy bilen gadyr-mylakatynda belli bolýar. Aýaly erkek näçe ýaşaşsa-da takyk tanap bilmez. Sebäbi onuň içi hüjre-hüjredir. Ýöne, gyz, yşan, erkegi welin, aýal gaty bahym kem-köstsüz tanar. Erkegiň näjüredigini aýalyndan sorabermelidir. Bu babatda aýallaryň iň gowşagam erkekleriň iň ökdesinden ökdedir. Hana, Berkeli bilen Modyny gör. Men olaryň aýallaryndan eşitdim bir zady: Berkeli ýaşka gaty podul, dymma, ämwezek eken. Mody bolsa göwnaçyk, mylaýym eken. Yşan, gyz, bu ikisi häzir häsiýetlerini çalşypdyrlar.

– Aslym maşatköwli bolansoň, bu obanyň köp adamynyň ýaşlykda nähili bolanyny bilemok. Ýöne bir zady men, gyz, magat aýdaýyn. Toýly löküň çagalygyndan bäri şol bir durky diýýärler. Ol ýygralygyny, sypaýylygyny üýtgetmändir. Toýly lök on gyzyň içinde ýeke ogul eken-dä. Şonuň üçindir, haly dokamaga gaty ökde eken. Bir gezek aýaly Ogulgeregi göreýin diýip barsam, Toýly hakyt haly dokap otyr-da, ýerçeken. Onuň elem-ä sandyraýar. Şonda-da halyny gowy dokaýar. Aý, hawa-da, eli

sandyrap durka-da il oňa ýüreginden önen ogluna sünnet etmegi ynanýar, haly dagy onuň ýanynda näme! Ol elli ýylyň ussasy. Toýly lök diýseň ony tanamaýan ýok. Ol häzir raýonda ýeke-täk sünnet atamyş. Şonuň üçin başga oba äkidenlerinde, bäş-on oglany hatarlap ýatyrýarmyşlar. Toýly lök bolsa oglanlara seretmän, başlaýarmyş bir çetinden. Orak orýan ýaly sandyraýan päkili elini bulaýlap bir goýberýärmiş. Görseler, ähli zat bolmalysy ýalymyş. Toýly lök perişde ýaly adam welin, sandyrap ýörşüni görsem nebsim agyrýar. Adamyň soňy ýok-da, gyz. Garrasaň, sandan galýarsyň-da. Onsoň gideniňden gowusy ýok. Hut şu ýyl üç sany garry kempiriň ölümine janly şaýat boldum, gyz. Olary sizem tanaýarsyňyz. Biri Baba Permanyň ejesi Aýsoltan mama, ikinjisi, Toýly lökuň aýaly, üçünjisi, Myrry masadyň ejesi Gurbangül daýza. Şu üç garry özleriniň hojalyga ýükdügini, ýagdaýlarynyň gowulaşmajagyny bildiler-de, düşeklerine geçip, o dünýä ýol saldylar, iýmediler, içmediler: «Işdäm ýok» diýen boldular. Olaryňky dogrumy, nädogrumy, bilmedim, gyz. Ýöne bir zady-ha açyk bilýärin: bu dünýäde öýüňe peýdasyz, diňe ýük bolup ýaşamak iň uly betbagtçylyk. Men Hudaýjandan her gün saba dileg edýärin: «Eý, Hudaý jan, hysyrdanyp işläp ýörmäge rabgat ber, düşege baglama» diýýärin. Hudaýa şükür, işe ýarap ýörün, şunuň özi allanäme. Biziň goňşymyz Aýbölekleri-hä sen tanaýarsyň, gyz. Hudaý görkezmesin...

Mälikgulynyň aňynda bu mahal diňe bir pikir bardy. Ol hem: «Hangulynyň gürrüňini eden gyzy Almagül bolaýmasyn?!» diýen pikirdi, ýöne näme

üçin onuň ykbaly şeýle ters gelipdir?! Bibi daýza munuň aňyrsynda bir zadyň ýatanyny aýtjakdy welin, ýöne ony gep alyp gaçaýdy-da.

– Bibi daýza, Almagül gelnejäniň etmişiniň uludygyny aýtdyňyz-da, yzyny aýtmadyňyz – diýip, Mälikguly çaý içjek bolup säginen Bibi daýzadan sorady.

– Ony nä obada bilmeýän barmy? Bilmeýän bolsaň, ony aýdypjyk beräýerin – diýip, Bibi eje Mälikgula ýiti-ýiti seretdi. – Tüweleme, tüweleme, Ogulbäbek, uly ogluň çyraýy düzelipdir, ýerine gelipdir. Geçen sapar gelenimde, ogluň ýüzi ýah ýalydy. Tüweleme, häzir allanäme.

Daşarda kimdir biri ardynjyrady, soňam gygyrdy:

– Mälikguly, aý, Mälikguly.

– Wiý, geldi ol-a. Geler diýip göwnüme-de geldi. Göwnüme gelşi ýalagam boldy. Allaberdi agaňyz meniň yzymdan gelendir. Ýanynda bolmasam rahatlygy ýokdur onuň. Erkek garrasa, yşanyň, aýalsyz ýeke salkynam oňup bilmez.

– Mälikguly, oturanmysyňyz? – diýip, Allaberdi uzyn gapydan boýnuny uzatdy. Endigi boýunça dilini çykardy. – Mälikguly, «Gezegen iki öýi weýran eder» diýýärler, Hudaýa şükür, meniň gezegenim weýran edýänlerden-ä däl, ýöne özüni garaşdyrýanlardan. Sesi-hä sizden çykdy.

– Ynha bardym – diýip, Bibi daýza howul-hara turmak bilen boldy.

– Mälikguly inim, menden saňa bir maslahat. Öýlenseň seýkin-seýkin ýöreýän gyza öýlengin, çalt ýöreýän gyzlar gyňyr, soňy bilen ärine höküm-

dar hem Bibijemal gelnejeň ýaly köp gürleýän bolýandyrlar. Wah, bu barada ata-babalarymyz birgiden pähimi goýup gidipdirler welin, ony unudaňkyrlap barýarys, şoňa gynanýan – diýip, Allaberdi aga dilini çala çykardy.

– Ynha-da, Ogulbäbek, peýwere oturyp, gürleşjek, çaýlaşjak gümanyň ýokdur. Hökman bir zat tapylýar. Sag oturyň, bir nesibeli güni sizde ýazylyp-ýaýrap oturasym-a gelýär.

## Gar näçe ýagsa-da, ýaza galmaz

Berdimuhamet mugallymdan her aýda hat gelýärdi. Geldi mys-mysyň oglunyň ýowuz habaryndan soň welin, hat gelmesi kesildi.

Bir aý geçdi.

Soň ýene bir aý geçdi.

Geçdi, ýöne örän kyn, hunabaly geçdi.

Suhanberdi arada Mälikgulynyň ýüregine jüňk bolan bir söz aýtdy: «Hat gelmeýän bolsa, gowulykdyr. Bu Berdimuhamet mugallymyň janynyň saglygynyň subutnamasy. Sebäbini düşündireýin. Eger esger ýogalsa, ýa dereksiz ýitse, hökümet hökman ýogalanyň hossarlaryna hatyň ýazylmagyny talap edýär. Özem ol bir hepdä ýetirilmän ýazylmaly. Bir hepdeden ýekeje minut gijä galsa-da, degişli adamlara berk käýinç berýärler. Size gara hat geldimi? Gelenok. Diýmek, Berdimuhamet mugallym sag. Hökümet onuň hat ýazmaýandygyny bilýän däldir, bilse, özi ýazdyrar. Hökümet şeýle, inim. Kakaň iki ýagdaýda hat ýazman biler. Birinjisi, daşary ýurda içaly hökmünde iberilende hat ýazyp bilmez. Ikinjisi, agyr ýaradar ýagdaýda ýazyp bilmez. Diýmek, seniň kakaň ýaradar bolmaly. Ol bäri bakan dessine size hat ýazar. Ynha, seret-de duraý. Meniň aýdanym çyn bolup çykar. Onsoň ýene bir zady aýdaýyn. Näme üçin kakaň sagalar diýýärin men?!

Men muny saňa göwünlik bermek üçin däl, hakykat hökmünde aýdýaryn. Näme sebäbe görä?! Eger biri agyr ýaralansa, şonuň diri galjakdygynyň ýa öljekdiginiň görkezijisi üç gün. Eger näsag üç günläp ölmese, bu onuň ýaşajakdygynyň, ýarasynyň gutuljakdygynyň alamaty. Seniň kakaň ýaradar bolanyna üç günden köp geçdi».

Mälikguly Suhanberdiniň bu sözlerine ynandy.

Öň Nury gök atly poçtalýon görünse, öňünden ylgap çykylýardy. Ondan diňe gowy habarlara garaşylýardy. Indi welin Nury gök görünse, ähli kişä ol ýowuz habar getirýän ýaly görünýär. Ol göründigi Mälikguly onuň her bir hereketini synlap ugraýar, onuň her bir hereketinden many tapjak bolýar. Onuň ýüzi gülüp durmy ýa ýüzi salykmy?

Kakasyndan hat gelýärkä, Nury gök Mälikguly bilen salamlaşyp, ondan-mundan gürleşýärdi. Hat gelmesi kesileni bäri onuň bolşy üýtgäýen ýaly duýulýar.

Soňky günler Mälikguluda bir müňkürlik döredi: «Belki, kakamdan gara hat gelendir. Ony Nury gök kolhoz başlygyna berendir. Başlygam oňa gara hatyň gelendigini hiç kime aýtma diýip berk tabşyrandyr. Mody başlyk: «Mälikguly dagy, goý, bir günem bolsa umytly bolsunlar» diýýändir. Şu pikir bilen Mälikguly Nury gök gelende oňa şübheli seretdi. Nury gök ony ylla görmeýän ýalydy. Salamlaşanda-da sowuk salamlaşýardy. Göýä bir gaty möhüm işi bar ýalydy, gaty-gaty ýöräp gidýärdi.

Bir gezek Mälikguly Nury gögüň yzyndan ýetdi:

– Eý, dogan, saklan!

– Eýgilikmi?

– Sen menden hiç zat gizlemän göni aýt.

– Nämäni?

– Erkek bolup hakykaty aýt. Sen ähli zady bilýän bolmaly. Bilip aňyrsyna-da geçýän bolmaly. Ejem ýa Mody başlyk saňa: «Mälikgula hakykaty aýtma» diýdilermi?

– O nämäniň hakykaty?

– Mönsüreme-how, mönsüreme. Erkek bolsana. Kakamdan gara hat haçan geldi? Sen ony kime berdiň?

Nury gök uludan bir dem aldy, soňam kybla ýüzüni öwürdi:

– Gurhandan ant içýärin. Kakaňdan gara hat gelenok.

Mälikguly ynandy:

– Indi saňa ynanýaryn.

– Men saňa bir zat aýdaýyn.

– Aýt.

– Eger biri ýogalsa, şol gün frontdan hossarlaryna gara hat ugradýarlar.

–Suhanberdem şeýle diýdi öz-ä...

– Özem ugradylýan hatlaryň ýekejesem ýolda eýläk-beýläk bolmaýar, ýitmeýär. Sebäbi berk gözegçilik edilýär. Ýeke haty ýitiren adamy göni türmä basýarlar. Seniň kakaňdan ýagşydan-ýamandan habar ýok, kakaň diri bolmaly. «Kakam ölendir» diýen gorkyny kelläňden aýyr. Biz-ä saňa meňzemäge çalyşýarys, müzzerseň, ejizleseň, soň biz nädeli?

– Ber eliňi! – Mälikguly Nury gögüň elini berk gysdy. – Sag bol, dogan. Sen maňa teselli berdiň. Ynan, göwnüme her hili mojuk-mojuk gorkular geldi.

Her hepdäniň duşenbe güni Nury gök Akmyrat takyr bilen furgonly gidip, raýon merkezinden kolhozyň poçtasyny alyp gelýär. Ol garaňky düşüberende gelýär. Muny kolhozda bilmeýän ýok, hemmeler bilýär.

Nury gök getiren poçtasyny şol gün däl-de, ertesi, birigüni öýme-öý paýlap çykýar. Ol diňe bir kolhozyň däl, üç kolhozyňam poçtalýony.

Hiç kimiň poçtalýon bolup işläsi gelenok. Sebäbi soňky günler gara hat köp gelýär. Şol betbagtlygyň sebäpkäri ylla sen ýaly bolýarsyň. Nury gök ýedinji klasda okaýar. Öň onuň kakasy Sapar ýemşik poçtalýondy. Ol arza berip urşa gitdi. Adamlar üýşüp gelip kakasynyň işini Nury göge tabşyrdylar. Ýöne ol başlyk bilen gepleşipdir, gara hat gelse, ony başlyga tabşyrýar. Nury gögüňem bar arzuwy fronta gitmek. «Men gitsem, urşy derrew tamamlaryn. Onsoň gara hat gelmez» diýip, ol ejesine düşündirýär.

Nury gök gara hatlary sumkasynyň bir ýerlerinde gizleýär. Çömmekdepäniň deňinde öňünden çykanlara ol frontdan gelen hatlary paýlaýar. Hatlary alan oglanlar begenýärler.

– Urra, kakamdan hat geldi!

– Agamdan hat geldi!

Çömmekdepäniň üstünde hata garaşýan oglanlar aýsaýyn azalýar. Başda depede otuz-kyrk oglan oýnardy. Ol oglanlar häzirem bar, häzirem oýnaýarlar. Ýöne duşenbe güni Nury gögüň raýon merkezinden geljek uçurlary olar saýpallaşýar. Her kim bir bahanajyk bilen depeden gidýär. Sebäbi olar gara hat alanlaryndan soň, hata garaşanoklar.

* * *

Tomsuň ikinji aýy hem paýawlap ugrady. Howa bu günem jazyrdadyp barýar. Suwa düşeýin diýere derýada-da suw ýok.

Giçlik on-on iki sany oglan Çömmekdepä geldi. Olar kakalaryndan hata garaşýan oglanlar.

Ýene sähel salymdan Nury gök Akmyrat takyryň furgonynda poçta getirmeli. Oglanlaryň oýun bilen weji ýokdy. Olaryň ählisiniň nazary Tejene gidýän ýoldady. Depäniň üstünde howur gatyşykly agyr şemal ösýärdi.

Bu şemal Mälikgulynyň öňem rahat bolmadyk ýüregini, näme üçindir, gozgalaňa saldy. Ähli oglanlar oturanam bolsa, Mälikgulynyň oturasy gelmedi. Içi-içine sygmaýan ýalydy. Bu bir howpuň alamaty. Bu şum habaryň alamaty bolmaly. Ynha, görersiň, Nury gök maňa ýene hatyň ýokdugyny aýdar. Gara hat bolsa sumkasynyň aşagynda ýatandyr. Ol ony Mody aga eltip berer. Onsoň Mody aga Goçgar aga bilen öýe barar. «Mert boluň!» diýer. Mälikgulynyň ýüregi agzyndan çykyp barýan ýalydy. Ol eýläk-beýläk ýöredi.

– Gelýär! – diýip, oglanlaryň biri seslendi. Sähel wagtdan beýleki oglanlaram bu pikiri tassykladylar:

– Gelýärler!

Mälikguly ýola seretmedi. Oňa seretmegiň zerurlygy ýokdy. Ol şonsuzam furgonyň gelşini öň köp gördi. Öňde oturan Akmyrat takyrdyr. Furgonyň nowasynda bolsa Nury gök içi gazetdir hatpetekli sumkasyny gujaklap, aýaklaryny uzadyp, irkiljiräp oturandyr.

Ýok, ol bir möhüm habar aýtjaga meňzeýär: furgonyň üstünde dik dur ol.

– Mälikguly, kakaňdan hat geldi-i! Buşluk! Kakaň diri! – diýip, Nury gök furgonyň üstünde bökjekledi.

– Kakam diri! – Mälikguly ellerini galgadyp gygyrdy. – Kakam jan diri. Hudaý jana döneýin. Hudaý bizi ýalkady. Hudaý jan mynajatymyzy eşitdi. – Mälikguly depeden bökejem atdy, ok ýaly bolup furgona bakan atylyp gitdi. Onuň yzyndan bolsa deňi-duşlary eňdi.

Begençden ýaňa Mälikgulynyň gözlerinden boýur-boýur ýaş akýardy. Ol Nury gögüň beren hatyny bagryna basdy, öýüne ylgady.

Şol gün öýde uly şatlyk-toý boldy. Haty üýşüp okadylar.

*Salam haty*

*Kim men diýende ara daşlykdan, ýürek ýakyndan Türkmenistanyň Kirow raýonynyň gum içindäki Stalin obasynda sag-gurgun ýören Annaýewleriň maşgalasyna Berdimuhamediň tarapyndan köp-köp dogaýy salam bolsun. Berdimuhamet biraz ýaramaýanlygy sebäpli hat ýazmagy menden haýyş etdi. Berdimuhamediň aýdanlaryny men – ýagny Gurbanmuhammet diýen dosty kagyza geçirýärin.*

*Berdimuhamediň tarapyndan maşgalama köp-köp dogaýy salam bolsun. Goňşy-golamlara-da, obadaşlara-da salam bolsun.*

*Ogulbäbek, nähili ýagdaýlaryňyz? Içeri saglyk-gurgunlykmy?*

*S.S.S.*

*Özüm hakda aýtsam, söweşde ýeňil ýaralandym. Şonuň üçin iki aýlap hat ýazara mümkinçiligim bolma-*

*dy. Lukmanlar: «Biraz dynjyňy al – diýýärler.— Öýüňe baranyňda niräňden ýara düşendigini bilmez ýaly etmek biziň bilen, ýöne biziň aýdanymyz bilen bol». Onsoň men olara garşy çykjak bolup duramok. Aý-gün diýeniň çalt geçýär. Indi ýagdaýym gowy boldy. Hiç hili gorkuly zat ýok.*

*Mälikguly, oglum, saňa kyn düşýändigini bilýärin. Ýöne sen çydamly, juwanmert ýigit. Sen gaýrat etmelisiň. Başyňy alyp durýan zat ýok, Enşallasa, bu agyr günlerem geçer gider. Hudaý bizi şeýle agyr güne salýan bolsa, deregine has eşretli günleri berjekdir. Hudaý bir zadyňy alyp ýerine başga bir zat berýär. Ynha, biziň bu gören horluklarymyzdan soň eşretde ýaşajak wagtymyzam uzakda däldir. Mälikguly, men saňa bil baglaýandyryn. Hojalygyň ähli işine ýetişjek bol. Ejeňe kömek et! Agyr iş etjek bolsa: «Eje, özüm ederin. Siz arkaýyn oturyň» diý. Ejeňi gora. Hoş onda, sag boluň. Salam bilen kakaňyz.*

*4.07.1944 ý.*

Hatyň soňunda Berdimuhamet mugallymyň öz eli bilen ýazan: «Siz meniň ömrümiň manysysyňyz» diýen ýazgysy bardy.

Mälikguly rahatlandy. Dünýäsi giňedi. Dünýäsi süýjedi.

– Eje jan, kakam her hatynda siz hakda ýörite ýazýar. Şonda-da mydama agyr iş edýärsiňiz, siz özüňizi aýaň. Siz diňe bize: «Arma!» diýseňiz bolýar. Ähli işi özüm ederin. Men ýadamogam. Biz hor bolmarys.

– Sen barkaň men arkaýyn, oglum – diýip, Ogulbäbek eje ogluna guwanç bilen bakdy.

## Akyl sandyklary

Oba ýaşululary her gün agşam biriniňkä ýygnanyp, ondan-mundan degdim-gaçdym söhbet edýärler. Her gün edilse, göräýmäge, edere gürrüň gutaraýjak ýaly. Ýok, gutaranok, näme gutarsa-da, edere gürrüň tapyljak durjak eken. Ýygnanyşmak üçin obada bir bahanajygam tapylyp dur. Asyl her gün agşam duşuşmak üçin bahana-da tapylmajak ýaly. Ýok, tapylýar, näme gutarsa-da, bahana gutarmajak eken. Kerosin çyranyň öçügsi yşygyna edilýän söhbetler giden bir mekdep. Ondan öwrenere zat kän. Mälikguly özünde ýakymly täsir galdyran täze rowaýatlaryny, tymsallaryny depderine ýazyp almagy endige öwürdi.

Ol soňky bir aý bäri ýaşulularyň ýygnanyşyklaryna seýrek barýar. Onuňam sebäbi Mälikguly agşamlaryna nahardan soň, kakasynyň akyl sandyklaryndaky kitaplary, depderleri okaýar. Ejesi bilen doganlary wagt birçene barýança ony diňleýärler.

Soňky bir hepde bäri Mälikguly sandykdaky kakasynyň gök depderlerinden okaýar.

Gök depderler Berdimuhamet mugallymyň ýedi arkasy hakdaky söhbetler.

Mälikguly bir ýyldan gowrak wagtyň içinde bu depderleri öňem iki-üç gezek okapdy hem eýýäm ýatdan bilýärdi.

Onuň aýratyn okaýan depderlerem bardy. Ol depderler türkmenleriň geçmişi, harby sungaty, harby esbaplary, düzgün-nyzamlary bilen baglanyşyklydy.

Onuň bu gün agşamky okamaga başlan ak depderi «Türkmenler we olaryň harby gurluşy» diýlip atlandyrylýardy.

Depderçäniň soňunda «Dowamy ýüzüne «№57» diýlen san belgisi goýlan ak depderde» diýen ýazgy bardy.

Mälikguly №57 san belgili ak depderi hem sandygyň içinden dörüp tapdy.

Türkmeniň taryhy bilen baglanyşykly maglumatlary Mälikguly uly höwes bilen okaýardy. Bu maglumatlar giden bir ummandy. Ýöne Mälikguly köplenç, şejere daragty hakda öýdäkilere okap bermeli bolýardy.

Ýene onuň daşyna üýşdüler.

Şejere hakdaky ýazgylar öýdäkilerde her gezek diňlänlerinde täzeçe täsir galdyrýar. Şejere daragtynyň ählisine bir mahsus aýratynlyk bar. Ol aýratynlyk hem ählisine döwletlililik, halallyk, ýatkeşlik, zehinlilik, il-günüň bähbidini öz bähbidiňden, ähli zatdan ileri tutmak, geçirimlilik ýaly sypatlaryň muwapyklygynda.

Mälikguly Anna aganyň ömür ýoly hakdaky depderi eline aldy. Öten agşam Pyhy beg hakda okalypdy.

Depderiň sahabynda:

*«Annamuhammet Gök»*

*(1868–1904)*

*Ýazylan wagty 27.06.1920 ý.»*

diýen ýazgy bardy. Ýazgy jezitçedi. Şol döwürde ähli ýerde jezitçe ýörgünlidi.

Arap elipbiýini bilensoň, jezitçäni öwrenmek Mälikgula o diýen kyn düşmändi.

Depder Anna aganyň doglan güni bilen baglanyşykly wakalardan başlanýardy. Onuň hakyky adynyň Annamuhammetdigi, bu ady hemişe kakasy bilen ejesiniň tutandygy, ýöne deňi-duşlarynyň arasynda Anna adynyň ýörgünli bolandygy aýdylýardy.

Depderdäki wakalary, ýedi arka baradaky maglumatlary kim gürrüň berýär? Mundan bir asyr, iki asyr öň bolan wakalaram edil ýanynda durup gören ýaly gürrüň berýän ozanyň kimdigi Mälikgulyny gaty gyzyklandyrýardy. «Kakam bolaýmasyn? – diýip ol oýlanýardy. – Kakam atam hakda eşidendir. Ýöne ýedinji, altynjy arkasy baradaky şeýle takyk maglumatlary nädip bilsin? Ýedinji, altynjy arkalar baradaky depderlerdäki poçerk hem kakamyňka onçakly meňzänok». Soňky üç arka baradaky depderlerdäki ýazgylary Mälikgulynyň kakasynyň ýazandygy belli. Mälikguly kakasynyň jezitçe, latynça, krilçe poçerklerini gaty gowy bilýär ahyryn.

Ýedi arkany kimdigi belli bolmadyk bir ozan gürrüň berýär. Ol käbir ýönekeýje wakalaram şeýle aýdyňlygy bilen beýan edýär. Okaýarsyň welin, ozan şu adamyň ýanyndan bütin ömrüne ýekeje günem aýrylmandyr-ow diýdirýärdi.

Anna aga babatda-da şeýle. Onuň remezan aýynyň üçünji annasy güni gije dünýä inendigi, şol gün Gök serdaryň mal yzyndan çöle gidendigi, iki günden soň gelende Kakow atly on iki ýaşly goňşy

oglanyň buşlandygy, oňa bir öweç söýünji berlendigi, çaganyň horjadygy, göbegenesiniň Gyzylgül diýen garry mamadygy, iki günläp toý tutulandygy, Amangeldi bagşynyň iki günläp joşup-joşup aýdym aýdandygy, at çapyşygynda bolsa Atow keliň atynyň çykandygy giňişleýin täsirli gürrüň berilýär.

Annanyň dört ýaşy dolanda baharda gyzamyga ýatýar. Kösenmek kösenýär. Bir gysym bolup galýar. Üç günläp uklap bilmeýär. Gyzamygy aňsat çyksyn diýlip öýüň içine gyzyl matalary asyşdyran ekenler, Anna-da gyzyl eşik geýdiripdirler. Şonda Gully Mommak diýen ozan-şahyr gelip, oglanyň gapdalynda oturyp, iki sagat çemesi gyjak çalýar. Iki sagat geçensoň, Anna öl-myžžyk bolup derleýär, uka gidýär. Onuň eşigini çalyşýarlar. Saz Annany rahatlandyrypdyr, gyzamyk süňk ýaryp çykypdyr.

Üç günläp oňly uklap bilmedik oglanjyk agyr uka batypdyr. Uzynly gün ýatypdyr.

Gök serdaryň Akhal atly dor aty bar eken. Ol birki gezek kişňände Anna ukudan oýanypdyr.

– Akhal, Akhal – diýip, Anna ysgynsyz seslenipdir.

– Oýanaýdyňmy, oglum? – diýip, Gök serdar oglunyň gyzamykdan turanyna begenipdir. – Ýör, men seni Akhala mündüreýin. Göwnüň açylar.

Baý ogluny ata öňem mündürýärdi. Şonuň üçin ol ogluny göterip ata gypynçsyz mündürýär, eline-de gamçy berýär.

Gök serdaryň garaşmadyk ahwalaty bolýar. Ysgynsyz Anna birden güýç-gaýrat gelýär, ol basýar ata gamçyny.

Akhal düşüş: gamçy urulmagy – çapmaly diýildigi. Ol düw gidýär, sähel salymda hem gözden ýitýär.

Gök serdar gygyryp zowzuldaberýär:

– Haý, saklan! Annamuhammet, jylawy çek, jylawy! Ýykylaýma. Gorkma!

Müçesi kiçi bolsa-da, atyň üstünde gunt düşen ýaly oturan Anna jylawy çekjek bolanokdy, gaýtam ony doly goýberipdi.

Ýykylmady.

Gorkmady.

Gaýtam göwni göterildi.

Gök serdar: «Oglum, ynha, häzir geler, ol aty birinji gezek münenok. Öňem köp mündi ahyryn. Biraz şemallasy gelendir onuň» diýip özüne teselli beripdir. Bir sagat garaşýar, iki sagat garaşýar, üç sagat garaşýar. At-da gelenok, ogul-da. Baý galýar bir ünjä.

Ol atbakary bilen gözlege çykýar. Annanyň giden tarapyna at salýarlar. Öňlerinden çykandan: «Bir atly oglanjygy görmediňizmi?» diýip soraýarlar. Görenler: «Gördük, ol daga bakan ýüzin salyp gitdi» diýýärler.

Daga çenli gidýärler. Daga çenlem, ep-esli aralyk bar. Dagyň jülgelerini, zawlaryny dörüp çykýarlar. Hiç ýerden Annany tapmaýarlar.

Garaňky düşýär.

Ýarygije bolýar.

Annamuhammet ýok.

Belki, öýe barandyr diýen inçe tama bilen dolanýarlar. Öýde-de ýok.

Ertesi ertir Akhal gelýär, üstünde Annamuhammet ýok.

Akhal Annamuhammedi alyp gaýdyp bilmändir, öý eýesiniň yzyndan gelipdir. Maksady Annamuhammediň nirededigini görkezmek. Gök serdar dilsiz janawara düşündi.

– Dirimi? – diýip, Gök baý atyň alma ýaly tegelek owadan gözlerine seredýär. Hiç hili many alyp bilmän ata atlanýar, Akhalyň jylawyny goýberýär.

Akhal öňden barýar. Gök baý birki sany dogan-garyndaşy bilen atlaryny daýradyp barýarlar.

Gitdiler.

Uzak gitdiler.

Ine, Altyýabyň dagyň jülgesi bilen uzap gidýän Çüli çeşmesi. Gapdalyndan gider ýaly ýodajyk bar.

Çüli çeşmesiniň iki kenary çynarlara bürenip otyr. Bu ýerleriň howasy hoşnema, salkyn.

Akhal aýak çekdi.

Diýmek, Annamuhammet şu ýerden uzakda bolmaly däl.

Eý, Hudaý jan, oňa näme bolduka?! Uzak gijäni ol bu adam-ebtatsyz ýerde gorkman nädip geçirdikä? Bir gurruga gaçan bolaýmasyn? Jany beri sagmyka? Oňa bir zat bolandyr. Ýogsam, ol öýe barardy. Akhal ony taşlap ýöne ýere öýe baran däldir. Bir betbagtçylyk gopandyr.

Gök serdaryň serine her hili ýaramaz pikirler kömeji gozgalan arylar deýin hüjüm edýärdiler. Näme üçindir, ýaramaz pikirler ýagşy pikirlerden mydama rüstem gelýär. Baý hem ogly babatda nijesar gowy pikirde bolmak islese-de, ýaramaz pikirler ony teý öz gününe goýanok, haýasyzlyk bilen birsyhly hüjüm edýär.

– Annamuhammet, aý, Annamuhammet!

Ses-üýn ýok.

Annamuhammediň «Kaka!» diýip gygyrmaga mejaly ýokdur. Gürrüňsiz şeýledir.

Gök serdar atdan düşüp ýöräp ugrady. Atyň ýanynda duran üç ýegenine: «Siz şu ýerde duruberiň. Men ony häzir tapyp getirerin» diýip, ýeke gaýtdy, yhlas bilen töwerek-daşdan ogluny gözledi.

Bu ýerde möjek köp bolmaly. Turan gaplaňyny görenlerem bar.

Gök serdaryň uzak ýöremänkä, nazary keramatly hasaplanýan gara öý ýaly bolup duran Pardaşynyň üstündäki äpet kepjebaşa sataşdy.

Ol bir zad-a edýär.

Ol asyl süýnüp ýatan Annanyň başujunda dur-a.

Kepjebaş Annany çakyp öldüren bolmaly. Indem bu meniň awum diýip, ony goran bolup durşudyr.

Asyl kepjebaş Annanyň ýüzüne gonmakçy bolýan siňekleri ýeke-ýekeden «awlap» duran eken.

Etjegini edensoň, Annanyň ýüzüne gonýan siňekleri «jik-jik» etdirip, awlap durmak nämä gerek bolduka?!

Ýylany nädip kowup bolar?

Ony öldürmeli!

Hökman öldürmeli!

Gök serdar kepjebaşyň kellesini almak üçin gylyjyny gynyndan sogrup aldy.

«Annamuhammet diri bolaýmasyn?» diýen gyldan inçe tama Gök baýyň aňynda peýda boldy. Şonuň üçinem ol: «Annamuhammet, aý, oglum, Annamuhammet!» diýip birki ýola gygyrdy-da, öňe okduryldy.

Kepjebaş özüne tarap atylyp gelýän Gök baýa tarap seretdi, birdenem gürüm-jürüm boldy.

– Annamuhammet, aý, Annamuhammet!

Anna, hakykatdan hem, uklap ýatan ekeni. Ol gözlerini owkalap keremara dikeldi.

– Annamuhammet, sen dirimi? – diýip, baý bir bökende oglunyň ýanyna bardy, ony garsa gujaklady.

Anna hiç zat bolmadyk ýaly gerinjiräp, ýylgyrjaklap dur.

Oglanyň bu hokgasy üçin başga bir ýagdaý bolanda gulaktozuna ýelmemeli. Gowy ata-da gamçy gerek. Gowy ogla-da has gowy bolmagy üçin taýak gerek.

Ogul taýak iýmän gowy ogul bolmaz.

Gök baý ogluny urmakçydy, ýöne dem salym mundan öň kepjebaşyň Annamuhammediň ýüzüne gonan siňekleri awlap, gondurman, rahatlygyny bozdurman durşy el götermekden saklapdy. Kakasynyň: «Biziň neberämiz bihal nebere däldir. Biziň neberämiziň her biriniň arkasynda bela-beterden goraýan ýörite perişde bardyr. Humaý guşy depämizde pelpelläp durandyr. Onuň birimiziň depämizden gonjagy – han göterjegi, abraýa galdyrjagy oraşan» diýen sözlerini ýatlady. Gök serdar «Humaý atly döwlet guşy oglumyň depesinden gonjakdyr» diýip oýlandy.

– Janyň sagmy, oglum?

– Sag, kaka.

– Ýör onda öýe gaýdaly.

– Akhal ýog-a?!

– Bar, bar, sen ony alada etme. Akhal saňa, hana, garaşyp dur.

Gök baý bu ahwalaty hiç ýerde aýtmaly däl diýen karara geldi. Bu kararynda-da durdy. Ony ýany bilen gelen üç sany ýegeni-de görmedi. Baý ogluna şeýle diýdi:

– Oglum, seniň ölmäge hakyň ýokdur!

Anna bu sözüň hikmetine düşünmedi:

– Nämä hakym ýok, kaka?

– Seniň ölmäge hakyň ýok, oglum. Sebäbi sende üç kişiniň ömri bar.

– Haýsy üç kişi?

– Haý, oglum, sen entek muňa düşünmersiň. Ulalaňda düşündirerin.

Dogrudanam, Annamuhammet kakasynyň sözüne düşünmedi.

Ol dünýä inmezden burun, baýyň iki ogly durmandy. Baý, ana, şol iki oglunyň ýaşamadyk ömrüni hem Annamuhammediň ömrüniň üstüne goşýardy. Türkmençilikde ýogalan çaganyň ömri, bagty, rysgaly soňky doglan çaga geçermiş diýilýär. Onsoň bimahal ýogalan çaganyň, adamyň gözi açyk gidermiş. Şol ýogalan çaganyň, adamyň ömrüni onuň neberelerinden biri mynasyp dowam etdirse, ana, şonda merhumyň gözleri ýumulýarmyş.

Annamuhammet entek çagalykda ýogalan şol iki doganynyň ömürlerini-de ýaşamaly, olaryň döwletine-de eýe bolmaly, iki doganynyň – merhumlaryň dowamatdan razy bolup gözlerini ýummaklary üçin çalyşmaly.

Şol wakadan soň Annamuhammet bilen baglanyşykly köp howply-hatarly wakalar bolýar. Her gezek «Annamuhammet ýogalypdyr» diýip elew-

ränlerinde, kakasy kepjebaşly wakany ýatlap, gaty arkaýyn jogap berdi:

– Gorkmaň, meniň ogluma hiç zat bolmaz.

Ak patyşanyň ganojaklary Gökdepä çozuş edenlerinde-de howply pursatlar, ajal bilen ýüzbe-ýüzlük birnäçe gezek bolýar.

Annamuhammet bir gezek özi ýaly on-on iki ýaşly dört oglan bilen günortanlyk edinýän ganojaklaryň tüpeňlerini alyp gaçypdyrlar.

Oglanlaryň eli tüpeňli gaçyp barýanyny gören bir esger alagoh turzupdyr. Muňa goşun dergazap bolupdyr. Oglanlaryň yzyndan ok atmak atypdyrlar. Diňe bir top okuny atmak galypdyr şonda. Dünýäň okuny atypdyrlar.

Çabga ýaly guýulýan oklaryň aşagyndan diňe iki oglan gaçyp gutulypdyr, şolaryň birem Annamuhammet eken.

Annanyň çolarak meýdan görüp, ýaňy ýazylyp-ýaýrap oturan bir uly çinli ganojagy iki sany alabaýa daladyşy hakynda-da köp gürrüň etdiler.

Anna ýaşlykdan zehinli hem ýatkeş eken. Onuň her hili çylşyrymly sanlary aňynda gysga wagtda hem goşup, hem aýryp, hem köpeldip bilşine adamlar haýran galypdyrlar. Ol obada mollada epdegi gutarypdyr, soň Aşgabadyň tuzem mekdebinde okapdyr. Özem mekdebiň iň ökde okuwçysy hökmünde ýoldaşlaryndan saýlanypdyr. Ol ökde sazanda-da bolupdyr. Özem çepbekeý eken. «Çepbekeýiň çemi bolmaz, eden işiniň kemi bolmaz» diýleni dogry. Onuň eden işiniň kemi bolmandyr.

Anna bütin ömrüni Yzgantda geçiripdir. Obanyň atly baýy bolupdyr. Özem ol gaty döwletli, abraýly

baý bolupdyr. Onuň döwleti näçe harç etse-de egsilmändir. Ýogsam, Gökdepäniň ýaşlarynyň köpüsiniň Peterburgda, Moskwada, Daşkentde okap, ýokary bilim alyp gelmegi üçin harjyny öz üstüne alyp, pul baryny döküpdir. Ol Gökdepäniň obalaryna aýlanyp, zehinli, üşükli oglanlary gözläpdir. Olary tapybam, ata-eneleri bilen gepleşip, ylalaşyp, okuwa ýollapdyr.

«Annamuhammet baý, sen soňundan özüňe bir apbasy-da nepi bolmajak bu oglanlary okuwa ýollap ýörsüň. Sen mundan häzirem, soňam peýda görmejegiňem bilýärsiň. Beýdip bipeýda oglanlara pul harçlap ýörşüňe jüt galmagyňdan heder edeňokmy?» diýip ondan ýerli baýlar sorapdyrlar. Annamuhammet gaty arkaýyn jogap beripdir: «Ýigitler, hemme zatdan, her bir eden işiňden nep gözläp ýörmeli däldir. Halkyň ertirki gününiň hem aladasyny etmeli. Adamyň haýyr-sahawatam bolmaly ahyryn». «Halkyň ertiri üçin ýanyp-bişmek bize galypmy indi?». «Ýigitler, sen ýanmasaň, ol ýanmasa, arasynda kimdir biri ýanmaly bolar-a. Şol ýanan, goý, men bolaýyn. Hudaý ýüregime zehinli oglanlaryň okamaklary üçin harjyny çekmegi salypdyr. Menem ýüregimiň emri bilen, oglanlara hemdem bolýaryn. Berýänem Hudaý, alýanam Hudaý. Baýlygym ýaramaz zada harç bolanok, diňe gowy işlere harç bolýar. Şu iş üçin jüt galsam gynanmaryn. Onsoňam wagt – aýna. Ol ähli zady görkezer» diýip, Annamuhammet sypaýy jogap beripdir.

Annamuhammediň harjyny göterip okadan oglanlarynyň sany altmyş üç bolmaly. Olar bu gün abraýly işlerde işläp ýörler. Olaryň arasynda meşhur alymlar, hünärmenler hem kän.

Anna aga ýogalanda, okadan oglanlarynyň ikisinden özgesi (ol ikisi şol wagt Moskwada eken, olar diňe merhumyň ýedisine gatnaşmaga ýetişdiler) üýşüp geldi. Olaryň ählisi öz howandarlarynyň başujunda oturyp, hünübirýan gözýaş dökdüler. Tabydyny hem obadaşlaryna ýetirmän, özleri gezekleşip göterdiler.

Anna aganyň ömründe nähili sogap iş edendigi şol gün has açyk duýuldy. Adatça, mazarlykdan gaýdyljak pursady merhumyň nähili adam bolandygy soralýar. Şol gezek «Annamuhammet baý nähili adamdy?» diýlip soralanda adamlar: «Gowy adamdy, gaty gowy adamdy!» diýşip özlerine erk edip bilmän aglapdyrlar.

Türkmençilikde «ýedi arka» diýen düşünje bar. Bu düşünjäniň many hikmeti hüjre-hüjre. Şol hüjre-hüjre pikirleriň biri ýedi arka Allatagalanyň öz bendelerinden hasabat geçiriş çägi diýen pikir. Allatagala bendesiniň ömrüniň dowamynda eden ýagşy-ýaman işleriniň hasabatyny ýöredip, mizan terezisinde saldarlap otyr. Ýagşy işleri etseň ýalkanarsyň, ýaman iş etseň, jezaňy çekmeli bolarsyň. Ýöne Allatagalanyň bir bendesiniň eden etmişiniň jezasyny käte göni özünden däl-de, soňraky nebereleriniň birinden almagy mümkin. Ýöne ol jezalandyryş ogluň, agtygyň, çowlugyň, ýuwlugyň, gowulygyň biriniň çekmegi mümkin, jezasyz galmajagy-ha hak. Seniň etmişiň jezasy sekizinji arka ýetirilmän, ýedi arkanyň çäginde alynýar. Käte «Betbagtlyk yzly-yzyna gelýär» diýilýär. Betbagtlygyň yzly-yzyna gelmegi seniň haýsydyr bir geçen ata-babaň üçin jezany çekmeli bolýanlygyň üçindir.

Ýagşylyk, haýyr-sahawat miwesiz bolmaýar. Bu zatlar üçin hökman ýalkanarsyň. Hasapsyz zat ýok. Bu dünýä gelip, diňe halkyň hoşuna geljek, Hudaýyň hoşuna geljek gowudan-gowy işleri bitirmäge çalyşmaly. Ýagşylyk, haýyr-sahawat etmek – maksadyňa, bagta ýetmegiň basgançaklarydyr.

Anna aga ýedi arka gelýän şejeräniň ýoluny berk saklapdyr, ýedi arka baradaky bu pikire gulluk edipdir. Özi sebäpli nebereleriniň kösenmezlikleri, diňe ýalkanmaklary üçin jan çekipdir.

Depderdäki ýazgylar Annamuhammet baýyň men diýen ýaşda – otuz ýedi ýaşda, ogly Berdimuhamet entek üç ýaşyny-da doldurmanka, aradan çykandygy baradaky maglumat bilen gutarýar. Depderi bir gijede okap gutaryp bolanok. Ony her gezek iki gijede okaýarlar.

Anna aganyň terjimehaly hakda gaty gizlin bir syr bardy. Ol syr Anna aganyň terjimehaly bilen baglanyşykly iki sany depderiň gaty ýaşyryn saklanýanlygydy. Bir gezek Mälikgulynyň kakasy: «Bu iki depderde ýazylan zatlar biziň häzirki sowet düzgünimize dogry gelenok. Şonuň üçin bu depderlerde aýdylýan zatlary häzir biljek bolma. Wagty geler, ulalarsyň, ana, şonda okarsyň» diýipdi. Şonuň üçin ol depderde ýazylanlary her näçe bilesi gelse-de, Mälikguly ejesiniň, doganlarynyň ýanynda hiç zat aýdanokdy.

## Ýalkasaň – ýalkanarsyň

Ýazlag, ýaýla ata-babalarymyzyň ýylyň deň ýaryny geçirýän ýeri. Ol hem wagty, hem giňişligi birbada aňladýar. «Altysy ýazdandyr, altysy gyşdan» diýip dessanlarymyzda aýdylyşy deýin, eždatlarymyz üçin ýyl, iş ýüzünde, iki pasyldan ybarat bolupdyr. Wagtyň iki pasyl görnüşinde kesgitlenişi adam ömrüniň ölçegine-de giripdir: ýigitlik – ýaz, garrylyk – gyş.

Mälikguly tomusda «kümeçilik» diýlip atlandyrylýan ýazlagda – derýanyň aýagyndaky zoluň* kepellerinde – suwlary kepän tekiz meýdanlarda, kümäniň gapdalynda asmana bakyp ýatmagy gowy görýär. Onuň üçin böreň-böreň ýyldyzly asmany synlap ýatmagyň özboluşly bir lezzeti bar.

Gözleriň asmandaky sansyz ýyldyzlaryň gözlerine kaklyşanda, ýyldyzlaryň güýji kalbyňa dolýar. Asmanyň düzüm-düzüm ol gözlerinde – közlerinde (göz, köz – bir kökden, bir manydan bolmaly) bakylygyň şuglasy duýulýar, Mälikgulynyň göwni ýyldyzlara sary telwas urýar, çünki ýyldyzly asmanyň gözelligi bilen deňeşdireniňde, Zemin gözelligi juda sadalaçdy. Asman gözelliginde Ýeriň gözelliginde bolmadyk beýik ruhanalyk, ylahylyk bar. Ten – Ýeri küýseýär, ruh – Asmany. Asman diýmek belentlik diýmek ahyryn. Mälikgulynyň

göwnüne bolmasa, Asman gözelliginde özüniň geljegi ýazylgy duran, ony-da görmeýän ýalydy. Balyk çuňlugy, guş belentligi küýseýär. Ynsan kalby hem guş. Onuň telwasy Asmanda.

Suw kesilensoň, derýanyň zolunda hemem ýaýlyp ýatan giden tekiz kepellerde – meýdanlarda «gyzylçarwalylar» ýazlaga çykypdylar, gaýra – çöle tarap hataran egenlek çetenlerden küme dikipdirler.

Hatar kümeleriň aşak tarapynda ýaýlyp, şemalyň ugruna ylla tolkun atýan ýaly bolup ygşyldaşýan künjüler, çowdarylar gözýetimde asman bilen birleşýärdi. Bu günler künji orulýardy. Bu ekiniň oragy gaty ynjykdy. Muny çalgy, aňňaldyr maňňal bilen orup bolanokdy. Diňe orak ýa hürsak* bilen ormalydy. Özem desseleri dik tutmaly, aşak sallamaly däl. Biri orup, başga biri bolsa künji desselerini gujagy dolýança saklaýardy. Gujagy dolansoň, syryp-süpürip harman edilen takyr meýdança ugraýardy.

Meýdançada Ata gürmen dagy elleri ýanagaçly garaşyp durandyrlar. Dikligine göterilip getirilen künji desselerini başaşaklygyna tutarlar. Agzy açyk çaňňalaklardaky künji däneleri şagyrdaşyp döküler. Künji kakýançylar şondan soň öz işlerine başlar: başaşak edilen künji desselerine ýanagaçlary bilen kakyp ugrarlar. Özem desseleriň ähli çaňňalaklary gaçýança kakarlar. Şondan soňky gury çöp bolup galan desseleri desse sajynlarynyň üstüne oklarlar.

Çaňňalakly, gury ýaprakly künjüleriň çäjini almak üçin ilki iri göz elekden, soňundan uşakgöz

elekden geçiriler. Uşakgöz elekden geçirilen künjüleri ýörite peýmenlere* salarlar. Bir hepdäniň dowamynda agyzlary göjelen künjüli peýmenler giden meýdany tutup gözüňi dokundyrar.

Kümeçiligiň gaýrasynda otarda talaba gelen on-ýigrimi garry-gurtynyň, aýal-ebtadyň kümeleri görünýär. Inçekesel derdine ýolugan iki oral aýalyň kümesi biraz aýryrak. Olar ýörite terne gawun iýip, dertlerinden saplanmak üçin gelipdirler. Hakykatdan hem, her ýyl terne iýip, kesellerinden saplanyp gidýänler az däl.

Kolhoz kümeçiliginiň ýokarsy bolsa giden bakja ekinleri. Gawun-garpyzlar eýýäm bir biş aşypdylar, häzir ikinji bişdi.

Her ýylky deýin gawun-garpyz bu ýylam gaty bitginli.

Mälikguly inisi bilen her gün künji oragyna gitse, irden Ogulbäbek eje iki gyzy bilen düýe sagyp gelensoň, kak-sök taýýarlaýarlar.

Mälikguly inisi bilen künji oragynyň daşyndan ejesi daga hem kömekleşmeli bolýar. Sebäbi kaklary sermek üçin çaty gerek, serme gerek. Şonuň üçinem Mamur oýuň daş-töweregindäki ýylgynlykdan inisi bilen üç gezek hersi bir arka egenlek-çeten getiripdiler. Şol çetenlerden, egenleklerden kak serer ýaly çaty, serme ýasadylar. Özem şemala ýykylmaz ýaly, çuňdan gazyp berkitme kemini goýmadylar. Diňe bir kümäniň daş-töwereginde däl, pyşdalarda hem çatylardan goýuşdyryp dilnen kaklary asyp goýupdylar. Şeýle bolansoň tutuş gawun-garpyzly gollaryň pyşdalary durşuna serme, çeten hatary bolup durdy.

Mälikguly günortan inisi bilen çaýa gelende ejesi daga kak burmaga, burlan kaklary rejeläp örüp goýmaga kömekleşerdiler. Her gün Ogulbäbek eje sökem gaýnadardy. Sök gaýnatmak üçinem ýeterlik odun gerek. Mälikguly garaňky düşensoň, çöle gidip ep-esli çagşal getirerdi.

Agşamlaryna ýörite taýýarlanylan, getirilen läşeki gawunlary sök etmek üçin gyrardylar. Daň bilenem gazanda sök gaýnatmaga başlardylar.

Mälikguly sök gaýnadylyşyna seretmegi gowy görerdi. Bu kyn hem hysyrdyly işdi. Diňe gazanyň aşagyna ot salanyň, gaýnadanyň bilen iş bitenokdy, ony bulap durmalydy hem galladan talhan edip garmalydy.

Her çarşenbe güni ir bilen Kerim gatlakly bilen Akmyrat takyr gelerdi. Bir hepdäniň dowamynda taýýarlanylan künjüli, çowdaryly peýmenleri, sarganlary, kaklary, sökleri maşyn bilen araba mas ýüklärdiler.

Akmyrat takyryň arabasyna, esasan, künjüli peýmenleri ýüklärdiler. Galan önümleri Kerim gatlaklynyň maşynyna ýüklärdiler. Toýly lök sandyraýan elleri bilen her kimiň tabşyran zatlaryny birin-birin ýazyp alardy.

Aladaňdandan tä giç agşama çenli şol bir işdi. Şol bir wakalardy. Kolhozçylaryň ählisi iş bilen başagaýdy, asyl gürleşjek, degişjek, gülüşjek bolýanam ýokdy. Ýazlagda adam köpem bolsa, ylla ýok ýalydy, dym-dyrslykdy.

Mälikguly bu günem aladaňdan oýandy. Töweregini synlady. Onuň ilki nazarynyň kaklyşany gaýradan gelýän arkasy çagşylly adam boldy. Ol

gaty daýaw bolmaly. Sebäbi onuň göterip getirýän çagşaly azym-küjüm däldi, edil depe süýşen ýaly bolup gelýärdi ol.

Gelýän Bibi gyşyk bolmaly. Hakykatdanam, şol eken. Olaryň kümesi Mälikguly dagynyň kümesinden dört küme gaýradady. Mälikguly ortadan pes boýly Bibi daýzanyň dynç alman, haýdap işleýşine haýran galyp seredeŕdi. «Bibi daýza ýadamaýarmyka? Ol haçan dynç alýarka?» diýip oýlanýardy.

Mälikgulynyň nazary kümeden ýigrimi-otuz metrlikdäki pyşdadaky çalam-çaş edilen çatylarda saklandy, biygtyýar şol ýere bardy.

Birgiden zaýaçylyk. Ýaňy sarygan kaklar pyşdada guma garylyp ýatyrdy.

Ogulbäbek eje-de ýetip geldi. Guma bulaşyp ýatan sarygyşan kaklary düzedişdiren çatylarynyň üstüne çykaryp ugrady.

– O görgüli özüniň senden asgyndygyny şindem boýun alyp bilmän, öz-özüni örtäp ýör-ow – diýip, Ogulbäbek eje kaklary kakyşdyryp çatydan asmasyny dowam etdirdi. – Düýn seni ýaşulurak, abraýlyrak adamlaryň biri onuň ýanynda öwen bolmaly.

Mälikguly ejesiniň bu sözlerine biçak geň galdy. Ol bu zatlary nireden bilýärkä?

– Düýn başlyk künji orýan ýerimize bardy. Salamlaşdy. Soňam ala-böle maňa: «Sag bol, Mälikguly!» diýdi.

– Bu iş şol sagbol üçin bolmaly.

– Eje, siz kim barada aýdýarsyňyz?

– Permanyň ogly hakda.

– Onuň maňa bassaşlyk edýändigini siz nireden bilýärsiňiz? Size kim aýtdy?

– Wiý, kim aýdar öýdýärsiň? Bibi daýza aýtdy.

– Eje, men geň galýaryn: Bibi daýzanyň biriniň sözüni diňläp duranyny ýeke gezegem göremok. Mydama özi gürleýär. Gezek bermän tä gidýänçä gürleýär. Onsoň ol ili diňlemän, obanyň ähli habaryny nädip jikme-jik bilýärkä? Şuňa teý düşünip bilemok.

– Adamsyndan eşidýän bolaýmasa, men-ä nireden eşidýänini anyk bilemok. Ýöne oba adamlarynyň içdimagyny, gylyk-häsiýetini, düýn näme edendigini, näme diýendigini ähli jikme-jikligi bilen bilýändigi-hä hak. Esasy gürrüň-ä, ýalňyşmasam, adamsyndan eşidýän bolmaly. Görýärsiň-ä ol oňly işiň başyny tutman, meslekdeş tapynyp, dilini zuwwa-zuwwa çykaryp, lik-lik gülüp oturandyr, özem adam ogluna göwni ýetýän däldir. Kimiň adyny tutsaň tutaý, şoňa hökman at dakar. Men bu wagta çenli Pudagyň ogly köşeşendir öýdüp ýördüm.

– Kakamyň urşa giden güni Altyn mugallymymyzyň ejesi agyr syrkawlapdyr, şonda onuň okadýan ikinji klasynda men sapak geçmeli boldum. Muny menden Altyn mugallym bilen Bibisoltan mugallym haýyş etdi. Şirmämmet meniň ikinji klasyň okuwçylaryny okadanymy halamandyr. «Sapagy sen däl-de, men geçmeli» diýýär.

– Eşitdim, balam, eşitdim.

– Bä-ä, şu zatlaram Bibi daýza bilýär diýseňizläň.

– Bilýär.

– Eje, Şirmämmet näme üçin maňa bassaşlyk edýärkä? Men oňa hiç zat diýemog-a.

Ökde bolsaň, il içinde abraýyň artsa, muňa ähli kişi begenmeýär. Arasynda Permanyň ogly ýalylar hökman tapylýar. Ähli kişi birinji, özgelerden artyk bolmak isleýär. Bu adamyň ganynda bar. Eger özünden ökdäni görse-de, ony gözi bilen iýäýjek bolýar. Bassaşlyk soňy bilen göriplige, göripligem bahyllyga sapýar. Ökde, abraýly boldugyň, gürrüňsiz, bassaş, görip gazandym hasap edäýmelidir. Seniň bassaşyň gowy. Ol eden işini senden ýaşyrjak bolup duranok. Ýöne kakaň bassaşy has misginlik bilen ýamanlyk edipdir. Ine, iň ýamany şu. Ýüzüňe gülüp bakyp, halymsyraýan, mähribansyraýan, dostsyraýan adama ynanylýar. Bir seretseň, ol seniň mähriban dostuň, seniň üçin hiç hyzmatyny gaýgyranok, ýürekdeş gürleşýär. Onsoň senem oňa ýüregiňi açýarsyň. Ol bolsa içiňdäki oý-pikirleri bilip, seniň özüňden ökde bolmazlygyň, aýak astyna düşmegiň üçin ýamanlyk baryny edip ugraýar. Senem bu tapgyr-tapgyr ýamanlyklaryň eziz hasaplaýan dostuňdan gelýändigi barada eger-eger pikirem edeňok. Biri hakykaty aýtsa-da, sen oňa kes-kelläm ynanmaýarsyň. Kakaň söwer dostunyň Daşkende okuwa gidilende resminamalary ýok edendiklerini eşitdiň-ä. Hemmesi bir ýerde duran resminamalaryň içinden kakaň resminamalaryny aýryp alyp, bir ýere taşlan onuň eziz dostlarynyň biri. Kakaň bu ýamanlygy eden dostunyň kimdigini başda bilmändir-ä. Gaýtam bir bigünä dostuna nähak müňkür bolupdyr. Garagum kanalyna işe girjek bolanda-da kakaňa ýamanlyk edipdirler.

Näme üçin? Bar sebäp kakaň öz dostlaryndan bir gez pähim-paýhaslylygynda. Haýsy okuwa barsa, abraý bilen okajaklygynda, özem dostlarynyň arasynda görnetin gowy okajaklygynda, hormatlanjaklygynda. Bassaş hem muny islemeýär. Ýöne kalbyň päk, özüň halal bolsaň, bassaş menziliňden seni saklap bilmez. Halallygyň, päkligiň arkasynda Alla durandyr. Ol halal hem päk adamlary mydama goldaýandyr. Uly-uly derejelere ýetirýär. Halallyk bilen päkligi ýaran edilip, maksadyňa yhlas siňdirseň, Alla seni hiç wagt hem katumyt goýanok. Permanyň ogly ähli zadyň aňyrsynda Allanyň durandygyny bilenok. Magtymguly atamyz aýdypdyr ahyryn:

Algyn pendim, akmak kişi,
Özüňe kylma käýişi,
Götermese döwlet guşy,
Uçup bolmaz per biläni.

Zehinli bolmak gowy zat. Ganatyň barlygy entek uçjakdygyň kepili däl...

Mälikguly ejesiniň sözlerini geňirgenip diňledi. Sebäbi ol henize-şu güne çenli häzirkisi ýaly açylyp gürlemändi.

Aşyr dagy bir topar oglan bolup işe barýardy. Mälikguly olara goşuldy.

Toparyň içinde Şirmämmedem bardy. Ol Mälikgulyny göz astyndan synlap, ondan bäş-alty oglan aňyrda bolmaga çalyşýardy. Mälikguly muny duýup, bilgeşleýinden oňa golaý-golaý süýşýärdi. Şirmämmet hasanaklap öňe okduryl-ýardy.

Öňler Şirmämmet Mälikgulyny görende «tatyr-r-tatyr-r» edip awtomat «atandan» bolardy. Bir gezek oňa Aşyr «Eý, Şirmämmet, awtomaty köp atýarsyň welin, birden kakaňa degäýmesin» diýipdi. Aşyryň diňe eňeginiň aşagynda, sag elinde däl, dilinde-de siňňil bar bolmaly. Ol dili siňňilli diýilýänlerdendi, bir zat diýse bolaýýardy: Şirmämmediň kakasynyň frontda wepat edendigi barada hem gara hat gelipdi. Şirmämmet şol habardan soň Mälikgulyny görse, «tatyrdadyp» atmasyny goýupdy. Ýöne ol bu gün hem atdy, özem uzak atdy. Gözünde-de ýaş bardy. Şirmämmediň gözündäki ýaşlary gören Mälikguly oňa ýakynlaşjak, gorkuzjak bolmasyny goýdy.

– Mälikguly, öňe geçsene sen – diýip, Aşyr adaty endigi boýunça eňeginiň aşagyndaky siňňilini sypady.

Mälikguly öňe geçdi. Oglanlar onuň yzyna düşdüler. Şirmämmet iň yzdan gelýärdi.

* * *

Mälikguly günortan kümä çaýa baranda, derden ýaňa arkasy öl-myžžyk bolan, ýüz-gözünden der syrygýan, Güne jyzyrap gap-gara bolan Bibi daýza aňyrdan dogumly ädimläp geldi. Salamlaşdy, hal-ahwal soraşdy:

– Sizi görsem, dünýäme giňlik, kanagat çaýylýar meniň, Ogulbäbek – diýip, Bibi daýza mähirli ýylgyrdy, görgüliniň agzynda ýeke dişem ýokdy. Biz gapyl gezip ýören gözli körler-dä. Dünýäniň-ä gürrüňem ýok, gyz, öz obamyzda näme bolup ýörenindenem habarymyz ýok, öten agşam Allaberdi

agaňyz oba eşeklije baryp geldi. Goçgar agalara barypdyr. Şol gün onuň bäşinji oglundanam öldi habary gelipdir. Gör-ä bu bolýan zatlary. Goçgar aga haýbaty bilen dagy talhan etjek, pähim-paýhasy bilen dagy bedew ata öwrüp çapjak ýalkawly kişidä. Görgüli aýalynyň, alty gelniniň öňünde bir gysym bolup galanmyş. Allaberdi agaňyz Mody bilen Goçgar aga göwünlik berýärmişler welin, o görgüli hasratyny daşyna çykarman, diňe silkinip-silkinip otyrmyş. Görgüli çydaman melleginiň aýagyna gidipdir. Ol ýere barsa-da, ýorunjalykda bir sygyr ölüp ýatyrmyş. Ol Ata gürmeniň sygry eken. Gije ýüpünden boşap, Goçgar aganyň ýorunjalygyna geçipdir. Nirede gören zady beýle elpe-şelpelik. Sygyr iýip-iýip ýarylypdyr. Ata gürmeniň aýalam: «Wah, ýorunjaňyz başyňyzy iýsin. Meniň agtyklarymyň gözlerini dikip oturan ýeke-täk eklenjinden kesdiňiz» diýip aglaýarmyş. Ata gürmen diýeniňiz-ä özüňize belli. Onuň gara güýjem öküziňki ýaly, hakylam öküziňki ýaly. Sygryny egnine alyp ötägidipdir, gelip heleýiniň janynyň ýangyjyna aýdan sözi üçin Goçgar agadan ötünç sorapdyr. Soň-a Ata gürmeniň aýaly Aknabadyň özem aýdan sözüne puşeýman edip, Goçgar agadan ötünç soramaga baryp, gözýaş döküpdir.

Ata gürmen diýen adamyň çaganyň göwni ýaly göwni bar. Sähel zat üçinem jak-jaklap ýer sarsdyryp güler. Halal adam. Eline pil berseň, ýadamasam ýok, ýöne özünden bilip iş etjek adam däl. Aýdyp etdirmeli oňa. Biriniň baldyry syzlaýar diýseňem gyýylyp oturandyr. Goçgar aganyň bäşinji oglunyň hem gara hatynyň gelenini eşidip

görgüli sakgaldaşynyň aglap bilmedik agysynam aglap otyrmyş.

– Enesi, aý, enesi – diýip, Allaberdi uzynyň sesi eşidildi.

– Wiý, Ogulbäbek, Allaberdi agaňyz turupdyr, men gideýin, ony garaşdyryp bolmaz. Dünýä dursun, siziň Allaberdi agaňyz dursun. Ony maňa Hudaý jan «Bibijemal bagtly bolsun» diýip beripdir. Onuň bitiren işini «men-men» diýen ýigitlerem bitirip bilmez.

– Allaberdi aga näme iş edýär, Bibi daýza? – diýip, Mälikguly gyzyklandy.

– Wiý, oglan, şonam bileňokmy? Il Allaberdi uzyn ýalta diýýändir. Allaberdi agaňyz ýatybam köp iş bitirýär, ýatmagam – iş. Ýatmak aňsatdyr öýtmäň. Gaty kyn hem agyr iş ol. Allaberdi agaňyz ýatyp, gül ýaly ogul-gyz, gül ýaly agtyk ýetişdirdi. Olar Allaberdi agaňyzyň ýatanyny görüp, ýatmaly däldigine düşündiler. Ýatany görse ýigrendiler. Onsoň ýatman işlediler, okadylar. Üç oglumyň üçüsem Aşgabatda institut okady. Uly başlyk boldy. Sekiz agtygymyň bäşisi instituta girdi. Ýöne uruş başlanansoň, olary-da fronta alaýdylar.

Ogullarymyň, agtyklarymyň okuw okamaklary Allaberdi agaňyzyň hyzmaty. Olaram Allaberdi agaňyz ýaly zehinli. Asyl Allaberdi agaňyzyň neberesi gaty zehinli, okumyş nebere, ýöne biraz ýaltarak nebere. Hudaý jan hemme zady goşalandyryp bermeýär ahyryn.

– Enesi, aý, enesi!.. – Ýene Allaberdi aganyň sesi eşidildi..

– Indi ol maňa käýär – diýip, Bibi daýza zut gitdi.

Mälikguly Bibi daýzanyň yzyndan seredip durşuna, näme üçindir, Hangulyny ýatlady. Onuň bir gyzy söýendigini, ýöne maýyp bolandygy sebäpli o gyza öýlenip bilmändigi, ol gyzyň bolsa durmuşa çykandygy, iki çagasynyň dünýä inendigi, adamsynyň uruşda wepat bolandygy, eger sagalyp aýak üstüne galsa, şol aýala öýlenmek isleýändigi hakda aýdanlaryny ýatlady. Şol zenanyň kimdigi hakda Mälikguly köp oýlanypdy. Bibi daýza Meret köpbilmişiň bir ýyl öň wepat bolandygy, aýaly Almagülüň iki çagaly galandygy hakda aýdanda Mälikgulynyň aňynda Hangulynyň gürrüňini edýän aýaly Almagül bolaýmasyn diýip oýlanypdy. Soň görüp otursa, bu barada Weli gaty takyk bilýän eken.

Hanguly bilen Almagülüň ysnyşygy baradaky habar oba dolupdyr. Almagüli ýakyndan synlan Meret köpbilmişem birden oňa aşyk bolupdyr. Meret köpbilmiş – baýyň ogly. Dokuzy düzüw. Demi bilen degirmen aýlaýar.

Özüne göwni ýetýän Meret köpbilmiş Almagüle ýüregindäkini açyk aýdypdyr: «Almagül, men seni haladym. Saňa öýlenjek. Öýüňe sawçylar barar» diýipdir. Almagülem: «Goýaweri, oglan. Kakam dagy Hanguly tarapa eýýäm söz berdi. Guda bolundy. Mundan soň men ata-enemiň ýüzüne gelip bilmerin» diýipdir. «Çykalga ýokmy?» «Hanguly öläýmese, başga çykalga ýok, oglan». «Onda men Hangulyny öldüräýerin». «Öldürseň, men saňa baraýaryn». Ana, şu maksat

bilenem Meret köpbilmiş Gowkuzereň obasyndan bir topar oglany hakyna tutýar-da, Hangulynyň ýanyna ugradýar: «Ony öldürmeli» diýip buýruk berýär.

Gelen hakyna tutulanlar Hangulyny öldürjek ekeni, wagtynda Berkeli aga baraýypdyr. Gelenleriň dördüsini öldüripdir, galanlaryna-da agyr şikes ýetipdir. Biriniň aýagy döwlüpdir, ýene biriniň eli, äňi.

Almagül bilen Meret köpbilmiş Hanguly bu gün öler, ertir öler öýdüp garaşypdyrlar, ýöne ol ölmändir. Hanguly Almagüle durmuşa çykmaga rugsat beripdir. Meret köpbilmişiň iki çagasy bolup, olar akyllaryndan azaşypdyr. Meret köpbilmişem ýaş wagty akylyndan azaşan eken. Hoja kelle öwlüýäsine, Kerimberdi işan öwlüýäsine ýykylyp, ony ölümiň öýünde akylyna getiripdirler. Asyl köpbilmişlik, akyldan azaşmak, dälilik olaryň tohumynda barmyş.

Almagülüň çagalaryny akyla dolap biljek bu giň dünýäde ýeke-täk bir gudratly adam barmyş, ol hem Hanguly Berkelimiş. Hangulynyň ýanyna barara ýüzi bolansoň, Almagül öwlüýälere gatnapdyr, tebiplere gatnapdyr. Peýdasy bolmandyr. Bibi daýza «Hangulynyň ýanyna bar. Saňa ýok diýmez, aňsat işiňi kynlaşdyryp ýörme» diýse, Almagül hünübiryan aglaberenmiş: «Jan Bibijemal daýza, Hangulynyň ýanyna barara ýüzüm ýog-a meniň. Men oňa hyýanat etdim-ä. Meni Hangulynyň yhlasy tutdy. Eden etmişim üçin Hudaý maňa göz görkezýär» diýýärmiş. Bolan wakany gürrüň berenmiş.

– Geliň onda, agzybirlik bilen bir käse çaý içeliň – diýip, Ogulbäbek eje çagalaryny kümede ýazan saçagynyň başyna çagyrdy.

Mälikguly çörege bismilla etdi. Käsesine guýlan çaýa seredip geňirgendi.

– Oho, boýçy!..

– Kakaň gelýän bolaýmasyn, balam?!

– Aý, kakam däldir, myhman gelýändir. Kakam gelýän bolsa, bu wagta çenli Dagarman gelip buşlardy.

– Şo boýçyňyz-a men bolmaly!

Mälikguly tarsa ýerinden turup, daşaryk çykdy,

Daşarda çal eşegiň üstünde Suhanberdi ýylgyrjaklap otyr.

– Myhman alarmysyňyz?

– Alarys.

Suhanberdiniň keýpi galady. Ol Ogulbäbek eje, Mälikguly dagy bilen gadyrly salamlaşdy, hal-ahwal soraşdy. Soň eşekden sypyrylyp düşdi-de, pişegine söýendi.

– Mälikguly, dogan, gaňňa bökderilgi bir düwünçek bolmaly. Şony alyp bärik gel.

Mälikguly eşegiň ýüpüni ýabaly agaja daňyp, gaňňa bökderilen düwünçegi alyp kümä girdi, Suhanberdiniň gapdaljygynda oturdy.

Suhanberdi toýdan soň orta ýaşlaryndaky adama meňzäpdir. Wah, toýdan soň diýilýär, aslynda, Suhanberdi bilen Zybagülüň toýuny «toý» diýip atlandyrar ýaly-da bolmandy. Toý diýilse, giden märeke, aýdym-saz, şowhun-şagalaň göz öňüne gelýär. Ýöne olaryň toýunda bu zatlaryň birem bolmandy. Bibi gyşygyň aýdyşy, Suhanberdiniň is-

leýşi boýunça gudaçylyga Goçgar aga, Mody murt hemem Mälikguly gidipdi. Ýazly aga sawçylyga gelenlerden: «Agtygymyň daşyny dolap alyp gidere Suhanberdiniň ýagdaýy barmyka?» diýip sorapdy. Suhanberdide Zybagülüň daşyny dolara hiç zat tapylmadyk bolmaly. Bäş-on aýal-ebtat Zybagüli öýünden başyna kelaýy ýaglyk atyp, Suhanberdilere pyýadaja ýöredip getirdiler. Şonda Ýazly aganyň isleginiň bitmändigini Mälikguly aňypdy, sebäbi Zybagülüň egninde sary giden köneje alaçasy bardy. Goçgar aga nika gyýypdy.

Toýdan bir hepde geçenden soň ýaş çatynjalar Mälikgulyny ýöriteläp myhmançylyga çagyrypdylar. Towuk çorba bişiripdirler. Olar ullakan bir jamda etlije edip, towugyň iki aýagyny, döşüni salyp, Mälikgulynyň öňünde goýupdylar. Mälikgulynyň işdä bilen iýşine Zybagül-de, Suhanberdi-de, begenmek begenip, buýsanmak buýsanyp, seredişip oturypdylar. Mälikgulynyň işdä bilen iýmesi olaryň göwün guşlaryny al asmana göteripdi. Zybagül begenjine, näme üçindir, aglapdy.

– Başlyk ýazlagda öndürilen önümleriň bir aýlyk hasabatyny çykmaly diýse, «Başlyk, ony alada edip oturmaň. Men ýazlaga eşeklije baryp geläýerin» diýdim. Ilki Mälikguly doganyma bir duşaýyn diýdim. Kümeçilige gitjekdigimi aýtsam, Zybagül, Mälikguly, seniň üçin ýörite byzmyk bişiripdir. «Gyzgynjadyr, gyzgynlygy bilen iýsin. Özüňem iýip bolýança, garşysynda seredip otur» diýdi. Zybagül bişiren zadyny gaty tagamly edip bişirýär, süýji bişirýär. Hany, Ogulbäbek gelneje, alyň. Ep-esli bar bu. Mälikguly, hany, sen al. Sen köpräk

iýmelisiň. Zybagül seniň üçin bulary gaty yhlas bilen bişirendir. Iýseň heziller edinersiň.

– Dogrudanam, gaty tagamly bolupdyr – diýip, Mälikguly işdä bilen iýdi.

– Ogulbäbek gelneje, size bir syr aýdaýyn men. Zybagülüň razylyk habaryny ýetiren – meniň mähriban doganym Mälikguly jan. Şonuň üçin bu ýigidiň meniň durmuşymda orny gaty uludyr, aýratyndyr. Uruşda agyr söweş boldy. Garma-gürmelikde agyr ýaralanyp, iki gün meýdanda ýatdym. Üçünji gün tötänden üstümden gelip, meni gospitala alyp gitdiler. Ana, şonda yzymdan gara hat gelipdir. Bu habary eşidip Zybagül aglamak aglapdyr. Şonda Mälikguly Zybagüle göwünlik beripdir. «Siz ýaly gözel gyzyň özüni söýýändigini bilýän ýigit ölmez. Siz gaty arkaýyn boluň. Suhanberdi ölmez» diýipdir. Zübagülem ynanypdyr. Ol: «Mälikguly şeýle bir ynamly aýtdy. Ynanmazlyk asla mümkin däldi» diýip maňa gürrüň berýär.

– Ýogsa-da, Mälikguly, Zybagül saňa başga-da bir zat iberdi. Onuň saňa bir köýnek bergisi bar eken. Ana şony iberdi – diýip, Suhanberdi ak ýaglyga dolanan ak ezýaka köýnegi çykardy. – Şuny saňa ýörite iberdi. Elini aňňal kesende sen köýnegiňden kesip beripsiň. Şol köýnegiňe derek şu.

– Sag bolsun. Ýakasynyň keşdesi gaty nepis eken.

– Geýip gör, balam!

Köýnegi ümsüm geýibermeli däl. Täze eşik geýjek bolanyňda, onuň üstünden üç gezek basyp, üç gezek: «Meniň ýaşym uzyn, seniň ýaşyň kelte» diýip gaýtalamaly.

Mälikguly hem bu köneden gelýän ýörelgäni saklady, şondan soň köýnegi geýdi.

– Köýneg-ä saňa şap bolaýdy – diýip, Suhanberdi ýylgyrjaklap synlady. – Çykarman geý.

– Ýok, men muny kakam jan gelen güni geýeýin.

## Güýz ýaldyrakdan başlanýar

Sentýabryň başyndan raýonda ekiş üçin güýzki sürüme başlandy.

Raýkomyň birinji sekretarynyň gönüden-göni görkezmesi boýunça Geldi mys-mys sürümi «Täze ýol» kolhozyndan başlady. Ol 20-nji sentýabrda «Azatlyga» geçmelidi. «Gyzyl çarwa» kolhozyna bolsa traktor 9-njy oktýabrda gelmelidi. Ol gün hem ekişi başlap boljak däldi. Sebäbi köne çarwa hasaby boýunça her ýylyň dokuzyna, on dokuzyna hem ýigrimi dokuzyna ýyldyz ýerde hasaplanýardy. Şonuň üçin hem şol günler ekiş başlanmaýardy. Mody başlygyň içini it ýyrtýardy. Ol traktoryň gelerine garaşyp oturman, ekişe il deňinde başlamagy makul tapypdy. Ekişi başlamazdan bir hepde öň indi her ýyl edilişi ýaly obada garaçawuş* berdi.

4-nji sentýabry sähetli gün hasaplap, şol gün kolhozyň dördünji brigadasynda nekirt* etdiler. Nekirdi, elbetde, eli ýeňil, abraýly Goçgar Gara «Bismilla, her bir dänäň müňlesin!» diýip ujallanyp-heşelenip* çykylan ugur boýunça başlady.

Goçgar aga kolhozçylara garap:

– Tohum başy ýokary! – diýdi.

Kolhozçylar däbe eýerip – jem bolup jogap berdiler:

– Duşman başy aşak!

Goçgar aga dowam etdirdi:

– Tohumyňyza bereket?

Kolhozçylar:

– Ömrüňize bereket! – diýip gygyryşdylar.

– Mälikguly, senem gel ýanyma – diýip, Goçgar aga elini bulaýlady. – Ekişi iki bolup başlaly.

– Goçgar aga, menem sepäýeýin?!

– Senem sep, Şirmämmet jan. Siz biziň gelejegimiz ahyryn.

Bu ýyl üç kişi ekişe «Her bir dänäň müň bolsun. Meniň elim däl, Babadaýhanyň eli» diýip pata berdi. Şondan soň beýleki brigadalarda-da ekiş başlandy.

Şol gün günortan bolsa kolhoz harmantoý* berdi.

Mälikguly bereketli güýz paslyny gowy görýär. Bu pasylda ol entek ýaş hem bolsa, näme üçindir, adam ömrüniň bu dünýä gelip bitirýän işleri hakda oýlanýar, çünki onuň göwnüne bolmasa, her pasyl adam ömri, onuň manysy bilen bitewüleşen ýaly duýulýar. Gyş – her bir täze döretmek, gurmak işiniň binýady, ýaz – onuň başlangyjy, tomus onuň dowamy, güýz bolsa onuň hasyly, netijesi.

Wagt hemişe az ýaly görünýär, ýöne ol şonda-da gutaranok. Ol adamlaryň ömür uşlybyny çöşläp barýar. Güýzde wagta-da, ömre-de agraslyk berlen ýaly, ol haýal, argas geçýär.

Güýz ýaldyrakdan başlanýar.

Ak altyn bolup daňdan dogan ýaldyrak gündizem az görüp, gijelerine-de eýemsirän epgek bilen gyzgynyň öňüni kesýär. Şeýdibem ýuwaş-ýuwaşdan salkynyň hem gijäniň aýagy ýetýän ýer-

leri artyp ugraýar. Tomsuň gyzgynyndan baslygan dünýäniň endamyndan howur çykyp, süňňi sowap başlaýar. Endamynyň gyzgyny gaýdyşan sähranyň göwrümi hem göwni giňän ýaly bolýar. Gyzgynlyk döwrüni başdan geçiren gawun-garpyzlaryň tagamynyň üsti salkynlyk bilen ýetiriler, ir-iýmişli agaçlar berekedini artdyryp ugrar. Asla, ýaşaýyş hasyla durar. Güýzde Allanyň sahawaty bar.

Mälikguly bir zada haýran galýar: ol aladaňdandan tä garaňky düşýänçä, yhlas bilen işleýär welin, barybir, bahardaky deýin ýadanok. Haýsydyr bir güýç oňa ganat, tekge berýän ýaly, joşgunyny, hyjuwyny artdyrýar, işledigiçe işläsi gelýär, süren ýerlerine – bitirýän işlerine seredip, tükeniksiz lezzet alýar. Mody başlyk öňküleri ýaly «Içeri tarapa agdaryp sürüň*», «Çuň sürüň, gaty gatlaga ýetmeseňiz, eden işiňiz kör köpük» diýip gykylyklanok. Sebäbi ol sürümiň isleýşi ýaly gidip durandygyny bilýär.

Güýz – hasaplaşyk möwsümi. Seniň kimdigiň mizana münýän döwri.

Mälikguly türkmenleri güýze meňzedýär.

Türkmenler – güýz deýin argas, salykatly, hasylly, paýhasly. Mälikguly türkmenleri bereketli, agras, paýhasly güýze meňzedip goşgy ýazmak pikirine geldi. «Goşgyny kakam gelýänçä ýazaýyn, soňam oňa okap bereýin»...

* * *

Mälikguly dagyny howlukdyrmagyň zerurlygy ýokdy, olar ýagdaýa, howlukmalydygyna gaty

gowy düşünýärdiler. Şonuň üçinem olaryň gyssagy özleri bilendi.

Bu gün ekişiň on birinji günüdi.

Her gün Berkeli aga yzyna Ýazly ýatagy, Ata gürmeni tirkäp gelýär-de, sürlen ýerlere tohum sepýärler.

Şondan soň Mälikguly dagy düýeleriň kündelerini aýryp, borona geçmeli bolýarlar. Herhal, sürümden boronalamak ýeňil hem tiz önýär.

Olaryň işleýişlerini raýondan iki-üç gezek gelip barlap gitdiler. Her gelen sürlen ýerleriň çuňlugyny ölçeýärdi. Sürümiň çuňlugyndan, hilinden kanagatlanybam «Azatlyk» kolhozyna geçip gidýärdiler.

Berkeli aga köp wagtyny oglanlaryň ýanynda geçirýärdi. Nirä gitse-de tiz dolanýardy. Ýöne ol ekilmeli ýerleriň ýaňy üçden biri ekilende başlyk bilen Tejene gitdi. Duşenbede gidip çarşenbede giçlik dolandylar. Tohumlyk däne bolmansoň, Ýazly aga dagy däne sepip bilmändiler.

Iň esasy zat şüdügärdi, ýeri sürmekdi. Şonuň üçinem oglanlar köpräk ýer sürmäge çalyşýardylar.

Berkeli aga gelen dessine – namazşam ammardan tohumlyk däne getirip, Ýazly agadyr Ata gürmen bilen gelip, tohum sepmäge başlady. Mälikguly dagy bir günlük normalaryny artygy bilen dolup, öýlerine gaýtjak bolup durdular. Sebäbi garaňky mazaly gatlyşypdy.

Oglanlar gojalaryň tohum sepmäge başlamagyna ör-gökden geldiler. Aşyr bilen Weli Mälikgula «Bu näme boldugy?!» diýen terzde bakdylar.

– Ertir boronalamagymyz üçin sepýändirler. Gije sepilen tohumlary guşlaryň gelip iýmejegi belli. Ertirem işe boronalamakdan başlarys.

Berkeli aganyň gelip beren sowaly Mälikgulynyň pikir edişi ýaly däldigini aýan etdi.

– Bürgütlerim, düýeleriňize borona çatmagyňyza kömekleşeýinmi?

«Bürgütler» brigadiriň bu sözüniň terjimesine – tohum sepilen ýerleri boronalap çykmaly diýilmesine gaty gowy düşündiler. Brigadiriň bolşy bu meseläni bireýýäm çözen ýalydy, özem bu babatda hiç hili gep-gürrüň bolmaly däl ýalydy. Brigadiriň sözüni eşiden Weli özüni jalka aşak goýberdi. Aşyr hem onuň gapdalyna gelip çökdi:

– Garaňky düşdi-how.

– Bä-ä, hiç kimiň akyl ýetirip bilmejek gaty üýtgeşik habaryny aýtdyň. Muny nädip bildiň? – diýip, Weli gaşyny gerjeşdirdi. – Şu habaryň bilen Nýutonyň bütindünýä dartylmak kanuny ýaly açyş edendirin öýdýärsiňmi? Nýutonyň üstüne gaçan alma indi seniň üstüňe gaçýarmy?

– Men garaňky düşdi diýýän-how.

Aşyryň gürlände «how» goşulmasyny köp gaýtalaýandygyna jany ýanan Weli oňa öýkünip gepledi:

– Garaňkynyň düşenini bizem görýäris-how. Sen muny näme üçin aýdýarsyň-how?

– Mundan soňam iş bolarmy-how?

– Boldursaň bolmajak zat hem bolar-how.

– Ýadadyg-a?

– Ýadaňda näme-how?

– Men-ä işe ýaramaýaryn indi.

– Böküp-böküp ýararsyň-how.

– Ýoldaş Çatakow, sen diliňi aýnadan bolma. Hakykatdan hem, zilläm-lütüm çykyp ýadadym-how men.

– Ýoldaş Baýsähedow, senem «Çatakow» diýen bolup diliňi aýnatma-how. Men saňa gara çynym bilen aýdýaryn. Işe ýaramaýanlygyňy näme üçin maňa aýdýarsyň? Men seniň başlygyňmy? Arzyňy Mälikgula aýt, brigadire aýt.

– Dogry, men seniň bilen nähak gepleşipdirin. Aşyr Mälikgula tarap öwrülip, özüniň gaty ýadandygyny yşarat etdi. Weli hem Aşyryň yşaratyny tassyklap gaýtalady. Mälikguly şondan soň Berkeli aganyň gapdaljygyna bardy.

– Berkeli aga...

– Gaýrat ediň, bürgütler!

– Berkeli aga!..

– Dogry, garaňkam nemedip ugrady. Ýöne siziň bürgütleriňki ýaly ýiti jöwher gözüňiz bar ahyryn.

– Berkeli aga!..

– Dogry, men däninim, siziň ýadandygyňyzam aňýaryn. Ýöne siz är bürgütler. Gamçynyň palta çüwdesine edip bilýän käri barmy? Ýokdur. Ýadawlygam size nemedip bilmez. Siz däninim, mydama çapyljak at ýaly ahyryn!

Aşyr bilen Weli Berkeli aganyň ýanyna bardy:

– Bürgütleriňiz-ä sizi ýüňsakgal etmese ýagşydyr...

– Ýadadyk-how, Berkeli aga.

Berkeli aga birpaýyz böwrüni diňläp durdy. Onuň bolşy, ylalaşykly baş atmasy: «Aý, bolýar,

boronany ertir edäýersiňiz» diýjege meňzedi, ýöne onuň aýdan sözleri oglanlaryň garaşmadyk, islemeýän sözleridi.

– Meniň mähriban bürgütlerim, siz däninim, gerçek iş edýärsiňiz. Gerçek iş! Men däninim muny gaty gowy nemedýärin. Mody başlyk hem bu barada raýkomda bolan ýygnakda nemedipdir. Ýöne däninim talap gaty ýokary. Ekişi tiz nemetmeli. Bu işde bize kömek berjek adam ýok. Geldi mys-mys hem näsaglapdyr. Ekişde kolhozyň ýeke-täk daýanjy siz, meniň mähriban bürgütlerim. Siziň däninim ýadaýandygyňyz hak, ýöne ýadasaňyzam, işlemelisiňiz, neme etmeseňiz, kolhozda – bizde däninim, hiç hili ýagdaý ýok. Türkmen, «Galan işe gar ýagar» diýýär. Bu gün etmäge sähel mümkinçilik bolan işi ertire nemetmek, oňa gar ýagdyrmak mähriban bürgütlere nemetjek däninim zat däldir. Siz frontçylaryň ogullarysyňyz. Kakalaryňyz sizi öz orunlarynda däninim goýup gitdi. Siz hem özüňiz üçin, hemem däninim kakalaryňyz üçin işlemeli.

– Berkeli aga, meniň aýaklarym häzir ysgynsyzlykdan ýaňa saňňyl-saňňyl edýär, meni götermejek bolýar, hiç ysgyn-deramatym ýok-how – diýip, Aşyr Berkeli aga naýynjar garady.

– Mähriban bürgütlerim, siz ýaňam nemedişim ýaly, gerçek iş edýärsiňiz. Muny menem bilýärin, Mody hem nemedýär. Siziň gowy işleýäniňiz hem şu süren ýeriňizi şu gün boranalan işiňiz üçin men size ertir Dagarmany her biriňize ýarym sagatlyk münmäge bereýin.

Bu garaşylmadyk teklipdi. Aşyr «ýyrş» edip Welä seretdi. Weli hem ýylgyrman saklanyp bilmedi. Ata münmek ganatlanmak ahyryn! Ata münmek – uçmak.

Geçen ýyl, gör, nähili gowy bolupdy: oglanlar ol günleri şindem ýatlaýarlar. Her üç atyza tohum ekilensoň, Berkeli aga eçilerdi, Dagarmanyň tanapyny oglanlara bererdi. Şonda olar biçak köp işläpdiler. Ýadamandylar. Şol arzyly pursada garaşyp işleýärdiler. Nämedir bir zada bil baglap, özem şol bil baglaýan zadyň hakykatdygyna ynanyp ýaşamak, işlemek, gör, nähili ýakymly.

Berkeli aga oglanlara ganat – ynam berýär. Onsoň olar, heý, ýylgyrmazlarmy, begenmezlermi?!

Aşyr howatyrlandy:

– Aý, ýok, gerek däl.

– O näme üçin?

– Geçen ýyldaky ýaly Dagarmana münüp ýörkäk, birden raýon wekili geler, onsoň gürrüň has ula gider-how.

Berkeli aga oglanlara çiňerilip bakdy:

– Üçüňizem şu pikirdemi?

– Han Geldiýewiçiň gelmejegi-hä hak, ýöne herhal, gepden-gürrüňden daşda bolanymyz gowy, Berkeli aga. Geçen ýyl sizi ardurja gepe galdyrdyk. Siziň öz aýdyşyňyz ýaly, işden soň münen bolsak, gepem boljak däl eken.

– Ine, munyňyz bolanok, bürgütlerim. Meni däninim gaty gynandyrdyňyz siz.

– Näme üçin gynanýarsyňyz, Berkeli aga? – diýip, Mälikguly örtendi.

– Bileňzokmy?

– Bilemzok...

– Men sizi däninim, maksada okgunly, dogumly bürgütler hasaplap ýördüm. Haýp, juda beýle-de däl eken. Raýon wekili käýedi diýip däninim maksadyňyzdan, islegiňizden el çekäýmek bolarmy? Gorkyňyza maksadyňyza ýetirjek atdan düşäýjekmi? Ýok, ýok, ýok, bir berebekgeý bize, birgäde käýedi diýip däninim, maksat atyňdan düşäýmek bolmaz. Arzuwlaryňyz atly bolsun, edýän işiňize berk ynanjyňyz bolsun. Ynam atyňyz ýöwsel bolsa, beýik adam bolup bilmersiňiz. Ynamyňyza däninim, gulluk edip, oňa hezillik nemediň. Sähel zat üçin gyra çykyp durmak meniň bürgütlerime gelişjek zat däldir. Gyra çyksaňyz, küýsän menziliňize ýetip bilmersiňiz, ganatlary gyrlan guş ýaly bolarsyňyz. Edýän işiňiziň däninim käte ýalňyş bolmagy-da mümkin. Goý bolsun, ýöne siz oňa berk ynanyp, yhlas däninim siňdirseňiz, şol ýalňyş hasaplanan zat hem dogry zada öwrüler. Adama iň esasy gerek zat ynam, hemem däninim yhlasdyr. Ynam bilen yhlas adamyň goşa ganatydyr. At münmek, at çapmak aýyp zat däl. Bu gaýtam döwletliligiň nyşany. At çapan meýdana däninim döwlet, bereket ýagar. Siz geçen ýylky at çapdyran atyzlaryňyzyň şu ýyl nähili hasyl berenini gördüňizmi! Edil bolsady ekilen ýaly boldy.

Size ruhdan düşmek asla bolmaýar. Raýondan gelen wekil käýär diýen pikiri aňyňyzdan aýryň, size käýemek bolmaýar, diňe düşünmedik adam käýäp biler. Edýän işiňizi gören adam size diňe sag bol aýdar.

– Geçen ýylky wakadan soň bir gözümiz günorta tarapda, raýon wekili geläýjek ýaly bolup dur-how.

– Aşyr, Han Geldiýewiç 26-njy aprelde fronta gitdi – diýip, Mälikguly raýon wekili bilen duşandygyny, onuň fronta elewräp gidendigini, gaty bijew, züwwetdin kişidigini gürrüň berdi.

– Ony görendigiňi näme üçin geleňsoň däninim aýtmadyň? – diýip, Berkeli aga sorady.

– Aý, onuň gürrüňinem edesim gelmedi. Onuň elewräp «Men ölerin» diýip durşuny görüp, ynanaýyň, ony biçak ýigrendim.

– Algyr bürgütler, biz däninim, bu ýyl gallany geçen ýylkydanam köp nemetmeli. Bu bizden edilýän talap. Bu döwrüň talaby. Bizem däninim, döwre, ýagdaýa, talaba görä nemetmeli. Hakykatdanam, bu ýyl bize galla köp gerek bolar. Nesip bolsa, urşa gidenler ýeňiş bilen gelerler. Olar gelende «hiç zadymyz ýok» diýip, boş saçagymyzy olaryň öňüne ýazyp bilmeris. Biz olaryň öňünden nanly saçaklarymyz, özem bugdaý nanymyz bilen çykmaly bolarys. Onuň üçinem däninim, gallany köp ekmeli. Muny adamlara-da düşündirmeli. – Berkeli aga birden dymdy. – Mälikguly, sen ýüňi ýeten şahyr ahyryn. Sen kolhozçylara ýüzlenip, bar güýjümizi jemläp, bugdaýy köp ekmek gerek diýip goşgy ýaz. Seniň goşgyň adamlary oýlandyrsyn hemem däninim galkyndyrsyn. Bugdaýy köp ekmegiň möhümdigine düşünsinler. Goý, goşgyň adamlara çagyryş bolsun. Kolhozçylara göni ýüzlenip ýaz. Her birimiziň gursagymyzda Magtymgulynyň «Ýeldim tuty» bolmaly. Ana, şonda biziň

öňümizde döwem durup bilmez, hemem däninim, almajak galamyz bolmaz. Ganymlaram tiz ýeňeris. Seniň «Ýaşasyn», «Biz ýeňeris!» atly goşgularyň biziň şu günümiziň «Ýeldim tuty».

Berkeli aga gaty ynamly gürleýärdi. Onuň aýdýan zatlary oglanlaryň göwünlerine makuldy. Olara güýç-kuwwat gelen ýaly boldy.

– Oglanlar, gaýrat edeliň, işläliň. Biz kakalarymyz üçinem işlemeli ahyryn.

– Sen näme diýseň, biz şoňa razy – diýip, Aşyr Mälikguly bilen göwünjeň ylalaşdy. – Berkeli aga ertir Dagarmany berjek diýdi. Özem herimize ýarym sagat.

Weli sesini çykarman kenderisiniň* kündesini aýryp, borona çatmak üçin ugrady.

Berkeli aga bürgütlerine buýsanç bilen seretdi.

Gojanyň sözleri bürgütleriň göwünlerini ganatlandyrypdy. Olaryň ýadawlyklary zym uçan ýaly bolupdy, hereketlerinde ýadawlyk duýulmaýardy. Düýeler belet işlerini kaýyllyk bilen edýärdiler. Olar öz hojaýynlarynyň içki ahwalatlaryna düşünýän ýaly batly gadam urýardy.

Asmandaky egri Aý Goçgar Gara meňzeýän ýalydy. Göýä Goçgar aga asmandan bürgütleriň işleýişlerini hoşallyk bilen synlap duran ýalydy. Töwerek ýap-ýagtydy.

Mälikguly düýäniň owsar bagyny çekip barşyna Berkeli aganyň tabşyrygy – çagyryş goşgusyny ýazmak barada oýlanýardy.

Kolhozçylary bugdaý ekişini çalt hem gowy hilli geçirmäge, özem köp ekmäge çagyryp goşgy

ýazmaly, Berkeli aga dogry aýtdy, bize galla köp gerek bolar.

Goşgynyň başky iki setirini tapmak kyn düşdi.

Kolhozçylar, bar güýjümiz sarp edip,
Gowy işläp, köp ekeliň dänäni!

Şu iki setir tapylandan soň, yzy şaglap gitdi. Esasy zat goşgynyň äheňini, akymyny, owazyny tapmak eken. Şony tapanyňdan soň goşgynyň durky aňyňa öz-özi geliberjek eken. Boronalamak işi gutarýança, Mälikguly goşgyny aňynda ýazyp boldy, ony diňe kagyza geçiräýmek galdy. Ol işi tamamlap öýe barýarka-da täze döreden goşgusynyň setirlerini aňynda gaýtalap gitdi. Ol «Ýaşasyn», «Biz ýeňeris!» diýen goşgularam çalt ýazypdy. Ýöne, barybir, olar «Köp ekeliň dänäni!» ýaly ap-aňsat döremändi.

Oglanlaryň yzyndan at aýagynyň dükürdisi eşidildi. Köp wagt geçmänkä, Dagarman ýetip geldi. Onuň üstünde Berkeli aga ýokdy.

– Dagarman Berkeli aga bir zat bolandygyny habar bermäge gelipdir – diýip, Mälikguly elewredi.

– Eýgilik bolsun-da hernä. – Aşyr näme edeli diýen terzde Mälikgula seretdi.

– Ýörüň baralyň. Dagarman, ýör, görkez.

Dagarman öňde, üç oglan hem yzda hälki boronalan atyzlaryna eňdiler.

Berkeli aga aýaklaryny uzadyp otyrdy, töweregine garanjaklap telpegini gözleýärdi.

– Berkeli aga, näme boldy? – diýip, Mälikguly odandy.

– Bolan zat ýok-la, biraz garrylyk bildirjek bolýar indi – diýip, Berkeli aga ysgynsyz dillendi. – Dagarman, oňarmansyň, bulara aýtmaly däl ekeniň. Biraz otursam, özümi dürseýän-ä men.

Aşyr Berkeli aganyň telpegini tapyp getirdi, soň Mälikguly bilen Berkeli aganyň ýerinden turmagyna tekge berdi.

Gojany Dagarmana mündürip, giç agşam oba ugradylar.

* * *

Mälikguly mallara – iki goýna we göleli sygra ot berdi. Nowalaryna suw guýdy.

Daş işikdäki ojakda nahar atarylypdy. Gaýnadylýan kömelegiň ysy töwerege ýaýrapdy. Sentýabr aýynyň ahyrlarynda, güýzde kömelekli çorba içmek ýakymly ahyryn. Mälikgulynyň ejesi guradylan kömeleklerden çorba bişirýän eken. Her gün agşam gazan atarylyp nahar bişirilenok. Bu gün agşam çorba içiljek. Mälikguly ýuwdunanyny duýman galdy.

– Geldiňmi, oglum? – diýip, daş çykan Ogulbäbek eje ojagyň oduny peseltdi.

– Geldim, eje.

– Onda men nahar guýjak. Bu gün seniň gowy görýän kömelekli çorbaňy bişirdik.

– Ýakymly ysyndan bildim. Eje, iýeli. Men-ä gaty ajykdym.

– Ajygarça wagt boldy.

Mälikguly el-ýüzüni ýuwup, saçak başyna geçdi. Saçak başynda doganlary garaşyp otyrdy.

Nahar öňe alyndy. Kömelekli çorbanyň tagamly, ýokumly, ýagly nahar ýaly däldigini, onuň bilen doýup bolmajakdygyny öýdäkileriň ähliјesi bilýär, ýöne hijisem sesini çykaranok, sesini çykarany bilen üýtgejek zadyň ýokdugyny bilýärler, öz işdälerini aldaýarlar.

Wah, etlije çorba bolsa başga gep. Mälikguly özleriniň gaty bol-telki iýip-içýändiklerini, ýurduň ähli ýerinde – şäherlerde, zawod-fabriklerde, obalarda kartoçka sistemasynyň girizilendigini, ertirden agşama çenli işleýän her adamyň bir gününe kartoçka – norma boýunça çörek berilýändigini, köplenç, nygtamaga başlaýar. Doganlary onuň aýdýanynyň hakykatdygyna ynanýarlar. Ýöne indi ol hakda gaýtalamazlygy üçin, başlaryny aşak salyp dymýarlar.

Mälikguly gyş düşse, iki toklynyň birini soýup, etini kakadyp iýmek barada ejesi bilen maslahatlaşypdy. Ýeke galjak toklyny bolsa kakasy gelende soýmaly bolar.

Gyşda olar tokly soýan günleri täzeje etden çorba bişirerler, heziller edip iýerler.

Hudaý jan şol günlere ýetirsin.

* * *

Wagt eýýäm birçen bolupdy. Mälikguly gaty giç geldi ahyryn. Şonuň üçin ol nahardan soň «Köp ekeliň dänäni!» goşgusyny kagyza geçirmäge howlukdy.

– Eje, bu gün Mody aga bilen Berkeli aga raýonda ýygnakda bolupdyrlar. Onda-da bugdaýy köp ekmeli diýip tabşyryk beripdirler. Ýeňişden

soň urşa gidenler geler. Uly toý etmeli bolarys. Şonuň üçinem dänäni köp ekmeli diýipdirler. Halky açlyk belasyndan çykarmaly diýipdirler. Berkeli aga köp ekeliň diýip, çagyryş goşgusyny ýaz diýip maňa tabşyrdy. Soň menem goşgy goşdum.

– Berkeli aga raýondan haçan geldi?

– Garaňky düşüberende.

– Soňam işlediňizmi?

– Şondan soň süren ýerimize Berkeli aga dagy tohum sepdiler. Tohum sepilen ýerleri ertir irden boronalap çykaýaly diýip ýalbarsagam razy bolmady. «Galan işe gar ýagar» diýdi. Onsoň bizem tohum sepilen ýerlere «gar» ýagmasyn diýip boronalap çykdyk.

– Goşgyny haçan ýazyp ýetişdiň?

– Ýerleri boronalap ýörkäk, kellämde gowy bişirdim.

– Tüweleme, tüweleme.

– Okap beräýeýin?

– Oka, balam, oka, diňläli.

Mälikguly ýazan goşgusyny howlukman okady.

## Köp ekeliň dänäni!

Kolhozçylar, bar güýjümiz sarp edip,
Gowy işläp, köp ekeliň dänäni!
Ýerlerimizi sürüp, çöplerin çapyp,
Zarply işläp, köp ekeliň dänäni!

Agronomiýa usuly bilen tohum sepeliň,
Gerek bolan dökünleri dökeliň;
Güýzlük, ýazlygy öz wagtynda ekeliň!
Ýaryş gurap, köp ekeliň dänäni!

Ekine zyýanly çöpleri çapalyň!
Işiň hilini gowy edeliň!
Duşmanyň depesinden uralyň!
Ýeňiş üçin köp ekeliň dänäni!

Bugdaýdan bol hasyl almagy üçin,
Açlyk belasyndan dynmagy üçin,
Duşman depesinden inmegi üçin,
Gaýrat edip, köp ekeliň dänäni!

– Tüweleme, tüweleme, balam, pikir ýöredişiň ökde şahyryňky ýaly yzygiderli, saldamly, örän manyly.

Ejesiniň sözleri Mälikgulynyň göwnüni ganatlandyrdy.

* * *

Harjagaz obasynyň adamlary her gün ir örýärler. Asyl Güni üstünde dogurýan adam ýok. Aladaňdandan ähli kişi aýak üstündedir.

Obada ir turýanlaryň biri-de Mälikguly bolsun gerek.

Ol oýanyp ejesiniň gaşyna barar, salam berer. Şondan soň doganlary hem baryp ýeke-ýekeden salam bererler.

Ogulbäbek eje her balasynyň Taňry salamyny aýratyn bir mähir bilen alar.

Bu ýörelge – ata-baba gelýän ýörelge.

Mälikguly doganlary bilen daşaryk çykar: daşarynyň howasy arassadyr, şypalydyr, bal deýin datlydyr, göwnüňi göterijidir. Bişen behiniň, şetdalynyň, almanyň, şeýle hem täze orlan ýorunja küdesiniň ysy gelýändir. Bu yslarda sahawatly güý-

züň ysy bar. Mälikguly her paslyň özboluşly ysyny bir zada meňzedýär. Ol güýzüň ysyny mähriban enelere, gyşyň garynyň ysyny talapkär atalaryň, ýazyň ysyny gyzlaryň, tomsuň ysyny bolsa adamlaryň ajy deriniň ysyna meňzedýär.

Güýzüň sahawatly howasyndan öýkeniňi doldurup dem alsaň, gözleriň röwşenlener, çyrazlanar, nurlanar, göwnüň galkar.

Mälikguly dagy her säher biygtyýar demirgazyga serederler. Çünki demirgazyk tarapda, alysda olaryň kakalary ganymlar bilen söweşýär, ol ýurduň azatlygy üçin janyny orta goýup söweşýär. Her gün şirin janyny täwekgellige salýar.

Doganlar her gün säher mähriban kakasynyň sag-aman ýeňiş bilen gelmegini beýik Biribara mynajat ederler. Ýüreklerde başga dileg-talwas ýokdur. Urşa giden kakaň sag-aman gelmegini dileg etmekden ulam bir talwas bolarmy?! Doganlar başga talwas-küýseg bardyr hem öýdenoklar. Mundan başga talwasyň olara geregi-de ýok.

Mälikguly bu gün säher biraz howlukdy: çaýdan bir käse içip, ejesiniň beren ýagly çöreginden iýip, «Sag-aman baryp gel» diýen patasyny alyp öýden çykdy. Ol kolhozyň daşy ýylgyndan çertekli mal agylyna baranda, Berkeli aga eýýäm gelen eken. Ol düýelere ot beripdir, suw beripdir. Öten agşam atdan ýykylandygyny asla ýatlamak isläňok, bu hakda Mälikgulynyň dillenmeginem isläňok. Mälikguly muny duýdy. Şonuň üçin «Ýagdaýyňyz nähili?» diýip soramakdan saklandy.

Ol goşgusyny ýazan bir tagta kagyzyny Berkeli aga uly buýsanç bilen gowşurdy.

– Bu näme, bürgüdim?

– «Köp ekeliň dänäni!» diýen goşgy.

– Bir gijede ýazaýdyňmy?

– Men muny öýe barmankam – tohum sepen ýerleriňizi boronalap ýörkäk ýazyp boldum.

– Haý, berekella, haý, berekella. Bu alagaraňkylykda meniň gözüm kesenok. Hany, özüň okap ber!

– Ýatdan okap beräýeýin?

– Ine, Aşyr bilen Weli hem geldi. Bularam diňlesin, oka.

Aşyr bilen Weli gelip, Berkeli aga salam berdiler, soňam ýagdaýyny soradylar.

– Ýagdaýym gül ýalak. Hany, geçen zady ýatlaşyp durmalyň. Goşgy diňläliň.

Mälikguly sag elini biraz ýokary göterip, gözlerini süzübräk, goşgyny ýatdan okamaga başlady.

Goşgyny mukyt-jäht diňlän Berkeli aga Mälikgulynyň egnine elini goýup çalaja gysdy.

– Tüýs bolaýypdyr, hakyky şahyryň däninim ýazaýjak goşgusy bu. Sag bol, Mälikguly, sag bol. Munuň kemini goýmansyň, gerçek iş bitiripsiň. Meniň çakymdan-a ymgyr köp ýagşy nemedipsiň. Sen bu goşgyňy günortan meýdan düşelgede-de okap ber, goý, kolhozçylar diňlesin.

– Size ýaran bolsa bolýar, okaryn.

Goşguly kagyzy Berkeli aga goltuk jübüsine saldy:

– Indi işläliň, bürgütler.

Bürgütler sürüme ugradylar.

## «Köp ekeliň dänäni!»

Şol günden bir hepde töweregi wagt geçenden soň, gijara Berkeli aga Dagarmany säpjedip göründi. Elinde gazet. Ol aňyrdan Mälikguly dagynyň sürüm geçirip ýören atyzyna gelşine gazeti galgadyp nämedir bir zatlar diýýär. Onuň näme diýýändigini goşçy oglanlar ýanlaryna gelýänçä aňyp bilmediler.

Oglanlar düýelerini saklap, Berkeli aganyň öňünden çykdylar.

– Mälikguly, gözüň aýdyň, çykypdyr!

– Näme çykypdyr? Kakam geldimi, Berkeli aga? – diýip, Mälikguly Berkeli aga tarap ylgady.

– Mälikguly, gözüň aýdyň.

– Kakam häzir nirede, Berkeli aga?

Berkeli aga kürtdürip durdy:

– O nähili «kakam nirede?» Kakaň frontda.

– Geldi diýdiňiz-ä.

– Haçan?

– Häzir.

– Men-ä kakaň geldi diýemok.

– «Gözüň aýdyň» diýdiňiz-ä.

– Hä-ä... – diýip, atan-satan Berkeli aga atdan sypyrylyp düşdi. Elindäki gazeti görkezdi. – Men gazetde goşgyň çykypdyr diýýärin. Gözüň aýdyň diýýärin.

Mälikgulynyň bady gaçdy.

Wah, gazetde goşgyň çykmagy gowy zat, ýöne kakasy gelen bolsa, hasam gowy boljakdy.

Mälikguly Berkeli aganyň uzadan gazetini aldy.

Ine, «Kirowçy» raýon gazeti. Onuň birinji sahypasynda «Köp ekeliň dänäni!» diýen goşgy ýerleşdirilipdir.

– Birinji sahypany gör! – diýip, Berkeli aga gazetden goşgyny görkezdi.

Ine, goşgy. Ol gazetiň ortarasyndan uly harplar bilen berlipdir. Goşgynyň soňunda «M.Berdimuhamedow» diýlip ýazylypdyr. Muny, megerem, Mody aga ýazan bolsun gerek. Sebäbi Mälikguly goşgusynyň aşagyndan adyny, familiýasyny ýazmandy.

Aşyr bilen Weli gazeti görüp, begenmek begendiler, Mälikgulyny gutladylar.

– Indi sen hakyky şahyr. Gazetde üç goşgyň çykdy.

– Aşyr dogry aýtdy. Indi sen hakyky şahyr – diýip, Weli Mälikgulynyň elini berk gysdy.

– Mälikguly, meni diňle – diýip, Berkeli aga sözüne dyngy berdi. – Erte agşam kolhozda uly ýygnak boljak. Oňa üç kolhozyň başlyklary, brigadirleri, ähli kolhozçylary gatnaşjak. Raýondan raýispolkomyň başlygy Begenç Parçamow hem geljek. Begenç Parçamowiç kolhoz başlygymyza ýörite tabşyryk beripdir. «Ýygnaga şahyr M.Berdimuhamedow gatnaşsyn. Kolhozçylaryň öňünde «Köp ekeliň dänäni!» diýen goşgusyny okasyn» diýipdir. Başly-

gam maňa tabşyrdy. Erte agşam işden soň bileje gideris.

Mälikguly goşgyny howul-hara okap çykdy. Gazetde çykansoň goşgy täzeçe öwüşgin alan ýaly bolýan eken. Ýöne onda nämedir bir zat ýetmeýärdi. Ol ýetmeýän zat goşgynyň soňky bendidi. Mälikgulynyň ýazany dört bentdi, gazetde çykany bolsa üç bent. Mälikguly muňa gynandy. Agşam ýatanda-da, şol günüň ertesem bir bendiň ýoklugy onuň aňyndan aýrylmady. Näme üçin ol bendi aýyrdylarka?!

Mälikguly öýlän sürümi görmäge gelen Berkeli agadan sorady:

– Berkeli aga...

– Näme aladaň bar, Mälikguly?

– Goşgy dört bentdi, ýöne gazetde üç bent bolup çykypdyr. Soňky bendiň näme üçin düşürilendiginiň sebäbini soramakçy boldum.

– Men-ä bilmedim, Mälikguly, ýöne Mody başlyk goşgyny okanynda «Açlyk belasyndan dynmagy üçin» diýen setiriňi öz ýanyndan birki gezek gaýtalady. Soňam: «Duşmanlar biziň açdygymyzy, horlanýandygymyzy bilmese gowy bolar» diýdi. Gazetdäkileriňem şeýle pikir eden bolmaklary mümkin.

* * *

Olar baranlarynda giň zal adamdan doludy.

Berkeli aga bilen Mälikguly gapynyň çep tarapynda, bir çetde oturdy.

Köp wagt geçmänkä ýygnak başlandy. Üç kolhozyň başlygy – «Gyzyl çarwa», «Azatlyk», «Tä-

ze ýol» kolhozlarynyň başlyklary, raýispolkomyň başlygy Begenç Parçamow prezidiumda oturdylar.

«Gyzyl çarwa» kolhozynyň başlygy Mody Akyýew ýygnagy açyp, gün tertibinde diňe bir meseläniň – ekişi çalt hem guramaçylykly geçirmek meselesiniň bardygyny aýdyp, raýispolkomyň başlygy Begenç Parçamowa söz berdi.

Begenç Parçamow ortadan ýokary boýly, bugdaýreňk, ak saçly, tutuş bir kişidi, ýiti sesi bardy. Ol sesine biraz bat berip gürlemäge ökde eken. Özem täsirli gürleýärdi, şeýle bolansoň, adamlar ony dykgat berip diňlediler. Begenç Parçamow ýurduň ýagdaýy, edilýän talap, frontda gahrymançylykly söweşýän watandaşlarymyzyň azyk önümleri bilen bökdençsiz üpjün edilmelidigi, ýurtda açlygyň ýowuz howpdugy, ähli kolhozlaryň öňünde galla bolçulygyny döretmek wezipesiniň durandygy, güýz ekişini haýal-ýagallyga ýol bermän gysga möhletde geçirmelidigi, haýal-ýagallyga ýol bermegiň Watanyň öňünde gaty uly jenaýatdygy barada ellerini galgadyp, gaýtalap-gaýtalap aýtdy.

Zalyň içi alagaraňkydy. Içerde bary-ýogy üç sany panus çyra ýanýardy. Olaryň ikisi prezidiumyň stolunyň üstünde, üçünjisi bolsa gapynyň depesinde çüýden asylgy durdy.

Begenç Parçamow öňünde duran papkasyndan raýon gazetini çykardy.

– Eziz adamlar, men size «Kirowçy» raýon gazetimiziň soňky sanynyň birinji sahypasynda çykan «Köp ekeliň dänäni!» diýen çagyryş goşgusy barada aýtmak isleýärin. Siz bu gazeti görensiňiz, okansyňyz. Men bu gazetdäki «Köp ekeliň dä-

näni!» goşgusyny ençe gezek okadym. Bu goşgy diňe bir raýonymyzyň däl, respublikamyzyň ähli kolhozçylaryna örän gowy çagyryş. Munda näme etmelidigi, nähili işlemelidigi – ählisi beletlik hem ussatlyk bilen şahyrana beýan edilipdir. Bu goşgyny ýazan ýat şahyr däl. Bu goşgyny ýazan şahyr siziň obaňyzdan. Adamlar, indi şahyrymyzy şu ýere çagyralyň. Goý, ol öz ýazan goşgusyny size okap bersin. Mälikguly Berdimuhamedow, sizi ýanymyza çagyrýarys. Geliň, arkaýyn geliň.

– Bar, bar – diýip, Berkeli aga Mälikgulyny hürsekledi.

– Aýrylan bendimem okasam bolarmy, Berkeli aga?

– Bolar, näme bolman.

Mälikguly çekinjeňlik bilen adamlaryň öňüne – Begenç Parçamowyň ýanyna bardy, oňa soragly nazaryny dikdi.

Begenç Parçamow sag elini Mälikgulynyň egnine goýup özüne çekdi:

– Adamlar, tanadyňyzmy?

– Tanadyk, tanadyk!

– Ol biziň Mälikgulymyz!

– Ol Berdimuhamet direktoryň ogly.

– Eziz adamlar, şahyrymyz bize öz goşgusyny okap bersin.

Mälikguly goşgyny joşgun bilen okady, aýrylan dördünji bendi hem okady.

Adamlar el çarpdylar, olaryň el çarpyşmalary wagty bilen gutarmady. Olary esasy begendirýän zat goşgyny öz obasynyň oglanynyň ýazandygydy, ol goşgyny raýispolkomyň başlygynyň hem gowy

görendigidi. Bu obanyň abraýynyň artmagy ahyryn. Onsoň muňa, heý, adamlar begenmezmi?!

– Sag bol, şahyr, sag bol. Şeýle gowy goşgulary köp-köp ýaz. «Biz ýeňeris» diýen goşgyň-a birinji sekretarymyzyň diliniň senasy, ony ýatdan bilýär. – Begenç Parçamow äýnegini aýryp, üns beriň diýen terzde süýem barmagyny ýokary galdyrdy. – Adamlar, men ýene-de bir zady aýtmaly. Özem ony şahyrymyz Mälikguly Berdimuhamedowa aýtmaly. Ony men, ine, şu ýerde hemmäňiziň eşitmegiňizi isleýärin. Şu ýere gaýtmazymdan öň men raýkomyň birinji sekretary Ýezden Mürzäýewiň ýanyna bardym, oňa şu ýere ugraýandygymy aýtdym. Şonda ol maňa bir zady ýörite tabşyrdy. Men häzir raýkomyň birinji sekretarynyň tabşyrygyny aýdaýyn. Ýoldaş Mälikguly Berdimuhamedow, raýkomyň birinji sekretary düýnki gazetde çykan goşgyňyz üçin raýkomyň adyndan aýratyn sagbolsun aýdýar. Ikinjiden bolsa size öz adyndan ýörite iki sany galam, iki sany depder sowgat ugratdy, galamyňyzyň ýiti bolmagyny arzuw etdi. Men häzir saňa raýkomyň birinji sekretary Ýezden Mürzäýewiň ugradan sowgatlaryny gowşuraýyn. – Raýispolkomyň başlygy papkasyndan birinji sekretaryň öz adyndan ugradan iki galamyny, iki depderini çykaryp, olary dabara bilen Mälikgula gowşurdy.

Oturanlaryň begençleriniň çägi bolmady. Olar el çarpyşyp, ýerli-ýerden alkyş aýdyp, Mälikgulyny gutladylar.

Ýygnakda üç kolhozyň başlyklary, dört sany brigadir çykyş etdi. Olar kolhozçylary Mälikgulynyň

goşgusynda aýdylýan pikirleri şygar edinip işlemäge çagyrdylar.

Mody başlyk Mälikgula çawuş çakdy:

– Ýygnakdan soň hiç ýere gitme. Senlik işim bar.

Ýygnakdan soň Mälikgulynyň ýanynda Berkeli aga-da galdy.

Mody başlyk raýispolkomyň başlygyny ugratmaga gitdi.

Mälikguly agşamyň alagaraňkylygynda köçäniň gyrasynda özüne biriniň seredip durandygyny saýgardy. Asyl duranyň kimdigini-de çaklady. Ýanyna baranda çakynyň dogrudygyny bildi.

– Nä dursuň?

– Men saňa teý düşünip bilemok.

– Näme?

– Näme üçin diňe seni gowy görýärler? Raýkomyň birinji sekretaram saňa depder bilen galam sowgat iberipdir. Goşgularyň gazetde çykýar. Men goşgy ibersem, «Çeperçiligi gowşaklygy sebäpli çap etmekden saklanýarys» diýip, pişigiň gulagy ýaly jogap gelýär. Sen menden ýaşkiçi bolsaňam ökdemi? Diýmek, meniň senden diňe boýum däl, akylym hem pesmi?

– Gel, ikimiz dost bolaly. Bilýän zatlarymyzy biri-birimize öwredeli.

– Sen menden ökde. Men muňa çydap bilemok. Düşünýärmiň şoňa.

– Düşünýärin.

– Allamyrat pälwanlardan gelýärkäň, tutbalaklygyň arasyndan seni keseklän men!

– Bilýärin.

– Bileňok, bilen bolsaň, bir zat diýerdiň.

– Meniň «sözüm» gözüň aşagyny göm-gök etdi. Şol ýeterlik dälmi?

– Hawa, seniň kesegiň gözüme degdi. Tas gözüm çykypdy. Agylyňyzyň agzyny açyp, keýik owlagyňyzy gaçyranam men.

– Men seni gördüm-ä.

– Men saňa başga-da birnäçe ýamanlyk etdim. Hemmesini aýdaýynmy?

– Ýok, gerek däl. Men hemmesini bilýärin. Soňundan ökünjegiňem bilýärin.

– Ökünmerin.

– Ökünersiň, özem ikimiz ýegre dost bolarys.

– Men seni öldüräýsem näderkä?

– Ony sen başarmarsyň.

– Näme üçin?

– Sebäbi seniň ýüregiň gowy. Sen meni öldürmäge dözmersiň.

– Onyň-a dogry. Men seni hem-ä ýigrenýärin hemem gowy görýärin. Seni gowy görýänligim üçinem özüme gaharym gelýär.

– Dost bolaly.

– «Sen görip däl-de, bassaş» diýip ýüregimiň gowulygy üçin aýtdyňmy? «Seniň ýüregiň gowy» diýen sözi-de çynyň bilen aýtdyňmy?

– Meniň saňa ýalan bergim ýok.

– Mälikguly, gel ahyryn bäri – diýip, Berkeli aga çagyrdy.

Mälikguly sesini çykarman Şirmämmediň ýanyndan gaýtdy.

Kolhoz başlygy raýispolkomyň başlygyny ugradyp geldi.

– Mälikguly, sag bol, inim. Sen biziň kolhozymyzyň abraýyna uly abraý goşduň. Gör-ä, raýkomyň birinji sekretary saňa öz adyndan sowgat ugradypdyr. Onsoň men seni kolhozyň adyndan sowgatsyz goýsam nähili bolar?

Mälikguly näme jogap berjegini bilmän egnini ýygyrdy, Berkeli aga oňa kömege ýetişdi:

– Gaty gelşiksiz bolar. Kolhoz raýkomdanam öň bermelidi.

– Berkeli aga...

– Mälikguly janyň öňki «Ýaşasyn», «Biz ýeňeris!» diýen goşgulary üçinem hiç zat berilmedi. Görgüli raýona gidip çykyş etdi. Keselläp, iki günläp galyp bilmedi.

– Duruň, duruň, Berkeli aga. Men şu goşgusy üçin bir kolhozyň adyndan baýrak bereýin.

Mody aga öz kabinetinde öňden taýýarlap goýan iki kile ýarmasyny Mälikgula gowşurdy.

– Sag bol, inim, sag bol. Raýispolkomyň başlygy ertir sagat dokuzda kolhoz başlyklaryny ekiş boýunça ýygnaýar. Begenç Parçamowiç oňa seni-de çagyrdy: «Baryp, başlyklaryň öňünde goşgusyny okap bersin» diýdi. Men irden Kerim bilen öýüňize bararyn. Maşynly gitsek kösenmeris.

Berkeli aga daşarda Dagarmanyň tanapyny Mälikgula uzatdy.

– Hany, mün bedewe!

– Berkeli aga, näme üçin?

– Näme üçindigiňi bileňokmy?

– Ýok.

– Raýkomyň birinji sekretary Ýezden Mürzäýew «Köp ekeliň dänäni!» diýen goşgyň üçin sowgat berdimi?

– Berdi.

– Goşgyň üçin kolhoz başlygy Mody Akyýew sowgat berdimi?

– Berdi.

– Olar näme üçin berdiler?! Biri raýonyň abraýyny götereniň üçin, ikinjisi kolhozyň abraýyny götereniň üçin. Dogrumy?

– Dogry.

– Üçünji baýragyňam öýüňe şu bedewli gitmegiň. Bu öwgülerden soň öýüňe pyýada gitseň bolmaz-a. Iň esasy hem sen biziň dördünji brigadamyzyň abraýyny göterdiň. Şonuň üçinem dördünji brigadanyň brigadiri hökmünde brigadamyzyň agzasy Mälikguly Berdimuhamedowa sag bol aýtmasam, ýagdaýyma görä sowgatjagaz bermesem nähili bolar?

Mälikguly hem Berkeli aganyň Mody başlyga aýdan sözleriniň äheňinde gürledi:

– Gaty gelşiksiz bolar. Siz raýkomyň birinji sekretaryndan, kolhoz başlygy Mody Akyýewden hem öň bermelidiňiz.

– Ine, munyň dogry. Mün.

– Gelşiksiz-dä.

– Gelşiksiz bolmaz. Dagarmany şu gijelik saňa berýärin. Öňküje teblesine daň-da goý. Siz-ä ir bilen raýona gidersiňiz. Men bolsa baryp Dagarmany alyp gaýdaryn.

Mälikguly Dagarmana mündi, ýola düşdi.

Berkeli aga-da pyýadalap ugrady. Ol hyýalynda bagtyýarlyk semendine* münüp uçup barýardy.

Bagtyýarlyk semendine münüp uçup barýan diňe bir Berkeli aga däldi. Mälikguly hem Dagarmana däl-de, ylla öz süýji hyýal semendine münüp barýardy.

Bu mahal dünýäde göýä diňe iki sany bagtly adam bardy.

Olaryň biri atlydy.

Ýok, olaryň ikisem atlydy.

## Biziň zamanamyzyň gahrymanlary

Mälikguly köpden bäri raýon merkezine gitmegiň arzuwyndady. Sebäbi ol Kolýa bilen duşuşmak, onuň bilen gürleşmek, oba myhmançylyga çagyrmak, alyp gaýdan Lermontowyň bir jiltlik kitabyny gowşurmak isleýärdi.

Ol kitaby bireýýäm okap gutarypdy. Peçoriniň başdan geçirmelerini içgin öwrenipdi. Onuň obrazy şeýle aýdyňlyk bilen göz öňünde janlanýardy. Ol A. Gulmuhammedowyň «Deňsinmedik dul galar» atly powestini okanda-da ondaky gahrymanlary şeýle aýdyň göz öňüne getiripdi.

Kitapda şahyryň goşgulary hem bardy. Mälikguly ol goşgulary gaýtalap-gaýtalap okapdy. «Parus» («Ýelken») atly goşgyny bolsa ýat tutupdy. Mälikgulynyň maksady bu goşgyny Kolýa ýatdan okap bermekdi.

Mälikguly irden Mody başlyk gelende Lermontowyň bir jiltlik kitabyny hem ýanyna aldy.

– Gel, senem biziň ýanymyzda otur. Bu sapar men atymy oka bermerin – diýip, Mody başlyk Mälikgulyny kabina çagyrdy. – Eliňdäki näme?

– Geçen gezek baranymda, Mody aga, men bu kitaby Nikolaýdan okamak üçin alyp gaýdypdym. Indi elin gowşuraýjak bolýaryn.

– Haý, haý! Durmuş-da bu. Munda garaşýan zadyňdan garaşmaýan zadyň köp bolýar – diýip, başlyk uludan öwhüldäp demini aldy.

– Bir zat boldumy, Mody aga?

– Boldy, Mälikguly, boldy, onda-da gaty erbet boldy. Uruş-da bu. Çawup gelen ok «Bu degjegim gaty gowy adam eken» diýip yzyna gaýdaýanok. Ýagşy-ýamany saýgarman, degenini almak bilen ol.

– Nikolaýyň kakasyna bir zat boldumy?

– Boldy.

– Haçan?

– Iki aý mundan öň gara hat gelipdir. Men baranymda hatyň gelenine üç gün bolan eken. Aglamakdan ýaňa eneli-ogly tanar ýaly bolmandyr, gabaklary ýellenip, çişip gidipdir. Men baranymdan soň-a olar hasam ejizlediler. Olar beýle agyr urga taýýar däl ekenler. Gaty ejizläp, dilden-aýakdan galypdyrlar. Aý, hawa-da, aýaly güne çykman lälik ulalan baý ýeriň gyzy. Nikolaýam ony aýasynda saklady. Oglunam lälik saklady.

Şunuň bilen dymyşlyk ara düşdi. Mody aga agyr gama batdy.

– Başlyk, ertiriň iri bilen gamlanma. Daňdan perişdeler aýlanyp, adamlaryň niýetlerine görä rysk-kysmat paýlarmyş. Sen uly kolhozyň garamatyny çekýärsiň. Perişdeleriň aýlanyp ýören çagty ýüzüň gülüp dursun. Niýetiň gowy bolsun. Isleseň, men saňa aýdymjyk aýdyp bereýin. Şonda-ha göwnüň açylar.

– Aýt, aýt.

Maşyn birsyhly «gyg-gyg» edip gyjak çalýan ýalydy. Kerim gatlakly hem «gyjagyň şol sazyna» goşup aýdymyň elkyssasyna başlady:

– Elkyssa, bir mütürik ýaly, kakadylan balyk ýaly garry kempir bir gün Göroglynyň Gyratyny derhal aldy gidiberdi. Muňa Çandybil ili çoh-çoh hapa boldy. Görogly beg namys astynda galybiljek, Gyratsyz oňubiljek beg däl. Onsoň Gyratynyň yzyndan gidermen boldy.

Agaýunus seýir dogasyny okap, kempiriň nişapurly kempirdigini bildi.

Görogly: «Buý-ä destgire ýyglady – diýip pikir etdi. – Atyň yzyndan gitsem, geler-gelmezim gümana. Bilip bolmaz, sowuk, bet habarymy eşidäýse, «Ýagşy ýigidiň ýasy – ýedi ýyl» diýip otutarmyka ýa ýedim geçensoň bir boýny ýogyny gözläberermikä?». Ol şeýle pikir bilen Agaýunusa garap:

– Agaýunus, ynha, men atymyň yzyndan gitdim. Nişapura bardym, baramsoň Göroglyny tanap öldürdiler. Men ölemde sen neneň edip aglajak, men eşidip gideýin – diýip, donuny gyýa bürenip, ýanynda süýnüp ýatyberdi. Şu ýerde Agaýunus peri Göroglynyň başujunda oturyp, gözýaş edip, bir nama aýdar boldy:

Sen beg bolsaň kimler gelmez ýanyňa,
Bedew atly, demir donly, Görogly.
Köp ýezitler suwsamyşdyr ganyňa,
Bedew atly, demir donly, Görogly.

«Däh» diýende polat ýaýy çekedi,
Ýany ýere degmeý, şeýle bökedi.

Aýyp zady – bir atadan ýekedi,
Bedew atly, demir donly, Görogly.

Bedew aty üç gün, dört gün saklarlar,
Goç ýigidiň saýasynda uklarlar.
Garyp ölse, üç günden soň ýatlarlar,
Bedew atly, demir donly, Görogly.

Ogluň ýokdur seniň bilen gitmäge,
Gyzyň ýokdur seniň ýasyň tutmaga,
Kararym ýok sensiz ýalňyz ýatmaga,
Bedew atly, demir donly, Görogly.

Garşymyzdan burum-burum çaň çykar,
Är ogullar depeleşip deň çykar,
Söweş güni goç ýigitden gan çykar,
Bedew atly, demir donly, Görogly.

Meniň ahym garly dagy erider,
Gözüm joşy suw degirmen ýörider,
Muny aýdan Agaýunus peridir,
Bedew atly, demir donly, Görogly.

Mälikguly Kerim aga şeýle göwnaçyk adamdyr, aýdym aýdyp bilýändir öýdüp asyl pikir etmändi. Görüp otursa, ol göwnaçyk, şahandaz adam eken.

– Sag bol, Kerim.

– Sag boluň, Kerim aga!

Kerim gatlakly jübüsinden «Pamir» çilimini çykaryp otlandy.

Kabinanyň içi öňem çilimiň ysyndan aňk berýärdi. Täze çekilýän çilimiň ysy sähel wagtda kabinany doldurdy.

Herhal, raýon merkezine tiz baryldy. Kerim gatlakly ilki barylmaly gapyny bilýän eken.

Şol tanyş howly, gyzyl gapy.

Mody başlyk öten agşam Mälikgula berlen düwünçege meňzäp duran düwünçegi alyp gapa ýöneldi.

Gapy ýapyk eken.

Başlyk öňki goýulýan ýerden açary tapmady.

Şol mahal gapy şarkyldap açyldy. Içerden uzyn boýly oral türkmen aýaly daşary çykdy. Ol juda gaharlydy.

– Utanaňzokmy şu ýaşda jömrülik etmäge. Ýeňil eklenç gözleýärsiňizmi? Özem maşynly gelip jömrülik edýärsiňizmi? Bir ýakymsyz salpy murtam goýberen bolupdyr utanman. Haý, murty ütülmiş, mysalaň çüýresin. Haltaňyzdaky näme? Eýýäm gapy-gapy dörüp, ep-esli zat ýygnan ýaly-la siz, bijewler.

– Bes et samramaňy!

– Jömrülik edip, yzyndan haýbat atmaň näme? Öz eden jömrüligiňizi az görüp, indi ýaş bigünä çagalara-da jömrülik öwretmäge başladyňyzmy? Siziň gözüňizi Sibirde açmaly. Size uruşdan gaçyp ýören ýelemýüwlet, bihepbe diýerler. Getir haltaňy!

Mody başlygyň gany çöwdesine urdy.

– Bes et diýdim men saňa! Gözüme seret!

– Waý, bu jömri meni bogup öldürjek bolýar.

– Ýene ýeke agyz gürle! – Mody murt uzyn şereňňiz aýala bakan gözlerini alardyp ýöräp ugrady. – Gözüme seret!

Ýylanyň gözüne gözi düşen jandarlaryň oňa biygtyýar aw bolşy ýaly, şereňňiz oral aýalyň hem Mody başlygyň gözlerine gözi düşenden dili tutuldy, mumly ýüplüge döndi:

– Bagyşlaň!..

– Hany, Nikolaý dagy?

– Wiý, siz asyl öýüň öňki eýeleriniň tanyşlarymy?

Mälikguly oral aýalyň birden üýtgeýşine hemem «jömri» diýen sözüne geň galdy. Sebäbi ol öň «ogry» diýip, «ogry-jümri» diýip eşidipdi, ýöne «jömri» diýip eşitmändi. Ol kakasynyň sözlerini ýatlady: «Türkmen dili – baý dil. Biz türkmen sözleriň köpüsini bilemzog-a...»

– Nirede olar?

– Olar Orsyýede göçüp gitdiler. Adamsy uruşda ölüpdir görgüliniň. «Meni sorap gelenlere aýt, menden aýyplaşmasynlar» diýip zynharlap-zarynlap, sargap gitdi. Oglam-a bir hat goýup gitdi onuň. «Meni sorap bir oglan geler» diýdi.

– Ine, şol geler diýen oglany şu oglan – diýip, Mody başlyk biraz köşeşen bolarly, Mälikgulyny görkezdi.

– Men häzir şol haty getireýin – diýip, şereňňiz aýalyň sesi mylaýym çykdy. Uzak eglenmän eli kitaply geldi, kitaby Mälikgula berdi. – Ol oglan şu kitaby saňa bermegi sargady. Içinde haty bar.

Öýüň täze bikesiniň getiren kitaby A.Puşkiniň bir jiltlik gaty sahaply owadan kitabydy. Onuň içinde depderiň bir tagta kagyzy bardy. Hat gysgady.

*Mälikguly, salam!*

*Kakam uruşda wepat etdi. Ejem: «Kakaňyň dogduk obasyna gidip ýaşaly» diýdi. Ejem janyň islegi maňa kanun. Seni göresim gelýär. Kakamyň dogduk obasyna baryp, saňa hat ýazaryn. Puşkiniň, Lermontowyň kitaplary menden saňa sowgat bolsun. Bu kitaplary her gezek eliňe alanyňda meni ýatlajakdygyňa ynanýaryn.*

*Doganyň Nikolaý.*

Mälikguly Nikolaýyň raýondan çykyp gidendigine biçak gynandy. Hyýalynda ol Nikolaý bilen köp-köp söhbet edipdi. Oňa Magtymguly Pyragynyň goşgularyndan okap bermekçidi. Ony gaýdyp görmejekdigine biçak gynandy[1]*.

Mody aga-da gynandy. Onuň ýüzüne şagga der indi.

– Aýtman gidiberipdirler. Haý, oňarmandyrlar – diýip, ol birsyhly gaýtalady.

Mälikguly saryýagyz oglany hakydasyndan çykaryp bilmedi, raýispolkoma baranda-da, ol ýerde kolhoz başlyklarynyň öňünde «Köp ekeliň dänäni!» goşgusyny okanda-da aňyndan kiçi Nikolaý aýrylmady. Ol oglanyň gitmesi onuň ýüregine dowul saldy, kakasyny küýsedi. «Kaka-a!» diýip dikine zowladyp gygyryberesi geldi. «Wah, ertekilerdäki symrug guşy hakykata öwrülse, oňa münüp kakamyň ýanyna barsam, onuň bilen didarlaşsam, bile söweşe girsem, ýeňiş gazanyp symrug guş bi-

---

[1] Mälikguly Nikolaý bilen uruşdan soň hat alyşjakdygyny, mekdebi gutaryp bir ýokary okuw mekdebinde bile okajakdygyny, bile işleşjekdigini, dogan ýaly gatnaşjakdygyny entek bilmeýärdi.

len öýe dolansak, mellegimiziň içine emaý bilen gonsak, ejem dagy bizi görüp begenseler, gör-ä, nähili gowy boljak».

Bir görse Mälikguly Kerim gatlaklynyň maşynynyň öňünde dur.

Mody başlyk kabinany açyp Mälikgulyny çagyrdy.

– Gel, gir!

– Mody aga, men ýokarda – kuzowda gidäýeýin?

– Sypaýyçylyk etme, ýokarda birden ýel gaparmy – nädermi, bolmasyz bir zat bolaýmasyn.

– Men sypaýyçylyk üçin aýdamok, Mody aga. Çypbakaýja-çynym. Maňa hiç zat bolmaz.

– Şofýor bagşynyň konsertini diňlejek dälmi?

– Men ýokarda diňlärin, Maşynyň üstünde töweregime seredip gidesim gelýär.

Başlyk kabinada oturmakdan boýun towlaýan Mälikgula şübheli seretdi. Onuň gara çynydygyna ynanan bolarly, ylalaşdy:

– Gowuja ýapyşgyn, birden ýykylaýma.

Mälikgulynyň süňňi ýeňil gopdy. Bir «hopda» maşyna mündi.

Kerim gatlakly adaty barlagyna girişdi: maşynynyň daşyndan aýlanyp çykdy, ol-bu ýerini barlaşdyrdy. Soňam kabinanyň gapysyny açyp, kuzowa seretdi. Ol häzir: «Aşak otur?» diýip buýurmaly.

Kerim gatlakly kuzowyň öňündäki tutawaçdan ýapyşyp dik duran Mälikgulyny birinji gezek görýän ýaly çiňerilip seretdi:

– Inibatyr, saňa otur diýmäge miltim bolmaz, sen tarhansyň.

Maşyn niredesiň gum içindäki Harjagaz obasy diýip «gyg-gyglap» ýola düşdi.

Ine, iki gyrasy ýylgynly, akbaşly gumak ýol. Özem durşuna gazganak. Maşyn bökdürip-bökdürip, siltäp-siltäp içiňi sanja doldurýar.

Wagt öýlä sanypdy. Howa yssydy, petişdi. Maşynyň üstünde ýüzüňe ýalyn gatyşykly şemal urýardy. Barybir, symrug guşa münen ýaly bolup gitmegiň lezzeti gaty ýakymlydy. Bu guşuň bir kemi – uçup bilenok. Iň gowy tarapy oba barýar.

Bu ýol Mälikgulynyň aňynda şu güne çenli diňe raýon merkezine,Tejene alyp gidýän ýoldy. Çünki bu ýoluň obadan alyp giden adamlarynyň sany iki ýüzden[1] geçdi.

Ylaýym bu ýol Tejenden gelinýän ýol bolsun.

Bu ýoldan köp-köp hoş habarlar gelsin.

Bu ýoldan urşa gidenler aman-esen gelsin.

Bu ýoldan oba agyr-agyr ýükler daşalsyn!

Mälikgulynyň şu sapary obanyň bagt çilesini açsyn!

Maşynyň gapdaly bilen edil ýaryşýan ýaly, kiçijik garasar jürküldäp uçup barýar.

«Pederlerimiziň depesinde görnen humaý guşy – bagt guşy haçan meniň depäme gonarkan?» diýip, Mälikguly içini gepletdi, şol günüň tiz gelmegini beýik Biribardan dileg etdi.

---

[1] Häzirki döwürde «Täze ýol» diýlip atlandyrylýan, uruş ýyllary «Gyzyl çarwa», «Täze ýol», «Azatlyk» kolhozlaryny birleşdiren bu obadan urşa 223 adam gitdi, olardan 83 adam wepat boldy.

Onuň elinde iki kitap bardy. Kitaplar onuň iki eli bilen tutawaçdan ýapyşyp gitmegine päsgel berýärdi. Olary aşakda goýsa boljakdy, ýöne goýsa, kimdir biri duýman durka alyp ötägitjek ýalydy. Gerekli daşyň agramy bolmaýar.

Mälikguly Mihail Lermontowyň «Biziň zamanamyzyň gahrymany» romany barada Nikolaýa aýtjak sözleri bardy. Aýtmak islän ol sözlerini Mälikguly içinden ençe gezek ölçerip-döküpdi. Ol 1927-nji ýyldan bäri çykýan «Türkmen medeniýeti» žurnalynda rus ýazyjy-şahyrlarynyň eserleriniň türkmen dilinde terjimesiniň berilýändigini, ol terjimeleri uly höwes bilen okandygyny aýtmakçydy. Mihail Lermontowyň romany barada ol aýratyn söhbet etmekçidi. Bela, Peçorin, Maksim Maksimiç ýaly gahrymanlaryň özünde galdyran täsirleri, olaryň şatlyklaryna begenip, gynançlaryna gynanandygy, mahlasy, köp wagtlap gahrymanlaryň dünýäsinde ýaşandygy, ol dünýäniň biçak gözeldigi hakda aýtmakçydy. Bu esasy pikiri aýtmagyň girişidi. Onuň esasy aýtmakçy zady biziň döwrümiziň gahrymanlarynyň düýpgöter bagşa-başga adamlardygy hakdady.

Mälikguly obadaşlaryny özboluşly gahrymanlar hasaplaýar, olaryň her biriniň içki dünýäsine düşünmäge çalyşýar, olaryň içki dünýäsine aralaşdygysaýyn bolsa, adamlar onuň öňünde beýgelip, mukaddesleşip barýar.

Ine, olaryň käbiri.

Kolhoz başlygy Mody Akyýew, çal murtly, ortadan pesräk boýly, dolmuş, abşanaklabrak ýöreýän, ýüzi gaty agyr, gabaklary gözüniň üstüne sallanyp duran, gazaply başlyk. Hyrsyz, yzgytsyz, rehimsiz görünýär. Haçan görseň gaharly, gykylyklap ýör. Asyl ol edilen işden aňsat-aňsat razy bolmaýar. Onuň Nury diýen ogly bar. Ol Mälikguly dagy bilen bir synpda okaýar. Oňa seretseň başlygyň ogly diýmersiň. Mydama arkasy şorlap dur. Günortan mekdepden çykyp, göni ekin üstüne işe gitmeli. Günortanlygyny çugutdyryp oturyp, howul-hara iýmeli. Başlyk birki gezek gara dere batyp işläp ýören Nuryny «Az işleýärsiň, nanýagy» diýip hakyt gamçylady. Şondan soň ähli kolhozçylar, oglanlar burny ganan ýaly bolup işlediler. Ähli adamlar ondan gorkýar. Ol ähli kolhozçylary gorkuda saklaýar. Aýaly görgülem mydama kolhoz işinde depesinden gum sowrup işleýär. Şonda-da başlyk kolhozyň aýal-gyzlarynyň ýanynda «Gyzym saňa aýdýaryn, gelnim sen eşit» diýen ýaly, aýaly Nabat daýza gygyrýar. Ülker ýaly bolup duran gelin-gyzlar hakyt sülgüniň jüýjelerine öwrülýärler, hersi işli-işine dyr-pytrak bolýar.

Mälikguly bir ýyldan gowrak wagtyň içinde Mody agany has ýakyndan tanady, tanadygyça-da bu adama hormat-gadyry artdy. Görüp otursa, ol hyrsyz, yzgytsyz däl eken. Ol öz oglunam, aýalynam, obadaşlarynam jandan-tenden ezizleýän eken, olar üçin şirin janyndan geçmäge taýýar eken. Ol ähli obanyň garamaty boýnunda bolansoň, işine gaty jogapkärçilikli çe-

meleşýän eken. Başlygyň şahandaz, mähriban ýüregi bar. Oba adamlary başlykdan maňlaýly ekeni.

Onuň obada ýygy-ýygy duşuşýan, hem-söhbet bolýan adamlary bar. Olaryň käbirin-ä oba adamlary o diýen halabam baranok. «Mody akylly kişi welin, ýöne onuň şu mahaw bilen duz-emek bolup ýörşüne teý düşünemok-da» diýişýärdiler. Soň görlüp oturylsa, ol ham-çamlaşýanlary obanyň hem gözi, hem gulagy eken. Olar obada bolýan ähli zatlaryň, ähli gürrüňleriň gylyny gymyldatman başlyga ýetirýän ekenler, onsoň başlyk ýygnakda kimiň näme edendigini ýüzlerine bazyrdadyp basýar welin, ähli kişi başyny aşak salyp otyr: «Eý, Hudaý, bu zatlary başlyk nädip bildikä?» Bu sowalyň jogabyny diňe başlyk bilýär.

Mody aga ýaşka-da gaty dogumly eken. Şeýle bolansoň, ol bütin ömrüne wezipeli bolupdyr. Oba adamlary onuň «nanýagy» diýip käýemesini hi-iç halanoklar, şonuň üçin gaharlanyp ýörenem bar. Adamlar ir ertirden giç agşama çenli depesinden gum sowrup işleýärler, onsoň olar nädip «nanýagy» bolýarlar?! Munuň sebäbini-de diňe Mody Akyýew bilýär.

Berkeli aga.

Bu goja gapdaldan, gep-sözünden baha berseň, onuň hiç bir aladasy ýoga meňzeýär, göwnaçyk, süýji dilli. Köneden köp bilýär. Hywada medresäni gutarypdyr. Hasap-hesibe ökde. Ol öň kolhozda ýönekeý suwçudy. Aşyryň kakasy Baýsähet Söýün brigadirligi-

ni goýup, urşa gidensoň, Berkeli aga brigadir bellenipdi.

Ýadaman-ýaltanman hysyrdanyp ýören goja gözüň gidýär, ony bagtly adam atlandyrasyň gelip dur. Aslynda, içgin tanasaň, ol obada iň betbagt adam. Adamyň başynyň daşdan gatydygy çyn bolmaly. Sebäbi gören horluk-hunabalary çekip-çydardan çökder, juda çökder. Öýündäki iki sany maýyby hiç zada har-zar etmän, ähli hajatlaryna ýarap, ýetişip ýören bu goja gahryman. Onuň toýda-ýasda köp görünmeýändigini aýdyp, nägile bolýanlar bar. Mälikguly iki gün näsaglanda halyny soramaga barmandygyny eşidip, ol hem başda öýkeläpdi. Soň welin, goja goýýan hormaty öýkesinden rüstem geldi. Hakykatdan hem, ol azap alla diýip dogan adam.

Allaberdi uzyn.

Obada iň ýalta adam hasaplanýar. Ol Jemşit baýyň ýalňyz ogly eken, lälik ulalypdyr. Kakasy akylly adam eken. Ol bu ýalta, lälik ogluna bir edenli, hajyraw gelin alyp bermese, onuň soňy bilen gününi görüp bilmejegini aňypdyr. Şonuň üçinem gözlege çykypdyr: «Çalt ýöreýän gyz kimde bar?» diýip, baý obama-oba aýlanyp çykypdyr. Baýyň çalt ýöreýän gyz gözlemeginiň sebäbi bar. Ata-babalarymyzyň düşünjesi, tejribesi boýunça çalt ýöreýän gyz gaty galdaw, gaharjaň, iň esasy, hojalygy gül ýaly oňarjak, gaýratly maşgala bolmaly. Jemşit baýa ogly ahyr ýaşynda horlanmasa bolýar. Öz obalaryndan-a isleýän gelinligini tapmandyr. Ahyr Tejeniň Ma-

şatköw obasynda şeýle gyzyň bardygyny aýdypdyrlar. Ýöne ol gyzyň men-men diýen ýigitlere-de göwni ýetmeýärmiş. Ýigidiň özüni görjek diýýärmiş. Gyz hem Merdan baýyň ýeke dikrarymyş.

Maşatköwde toý bolan güni Allaberdini bezäp-besläp toýa – duşuşyga ugradypdyrlar.

Allaberdi o mahallar uzyn boýly, bir nazarkerde ýigit eken. Özem dilewar. Ol Bibä bir söz-ä diýipdir. Şol sözden soň gyz gepsiz-gürrüňsiz razylyk beripdir.

Uly toý tutupdyrlar.

Jemşit baý bilen eken: Bibi ot ýaly gelin bolupdyr. Adamsyny çaga saklan ýaly läliksiredip saklapdyr, gaty gaýratly bolansoň, men diýen birki adamyň işini edipdir, häzirem şeýle. Gaty edenli, gaýratly aýal ol. Arman, gybatkeşräk-dä.

Goçgar aga, Ýazly ýatak, Omar awçy, Taýmaz aga, Akmyrat takyr dagy hem Mälikgula juda mähriban, iň ýakyn adamlar. Olar biri-birine biçak ýakyn, biri-birinden aýry zatlary ýok. Küren oba bir saçagyň, bir ojagyň adamy ýaly. Bu adamlar obanyň baş gahrymanlary däl. Iki ýüzden gowrak baş gahryman bu günler ganymlar bilen Watan goramak üçin aldym-berdimli söweşlerde gahrymanlyk görkezip söweşýärler. Ol gahrymanlaryň her biri hakda ajaýypdan ajaýyp dessan döredip boljak.

Şahyr bolsaň, «Zybagül – Suhanberdi» diýen dessan döretseň, ol hiç bir dessandan kem bolmaz.

Akgyz mugallym, Bibisoltan mugallym dagy nähili gowy, asylly gyzlar. Olara seredeniňde türkmen gyz-gelinleriniň dünýäde deňsiz-taýsyzlygy kalbyňa dolýar. Bular ýaly owadan, bular ýaly näzik, bular ýaly asylly bolmak diňe Hudaýtarapyn bolmaly.

Türkmene bu gün Magtymguly, Puşkin, Lermontow ýaly ökde ýazyjylar, şahyrlar ýetenok. Eger türkmende şeýle ýazyjylar ýeterlik bolsady, onda olaryň her biri hökman türkmen barada «Biziň zamanamyzyň gahrymany» ýaly dünýä meşhur eserler dörederdi, türkmeniň ady dünýä dolardy.

Wah, türkmende dünýä nusgalyk, ýöne tanalman geçip giden, gör, näçe ärler bar.

Wah, türkmende bu gün dünýä nusgalyk, ýöne tanalmaýan, gör, näçe beýik ärler bar...

Ylhamyň Alla tarapyndan berilýändigi çyn bolmaly, Mälikgulynyň serine goşgy setirleri yzly-yzyna geldi durdy, olary kagyza geçirere ýagdaýynyň – ne galamynyň, ne-de kagyzynyň ýokdugyna Mälikguly gynanmak gynandy. Asyl, ol setirler ömürlik saklanmak üçin gelen eken.

## Uruş ýyllaryna düşdi ykbalym

Diňe uruş! Uruş girýär düýşüme,
Ör-boýuna galýar Watan goragy.
Är ýigitleň güýç goşular güýjüne,
«Watan!» diýip urýar esger ýüregi.

Göge galýar därileriň tüssesi,
Ýaraly dünýäniň ahy-nalasy.

Weýrançylyk ýowuz urşuň hikmeti,
Döşün oka tutýar merdiň balasy.

Mertler gitdi. Peder gitdi söweşe,
Ýola bakýar urşuň yzynda galan.
Watan jigere deň. Deňdir göreje,
Uruş ynsanýete, gör, neneň talaň!

Diňe uruş! Uruş girýär düýşüme,
Sebäp Günbatarda däriler ýanýar.
Ýürek sesin goşýar Watan güýjüne,
Halk Watana, Watan halka daýanýar!

Uruş ýyllaryna düşdi ykbalym,
Ýeňiş ähli ýaralara lukmandyr.
Eý, Biribar, gora halkyň yhlasyn,
Watan üçin diňe Ýeňiş hökmandyr!

## Är ýigitler gaýrat üçin dogulýar

Barça ýürek Watan bilen baglydyr,
Är ýigitler gaýrat üçin dogulýar.
Watan ýarasynda jiger daglydyr,
Är ýigitler gaýrat üçin dogulýar.

Mertlik-merdanalyk dünýäň gözbaşy,
Bedew atdyr goç ýigitleň ýoldaşy.
Merdiň depesine gonar bagt guşy,
Är ýigitler gaýrat üçin dogulýar.

Mertleriň ýolunda duşman eglenmez,
Ýagy gaçar, soňky puşman eglenmez,
Ýeňiş bilen geler urşa gidenler,
Är ýigitler gaýrat üçin dogulýar.

Aslymy yzlasam, mertdir pederim,
Şu toprak hakdadyr beýik eserim,
Şu Watany söýüp-söýüp öterin,
Är ýigitler gaýrat üçin dogulýar.

Geljege ynam bar mekdep jaňynda,
Durmuşa söýgi bar kalbyň ýaňynda.
Watan bolmaz şu Watanyň deňinde,
Är ýigitler gaýrat üçin dogulýar.

## Gideliň biz atalaryň ýolundan

Ýol çekip, suw çekip, ýaplar gazdylar,
Gideliň biz atalaryň ýolundan.
Bu türkmeniň taryhyny ýazdylar,
Gideliň biz atalaryň ýolundan.

Gadymýetde Oguz, Görogly bardyr,
Togrul beg, Alp Arslan – är ogly bardyr,
Peder ykbalyna ýeňişler ýardyr,
Gideliň biz atalaryň ýolundan.

Pelleri depeliň, däne ekeliň,
Şu topraga maňlaý deri dökeliň,
Watanyň öňünde dyza çökeliň,
Gideliň biz atalaryň ýolundan.

Nusga edip dünýä Oguzkendini,
Miras goýdy bize öwüt-pendini.
Mekdepdir olaryň her bir endigi,
Gideliň biz atalaryň ýolundan.

## Ýürekleň buýsanjy – Watan

Şuny mydam ýatda saklaň, dostlarym,
Ýürekleň buýsanjy Watandyr, Watan!
Watana sežd etmek hökman, dostlarym,
Pederleň daýanjy Watandyr, Watan!

Okuwda mydama bäşlik okalyň,
Işläliň! Ýap çekip, ekin ekeliň.
Bu durmuşda taplanalyň, bekäliň,
Ýürekleň söýenji Watandyr, Watan!

Köp işläliň, ýadawlygy duýmalyň,
Şu sähralaň hiç mährinden doýmalyň,
«Watan» sözün dillermizden goýmalyň!
Dünýäň baýlyk-genji Watandyr, Watan!

## Ýürek mydam mähribanlyk küýseýär

«Watan» diýip urşa gitdi pederim,
Ýürek onuň didaryna suwsaýar.
«Ene» sözi meniň beýik eserim,
Ýürek mydam mähribanlyk küýseýär.

Gudrat bardyr eneleriň sözünde,
Mähir bardyr eneleriň gözünde,

Enem ýaşap ýörsün dünýäň ýüzünde,
Ýürek mydam mähribanlyk küýseýär.

Ak ekin ekersiň, ýandak çaparsyň,
Atalaň yzynda orun taparsyň,
Enäň didaryna doýman bakarsyň,
Ýürek mydam mähribanlyk küýseýär.

Eneler şat bolsun dünýäň ýüzünde,
Uruşlar ýat bolsun dünýäň ýüzünde,
Göwün şu Watanyň sähra-düzünde,
Ýürek mydam mähribanlyk küýseýär.

Geçer gider kyn günleriň barysy,
Diňer ene ýüreklerniň agysy,
Ýakyn bolsun ynsanlaryň arasy,
Ýürek mydam mähribanlyk küýseýär.

## Göz görmänkä köňül galkar ýa-da bu ýol Tejenden gelýär

Raýondan kolhoz başlyklaryna ýörite görkezme barmyş. Bu görkezme raýona hem ýokardan gelenmiş. Şol görkezme boýunça 25-nji oktýabra çenli güýz ekişini gutarmalymyş. Görkezme, buýruk – ýerine ýetirilmek üçin berilýär. Buýtar-suýtar etmek bolmaýar.

Mälikguly dagy 25-nji oktýabra çenli ekişi gutarjakdyklaryna berk ynanýarlar. Oňa çenli entek on bäş gün bar. Sürlüp-ekilmeli ýer bolsa bary-ýogy Çömmekdepäniň ýanyndaky ýigrimi gektarlyk alty sany atyz. Galan ähli ýerlere galla ekildi. Haýdap işlenilse, ýedi gektary bir hepdede gutaryp boljak.

Mälikguly dagy sürümi ýoluň gyrasyndaky «Babadaýhandan» başladylar. Hakykatdan hem bu atyz ynkylapdan öň obanyň «Babadaýhan» atyzy eken. Bu atyzyň işleri mydama obanyň ähli adamynyň gatnaşmagynda edilerdi, suw paýy hem bardy. Atyzyň hasylyny ikä bölýärdiler. Bir bölegini obanyň garyp-gasarlaryna bererdiler, ikinji bölek paýy bolsa satardylar. Ondan düşen pula goýun satyn alyp, Babadaýhanyň hormatyna degsin ederdiler.

Bu atyzyň hasyly mydama bitginli bolardy. Adamlaryň pikiriçe, bu şeýle-de bolmalydy.

Berkeli aga uzynly gün goşçy oglanlaryň ýanynda boldy. Günortan meýdan düşelgeden iki sany tüňçe getirip çaý oturtdy. Çaý gaýnandan soň, oglanlary günortanlyga çagyrdy.

– Mälikguly, saňa ýuwun-ýuwun diýdiler. Ine, şonuň üçinem aýratyn mytarada suw getirdim. Näçe ýuwun-ýuwun bolsaňyzam suw ýeterlik bar. Ine, çaýyňyz taýýar, çaýy çaýjoşuň özüne atandyryn, siz garbak-gurbak ediniberiň. Men oňa çenli düýelere ot bereýin.

Berkeli aga mydama şeýledi: oglanlar çaýa oturanlarynda öňünden taýýarlap goýan otlaryny göterip düýeleriň ýanyna ugrabererdi.

Düýelere ot berip gelen Berkeli aganyň indiki aýtjak sözlerinem oglanlar bilýärler. Nädip bilmejek. Şol bir sözler her gezek gaýtalanyp dur ahyryn.

– Mälikguly, ýürekselik edinip turuberiň. Men häzir bir ýerik baryp geljek.

Berkeli aganyň «bir ýerik» diýýäni öýi bolmaly.

Mälikguly doga okady, töwir etdi, soňundan beýik Biribara aýratyn dileg etdi.

– Eý, Perwerdigär, özüň bizi gora, gowusyny et. Kakalarymyz ganymlary kül-peýekun edip, sag-aman gelsinler.

Oglanlar ör turup, ellerini asmana galdyryp, bilelikde Haktagala mynajat etdiler:

– Kakam jan sag-aman gelsin!

Oglanlar düýeleriniň ýanyna barýarkalar, öňlerinden Mody başlyk çykdy. Ol ertir irdenem gelip gidipdi, işiň gidişi beýleki brigadalarda-da erbet däldi. 25-nji oktýabra çenli ekiş doly gutarjakdy.

Mody aga işleriň küşatlygyndan gaty razydy, keýpi kökdi:

– Oglanlar, sag boluň, gowy işleýärsiňiz. Men muny gaty gowy bilýändirin. Sizden gaty razydyryn, at segretjek, çapjak bolmaýarsyňyz-la? Ýa entegem raýon wekili geler, käýär diýip gorkuşyp ýörsüňizmi? Hiç zatdan çekinmäň, arkaňyzda özüm duraryn.

Oglanlar biri-birine begençli bakdylar. Sebäbi munuň ýaly sözleri başlykdan eşitmek gaty ýakymlydy.

Mody başlyk hem göwnühoş bolup ýoluny dowam etdirdi.

Wagt ikindinara sandy.

Çömmekdepäniň üstünde oba oglanlary myg berýärdi. Olaryň ählisi Tejen tarapdan biriniň gelerine garaşýardy.

Bu mahallar Akmyrat takyr raýon merkezinden gelmeli.

* * *

Berkeli aganyň günortanky gidişi. Ol günortan onçakly köp eglenmeýärdi. Bir ýarym-iki sagatdan dolanyp gelýärdi. Bu gün welin ol eglendi. Eýgilik bolsun-da hernä? Ýa özüne bir zat bolaýdymyka?

Belki, aýaly Näzik ejä bir zatlar bolandyr?

Belki, Hangula bir zatlar bolandyr?

Eý, Hudaý, hiç haýsyna hiç zat bolmasyn hernä!

Näme bolup biler?

Berkeli agany saklap biljek diňe bir zat bar. Ol hem diňe saglyk bilen baglanyşyklydyr. Galan ýag-

daýlarda ol eglenmez. Ol bu wagta çenli hökman gelmelidi. Diňe gelmeli hem däl, ol kolhoz ammaryna gidip, sürlen ýerlere ýeter ýaly tohumlyk däne hem getirmelidi.

Eýýäm tohum sepip başlamaly wagt boldy.

Hana, Ýazly aga, Ata gürmen Çömmekdepäniň ýanynda otyrlar. Olar häli geldi. Berkeli aga garaşýar olar. Gojalaryň oturyşlary gaty arkaýyn görünýär, megerem, Berkeli aganyň näme üçin eglenýändigini bilýändirler.

Garaňky gatlyşyp ugraberende, Berkeli aga göründi. Ol atyny gorduryp gelýär, tohumlyk dänänem alyp gelýär. Hana, atyň yzyna bökderilgi çalça görünýär.

Berkeli aga göni oglanlara tarap gelýär. Özem gijä galandyryn öýdenok. Keýpi gala onuň. Dagarmanyň üstünde galkyjaklap otyr.

Berkeli aga göni Mälikgulynyň ýanyna geldi.

– Berkeli aga, şu gün-ä birinji gezek gijä galyp geldiňiz. Ýalňyşmasam, bir gowy habaryňyz-a bar.

– Gowy habarym bar, Mälikguly, ýalňyşmansyň. Sen, tüweleme, ýaş hem bolsaň, adamyň içini bilip dursuň.

– Şeýdip begenjek günümize köp wagt bäri garaşyp ýörüs-ä biz.

– Näme hoş habaryň bar diýip sora menden.

– Näme hoş habaryňyz bar, Berkeli aga?

– Mälikguly, men saňa bir geň-taň habar aýdaýyn. Günortan öýe ýakynladym welin, görsem, köçe tarapda bir eli taýakly tanyş kişi dur. Birbada men ony tanamadym, sebäbi ol bir ýylgyrýar, ol bir begenýär. Guş bolup uçaýjak bolýar. Ýa-

nynda iki sany çagalyja gelnem bar. Ol gelnem men öň nirede görenimi anyk hakydama getirip bilemok... Eli hasaly kişi hakyt Hangula meňzeýär...

Berkeli aga sözüni soňlamaga ýetişmedi. Çömmekdepäniň üstünde oturanlar ör turup, bökjekleşip gygyrmaga durdular.

– Gelýär!

– Gelýär!

– Akmyrat aga gelýär!

Oglanlaryň gykylygyna Dagarman birden gorsaň-tebil tapdy, gulaklaryny gypyrdatdy, burnuny pyrryklatdy. Soňam ötgün bir ses bilen kişňäp, çarpaýa galdy.

Dagarmanyň üstünde arkaýyn oturan Berkeli aga beýle ahwalata garaşmansoň ykjamlanmaga, eýerden, jylawdan ýapyşmaga ýetişmedi: atdan diň arkan gaýtdy. Bökderilgi tohumlyk dänäniň iki çalçasy-da böwsülip ak ýaýyn boldy.

Dagarmanyň bu bolşuny geňlemez-taňlamaz ýaly däldi. Ony biri çagyrýan ýalydy. «Gelýär!» diýlen habar diňe oňa degişli ýalydy. Ol ýola çapdy. Hana, ol tanapyny süýräp ýol bilen ho allowarrada görünýän Akmyrat takyryň furgonyna tarap ok bolup barýar.

Dagarmanyň bu bolşuna Mälikgulynyň ini tikenekläp gitdi. Sandyrady:

– Kakamdyr! Dagarman kakamyň gelýänini bilendir. Kakam gelýändir! Hökman şeýledir.

Mälikguly atyň yzyndan eňdi. Ol ylgap däl, uçup barýardy. Kakasynyň aýdyşy ýaly, döwlet guşy ahyryn ol!

Ol bu güne, bu pursada, gör-ä, näçe günläp, näçe wagtlap garaşdy.

Hana, furgon görünýär!

Onda Mälikgulynyň mähriban kakasy oturan bolmaly.

Hakykatdanam, şeýle eken.

Furgonyň nowasyndan harby eşikli biri böküp düşdi-de, Dagarmana bakan ylgady.

Dagarman dälirän ýalydy.

Bir gezek çarpaýa galanyny az görüp, ötgün-ötgün kişňäp, iki gezek çarpaýa galdy.

Harby eşikli adam baryp Dagarmanyň boýnundan gujaklady.

Birden Mälikguly gygyrdy, onuň sesi sandyrap, agy gatyşykly çykdy:

– Kaka-a! Kaka-a! Kakam-ow! Kakam janym-ow! Kakam geldi! Kakam geldi!

Berdimuhamet mugallym ýola seretdi. Görse mähriban ogly – mähriban döwlet guşy Mälikguly ylgap gelýär.

Berdimuhamet mugallym ogluna tarap ylgady.

– Oglum-how, Mälikguly janym-ow!

– Kaka ja-anym-ow!

Ataly-ogul garsa gujaklaşdy.

Mälikguly erkek kişileriň aglamaýandygyny, özüniňem indi aglamaly däldigini deň-duşlarynyň arasynda aýdyp ýördi, ýöne bu mahal gözýaşyny saklap bilenokdy, sojap-sojap aglaýardy.

– Wiý, oglum, aglama, men geldim ahyry – diýip, Berdimuhamet ogluny gujagyna berk basdy.

– Men begenjime aglaýan, kaka!

Çömmekdepede üýşüp oturan oglanlar uly topar bolup ylgaşlap geldiler. Diňe oglanlar däl, Mälikgulynyň Tüweleý atly düýesi hem azalyny süýräp, alatozan turzup gaýdyberipdir.

– Indi mydama bile bolarys, oglum.

Berdimuhamet mugallym Mälikgulynyň elinden tutup, oba pyýadalap ugrady.

Weli Berdimuhamet mugallymyň gelendigini Ogulbäbek ejä buşlap, eýýäm ýigrimi manat söýünji alypdy. Muňa Weliniň begenjiniň çägi ýokdy, çünki bu pula gaty köp zatlary satyn alyp bolýar.

Her kimiň öz begenji bar. Her kimiň öz gazanjy bar.

Begenmek, begendirmek hemişe hemme kişä nesip etsin!

* * *

«Gyzyl çarwa» kolhozy güýzki ekişi 21-nji oktýabrda günortana golaý gutardy. Şol gün günortan Mody başlyk söwüş etdi: iki sany semiz işşek soýuldy, dört gazan ataryldy. Ogulbäbek eje dagy ir ertirden nan ýapmaga girişdiler. Şol gün on bäş tamdyr çörek bişirildi.

Dördünji brigadanyň meýdan düşelgesine beýleki brigadanyň kolhozçylaram çagyryldy. Günortan hakyky toý boldy.

Gelinler-gyzlar, oglanlar-uşaklar-garrylar ýazylyp-ýaýrap täzeje etden bişirilen börtmeden heziller edip iýdiler. Düýe çapdyryldy, baýrak goýuldy.

Kolhoz başlygy Mody aga günortandan soň dördünji brigadanyň kolhozçylarynyň Garaöýde-

päniň gaýrasyndan akbaşdyr ýandak çapmalydygyny, gyşa taýýarlyk görmelidigini brigadire aýtdy.

Kolhozçylar işe ugranlarynda Berdimuhamet direktor Mody başlyk bilen Mälikguly dagynyň ýanyna geldi. Oglanlar işe ugrajak bolup durdular. Mody başlyk Mälikgula ýüzlendi:

– Mälikguly, sen öz oglanlaryň bilen gaty gowy işlediň. Hemmäňize sag bol aýdýaryn. Siz kösenmek kösendiňiz, lütüňiz çykyp ýadadyňyz. Şonda-da «ýadadym» diýmän işlediňiz, ululardan birjik-de kem däl. Siz tyldaky frontda dyrjaşyp-gerjeşip gahrymançylyk görkezdiňiz. Siz ordenlere, medallara mynasyp işlediňiz. Asyl oýnamalydyram öýtmediňiz. Durmuş ýaşlykdan siziň gerdeniňize iner ýüküni ýükledi. Siz bu ýüki merdi-merdanalyk bilen çekdiňiz. Men sizi özüňize duýdurmanam köp synladym. Tüweleme, göz degmesin.

Bu gün kolhozymyzda uly toý, güýzki ekişi gutardyk. Ýaňy Berdimuhamet bilen maslahatlaşyp, şu gün size dynç bermegi makul tapdyk. Bu biziň size sagbolsunymyz, sylagymyz. Siz indi işe gitjek bolmaň. Arkaýyn oýnaň.

Oglanlar biri-biriniň ýüzüne seredişip begenişdiler. Çömmekdepä gitdiler.

– Haýsy oýny oýnalyň? – diýip, Mälikguly Aşyr bilen Welä sala saldy.

– Maňa tapawudy ýok.

– Maňa-da tapawudy ýok – diýip, Weli Aşyryň sözüni gaýtalady.

– Oglanlar, geliň, biziň guşakgapdy oýnumyzy görüň – diýip, Ogulşypa Aşyry çagyrdy.

– Aýterek–Günterek oýnaňzokmy? Şony oýnasaňyz-a men kimiň gerekdigini derrew aýdardym.

– Ýörüň onda.

– Oglanlar, geliň ortadurma oýnalyň – diýip, Nury Mälikguly dagyny oýna çagyrdy.

Olar göwünli-göwünsiz oýna girişdilar. Bir gezek oýnadylar, iki gezek oýnadylar, oýundan maza almadylar. Şonuň üçinem oýny üýtgetdiler: ýeditop oýnuny oýnamaga başladylar.

Üçünji oýundan soň Aşyr gyra çekildi:

– Aý, men-ä oýnajak däl. Iki ýana manysyz ylgap ýörmeli-how.

Mälikguly bilen Weli hem oýundan çykdy.

– Onda akja süňk ýa takylatdy oýnalyň.

– Aý, ýok.

– Onda dokuz gumalak oýnalyň.

– Aý, ýok.

– Onda düzzüm, içýanagzy oýnarsyň?

– Aý, ýok.

– Peçiz oýnajakmy?

– Juk.

– Joňk-joňk oýnajakmy?

– Aý, ýok.

– Lukur ýa üçböküm oýnarsyň?

– Juk.

– Onda aşyratdy oýnaý.

– Aý, juk.

– Sen keçe-keçe oýnuny gowy görýärsiň-ä. Mydama keçe-keçe oýny bilen ýüzük tapdy ikisi bir oýun diýýärdiň-ä!

– Dogry.

– Onda, gel, keçe-keçe oýnaly.

– Aý, ýok.
– «Oýnasym gelenok» diý-dä onda.
– Oýnajak.
– Onda basyrynma oýnaýalyň – diýip, iki ýana ylgamakdan ýaňa şalpy-şaraň derlän Depbi Mälikgula seretdi.
Mälikguly zol «ýok» diýip durmagy gelşiksiz görüp razylaşdy.
– Bolýar, oýnalyň.
Bu oýunda oglanlar iki topara bölünýärler. Bije atylanda bijesi çykan toparça basyrynýar, çykmadyk toparça-da eşekçi bolýar.
Eşekçiniň pellehanasyny elli ädimden bellediler. Eşekçi basyrynyp ýatanlaryň biri birden turup tutmakçy bolanda, zyk ýetdirmän pellahana gelmegi başarmaly. Başarmasaň, utuldygyň.
Bijeli topar ýoldaşlary bilen eşiklerini çalyşýarlar, kelleleri görünmez ýaly köýnekleri bilen örtýärler. Taýýar bolanlaryndan soň guk berýärler.
Gukdan soň eşekçileriň iň ýyndamy bijeli topara ýakynrak gelip, kimiň-kimdigini takyklamaga başlaýar. Tanasa, näçenji bolup, nähili ýagdaýda, nähili eşikde ýatandygyny aýdyp, turmagy buýurýar. Eşekçileriň hemmesi gelse, onda olaryň haýsam bolsa birini basyrynyp ýatanlaryň biriniň turup, tutmagy mümkin. Şonuň üçin eşekçileriň birden ýa ikiden özgesi pellehanada durýar.
Aşyr bilen köýnegini çalşyp basyrynyp ýatan Mälikgula bu oýun manysyz, gyzyksyz göründi, ol ýerinden turdy.

– Tanadym, Mälikguly bu, Mälikguly bu – diýip, gygyrýan Durdymyradyň yzyndan kowalajagam bolmady.

– Aşyr, Weli, turuň-eý, gideliň!

Aşyr bilen Weli şu söze häliden bäri garaşyp duran ýaly, gaty göwünjeň turdular.

– Gidelimi-how? – diýip, Aşyr köýnegini çykaryp Mälikgula berdi, ondanam özüniňkini alyp geýdi.

– Gideliň.

– Duruň-how, Mälikguly, menem siz bilen gitjek – diýip, Şirmämmet oglanlaryň yzyndan ylgady.

Nury bilen Derýa hem olara goşuldy.

Oglanlar Garaöýdepäniň gaýrasyna – ýandak çapmaga ugradylar.

Herki zat öz wagtynda gyzykly, lezzetli. Wagtyň hem döwrüň üýtgemegi bilen gyzyklylyk, lezzet hem başga zatlar bilen orunlaryny çalyşýar.



*Mälikguly Berdimuhamedow*



*Gökdepe raýonynyň (etrabynyň) 1-nji Birleşik oba Sowetiniň 16-njy orta mekdebiniň okuw bölüminiň müdiri Berdimuhamet Annaýew. 1947-nji ýylyň iýuny.*



Личный листок по учету кадров

1. Фамилия Аннаев

имя Бердимухаммет отчество

2. Пол муж. 3. Год рождения 1904 4. Место рождения:

а) по существующему адм. делению ТССР Ашх. обл. Геок-Тепе а/с Бзгант

б) по существовавшему адм. делению ТССР Ашх. обл. Геок-Тепе а/с Бирлешик №1

5. Национальность туркмен 6. Соц. происхождение:

а) бывш. сословие (звание) родителей крестьяне

б) основное занятие родителей до Октябрьской революции крестьянин, после Октябрьской революции крестьянин колхозник

7. Основная профессия (занятие) в настоящее время (для членов и кандидатов ВКП(б)—к моменту вступления в партию) учитель, стаж работы по этой профессии с 1926 8. Соц. положение служ. 9. Партийность б/п. 10. Какой организацией принят в члены ВКП(б)

11. Партстаж (мес., год) № партбилета или к/карточки

12. Стаж пребывания в ВЛКСМ с по 13. Состоял ли в других партиях (каких, где с како-го и по какое время) В других партиях не состоял

14. Состоял ли ранее в ВКП(б) Нет (да, нет) с какого и по какое время и причины исключения или выбытия

15. Были ли колебания в проведении линии партии и участвовал-ли в оппозициях (каких, когда) Колебания не было, в проведении линии партии и в оппоз. не участ.

16. Членом какого профсоюза состоит и с какого года с 1926г. НСШ ТССР

17. Образование II курс пединститут

| | Подробное название учебного заведения (вуза, втуза, техникума, комвуза, школы и проч.) и его местонахождение | Название факультета или отделения | (Дата м-ц, год) поступления | окончания или ухода | Окончил или нет | Если не оконч., то с какого курса ушел | Какую узкую специальность получил в результате окончания учебн. заведения |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Общее и специальное | Пединст. г. Ашхабад | Яз.-лит. | 1948 | | | | |
| Партийно-политич. | | | | | | | |

18. Ученая степень (звание) учитель 19. Имеет ли научные труды и изобретения нет (перечень научных трудов и изобретений с указанием, по каким вопросам и где опубликованы, необходимо дать в приложении).

20. Был ли за границей нет (да, нет) (включая военную службу)

| Дата (м-ц, год) с какого времени | по какое время | В какой стране (указать город) | Цель пребывания за границей |
|---|---|---|---|
| | | | |

...ючая военную службу)

Местонахождение учреждения, организации, предприятия (город, район, область, край, республика)

22. Работа по совместительству (в момент заполнения личного листка)

...ских, городских, район...

Дата (м-ц, год) избрания, выбытия

...СССР

...шет, говорит) хорошо

...ям за революционную ...

(да, нет)

с какого и по какое время, где и в каких должностях)

31. Находился ли на территории, временно оккупированной немцами в период Отечественной войны (с какого и по какое время, где когда и работа в это время) На территории оккупированной немцами не находился.

...чета НКО

...военно учетно...

...ние военно-учетного ...

...(да, нет)

...тавлена, до какого

...юции

Чем награжден

...ешение суда

...ожено партвзыскании

37. Семейное положение в момент заполнения личного листка жена, сын 2, дочь 1 (перечислить состав семьи)

38. Домашний адрес: ТССР Ашхабадская обл. Геок-Тепинский р-н а/с Бирлешик I

„6“ Августа 1948г. (дата заполнения) Личная подпись Аннаев (писать разборчиво)

*Berdimuhamet Annaýewiň 6.08.1948-nji ýylda öz eli bilen dolduran işgärleri hasaba alyş şahsy listogy.*



ТУРКМЕНИСТАН ССР
МАГАРЫФ МИНИСТРЛИГИ

ЕТИШЕНЛИК АТТЕСТАТЫ

Шу аттестат 1932 йылың август айында догулан Бердимухаммедов Мәликгула берилди. Ол ТССР Ашгабат обл. Гөкдепе район 1-Бирлешик оба № 16 орта мектебине 1940 йылда гирди ве бу мектебиң долы курсыны гутарып, отличнo эдеплилик билен предметлер боюнча ашакдакы билимлере эе болды:

| | | | |
|---|---|---|---|
| Туркмен дилинден | 4 (дөрт) | СССР тарыхындан | 4 (дөрт) |
| Туркмен эдебиятындан | 5 (бәш) | Умуми тарыхдан | 5 (бәш) |
| Рус дилинден | 4 (дөрт) | СССР конституциясындан | 5 (бәш) |
| Рус эдебиятындан | 4 (дөрт) | Жуграфиядан | 5 (бәш) |
| Алгебрадан | 3 (үч) | Физикадан | 4 (дөрт) |
| Геометриядан | 3 (үч) | Астрономиядан | 3 (үч) |
| Тригонометриядан | 3 (үч) | Химиядан | 3 (үч) |
| Тебигатдан | 5 (бәш) | Дашары юрт дилинден | — |

Шу аттестат өз эесине ССР Союзының ёкары окув жайларына гирмек хукугыны берйәр.

„23" VI-1950 йылда берилди.

Мектеп директоры

Окув ишлери боюнча директорың орунбасары

М. П.

Мугаллымлар: 1. 2. 3. К. Аманов 4.

№ 002090

*Mälikguly Berdimuhamedowa orta mekdebi gutaranda berlen ýetişenlik attestaty. 23.06.1950 ý.*



*Berdimuhamet Annaýew (birinji hataryň merkezinde) işdeş ýoldaşlary bilen.*



*Seržant M.Berdimuhamedowyň şahsy şahadatnamasy. Çyrçyk ş., mart, 1954 ý.*



Бердимухамедов Мяликк.

Л И Ч Н О С Т Ь

С Е Р Ж А Н Т А

БЕРДИМУХАММЕДОВА МЯЛИККУЛИ

ЗАВЕРЯЮ :

Начальник штаба 1250 Горно-
стрелкового КРАСНОЗНАМЕННОГО
полка:
ПОДПОЛКОВНИК (СЕЛИВАНОВ)

г. Чирчик
март 1954год.



*Mälikguly we Ogulabat Berdimuhamedowlar ogullary Gurbanguly bilen.*

## СЛУЖЕБНАЯ ХАРАКТЕРИСТИКА

На слушателя школы мл.лейтенанта
БЕРДИМУХОМЕДОВА Маликкули

Мл.лейтенант БЕРДИМУХОМЕДОВ М. за время учёбы в школе к занятиям относился прилежно. Много прилагал усилий при самостоятельной работе над программным материалом и заметно повысил свои знания по общественным, специальным,юридическим и военным дисциплинам. Учебную программу усвоил на хорошо.

В вопросах внешней политики СССР ориентируется.

Опыт работы в МВД имеет небольшой и поэтому полученные знания в школе помогут ему на практической работе.

К несению службы внутреннего наряда относился добросовестно. В общественной жизни школы принимал активное участие.

Лично дисциплинирован.Выдержан. В коллективе с товарищами уживчив. На замечания старших реагирует правильно.

За добросовестное отношение к учебе, примерную дисциплину и активное участие в общественной жизни школы объявлена благодарность в приказе по школе.

В Ы В О Д: Занимаемой должности соответствует.

И.О.КОМАНДИРА ДИВИЗИОНА
МАЙОР (БИСАРОВ)

ЗАМ.НАЧ.ШКОЛЫ ПО ПОЛИТЧАСТИ
МАЙОР (МИЛЕШНИКОВ)

"СОГЛАСЕН" НАЧАЛЬНИК РЯЗАНСКОЙ ШКОЛЫ УСОВЕРШЕНСТВОВАНИЯ НАЧСОСТАВА МВД СССР
ПОЛКОВНИК (ЗЕМЛЯНОВ)

"14"сентября 1959г.

*Rýazanyň SSSR IIM-niň harby ýolbaşçylar düzümini kämilleşdiriş mekdebiniň diňleýjisi, kiçi leýtenant Mälikguly Berdimuhamedowa berlen gulluk häsiýetnamasy. 14.09.1959-njy ýylda berildi.*



*Mälikguly Berdimuhamedow harby ştabyň diwar gazetiniň redaktory ýefreýtor Sergo Lukaşwili bilen gazetiň nobatdaky sanynyň materiallaryny maslahatlaşýar. 1963 ý.*



*Mälikguly Berdimuhamedow (çepde) gullukdaş-ildeşleri Baýram Gulnyýazow (ortada) we Daňatar Magtymow bilen. 1952 ý.*


ДИПЛОМ

Б-I № 571449

Шу диплом Бердимухамедов Мэликгула берилди

ондан этри ол 1960 йылда А. М. Горький адындакы Түркмен довлет университетине гирди ве 1966 йылда университетиң долы курсуны тарых специальносты боюнча гутарды.

Довлет экзаменацион комиссиясының „29" июня 1966 йылда чыкаран карары боюнча она тарыхчы, тарых ве жемгыети овренши мугаллымы квалификациясы берилди.

Довлет экзаменацион комиссиясының башлыгы

Ректор

Секретарь

М. Е. Ашгабат шәхери „18" апрель 1977 йыл

Регистрация № 3

ДИПЛОМ

Дубликат

Б-I № 571449

Настоящий диплом выдан Бердимухамедову Маликкули в том, что он в 1960 году поступил в Туркменский государственный университет им. А. М. Горького и в 1966 году окончил полный курс названного университета по специальности история

Бердимухамедову М.

Решением Государственной экзаменационной комиссии от „29" июня 1966 г. присвоена квалификация историка, учителя истории и обществоведения

Председатель Государственной экзаменационной комиссии

Ректор

Секретарь

М. П. Город Ашхабад „18" апреля 1977 г.

Регистрационный № 3

Московская типография Гознака. 1974.

*M.Berdimuhamedowa 1966-njy ýylda Türkmen döwlet uniwersitetini tamamlanda we taryhçy, taryh we jemgyýeti öwreniş mugallymy hünäri boýunça berlen diplom.*



*M.Berdimuhamedow (sagda) serkerdelik okuwyny gutarandan soň öz ýoldaşlary bilen. 1967 ý.*



Дубликат

СССР

МИНИСТЕРСТВО ВНУТРЕННИХ ДЕЛ

Диплом № 12162

Настоящий диплом выдан капитану Бердымухамедову Маликкули

(фамилия, имя, отчество)

в том, что он в 1968 г. поступил и в 1968 г. окончил полный курс Орджоникидзевского Краснознаменного военного училища им С.М. Кирова МВД СССР - экстерном

(полное наименование училища)

по специальности офицер мотострелковых войск

Приказом Министра внутренних дел СССР № 221 от «29» апреля 1968 г.

(фамилия, имя, отчество)

присвоено воинское звание

Председатель Государственной квалификационной комиссии

М. П.

Начальник училища

гор. Орджоникидзе «13» июня 1977 г.

Регистрационный № 22

*1968-nji ýylda SSSR IIM-niň S.M.Kirow adyndaky Oržonikidze Gyzyl Baýdakly harby uçilişesiniň doly kursuny gutarandan soň, moto-atyjylyk goşunlarynyň ofiseri hünäri boýunça Mälikguly Berdimuhamedowa berlen diplom.*



Берди Мухаммед Анна Оглы — работает усердно ведет себя вполне прилично. Может быть кандидатом на учительскую работу с непременным условием продолжать учение на курсах после предстоящего учебного сезона для кочевых школ.

С подлинным верно:

Секретарь Соцвос [illegible]

*Çarwa raýonlarynyň başlangyç mekdepleriniň mugallymlaryny taýýarlaýan üç aýlyk okuw kursunyň diňleýjisi Berdimuhamet Anna ogluna berlen häsiýetnama, Poltorask ş. (häzirki Aşgabat), 1926 ý.*


Т. С. С. Р.
ИНСПЕКТОР
Туркменской
ОБЛАСТИ
Народного Комиссариата
ПРОСВЕЩЕНИЯ
2 февр. 1926 г.
№ ...
г. Полторацк

В НАРКОМПРОС

Пед. техникум тов. Мардрешнову

Одновременно с сим следуют члены союза КОШЧИ Нияз Гельды Бай МАМЕДОВ и Берды Мухамад АННА Оглы на предмет зачисления слушателями курсов по подготовке аульных учителей кочевых районов.

в счет разверстка Безмеинского района

РОНО /МАМЕДОВ/

Секретарь/Равинский/

*Büzmeýin raýonynyň halk magaryf bölüminiň «Goşçy» soýuzynyň agzasy Berdimuhamet Anna ogluny okuwa ibermäge ýollamanamasy. 1926-njy ýylda Yzgant obasy şu raýonyň düzüminde bolupdyr.*



…башлыгының фамилиясы, ады we атасының ады Аннаев Бердимух…
Хожалык № 187
Хайсы колхозың (прочколхозың / промартелиң) члени Н. С. Ш. № 6
…1942 Догры адреси Киров Ю. Сталин

| Тертип № | Фамилиясы, ады, атасының ады (доны) | 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 7 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1. | Аннаев Бердим | | эр. | 1904 | Т-м. | с/ма. | |
| 2 | Огулбэбек берд. | аялы | ай | 1906 | " | – | |
| 3 | Овадан берд. | гызы | ай | 1928 | " | с/ма | б.д. сино |
| 4. | Маликгулы Б. | оглы | эр. | 1932 | " | " | " |
| 5 | Амангулы Б. | " | эр | 1935 | " | " | " |

1943–1945-nji ýyllarda Kirow raýonynyň Stalin adyndaky oba sowetiniň gullukçylarynyň hojalyklarynyň esasy görkezijilerini hasaba alyş kitabynda mekdep direktory Berdimuhamet Annaýewiň maşgalasynyň düzümi we hojalygy hakynda edilen ýazgy. Resminamadan görnüşi ýaly, B.Annaýew bilen ýanýoldaşy Ogulbäbegiň üç çagasy: iki ogly – Mälikguly (1932-nji ýylda doglan) we Amanguly (1935 ý.), gyzy – Owadan (1928 ý.) bolupdyr. Maşgala mekdep binasynda ýaşaýyş jaýyny kärendesine alypdyr, olaryň 0,8 gektar meýdany bolan mellegi we sygry bar eken.



...ROV RAJON
...MAGARЫF BOLYMI
КИРОВСКИЙ
районный отдел
...ного образования
11/X
№ 673

Справка

Выдана настоящая справка тов. Аннаеву в том что он действительно до ухода в РККА 1943г. работал директором школы №6. с окладом 850р. в м-ц стаж работы 1926г.

Удостоверяется
...районо /. Каракулов /.
Секретарь /. Якубова /.

*Fronta gitmezinden öň Berdimuhamet Annaýewiň 6-njy orta mekdepde direktor bolup işländigini tassyklaýan Kirow raýonynyň halk magaryf bölüminiň güwänamasy.*

2

В дом вошло шесть человек. Один из вошедших, войдя в дом, представился председателю:
– „Майор Бардин."

Крепко на крепко перетянутые ремни походного снаряжения врезались в его меховой полушубок. На левой стороне висела до отказа наполненная бумагами полевая сумка.

Предъявив соответствующие документы и цель своего приезда, майор попросил устроить его группу и лошадей с ночлегом. Потом из той же полевой сумки достал, засургученный пятью печатями, раньше вскрытый конверт, содержимым которого была гербовая бумага, четким шрифтом на которой было написано:

– „<u>Приказываю приступить к формированию 778 стрелкового полка 206 стрелковой дивизии</u>
<u>1 января 1942 г.</u> <u>подпись</u>."

Начались полные кипучей работы, будничные дни. Ежедневно в село днем и ночью прибывали все новые и новые люди. Шли и одиночки командиры Красной Армии запаса, шли командиры из резервных частей, из училищ, только что втиснувшие себя в командирскую форму, радуясь только что прикрепленным к петлицам ярко-красным квадратикам и золотистым галунам на рукавах. Шли группами мужчины, с большими перевязанными от семьи за плечами вещевыми мешками. Среди них больше всего было мужчин в национальных одеждах, жителей близлежащих сел и районов. Вся эта масса людей, в пестрым разновидным одеждой, казалось, собственным только каждому из них,



202

Закончив разгром немецко-фашистских захватчиков полк в составе 206 стрелковой, Корсуньской, Краснознаменной, ордена Суворова, Кутузова, Богдана Хмельницкого дивизии, совершил великий, исторический переход из Австрии на Родину и 27 августа 1945 года прибыл на место дислокации город Хмельник, Винницкой области.

В период с 15 сентября 1945 года по 20 мая 1946 года личный состав полка занимался боевой и политической подготовкой по программе зимнего периода обучения.

20 мая 1946 года на основании Постановления Совета Министров Союза ССР от 3.05.46 г за N 976-408 сс, директивы начальника Генерального штаба Вооруженных сил Союза ССР от 3.05.46 г за N орг 1/1/ш. Приказа войскам Прик В.О. N 0023 от 10.05.46 г и Приказа войскам 27 Армии N 00117 от 12.05.46 г

748 стрелковый, Корсуньский, Краснознаменный, ордена Кутузова, Богдана Хмельницкого полк подлежит расформированию.

Командир 748 стрелкового, Клужского, Краснознаменного, орденов Кутузова и Богдана Хмельницкого полка

гвардии подполковник: (Демидов)

Начальник штаба 748 стрелкового полка

гвардии майор: (Павлович)

*748-nji atyjylyk polkunyň söweş ýolunyň sahypalary, ýefreýtor Berdimuhamet Annaýew 1943-nji ýylda şol polkuň düzüminde söweşipdi. Çeşme: Russiýa Federasiýasynyň Goranmak ministrliginiň Merkezi arhiwi, 748 sp g., 159754 ss ýaz., 1 iş, 1-202 tk.*



Терҗиме хал.

Мен Гӧкдепе район Ызгант обасында 1904-йылда гарып дайхан машгаласында энеден догулдым. 1907 йылда какам ӧлүп, гарры энемиң элемегинде болдум. Шондан башлап 1926 йыла ченли ӧз хоҗалыгымызда дайханчылык ишинде ишледим. 1926 йылда Ашгабат шәхеринде ачылан үч айлык мугаллым тайярлаян курсда окап, мугаллым болуп ише башладым. Шол вагтдан башлап 1939-йыла ченли хер йыл мугаллымларың томус вагтындакы тайярлык курсына гатнашып, мугаллымчылык везипесинде ишледим. 1939-йылда Ашгабатдакы мугаллымчылык институтына заочно окува гирип, онуң 2-нҗи курсыны гутардым. 1943-йылда Гызыл Гошун хатарына гирип, 1944-йылың ахырында ярала болуп гелдим. Армиядан гелип, 1944-йылың октябрь айында ене мугаллымчылык ишине башлап, 1946-йыла ченли Киров районында ишләп, 1946 йылда Гӧкдепе районына гелип, тә хәзирки вагта ченли мугаллымчылык везипесинде ишләп гелйәрин.

/Аннаев Бердимухаммет/

15/IX 48-й.

*Berdimuhamet Annaýewiň öz eli bilen ýazan terjimehaly, 15.09.1948 ý.*

Характеристика

Берилди Гөкдепе район I-нжи Бирлешик оба № 16 орта мектебиң, башланғыч класың мугаллымы ёл. АННАЕВ БЕРДЫМУХАММЕДЕ.

Ёл. АННАЕВ 1904-нжи йылда доглан, миллети түркмен, билими орта.

Ёл. Аннаев 1926-нжи йылдан бәри мугаллымлык везипесинде ишләп гелйәр. 1943-нжи йылда ёл. Аннаев Совет Армиясының хатарына гиден ве 1944-нжи йылда гайдып гелин, өзиниң өңки сөййән везипесинде ишләп башлады.

Ёл. Аннаев 1947/48-нжи окув йылында өзиниң ёлбашчылык эдйән 3"б" класы боюнча 100 % өтишик ве 100 % гатнашык газанды.

Ёл. АННАЕВ өзиниң окадыш усулыны яш мугаллымлара өвредип ве оларың көмеги билен чагалара коммунистик тербиесини бермекде бар үнсини берип ишлейәр.

Өзиниң билимини артдырмак үчин педагогик инститтутиның 2-нжи курсинде гайбана окаяр. 1948-нжи йылда Мугаллымлар Кәмиллешдириш институтинда бир ай ярымлык Эне дили предметиниң семинарына гатнашды.

Ёл. Аннаев мугаллымларың арасында иң бир тежрибели ве абрайлы мугаллымларың бири.

Гөкдепе район халк магарыф бөлүминиң мудири: /Ханов/.

9-нжы август 1948-нжи йыл.

*Gökdepe raýon halk magaryf bölüminiň müdiri tarapyndan 9.08.1948-nji ýylda mugallym Berdimuhamet Annaýewe berlen häsiýetnama.*



# СОВЕТ ТҮРКМЕНИСТАНЫ

ТК(б)П МК-нин, АШГАБАТ ОБКОМЫНЫҢ, ШӘХЕРКОМЫНЫҢ ВЕ ТССР ЁКАРЫ СОВЕТИНИҢ ПРЕЗИДИУМЫНЫҢ ОРГАНЫ.

№ 49 (7340) | 1949-нжы йыл, 12-нжи март. Шенбе. | Бахасы 20 кепук.

## СССР Ёкары Советиниң Президиумының УКАЗЫ

**Түркменистан ССР-ниң мектеплериниң мугаллымларыны орденлер ве медаллар билен сылагламак хакында**

Көп йыллап ве үстүнликли ишләнликлери үчин сылагламалы:

**«ХОРМАТ НЫШАНЫ» ОРДЕНИ БИЛЕН**

1. Векилбазар районының «Социализм» колхозындакы 4-нжи доly дәл орта мектебиң директоры Меле Агахановы.

2. Гөкдепе районының Куйбышев адындакы колхозының 16-нжы орта мектебиниң мугаллымы Бердимухамет Аннаеви.

3. Ашгабат районының Багыр обасындакы 5-нжи орта мектебиң мугаллымасы Зөхре Ишмухаммедова Аннаеваны.

*СССР Ёкары Советиниң Президиумының башлыгы* — **Н. ШВЕРНИК.**

*СССР Ёкары Советиниң Президиумының секретары* — **А. ГОРКИН.**

Москва, Кремль. 1949-нжы йыл, 2-нжи март

*Gökdepe raýonynyň Kuýbyşew adyndaky kolhozynyň 16-njy orta mekdebiniň mugallymy Berdimuhamet Annaýewi «Hormat Nyşany» ordeni bilen sylaglamak hakynda SSSR Ýokary Sowetiniň Prezidiumynyň 1949-njy ýylyň 2-nji martynda çykaran Ukazy, ol respublikan gazetde çap edilipdir.*



Приказ № 120

Гөкдепе РайОНО-сы боюнча

§=1 2/XI-48 йыл

1-Ноябрь 48-йылдан башлап Аннаев Бердимухеммеди метод-кабинетиң мудирлигинден ер титремечи зерарлы арадан чыканлыгы себәпли ишинден бошатмалы.

Эсасы: Мениң буйругым.

Зав районо /Ханов/.

*Berdimuhamet Annaýewiň Aşgabat ýer titremesinde wepat bolanlygy sebäpli, usulyýet kabinetiniň müdiri wezipesinden boşadylandygy hakynda Gökdepe raýonynyň halk magaryf müdirliginiň 2.11.1948-nji ýyldaky 120-nji buýrugy.*




Учебный батальон
Октябре 1966 г.





Класное Занятий
3-е группы
школы МВД ссср Усовершенствование
Нач.состава.

С.Мухамедов

23/V-1959 года.



Пролетарии всех стран, соединяйтесь!

ДИПЛОМ

Тов. Бердимухамедов Маликкули

в 19 66 г. поступил и в 19 69 г. окончил

ВЕЧЕРНИЙ
УНИВЕРСИТЕТ МАРКСИЗМА-ЛЕНИНИЗМА

при Ашхабадском гарниз. Доме офицеров

и получил высшее политическое образование в системе партийной учебы.

Начальник политуправления (политотдела)
=Полковник= (Сдвижков)

За период учебы на трех годичном отделении Общего факультета
(факультет)

Университета марксизма-ленинизма

тов. Бердимухамедов Маликкули

прослушал учебный курс и сдал экзамены по предметам:

| | |
|---|---|
| История КПСС | Хорошо |
| Философия | Отлично |
| Политическая экономия | Хорошо |
| Научный коммунизм | Хорошо |

Начальник университета

М. П. =Майор= (Коган)

«11» июля 1969 г.

ЦТ МО 3390—69



*Mälikguly Berdimuhamedowyň kakasy Berdimuhamet Annaýew hakyndaky ýatlamalarynyň golýazmasy. 7.09.2008 ý.*

Автобиография

4

Я, Бердимухаммедов Мяликгули, родился 12 августа 1932 г. в с/с 1ый Бирлешик Геок-тепинского р-на Ашхабадской области в семье служащих.

Отец Иннаев Бердимухаммет родился 1904 г. в семье крестьянина-бедняка в с/с Изгант Геок-тепинского района. До Октябрьской революции был несовершеннолетним, после Октябрьской революции учился в Советском учебном заведении и с 1926 г. до конца жизни работал в народном просвещении в должности преподавателя родного языка, завучем, директором школы в Геок-тепинском, Казанджикском и Кировском районах. 6го Октября 1948 г. погиб во время землетрясения.

Мать Бердимухаммедова Огульбабек родилась в 1906 г. в семье крестьянина-бедняка и является домохозяйкой.

Брат Бердимухаммедов Амангули родился в 1935 г. с/с 1ый Бирлешик, окончил 10 кл. и в настоящее время служит в рядах Советской Армии.

Я поступил учиться в 1940 г. в среднюю школу № 16 с/с 1ый Бирлешик и окончил полный курс средней школы в 1950 г. Начал работать в должности учителя начальных классов с августа 1949 г. по август 1950 г. в средней школе № 16 с/с 1ый Бирлешик. После окончания 10 кл. в августе 1950 г. по приказу Геок-тепинского райОНО был переведён учителем родного языка 5-7 кл. семилетней школы № 7 с/с 2ой Бирлешик.

С октября 1951 г. был переведён на дол-
жность завуча этой же школы.
22<sup></sup>го марта 1952 г. был призван в ряды
Советской Армии и проходил двухгодич-
ный курс младшего лейтенантов в городе
Ташкенте. После окончания курса 19 мая
1954 г. мне присвоили звание мл. лейте-
нанта и с сентября 1954 г. уволился в запас.
С октября 1954 г. по октябрь 1955 г. работал
преподавателем военного дела и физпод-
готовки средней школы № 13 а/с Бабараб.
С 12 октября 1955 г. по 20 ноября 1956 г.
работал зав. школьным отделом
Геок-тепинского райкома ЛКСМТ.
с 21 ноября 1956 г. по настоящее время
работаю в средней школе № 13 а/с Бабараб
в должности преподавателя военного
дела и физподготовки в 5-10 классах.
Я в 1947 г. вступил в ряды членов ВЛКСМ
и с июня 1953 г. - член КПСС.
В 1956 г. женился, Семейное положение:
1) Бердимухамедова Огулабат (жена),
1937 года рождения, образование среднее,
домохозяйка.
2) Сын Бердимухамедов Гурбангули,
родился 29 июня 1957 г.

БМухамедов — / Бердимухамедов

28/IV-58 г.

*Mälikguly Berdimuhamedowyň öz eli bilen ýazan terjimehaly, 28.04.1958 ý.*



*M.Berdimuhamedow (sagdan 5-nji) Aşgabadyň medeni aň-bilim tehnikumynyň harby bölüme myhmançylyga gelen okuwçylary bilen. 1964 ý.*



*M.Berdimuhamedow (2-nji hatarda çepden ikinji) partiýa guramalarynyň sekretarlarynyň – TKP MK-nyň ýanyndaky partiýa we sowet işgärleriniň hünärini ýokarlandyryş kurslarynyň diňleýjileriniň arasynda. 24.03.1988 ý.*




*Mälikguly Berdimuhamedowyň gelni – Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň aýaly Ogulgerek Ataýewna Berdimuhamedowanyň dokan haly portreti. 1993 ý.*




*Mälikguly Berdimuhamedowyň mynasyp bolan hökümet sylaglary.*



*SSSR IIM-niň 7596-njy harby bölüminiň syýasy bölüminiň uly instruktory maýor M.Berdimuhamedow. 1970 ý.*




*Içerki gullugyň podpolkownigi M.Berdimuhamedowyň
SSSR IIM-niň buýrugy bilen Ukrainanyň
Lwow oblastynyň içeri işler müdirliginde iş saparynda
ýören mahaly. Sentýabr, 1974 ý.*



*Türkmenistanyň Milli bilim institutynyň gumanitar dersleriň ylmy-usulyýet bölüminiň müdiri M.Berdimuhamedow, noýabr, 1999 ý.*

**Türkmenistanyň ylmy usulnamaçylyk ylmynyň**
**baýry wekili, ynsançylyk ylymlar bölüminiň müdiri**
**Mälikguly Berdimuhammedowa**

**Hormatly Mälikguly aga!**

Siz Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti Saparmyrat Türkmenbaşynyň milli bilimi ösdürmek, geljegimiz bolan ýaş neslimize döwrebap bilim we asylly terbiýe bermek baradaky syýasatlarynyň durmuşa geçirilmegi üçin yhlasly zähmet çekip, Milli bilim institutynyň baýry işgäri hökmünde uly işler bitirdiňiz. Siziň ýaş ylmy işgärlere, alym-usulnamaçylara berýän maslahatlaryňyz olaryň kämilleşmegine uly ýardam etdi.

**Hormatly Mälikguly Berdimuhammedowiç!** Siziň tagallaňyzyň, goldawyňyzyň netijesinde Institutda öňegidişlikler gazanyldy. Ynsancylyk ylymlar bölümine ýolbaşçylyk eden döwrüňizde, Beýik Serdarymyz Saparmyrat Türkmenbaşynyň türkmen dilini ösdürmek, türkmen edebiýatynyň we türkmeniň geçmiş taryhyny öwrenmek baradaky sargytlarynyň amala aşyrylmagyna saldamly goşandyňyzy goşup, bu dersler boýunça okuw maksatnamalaryny, okuw kitaplaryny döretmäge ýolbaşçylyk etdiňiz.

**Hormatly Mälikguly aga!** Siz ajaýyp Adam hökmünde ähli işgärlere nusga bolmagy başardyňyz. Siziň dogruçyllygyňyz, berk tertip-düzgünliligiňiz, şonuň bilen birlikde hem ugurtapyjylygyňyz, uly bilen uly ýaly, kiçi bilen kiçi ýaly ýürekdeş düşünişmegi başaryşyňyz ýaşlara durmuş mekdebi bolup hyzmat etdi we eder.

Bu gün Siz hormatly dynç alşa çykýarsyňyz, Siziň köpýyllyk tejribäňize we ýaşulylyk abraýyňyza heniz-henizler mätäçdik, şonuň üçünem Siziň peýdaly maslahatlaryňyza mydama garaşýarys.

**Hormatly Mälikguly Berdimuhammedowiç!** Size uzak ömür, berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, durmuşda rowaçlyk arzuw edýäris. Siz Altyn Asyrymyzyň Altyn ýaşulusy bolup, töweregiňize şatlyk, ruhubelentlik saçyp mydama lowurdap geziň!

**Türkmenistanyň Milli bilim institutynyň işgärleriniň, demokratik partiýasynyň ilkinji guramasynyň we kärdeşler arkalaşygynyň adyndan**

**TDP-niň ilkinji guramasynyň başlygynyň orunbasary** — **A.Gurbanow.**

**Kärdeşler arkalaşygy guramasynyň başlygy** — **O.Soltanowa.**

**DIREKTOR** — **M. SARYHANOW**

2000, 15 sentýabr.



*Alty çagany terbiýeläp ýetişdirenligi üçin Ogulabat Berdimuhamedowanyň mynasyp bolan II we I derejeli «Enelik medallary».*



*Mälikguly aga Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynyň Yzgant obasyndaky Berdimuhamet Annaýew adyndaky 27-nji orta mekdepde açylan muzeýde. 1.09.2009 ý.*



*Gökdepe etrabynyň Yzgant obasyndaky Berdimuhamet Annaýew adyndaky 27-nji orta mekdep.*



*Mälikguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň IIM-niň 1001-nji harby bölümindäki muzeýi. Ol 7.02.2012 ý. açyldy.*




*Berdimuhamet Annaýewiň mekdebiň westibýulindäki býusty.*





*Gurbanguly Berdimuhamedow öz ejesi-kakasy bilen. 2007 ý.*

## SÖZLÜK

**Buljura** – guýynyň ýerden ýokarky daş örülen, germew edilen bölegi.

**Zirek** – ýiti, pähimli, akylly.

**Öjemel** – erjel

**Derrende** – ýyrtyjy haýwanlar.

**Perrende** – guşlar, ganatlylar.

**Okun** – ökde, ezber, akgynly.

**Girmiş** – onuň ýowardan tapawudy, girmişçiler gezekli-gezegine bir-birine kömekleşýärler.

**Semerli** – miwesi köp bolan, miweli bag.

**Bajak** – çaýyr we ş.m. otlaryň ownuk kökleri bilen örtülen ýeriň üstki gatlagy, depilende dargamaýan çaýyrly kesek bölegi.

**Bajaw** – atyzyň içindäki suw çykmaýan beýik ýerlere suw çykarmak üçin çekilýän egrem-bugram çiller. Suwarylýan uly atyzyň ortasyndaky suw çykmaýan belent ýerleriň ala galmazlygy üçin, pes ýere akýan suwuň öňüni bajaw bilen bekläp, beýik ýere suw çykarýarlar.

**Berekellaçy** – agyr işlerde, esasan, gazy-haşar işlerinde işleýän adamlara ruhy goldaw bermek, agyr işden biraz ünsüni sowmak, gyzygyp işlemegini gazanmak üçin ýörite hakyna tutulan bimisil dilewar, wäşi, halk döredijiligini aşa gowy bilýän adam. Berekellaçy işläp duranlaryň ählisi eşider ýaly, gerek ýerinde aýdym, dessan aýdypdyr, saz çalypdyr, netijede iş öndürijilikli bolupdyr.

**Janymak** – saýlananlardan hem saýlanan gowy kişi.

**Çüwde** – 1. Paltanyň ýeňsesi. 2. Kelläniň galyp duran ýeňse tarapy.

**Serber** – kesekli ýere mala basylanda malanyň agramyny atdyrmak üçin onuň üstüne basylýan ýük.

**Omaç, künde,** raht, sahty – topragy agdarmak, ýer sürmek we keş çekmek üçin at, öküz, käýerlerde eşek goşup işledilýän köne agaç gural. Omaç, esasan, ok, künde, gulakçöp, garawul, paza ýaly böleklerden ybarat bolýar. Paza metaldan (adatça, çoýundan) guýlup, omajyň ýeri dilip, sürüp barýan bölegine geýdirilip goýulýar we topragy dilip, sürüp barýar. Omaç ynkylapdan öň daýhançylykda esasy guraldy.

**Ak ýer** – arpa-bugdaý ekmek üçin suwarmaga taýýarlanylan ýer.

**Köwseň** – kömekleşen adama, ýetime berilýän bugdaý.

**Mala** – sürlen ýeriň ýüzüni tekizlemek we kesegini döwmek üçin öküz, at ýa-da traktora tirkäp işledilýän agaç gural. Ýöne, esasan, topragy owradyp, tekizläp barýan maladan hem-de malany boýuntyryga ýa-da traktora tirkemek üçin hyzmat edýän maladan ybarat. Malanyň dişli mala, dişsiz mala, borona ýaly hilleri bar.

**Ujal** – tohum sepilende tohumyň ýere tekiz düşmegi üçin sürlen kölçeleri hatara bölýän yz. Sürlüp, çillenen atyzlar uzaboýuna pil bilen çapylyp ujallanýar. Her ujalyň ugry bilen «Her bir dänäň müň bolsun!» diýip tohum sepilip başlanýar.

**Jygyr** – ýüzi uşajyk kesekli, topursyz ekerançylyk ýer, jygyr kesekli ýer.

**Par** – öňki ýyl sürlüp üstünden ýyl aşan ýer.

**Nurhorda** – ýerli dökün köp dökülip, ýumşap ýatan ýer.

**Symyş** – öň sürlüp ekilen, emma hor düşeni zerarly bir ýyllykça ekilmän taşlanan ýer.

**Serpme** – bugdaý desselerini, saman we ş.m. daşamak üçin ýörite ýasalýan araba. Onuň nowasyna derek köp desse ýerleşer ýaly iki gapdalyna we öňüne, yzyna lakaşadan beýik germew edilýär. Dört tigriň üstünde duran nowa-lakaşa özi agdarylyp, öz ýüküni özi dökýär.

**Tedrim** – öň ekilmedik ýa-da birwagt ekilip taşlanan, sürülmedik tarp ýer.

**Orak salmak** – sähetli gün oraga başlamak. Işiň düşümliligi, şowlulygy üçin ýaşululara orak başladylýar. Aňňal, çaluw bilen hem orak orlupdyr.

**Nişeki** – goş sürende öküzleri ýöretmek, gaýtarmak üçin goşçynyň peýdalanýan uzynlygy 1,5–2 metr çemesindäki ujy ýiti goşçynyň çybygy.

**Küdüň** – ýol çekmekde, ýap, käriz gazmakda gaty toprakly ýerleriň harsaň keseklerini owratmak üçin ulanylýan gural.

**Däsir** – artykmaç mümkinçilik, artyk ygtyýarlylyk, amatly ýagdaýda bolmak.

**Peýkal** – bir bölek ekin meýdany.

**Batman** – ýigrimi kilograma barabar bolan agyrlyk ölçegi.

**Täheki** – dört orakçynyň birbada orup gidýän ugry. Her orakçy iki ädim giňlikdäki tabany alyp gidýär. Diýmek, sekiz ädim giňlikdäki ugur bir täheki bolýar. Ökde orakçylar bir tähekilik, ýarym tähekilik ýeri bir özi alýar.

**Hoşmanzar** – owadan görnüşli, boýy-syraty ýaraşykly.

**Tagar** – 1. galla salynýan kiçeňräk gap. 2. Tagar XIII–XIX asyrlarda ilatdan ýygnalýan däne görnüşli salgyt. Ol harwaryň möçberine deňdir.

**Majar** – desse, nahal çekmek üçin araba. Onuň tigri bolman, iki okuň üstünden taýyp gidýär. Soňky wagtlarda has ýeňil taýar ýaly okuň aşagyna demir kakypdyrlar.

**Maňňal** – 1. bugdaý, arpa ormak, ot ýatyrmak üçin ulanylýan uzyn saply dik durup orulýan oba hojalyk guraly, uly orak. Aňňal – maňňalyň kiçiräk görnüşi. Sözüň başyndan m sesiniň düşüp galmagyndan ýasalan gural ady. 2. Bedräniň düýbi oýulyp ýasalan ojak.

**Dakyk** – minut.

**Merz** – ýer suwarylanda suw çykmaýan beýigräk ýerler. Merz, esasan, Köpetdag etegindäki ekerançylyk ýerleriniň arasynda duşýar. Mäne bilen Babadurmazyň araly-

gyndaky bar bolan uzynlygy 200 km. beýikligi 1,5–2 metre ýetýän uzyn raýşa meňzeş edilip galdyrylan çile merz diýilýär. Gadymy merz sil suwlaryny saklap, düme ekin ekmek üçin ulanylypdyr. Merz pars sözi bolup, araçäk diýmekdir. Tejende oturmak üçin edilen sekä hem merz diýilýär.

**Ymla –** ýazuw işi, diktant.

**Ymtykan –** synag, ekzamen.

**Üme toprak** – düzümi toýunly, däneli ýumşak toprak.

**Burda işlemek,** – çiliň suw saklamaz ýaly bibat ýerini berkitmek.

**Zol –** derýalaryň ugry bilen inçeden bir ugra uzalyp gidýän ekerançylyk meýdany.

**Hürsek –** iki ýüzi hem kesýän orak.

**Peýmen –** galla salmak üçin ýörite dokalýan alty-ýedi putluk çuwal. Peýmen etmek – önen dänäni daýhan bilen ýer eýesiniň peýmene salyp bölüşmegi. Peýmeniläp ugranda «bismilla bereket, babadaýhanyň eli» diýlip çuwala salnyp başlanýar.

**Nekirt –** sürümi, ekişi başlamak. Ekine orak salmak ýaly ekerançylygyň belli, jogapkärli döwürlerini başlap goýbermek. Daýhanlar sähetli gün nekirt edýärler.

**Heşelemek –** ýer sürülmezinden ozal tohum sepmek üçin her ýerden, her ýerden azal ýöretmek. Tohum sepiljek ýerler heşelenip çykylýar.

**Harmantoý –** ekişe başlananda hasylyň gowy bolmagy niýet edilip geçirilýän toý.

**Içeri tarapa** agdaryp sürmek – plug bilen ýer sürlende agdarylýan keşiň topragyny, gopýan kesegi atyzyň içersine agdaryp sürmek. Bu hili sürüm atyzyň ortasyndan sürlüp başlanylýar; traktor atyzyň başyna bir baryp gelende peýda bolýan iki keşiň topragy biri-birine ýaplanyp, atyzyň ortasynda merz peýda bolup galýar.

**Garawul –** omaç ýa-da araba boýuntyryga tirkelende, tirkegi deň saklamak üçin onuň ortasyndan kakylýan kiçijik agaç. Şeýle hem garawul goşçynyň goşy dogry çekmegi üçin nyşana bolýar. Deňeşdir: tüpeňiň garawuly, garawula almak.

**Goş –** köne ýer sürmek usuly. Goş, esasan, iki öküz, käte at, boýuntyryk we omaçdan ybarat bolýar. Orta Aziýada goş 1930-njy ýyllara çenli, hatda uruş ýyllarynda hem, ýagny entek traktor bolmadyk ýa-da az bolan wagtlarynda esasy ýer sürüm serişdesi bolupdyr. Ol bilelik, jübütlik manysyny aňladýar. «Goşa», «goşmak» sözlerine asyldaş.

**Döşük –** owjun tirkemek üçin gulak geçirilýän kündäniň okunyň ujundaky deşikler. Ol, köplenç, üç sany bolýar.

**Toýnuk ýer** – görnüşine görä egri ýer.

**Boza çykmak** – boz ýeri ekip, özleşdirip onuň üstüne göçüp barmak.

**Ýanaw ýer** – dilkaw ýer, ýerleşiş görnüşine görä uzyn süýnüp gidýän ýer. Dilik sözüne manydaşdyr.

**Ödek ýer** – gyzyltopur, sement ýaly gaty ýer.

**Garagata etmek** – pil bilen ýer agdarylanda topragyň 40-45 sm aşagyndaky gaty (iýmitsiz) gatlagyna ýetirmek, ösjek ösümligiň kök ýaýratmagyna päsgel berýän gaty gatlak pil bilen agdarylyp ýeriň ýüzüne zyňylsa, ýeriň gowy hilli agdaryldygy bolýar.

**Gaýyr ýer** – derýanyň ada taşlan ýerindäki ekerançylyk ýer. Gaýyr ýeriň topragy küpürsäp duran ýumşak bolýar. Derýanyň ýakyndan akýanlygy üçin toprakdan yzgar çykyp durýar. Şonuň üçin oňa düme gawun-garpyz ekilýär.

**Garata:p sürmek** – iki ýagyn geçen ýeri sürmek. Iki ýagyn ýagan ýere, garatap bolan ýer diýilýär. Ýagyn köp ýagmasa, ýer suwarylýar. Eger köp ýagsa suwarylman, şol durşuna sürlüp ekilýär.

**Garaçawuş –** ygal bolmadyk ýyllary Burkut babanyň (ýagşyň, suwuň piri) ýoluna berilýän (umuman), tebigat şertleriniň oba hojalygy üçin amatly gelmegini niýet edinip berilýän hudaýýoly.

## Mazmuny

**Birinji bölüm. Ynam – güýç** ........................................... 7
Bu ýol Tejene barýar ........................................................ 9
Är gaýrat üçin dogar ........................................................ 55
Bassaşlyk ........................................................................ 62
Iner ýüki ........................................................................ 71
Hassanyň köňli dar bolar ................................................. 78
Palta çüwdesine gamçy kär etmez ..................................... 94
Orak möwsümi ................................................................ 112
Olary näme ýakynlaşdyrýar?! ......................................... 121
Süýji nirede bolsa-da, soňy ajydyr ................................. 133
S.S.S. – salamdan soňky sözüm ...................................... 149
Är ryskyny daşdan çykarar ............................................. 200
**Ikinji bölüm. Ynam – söýgi** ........................................ 209
Gözel söýgä toba ýok ..................................................... 211
Keýik owlagy ................................................................. 227
Ezizleýän ezizlener ........................................................ 243
«Ýeldim tut!» ................................................................ 266
Biz ýeňeris! ................................................................... 278
Är deminden belli .......................................................... 288
Täsin ahwalat ................................................................. 298
Näsagyň ýanynda geçirilen wagtyň ömrüňe goşulmaýar .................................................................... 352
Hoşamaý söz süňk döwer ................................................ 367
Ýürek mähribanlyk küýseýär ........................................... 378

**Üçünji bölüm. Ynam – ganat** .................................... 387
Geljegi gelmiş bil ........................................................ 389
Garaşylmadyk hat ........................................................ 404
Gara habar ýerde galmaz ............................................. 416
Gar näçe ýagsa-da, ýaza galmaz .................................. 429
Akyl sandyklary ........................................................... 436
Ýalkasaň – ýalkanarsyň ................................................ 449
Güýz ýaldyrakdan başlanýar ........................................ 466
"Köp ekeliň dänäni!" .................................................... 484
Biziň zamanamyzyň gahrymanlary .............................. 495
Göz görmänkä köňül galkar ýa-da
Bu ýol Tejenden gelýär ................................................. 514
Sözlük .......................................................................... 553

Gurbanguly Berdimuhamedow

# DÖWLET GUŞY

*Roman*


| | |
|---|---|
| Redaktorlar | *N. Aşyrmämmedow,* |
| | *B. Orazdurdyýewa* |
| Teh. redaktor | *O. Nurýagdyýewa* |
| Surat redaktory | *G. Orazmyradow* |

Çap etmäge rugsat edildi 16.09.2013. Ölçegi 70x100$^1/_{16}$.
Ofset çap ediliş usuly. Hasap-neşir listi 27,1. Şertli çap listi 46,44.
Şertli-reökli ottiski 95,13. Çap listi 36,0. Sargyt 2341. Sany 12 000.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744004. Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.